**K. S. Stanislawskiý**

# AKTYORYN OZUNI OZ HUNARINE TERBIYELEYAN IŞLERI

**Eserler ýygyndysy. II tom. I bölüm**

**Öz başyňdan geçiren ýaly döredijilik düzgün-kadasynda özüňi terbiýeleýän işler**

**Okuwçynyň gündeligi**

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2019

UOK 378:792
S 91

**Stanislawskiý K. S.**

S 91 **Aktýoryň özüni öz hünärine terbiýeleýän işleri.** Eserler ýygyndysy. II tom. I bölüm. Öz başyňdan geçiren ýaly döredijilik düzgün-kadasynda özüňi terbiýeleýän işler. Okuwçynyň gündeligi. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

TDKP № 116, 2019 KBK 85.4 ýa 73

© K.S. Stanislawskiý, 2019



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## K. S. Stanislawskiniň «Aktýoryň özüni öz hünärine terbiýeleýän işleri» kitabynyň terjimesi barada

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ylym, bilim ulgamyna uly üns berýändiginden ugur alnyp ýerine ýetirilen bu iş medeniýet we sungat işgärlerini, bu ulgamyň janköýerlerini begendirer diýip umyt edýärin. Meşhurlykda dünýä belli Konstantin Sergeýewiç Stanislawskiniň ençeme halklaryň ene diline terjime edilen bu işiniň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe öz ene dilimizde ilkinji gezek dolulygyna ýetirilmegi medeniýet we sungat ulgamynyň işgärlerine örän uly kömek eder diýen ynamy döredýär.

Rus döwletiniň tanymal artisti, režissýory, mugallymy, teatr taglymatçysy, jemgyýetçilik işgäri K. S. Stanislawskiniň teatr sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmaty bimöçberdir. Onuň öz egindeşi W. I. Nemirowiç-Dançenko bilen esaslandyran Moskwanyň çeper teatry, şol teatryň töwereginde jemlenen köpsanly studiýalar, onuň aktýor hökmünde sahnada döreden ajaýyp keşpleri, teatr sungatynda režissuranyň ähmiýetini ýokary derejä ýetirmegi, sahna sungatynda realizmiň ýer almagy üçin ündeýän işleri meşhur halypanyň täze açyşlarynyň ykrar edilen nusgalarydyr.

K. S. Stanislawskiniň saýlanan eserleri sekiz tomdan ybarat. Şol tomlaryň her biri bu tanymal şahsyýetiň dünýägaraýşynyň belli-belli ugurlaryny özünde jemleýär. Onuň teatr sungatyna peşgeş beren ajaýyp işleriniň gadyr-gymmatynyň belent bolşy ýaly, ussat tarapyndan işlenip «Stanislawskiniň düzgün-kadasy» (Система Станиславского) ady bilen düzülen aktýorlary terbiýelemek taglymatynyň ähmiýeti egsilmezdir. Halypanyň aktýory terbiýelemek baradaky oý-pikirleri, teatr sungatyna bolan dünýägaraýşy, aktýorçylyk hünärine goýýan uly hormaty we çäksiz buýsanjy taglymat toplumynyň ähmiýetini elýetmez derejä göterýär.

K. S. Stanislawskiniň taglymatynyň realistik teatryň aktýorlaryny terbiýelemeklige gönükdirilmegi onuň usulyýetiň aktýor hünärini öwredýän orta hünär we ýokary okuw mekdeplerine-de ygtybarly gollanma bolmagyny kepillendirýär. Ussadyň 2-nji kitabynyň, ýagny «Aktýoryň özüni öz hünärine terbiýeleýän işleri» atly 1-nji we 2-nji tomlary onuň taglymatynyň hamyrmaýasydyr.

O. Ärekowyň sekiz kitapdan ybarat edebi mirasyň içinden şu tomy saýlap almagy, meşhur halypanyň taglymatyna örän oňat düşünýändiginden nyşan. Şol

sebäpdenem ýurdumyzyň medeniýet ulgamynda aktýor hünärini kesp-kär edinjek adamlara K. S. Stanislawskiniň aktýory terbiýelemek taglymatyna, teatr sungatynyň baş maksadyna, spektaklyň içinden eriş-argaç bolup geçýän herekete mäkäm düşünmek, ony duýgyň bilen syzmak, oňa uýmak üçin ygtybarly serişde hökmünde şu tomy okyjylaryň dykgatyna hödürlemegi dogry tapylan çözgüt.

Kitap 16 bölümi özünde jemleýär.

Terjimäniň dili sadadan düşnükli. Awtoryň her bir sözi türkmen diline özüniň ählije şiresi bilen geçirilipdir. Bu bolsa türkmen diliniň örän baý dildigini aýdyň mälim edýär.

Kitap sungat dilinde, onda-da sungatyň döredijilik hünärlerine mahsus dilinde ýazylan. Kitapda beýan edilen pikirleri türkmen diline geçiren terjimeçiniň şol aýdylýan pikirleri öz başyndan geçirip, özüniň hem şol hünärde ýaşandygy mese-mälim. Dogrudan-da, şeýle adam bolmasaň, bu ajaýyp kitaby başga dile terjime etmek mümkin hem dälmikä diýýärin.

G. Kiristiniň bu kitaba synynyň gysgaça terjimesiniň berilmegini oňlamaly ýagdaý hasaplaýaryn. Sebäbi bu synda awtoryň durmuş ýolunyň we saýlanan eserleriniň hemmesiniň gürrüňi edilýär. Terjimede bolsa şol synyň diňe şu terjime edilen kitaba degişli ýerleri alnypdyr. Edil şonuň ýaly hem «Bellikler» bölümçesi hem gysgaça terjime edilipdir. Bu ýagdaý terjimeçiniň kitaba örän beletdigini, onda aýdylýan pikirleriň näme hakyndadygyna we ol pikirlere nämeleriň degişlidigine gowy düşünýändiginden nyşan.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ylym, bilim ulgamyny paýhas nazaryndan birjik-de düşürmän, örän dogry ýoly görkezýändigi bu ulgamyň pajarlap ösmegi üçin Berkarar Watanymyzyň bagtyýarlyk döwrüne laýyk wajyp işleri etmäge uly mümkinçilikler berýär.

Dünýä meşhur bolan rus artisti, režissýory, mugallymy, teatr taglymatçysy, jemgyýetçilik işgäri Konstantin Sergeýewiç Stanislawskiniň saýlanan eserleriniň sekiz kitabynyň her biri bu tanymal şahsyýetiň dünýägaraýşynyň belli-belli ugurlaryny özünde jemleýär.

Onuň ikinji kitabynyň birinji tomunyň aýratynlyklary:

– K. S. Stanislawskiniň teatr sungaty baradaky garaýşynyň düýp manysynyň maňzyny özünde jemleýändiginden;

– aktýorçylyk hünärine degişlidiginden;

– aktýor hünärmenini taýýarlamak üçin ýörite ýazylandygyndan;

– aktýory öz hünärine terbiýeleýän işleriniň yzygiderligini berk saklap, olary töwerekleýin düşündirýändiginden;

– aktýorçylyk sungatynyň hemme ugurlaryny giňden düşündirýändiginden;

– düşündirişleri tejribe işiniň kömegi bilen aýdyň derejede görkezýändiginden;

– aktýorçylyk sungatynyň tebigy zehini we uly zähmeti talap edýändigini ynandyryjylykly delillendirýändiginden;

– aktýorçylyk sungatynda «K.S.Stanislawskiniň düzgün-kadasynyň» esasyny şu tomda düşündirýändigi we onuň teatr sungatyna örän gerekdigini aýdyňlygy bilen beýan edýändiginden;

– aktýorçylyk sungatyna uly hormat we buýsanç, şol bir wagtyň özünde-de jogapkärçilik bilen garaýandygy we garamalydygyny ýiti delillendirýändiginden;

– saýlanan eserleriň galan kitaplarynyň öz gözbaşyny şu ikinji kitapdan alyp gaýdýandygyndan ybaratdyr.

Kitabyň şu aýratynlyklary, eziz Watanymyzda teatr sungatynyň pajarlap ösmegi üçin artist hünärmenini ýokary derejede terbiýelemekde uly ähmiýete eýe diýip hasap edýärin.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletiniň çuňňur hormatlanýan Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Döwlet adam üçindir!» diýen dana ýörelgesine laýyk gelýän bu kitap Berkarar Watanymyzyň bagtyýarlyk döwründe gülläp ösýän sungatyň ösüşine uly goldaw bolar diýip ynanýaryn.

*Annamyrat Saparmuhammedow,*
*sungaty öwreniş ylymlarynyň kandidaty, professor*

## K. S. Stanislawskiniň «Aktýoryň özüni öz hünärine terbiýeleýän işleri» kitaby



**K.S. Stanislawskiý**

Rus sahna sungatynyň durmuşynyň tutuş bir döwri K. S. Stanislawskiniň ady bilen baglydyr. Onuň aktýorçylyk sungaty hakynda döreden «düzgün-kadasy» sowet teatrynyň şu güni we geljegi. Ol teatr sungatynyň geljekki ösüşini üpjün edýän sahna realizminiň materialistik nazaryýetiniň esasydyr.

K. S. Stanislawskiý aktýorçylyk sungatyny öwrenmekde diňe bir öz şahsy döredijilik tejribesine daýanmaýar. Onuň «düzgün-kadasy» realistik teatr sungatynyň däp-dessurlaryny özünde saklaýan beýik döwürdeşleriniň we öňki halypalaryň döredijilik tejribesinden we ýollaryndan ugur alnyp döredilýär. Ol öz «düzgün-kadasynyň» M.S.Şepkiniň we beýleki ussat halypalaryň döredijiliginden gözbaş alyp gaýdandygyny elmydama nygtaýar.

K. S. Stanislawskiý özüni Fedotowanyň, Medwedowanyň, Ýermolowanyň okuwçysy, kiçi teatry bolsa öz uniwersiteti hasaplaýar.

Onuň «düzgün-kadasy» ilkinji nobatda, rus demokratik teatral sungatynda peýda boldy we özüniň mynasyp ornuny eýeledi. «Düzgün-kadanyň» dörediliş taryhy Moskwanyň çeper teatry bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

K. S. Stanislawskiniň «düzgün-kadasy» dünýä ýüzünde giňden meşhurlyk gazandy.

«Aktýoryň özüni öz hünärine terbiýeleýän işleri» kitabynyň girişi 1938-nji ýylda ilkinji gezek neşir edildi. Onuň bu işi: «Keşbi başdan geçiren ýaly döretmek» we «Keşbi «ýaşap» döretmek» diýen iki jilte bölündi.

K. S. Stanislawskiniň «düzgün-kadasynyň» mańzy we düýp manysy onuň dünýägaraýşynyň we döredijilik ugrunyň iň wajyp ýollary hem-de ugurlary şu iki jiltde jemlenýär.

«Keşbi başdan geçiren ýaly döretmek» kitabynda döredijilik iş pursatlarynyň içki psihologiki tarapy öwrenilip, esasy pikir sahnada öz içki dünýäňi duýmak we onuň esasy elementlerini özleşdirmek meselesinde jemlenýär.

Kitabyň başky baplarynda sahna sungatynyň esasyny we onuň dürli ugurlarda alnyp barylýandygyny beýan edýän «düzgün-kada» tutuşlaýyn häsiýetlendirilýär. Olarda teatr sungatynda «düzgün-kadanyň» halamaýan ýagdaýlary hem giňden düşündirilýär.

«Keşbi başdan geçiren ýaly döretmek» kitaby giň okyjylar köpçüligi tarapyndan ykrar edildi. Kitap öňki SSSR halklarynyň diline, başga-da birnäçe daşary ýurt

dillerine terjime edildi. Rus dilinde bolsa birnäçe gezek neşir edildi. Şu kitap onuň bäşinji neşiridir. Oňa birnäçe goşundylar girizildi; ondaky käbir näsazlyklar we ýalňyşlyklar düzedildi, giriş makalasy, bellikler, suratlar bilen üsti ýetirildi.

Şu kitaba, esasan hem, K. S. Stanislawskiniň çapa berlenden soň ýazan goşundylary girizildi. Şol goşundylaryň birinjisi «Kitabyň indiki neşirlerinde girizilmeli düzedişler we goşundylar» diýlip atlandyrylýan ýazgysydyr. Ikinjisi «Kitabyň täze neşirlerine girizilmeli düzedişler we goşundylar. «Sahnadaky gatnaşyk» babyna goşundy hut onuň özüniň ýazan» bellikleri ulanyldy. Bu goşundylarda iş hereketiniň adaty pursady bilen gatnaşygyň adaty pursady aýrylmaz baglanyşykly diýen pikir esasy öwrenilmeli mesele bolup durýar. Bu iki iş pursadynyň aktýorçylygyň tehnikasynda jemlenýändigi kitaba girizilen goşundyda düşündirilýär.

Kitabyň indiki goşudysy iş hereketi babyna degişli bolup, onda, esasan, keşbi ýerine ýetirmekde sazlaşyk bilen yzygiderliligiň duýgyny oýarmakdaky tutýan orny öwrenilýär.

K. S. Stanislawskiniň «düzgün-kadasynyň» düýp manysyny beýan edýän «Aktýoryň özüni öz hünärine terbiýeleýän işleri» kitaby onuň hut özüniň neşire doly taýýarlan kitabydyr. Bu hakykat bolsa «Aktýoryň özüni öz hünärine terbiýeleýän işleri» atly kitabyň gymmatyny we ähmiýetini has-da beýgeldýär.

*G. Kiristi*

*Men öz işimi örän oňat okuwçyma, söýgüli artistkama we ähli teatral gözleglerimde üýtgewsiz, ynamdar kömekçime – MARIÝA PETROWNA LILINA bagyşlaýaryn.*

## SÖZBAŞY

Men («Stanislawskiniň düzgün-kadasy» diýilýän) aktýoryň ussatlygy hakynda köp tomluk uly işi başlamagyň kararyna geldim. Eýýäm neşir edilen «Meniň durmuşym sungatda» atly kitabym bu işiň girişi hökmünde onuň birinji tomy bolar.

«Başdan geçiren» ýaly döredijilik işinde «özüňi terbiýelemek işi» hakyndaky häzirki kitap bu işiň ikinji tomudyr.

Ýakyn wagtda men üçünji tomy ýazmaga girişmekçi. Onda «Döredijilik pursadyny anyk beýan etmek üçin «özüňi terbiýelemek işiniň» gürrüňi ediler.

Men kitabymyň dördünji tomuny «Keşbiň üstünde işlemek» meselesine bagyşlamakçy.

Men şol bir wagtyň özünde-de, şu toma kömekçi diýip hödürlenjek köpsanly maşklary we taýýarlyk işlerini özünde jemleýän işimi «Ýygyndy» diýen at bilen çapa taýýarlamalydym («Maşklar we taýýarlyk işleri») (1). Ýöne örän wajyp hem-de gyssagly hasaplaýan uly işimiň esasy ugrundan ünsümi sowmazlyk üçin ony soňa goýmaly bolýaryn.

«Düzgün-kadanyň» diňe baş maksadynyň esasyny taýýar edip berenimden soň, men kömekçi meseleler ýygyndysyny taýýarlamak işine başlaryn.

2

Şu kitap hem edil beýleki kitaplar ýaly ylma degişli edilmegini talap etmeýär. Olaryň maksady diňe tejribe işi. Ol kitaplar meniň uzak wagtlap aktýorçylykdan, režissýorçylykdan we mugallymçylykdan alan tejribämiň maňa nämeleri öwredendigini aýtmaga synanyşykdyr.

3

Şu kitapda ulanylan adalgalar meniň tapan zatlarym däl. Olar okuwçylardan we aktýorçylyga başlaýan artistlerden, tejribe işlerinden alyndy. Şol adamlar ýerine ýetirýän işlerindäki döredijilik duýgularyny şeýle sözler bilen aňladýarlar. Olaryň adalgalary hünäre başlaýanlara ýakyn we düşnükli bolany üçin has-da gymmatlydyr. Ol adalgalardan ylmyň köklerini gözläp oturmaň. Biziň öz teatral sözlügimiz we durmuşyň özüniň öwreden öz aktýorçylyk kär dilimiz bar. Dogry, biz mysal üçin, «aňlaýyş»,«düşnüksiz duýujylyk» ýaly ylmy adalgalary hem ulanýarys. Emma olary pelsepewi ylmy nukdaýnazardan ulanman, ýönekeý durmuşy düşünjeler ýaly ulanýarys. Sahna döredijiligine ylym biperwaý garaýar. Şol barlaglar geçirilmän galdy. Şonuň üçin hem biziň tejribe işlerimiz üçin ylmyň zerur adalgalarynyň hödürlenmändigine biz günäkär däl. Düşülen bu ýagdaýdan, hamala aýdaly, öz öýümizdäki serişdeler bilen çykmaly bolduk.

4

«Düzgün-kadanyň» alyp barýan esasy maksatlarynyň biri, syzmagyň we aňlamagyň öz tebigatyna laýyk, adaty ýagdaýdaky döredijiligi oýarmakdan ybarat. Bu barada kitabyň XVI babynda aýdylýar. Kitabyň bu babynda döredijiligiň we «Düzgün-kadanyň» düýp manysy beýan edilýär. Şonuň üçin bu baba örän çuňňur üns berilmelidir.

5

Sungat hakynda ýönekeý, düşnükli aýtmak we ýazmak gerek. Okuwçyny dana sözler gorkuzýar. Olar ýüregi däl, beýnini oýarýarlar. Şeýle edilende adamyň akyly biziň sungat ugrumyzda uly ähmiýet berlen – artistçilik joşgunynyň, onuň düşündirip bolmaýan ýiti duýujylygynyň üstüni basýar.

Emma çylşyrymly döredijilik pursady hakynda «ýönekeý» aýtmagam, ýazmagam ýeňil däl. Düşündirip bolmaýan ýiti syzyjylygyň sypjyk duýgularyny beýan etmekde sözler gaty ýöntem we godek gelýär.

Şeýle ýagdaý meni bu kitaby ýazmak üçin çap edilen sözlerde nämäniň gürrüňiniň edilýändigini okyjynyň duýmagyna kömek etjek aýratyn bir ýoly gözlemäge mejbur etdi. Men bu maksadyma okuwçylaryň ýerine ýetirýän maşklarynyň we etýudlarynyň ýazgylarynyň mysallaryny suratlandyrmagyň kömegi bilen ýetjek bolaryn.

Eger meniň bu usulym ýerine düşse, onda kitapda çap edilen sözler okyjylaryň duýmaklarynyň hasabyna janlanarlar. Diňe şeýle şertlerde maňa döredijilik işimizi we psihotehnikanyň esaslaryny olara düşündirmek başardar.

6

Kitapda gürrüň berilýän ýörite bilim berýän drama orta mekdebi we onda hereket edýän gahrymanlar hakyky däl-de, toslanyp tapylandyr.

«Stanislawskiniň düzgün-kadasy» diýen işiň üstünde işlemek has öň başlanypdy. Men ilkibada öz belliklerimi çap etmek üçin däl-de, özüm üçin ýygnadym. Ol iş öz ugrumyzyň sungatynyň we onuň psihotehnikasynyň gözleglerine kömek bermek üçin edildi. Elbetde, maňa gerek suratlandyrmalar, adamlar, olaryň boluşlary, mysallar şol birwagtky, urşuň öň ýanlaryndaky döwürlerden (1907–1914 ý.) alyndy.

Şeýdip garaşylmadyk ýagdaýda, ýyllaryň dowamynda «düzgün-kada» degişli uly material ýygnandy. Şol materiallardan bolsa ynha, indi uly kitap döredi. Ol kitapdaky hereket edýän adamlary başgalara çalyşmak kyn bolardy we köp wagty alardy. Geçen döwürlerden alnan mysallary, käbir garaýyşlary, sowet adamlarynyň täze durmuşyna we häsiýetine sazlamak has hem kyn. Mysallary çalyşmaly we başga hili çemeleşmeleri gözlemeli bolardy. Bu bolsa has-da uzaga çekerdi we işi juda kynlaşdyrardy.

Ýöne kitabymda meniň ýazanlarym aýratyn bir döwre we onuň adamlaryna degişli däldir. Ol hemme döwürleriň we ähli milletleriň öz adaty tebigaty bilen artistlige ýykgyn edýän adamlara degişlidir (2).

Wajyp hasaplanym üçin, şol bir pikiri ýygy-ýygydan ýörite gaýtalaýaryn.

Sözümiň soňunda, şu kitabyň işine öz maslahatlaryny, görkezmelerini, materiallary we şulara meňzeş kömekleri beren adamlara çuňňur minnetdarlygymy bildirmegi özümiň parzym hasaplaýaryn.

Maňa sungata ýüzlenmegiň ilkinji ýollaryny öwreden ilkinji mugallymlarym: G.N. we A.F. Fedotowlaryň, N.M. Medwedowyň, F.P. Komissarżewskiniň hem-de MÇT-da (Moskwanyň çeper teatry) umumy iş ýüzünde diýseň wajyp, örän kän usullary öwreden Wl. I. Nemirowiç – Dançenkonyň ýolbaşçylygynda bile işlän ýoldaşlarymyň (3) meniň artistlik durmuşymda nähili rol oýnandygyny «Meniň durmuşym sungatda» kitabymda aýdypdym. Men tüýs ýürekden minnetdarlygymy bildirip, olary elmydama, ylaýta-da, häzir, kitabyň çapdan çykan pursadynda uly sarpa bilen ýatlaýaryn.

«Düzgün-kada» diýilýän işimi durmuşa geçirmäge we şu kitabyň döremegine hem-de çap edilmegine kömek eden beýleki adamlara geçmek bilen men, ilkinji nobatda, üýtgewsiz ýoldaşlaryma we ynamdar kömekçilerime ýüzlenýärin. Men olar bilen ýaş döwrümde artistçilik kesbine başladym, şolar bilen şu mahal hem gojalyk döwrümde-de, şol kärime gulluk etmegimi dowam edýärin. Men «düzgün-kada» diýen işimiň amala aşmagyna kömek eden respublikanyň at gazanan artisti Z. S. Sokolowanyň we respublikanyň at gazanan artisti W. S. Alekseýewiň gürrüňini edýärin.

Men öz merhum dostum L.A. Sulerżiskini uly hormat we söýgi bilen ýatlaýaryn. Ol meniň «düzgün-kada» baradaky başlangyç tejribelerimi ilkinji bolup ykrar etdi. Ol başky döwürlerde taglymy işläp taýýarlamaga we durmuşa geçirmäge maňa hemaýat berdi. Ol käteler lapykeçlige uçramda we mende bir şübhe ýa-da ynamsyzlyk dörände göwnümi göterip goldardy.

Meniň adymy göterýän Opera teatrynyň režissýory we mugallymy N. W, Demidow «düzgün-kadany» durmuşa geçirmekde elinden gelen kömegini gaýgyrmady. Ol maňa gymmatly görkezmeleri, materiallary, mysallary berdi. Ol bu kitap barada öz pikirini aýdyp, meniň gözden salan näsazlyklarymyň üstüni açdy. Şu beren kömekleri üçin, häzir oňa çyn ýürekden minnetdarlygymy bildirmek meniň üçin örän ýakymly.

Şu kitabyň golýazmasyny okansoň peýdaly görkezmeleri we tankydy bellikleri aýdyp, «düzgün-kadanyň» durmuşa geçmegine beren goldawyna minnetdarlygymy bildirip, respublikanyň at gazanan artisti M.N.Kedrowa tüýs ýüregimden sagbolsun aýdýaryn. (4).

Respublikanyň at gazanan artisti N.A. Pogodina – MÇT-niň artistine şu kitabyň golýazmasynyň barlagynda maňa beren görkezmeleri üçin çäksiz minnetdardyryn. Örän wajyp we uly zähmeti talap edýän şu kitaby redaktirlemek wezipesini öz üstüne alan we oňa ezberlik bilen hötde gelen hem-de jöwher zehinini sarp eden E. N. Semýanowskaýanyň hyzmatyndan tüýs ýürekden hoşaldygymy mälim edýärin.

*K. Stanislawskiý*

# GIRIŞ

................19....ý. fewralynda meniň gulluk eden N şäherimde özüm ýaly stenografiýa bilen iş salyşýan ýoldaşym ikimizi tanymal artist, režissýor we mugallym Arkadiý Nikolaýewiç Torsowyň köpçüligiň öňünde okajak çykyşyny ýazgy etmäge çagyrdylar. Bu çykyş meniň durmuşymyň geljegini kesgitledi: meniň dünýämde sahna çäksiz höwes döredi. Men häzirki wagtda eýýäm teatral mekdebine kabul edildim. Basym Arkadiý Nikolaýewiç Torsowyň özi hem-de onuň kömekçisi Iwan Platonowiç Rahmanow bilen sapak geçmäge başlaýaryn.

Köne durmuşym bilen hoşlaşyp, täze durmuşa gadam basýanlygym üçin men özümi uçursyz bagtly saýýaryn.

Emma geçen durmuşymdan maňa käbir zatlar gerek bolar.

Meselem, meniň stenografiýam – çykyşlary göçüren ýazgylarym.

Eger-de men geçiljek hemme sapaklary yzygiderli, ylaýta-da, mümkingadar stenografiýa usulyny ulanyp ýazaýsam näderkä? Şeýtsem, tutuş okuw kitaby dörär! Ol bolsa geçilenleri gaýtalamaga kömek eder. Geljekde, haçanda artist bolamda, işimiň kyn düşen ýerlerinde bu ýazanlarymyň maňa ýol görkezip ugrukdyrjakdygy sübhesizdir.

Gündelik görnüşde sapaklaryň ýazgysyny alyp barmagyň kararyna geldim (5).

# I. DILETANTIZM

Biz şu gün tolgunyp, uly höwes bilen Arkadiý Nikolaýewiç Torsowyň ilkinji sapagyna garaşdyk. Emma Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyna geldi-de, bize akyla sygmajak zady mälim etdi, ýagny öz islegimize görä pýesalardan parçalary saýlap, olardaky keşpleri ýerine ýetirmegimizi talap etdi. Bu işlerimizi sahna oýny hasaplajakdygyny we onuň teatryň döredijilik toparynyň hem-de ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda uly sahnada görkeziljekdigini aýtdy.

Arkadiý Nikolaýewiç bizi sahna binalarynyň arasynda, grimde, lybaslarda, yşyklandyryş enjamlarynyň astynda, garaz, sahna sungatynyň şertinde görmek isleýär. Onuň aýtmagyna görä, diňe şeýle çykyşlar biziň sahna sazlaşýandygymyza ýa-da sazlaşmaýandygymyza aýdyň göz ýetirmäge mümkinçilik berýär (6).

Alasarmyk hala düşen okuwçylaryň gymyldysy kesildi. Biz indi şu teatrda çykyş etmelimikäk? Beýtmek, sungaty kemsitmeklik ahyry!

Men Arkadiý Nikolaýewiçden bu sahna işlerimizi başga-talapkärçiligi ýeňilräk ýerde görkezmegi haýyş etmekçidim weli, ol haýyşymy aýtmankam okuw otagyndan çykyp gitdi.

Sapak ýatyryldy. Ýatyrylan sapagyň wagtyny bolsa, sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyndan parçalary tapyp getirmegimiz üçin peýdalanmaly edildi.

Arkadiý Nikolaýewiçiň bu işi biziň öz aramyzdaky maslahatlarymyzy tijedi. Torsowyň aýdanyny başda az sanly okuwçy goldady. Esasan hem, meniň eşidişime görä, öň kiçiräk teatrlaryň birinde keşpleri ýerine ýetiren, görmegeý, ýaş Goworkow, serwi boýly, dolmuş, saryýagyzdan owadan Welýaminowa we aýagy bişen towuk ýaly hars urup ýören, gohçul, mürrüjek Wýunsow bu ideýany uly höwes bilen alyp göteripdiler.

Emma ýuwaş-ýuwaşdan hemme okuwçylar geljekde çykyşymyzyň boljakdygyna ynanyp başladylar. Hyýalymyzda sahnanyň ýalkym saçýan yşyklary çar tarapa at saldy.

Basym bize sahna işimiz gyzykly, peýdaly we zerur bolup göründi. Sahna işimiz ýadymyza düşende, ýüregimiziň urgusy çaltlanyp joşuberdi.

Men, Puşin we Şustow dagymyzyň başky howesimiz örän ýönekeýdi. Sadaja komediýalardan ýa-da wodewillerden başga zady arzuw hem etmeýärdik. Göwnümize, diňe şolar ýaly sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esaslary bize başardaýjak ýalydy. Emma beýleki okuwçylaryň weli, dillerinde ilki rus ýazyjylary Çehowyň, A.Ostrowskiniň, W.Gogolyň, soňra-da dünýä akyldarlarynyň atlary barha ýygy-ýygydan gaýtalanýardy. Bizem öz garaýşymyzdan çykyp, şygyr bilen ýazylan, bezelen

lybasly romantik äheňdäki sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esaslaryna höwesimiziň oýanandygyny bilmän galdyk... Meni – Mosartyň, Puşini – Salýeriniň, Şustowy bolsa Don Karlosyň keşpleri özüne çekdi. Soňra gürrüň W.Şekspire ýazdy. Men ahyry Otellonyň keşbini saýladym (7).

Meniň bu keşpde saklanmagymyň esasy sebäbi, öýümizde A.S.Puşkiniň eserleriniň ýoklugydy. W. Şekspiriň eserleri bolsa bardy. Bu ýagdaý kitap gözläp wagt ýitirip ýörmän, maňa derrew işe başlamaga mümkinçilik berer diýen netijä gelmegime sebäp boldy. Şustow bolsa Ýagonyň keşbini ýerine ýetirmegi boýnuna aldy. Hut şol günüň özünde-de ertirki gün ilkinji taýýarlyk işleriniň başlanýandygyny duýdurdylar.

Men öýe gelen dessime otagymyň gapysyny gulplap, «Otello» sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyny elime alyp, diwanda ynjalykly oturdym-da, hormat bilen kitaby açyp, okamaga başladym. Ikinji sahypany okan badyma, meniň bu keşbi ýerine ýetirip göresim geldi. Aýaklarym, ýüzüm meniň islegime görä öz-özünden hereket etdiler. Men dabaraly gürlemekden saklanyp bilmedim.Ýöne ynha, kitaplary kesip sazlaýan sapy süňkden ýasalan uly pyçak, bu işime laýyk geldi. Men ony gama hökmünde balagymyň kemerine gysdyrdym. Kellä daňylýan ýaglygy ýumşak desmal bilen çalyşdym. Penjiräniň ala-mula gülli tutusyny bolsa bilime guşak hökmünde daňdym. Düşek we ýorgandaşlary lybas-ýapynjanyň, saýawany egri gylyjyň ýerine ulandym. Indi maňa bir galkan ýetenokdy. Goňşy nahar otagyndaky sandygyň ýeňsesinde ullakan mejimäniň bardygy we onuň galkan bolup biljekdigi meniň ýadyma düşdi. Şol otaga baryp gelmeli boldum.

Men lybaslary geýip, ýaraglary dakynamsoň özümi, hakykatdan hem, görmegeý, edenli, söweşjeň esger ýaly duýdum.Ýöne meniň sypatym medeniýetli, öz döwrüme laýyk sypaýy, Otello bolsa afrikaly! Onda nähili-de bolsa hökman gaplaňa meňzeşlik bolaýmaly. Men gaplaňyň häsiýetlerini tapmak üçin köp hereketleri edip gördüm: otagda taýyp ýöredim, ahmallygy elden bermän, hüşgärlik bilen bukuldym, mebelleriň arasyndaky darajyk ýerlerden dürli öwrümler bilen geçdim, sandyga duwlanyp awuma garaşdym, gizlenen ýerimden bir bökemde atylyp çykyp, howaýy garşydaşym hökmünde ulanýan ullakan ýassyga topuldym, ony edil gaplaň ýaly bagyrtlap, üstüne münüp bogdum-da, eplem-büklem etdim. Soňra ýassyk meniň üçin Dezdemonanyň keşbine öwrüldi. Men Dezdemonany höwes bilen gujakladym, ýassygyň öňe uzalyp duran burçuny Dezdemonanyň nepis eli hökmünde, mähir bilen tutup öpdüm, onsoň ony ýigrenç bilen itip goýberdim-de, ýanyna baryp ýene gujakladym. Şundan soň Dezdemonany bogdum. Onuň howaýy jilesediniň üstünde gözýaşymy döküp agladym. Men bu eden işimiň köp ýerlerini örän oňat ýerine ýetirdim.

Men şeýdip, öz üstümde bäş sagada golaý işläp, wagtyň nädip geçenini hem bilmändirin. Bu işi mejbur edilse edip bolmaz! Artistlik ylhamynyň diňe joşan mahaly sagatlar minuta öwrülýärler. Otellonyň keşbini ýerine ýetirjek bolup meniň düşen ýagdaýym ylhamymyň çyndan joşandygyny kepillendirýär!

2. Sargyt № 3176

Men öýümizdäkileriň uklap ýatanlygyndan peýdalanyp, egnimden lybaslarymy çykarmankam, assa ädimläp ýüz görülýän uly aýna asylan eýwanymyza geçdim-de, çyrany ýakyp, aýnada öz sypatyma seretdim. Meniň aýnada gören sypatym garaşanyma laýyk gelmedi. Otellonyň keşbiniň üstünde işlän mahalym tapan dabaraly we aýgytly hereketlerim, meniň göz öňüne getirişim ýaly bolup çykmady. Ondan beterem aýnadaky sypatym meniň gözüme mundan ozal ilmedik bigelşik, gyşyk, eplem-büklem öwrümlerini mesaňa äşgär görkezdi. Tamamyň beýle şowsuz çykmagy, meniň ylham joşgunymyň ýom-ýok bolmagyna sebäp boldy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Men adaty turýan wagtymdan giç oýandym. Derrew geýindim-de, mekdebe sary ylgadym. Taýýarlyk görülýän okuw otagynyň gapysyndan girip, alasarmyk halda daýandym-da, maňa içerde bireýýämden bäri garaşyp oturanlara bagyşlaň diýmegiň ýerine, gödek sözleri aýtdym:

– Men birneme gijä galaýdym öýdýän?..

Rahmanow esli salymlap maňa igençli nazaryny dikip durdy-da, ahyry şeýle diýdi:

– Hemmeler-ä size garaşyp, howsala düşüp, gaharlanyp otyrlar. Siziň göwnüňize bolsa, siz bary-ýogy birnemejik gijä galaýanmyşyňyz! Bu oturanlaryň hemmesi şu ýere geljekki işe höwesek bolup geldiler. Siziň bu eden ýaramaz edähediňiz meniň-ä siz bilen işlemek islegimi gaçyrdy. Döretmek üçin islegi oýarmak kyndyr, ony ýok etmek welin ap-aňsatdyr.Tutuş toparyň işini saklamaga siziň nä hakyňyz bar? Men zähmete uly hormat goýanym sebäpli, köpçülik bilen işlänimde harbylaryň tertibi ýaly düzgüni berk saklamagy öz borjum hasaplaýaryn. Şonuň üçin hem bitertiplige ýol bermerin. Aktýorçylyk hünäri edil esger ýaly berk tertipli bolmagy talap edýändir.

Birinji sapar taýýarlyk depderçesine siziň adyňyzy ýazman, size käýinç yglan edýärin. Siz eglenmän otagdakylaryň hemmesinden ötünç soramaly hem-de geljekde taýýarlyk işi başlanansoň däl-de, onuň başlanmaly wagtyndan on bäş minut öň gelmegi özüňize endik edinmeli bolarsyňyz.

Men derrew oturanlaryň hemmesinden ötünç soradym we gaýdyp gijä galmajakdygyma söz berdim.

Emma Rahmanowyň işe başlasy gelmedi. Onuň aýtmagyna görä, ilkinji taýýarlyk artistleriň durmuşynda uly wakalaryň biri we onda bolan gowulyklary elmydama ýadyňda saklamaly. Biziň ilkinji taýýarlyk işimiz bolsa, meniň günäm sebäpli bozuldy. Goý, biziň üçin örän ähmiýetli, başa barmadyk birinji taýýarlygymyzyň ýerini ertire geçiriljek taýýarlyk tutsun! – diýip, Rahmanow okuw otagyndan çykyp gitdi.

Ýöne şundan soň hem bu waka soňlanmady. Indi Goworkowyň «serkerdebaşylygynda» ýoldaşlarymyň meniň garşyma taýýarlan çäresi maňa garaşýardy. Bu çäre gijä galanymdan has beter bolup çykdy. Men sebäpli şu günki bozulan taýýarlyk hiç haçan ýadymdan çykmasa gerek (8).

* * *

Men şu günki galmagallardan hem-de düýnki paşmadyk taýýarlygymdan soň saýlan keşbimi özbaşdak işlemekden howatyrlandym we irräk ýatmaga hyýallandym. Ýöne birden meniň gözüm şokolad bölejigine düşdi. Men ony mesge ýagy bilen garyp görmegi makul bildim. Ol goňur reňkli goýy garynda öwrüldi-de, ýüzüme gowy çalyndy, meni tüýs mawra meňzetdi duruberdi. Meniň ýüzümiň goňurlygy üçin dişlerim ala-böle ap-ak bolup görünýärdi. Men esli wagtlap ýüz görülýän aýnanyň öňünde oturyp, ak dişlerimiň öwüşginine seredip lezzet aldym.

Dişlerimi syrtardyp haýbat atmagy, gülmegi öwrendim. Gözlerimi alardyp, süzüp gördüm. Grimiň jaýdar düşendigine düşünmek we baha bermek üçin keşbiň lybasyny geýmek gerek. Men onuň lybasyny geýdim welin, keşbi oýnasym geldi. Oýnadymam. Emma täze tapan zadym bolmansoň, geçen agşamky hereketlerimi gaýtaladym. Ýöne olaryň hem indi gyzygy gaçypdy. Şeýle-de bolsa maňa Otellonyň daş keşbiniň näzeýilli bolmalydygy welin, aýan bolupdy. Ine, şu wajyp.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Men bu gün taýýarlygyň başlanjak wagtyndan esli mahal ir geldim.

Rahmanow otagy gurnap, mebellerini goýmagy biziň özümize tabşyrdy.

Şustow, meniň bagtyma, hemme isleglerim bilen ylalaşdy. Ony otagyň daşky keşbi gyzyklandyrmady. Meniň üçin bolsa mebelleri öz otagymdaky ýaly goýup, etjek işlerimiň ugruny kesgitlemäge kömek berer ýaly ýerleşdirmek örän wajypdy. Şeýle edilmese, maňa ylhamym oýatdyrmaz. Emma meniň islegim başa barmady. Men özüme zor salyp, bu otaga öz otagym diýip ynanjak boldum. Ýok, ynanyp bilmedim, gaýta, otag keşbi ýerine ýetirmegime päsgelçilikleri döretdi. Şustow öz ýerine ýetirýän keşbiniň sözlerini ýat tutupdyr. Men bolsa ýerine ýetirýän keşbimiň sözlerini kä depderimden okadym, käte olary manysyna golaý sözlemler bilen çalyşdym. Geň zat, keşbiň sözleri maňa kömek bermegiň ýerine päsgel berdiler. Men höwes bilen keşbiň sözlerini okaman ýa-da gysgaldyp hem ony ýerine ýetirip biljek ekenim. Men öýde hezil edip etýud eden-de bolsam, bu ýerde, keşbiň diňe bir sözleri däl, hatda awtor tarapyndan hödürlenen hereketleri hem, maňa ýat bolan şahyryň pikirlerem, meniň agaýana keşbi ýerine ýetirmegime päsgelçilikleri döretdiler.

Şol ýaramazlyklaryň ýene biri: men öz sesimi tanamadym. Şeýlelikde, meniň gurnan keşbim, mizansahnalarym W. Şekspiriň sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasy bilen sazlaşmaýan bolup çykdy.

Mysal üçin, keşbiň häsiýetleri diýip meniň dişlerimi gysyp, aýylganç syrtarmagym, gözlerimi alartmagym, gaplaň bolup topulmagym, sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynyň başky görnüşindäki Otello bilen Ýagonyň özlerini parahat alyp baryşlary bilen gabat gelmeýär.

Emma özümiň gurnan mizansahnalarymdan, ýabany haýwana meňzedip tapan usullarymdan başga zat tapmamsoň, olardan ýüz öwrüp bilmedim. Men keşbiň sözlerini aýratyn aýtdym, häsiýetlerini aýratyn oýnadym, olary bir-birine sazlaman ýerine ýetirdim. Sözler ýerine ýetirijiligime, ýerine ýetirijiligim sözlerime päsgel berdiler. Aý, garaz, hemmesiniň tagaşyksyzlygyndan ýaňa, ýaramaz ýagdaýa düşdüm.

Men ýene-de öý işimde hiç hili täzelik tapman, könäni gaýtaladym. Emma meni beýle ýagdaý kanagatlandyrmady. Şol bir usullary we duýgulary gaýtalap durmam näme? Olar kime degişli – maňamy ýa-da mawra? Näme üçin geçen gezekki ýerine ýetirişim şu günkä, şu günki bolsa ertirkä meňzeş? Ýa-da men zehinsizmikäm? Ýa-da meniň hakydamda keşbe gerek zatlar ýokmuka? Näme sebäpli iş başda okgunly gitdi-de, soňra üýtgemän durdy?

Men özbaşyma pikir öwürýärkäm goňşy otagda öý eýeleri agşamlyk çaýyň başyna ýygnandylar. Olaryň ünsüni çekmezlik üçin otagyň başga ýerrägine süýşüp, keşbimiň sözlerini ýuwaşja ses bilen aýtmaly boldum. Şojagaz ýerimi üýtgedenimiň meni janlandyrandygyna, sahna işine we keşbe başgaça göz aýlamaga itergi berendigine geň galdym.

Gizlin syr aýan boldy; bir ýerde kän durup, şol bir zady gaýtalamak peýdasyz.

Ertir taýýarlyk mahaly mizansahnalarymy, keşbiň gurnagyny we onuň häsiýetine aralaşmagyň usullaryny taýýarlanman ýerine ýetirmegiň kararyna geldim.

*.. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Men şu günki taýýarlykda sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyndan alan parçamyň birinji görnüşine taýýarlyk görmän, ýöremeli ýerimde oturdym, agyz-burnumy towlap, ýabanylyga öýkünmämi goýup, hereketsiz oýnadym.Ýeri, onsoň nähili bolandyr öýdýärsiňiz? Ilkinji sözlemeli ýerimde sözleri aýdyp öwrenen äheňimi ýitirip saklandym. Derrew öz endik eden mizansahnama we keşbi ýerine ýetiriş düzgün-kadama dolanmaly boldum. Maňa, görýän welin, ýabanylyga meňzemeklik, eden usullarymdan el çekmek başartjak däl öýdýän. Men ol endiklere däl, endikler maňa buýruk berýärdiler. Bu näme boldugy? Endikleriň guly bolmalymy?

*.. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Taýýarlyk işlerimiň umumy ýagdaýy oňatlaşdy. Men taýýarlyk işimiziň geçýän jaýyna, oňa gatnaşýan adamlara öwrenişdim. Bulardan başga-da sazlaşmaýan zatlar sazlaşyp başlady. W. Şekspiriň pikirleri bilen meniň ýabanylygymy görkezýän usullarym öň bir-birine çapraz gelýärdi. Haçanda ilkinji taýýarlyklarda afrikalynyň keşbini döretjek bolup toslap tapan häsiýetlerimi ulanamda mejbur ediji güýji, ýasamalygy duýdum. Indi bolsa, taýýarlyk görýän görnüşimde käbir usullary ulanyp bildim. Iň bolmanda, awtor bilen meniň aramdaky ylalaşyksyzlyk birneme aýrylyşdy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu gün teatryň uly sahnasynda taýýarlandyk. Men sahna ýagdaýy ylhamymy joşdurar öýdüp tama edipdim. Ol bolsa nätdi?! Men sahnada galagoply hereket edýän adamlara, egin-egne berip duran sahna binalaryna, ýalpyldaşyp ýagty saçýan çyralara duşaryn diýip garaşypdym. Emma men ümsümlige gurşalan, alagaraňky ýagtyldylan, adamsyz, giň sahnany gördüm. Aňyrsy-bärsi görünmeýän giň sahna alaň-açyk, ýalaňaç. Diňe sahnany ýagtyldýan enjamlaryň ýanynda sahna binalary hökmünde üç sany ýeňilden berk ýasalan wena mebelleriniň oturgyçlary goýlupdyr hem-de sahnanyň sag tarapynyň söýesinde üç sany elektrik çyralary ýanyp dur.

Men sahna çykan dessime sahnanyň uly perdesi, tomaşaça bakyp duran dörtburçly ägirt uly agzy meniň alnymda ýokaryk göterildi. Onuň aňyrsynda giden alagaraňky meýdan ýatyrdy. Men perdesi syrylan sahnadan ilkinji gezek boş, adam-garasyz tomaşa zalyny gördüm. Meniň göwnüme uzakda, allowarrada, abažuryň astynda elektrik çyralary ýanýan ýaly bolup göründi. Olar her bir ýalňyşlyklary hatar-hatar edip, gylyny gymyldatman, ýazmakçy bolýan kimdir biriniň ellerine we stoluň üstünde ýatan ak kagyzlara yşyk berýärdiler. Men tutuş durkum bilen bu giň meýdanda ýitip gitdim.

Kimdir biri «Başlaň!» – diýip, gygyrdy. Maňa wena oturgyçlary bilen bellik edilip, Otellonyň hyýaly gurnalan otagyna girip, öz ýerimde oturmagy teklip etdiler. Men öz mizansahnam boýunça oturaryn diýen oturgyjymda däl-de, başga bir oturgyja çökdüm.Ýazyjynyň özi otagyň gurluşyna näbelet. Beýleki keşpleri ýerine ýetirýänlere oturgyçlaryň her biriniň nämäni aňladýandygyny düşündirmeli boldy.

Uzak wagtlap oturgyçlar bilen bellenen uly bolmadyk meýdança öwrenişmek başartmady. Köp wagtlap töweregimdäki wakalara ünsümi jemläp bilmedim. Maňa ýanymda duran Şustowa nazar aýlamaga özümi mejbur etmek ýeňil düşmedi. Tomaşa zaly, goňşy sahnada ýerleşýän ussahanadaky adamlaryň biziň taýýarlyk işini edýändigimize garamazdan, jedelleri, ýük göterip ýa-da öz işleri bilen geçip gidýänler, byçgylaryň, çekiçleriň sesleri ünsümi özüne çekdi durdy.

Men bu zatlara garaman sözledim we hereket etdim. Eger-de meniň uzak wagtlap öýde eden maşklarym, ýagny ýabanylyga meňzejek bolup öwrenen usullarym, keşpde aýdan sözlerimiň äheňini gözläp, öwran-öwran gaýtalamagym zehinime täsir etmedik bolsa men ilkinji sözlemeli ýerimde hiç zady ýerine ýetirip bilmän saklanardym.Ýöne welin, ahyry saklanmaly-da boldum.

Muňa keşbiň sözlerini ýatladyjy hünärmeniň jedelkeşligi günäkär. Men bu jenabyň aktýorlaryň howandary däl-de, jedelkeşligi ýürekden söýýän adamdygyna bir gezek iş salşamda düşündim. Meniň pikirimçe, taýýarlyk görülýän mahaly sesini çykarman, zerur mahaly, birdenkä aktýoryň aýtmaly sözi ýadyndan çykaýýan mahaly birje söz bilen ýatladyp goýberýän ýatladyjy oňatmyka diýýärin. Emma biziň ýatladyjymyz bolsa arasyny üzmän pyşyrdap örän päsgel berýär. Çeni-çakyny bilmän, eňegine jaň dakylan ýaly pyşyrdap, aşa kömek etjek bolýan bu kömekçiden nirä gaçyp gitmelidigini ýa-da nädip ondan dynmalydygyny bilýän ýokdy.

Ine-de, ahyry ol meni ýeňdi. Men sözlere büdräp saklandym-da, ondan maňa päsgel bermezligini haýyş etdim.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Ine-de, eýýäm ikinji gezek sahnada taýýarlyk işimize başladyk.

Men bu gezek, ir säherden teatra geldim-de, grim otagynda ýekebara taýynlyk görmän, göni sahnada, hemme kişiniň gözüniň öňünde taýýarlandym.

Bu mahal sahnada biziň taýýarlyk görmegimiz üçin gurlan binalary, ýasama enjamlary ýerli-ýerinde goýmak gyzgalaňly gidip durdy. Meniň öýde taýýarlyk işlerimi geçenimdäki ýaly ynjalykly ýagdaýy, enjamlary çalam-çaş bolup duran sahnadan tapjak gümanyň ýokdy.

Ilkinji nobatda, töweregimdäki meniň üçin düýbünden täze ýagdaýlara öwrenişmelidim. Men şu maksat bilen sahnanyň esasy perdesinden öňe çykýan meýdançasyna geldim-de, tomaşa zalyndan ünsümi sowmak üçin tomaşaçylara niýetlenen, garalyp duran giň meýdany gözümi öwrenişdirjek bolup synladym.

Men meýdança ünsümi sowmajak boldugymsaýy, ol gaýta özi hakynda pikir etdirip, öňküden-de beter meniň ünsümi çekýärdi. Edil şol wagt, meniň duşumdan geçip barýan işçi elindäki çüýlerini gaçyrdy.

Men onuň çüýlerini ýygnaşmaga kömek etdim. Şolbada men howpumy basýan giň sahnada özümi arkaýyn duýdum. Hatda onuň üsti ynjalykly boldy duruberdi. Çüýler ýygnaldy. Gadyrly söhbetdeşim olary alyp giden dessine, ýene-de giň sahna meniň howumy basyp, meni ýuwutdy.

Men bolmasa, ýap-ýaňy hem özümi örän oňat duýdum ahyryn! Umuman aýdanyňda, hemme zat düşnükli: men çüýleri ýygnaşýarkam garalyp ýatan giň sahna hakda pikir etmedim. Men derrew sahnadan düşdüm-de, tomaşa zalyndaky sahna meýdançasyna has ýakyn ýerleşdirilen orunlaryň birine geçip oturdym.

Beýleki talyplaryň çykyşlarynyň taýýarlyk işi başlandy. Men öz nobatyma tolgunyp garaşýandygym üçin, sahnada bolup geçýän zatlar gözüme ilmeýärdi.

Irginsiz garaşmaklygyň gowy tarapy hem bar. Ol adamy garaşmakdan halys ýadadyp, gorkuzyp duran-da bolsa, garaşýan zadynyň tizräk gutararyna isleg döredýär. Men şu gün hut şeýle ýagdaýy başdan geçirdim.

Ahyry nobat maňa ýetdi. Men sahna çykdym. Sahna binasy teatryň sahna oýunlarynyň bezegleri saklanýan ammarlaryndan ýygnalan zatlardan, sahnanyň iki gapdalyndan we töründen asylyp, öň ulanylan perdeleriň arasynda eýýäm goýlupdyr. Olaryň käbir bölekleri çöwrülip ulanylypdyr. Mebeller hem dürli zatlardan ýygnalypdyr. Muňa garamazdan, yşyk sahna parçanyň bu bezegini, umuman, göze ýakymly görkezýär. Biziň üçin taýýarlanylan Otellonyň otagy örän gelşikli bezelipdir. Bu sahna bezegine gaty üns berip seretseň, göwnüme bolmasa, öýde taýýarlanan mahalym tapan käbir zatlaryma meňzeşlik bar ýalydy.

Men perde açylan badyna, durşum bilen tomaşa zalynyň erkine düşdüm. Şol bir wagtyň özünde-de mende garaşylmadyk, täze bir duýgy döredi. Görüp otursak, sahnada gurlan bezegler we potolok, sahnanyň yz tarapyny, depesindäki äpet uly, garaňky meýdany, iki böwürlerindäki otaglary, aktýorlara päsgel bermez ýaly derejede ýapýan eken. Olaryň päsgel bermeýänligi, elbetde, oňat. Munuň ýaman ýeri, aktýoryň ähli ünsüni tomaşa zalyna gönükdirýän sahna özygtyýarlygyny ýitiren ýaly bolup duruberýär. Estrada sazyny çalýan orkestr şeýdip sesi çugdamlap, tomaşaça tarap gönükdirýär. Ýene bir täzelik: gorkmakdan ýaňa maňa seredýänleriň içi gysmaz ýaly, Hudaý jan, öz penaňda aman sakla diýip, olar bilen bälçiklik etmegime zerurlyk döredi. Janyma ýakýan bu ýagdaý aýdýan sözlerime, edýän işlerime içgin girişmäge päsgel berdi.

Şeýlelikde, sözlerimdäki aýdylýan pikirler we duýgular bilen endik eden hereketlerim sazlaşmady. Gyssanyp, çalt gürläp başladym welin, edýän işimi, hereketlerimi aljyraňňylyk gurşap aldy. Men sözlerimi şeýle bir çalt aýtdym, heý, sen goýaý, badymy üýtgedip-de bilmedim. Hatda keşbimiň oňat görýän ýerlerimden hem edil myçyp barýan otlynyň duşundan telegraf sütünleriniň çalt geçişi dek göze ilmän geçip gitdim. Sähelçejik sakawlasam, bir belanyň üstünden barjakdygym çyn. Men birnäçe gezek söz ýatladyja ýalbaryjy nazarymy aýladym. Emma ol uly alada bilen sagadyny düzeden bolup, meniň geçen gezekki bolşum üçin biparhsyrap, maňa üns bermän, menden aryny alýandygyna ynandym.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..19 ý.*

Grimiň hem-de lybasyň aladasyny etmek üçin men teatrda boljak ahyrky taýýarlyga öňkülerden hem ir geldim. Grim otagynda marokkalylaryň şazadasynyň muzeýinden getirilen ýüpek don taýýar edilip goýlupdyr. Men şol ýerde oňat ýerleşdim. Saç-sakgallar, kellä geýilýän parikler we beýleki serişdeler taýýar ekeni. Bu zatlar meni keşbi göwnejaý ýerine ýetirmäge borçly etdi. Men grimlenmek üçin ýörite ýasalan stoluň başyna geçdim.

Nämeden başlamaly?.. Men grim çalynýan kiçi galamlaryň biri bilen goňur reňkiň daşyna geçdim. Reňk gatap gidipdir. Şonda-da onuň bir bölejigini alyp, ýokuşmasa-da ýüzüme çaldym. Kiçijik galamlary ulusy bilen çalyşdym. Şol bir ýagdaýdan üýtgeşik zat bolmady. Onsoň, barmagymy reňke batyragada, ýüzümi reňkledim. Bu sapar ýüzüm mazaly reňk aldy. Beýleki reňkler bilen hem şular ýaly tejribe geçip gördüm weli, ýaşyl reňk hemmesinden oňat çalyndy.Ýöne ýaşyl reňk mawryň keşbine gerek däl ýalydy.

Men ýaňagymy laklagada, oňa çogdamja tüýleri ýelmedim. Lak çümmükleýärdi, tüýler bolsa somalyşyp durdular... Soňra, özüme parikleri deňäp gördüm. Ýöne men ilki olaryň öňüne-yzyna düşünmedim. Deňän üç sany parigim hem grimlenmedik ýüzümde keşbiň ýasama saçlydygyny mesaňa mälim etdi. Men azap çekip ýüzüme uran ýukajyk grimimi ýuwmakçy boldum. Ýöne ony nädip ýuwmaly?

Edil şol wagt arryk, syryk boýly, äýnekli, jaýtaryp duran murtly, uzyn çokga sakgally, egni ak halatly kişi grim otagyna girdi. Bu Don Kihot köp geplemän, iki epilip, meniň ýüzümi keşbime laýyk taýýarlap başlady. Ol wazelin ýagy bilen ýüzümdäki meniň çyrşan reňklerimi derrew süpürip aýyrdy-da, ilki çotgasyna doňuz ýagyny çalyp, soňra-da reňke urdy. Onsoň meniň ýüzümi reňkledi. Ýaglanan ýüzüme reňk tekiz hem-de ýeňil çalyndy. Onsoň, Don Kihot mawra laýyk gelýän bugdaý reňk bilen öňki çalan reňkiniň üstüni ýapdy. Emma men öňki goýy goňur şokolad reňki aýranyna gynandym. Sebäbi ol reňk gözlerimiň we dişlerimiň ak reňkini has-da aýdyň görkezýärdi.

Men haçanda grimlenip, keşbiň lybasyny geýip, ýüz görülýän aýnada özümi synlamda Don Kihotyň eden işine pisindim oturyp, esli salym öz-özümi synlap, asyl heziller edäýdim. Synamdaky belent-peslikler haladyň ýygyrtlarynyň arasynda bildirmez ýaly ýitipdir, meniň tapan wagşylyga mahsus hereketlerim bolsa mawryň keşbine tüýs laýyk geldi duruberdi.

Grim otagyna Şustow we beýleki okuwçylar geldiler. Meniň daş keşbim olary-da haýran etdi. Hemmesi biragyzdan, açyk ýürekden daş sypatymyň gowudygyny aýdyp öwdüler. Bu ýagdaý bolsa meni tijendirdi we özüme bolan ozalky ynamymy oýardy. Sahnada bolsa, meni öwrenişen mebellerimiň üýtgändigi geň galdyrdy: diwaryň ýanynda duran bir kürsi, sahnanyň ortasyna diýen ýaly gelşiksiz edilip süýşürilipdir, stol söz ýatladyjynyň öýjagazynyň ýanynda, hemmelere görünsin diýýän dek awansahnanyň iň görnükli ýerinde goýlupdyr.

Men sahnada eýläk-beýläk ýöräp görenimde, tolgunmadan ýaňa egri gylyjym, eşigimiň etekleri gurulgy binalara, mebellere degdi. Ýöne bu zatlar sözlerimi aýdyp goýbermäge we sahnada yzygider ýöremäge päsgel bermedi. Meniň her zadam bolsa, parçamy zor aýakdan soňlamaga güýjüm ýeterli göründi.

Men haçanda keşbimiň iň ýokary derejesine ýeten mahalym, aňymda, sen-men ýok, häzir büdrärin diýen pikir peýda boldy. Meni şobada galagoplulyk gaplap aldy. Men alasarmyk hala düşüp, näme diýmelidigimi unudyp, geplemäni goýdum, göz öňümde diňe içi-daşy boş, ak tegmil gaýmalady... Kimiň we nämäniň maňa hop berip agzyma gelen sözleri samradanyny-da bilemok welin, şu sarnamam bu gezek halys tapdan düşen ýagdaýymdan alyp çykdy.

Meniň özümden göwnüm geçdi. Şundan soň meni basymrak parçamy soňlap, grimimi süpürip, teatrdan tizden-tiz ýok bolup gitmek pikiri eýeledi...

Ine-de, men öýde. Ýeke özüm. Emma seredip otursam, meniň üçin iň ýaramaz syrdaş özüm bolsam nätjek. Çekip çydamaz ýaly derejede lapym keç. Myhmançylyga gidip göwün açmak islegi döredi. Emma men gitmedim, göýä diýersiň, hemmeler meniň masgara bolanymy bilip, üstümden güläýjek ýalydy.

Bagtyma, ýürekdeş Puşin öýe geldi. Ol meniň tomaşaçy bolup oturanymy görüp, Salýeriniň keşbini ýerine ýetirişi barada öz pikirimi aýtmagymy sorady. Emma men oňa hiç zat aýdyp bilmedim. Sebäbi ol parçasyny görkezýärkä, sah-

nanyň iki gapdalyndan we töründen asylýan perdeleriň arasynda oturan-da bolsam, öz çykyşymyň aladalaryndan ýaňa, sahnada nämeleriň bolup geçýäni meniň gözüme ilmeýärdi. Men ondan özüm hakynda hiç zat soramadym. Meniň galanja umydymyňam külüni sowrar diýip onuň tankydyndan gorkdum.

Puşin Otellonyň keşbi, W. Şekspiriň sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasy hakynda gaty gowy pikirleri aýtdy. Ýöne ol W. Şekspirden şeýle bir talaplary edýär welin, men oňa hiç hili jogap berip bilmedim. Mawr haçanda, aýylganç ahlaksyzyň Dezdemonanyň owadan görküni ýassanyp ýatandygyna ynanansoň onuň haýran galyşy, tolgunyşy, hasrat çekişi barada Puşin örän oňat pikirleri orta atdy. Dezdemonanyň etmişi Otellonyň gözüne elhençlik bolup görünmeli diýdi. Men dostum gidensoň, keşbimiň käbir ýerini Puşiniň aýdyşy ýaly etmäge synanyşamda Otello nebsim agyryp, gözlerime ýaş aýlandy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu gün gündiz sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esaslarynyň parçalaryndan gurnalan biziň sahna işlerimiz görkezilýär. Maňa hemme boljak zatlar, ýagny meniň teatra nädip barjaklygym, grim otagynda nädip oturjaklygym, «Don Kihotyň» nädip geljekdigi we onuň iki büküljekdigi öňünden mälimdi. Onsoň hem, hatda grimdekäm öz-özüme ýararyn, emma keşbi ýerine ýetiresim geläýende-de, bu zatlardan hiç zat çykmaz... Meni hemme zatlara parhsyzlyk gaplap aldy. Emma mende bu ýagdaý tä grim otagyma giryänçäm dowam etdi. Şol mahal içgysgynçlykdan ýaňa dem almamam kynlaşdy. Ýüregim bulanyp, halys ysgyndan gaçdym. Men özümi syrkawlan ýaly duýdum. Bu örän oňat. Birinji çykyşymyň näsazlyklaryny ýaramaýan ýagdaýym bilen delillendirerin.

Meni sahnadaky adatdan daşary ümsümlik we tertiplilik hemme zatlardan beter alasarmyk ýagdaýa saldy. Men haçanda garaňky gapdal perdelerden çykyp, dürli yşyklandyryjy enjamlar bilen doly ýagtyldylan sahnany görenimde, geň galmakdan ýaňa gözlerim gamaşdy. Sahna şeýle bir güýçli yşyklandyryldy weli, men bilen tomaşa zalynyň arasynda yşykdan tuty tutuldy. Men özümi tomaşaçylardan goralan ýaly duýup, erkin dem aldym. Emma basym gözlerim ýagtylyga öwrenişdi we öňküden-de beter garalyp, gorkuly görünýän tomaşa zaly hem-de tomaşaçylar has beter özüne çekdi. Meniň göwnüme, tomaşaçylardan hyryn-dykyn dolan zaldan, müňlerçe gözler we dürbüler diňe maňa seredýän ýaly bolup göründi. Olaryň nazarlary öz «pidasynyň» içinden parran geçýärdi. Men özümi şu müňlerçe mähelläniň guluna öwrülendigimi duýdum we öz etsem-petsemlerimi taşlap, olara meňzemäge, olar bilen islendik ylalaşyklary baglaşmaga taýýar boldum. Özümde bar bolan zehinimden ötri mähellä hödürläp biljek zatlarymy hem aýdyp, olaryň ynamyna girmek üçin içki joşgunymy çöwrüp görkezmek isledim. Içki joşgunym bolsa ýokdy.

Özüme gereginden artyk agram salyp, gynap duýgymy oýarjak bolsam-da, oýarmaga güýjüm ýetmäni üçin tutuş bedenime agram düşdi-de, bedenim sandyrady, aňym aljyrap ýüzümi, gollarymy, hereketlerimi, tutuş göwrämi doňdurdy. Ähli güýjüm şu manysyz, boş dartgynly alada siňip gitdi. Saň gaty bolan bedenime we duýgyma gykylyk derejesindäki sesim bilen kömek etmeli boldum. Ýöne sesime-de gereginden artyk salynýan agram öz işini etdi. Bokurdagym gysylyp, demim tutulyp, sesim ýatdy. Netijede, men gepläp-de bilmedim.

Ýerine ýetirijilik usullarymy we daşky hereketlerimi tijemeli boldum. Meniň eýýäm aýaklaryma, gollaryma we dilime gelen sözleri saklamaga gurbatym çatmaýardy. Bu umumy dartgynlylygy has-da güýçlendirdi. Her bir aýdan sözümi, eden hereketimi dessine tankytlap, olary edenime utandym. Men gyzardym, ellerimiň, aýaklarymyň barmaklaryny gysyp şarkyldatdym we kürsiniň arka söýesine bar güýjüm bilen direndim. Başarnyksyzlygymdan we masgaraçylykly ýagdaýdan ýaňa, sen-men ýok, özümi gahar-gazaba aldyrdym. Özümemi ýa-da tomaşaçylarymamy, aý, garaz, kime gaharlanýandygyma düşünmedim. Şol bir wagtyň özünde-de birnäçe minutlap, töwerek-daşyma bolan baknalygymdan çykyp, gaýduwsyz batyra öwrüldim. Belli sözlemiň bölegi bolan «Gan, Ýago, gan!» diýip, haýkyryşym, içki erk-islegime görä bolmady. Görgüli adamyň gahar-gazaply gykylygy boldy. Nädip beýle seslenenimi özümem bilemok.

Belki, men bu sözleri aýdanymda, ynanjaň adamynyň kemsidilendigini duýup, oňa, hakykatdan-da, ýüregim awandyr. Onsoňam, ýakynda Puşiniň Otellony özüçe seljerip düşündiriş bereni meniň duýgularymy tolgundyrypdy we hakydamda uly aýdyňlygy döredipdi. Tomaşa zalyndaky märeke maňa demsalym gulak gabardyp, depesine şemal çalan agaçlaryň çygşyldaýşy ýaly seslenendiklerini duýdum. Men goldanylýandygymy duýan dessime şeýle bir güýç-kuwwatym joşdy we hatda ony nirä gönükdirjegimi bilmedim. Joşgun meni alyp göterdi. Parçamyň soňuny nähili ýerine ýetirenimi bilemok.

Ýöne edil şu mahal garalyp görünýän tomaşa zalyndan meniň ünsüm sowuldy. Men hemme gorky-ürkülerden halas boldum we alnymda täze, entek görlüp-eşidilmedik lezzetli durmuşyň dikelendigi weli ýadymda. Men şu ömrümde sahnada birnäçe minutlap hakyky tolgunan mahalymdaky dek belent hem-de şirin lezzet alanymy bilemok. Mende sahna täzeçe garaýşyň dörändigine Paşa Şustowyň geň galandygyny aňdym. Men oňa goltgy berdim weli, ol öz keşbini uly höwes bilen ýerine ýetirdi.

Perde ýapylan dessine tomaşa zalynda çapagyň sesi ýaňlandy. Meniň göwnüm göterilip, özümi oňat duýdum. Dessine özümde ylhamyň barlygyna bolan ynamym berkedi.Özüme göwnüm ýetmek duýgusy döredi. Haçanda ýeňiş bilen sahnadan grim otagyna gelýärkäm, töweregimdäkiler maňa begenişip seredýän ýaly bolup göründi.

Şu günki ýaly ýadymda, bezenip-beslenip we gaýşarylyp, sapardaky artistler ýaly özümi hondanbärsi tutup, bolup geçýän zatlara kän pitiwa bermediksiremäni hem oňly oňarman, arakesmede tomaşa zalyna geldim. Zalda baýramçylykdan nam-nyşan ýok, hatda çeper höwesjeňleriň sahna oýnunda berilýän yşyklarçada zalyň yşyklandyrylmandygy meni geň galdyrdy. Men sahnadakam gözüme müňlerçe märekeli bolup görnen tomaşa zalynda bary-ýogy ýigrimä golaý adam bar ekeni. Kim üçin men beýdip azap çekipdirin? Ýöne men basym bu sowalyma degerli bir delil tapyp özümi köşeşdirdim: «Goý, şu günki sahna oýnumyzda tomaşaçy az bolsa bolubersin – diýip, men öz-özüm bilen gürleşdim. – Ol oturanlar sungata düşünýänler. Torsow, Rahmanow biziň teatrymyzyň tanymal artistleri. Gör, kimler maňa çapak çaldy! Men diňe şularyň çarpan çapaklaryny müňlerçe tomaşaçynyň şowhunly el çarpmalaryna çalyşmaryn». Men ýanyna çagyryp, näme-de bolsa bir ýakymly zat aýdarlar diýen umyt bilen zalda Torsowa we Rahmanowa oňat görnerim ýaly amatly ýeri saýlap oturdym.

Sahnany yşyklandyrdylar.

Maloletkowa perde syrylan dessine sahnada gurlan merduwandan gaýyp aşaklygyna gaýtdy. Ol sahnanyň düşegine gelip uruldy-da:

– Halas ediň! – diýip gygyrdy. Onuň çirkin sesi meni gorkuzyp doňan ýaly etdi. Soňra ol bir zarlary çalt-çaltdan samrady. Onuň aýdýanlaryna düşüner ýaly däldi.

Şol barmana-da keşbiniň sözleri ýadyndan çykyp saklandy-da, elleri bilen ýüzüni ýapyp gapdal perdelere tarap eňdi. Şol ýerden onuň özüni köşeşdirýän we eden işine baha berýän günleç sesi eşidildi. Perde ýapyldy. Emma, onuň: «Halas ediň!» diýip gygyran sesi henizem meniň gulagymdan gitmeýärdi. Gör, ukyplylygyň manysy nämede eken! Zehiniň baryny-ýoguny duýmak üçin sahna çykyp, birje söz aýtmak hem ýeterlik eken.

Meniň göwnüme bolmasa Torsow gaty gujurlanana meňzedi. «Galyberse-de, meniň bilenem edil Maloletkowanyňky ýaly ýagdaý bolup geçdi – diýip, içimi gepletdim. Sebäbi menem: «Gan, Ýago, gan!» diýen birje sözlemim bilen tomaşaçyny ele aldym ahyryn.

Şu mahal, indi şu setirleri ýazýarkam, meniň öz geljegime müňkürligim ýok. Emma şeýle ynamym hem-de özüme degişli hasaplaýan üstünligimiň dereginde bolmandygyny boýun almagyma päsgel bermeýär. Ýöne meniň kalbymyň törüniň bir ýerlerinde weli, ynam özüniň bardygyny duýduryp, ýeňiş bilen seslenýär.

# II. SAHNA SUNGATY WE SAHNA SENEDI

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Biz bu gün görkezen sahna işimizde keşbimizi nähili ýerine ýetirenimize Torsowyň etjek belliklerini diňlemek üçin ýygnandyk.

Arkadiý Nikolaýewiç şeýle diýdi:

– Sungatda, ilkinji nobatda, gözelligi görmegi we oňa düşünmegi başarmaly. Şu nukdaýnazardan siziň görkezen işiňizi ýatlalyň. Başda onuň oňat ýerlerini belläliň. Siziň işiňiziň şeýle ýeri diňe iki gezek boldy. Birinjisi, haçanda Maloletkowa «Komek ediň!» diýip, bagyryp merduwandan taýyp gaýdanda, ikinjisi bolsa, Nazwanow sahnada «Gan, Ýago, gan!» diýip gygyranda. Şu aýdan iki ýagdaýymda, keşpleri ýerine ýetirýänlerem, size tomaşa edýänlerem bütin durkumyz bilen sahnada bolup geçýän ýagdaýa ynandyk. Hemmämiz bilelikde gymyldaman, şol ýagdaýyň içinde tolgunyp ýaşadyk.

Hemme işiňizi tutuşlaýyn alanymyzda, şu şowuna düşen iki ýagdaýa, biziň teatrymyzda we onuň mekdebinde öwredilýän keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek düzgün-kadasyna laýyk gelýär – diýip aýdyp bolar.

Men:

– «Keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» düzgün-kadasy nähili sungat bolýar? – diýip gyzyklandym.

– Siz ony öz sahna işiňizde başdan geçirdiňiz. Şonuň üçin, siz şol şowuna düşen ýagdaýdaky hakyky döredijilik pursadyny nähili duýandygyňyzy bize aýdyp beriň.

Men Torsowyň öwgüsinden başym aýlanyp dursa-da:

– Bilemok. Eden işim ýadyma-da düşenok – diýip jogap berdim. – Ýöne diňe bir zady – şu şowuna düşen pursadyň hiç wagt ýadymdan çykmajakdygyny, keşbi diňe şular ýaly ýerine ýetirmek isleýändigimi, men şeýle sungata bütin dünýämi bagyşlamaga taýýardygymy welin, bilýärin... – Men şundan soňra dymdym. Ýogsa gözüme ýaş aýlanjakdy.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Siziň dünýäňiziň agdar-düňder bolup, näme-de bolsa bir elhenç zadyň gözleginde bolany ýadyňyza düşenokmy näme? Elleriňiziň, gözleriňiziň we tutuş synaňyzyň nämedir bir zady tutmak üçin, atylan ok ýaly nireleredir ýetmäge taýýarlanandygy hem siziň ýadyňyza düşenokmy? Dodaklaryňyzy dişläp, aglamakdan zordan saklananyňyz hem ýadyňyza düşenokmy? – diýip, biljek bolup çintgedi.

– Ynha, indi, maňa bolan zatlary aýtdyňyz weli, meniň şonda nähili bolanym mümkingadar ýadyma düşüp başlady – diýip, men boýnuma aldym.

– Men aýtmadyk bolsam, şu aýdylanlara siz düşünmezmidiňiz?

– Düşünmezdim.

– Diýmek, siz edýän hereketiňizi duýgyňyza görä edipsiňiz-dä?

– Bilmedim weli, şeýle bolaýmasa... Bu gowulykmy ýa-da ýaramazlyk?

– Eger-de duýgyňyz dogry ýol bilen alyp gitse, bu örän oňatlyk. Emma azaşdyrsa weli – ýaramazlyk. Ýöne görkezen sahna işiňizde duýgyňyz sizi goldady. Siziň adatdan daşary oňat edip bize görkezen birnäçe şowly minutlaryňyz arzuwyny ederlik iň gowy minutlardy.

– Hakykatdanammy? – Men buýsanmakdan ýaňa hopugyp gaýtadan soradym.

– Hawa. Sebäbi aktýor pýesa tutuş durky bilen uýan mahaly onuň döredijiliginiň iň şowly wagtydyr. Şonda ol, öz mümkinçiligine garamazdan, keşbiň durmuşy bilen ýaşaýar, keşbi ýerine ýetirişi barada pikir etmeýär. Başdan geçirýän duýgularyny seljerip durmaýar. Ýerine ýetirmekçi bolýan zatlaryny nähili duýýan bolsa, şol duýşy ýaly hereketler, häsiýetler, sözler bilen döredýär. Ýöne gynançly ýeri, şular ýaly döredijilik ýoluny elmydama elde saklap bolanok.

– Beýle bolsa bilýäňizmi, çykalgasyz ýagdaý döreýär-ä. Hyjuw bilen döretmeli, hyjuwy bolsa diňe özümize düşnüksiz duýgy oýarýar diýdigiňiz bolýar-a bu?! Bagyşlaň welin, siziň aýdyşyňyzça, şol duýga biziň özümiziň eýe bolup bilmeýänimiz göz-görtele görnüp dur-a? Bu ýagdaýdan çykalga barmy, aýdyň, haýyş edýärin?! – diýip, Goworkow düşünmeýändigini aýdyp, ýeňiljek kinaýa bilen sözledi.

– Biziň bagtymyza, çykalga bar! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç onuň sözüni böldi. – Ol, gös-göni däl-de, aňlamaklygyň üsti bilen duýga täsir etmekden ybarat. Biler bolsaňyz, adamyň içki dünýäsiniň käbir sütünleri aň bilen erke gulluk edýär. Hut şol sütünler hem biziň psihikamyzda bize gulak asman, öz-özünden döreýän ýagdaýlara öz täsirini ýetirip bilýär.

Hakykatdan-da, bu ýagdaýlar örän çylşyrymly döredijilik işlerini talap edýär. Ol işleriň bellibir bölekleri aňyň gözegçiliginde we gönüden-göni täsir etmeginde bolup geçýär. Emma onuň esasy bölegi duýgynyň we bizden biygtyýar bolup geçýän ýagdaýlaryň işidir. Ol döredijilik işi iň çeper, iň uçursyz oňat, iň inçe, elýetmez, haýran ediji suratkeşlik bilen deň derejededir. Ol biziň tebigatymyzyň aslynda bardyr. Şu döredijilik usuly bilen aktýorçylyk sungatynyň iň kämil tehniki usuly hem deňleşip bilmez. Bu döredijilik ýoly bilen keşbi döredýän artist aktýorçylyk sungatynyň ussady! Biziň aktýorçylyk sungatymyzyň tebigatyna şeýle düşünje we garaýyş bilen seretmek, keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek usullary bilen döredýänlere has mahsusdyr – diýip, Torsow uly joşgunly sözledi.

Kimdir biri:

– Eger-de, biziň tebigatymyz ynjyklyk edip ýerine ýetirmejek bolsa nätmeli? – diýip sorady.

– O tebigaty aýaga galdyrmak we ugrukdyrmak bilen bolmaly. Beýle işiň usullary psihotehnikanyň ýörite tärlerinde bar. Siz, ynha, şolary geljekde özleşdirersiňiz.

Bu tärleriň maksady, duýgyny aň-paýhasyň näme-de bolsa bir döredijilik çeşmesiniň üsti bilen oýaryp, ony döredijilige çekmekden ybarat. Aktýorçylyk sungatynda «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmeli» – diýip, biz ýöne ýerden aýdamzok. Ol biziň sungatymyzyň esasyny düzýän aýratynlyklaryň biri.

Bu kesgitlemäni takyklanymyzda şeýle diýmek bolýar: «Artistiň tebigatynyň düşünmän döredýänini, psihotehnikanyň usullaryna daýanyp düşünip döretmek, ýagny aňlanmaýany aňlamaklygyň, biygtyýar döreýän ygtyýarlygyň üsti bilen döretmek ýoludyr».

Täsin tebigatymyzyň öz-özünden biygtyýar döredýän döredijiligini onuň özüne goýalyň-da, akylymyzyň ýetýän: döredijilige aň-paýhas bilen çemeleşmek we pisihotehniki tärlere düşünip kabul etmek meselesine ýüzleneliň.

Bu mesele bize ilki bilen, iş mahaly özümizde öz-özünden biygtyýar döreýän zatlara päsgel bermezligi öwredýär.

Men:

– Be, gaty geň zat, öz-özünden biygtyýar döreýän zatlar aň-paýhasa mätäçmi näme? – diýip geňirgendim.

– Men bu ýagdaýy adaty ýagdaý hasaplaýaryn – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç söze başlady. –Tebigatyň güýji bilen öz-özünden döreýän elektrik togy, ýel-şemal, suw we beýlekiler, özlerini adama gulluk etdirtmek üçin, bu zatlardan başy çykýan, akylly inženeri talap edýärler. Biziň hem özümizden biygtyýar döreýän döredijilik güýjümizde, bu döredijiligiň psihotehnikasyndan baş çykarýan, özboluşly inženersiz başa barmaýar. Diňe şeýle wagtda, haçanda artist sahnada özüniň içki we daşky dünýäsine düşünip we ony duýup, özüni gurşap alan ýagdaý bilen, edil durmuş hakykaty ýaly sazlaşykly we adaty halda bolan mahaly, adamyň tebigatynyň kada-kanunyna laýyklykda aň-paýhasyň çuňňur töri assyrynlyk bilen açylar. Emma ondan gelýän zatlar, biziň duýgymyza elmydama düşnükli bolup durmaz. Olar bizi gysga ýa-da uzak wagtlap eýeleýärler we içki duýgularyň talabyna görä ýüze çykýarlar. Biz bu ugrukdyryjy güýji seljermän we öwrenmän, öz aktýorçylyk dilimizde oňa «tebigat» diýen ýönekeýje at berýäris.

Ýöne biziň adaty durmuşymyzyň düzgünlerini ýoýdugyňyz, ýagny sahnada ýasamalyk bilen döredip başlasaňyz weli ynjyk duýgyňyz özüne zor salynjagyndan gorkup, dessine özüniň gizlenýän çuňlugyna girip gizlener. Şular ýaly zatlaryň bolmazlygy üçin hemişe çynlakaý döretmeli.

Şeýlelikde, artistiň duýgusyny we ylhamyny okgunly ýagdaýda oýarmak üçin onuň içki dünýäsiniň durmuşylygyna we hatda tebigylygyna galmagy zerurdyr.

– Diýmek, biziň sungatymyza duýgudan doly döredijilik gerek – diýip, men netije çykardym.

– Mydama duýgy we ylham bilen döredip bolmaýar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç belläp geçdi. – Beýle ussat ýok. Şonuň üçin biziň sungatymyz duýga

daýanyp döredilýän hakyky döredijiligiň taýýarlyk işleriniň esasy düzgün-kadalaryny ündeýär.

– Olary nädip ündemeli?

– Ilkinji nobatda, akyl ýetirip dogry döretmek gerek. Şeýdilende, duýgyň we ylhamyň oýanmagyna esas döreýär.

– Be, o nähili esaska? – diýip, men oňa düşünmän soradym.

– Sebäbi akyl ýetirmek we dogruçyllyk hakykaty döredýär. Hakykat bolsa, öz gezeginde, ynamy oýarýar, adamda bolup geçýän zatlara onuň tebigaty ynansa, onda tebigatyň özi bu işi etmäge girişer. Şol bada-da duýgy baş galdyrmak bilen bolar we bularyň bilelikde ylhamyň joşmagyna alyp barmaklary mümkindir.

– Keşbi dogry ýerine ýetirmek diýmek näme? – diýip, men bu aýdylanlary anyklamak isledim.

– Beýle diýmegim: sahnadakaň ýerine ýetirýän keşbiň hakyky durmuşdaky ýagdaýlara meňzeş, sazlaşykly, yzygiderli, adam ýaly pikirlenýän, işleýän, çalyşýan, hereket edýän bolmaly. Bu aýdýanymy diňe artist edip biler we ol keşbiň dünýäsine girip, keşp bilen deň derejede wakalary duýmagy başarar.

Biziň dilimizde bu ýerine ýetiriliş düzgünine «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» diýilýär. Bu düzgün we sözlem biziň sungat ýolumyzyň ýeke-täk baş ýörelgesiniň manysyny doly suratda kesgitleýär.

«Keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» artiste sahna sungatynyň esasy maksadyny sahnada çeper görnüşe geçirmäge kömek edýär (9).

Gördüňizmi, biziň baş maksadymyz, keşbiň daş sypatyny durmuşa laýyk ýerine ýetirmekden ötri, sahnada tutuş tomaşanyň onda hereket edýän gahrymanyň keşbiniň içki dünýäsine özüňe mahsus häsiýetleriňi berip, öz şahsy duýgularyňy saňa ýat kişiniň duýgularyna sazlap, sahnada ony döretmekden ybaratdyr. Sahnada we öz durmuşyňyzda islendik ýagdaýda döredijilik bilen iş salyşsaňyz, elmydama hökmany suratda biziň sungatymyzyň şu esasy we baş maksadyndan ugur almalydygyny ykjam ýadyňyzda saklaň. Biz hut şonuň üçin keşbiň içki dünýäsiniň pikirini edýäris, bir söz bilen aýdanyňda, keşbiň psihiki häsiýetleriniň ýagdaýyny onuň häsiýetleriniň içki dünýäsini hut öz başyňdan geçirýän ýaly ýerine ýetirmegiň kömegi bilen görkezip bolýar. Bu artistiň ilkinji aladasy we döredijiliginiň esasy düzgünleri bolmalydyr. Keşbi her sapar we ençe gezek gaýtalaňda-da, ony öz başyňdan geçiren ýaly ýerine ýetirmeli, bir söz bilen aýdanyňda, öz duýşuň ýaly duýgyny keşbe siňdirmeli.

Biziň şu «düzgün-kadamyza» gulluk edýän ussat ýaşulymyz Salwini Tomazo şeýle diýýär: «Her bir meşhur aktýor, kimi görkezýändigini, hakykatdan-da, duýýar we hökmany suratda duýmalydyr. Meniň pikirimçe, aktýor hatda keşbine taýýarlyk görýärkä-de, soňra taýýar bolan keşbini ýerine ýetirende-de, ilkibada-da we müňünji gezeginde-de, her sapar şeýle duýgyny we tolgundyryjy aladany yzygiderli başyndan geçirip durmak onuň borjudyr». Arkadiý Nikolaýewiç özüne Iwan

Platonowiçiň beren Salwini Tomazonyň makalasyny okady. Bu makala Salwini Tomazonyň Koklena beren jogabydy (10).

– Biziň teatrymyz hem aktýorçylyk sungatyna şeýle düşünýär – diýip, mugallym sözüni jemledi.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Men Paşa Şustow bilen aramyzda bolan jedelleriň täsirinden çykyp bilmän, ilkinji mümkinçilik dörän mahaly Arkadiý Nikolaýewiçe şeýle diýip ýüzlendim:

– Men keşbi duýmajak we başdan geçirýän ýaly ýerine ýetirmejek adama, bu düzgün-kadany dogry berjaý etmegi nädip öwredip boljakdygyna düşünemok!

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Siz nähili pikir edýäňiz, özüňize ýa-da başga birine hödürlenýän keşbe gyzyklanmagy, şonuň bilen birlikde-de keşbi ýerine ýetirmekde esasy meseläniň nämedigini öwredip bolarmy? – diýip, menden sorady.

– «Hawa» diýeli.Ýöne bu ýeňil iş däl – diýip, men jogap berdim.

– Keşbiň maksadyndaky gyzykly we zerur zatlary bellige alyp bolarmy? Şol maksada laýyk dogry ýol gözläp bolarmy? Onsoň olar bilen sazlaşykly hereket etmek üçin özüňdäki maksada dogry gelýän islegleri oýadyp bolarmy?

– Bolar – diýip, men ýene ylalaşdym.

– Siz sowukganlylygyňyzy saklap, parhsyz bolup şeýle işi höwes bilen, çyndan we ahyryna çenli ýerine ýetirjek bolup görüň. Şeýtmek size başartmaz. Siz dessine tolgunarsyňyz we pýesanyň gahrymanynyň gününe düşüp, özüňize mahsus, ýöne gahrymanyňka meňzeş duýgyny başdan geçirersiňiz. Tutuş keşbi şeýle ýagdaýda ýerine ýetireniňizde, sahnada bolan her bir pursadyňyzyň, özüne laýyk ýerine ýetirilmegi talap edýändigine göz ýetirersiňiz. Şonda yzly-yzyna gelýän pursatlardan düzülen arasy üzülmeýän uzyn zynjyr hut öz başyňyzdan geçiren dek adamzadyň durmuş hakydasyndaky keşbi döreder. Sahnada edýän hereketleriňe hut şular ýaly doly derejede akyl ýetirýän artistiň, hakyky içki dünýäsiniň derejesine ýugrulan çyn hakykat duýgynyň we joşýan ylhamyň oýanmagyna öz täsirini ýetirýär hem-de aň-paýhasyň işlemegine az salymlyk ýa-da uzak wagtlap esas döredýär.

– Men şu aýdylanlardan ugur alyp, biziň sungatymyz öz başyňdan geçireniň ýaly ýerine ýetirmegiň psihotehnikasyny özleşdirmegi öwretmekden ybarat diýip düşündim. Diýmek, onda keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek usuly bize sungatyň baş maksadyny, ýagny adamzadyň ruhunyň durmuşyny döretmäge kömek edýär-dä? – diýip, Şustow netije çykarmaga çalyşdy.

Torsow Şustowyň aýdanyny düzedip:

– Biziň sungatymyzyň maksady diňe bir adamzadyň ruhunyň durmuşyny döretmek däl, edil şol bir wagtda-da keşbiň daşky sypatyny çeper hal-ýagdaýa salyp görkezmekdir – diýdi.

Bu işe aň-paýhas öz uly täsirini ýetirýär. Aktýorçylyk sungatynyň tehnikasy bilen iň oňat ýerine ýetirilen keşp hem aň-paýhasyň döreden keşbi bilen deňleşip bilmez. Şeýle-de bolsa aktýorçylyk sungatynyň öz döreden keşbine göwni ýetýär we artykmaç saýylmagyny isleýär.

Arkadiý Nikolaýewiç sapagy soňlap:

– Men siz bilen geçen iki sapagymyzda, sungatda keşbiň durmuşy başdan geçiren ýaly döretmek ugry bolan biziň ugrumyzyň umumy häsiýetleriniň käbiri barada gysgaça düşündirip geçdim – diýdi.

Biz diňe şular ýaly sahna sungatynda mazmuna baý, ýerine ýetirijilik ussatlygy tebigy artistiň keşbiň göze ilmeýän ähli öwüşginliklerini we içki dünýäsini töwerekleýin, çeper görkezip biljekdigine ynanýarys we tejribämize bil baglap muny äşgär bilýäris. Tomaşaçyny diňe şeýle sungat doly suratda özüne baglap biler. Biziň sungatymyz tomaşaça sahnada bolup geçýän wakalary ýönekeýje düşündirmek bilen çäklenmän, onuň beýan edilýän wakalara goşulyp ýaşamagyna alyp barýar, onuň içki dünýäsini baýlaşdyryp, onda hiç wagt ýatdan çykmajak düşünjeleri oýarýar.

Ýöne bulardan başga-da biziň sungatymyzyň daýanjy bolan döredijiligiň tebigy ýagdaýlaryndan ugur alýan kanuny artisti keşbi ýerine ýetirmekde öte geçmelerden goraýar. Haýsy teatrlarda nähili režissýorlar bilen neneňsi işleriň size gabat geljegini kim bilýär. Öz tebigatyňyzyň talabyna görä döretmek ýoly bilen işlemek düzgüni hemme ýerde ulanylmaýar. Bu düzgünden ugur hem alynmaýar. Şonuň üçin beýle ýagdaý köp halatlarda artistiň tebigatyna gödek agram salyp keşbi ýerine ýetirende öte geçmegine alyp barýar.

Eger-de siz döredijiligiň özüne mahsus tebigatyny we hakyky çägini pugta öwrenseňiz, onda öz ýalňyşyňyzy seljerersiňiz. Olary düzetmäge güýjüňiz hem ýeter. Döredijiligiň ýolunda azaşmarsyňyz. Siz artistlik sungatynyň tebigatyna mahsus kanunlaryndan ugur alyp, keşbiň içki we daşky durmuşynda ýaşap, keşbi döretmäniň usullaryny berk özleşdirmeseňiz, onda döredijilik ýolunda azaşarsyňyz.

Hakyky döredijiligiň ölçegini ýitirersiňiz. Men şonuň üçin sungatdaky biziň ýolumyzyň usullaryny, artistlik sungatynyň ähli ugurlarynyň hökmany suratda öwrenmekleri zerur hasaplaýaryn. Her bir artist öz mekdebiniň ýoluny hökman öwrenmegi başarmaly.

Men begenjimden ganat baglap:

– Hawa, hawa, men tüýs ýürekden, hut şeýle bolmaga çalyşýaryn! – diýip, joşgunly seslendim. – Biziň sungatymyzyň gahrymanynyň içki we daşky durmuşy bilen ýaşamak arkaly keşbi döretmek ugrunyň baş maksadyny görkezen sahna işimdäki käbir parçalarymda beýan edip bilendigime men örän begenýärin.

– Entek siz, öwünmäň – diýip, Torsow meniň gomparan göwnümi buz ýaly sowatdy. – Ýogsam, birdenkä siz, tamaňyz çykman, ajy lapykeçligi başdan geçirmeli bolaýmaň. Siziň görkezen sahna işiňizdäki bize hödürlän sahnalaryňyzy, artistlik sungatynyň hakyky ýoly keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek usuly bilen garyşdyrmaň.

3. Sargyt № 3176

– Beýle bolsa, onda meniň görkezen parçam näme? – diýip, men edil temmi beriljek günäkär ýaly soradym.

– Men eýýäm aýtdym, siziň ýerine ýetiren uly sahnalaryňyzyň diňe käbir bagtly minutlary, hakyky ýerine ýetirijilik sungatynyň talaplaryna laýyk gelip, biziň sungatymyzyň ugry bilen sazlaşýan pursatlar boldy. Meniň şu mahalky aýdýan biziň sungatymyzyň esasy ugruny, size we beýleki talyplara aýdyň düşündirmek üçin, siziň şowuna düşen minutlaryňyzy mysal getirdim. Otello we Ýagonyň sahnalarynyň hemmesini alanyňda bolsa, olar meniň aýdýan sungatymyň ugruna gabat gelýär diýip bolmaz.

– Onda, olara näme diýip düşünmeli?

– «Duýgy bilen ýerine ýetirmek» diýip, aýtsa bolar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç kesgitledi.

Men erkimi elden aldyryp:

– Bu aýdýanyňyz näme? – diýip, soradym.

– Şular ýaly ýerine ýetirilende – Torsow sözüni dowam etdi – garaşylmadyk ýagdaýda, birdenkä çeperçiligiň ýokary belentligine galyp, tomaşaçyny haýran galdyrmak mümkin. Artist şolar ýaly minutlarda taýýarlyksyz ýagdaýda ylhamyň joşgunyna keşbi döredýär ýa-da keşbiň durmuşy bilen ýaşaýar. Emma siz görkezen sahna işiňizde gysgajyk parçaňyzda «Gan,Ýago, gan!» diýip, birdenkä joşan ylham bady bilen «Otello» pýesasynyň ullakan bäş aktyny ýerine ýetirmäge ukybyňyzyň, ýeterlik ruhuňyzyň we fiziki taýýarlygyňyzyň ýetjekdigini beri duýýarmysyňyz?

– Bilmedim-dä...

– Men bilýärin. Örän çalasyn we fiziki taýdan güýçli artistiň hem beýle işi etmäge gurby çatmaz! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç maňa derek jogap berdi. – Onsoň hem, artistiň tebigatyna kömek berer ýaly oňat işlenilip taýýarlanan psihotehnikalar gerek. Tehniki usullara uýman, öz tebigatyna üns bermeýän artistler dek sizde entek bu zatlar ýok. Şol artistler hem edil siz ýaly diňe ylham joşgunynyň bady bilen döretmek dogry diýip hasaplaýarlar.

Eger-de joşgun gelmese, siz keşbiňizi ýerine ýetirip bilmän, kemter gaýdýarsyňyz. Şeýle ýagdaýda keşbi ýerine ýetireniňde nerwileriň uzak wagtlap ruhdan düşer, çeperçilik babatdan kuwwatyň doly ýiter. Netijede, keşbi ýüzleý, ýasama ýerine ýetirersiň. Siz şu görkezen sahna işiňizde keşbiňizi hiç bir niýeti ýer tutmadyk artistler ýaly ýasama, durmuşy däl, zordan telli-pelli ýerine ýetirdiňiz. Şeýdip, süýrenip barşyňyza ylham joşgunynyň badyna dörän ýagdaýlar ýasama dörän ýagdaýlar bilen gezekleşip gitdiler. Bular ýaly ýerine ýetirilişe biziň ugrumyzyň aktýorlarynyň dili bilen aýdanyňda: «keşbi takyk maksada gaplaman, ýasama ýerine ýetirmek» diýilýär.

Meniň ýetmezçiliklerim barada Arkadiý Nikolaýewiçiň aýdan tankydy bellikleri maňa gaty erbet täsir etdi. Ol tankyt meni diňe bir gaýga batyrman, eýsem,

gorkuzdy hem. Meni sussupeslik gaplap aldy we Torsowyň soňky aýdanlary gulagyma ilmedi.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý*

Biz görkezen sahna işimizdäki keşpleri ýerine ýetirişimiz hakynda Arkadiý Nikolaýewiçiň bellikleriniň dowamyny diňledik. Ol okuw otagyna gelen dessine Paşa Şustowa ýüzlendi:

– Siz hem bize görkezen keşbiňiziň käbir pursatlaryny hakyky sungatyň derejesine ýetirip hödürläp bildiňiz. Emma siz ol pursatlarda keşbiň durmuşynda ýaşap, öz başyňyzdan geçilen ýaly edip ýerine ýetirmediňiz-dä, geň zat, keşbiň durmuşyndaky duýgyny mehaniki suratda ýerine ýetirip görkezdiňiz. Keşbiň şular ýaly ýerine ýetirilmek ugruna aktýorçylyk sungatynda «keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek ugry» diýilýär.

– «Keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek ugry?..» – diýip, Şustow geň galdy.

– O nähili sungat bolýar?– diýşip, okuwçylar ýerli-ýerden soradylar.

– Bu ýerine ýetirijilik sungatynyň ikinji ugry. Onuň nämedigini bolsa, goý, keşbindäki käbir pursatlary şu ugur bilen ýerine ýetiren adamyň özi düşündirsin. Şustow! Siz Ýagonyň keşbini nähili döredendigiňizi ýatlaň – diýip, Torsow söz nobatyny Paşa berdi.

– Men keşbi uzak wagtlap öwrendim-de, onuň gönüden-göni içki mazmunyny, daýymdan öwrenen käbir tehniki usullarym boýunça ýerine ýetirdim – diýip, Şustow eden işini delillendirdi.

– Daýyň kömek etdimi? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç aýdylan habary takyklady.

– Az-owlak kömek etdi. Men öýümizde, göwnüme bolmasa, keşbiň içki we daşky durmuşyny öz başymdan geçiren ýaly edip ýerine ýetirmegiň hakyky derejesine ýetdim. Men taýýarlyk mahallaram, käýarym keşbiň belli-belli ýerlerinde hut şeýle duýgyny başdan geçirdim. Şonuň üçünem, «keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek ugrunyň» bu ýere nädip düşüp ýöreni maňa düşnüksiz – diýip, Paşa özüni aklamagyny dowam etdirdi.

– Sungatyň bu ugry öýde ýa-da taýýarlyk mahaly, bir ýa-da birnäçe sapar «keşbi başyňdan geçiren ýaly ýerine ýetirilip» öwrenilýär. Emma jemleýji esasy iş doly bitensoň, keşbiň durmuşy bilen ýaşamakda haýsy ýerine ýetiriliş ugrunyň köp ulanylandygy göz öňünde tutulyp netije çykarylýar.

Men:

– Bu ugurda keşbiň durmuşyna girip döretmek işi nähili bolup geçýär? Keşbi ýerine ýetirmek ugrunyň birinjisi ýalymy? – diýip soradym.

– Edil keşbi ýerine ýetirilişiň birinji ugry ýaly. Emma bu ugur öz öňünde maksady başgaça goýýar. Biziň sungatdaky ugrumyzda keşbi her sapar ýerine ýetireňde keşbiň durmuşyny täzeden ýaşamaly. Emma ikinji diýýän ugrumyzda welin,

duýgynyň adaty ýagdaýda ýüze çykmagynyň daşky häsiýet-sypatlaryny bellemek üçin, keşp diňe bir ýa-da birnäçe sapar hut öz başyňdan geçiren ýaly ýerine ýetirilýär. Şeýdip, keşpdäki duýgynyň daşky häsiýet-sypatyny belläňsoň, keşp ýörite hünär taýýarlyklaryny geçen beden myşsalarynyň kömegine daýanyp, şol häsiýet-sypatyň talap edýän hereketlerini mehaniki suratda telim gezek gaýtalap öwrenilensoň hödürlenilýär.

Şonuň üçün hem sungatyň bu ugrunda keşbiň durmuşynda ýaşamak döredijiligiň esasy pursady däl. Ol diňe artistiň işiniň taýýarlyk döwrüniň bellibir etaby. Bu iş sahna döredijiliginiň içki mazmunyny aýdyň düşündirýän daşky çeper sypatyny gözlemekden ydarat. Artist bular ýaly gözlegde, ilkini nobatda, öz-özüne ýüzlenýär we keşbi beýan edilýän adamyň durmuşynda ýaşap, onuň hakyky duýgusyny duýmaga çalyşýar. Emma gaýtalap aýdýaryn, ol bu gözlegi köpçüligiň arasynda, sahna işinde däl-de, diňe taýýarlyk mahaly ýa-da öýünde edýär.

– Şustow özüne bu gözlegi sahna işinde etmäge ýol berdi! Diýmek, onuň işi ýerine ýetirijilik sungatynyň «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetiriliş ugruna» degişli – diýip, men ýoldaşymyň arkasyny aldym.

– Paşa nädogry ýerine ýetiren keşbiniň diňe käbir pursatlarynda biziň sungatymyzyň ugrunyň ýerine ýetirilişini goşdy – diýip, talyplaryň käbirleri meni goldadylar.

– Ýok, aýdýanyňyz nädogry – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç garşy çykdy. –Biziň ugrumyzda keşbi ýerine ýetirýän her bir pursadyňda, keşbiň durmuşyny başdan geçiren ýaly döretmek işi bolup geçmeli we keşp gaýtalananda-da täze ylham bilen gaýtadan keşbiň durmuşynda ýaşamaly.

Biziň sungat ugrumyzda şol bir temany dürli ýagdaýlarda beýan etmek usuly gaýym berkidilen yzygiderliligi bilen köp sapar üýtgeýär. Şeýle döredijilik bolsa her gezek täzeçe we gönümel ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär. Şeýle ýagdaý diňe Nazwanowyň oýnaýşynyň ugruna bolan käbir pursatlarynda göze ildi.

Emma men Şustowyň keşbi duýşunda şeýle ýagdaýy görmedim. Tersine, ol meni özüniň aýdyň we artiste laýyk hereketleri bilen geň galdyrdy. Ýöne... men onuň keşbi ýerine ýetirişiniň hemme ýerinde sowuklyk duýdum we bu ýagdaý mende mejbury ýagdaýda dürli ýollary gözlemekden, täzeçe, gönüden-göni keşbi oýnamakdan mahrum edýän, eýýäm berk, elmydamalyk endige giren ýerine ýetirijiligiň kadasy bar diýlen pikiri döretdi.

Men şol bir wagtyň özünde-de Şustowyň işiniň tutuş dowamynda onuň orän ökdelik bilen öýkünýän asyl nusgasynyň, hakykatdan-da janly adamyň keşbini, sungat derejesinde orän gowy, dogry beýan edýändigini duýdum. Birmahalky taýýarlyk döwründen galan keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek ugrunyň bady onuň keşbiniň käbir pursadyny hakyky sungatyň keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek ugry bilen sungat derejesinde sazlady.

Men:

– Nireden mende we meniň ýegenim Şustowda keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek ugry nädip peýda bolduka? – diýip soradym.

Torsow:

– Geliň, şony seljereliň! Hany, Şustow, siz Ýagonyň roluna nähili taýýarlyk görendigiňizi aýdyp beriň – diýip, Şustowa söz berdi.

– Keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek ugrunyň keşbiň daş sypatyny nähili görkezýändigini barlamak üçin men aýnanyň öňünde özüme mazaly syn etdim – diýip, Paşa öz taýýarlygyny ýatlap başlady.

– Beýle etmek zyýanly. Emma bu keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek ugruna mahsus häsiýet. Bilip goýuň, aýnadan peýdalanmak artistiň içki dünýäsine däl-de, onuň daşyndaky zatlary görmegi öwredýär.

– Şeýle-de bolsa aýna maňa duýgymyň daşky sypatynyň nähili ýüze çykýandygyny görmäge we oňa düşünmegime kömek etdi – diýip, Paşa özüni aklady.

– Siziň özüňizi duýşuňyzymy ýa-da keşbiň ýasama duýgusynymy?

– Öz hususy duýgymy.

– Şeýlelikde, aýnanyň öňünde işläňizde sizi daş keşbiňizdäki öz endikleriňiz gyzyklandyrman, esasan, keşpde keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek ugrunyň, içki duýgynyň fiziki ýagdaýynyň şekilini aýnada görmek islegi gyzyklandyrypdyr – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç anyklamaga çalyşdy.

– Hut şeýle, hut şeýle!

– Bu-da keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek ugruna mahsus zat. Galyberse-de, keşbiň diňe daşky dünýäsini däl, içki duýgusyny beýan etmek hem şol sungat ugrunyň esasy maksady bolup durýar.

– Haçanda keşbimiň käbir ýerindäki duýgymyň dogry şekilini aýnada göremde olary halanym ýadyma düşýär – diýip, Paşa ýatlamasyny dowam etdi.

– Ýeri onsoň, siz öz duýgyňyzy görkezen usullary bir gezekde mydamalyk belläp berkitdiňizmi?

– Olaryň özleri ýygy-ýygydan gaýtalanyp duransoň berkäp galdylar.

– Sahnada keşbiňiziň ugruna bolan ýerleriniň manysyny düşündirmek üçin ahyrsoňy sizde bellibir daşky sypat emele gelip, ony endige öwürmegiň tehnikasyny ele alypsyňyz-da?

– Görýän welin, hut şeýle.

Torsow ýene-de soragyny dowam etdi:

– Onsoň, siz öýüňizde we taýýarlyklarda döredijilik işiňizi her gezek gaýtalanyňyzda şu sypatlardan peýdalandyňyzmy?

– Öwrendikli hala düşemsoň, elbetde, peýdalandym – diýip, Paşa öz edýän işini boýun aldy.

– Indi bir zady aýdyň: keşbiň içki dünýäsini beýan edeniňizde şol öňki berkidilen sypata öz-özünden gelen mahalyňyz boldumy ýa-da şol bir döreýşi ýaly üýtgemän, duýga täsir etmän, diňe mehaniki suratda gaýtalandymy?

– Men her gezek özümi keşbiň durmuşy bilen ýaşaýan ýaly duýdum.

– Ýok, görkezen sahna işiňizde siziň bu duýgyňyz tomaşaça ýetmedi. Keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek ugry hem edil siziň eden işiňiz ýaly işi gaýtalaýar, ýagny onuň özi adama iň mahsus häsiýetleri tapyp hem döredip, keşbiň içki dünýäsini gurnaýar. Ol häsiýetleriň üstünde işläp, olary ahyrsoňy mydamalyk iň oňat görnüşe salýar. Soňra artist öz duýgusyna agram salman, tapan görnüşine laýyk olary mehaniki ýagdaýda özleşdirip, tomaşaçylaryň öňünde çykyş edýär. Beden myşsalarynyň, ýüzüň, sesiň, owazyň, sungatyň ähli görnüşleriniň ýokary derejeli tehnikalaryny we usullaryny irginsiz gaýtalamagyň netijesinde «keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek» ugrunyň tejribesi emele gelýär.

Bu ugur bilen döredýän artistleriň bedeniniň ýatkeşligi örän ösen görnüşe eýedir. Artist keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmegi öwrenensoň, öz nerw ulgamyna, güýç-kuwwatyna agram salman endigini gaýtalap durýar. Şeýle döredijilik bilen tomaşaçylaryň öňünde çykyş etmek, diňe bir artykmaç däl-de, hatda zyýanly ýagdaý hasaplanylýar.

Sebäbi artisti nämedir bir zat tolgundyraýsa, ol ele alan endigini bozar. Onuň elmydamalyk gurnalan görnüşiniň üýtgemegine getirer. Netijede, endik edilen hereketleriň düşnüksizligi we olaryň ynamsyz ýagdaýda köpçülige hödürlenmegi tomaşanyň täsirine zyýan edýär.

Şu aýdanlarym siziň Ýagonyň keşbini ýerine ýetirişiňize-de azda-kände degişli.

Hany, ýene-de ýadyňyza salyň, siziň iş pursadyňyzda soňra nämeler bolup geçdi?

– Keşbiň beýleki ýerleri ýaly, Ýagonyň tutuş keşbi meni kanagatlandyrmady. Men bu pikire aýnanyň kömegi bilen geldim! – diýip, Şustow ýatlamasynyň üstüni ýetirdi. – Men Ýagonyň keşbine gabat gelýän häsiýetli kişini öz hakydamdaky adamlardan gözledim. Tanyşlarymdan, keşbe düýbünden gabat gelmeýän, ýöne meniň pikirimçe hilegärlikden, gahar-gazapdan, ganojaklykdan ýüňi ýeten birini saýladym.

– Şeýdip, siz ol kişini synlap, onuň bolşuna öýkünip başladyňyzmy?

– Hawa.

– A siz ýatlamalaryňyzy nätdiňiz?

– Men, dogrymy aýtsam, tanşymyň diňe daşky sypatyna öýkünmek bilen çäklendim – diýip, Paşa ýene-de öz eden işini boýnuna aldy. – Men ony edil gapdalymda ýaly göz öňüne getirip bildim. Ol aýak üstünde durdy, oturdy, gezmeledi, men bolsa ony synladym we onuň hereketlerini başdan-aýak gaýtaladym.

– Bu edeniňiz ullakan ýalňyşlyk! Siz şeýtmek bilen keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek ugrundan dändiňiz we döredijilige hiç hili dahyly bolmadyk ýönekeý, ýasama hereketleri etmäge, öz-özüňe meçew bermäge, öýkünmäge geçdiňiz.

– Ýogsa-da, daşyndan tapan häsiýetlerimi Ýagonyň keşbine salmak üçin men näme etmelidim?

– Biziň sungat ugrumyzda şeýle edilýär: siziň täze tapan zatlaryňyzy öz duýgularyňyzyň içinden geçirmegiňiz gerek, soňra Ýagonyň keşbiniň many-mazmunyna laýyk göz öňüne getirýän gylyk-häsiýetleriňiz bilen onuň täsirini güýçlendirmeli. Siziň tapan edim-gylymlaryňyz keşbiňize goşulan badyna, keşp aňyňyzda peýda bolardy. Keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek ugrunyň iň görnükli wekili – belli fransuz artisti uly Kokleniň aýtmagyna görä, siz diňe şundan soňra öz işiňize başlabermeli.

Arkadiý Nikolaýewiç soňra Iwan Platonowiçiň beren Kokleniň kitapçasyny gyssanman okap düşündirdi:

– Aktýor göz öňünde keşbiň şekilini gurnaýar. Onsoň, edil suratkeş ýaly, keşbiň her bir hereketini doly görüp olary kagyz ýüzüne däl-de, öz dünýäsine geçirýär. Tartýufyň keşbine gelişýän egin-eşigi görse ony geýip görýär. Onuň gadam urşy ýaly gadam urmaly, ýüz keşbine laýyk ýüz keşbe girmeli. Ol öz ýüz keşbini Tartýuf diýip göz öňüne getirýän kişisiniňkä meňzetmeli – garaz, ýüzüňi reňklemeli, kiçeltmeli, kä ýerlerini gizlemeli, kä ýerlerini tikmeli, tä tankytçy onuň keşbinde Tartýufa laýyk gelýän meňzeşligi we özüni kanagatlandyrýan gowy häsiýetleri tapýança gözlegleri dowam etmeli.

Ýöne bu-da entek hemmesi däl. Bu diňe keşbiň daş sypatynyň gurnagy. Emma keşbe laýyk görnüş däl. Onsoň ýene-de aktýor Tartýufyň sesini eşidişi ýaly edip Tartýuf bolup geplemegi gazanmaly.

Keşbi tutuşlygyna bir bitewi, gutarnykly keşbe baglamak üçin ony Tartýuf ýaly hereketlenmäge, gadam urmaga, bedenini çaýkamaga, diňlemäge, pikir etmäge mejbur edip, Tartýufyň dünýäsine gaplamaly. Diňe şeýle işler edilensoň portret taýýar; onuň daşyny çarçuwalaber, ýagny sahna çykaryber. Şeýtseň tomaşaçylar: «Ine, Tartýuf» ýa-da «aktýor ýaramaz işläpdir» diýerler (11).

– Bu zatlary başarmak örän agyr hem çylşyrymly ahyryn! – diýip, men tolgunyp seslendim.

– Elbetde. Kokleniň özem siziň aýdanyňyz bilen ylalaşýar. Ol şeýle diýýär: «Akýor keşbiň durmuşy bilen ýaşanok, keşbi oýnaýar. Ol keşbi oýnaýan mahaly keşp bilen bolup geçýän zatlara sowukganly çemeleşmeli. Emma keşbi weli, sungat derejesinde ussatlyk bilen ýerine ýetirmeli».

– Bu hakykat – diýip, Torsow aýdylanlary goldady – «keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek» ugry sungat derejesini saklamak üçin öz usullaryny ussatlarça ýerine ýetirmegi talap edýär.

Men gürrüňi has anyklamaga çalyşdym:

– Beýdip ýörmän, hakyky we adaty döredijiligiň tebigatyna berlip, «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» ugry bilen döredibermeli eken-dä?

– Koklen bu meselä garaýşyny şeýle ynamly beýan edýär:

– «Sungat hakyky durmuş däl we hatda durmuşyň keşbi-de däl. Sungat öz-özüni drediji. Ol hiç bir ýagdaýa kesgitli garamaýan ajaýyp häsiýeti bilen bellibir wagt birligini-de, giňişligi-de hasaba alman, öz durmuşyny özi gurnaýar».

Elbetde, biz hemme babatda sazlaşykly, elýetmez, ýeke-täk suratkeşiň döredijiligiň tebigatyna şeýle özüne göwnüýetijilikli pikiri aýdýan adam bilen ylalaşyp bilmeris.

– Döredijiligiň adaty tebigatyndan mehaniki suratda ýerine ýetirijiligiň tehnikasynyň güýçlüdigine olar, hakykatdanam, ynanýarmykalar? Gör, nähili azaşmaklyk! – diýip, men esli salym köşeşip bilmän hüňürdedim.

– Olar sahnada özleriniň isleýän oňat durmuşlaryny döredýändiklerine ynanýarlar. Biziň görýän adamzadyň hakyky ýaşaýşyny däl-de, başga, ýagny hakykatyň sahna üçin ýörite düzedilip taýýarlanylan durmuşyny görkezmegi dogry hasap edýärler.

Şonuň üçünem, bu ugruň artistleri, her bir keşbi, ilki we soňky taýýarlyk döwürlerinde döredijiligiň tebigatyna we adam durmuşyna laýyk dogry, ýerine ýetirijiligiň birinji ugrundan peýdalanýarlar-da, sahna çykanlarynda bolsa, ýerine ýetirijiligiň ikinji ugry boýunça keşbi ýerine ýetirýärler. Olar öz döredijilik ugruny şeýle delillendirýärler: teatr we onuň önümleri şertli, sahnanyň hakyky durmuşy görkezmäge bolsa serişdesi ýetmeýär, şonuň üçin, teatr şertlilikden gaça durman, gaýta, şertli ýagdaýy ikelläp goldamaly.

Bu döredijilik ugry owadan, emma çuň däl, ol ýiti däl-de, göze ilginç; onuň manysyndan formasy gyzykly; ol göwün duýgusyny däl-de, eşidiş we görüş beden agzalarynyň ünsüni özüne çekýär, şonuň üçünem ol tolgundyryp, adam garaýşyna täsir etmän, diňe täsin galdyrmak bilen çäklenýär.

Dogry, bu sungat ugry bilen hem güýçli täsir galdyryp bolar. Bu sungat ugrunyň eserlerini ýadyňa salan mahalyň olar seni gyzyklandyrýarlar, hakydaňda oňat ýatlamalar bolup galýarlar. Emma adamyň göwün duýgularyna çuňňur täsir edip, olara gyzgyn, mähir çaýmaýarlar. Olaryň täsiri ýiti, ýöne uzak däl. Olara ynanmakdan beter haýran galýarsyň. Şonuň üçin bu ugra hemme zat başardanok. Garaşylmadyk ýagdaýlary, hereketleri ulanmak we sahnany oňat bezemek ýa-da şekil göçgünliligi – ine, bu sungat ugrunyň täsir edijilik serişde – usullary şulardan ybarat.

Emma düýpli islegleri beýän etmek üçin onuň ulanýan serişde – usullary ýa örän çişirilen, ýa-da ýüzleý. Şu sebäplere görä hem bu ýerine ýetirijiligiň tehniki

usullary bilen çuňňur we näzik ynsan duýgularyny beýan etmek başartmaýar. Olar döredijiligiň adaty tebigatyna daýanýan keşbi «başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» ugry bilen durmuşa geçirilmegini talap edýärler. Muňa garamazdan, keşbi mehaniki iş hereketi bilen ýerine ýetirmek ugrunyň düýbüni «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» ugry bilen baglylykda başlaýan bu sungat ugruna hakyky döredijilik we sungat diýip ykrar etmek bolar (12).

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Goworkow şu gün sapakda uly höwes bilen özüniň «keşbi mehaniki iş hereketleri bilen ýerine ýetirmek» ugrunyň artistidigini, öz dünýäsine bu ýerine ýetirijilik ugrunyň ýakyndygyny, artistçilik duýgularynyň şu ugry küýseýändigini, şu ugra baş egýändigini, diňe şeýle ugurda döredijiligi göz öňüne getirip bilýändigini ynam bilen aýtdy. Arkadiý Nikolaýewiç onuň ynamynyň dogrudygyna ynanmazçylyk edip, oňa ýerine ýetirijiligiň ikinji ugruny ele almak üçin, barybir birinji ugurdan baş çykarmagyň gerekdigini ýatladyp, şeýle iş usullaryny sahnada-da, öýde-de onuň ele alyp bilýändigine ynamynyň ýokdugyny nygtady. Emma jedelkeş sahnada keşbini öz başyndan geçen ýaly ýagdaýda örän güýçli duýandygyny ynandyrmaga çalyşdy.

– Her bir adam öz ömrüniň her bir minutynda näme-de bolsa bir zatlary duýýar, bir zatlaryň aladasyny edýär – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düşündirişiniň çygryny has giňeltdi. – Eger adam hiç bir zady duýmasa, diýmek, ol diri däldir. Diňe öli adam hiç zady duýmaýar. Esasy zat, siz sahnada keşbiň durmuşyna laýyk öz durmuşyňyzdaky duýgyňyzy ulanýandygyňyz ýa-da keşbe degişli däl başga zatlary duýýandygyňyz barada gürrüň gidýär.

Hatda tanymal artistleriň hem öýünde taýýarlyk işlerini edip sahna çykanlarynda keşbe degişli wajyp zatlary we olaryň düýp manysyna laýyk pikirleri tapmaýan mahallaryna seýrek duşulmaýar. Siziň hemmäňiz hem şeýle ýagdaýa uçradyňyz. Birnäçäňiz sahna işiňizde sesiňizi we täsin owazyňyzy, hereketleriňizi tehniki ýagdaýda edip bilýändigiňizi görkezdiňiz, beýlekileriňiz bolsa ikiýana ylgap, balet hereketlerini öte ýerine ýetirijilik bilen, owadan we dabaraly halda görkezip berdiňiz, mahlasy, döredýän keşbiňize asla gerekmejek zatlary bize hödürlediňiz.

Goworkow, siz hem öz keşbiňiziň içki dünýäsiniň many-mazmunyna-da, onuň durmuş ýoluny öz duýgyňyza laýyk yzarlamaga-da, häsiýetini mehaniki suratda ýerine ýetirmäge-de çalyşman, düýbünden başga zatlara üns beripdiňiz. Siz muňa garamazdan, sungatda bir zat döredendirin öýdýärsiňiz. Emma ýerine ýetirýän keşbiňiziň häsiýelerine laýyk duýgyňyzy ulanýandygyňyz size mälim bolmasa, hakyky döredijiligiň gürrüňi bolup bilmez.

Şonuň üçin hem, özüňizi aldap oturmaň-da, hakyky sungatyň nämeden başlanyp, nämede gutarýandygyna hemme tarapdan düşünmäge we öwrenmäge çalşyň. Şonda siziň ýerine ýetirişiňiziň keşbe degişli däldigine gözüňiz ýeter.

– Onda biziň ýerine ýetirişimiz näme?

– Hünärmentlik ýoly. Dogry, keşbiň talaplaryna görä oňat hereketler saýlanylyp, olaryň üstünde işlenilipdir we keşbiň çaklama häsiýeti ýasalypdyr.

Torsow bilen Goworkowyň uzak jedellerini goýbolsun edip, gönüden-göni hakyky sungat ýoly bilen hünärmentlik ýolunyň çägini düşündirmäge geçýärin.

Keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda hakyky sungat döredijiligi amala aşmaýar. Şonuň üçün hem duýgynyň öz hukugyny ýöredip başlan ýerinden sungat başlanýar.

Goworkow:

– Hünärmentlik ýolumy? – diýip sorady.

– Ol hem öz gezeginde, ýagny edilen iş çeperçilik babatda hödürlenensoň, ýa-da keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek işi tamamlanansoň başlanýar.

«Keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» ýerine ýetirijiligiň iki ugruna-da zerur. Hünärmentlik ýoly bilen keşbi döredýäne ol ugurlaryň zerurlygy ýok ýa-da bolaýanda-da zeleli ýok. Hünärmentlik ýoly bilen keşbi döredýän artistler, her bir keşpleri aýry-aýry ýagdaýda döredip bilmeýärler. Olar keşbi öz başyndan geçiren ýaly edip döredip bilmänsoňlar, keşbiň dünýäsine-de girip bilmeýärler. Hünärmentlik ýoly bilen keşbi döredýän artistler keşbiň aýtmaly sözlerini şol bir aýdylyş usullarynda ýerine ýetirýärler. Bu ýagdaý keşbi döretmegi ýeňilleşdirýär.

– Beýle ýeňilleşdirmek nämelerden ybarat? – diýip, men soradym.

– Siz hünärmentlik ýoly bilen keşbi döretmek diýen düşünjä, onuň nireden gelendigini we nädip dörändigini bileniňizden soňra has gowy düşünersiňiz. Biziň dilimizde hünärmentlik ýoly bilen keşp işlenilse, oňa köp gaýtalanyp leji çykan aktýorçylyk galyby boýunça ýerine ýetirijilik diýýäris. Görüň, olar nireden peýda boldular we nähili işleýärler.

Keşbiň häsiýetini tomaşaça ýetirmek üçin ilki şol häsiýetlere düşünmek gerek. Olara düşünmek üçin bolsa şol häsiýetleriň duýgulary ýaly duýgulary öz başyňdan geçirmek zerur. Duýga öýkünjek bolmaly däl, onuň ýüze çykyşynyň diňe daşky taraplaryny özüňçe taraşlap bolar. Emma hünärmentlik ýoly bilen işleýänler keşbiň dünýäsini özüniňki dek ýaşap başarmaýandyklary üçin, öz iş ýolunda duş gelýän döredijilik ahwallarynyň daşky netijelerine hiç haçan düşünmeýärler.

Näme etmeli? Içki duýgy salgy bermän durka nädip daşky sypaty tapmaly? Hadysalary öz başyňdan geçirmedik ýagdaýyňda onuň daşky netijelerini nädip hereketleriň we sesiň üsti bilen görkezmeli? Aktýoryň ýönekeý şertli öte ýerine ýetirijiligini ulanmakdan başga alajy galmaýar. Bu ýat kişiniň keşbiniň duýgusyny öz duýgusynyň içinden geçirmän, onuň daşky sypatyny örän ýasama we ýönekeý ýagdaýlarda ýerine ýetirýän aktýoryň öwrenmedik işi bolýar. Bu ýönekeý öýkünmeklik.

Hünärmentlik ýoly bilen işleýän aktýor ýüz keşbiniň hereketleriniň, sesiniň, bedeniň dürli hereketleriniň kömegi bilen sahnada adamzadyň durmuşynyň ruhuny

görkezýändirin öýdüp, ýok duýgynyň galyba salnan ýasama tolgunyşyny tomaşa-çylara hödürleýär.

Şular ýaly keşbiň duýgusynyň daşky sypatlaryny häsiýetlendirýär diýen bolup, öte ýerine ýetirijilikde ulanmak üçin aktýorçylygyň köp sanly usullary taýýarlanylýandygyna sahna durmuşynyň tejribesinde köp duş gelmek bolýar. Bu hünär ýoly bilen işlenen keşpleriň usullarynda duýgy ýok, diňe duýgy diýlip gelnen netijä öýkünmeklik bar; duýgynyň mazmuny ýok, diňe hamala mazmuny beýan edýän hökmünde duýgynyň daşky sypatyny görkezmegiň usullary bar.

Hünärmentlik ýoly bilen işleýänleriň birnäçesi geçmişden miras galan, mydamalyk ýagdaýynda gaýtalanyp däbe öwrülen ýasama hereketleri gaýtalaýarlar.

Meselem, söýgini beýan etmek üçin bäş barmaklaryňy başardygyňdan ýazyp döşüň üstünde goýmak ýa-da ölýändigiňi düşündirmek üçin ýakaňy ýyrtmak. Artistleriň ýene bir topary bolsa öz döwrüniň zehinli aktýorlarynyň taýýarjak usullaryny ulanýarlar.

Mysal üçin, köpler Wera Fýodorowna Komissaržewskaýanyň tragiki keşplerde eliniň ýeňsesi bilen maňlaýyny sylyşyny peýdalanýarlar. Üçünji toparyň özi şular ýaly usullary oýlap tapýarlar.

Hünärmentlik ýolunyň keşbi ýerine ýetirmek işinde ses, ses agzalary we sözleri aýtmak üçin maglumat berýän ýörite endikleri bolýar.

Mysal üçin, keşbiň täsiriniň güýçli ýerinde, aktýora mahsus bolan birnäçe sesleri goşup, olary çalt-çaltdan çalşyp aşa beýgeltmek we peseltmek ýa-da sesi labyzlandyryp ony ýörite owazlar bilen bezemek. Hünärment ýoly bilen işleýän aktýorlar ýöränlerinde adaty durmuşdaky ýaly ýöremän, teatryň sahnasynda gezim edýärler. Bular gymyldamak we hereket etmek üçin, çeýelik we keşbiň daşky sypatyny görkezmek üçin hünärmentlik ýolunyň aktýorçylygynda aýratyn ýiti häsiýete eýedir. Olar gözellige esaslanman, owadan bolmaga çalyşýarlar. Adam duýgularyny we göçgünliligini beýan edýän köp sanly ýörite ýasama usullary ulanýarlar.

Mysal üçin, diş gyjamak we Nazwanowyňky ýaly gözüňi alartmak, aglamagyň ýerine ýüz-gözüňi elleriň bilen örtmek, aşa göçgünli hala düşülende saçlaryňy penjelemek. Jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň häsiýetli aýratynlyklaryny sahnada görkezmek üçin hem köpsanly usullardan peýdalanýarlar.

Mysal üçin, daýhanlar öýde oturan ýerine tüýkürýärler, burnuny eşiginiň ýeňine ýa-da etegine süpürýärler. Harbylar aýakgabynyň ökjelerini bir-birine şarkyldadyp degirýärler. Saply äýnegini elinde oýnamak medeniýetli adamlaryň endigi. Döwürlere degişli usullar toplumy-da bar.

Mysal üçin, orta asyr operalaryna mahsus hereketler XVIII asyryň tanslaryna degişli beden hereketleri. Sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esaslaryndaky keşbe degişli ýörite usullar hem bar; ýörite keşpler we pýesalar üçin (şäher häkiminiň); bedeniňi tomaşa zalyna tarap öwürmegiň äşgär bolmagyny beýan etmek üçin ýa-da

eliň aýasy bilen dodaklaryňy örtmegiň usullary yzygiderli ulanylýar. Aktýorçylyga mahsus bolup galan şu usullar wagtyň geçmegi bilen endige öwrülýärler.

Umumy aktýorçylyk kadasy bilen geplemek, halys endik bolan sözler bilen keşbe baha bermek, sahnada gadam urmak, kyssalarda beden hereketlerini we dürli ýagdaýlarda bedeniňi saklamak... ýaly usullar sünnälenip, hemişelik taýýar edilýär.

Hünärmentlik ýolunyň maşklary boýunça işleýän aktýorlaryň berkän beden agzalary şeýle taýýar usullary mehaniki suratda derrew gaýtalaýarlar we olary öz endiklerine öwürýärler. Mydamalyk bellige alnyp berkidilen, adam duýgusyny sähelçe özünde saklaýan «ýüzörtügiň» köp gezek gaýtalanmalaryň netijesinde durmuşyň ondaky bar bolanja ýokundylary-da öz güýjüni ýitirýär, aktýorlygyň mehaniki suratda ýerine ýetirýän ýönekeý endikleri çak bilen ulanylýan belligine öwrülýär.

Her bir keşbe mydamalyk berkidilen köpsanly endiklerden pýesanyň sözlerini şertli ýagdaýda aýdyp berer ýaly, aktýorlygyň göze görünýän däp-dessurlarynyň ýa-da häsiýetleriniň toplumy emele gelýär.

Hünärmentlik ýoly bilen işleýän artistler şu endikleri bilen «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmegiň» hakyky janly sungatynyň we çyn döredijiligiň ýerini tutmak isleýärler. Emma hakyky duýgyny hiç bir zat bilen deňäp-de, çalşyp-da bolmaýar. Edil şonuň ýaly-da hünärmentlik ýolundaky mehaniki suratda ulanylýan usullara hakyky duýgy tap bermez. Bu endikleriň käbiriniň teatr sungatyna laýyk gelýän ýeri-de bar.

Emma olaryň aglabasy göwne degiji, gödek häsiýetli we adam duýgusyna düşünmekde diýseň çäkli, gönümel ýa-da kemakyllyk derejesinde örän ýöntem.

Emma wagt we asyrlaryň dowamynda endige öwrülen many-matlagsyzlyk ýa--da görksüzlik, bir-biri bilen egindeşlik we hossarlyk derejesine-de ýetip biler. Size, ine, mysal getireýin, operetto sahna oýnunda keşbi ýerine ýetirýän ýomakçynyň kilçermegi, ýaş zenana öwrülýän kempir, sapara gelenler girende we çykanda teatr jaýynyň gapysynyň öz-özünden açylmagy, pýesada hereket edýän islendik keşbi onuň baş gahrymany saýmak .., ýaly zatlar teatrda, hakykatdan-da, adaty zatlar hasaplanylýar.

Şonuň üçin adaty däl endikler hem hünärmentlik ýoluna girip, olaryň däp-dessurlary hökmünde ulanylýar. Hatda käbir endikleriň döreýşiniň taryhyna bada-bat akyl ýetirer ýaly hem däl. Içki manysyny düýpgöter ýitiren aktýoryň usuly durmuşa hiç bir babatda gabat gelmeýän ýönekeý sahna şertliligi bolup, artistiň ynsan tebigatyny ýoýýar. Opera, balet, aýratyn hem, nusgawylygy galp tragediýa şular ýaly endiklerden dop-doly. Hünärmentlik ýolunyň şeýle usullary bilen işleýän aktýorlar keşbiň durmuşyny ýaşap, elmydama öz başyndan geçiren ýaly ýerine ýetirmäge çalşyp, bu endiklerini berkitmek isleýärler.

Mysal üçin, görmegeýsiremek, aşa çeýelik, pajygaly ýagdaýa düşende döşünden ýüregini goparmak, ar almakçy bolanda gollaryny titretmek, dileg edende

gollaryny asmana ýaýmak... ýaly hereketlerini aýtmak bolar. Hünärmentlik ýoly umumy aktýorçylyk meselesinde dile we beden çeýeligine şeýle talaplary etmegi dogry hasap edýär.

Mysal üçin, liriki duýgularda sesi aşa süýjetmek, epiki şahyranalygy birsydyrgyn seslenip içgysgynç owaz bilen aýtmak, ýigrenjiňi beýan edeniňde sesiňi öküziň sesine meňzetmek, hasraty görkezeniňde sesi ýalan aga gaplamak... Olar şeýtmek bilen sesi, ses agzalarynyň işjeňligini we aktýoryň herekelerini owadanlap gowulaýandyryn, olaryň sahnada aýratyn täsirli bolmagyny gazanýandyryn öýdýärler.

Emma gynansak-da, asyllylyk elmydama dogry kabul edilip durlanok. Onsoň hem gözellige her kim özüçe düşünýär, täsir edijiligiň mazasyz meýilden döreýän wagtlary-da seýrek bolmaýar, mazasyzlyk bolsa jaýdar usullara garanyňda has köp ýaýrandyr. Şonuň üçin hem asyllylygyň ýerine mahabatlanan tekepbirlik, gözelligiň ýerine – owadanlyk, mazanyň ýerine – teatrlaşdyrylan täsir edijiligiň çişirilen görnüşi döredi. Hakykat ýüzünde-de diliň şertliliginden başlap, tä aktýoryň yşaratly hereketlerine çenli hemmesini teatryň goh-galmagalyna degişli hasaplamak ýerliklidir. Bularyň çeperçilik babatda gymmaty örän az. Hünärmentlik ýoly bilen sözlemek we aktýoryň beden agzalarynyň yşaratlary bilen sahnada görkezilýän hereketleri aşa çişirmek aýratyn bir teatral owadanlygyny döretdi.

Şertli belgi «keşbi başdan geçiren ýaly edip ýerine ýetirmegiň» ýerini tutup bilmez.

Bu işiň ýene bir kyn ýeri şertli belgi ýapyşgyç, özdiýenli. Ol edil pos ýaly artisti iýegen. Şertli belgi keşpde özüne laýyk ýerjagaz tapansoň, köpelmäge başlaýar. Keşbi tutuşlaýyn ele alýança köpelýär. Soňra aktýoryň döredijilik dünýäsini özüne gaplamaga girişýär. Ol keşpdäki janly duýgynyň ýok ýerlerini derrew doldurýar. Baran ýerinde-de berk ornaşýar. Onsoň janly duýgyny gaplap, çykmaz ýaly edýär, özüniň janly duýgudan öňürti peýda bolmagyny gazanýan wagtyna hem köp duşmak bolýar. Şonuň üçin aktýor ondan hüşgär bolmalydyr. Şu aýdylanlar hakyky döredijilik bilen meşgul bolýan zehinli aktýorlara-da degişli. Hünärmentlik ýoly bilen işleýän aktýorlaryň ähli sahna işlerinde şertli belgileri saýlap seçmek olaryň çyn döredijilikleri bolup hyzmat edýär. Käbir şertli belgiler özboluşly görkana we gyzykly bolýar. Ýönekeý tomaşaçy aktýoryň mehaniki suratda eden işi hökmünde kabul edip, olary görmän galýar.

Emma şertli belgileriň hernäçe ýüki ýetik bolanda-da, olar özbaşdak bolup tomaşaçyny gyzyklandyrmaýar. Şonuň üçin hem olara goşmaça nähilidir bir täsir döredýän emel gerek. Şeýle täsir döredýän emeli usuly biz aktýoryň hyjuwy diýip atlandyrýarys. Sahnada aktýoryň hyjuwy hakyky däl-de, galp, emeli bolýar.

Keşbiň durmuşyny ýaşap, öz başyňdan geçiren ýaly ýerine ýetirmegiň hyjuwy çeperçilik babatda hakyky usul däldir. Bu emeli usul ‒ bedeniň daşky ýüzüni keşbiniň häsiýetine laýyk hereketlendirmekdir. Duýgusy ýiti aktýorlar öz duýgularyny emeli ýagdaýlara salyp, çokjalap derrew oýadýarlar. Netijede, dowully, tutgaýly,

emeli göçgünli, many-mazmunsyz, fiziki nukdaýnazardan, emeller bilen gurnalan, aşa ganygyzgynlygy beýan edýän sahnalar döreýär. Biz keşp döretmegiň şular ýaly ähli usullarynda çeper ýerine ýetirijilige gabat gelmeýän artist adamyň öz janly duýgularyna derek, öz hyjuwyny öýkünmek arkaly keşbiň häsiýetini jemlemäge ulanýandygyny görýäris.

Ýöne bu hyjuwyň kömegi bilen aşa öýkünilip edilen işleriň käbiri öz maksadyna ýetýär we nähili-de bolsa durmuş ahwallaryny azda-kände beýan edýär hem-de çeper döredijiligiň hakyky ýüzüni görüp öwrenmedik tomaşaça bellibir derejede öz täzirini ýetirýär. Bu ugruň aktýorlary köp halatlarda özüniň sahna hünärmentlik ýoluna gulluk edýändiklerini bilmän, hakyky sungat bilen iş salyşýandyryn diýip ynanýarlar (13).

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç şu günki sapakda-da, biziň görkezen sahna işimizi seljermegini dowam etdi. Iň köp kötek Wýunsow biçäräniň paýyna düşdi. Arkadiý Nikolaýewiç onuň ýerine ýetirijiligini hatda hünämentlik diýibem kabul etmedi.

– Beýle bolsa, onda ol iş näme boldugy bolýar? – diýip, men soradym.

– Sahnada ýüz-gözüňi oýnadyp, süýnüp-sarkmak diýilýän iş bolýar.

Men janymy barlap görmek üçin şeýle sorag berdim:

– Beýle zat meniň ýerine ýetirijiligimde bolmadymy?

– Boldy.

Men hopugyp seslenenimi duýman galdym:

– Niresinde? Siz maňa içki duýgyňyzy ulanyp ýerine ýetirdiňiz diýdiňiz-ä?!

– Şol bir wagtyň özünde-de men size düşündiripdim, ýagny sungatyň döredijilik ýolunda hakyky döredijilik bilen döredijiligiň beýleki ugurlary bolan...

Men mugallymyň sözüni bölüp:

– Hünärmentlik ugrumy? – diýdim.

– Hünärmentlik ýoly sizde nireden bolsun. Beýle ýol Goworkow ýaly tejribe toplan adamlarda bolýar. Sebäbi ol ýol tejribe toplamak bilen döreýär. Siziň tejribe toplamaga wagtyňyz boldumy näme? Şonuň üçün hem siz parçaňyzy iň sadaja endiklere öýkünmegiň tehnikalaryny-da bilmän ýerine ýetirdiňiz. Olary bilmeseň hünärmentligem, hakyky sungatam eýgertmez.

– Men ilkinji gezek sahna çykýaryn ahyryn. Men endiklere öýkünýändigimi nädip bileýin?

– Henize çenli sahna çykmadyk, sahna oýnunyň nämedigini bilmedik, hatda hiç mahal taýýarlyk işlerini-de geçmedik iki sany gyzyň tragediýadaky keşplerini lenji çykan, biedep endikler bilen ýerine ýetireni meniň ýadymdan çykanok.

– Diýmek, Wýunsowyň sahna işi hatda hünärmentlik-de däl, ýönekeý, ýüz-gözüňi oýnadyp, süýnüp-sarkmak-da?

– Hawa! Ýöne ýüz-gözüňizi oýnadyp, süýnüp-sarkmak hem gowulygyň alamaty.

– O näme üçin gowulygyň alamaty?

– Sebäbi öýkünmäniň kök urup, berkän ýagdaýyndakydan, çeper höwesjeňlik derejesindäkiniň garşysyna göreşmek ýeňil. Siz ýaly ýaňy artistlige başlaýanlar, eger-de olarda zehin bar bolsa, birdenkä ýa-da garaşylmadyk halatda keşbi gowy duýup, ýerine ýetirip biler. Emma keşbi tutuşlygyna duýup ýerine ýetirmäge weli onuň ussatlygy ýetmez. Netijede, ol öýkünmeli bolýar. Öýkünip keşbi ýerine ýetirmek ilkibaşda gaty bir göze ilibem duranak. Emma ol ýuwaş-ýuwaşdan aktýoryň geljegini zaýalaýar. Şonuň üçin başda öýkünmek usullaryna garşy göreşmek gerek. Ýogsa, ol aktýoryň barja zehinini zaýalap, soňuna çykar. Siz hünärmentlik ýolunyň we öýkünmäniň nireden başlanýandygyny we nirededenem gutarýandygyny berk bilip goýuň.

– Olar hämeden başlanýarlar?

– Men öz işiňiziň mysalynda size düşündirjek bolaýyn. Siz akylly adam, ýöne näme üçindir sahna işiňizde keşbiňiziň käbir bölegi diýmeseňiz, aglaba ýerini manysyz ýerine ýetirdiňiz. Siz näme, hakykatdan hem, birmahallar, öz medeniýeti bilen şöhratlanan mawrlar, demir gözenekde gabalan haýwanlar ýaly dört ýana urunýandyr öýdýärsiňizmi? Siziň görkezen «ýabany haýwanyňyz» hatda parahat çagy hem öz ýanyndaky kömekçisine ýňranyp haýbat atyp, dişlerini syrtardyp, gözlerini alardyp dur. Keşbe beýle aralaşmak sizde nireden döredi? Hany, bize düşündirjek boluň, haýsy usullary ulanyp, haýsy ugurlara garap şeýle tagaşyksyzlygy tapdyňyz? Ýa-da öz ýolundan azaşan aktýora her dürli delilsizligiň gabat gelmegi mahsusmy?

– Men size öý işim ýazylan gündeligimdäki keşbimiň üstünde nähili işländigim hakyndaky ýazgylary jikme-jik aýdyp berdim. Şol ýazgylaryň käbirini keşbimde ulanmany başardym. Meniň öýde işlänim gowy aýan bolsun diýip, öz ýaşaýan otagymdaky mebellere sazlaşykly duran stullary sahnada edil öýümizdäki ýaly ýerleşdirdim – diýip, men mugallyma aýtdym.

Arkadiý Nikolaýewiç meniň görkezen zatlarymyň käbir ýerinde hezil edip güldi.

Men düşündirişimi soňlamsoň, ol:

– Gördüňizmi, nähili ýagdaýda iň ýaramaz hünärmentlik usullary peýda bolýar ekeni – diýdi. – Esasan, şular ýaly manysyzlygyň sebäbi aktýoryň öz başarmajak keşbini alyp, ony öwrenmän, duýman ýerine ýetirmäge ýapyşan wagtynda ýüze çykýar.

Meniň göwnüme, siz öz görkezen sahna işiňiz bilen tomaşaçylary geň galdyryp, olary tolgundyrmagy baş maksadyňyz edipsiňiz öýdýän. Ýöne nädip? Görkezýän gahrymanyňyzyň hakyky häsiýetlerine laýyk çyn duýgularyň üsti bilenmi? Ýöne siz ol duýgulary döretmediňiz. Daş sypatyna öýküner ýaly gutarnykly janly keşp-de tapmadyňyz. Şeýlelikde, size näme galdy? Diňe tötänlikde hakydaňyza gelen keşbe dahylly ilkinji häsiýete sypdyrman ýapyşmak galdy.

Hemme adamlarda bolşy ýaly, siziň hem hakydaňyzda durmuşdaky dürli ýagdaýlar üçin peýdalanmaly häsiýetler bolaýmaly. Biziň hakydamyzda her bir hadysalar dürli görnüşde galýarlar we biz olary gerek mahaly häsiýetlerimizde ulanýarys. Hakydamyzdaky şular ýaly ýatlamalary durmuşa laýyk ýerine ýetirmän, olara az üns berip, howul-hara we geldi-geçer garaýarys. Biz keşbimize laýyk haýsy-da bolsa birje häsiýeti ýa-da häsiýete çalymdaş hereketi görkezmek bilen çäklenýäris. Durmuş tejribesi, hakydadaky ýatlamalaryň keşbini beýan etmek üçin, hatda görkezme esbaplary ýa-da olaryň daş keşbini suratlandyrýan bellikleri hem ýazyp ýetişdi.

Siziň islendigiňize: «Taýýarlyksyz ýagdaýda ýabanylygyň keşbini, umuman, ýerine ýetirip beriň» diýip aýdalyň. Men siziň köpiňiziň Nazwanowyň keşbini ýerine ýetirende ulanan häsiýetlerini gaýtalajakdygyňyza kepil geçýärin. Sebäbi biziň hakydamyzda bolmadyk ýalan ýabany adamyň dişlerini syrtardyşy, gözlerini alardyşy, çar tarapa hasanaklap ylgaýşy, hyňranmasy, arlamasy gadymdan bize galan miras.

Biziň aýdanlarymyz ýaly usullar, umuman, her bir adamda bar we olar gahar-gazaby, gabanjaňlygy, tolgunmagy, begenmegi, gynanmagy we beýlekileri aňladýarlar. Bu usullary adam wagta-da, ýagdaýa-da, gerekdigine-de ýa-da gerek däldigine-de seretmän islän mahaly ulanýar. Şular ýaly keşbi oýnamak ýa-da has dogrusy, öýkünmek arkaly keşbi döretmek sahnada masgaralyga barabar ýöntemlikdir: aktýor ýok ýerden hakykaty suratlandyrjak bolup öz-özüne zor salmaly, göbeginden basylýan dek gygyrmaly bolýar. Ýüz keşbiniň myşsalary üç esse dartylyp, ýygy-ýygydan üýtgeýär.

Hereketleriň we edim-gylymlaryň aýdyňlygy artyp, olaryň sany aşa köpelýär, ýagny gollaryny titredýär, kellesini penjeleýär, aý, garaz, gabat gelen hereketleri edýär. Siziň hem keşbi ýerine ýetirişiňizde şeýle hala düşen mahalyňyz boldy. Ýöne siziň bagtyňyza şeýle hereketler kän bolmady. Siz bary-ýogy bir sapar olary ulandyňyz. Şonuň üçin hem bu ýerde geň galyp oturasy zat ýok. Şeýle öýkünmeler öz-özünden döreýär we derrew irizýär.

Bu aýdylan sahna işlerine düýpgöter ters ugur bolan sahnada hiç mahal irizmeýän, keşbiň içki durmuşyny çeper usullaryň kömegi bilen tomaşaça ýetirmek ugry irginsiz zähmeti talap edýär. Bu ugruň usullary keşbiň durmuşyna we aktýoryň duýgularyna kybapdaşlykda öz-özünden täzelenýärler we ýetmezçilikleri dolduryp artistiň özüni-de, tomaşaçyny-da özüne imrindirýär. Bu ugur bilen işlenende keşp elmydama kämilleşýär.

Öýkünmek we hünäri düýpli öwrenmän keşbi oýnansyramak bolsa, durmuşa laýyk gelmeýän, täsirsiz, mehaniki iş hereketi bilen ýerine ýetirilen iş bolup çykýar. Bularyň hemmesi ýaranjaň akmaklara meňzeş duşman ýaly, howply umumadamzat endik-bellikleridir. Siziň durmuşyňyzda-da beýleki adamlardaky ýaly endik-bellikler uklap ýatyr we hünärmentlik ýolunyň täze, taýýar tehniki usullary bolmansoň,

siz hem olary sahnada ulandyňyz. Gördüňizmi, öýkünmek hem, endikleri oýnan bolup ulanmak hem keşbiň durmuşyny başyňdan geçiren ýaly ýerine ýetirmegiň tükenen ýerinden başlanýar ekeni.

Emma hünärmentlik ýolunda hakyky duýgyny oýarmak üçin öýkünmek usullaryna ýapyşýarlar we taýyn endikleri ulanýarlar. Keşbi oýnansyramak bolsa, endikleri saýlaman, olaryň umumadamzadyň ulanýanlarynyň gabat gelenlerini ýa-da öň kabul edilenlerini sahna üçin taýýarlaman we sazlaman ulanmakdan ybaratdyr.

Siziň düşen ýagdaýyňyza düşünmek kyn däl, ol bagyşlarlykly. Sebäbi siz ýaňy bu käri öwrenmäge başlaýarsyňyz. Ýöne geljekde ägä boluň. Hünäri öwrenmän keşbi oýnan bolmak we umumadamzat endikleri iň ýaramaz hünärmentlik ýolunyň ýüze çykmagyna alyp barýar. Onuň ösmegine ýol bermäň. Şonuň üçin hem bir ýandan erjellik bilen bu endiklere garşy göreşiň we şol bir wagtyň özünde-de keşbiň durmuşyny öz başyňyzdan geçiren ýaly edip döretmegi öwreniň. Özi hem «Otello» sahna işiňizdäki ýaly belli-belli ýerlerde däl-de, tutuş keşbiň dowamynda şeýle döredijiligi saklaň. Siz şeýdip, içki duýgyňyzy oýnatmakdan halas bolup, kem-kemden keşbiň durmuşy bilen ýaşamagy öwrenip, hakyky sungat döredijiligine girişersiňiz.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiçiň aýdanlary maňa örän uly täsir etdi. Söhbetdeşligiň käbir minutlarynda bu mekdepden çykmak gerek diýen netijä gelen mahalym hem boldy. Men hut şonuň üçin hem bu gün sapakda Torsow bilen öz sorag-jogabyma ýaňadan gaýdyp geldim. Mende geçen sapaklarda aýdylanlardan umumy netije çykarmak islegi döredi. Men ahyrsoňy şeýle netijä geldim: men biziň işimiziň ugurlaryny iň oňat edip garyp keşbi ýerine ýetiren talyp, ýagny kähalatda zehinim joşupdyr, galapyn ýerlerde bolsa endikleri ulanypdyryn.

– Häli hem siz iň gowşagy däl – diýip, Torsow meni köşeşdirdi. – Beýleki talyplaryň eden işleri has-da gowşak. Siziň hünäri bilmän edeniňizi öwredip, düzedip boljak. Beýlekileriň düşünip, akyl ýetirip eden ýalňyşlyklaryny düzetmek, olary artistiň aňyndan köki-damary bilen goparyp aýyrmak mydama başardyp hem baranok.

– O näme üçin olar eýgertmeýärler?

– Sungaty öz peýdasyna ulanmak işini edýändikleri üçin.

– Beýtmek nämeden ybarat? – diýip, talyplar ýerli-ýerden soradylar.

– Welýaminowanyň eden işi, siziň soragyňyza jogap bolýar.

– Meniň... işim?.. – Beýle zada garaşmadyk Welýaminowa ýerinden böküp turdy:

– Men näme edipdirin... beýle?

– Siz gowy görünmäge mümkinçilik berýän sahnada bize öz goljagazlaryňyzy, aýajyklaryňyzy görkezdiňiz – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç jogap berdi.

4. Sargyt № 3176

– Men?..Gollarymy, aýaklarymy?.. Wi-iý, daş edewersin! – diýip, biziň biçäre, gözel gyzymyz düşünmän aňk-taňk boldy.

– Hawa, edil özi: aýajyklaryňyzy, goljagazlaryňyzy. Edepsizlik... be... geň galaýmaly gyz – diýip, Welýaminowa öwran-öwran gaýtalady. – Men etmelisini etdim ahyryn, meniň beýle zatlardan habarym ýok!

– Halys endige öwrülen häsiýetler bilen mydama şeýle ýagdaýlar bolup geçýär.

– Onda näme beýle öwdüňiz?

– Sebäbi siziň goljagazlaryňyz, aýajyklaryňyz owadan.

– Eýse, bu ýaramazlykmy?

– Ýaramazlyk – siziň Katerinanyň keşbini ýerine ýetirmän, tomaşaçylaryň öňünde aýnanyňyz. Şekspir «Kesir zenany nogtalamak» pýesasyny okuwçy Welýaminowa tomaşaçylara aýajyklaryny görkezip, olaryň öňünde aýnasyn diýip ýazan däldir-ä. Şekspiriň pýesasynyň siziň aýan edip bilmäniňiz üçin bize açylmadyk, size-de ýat bolup galan başga maksady bar. Gynansak-da, örän ýygy-ýygydan biziň sungatymyzy onuň maksadyna laýyk däl zatlar bilen öz peýdasyna ulanýanlar az däl. Siz ýaly gözelligi wasp edýänler, göräýmäge gowy iş ýeri edinen dek üstünlik, at-abraý gazanmagy göz öňünde tutýarlar. Biziň işimizde bu adaty ýagdaý. Men bu keselden sizi gorajak bolýaryn.

Siz meniň şu mahal aýtjaklarymy berk ýatda saklaň: teatr tomaşaçysy we hödürleýän sahna oýny bilen bilelikde iki ýüzli päki bolmagynda galýar, ýagny ol bir tarapdan-a, wajyp jemgyýetçilik wezipesini alyp barýar, beýleki tarapdan bolsa, biziň sungatymyzy öz peýdasyna ulanýanlaryň işini rowaçlandyrýar we olara girdejili wezipeleri tapyp berýär. Bular ýaly adamlar birnäçeleriň düşünjesizliginden, birnäçeleriň zaýalanan isleglerinden peýdalanýarlar. Olar kimdir biriniň kömegine daýanyp öz işini bitirmäge baş urýarlar, emeller gurnaýarlar we şulara meňzeş ýollary ulanýarlar. Olaryň hiç birisi-de döredijilige degişli däl. Öz bähbidini araýanlar sungatyň iň elhenç duşmanlarydyr. Olaryň garşysyna örän aýgytly göreş alyp barmaly.

Eger-de göreş netije bermese, onda olary sahna çykmaz ýaly sungatdan kowmaly. Mugallym ýene-de Welýaminowa ýüzlendi. – Şonuň üçin hem siz hemişelik belli-külli çözgüde geliň! Siz sungata gulluk etmäge we oňa gurbanlyk bermäge geldiňizmi ýa-da öz şahsy maksadyňyz üçin sungaty öz bähbidiňize ulanmaga geldiňizmi?

– Ýöne – diýip, Torsow hemmämize ýüzlenip sözüni dowam etdi – sungaty diňe nazary taýdan derejelere bölmek mümkindir. Durmuş we tejribe böleklere bölünmeýär. Biz durmuşda zehinli artistiň hünärmentlik ýolundaky artist hasaplanyp kemsidilýändigine, hünärmentlik ýolunda ýöreýäniň bolsa hakyky artist hökmünde belende göterilýändigine köp duşýarys. Edil şeýle ýagdaý ähli sahna oýunlarynda her gezek keşp ýerine ýetirilende-de bolup geçýär. Keşbiň başyňdan

geçiren ýaly ýerine ýetirmek ugrunyň gapdaly bilen hünärmentlik, keşbi mehaniki suratda ýerine ýetirmek, öýkünmek we sungaty öz bähbidiňe ulanmak ýollary şol gaýtalanyp dur. Şonuň üçin hem men artistleriň haýsy sungata gulluk edýändigini aýyl-saýyl edip, onuň çägine göz ýetirmeklerini zerurlyk hasaplaýaryn. Şonda olar hünärmentlik ýolunyň we hakyky sungatyň nireden başlanýandygyna düşünerler. Diýmek, biziň işimizde, esasan, iki akym bar. Olar «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» we «keşbi mehaniki iş hereketi bilen ýerine ýetirmek». Olar sahna hünärinde gowy we ýaramaz usullary aýyl-saýyl görkezýän aýna hökmündedir.

Ýene bir zady bellemek gerek, ýagny öýkünmek we endik şol gaýtalanyp dursa, olardan halys irip, birdenem höwesiň joşup hakyky sungatyň, hakyky döredijiligiň ýolunyň açylmagy-da mümkindir. Sungaty öz bähbidine ulanmak usullarynyň hem assyrynlyk bilen döredijilige aralaşýandygyndan habarly bolup, ondan daşrakda duran ýagşydyr. Hünäri bilmän, öwrenmän ulanmak barada aýdanymyzda bolsa ol hem peýdaly, hem howpludyr. Esasy zat bu ýollaryň haýsysyny saýlaýanyňa baglydyr.

– Bize howp salýan hemme zyýanly ugurlardan nädip gaça durmaly? – diýip, men anyklamak isledim.

– Men size aýtdym, onuň ýeke-täk ýoly bar, ol hem tutanýerlilik bilen biziň sungatymyzyň esasy maksadyny yzygiderli ýerine ýetirmeli. Ol ajaýyp sahna çözgütler arkaly pýesada we keşpde adamzat ruhunyň durmuşyny ussatlyk bilen çeper beýan etmekden ybarat. Şu talaplarda hem hakyky artistiň nusgasy ýatyr.

Torsowyň düşündirişlerinden soň, bize entek sahnada çykyş etmekden irdigi we görkezen sahna işimiziň bolsa okuwçylara peýda bermän, gaýta, zyýan berendigi maňa düşnükli boldy.

– Siziň görkezen sahna işiňiz size peýdaly boldy – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç meniň bu pikirim bilen ylalaşmady. – Siziň sahna işiňiz size sahnada hiç mahal etmeli däl zatlary we geljekde eliňizde baryny edip, olardan gaça durmalydygyny görkezdi.

Torsow bu söhbetdeşlikden soň, hoşlaşmagyň öň ýanynda ertirki sapagy düşündirdi. Biz ertirki sapakdan sesimizi, bedenimizi taplaýan aýdym sapagyny, sözleýiş agzalarymyzy sazlaýan maşklary, çeýeligi öwredýän tanslary, gylyçlaşmagy we beýleki hereket tizliklerini öwrenmäge başlaýarys. Bu sapaklar her gün bolar. Sebäbi, adam bedeniniň gujurynyň artmagy üçin maşklary yzygiderli we tutanýerli gaýtalamak gerek (14).

# III. IŞ HEREKETLERI «EGER – DE» WE «HÖDÜRLENEN ÝAGDAÝ»

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu gün biz uly bolmadyk, ýöne doly abzallaşdyrylan mekdep teatrynyň jaýynda ýygnanyşdyk.

Arkadiý Nikolaýewiç teatra girip, bizi ünsli synlady-da şeýle diýdi:

– Maloletkowa, sahna çykyň!

Men bu biçäre gyzy gaplap alan tolgundyryjy duýgyny ýazyp beýan edip biljek däl. Ol ýerinden sandyrap turdy-da, edil aýaklanmadyk güjüjekler ýaly sahna tarap tagaşyksyz ýöräp ugranda ýylmanak poluň üstünde typyp entirekläp gitdi. Her niçik-de bolsa kömege ýetişip, Maloletkowa goltgy berdiler. Ony öz okuwçysynyň bolşuna çaga ýaly hezil edip gülýän Torsowyň ýanyna eltdiler. Maloletkowa bolsa iki eli bilen ýüzüni örtüp, diline gelenini çalt-çaltdan sarnaşdyrdy:

– Wah, eýjejikler, guşjagazlar, başardanok! Gorkýan, gardaşlar, gorkýary-yn!..

– Köşeşiň, geliň, oýna başlalyň. Biziň oýnajak pýesamyzyň nämeden ybaratdygyny bolsa, ine, men aýdyp bereýin – diýip, Torsow gyzyň aljyraňňy halyna asla üns bermän, öz düşündirişini dowam etdi. – Siz perde açylanda sahnada otyrsyňyz. Ýeke özüňiz. Otyrsyňyz, otyrsyňyz, şo-ol otyrsyňyz... Ahyry perde ýapylýar. Bar bolany şol. Şundan ýeňil hiç zat tapyp bolmaz. Şeýle dälmi?

Maloletkowa sesini çykarmady.

Torsow şundan soň baryp talyp gyzyň golundan tutup, ony sahna çenli ugratdy.

Talyplar muňa gyzyl-gyran gülüşdiler.

Arkadiý Nikolaýewiç derrew yzyna dolandy-da, talyplara ýüzlendi:

– Gardaşlarym, siz sapakda otyrsyňyz. Maloletkowa bolsa öz artistçilik durmuşynyň örän wajyp pursadyny başyndan geçirýär. Nähili pursadyň we nämäniň üstünden gülýändigiňize akyl ýetirmegiňiz gerek.

Maloletkowa Torsow bilen bilelikde sahna çykdylar. Hemmeler sesini çykarman, sahna oýnunyň başlanmagyna garaşdylar.

Ahyry perde ýuwaşlyk bilen açyldy.

Maloletkowa sahnanyň esasy perdesinden öňe çykýan meýdançasynyň ortasynda tomaşaçylara seretmekden gorkusyna elleri bilen ýüzüni örtüp otyr.

Okuw otagyny we sahnany gaplap alan ümsümlik nämedir bir zatlaryň bolup geçmegine itergi berdi. Ümsümlik we dymyşlyk şeýle bolmaga mejbur etmelidi.

Maloletkowa dörän ýagdaýa düşünen bolmaga çemeli. Ol hüşgärlik bilen ýüzünden ilki bir elini, soňra beýleki elini aýyrdy. Gyz ýüzüni açsa-da açdy welin, başyny şeýle bir aşak saldy, bize onuň diňe saçlary ýygnalyp boglan depesi göründi.

Töwerek-daşy ýene-de ýüregedüşgünç ümsümlik gaplady. Ol ahyry hemmeleriň garaşýanyny duýup, tomaşa zalyna nazar aýlady. Emma ýagty yşyk gözüni gamaşdyran dek bizden derrew ýüzüni sowdy. Ol eşigini düzedişdirdi, başga ýerlere geçip oturdy, bigelşik hereketleri etdi, çar tarapa çaýkandy, kelte köýnegininiň etegini aşak çekdi, näme üçindir, sahnanyň poluna ünsli göz aýlady.

Ahyrsoňunda Arkadiý Nikolaýewiçiň oňa nebsi agyrdy öýdýän, perdäni ýapyň diýen yşaraty etdi.

Men uly isleg bilen Torsowdan meniň bilen hem şular ýaly sahna maşkyny etmegini haýyş etdim.

Meni sahnanyň ortarasynda oturtdylar.

Saňa ýalan, maňa çyn, meniň üçin bu ýagdaý gorkunç görünmedi. Bu sahna oýny däl ahyryn. Muňa garamazdan, talyplardan aýrylyp sahnada görkezme esbaby ýaly bolup durmak meniň adamçylyk duýgyma ýaramady. Men bolmasa, bu ýagdaýyň teatr sungatynyň talabydygyna düşündim.

Emma sahnada adamyň özüni alyp barmagynyň usullaryny tapmak üçin hökman ýekelik gerekdi. Meniň bir göwnüm-ä tomaşaçylara şatlanar ýaly hereketleri et diýýär, beýleki göwnüm bolsa tomaşaçylara üns berme diýýär. Maňa aýaklarym hem, gollarym hem, bedenim hem, kelläm hem boýun bolup hereket etseler-de, şol bir wagtyň özünde-de meniň islemeýändigime garaman, öz-özünden käbir hereketleri goşýarlar, gerekmejek pikirleri küýüme salýarlar. El-aýaklaryňy ýönekeýje hereket bilen ýerli-ýerinde goýanyňda-da biygtyýar gyşarylyşyp gidýärler. Gepiň gysgasy, bolup durşum edil surata düşjek ýaly howuňy basýar.

Geň zat! Men bary-ýogy ýekeje sapar sahnada çykyş etdim. Emma men sahnada adaty ýagdaýymdaky özümi alyp barmakdan, aktýor ýaly, adaty däl ýagdaýda özümi alyp barmagyň has ýeňil düşendigini duýdum. Maňa teatryň sahna durmuşy durmuş hakykatyndan ýakyn. Onsoň hem meniň ýüzüme akmak kişiniň, günäkär adamyň, ötünç soraýanyň ýüzi ýaly boldy diýdiler. Men nirä seretmelidigini we näme etmelidigini bilmedim. Torsow bolsa ýadaman meni kösemegini dowam etdi. Menden soň beýleki okuwçylar hem şol bir maşky ýerine ýetirdiler.

– Indi, yzyny dowam edeliň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç duýdurdy: –Biz sahnada dogry oturmagy öwrenmek üçin wagtal-wagtal bu maşklara ýene-de dolanarys.

– Adaty ýagdaýda ýönekeý oturmany öwrenmek üçinmi?.. – diýşip, talyplar geň galdylar. – Biz, yhna, sahnada ýeke oturdyk ahyryn...

– Ýok – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç azmly gürledi. –Siz adaty ýagdaýda oturmadyňyz.

– Onda nähili oturmalydyk?

Torsow jogaba derek hasyr-husur ýerinden turdy-da, dogumly ädimläp sahna çykdy. Ol sahnada agraslyk bilen kürsä özüni goýberdi. Soňra edil öz öýünde oturan ýaly oturdy. Mugallym hiç zat etmedi, asla etjegem bolmady, şonda-da onuň adaty

ýagdaýda oturyşy, biziň ünsümizi özüne çekdi durdy. Biziň onuň bilen nämeleriň bolup geçýändigini bilesimiz gelýärdi, ýagny ol ýylgyrdy, bizem ýylgyrdyk, ol oýa batdy welin, onuň nämäniň pikirini edýänini biz bilmek isledik, ol nämedir bir zatlara tiňkesini dikip seretdi weli, biziň hem onuň ünsüni özüne çeken zady bilesimiz geldi.

Torsowyň durmuşda adaty halda oturyşy bilen gyzyklanmaýaň. Emma bu ýagdaý sahnada bolup geçende welin ähli ünsüňi oňa jemleýärsiň. Hatda onuň bolşundan az-owlak lezzet hem alýarsyň.

Okuwçylar sahnada oturanlarynda welin, düýbünden bular ýaly hala düşülmedi, ýagny olara seredesimiz gelmedi, olaryň göwnünde nämeleriň bolup geçýäni bizi gyzyklandyrmady. Sahna çykan okuwçylaryň hemmesiniň gowşaklygy we özüni görkezjek boluşlary, Torsowyň bolsa hiç hili üns bermeýändigine gazamazdan, biziň ünsümizi özüne çekişi zalda oturanlary geň galdyrdy. Munuň syry nämede? Arkadiý Nikolaýewiç ol syryň üstüni açdy:

– Sahnada bolýan hereketler hökman näme-de bolsa bir sebäp üçin edilmeli. Ol ýerde oturaňda, tomaşaça görünjek bolup ýöne bir oturmaly däl-de, näme-de bolsa onuň bir delili bolmaly. Ýöne meniň bu aýdýanym aňsat iş däl. Şonuň üçin hem sahnada dogry oturmagy öwrenmeli bolýarys.

– Siz şu mahal näme sebäpden oturdyňyz? – diýip, Wýunsow biljek boldy.

– Sizden we teatrda edil şu wagt geçilen taýýarlyklardan soň dynç almak üçin oturdym. Hany, indi ýanyma ýygnanyň, geliň, täze sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyny oýnalyň – diýip, ol Maloletkowa ýüzlendi. – Men hem siz bilen bile oýnamakçy.

– Siz?! Gyz howsalaly halda çasly seslendi we sahna tarap eňdi.

Ony sahnanyň ortasyndaky kürsüde oturtdylar. Ol ýene-de uly alada galyp oturyşyny düzetmekçi boldy. Torsow gyzyň ýanynda durşuna ünsüni jemläp, öz kitapçasyndan haýsydyr bir ýazgyny gözledi. Maloletkowa ýuwaş-ýuwaşdan köşeşdi we ahyry gymyldysyny togtatdy-da, Torsowa ünsli nazaryny dikdi. Ol Arkadiý Nikolaýewiçe päsgel bermäge gorkdy. Kanagatlylyk bilen Torsowdan görkezmä garaşdy. Gyzyň oturyşy islegine laýyk adaty görnüşe gaplandy. Sahna onuň gowy aktrisalyk ukybynyň bardygyny aýdyň görkezdi. Men hezil edip synladym. Şeýdip, esli wagt geçdi. Onsoň perde ýapyldy.

Haçanda Maloletkowa tomaşa zalyna dolananda Torsow ondan:

– Siz özüňizi nähili duýduňyz? – diýip sorady.

– Menmi? – Okuwçy düşünmedi. – Biz näme oýnadykmy?

– Elbetde.

– Men ýöne oturdym, siziň kitapçaňyzdan gerek zadyňyzy tapyp, maňa näme etmelidigini aýdarsyňyz öýdüp garaşdym. Men hiç zat oýnamadym ahyry!

– Ine, hut şo-da gowy boldy. Siz sahnada näme-de bolsa bir zady ýalandan eden bolmadyňyz-da, çyndan maňa garaşdyňyz – diýip, Torsow okuwçynyň sözüniň üstüni ýetirdi. Torsow hemmämize ýüzlenip, şeýle sorag berdi:

– Siziň pikiriňizçe, haýsysy oňat? Welýaminowa ýaly sahnada aýajyklaryňy görkezmek üçin oturmakmy ýa Goworkow ýaly tutuş göwräňi görkezmekmi? Ýa-da sahnada oturyp, goý, edýän zadyň uly manysy bolmasa-da, ýöne nämedir bir zady çyndan etmekmi? Sahnada näme-de bolsa bir zady çyndan etmek, goý, ol gaty gyzykly bolmaýanda-da, hakyky durmuşy döredýär. Emma dürli usullar bilen özüňi görkezjek bolmak bizi sungatyň hak ýolundan sowýar. Sahnada hereket etmek gerek. Işjeňlik sebäpli işjeň hereket aktýorçylyk sungatynyň hem, drama sungatynyň hem esasy daýanjy.

«Drama» grek sözi bolup «edilýän hereket» diýen manyny berýär. Latyn dilinde oňa sazlaşýan «actio» diýen sözi ulanýarlar. Bu «act» diýen düýp sözden biziň «aktýor», «akt», «işjeňlik» diýen sözlerimiz döredi. Diýmek, sahnalaşdyrylan drama, biziň gözümiziň öňünde edilýän hereket, sahna çykýan aktýor bolsa şol hereketleri ýerine ýetirýän adam.

– Haýyş edýärin, bagyşlaň – diýip, Goworkow Torsowa ýüzlendi. – Siz sahnada hereket etmeli diýýärsiňiz. Ýöne sizden soramaga ygtyýar ediň, o nädip siziň kürsüde oturanyňyz hereket bolýar? Meniň pikirimçe, siziň bolşuňyzda büs-bütin hereket ýok.

– Arkadiý Nikolaýewiç hereket etdimi ýa-da etmedimi bilemok – diýip, men tolgunyp gürrüňe goşuldym. – Ýöne onuň hereket etmedigi, siziň hereket edeniňizden has-da gyzykly boldy.

– Sahnada gymyldaman oturmak, oturmagyň bolsa artisti süýrenjeňlige salýandygyny aýdanok – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düşündirdi. – Gymyldaman oturmagyňy dowam et we şol bir wagtyň özünde-de doly suratda sebäpli hereket et. Beýle hereket, daşky fiziki hereket bolman, içki psihiki hereket bolýar. Daşky hereketsizlik içki hereketiň dartgynlylygynyň netijesinde ýüze çykýar we ol döredijilikde örän wajyp hem-de gyzykly. Sungatyň gymmaty onuň täsiriniň mazmuny bilen ölçelýär. Men şonuň üçin az-owlak aýdan kesgitlemämi üýtgedip şeýle diýmekçi: sahnada daşky we içki iş hereketleri bilen işlemeli. Olaryň hökman sebäbi bolmaly.

Şular bilen biziň sungatymyzyň düýpli esaslarynyň birini düşündirmek işini soňlaýaryn, ýagny olarda biziň sahna sungatymyzyň we döredijiligimiziň işjeňligi we näme-de bolsa bir işi etmegi jemlenýär.

*.. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Geliň, täze pýesany oýnalyň – diýip, Torsow Maloletkowa ýüzlendi. – Ol, ynha, şulardan ybarat; siziň ejeňiz işden çykarylypdyr, diýmek, oňa aýlyk tölenmeýär. Satar ýaly zady-da ýok. Seni bolsa, tölegini töläp bilmeýäniň üçin, ertiriň özünde aktýorçylygy öwredýän mekdepden kowjaklar.Ýöne seniň joraň kömege gelýär. Onuň puly bolmansoň satyp boljak ýeke-täk zadyny, ýagny gymmat bahaly daşlaryny düwünçege salyp, daşyny hem iňňebagjyk bilen berkidip getirýär. Joraň bu danalygy seni tolgundyryp, oňat täsir edýär.

Emma bular ýaly uly çykdajyny nädip kabul etmeli? Siz bu sowaly çözüp bilmän, «ýok» diýip, baş ýaýkaýarsyňyz. Şol arada, joraňyz bolsa düwünçegi iňňebagjyk bilen penjiräniň tutusyna berkidip, çykyp gidiberýär. Siz yzyndan ylgap, ony iç işikde saklaýarsyňyz. Ol ýerde uzak wagtlap birek-biregi yrmak, kömekden ýüz öwürmek, gözýaş dökmek, minnetdar bolmak... ýaly zatlar bolup geçýär. Ahyry berlen kömek kabul edilýär, joraňyz gidýär, siz iňňebagjykly düwünçegiň ýanyna gelýärsiňiz. Ýöne, weý, hany ol? Be, biri otaga gelip ony alaýdymyka? Köp adam ýaşaýan jaýda şeýle bolup biler. Hysyrdyly hem-de ünjüli gözlegler başlanýar. Baryň, sahna çykyň. Men iňňebagjygy berkideýin. Siz perdäniň haýsy hem bolsa bir gatyndan ony gözläň.

Maloletkowa sahnanyň gapdallaryndan asylgy perdeleriň arasyna girip gitdi. Torsow bolsa iňňebagjygy perdä berkitmek hakda pikir hem etmän, bir minut geçensoň, okuwça düwünçegi gözlemegi tabşyrdy. Maloletkowa kimdir biri iteklän dek atylyp, ýan perdeleriň arasyndan sahna çykdy. Ol sahnanyň tomaşa zal tarapyndaky agzyna ylgap geldi-de, iki eli bilen kellesini tutup, elhenç bir zady gören ýaly gygyryp yzyna tarap eňdi...

Soňra sahnanyň beýleki tarapyna ylgap baryp ýan perdelerine ýapyşdy. Olary örän gaty silkişdirdi. Onsoň olaryň arasynda kellesini gizledi. Onuň bu hereketi iňňebagjygy gözleýändigini aňladýar. Ol iňňebagjygy tapmansoň, pajygaly ýagdaýy aňdyrjak bolup, sandyraýan ellerini döşüne gysyp, täzeden ýan perdelere tarap topuldy.

Biz tomaşa zalynda oturyşymyza zordan gülmekden saklandyk.

Maloletkowa dessine sahnadan atylyp düşdi-de, biziň ýanymyza ýeňiji hökmünde dolanyp geldi. Onuň gözleri ýalpyldap, ýaňaklary gyzaryp durdy.

– Siz özüňizi nähili duýduňyz? – diýip, Torsow sorady.

– Gadyrdanlar! Şeýlebir oňat! Nähili oňatdygyna-ha bilmedim welin, mundan artyk edip biljek däl, ýok, edip biljek däl. Men şeýlebir bagtly! – Maloletkowa birden oturyp, birdenem turup egnini gysyp, begenjinden gygyrdy:

– Men şeýlebir duýdum, şeýlebir duýdum!

Torsow ony goldady:

– Bu has gowy! – Iňňebagjyk hany, nirede?

– Wi-i-ý, ýogsa-da, men ony unutsam nätjek...

– Geň zat! Siz ony şeýlebir gözlemek gözlediňiz welin, ol birden ýadyňyzdan çykdy oturyberdimi?

Biz gözümizi açyp ýummankak Maloletkowa eýýäm täzeden sahnada peýda boldy-da, perdeleriň arasyny dörmäge başlady.

– Ýöne, bilip goýuň – diýip, Torsow oňa ýatlatdy – eger iňňebagjyk tapylsa, siz halas bolýarsyňyz, mekdebe okamaga geliberiň, eger-de tapylmasa, onda hemme zat gutardy. Siz mekdepden çykarylýarsyňyz.

Maloletkowanyň keşbi dessine çynlakaý sypata girdi. Ol gözleri bilen perdeleri iýäýjek ýaly bolup perdelere üns berip seretdi. Asylgy matanyň her bir gasynyny sypdyrman başdan-aýak barlady. Bu sapar gözleg işi öňkä garanda haýal boldy. Hemmeler Maloletkowanyň wagt ýitirmän, çyny bilen ünjä batyp, tolgunyp gözleýändigine ynandylar.

– Meniň eýjejiklerim, niredekä? Olar ýitdiler-dä!.. – diýip, ol gaýtalap-gaýtalap hümürdedi. –Ýok! – diýip, ol perdäniň hemme gasynlaryny barlap iňňebagjygy tapmansoň, bolan wakany aňlaman, çasly gygyrdy. Gyzyň ýüz-gözüni alada gurşap aldy. Ol gözüni bir nokada dikip, doňup galdy. Biz ony demimizi alman synladyk.

– Täsir edijilikli! – diýip, Torsow ýuwaşlyk bilen Iwan Platonowiçe aýtdy.

– Siz ikinji gözlegde özüňizi nähili duýduňyz? – diýip, Torsow Maloletkowadan sorady.

– Men özümi nähili duýanymymy? – Maloletkowa haýaljak bilen Torsowyň soragyny gaýtalady. –Bilemok, men diňe çyndan gözledim – diýip, ol az salym oýurganyp jogap berdi.

– Siz şu mahal, hakykatdan-da, gözlediňiz. Siz birinji gezekde näme etdiňiz?

– O-o! Birinji geze-ek! Men tolgundym, men aýylganç duýgulary başdan geçirdim. Men ony gaýtalap biljek däl! Ýok, edip biljek däl!.. – diýip, gyz gyzaryp hem-de örtenip, hyjuwly we buýsançly ýatlady.

– Size sahnada bolan iki ýagdaýyň haýsy biri ýakymly boldy? Çar ýana at salyp perdeleriň gasynlaryny ýyrtaýjak bolanyňyzmy ýa-da ýaňky, rahat ýagdaýda olara ünsli seredeniňizmi?

– Wiý, elbetde, birinji saparda, haçanda men iňňebagjygy gözlämde!

Torsow:

– Ýok. Siz birinji saparky gözlegiňizde iňňebagjygy gözledim diýip, bizi ynandyrjak bolmaň – diýdi. –Siz birinji gözlegiňizde iňňebagjyk hakda asla pikir hem etmediňiz. Siz ol sapar diňe gynanmagyň hatyrasyna gynanasyňyz geldi.

Emma ikinji sapar weli siz, hakykatdanam, iňňebagjygy gözlediňiz. Biziň hemmämiz siziň geň galmagyňyza we alňasamagyňyza esas bardygyny aýdyň gördük, oňa düşündik hem-de ynandyk. Şonuň üçin birinji gözlegiňiz hiç bir zada ýaranok: ol aktýorlygyň ýasama, galp ýoly, ýagny «edensiremek».

Ikinji gözleg bolsa, örän gowy boldy.

Maloletkowany bu netije haýran galdyrdy.

– Sahnada çar ýana manysyz ylgamagyň geregi ýok – diýip, Torsow düşündirişini dowam etdi. –Sahnada ylgamak üçin ylgamaly däl, gynanmak üçin gynanmaly däl, edýän hereketiňi «umuman» etmeli däl, hereket etmek üçin hereket etmeli däl, esaslanan, bellibir maksada laýyk, iş bitirijilikli hereket etmek gerek.

– Hemem çynlakaý – diýip, men hem özümden goşup goýberdim.

– Esasy bolan, bellibir maksada laýyk hereket hakyky hereketdir – diýip, Torsow belledi. – Ine, şeýle, – ol düşündirişini dowam etdi – sahnada hakyky hereketi etmek gerek, hany, hemmäňiz sahna baryň we hereket edişiňizi görkeziň.

Biz sahna çykdyk. Ýöne näme etjegimizi bilmän uzak oýlandyk.

Sahnadaky hereket diýseň täsir ediji bolmaly.

Men tomaşaçynyň ünsüni çekäýer ýaly gyzykly hereket tapyp bilmedim. Şonuň üçin Otellony gaýtaladym. Emma görkezen sahna işimizdäki ýaly hereketi eden bolýandygyma düşünip, ony derrew goýbolsun etdim.

Puşin ilki generalyň keşbini oýnady, soňra-da daýhanyň.

Şustow bolsa oturgyçda Gamletiň oturyşyny edip oturdy-da, gussa, ruhupeslik ýaly häsiýetleri görkezmäge çalyşdy.

Welýaminowa näzirgedi, Goworkow bolsa oňa dünýä teatrlarynyň düzgün-kadalaryna laýyk hereketler bilen öz söýgüsini beýan etdi.

Haçanda men sahnanyň töründäki burçuna nazar aýlamda ol ýerde gysmyljyraşyp duran Dymkowa bilen Umnowa dartgynlylykdan ýaňa, gözleri doňup galan çuwak ýüzüni, heýkel ýaly gymyldaman duran bedenini görüp, tas uly ilim bilen gygyrypdym. Görüp otursak, olar Ibseniň «Brand» sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynda «Bäbejigiň arlygy» diýen parçany ýerine ýetirýän ekenler **(15).**

Torsow:

– Indi görkezen sahnalaryňyzy seljereliň – diýip, bir netijä geldi.

Arkadiý Nikolaýewiç maňa ýüzlenip:

– Sizden başlaýarys – diýdi. Ol sözüniň yzyna goşup:

– Sizdenem we sizdenem – diýdi-de, Maloletkowa bilen Şustowy hem görkezdi. – Men sizi oňat görerim ýaly oturgyçda oturyňda, sahnada ýaňy nähili duýgyny ýerine ýetiren bolsaňyz, şony hem gaýtalaň, ýagny siz-ä – gabanjaňlygy, sizem – ejir çekmegi, siz bolsa tukatlygy. Biz diýleni etmek bilen bolduk. Emma başa barmady. Men sahnada eden hereketlerim bilen ýabanylygy görkezip, öz içki dünýämiň büs-bütin boşlugy sebäpli, hereketlerimiň näsazlygyna üns bermändirin. Meni oturgyçda oturdansoňlar, men daşky sypatlarymy oýnatmakdan galdym. Netijede, maňa tabşyrylan ýumşy bitirjek bolmagymyň dereksiz gutarjakdygy we ony ynandyryjy bitirip bilmejekdigim maňa mälim boldy.

Torsow maňa sorag bilen ýüzlendi:

– Hany, aýdyň, siziň pikiriňizçe, oturgyçda oturagada, gaýa-gopuz ýok ýerinden, gabanjaňlyk, ejir çekmek, tukatlyk duýgularyna girmegi isläp bolarmy? Özüňi şeýle döredijilik işine ugrukdyryp bolarmy? Siz bolsa ýaňy bu işleri etjek bolduňyz. Emma başa barmady. Duýgyňyz oýanmady. Şonuň üçin siz şol duýgulary oýadan bolup, ýüz-gözüňizi ýok duýgularda ýaşadan ýaly görkezjek bolduňyz. Duýgyny bedeniňize zor salyp oýatmaly däl. Gabanmak, ejir çekmek, söýmek, gamlanmak we beýleki duýgularyň hatyrasy üçin olary duýmaly däl. Duýga güýç ulanmaly däl.

Sebäbi duýga güýç ulanmak aktýoryň keşbi ýalandan ýerine ýetirmegine alyp barýar. Siz etmeli işiňiziň hereketlerini saýlaýarkaňyz duýgyňyz bilen işiňiz bolmasyn. Gabanmak, söýmek, ejir çekmek duýgularyny olaryň öň ýanynda bolan duýgularýň täsiri öz-özünden oýandyrar. Ynha, şol öň ýanyndaky bolan duýgy hakynda erjellik bilen oýlanyň-da, şony ulanyň.

Netijesi hakynda-da pikir etmäň. Nazwanowyň, Maloletkowanyň we Şustowyň ýalandan göçgünlilik duýgusyny oýadan bolmagy, Puşiniň we Wýunsowyň ýalandan keşbe öýkünmegi, Weselowskiniň we Goworkowyň hereketlerini mehaniki suratda ýerine ýetirmekleri şu günki günlerde biziň işimizde giňden ýaýran ýalňyşlyklardyr. Sahnada delilli edilmeli iş hereketlerini mehaniki suratda etmegi, keşbi ýalandan oýnamagy, kalbynda ýok duýgyny ýüz-gözüni oýnadyp ýerine ýetirmegi halys endigine öwrenler bu ýalňyşlyklaryň günäsini göterijilerdir.

Ýöne hakyky artist daşky duýgulary çakganlyk bilen döredip, öjükdirmeli däl, mehaniki suratda, aktýorçylykda däp bolup galan hereketleri gaýtalap keşbi ýerine ýetirmeli däl, etmeli işleri adama mahsus bolan adaty ýagdaýdaky hereketleriň üsti bilen etmeli. Keşbi we göçgünliligi oýnamaly däl-de, olaryň täsiri astynda delilli iş herekertlerini ýerine ýetirmeli.

– Birnäçe oturgyç bilen ýalaňaç sahna meýdançasynda, heý-de, etmeli işiň hereketlerini edip bolarmy? – diýşip, okuwçylar özlerini aklamaga çalyşdylar.

– Şony aýtsaňyzlaň! Eger-de biz binalar bezegi gurnalan, mebelli, peçli, çilim atylýan we beýleki bezeg enjamly sahnada işlän bolsak gowy bolardy diýsene!.. Şonda biz etmeli işler sebäpli iş hereketlerini örän gowy ederdik – diýip, Wýunsow ynamly gürledi.

– Ýagşy! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyndan çykyp gitdi.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý*

Bu günki sapak mekdebiň sahnaly jaýynda geçmeli diýlip bellenipdi. Emma onuň esasy girelgesi gulply bolup çykdy. Bize göni sahna çykýan gapyny açyp berdiler. Biz jaýa giren badymyza, tomaşa zalynyň öň hatarynda durandygymyza geň galdyk. Onuň yzynda gelşikli bezelen myhman jaýy bar. Ol iki gapyly. Işikleriň birisi uly bolmadyk naharhana we ýatylýan otaga, beýlekisi bolsa koridora barýar. Koridoryň ugrundaky otaglar tutuşlygyna diwarlar we begres matalar bilen bölünen teatryň ýörite otaglary ekeni. Mebeller we bezegler öňki sahna oýunlaryndan alnyp getirilipdir. Sahnanyň esasy perdesi ýapyk ekeni we onuň ýanyna mebeller örülipdir. Şonuň üçin yşyklandyrýan enjamlaryň we sahnanyň zala bakýan gapysynyň nirededigine düşünmek diýseň kyndy.

– Ine, size tutuş jaý, diňe sahnada etjek bolýan iş hereketleriňiz üçin däl, hatda size ýaşara-da ýer tapylar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç kinaýaly düşündirdi.

Biz täsir ediji sahnanyň bardygyny duýmanymyzdan soň, öýdäki ýaly özümizi alyp bardyk. Otaglary gözden geçirip ugradyk. Onsoň her kim göwün diýen topary bilen özüne laýyk otaga üýşüp, özara gep-gürrüňe gümra boldy. Torsow bu ýere gürrüň üçin däl-de, sapak geçmek üçin gelnendigini bize ýatlatdy.

Biz:

– Aýdyň, näme etmeli? – diýip soradyk.

– Geçen sapakda edeniňizi gaýtalaň – diýip, Arkaiý Nikolaýewiç düşündirdi.

– Delillendirip hakyky we maksada laýyk iş hereketini etmeli.

Emma biz ýerimizden gozganman oturmagymyzy dowam etdik.

– Men-ä bilmedim, çyndanam... Bu nähili beýle bolar-aý?.. Sen-men ýok maksadalaýyk esasly iş hereketini edip bolýar-aý?! – diýip, Şustow daşyndan hüňürdedi.

– Eger-de siz maksadalaýyk iş hereketini edip bilmeýän bolsaňyz, onda nähilidir bir maksat tutup hereket ediň. Be, siz şular ýaly durmuşy ýagdaýda-da öz iş hereketiňizi delillendirip biljek dälmi? Ynha, aýdaly, siz, Wýunsow, baryň-da hol gapyny ýapyň diýip sizden haýyş etsem, siz näme, meniň haýyşymy etmersiňizmi?

– Gapyny ýapaýynmy? Uly höwes bilen! – Wýunsow aýdylana aýnap jogap berdi.

Biz onuň dessine gapyny bat bilen ýapyp, öz ýerine gelenine göz aýlap hem ýetişmedik.

Torsow:

– Bu eden iş hereketiňize gapyny ýapmak diýilmeýär – diýip, aýgytlylyk bilen belledi. – Bu iş hereketiňiz minnet edip ýa-da gaýdyp azar bermesinler diýip, gapyny tarpyldadyp çekmek. Gapyny ýapmak diýen sözleriň manysy, ilkinji nobatda, içki islegiň döremegine esas berýän, ýagny gapydan gelýän şemal bizi kakmasyn ýa-da biziň edýän gürrüňlerimiz gapynyň daşyndan eşidilmesin diýen ýaly sebäpleri aňladýar.

– Sebäbe laýyk däl! Hakykatdanam, şeýle! Näme etseňizem, sebäp düşnüksiz!

Mugallym aýdanyny düşündirmek üçin gapynyň öz-özünden ýapylyşyny görkezdi.

– Meniň haýyşymy etmek üçin janypkeçlik bilen köp wagtyňyzy sarp etmeli bolarsyňyz.

Wýunsow gapa baryp, garabaşyna gaý bolup, ahyry ony ýapdy.

Torsow ony höweslendirip:

– Ine, bu iş hereketiňiz sebäpli iş hereketi – diýdi.

– Maňa-da nähidir bir ýumuş tabşyrsaňyzlaň! – diýip, men hem Torsowdan haýyş etdim.

– A siziň özüňiz näme, hiç zat tapyp bileňzokmy? Hana, odun, hana-da peç. Baryň, peji ýakyň!

Men diýleni etmek bilen boldum we peje odun saldym. Emma haçanda otluçöp gerek bolanda weli ol mende-de, pejiň ýanynda-da tapylmady. Men ýene-de Torsowa ýüzlenmeli boldum.

– Saňa otluçöp nämä gerek? – diýip, ol geň galdy.

– O nähili nämä gerek? Oduny ýakmak üçin gerek.

– Şeý diý-ä..., size örän minnetdar! Peç butofor enjamy, gaty kagyzdan ýasalan ahyryn. Siz näme, teatry ýakmak isleýärsiňizmi?!

– Ýok-la, hakykatda ýakjak däl-de, ýakan boljak – diýip, men gönimden gelip düşündirdim.

– Siz ýakan bolmak üçin otluçöpi hem bar ýaly edip ulanmagyňyz gerek. Ine, ol, me, al! – Ol aýasy boş elini uzatdy.

– Iş otluçöpi ýakanyňyzdamy näme! Size büs-bütin başga zady öwrenmek gerek, esasy mesele, ýagny size otluçöpli gapjagaz bolanda edilýän işler ýaly sebäpli işleri, kükürt ýok-da bolsa, edil eliňizde otluçöpli gapjagaz bar ýaly ynanyp, onuň bilen edilýän sebäpli iş hereketlerini etmegiňizde!

Haçanda siz Gamletiň keşbini ýerine ýetireniňizde ençeme müşgil pikir-hyýallaryň netijesinde, koroly öldürmeli pursady gelende, siziň bar aladaňyz, eliňizdäki çarhlanan gylyjyňyzyň hakykymy ýa-da dälmidigininiň pikirini etmekmidir? Ýogsa--da, gylyç bolmaýanda-da siz näme, sahna oýnuny soňlap bilmersiňizmi? Şoňa görä-de koroly gylyçsyzam öldürip bolar, pejem otluçöpsüz ýakyp bolar. Olaryň ýerine, goý, siziň hyýaly döredijilik çeşmäňiz ýanyp tutaşsyn!

Men peji gyzdyrmaga başlanymda Torsowyň beýleki okuwçylara-da şular ýaly işleri tabşyranyny eşidip galdym, ýagny Wýunsowa we Maloletkowa zalda her hili oýunlary etmegi, Umnowyň çyzgyjy bolany üçin, jaýyň inini-boýuny hasaplap, meýilnamasyny taslamagy, Welýaminowadan bolsa, bir haty bäş otagyň birinden gözläp tapmagy, Goworkowa Welýaminowanyň tapmaly hatyny Puşine örän gizlin gizlemegi haýyş edip bermegini we oňa bu işi Puşin ýerine ýetirýärkä başdan-aýak yzarlamagy tabşyrdy. Bir söz bilen aýdanyňda, Torsow hemmämizi herekete getirdi we birnäçe wagtlap hakyky delilli iş hereketlerini ýerine ýetirmäge bize mümkinçilik döretdi.

Özüm hakynda aýtsam, men peji gyzdyrýan kişi boldum. Meniň howaýy ýagdaýda ulanýan otluçöpümi birnäçe sapar oňly ýanman sönýän ýaly edip görkezdim. Men bu işi edýärkäm elimde, hakykatdan hem, otluçöp bar ýaly duýmaga we onuň öçüşini hem-de ýanşyny görýän ýaly iş hereketini etmäge çalyşdym. Emma beýle etmek maňa başartmaýardy. Men pejiň gyzýandygyny hem mälim etjek boldum. Emma iş hereketim başa barmady. Meniň tiz wagtdan peji gyzdyrmak ýüregime düşdi. Täze iş hereketini agtardym. Mebelleriň we beýleki zatlaryň ýerlerini çalşyryşdyryp goýdum. Bu iş hiç hili many-mazmuna gelişmese-de şeýtdim. Käte bolsa bu işi mehaniki suratda etdim.

Torsow eden iş hereketlerim ýaly hiç hili many bermeýän mehaniki suratdaky iş hereketleriniň manyny özünde saklaýandygy sebäpli, iş hereketlerinden sahnada adatdan daşary çalt bolup geçýändigine meniň ünsümi çekdi.

– Şonuň üçin geň galara zat ýok – diýip, ol düşündirdi. – Siz haçanda mehaniki suratda, sebäpsiz iş hereketini edeniňizde ünsüňizi saklara tutarygyňyz ýok. Dogrudanam, birnäçe oturgyjyň ýerini çalyşmaga näme uzak wagt gerekmi? Eger-de olary bellibir hasap bilen, aýdalyň, otagyň içini tertibe salmak üçin ýerleşdirjek bolsaňyz ýa-da olar bellibir maksat bilen, hamala aýdalyň, wajyp we wajyp däl myhmanlary nahar başynda oturtmak üçin ýerleşdirilende, kähalatlarda şol bir oturgyjy köp wagtlap eliňde aýlap, onuň ýerini tapmaly hem bolýar.

Meniň göz öňüme getirmek duýgym tükendi. Men hiç hili ugur tapman, suratly žurnala gözümi dikip, onuň suratlaryna seretdim.

Torsow hemmämiziň iş hereketlerini edip gutarandygymyzy görüp, bizi myhman otagyna ýygnady.

– Beýle-de bir utançsyzlyk bolarmy! – diýip, Torsow bize igendi. Öz hyýalyňyzy oýandyryp bilmejek bolsaňyz, siz nädip aktýor bolýarsyňyz? Men onlarça çagalary şu ýere getirip, olara şu siziň täze jaýyňyz diýeýin, şonda siz olaryň göz öňüne getirýän duýgusynyň oýanyşyny bir görüň, geň galarsyňyz! Olar şeýle bir oýun taparlar we şol oýnuň asyl-ha soňy bolmaz. Çagalar ýaly boluň!

– Çaga ýaly bolmak oýun işdir-ow! – diýip, Şustow uludan demini aldy. – Olaryň tebigaty oýnamagy talap edýär, biz bolsa tebigatymyzy oýnamaga mejbur etmeli bolýarys.

– Elbetde, isleg ýok ýerinde, asla gürrüň edip oturmagyňam hajaty ýok – diýip, Torsow jogap berdi. – Eger mesele şeýle goýulsa, onda siz artistmykaňyz diýen sorag ýüze çykýar.

– Haýyş edýäris, bagyşlaň! Perdäni açyň, tomaşaçylary zala goýberiň, ine, şonda biziň artist bolasymyz geler – diýip, Goworkow öz islegini aýtdy.

– Ýok. Siz eger-de artist bolýan bosaňyz, şeýle zat edilmäýende-de sebäpli iş hereketini edersiňiz. Göniňizden geliň: size oýnuňyzy ýerine ýetirmäge näme päsgel berýär? – diýip, Torsow bizden jogap talap etdi.

Men öz ýagdaýymy mälim etdim: peji gyzdyryp bolar, mebelleriňem ýerini çalşyryp bolar. Emma bu kiçijik iş hereketleri meni gyzyklandyrmaýar. Olar örän keltejik: peji gyzdyrdym, gapyny ýapdym, wessalam – iş tamam! Ýöne, ynha, birinji iş hereketinden ikinji iş hereketi, ondanam üçünjisi dörese, onda başga mesele.

– Diýmek, size gysgajyk, mehaniki suratda daşky görnüşini sähelçe sypatlandyrýan iş hereketleri gerek däl-de, giň hem uzak, çylşyrymly, çuň manyly iş hereketleri gerekmi? – diýip,Torsow netije çykardy.

– Ýok, bu aýdýanyňyz gaty uly hem kyn. Biz beýle iş hereketleri hakynda entek pikirem edemzok. Bize ýönekeýje, ýöne gyzyklyja, nähili-de bolsa bir sebäpli iş hereketini beriň – diýip, men düşündirmäge synandym.

Torsow:

– Bu aýdýanyňyz maňa däl, size bagly – diýdi. – Siziň özüňiz islendik iş hereketlerini gyzykly-da, içgysgynç-da, uzyn-da, kelte-de edip bilýärsiňiz. Näme, bu işi etmek onuň daşky maksadyna baglymy, iş hereketiniň içki duýgusynyň döremeginiň ýagdaýlaryna, oýanmagynyň sebäplerine, näme-de bolsa bir zadyň täsir etmegine bagly dälmi? Ýönekeý hereket bolan gapyny açyp-ýapmagy alyp göreliň. Ýeri, şundan beter manysyz nähili mehaniki iş bolup bilsin?

Aýdalyň, Maloletkowa täze göçüp geleni sebäpli jaýda toý tutýar.Ýöne jaýyň öňki ýaşaýjysy bize nätanyş kişi. Ol şu jaýda erbet däliräpdir diýip göz öňüne getireliň.

Ony bejermäge keselhana äkidipdirler... Ýöne ol keselhanadan gaçyp gaýdypdyr-da, jaýynyň gapysynyň agzyna gelipdir diýeliň, siz näme ederdiňiz?

Sorag şeýle ýagdaýda goýlan dessine, biziň iş hereketine bolan gatnaşygymyz ýa-da Torsowyň aýtmagyna görä, içki ünsümizi jemleýşimiz eglenmän üýtgedi. Biz oýnumyzy uzaltmak hakynda pikir etmän, däliniň daşky sypatynyň nähilidiginiň pikirini-de etmän, öňümizde goýlan meselä görä, etjek bolýan ol ýa-da beýleki iş hereketlerimiziň maksada laýykdygyna ýa-da däldigine içimizden baha berdik. Gözlerimiz gapa howpsuz ýagdaýda barmagyň aladasyny edip, oňa çenli aralygyň uzaklygyny ölçemek bilen boldy. Biz eger-de däli otaga kürsäp giräýende nirä gaçmagyň aladasynda töwerek-daşymyza göz aýlap, onuň gaçyp gizlenäýer ýaly ýerlerini tapjak bolduk. Öz-özüňi goramak duýgusy howpy derrew aňdy we bizi onuň bilen göreşmegiň usullaryna gönükdirdi.

Biziň şol mahalky ýagdaýymyzy, uly bolmadyk, şeýle bolup geçen ýagdaýa görä baha berip bolar: Wýunsow çyny bilenmi ýa-da oýun edipmi, aý, garaz, gapynyň ýanyndan okdurylyp gaçdy-da, hiç kimiň garaşmaýan hereketini etdi weli, bizem edil bir adam ýaly, birek-biregi itekläp, onuň hereketini gaýtaladyk. Zenanlar gykda-bak bolup, goňşy otaga gaçdylar. Men bolsa elime bürünçden ýasalan agyr küldany alagada, stoluň aşagynda gizlendim. Biz gapy ýapyk mahaly hem hereketimizi togtatmadyk. Bizde gapynyň açary bolmany üçin, gapy açylmaz ýaly oňa oturgyçlary we stollary diredik. Seri göçen hassany tutmak üçin ähli zerur işleri ýerine ýetirmegi haýyş edip, ýürek bejeriş hassahanasyna telefon etmek galdy. Men oýna gaty gyzykdym. Haçanda oýun tamamlanan badyna, şol gyzgynym bilen Torsowa gygyryp diýen ýaly ýüzlendim:

– Meni peji ýakmaga gyzyklanmaga mejbur etseňizläň! Bu iş meniň içimi gysdyrýar. Eger-de bize artistligiň usullaryny özleşdirmek maksady bilen edilýän şu sahna işini sebäpli herekete getirmek başartsa, men siziň düzgün-kadaňyzyň iň barypýatan muşdagy bolaryn.

Arkadiý Nikolaýewç sähelçe-de pikir etmän, dessine gürrüňe başlady:

– Şu gün Maloletkowa täze jaýa göçüp geleni üçin, öz mekdep ýoldaşlaryny we tanyşlaryny çagyryp toý edýär. Talyplaryň biri Moskwini, Kaçalowy we Leonidowy **(16)** gowy tanaýandygyny nazarda tutup, şolaryň birini agşamky toýa alyp

geljek diýip söz beripdir. Emma, ýaman ýeri, öýüň içi sowuk. Gyşda penjireleriň daşyna tutulýan çarçuwalar goýulmandyr, odun taýýarlanylmandyr, ondan beterem garaşylmadyk ýerden sowuk düşüpdir-de, içiňi ýakaýyn diýen dek şeýle bir otagyň içini doňduryp taşlapdyr weli, beýle tanymal myhmanlary kabul eder ýaly dälmiş... Näme etmeli? Goňşulardan odun alyp gelip, myhman otagyň pejini gyzdyranlaryn-da peç tüsseläp içerini gaplap alýar. Ýanýan odunyň üstüne suw sepip öçüräge-de, peç ussasynyň ýanyna eňýärler. Ussa peji bejerýänçä garaňky düşýär. Indi peji gyzdyryp boljak weli öl odun tutaşmaýaram, ýanmaýaram. Myhmanlar bolsa hä diýmän geljekler...

Siz indi, maňa aýdyň: eger-de meniň aýdanlarym, hakykatdan hem, durmuşy ýagdaý bolaýanda siz näme edip bilersiňiz? Olary çözläp, bu kyn ýagdaýdan çykmak üçin öz adamçylyk häsiýetimizi görkezmeli.

Garaşýanlaryň hemmesini, aýratynam, Leonidowyň, Kaçalowyň we Moskwiniň myhman geljekdigi diýseň tolgundyrdy. Hemmämiz myhmanlaryň öňünde utanmaly boljakdygymyzy örän ýiti duýduk. Biz şular ýaly gelşiksiz ýagdaý «eger--de» durmuşda hakykatdanam bolsa, onuň biziň ýüzümizi gyzdyrjakdygyna aýdyň göz ýetirdik. Her kim bu işe kömek etmäge çalyşdy, işiň meýilnamasy düzüldi we ol hemmeleriň dykgatyna hödürlenip ýerine ýetirildi.

Arkadiý Nikolaýewiç bizi şatlandyran netijäni mälim etdi:

– Bu sapar siz delilli iş hereketleriňizi çyndan ýerine ýetirdiňiz. Bir söz bilen aýdanyňda, men ol maksadalaýyk we netijeli diýip aýdyp biljek. Sizi näme şeýle ýagdaýa eltdi? Birje kelteje söz: «eger-de».

Okuwçylar haýran galdylar.

Bize hamala gudratly sözüň manysy açylan ýaly boldy. Şonuň kömegi bilen sungatda hemme zat düşnükli we bardy-geldi keşbimiz ýa-da sahna işimiz başa barmaýanda-da «eger-de» sözüni aýtdygymyz, hemme işimiz gülala-güllüge dönäýjege meňzedi.

– Şeýlelikde – diýip, Torsow aýdanlaryny jemlemek bilen boldy – şu günki sapak size şulary, ýagny sahna hereketiniň içki gurluşynyň hökmany suratda durmuş hakykatyna laýyk esaslandyrylan, yzygiderli, sazlaşykly bolmalydygyny öwretdi.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

«Eger-de» sözi hemmeleriň söýgüli sözüne öwrüldi, her bir mümkinçilik tapylan ýerinde şol sözi aýtdyk, ony öwüp arşa çykardyk we şu günki sapak tutuşlygyna diýen ýaly şol sözüň waspyny ýetirmäge bagyşlandy.

Arkadiý Nikolaýewiçiň okuw otagyna girip, ýerine geçmegine-de garaşman, talyplar onuň daşyny aldylar-da, göçgünlilik bilen özleriniň haýran galandyklaryny beýan etdiler.

– Siz haçanda «eger-de» düşünjesini ulananyňyzda, içki hem-de daşky hereketiň öz-özünden adaty, sazlaşykly, kada laýyk döreýändigine düşündiňiz we öz şowly tejribäňizde başyňyzdan geçirdiňiz.

Geliň, indi öz tejribämizdäki şu janlandyran sahnamyzda yzygiderli herekete getirýän alamatlary, delilleri gözden geçireliň. «Eger-de» sözünden başlalyň.

– Islendik döredijilik işiniň şu sözi ulanmak bilen başlanýandygy örän oňat – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düşündirmäge başlady. – «Eger-de» sözi düşünjeli artistler üçin tutalgadyr, özem bizi durmuş hakykatyndan başga bir dünýä, ýagny diňe bolup biljek döredijilik dünýäsine eltip biler.

«Eger-de» düşünjesi kähalatda ýuwaş-ýuwaşdan durmuş hakykaty bilen sazlaşykly ösýän döredijilige diňe itergi hem bolup bilýär.

Mysal üçin, Torsow goluny Şustowa tarap uzatdy we nämedir bir zada garaşdy. Olar düşünmeýän ýagdaýda bir-birine seretdiler.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Gördüňizmi? – diýdi. – Biziň aramyzda hereket ýüze çykmady. Şonuň üçinem men «eger-de» düşünjäni ulanyp, size «eger-de» boş elimi däl-de hat uzatsam, siz näme ederdiňiz?

– Men haty alardym-da, onuň kimiň salgysyna iberilendigini anyklardym. Eger maňa ýollanan bolsa, siziň razyçylygyňyzy alyp, haty açyp okardym. Ýöne ol hat pynhan syrly bolany sebäpli, men ony okaýarkam, öz tolgunjymy siziň öňüňizde açaýmagym ahmal... – diýip, Şustow öz pikirini beýan etdi.

– Şeýle ýagdaýdan gaça durmak üçin, ýanyňyzdan gitsem dogry bolar – diýip, Torsow talyby gönükdirdi.

– Şeýlelikde, men beýleki otaglaryň birine geçip, şol ýerde haty okardym – diýip, Şustow kesgitli bir pikir aýtdy.

– Gör, näçe yzygiderli we oýlanyşyky pikirleriň gelşini gördüňizmi? «Eger-de», «şeýle ýagdaýdan», «şeýlelikde» diýen düşünjelerden soň, durmuş hakykatyna laýyk dürli hereketleriň bir-biriniň yzyndan döremegine şol ýekeje «eger-de» sözi mümkinçiligi döredýär. Şeýdip, ol ýönekeýje ýagdaýda özüni ýüze çykarýar.

Emma kähalatlarda «eger-de» düşünjesi, hiç bir kömek alman we goşulmalary hem ulanman, täk özi, eglenmän öz işini ýerine ýetirýär.

Mysal üçin, Arkadiý Nikolaýewiç bir eli bilen Maloletkowa demir küldany, Welýaminowa bolsa beýleki eli bilen zamşadan tikilen elligi berdi-de, şeýle diýdi:

– Maloletkowa, size buz ýaly gurbaga, Welýaminowa, size bolsa – ýumşajyk syçan berýärin, alyň!

Torsow sözüni soňlap-soňlamanka olaryň ikisi-de dannaýjylyk bilen sandyraşyp, gaýra-gaýra çekildiler.

– Dymkowa, suw içiň! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç buýrujy äheňde aýtdy.

Ol gyz bulgura agzyny ýetirdi.

– Dur, saklan, bulgurda awy bar! – diýip, Torsow gyzy saklady.

Dymkowa biygtyýar doňup galdy.

– Gördüňizmi?! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç dabaraly seslendi. – Elbetde, bu zatlaryň hemmesi ýönekeýje zatlar däl. Şonuň üçin «eger-de» sözi hut hereketiň özüni eglenmän, biygtyýar oýarýan «gudratly söz», «däli» baradaky okuw sahna işiňiz şeýle bir ýiti we göze ilginç bolmasa-da, siz şonuň bilen uly üstünlik gazandyňyz. Ondaky kada laýyk däl ýagaýyň bolaýmagynyň mümkindigi, eglenmän, çyndan uly tolgunma duýgyňyzy oýardy. Ol bolsa öz gezeginde, hakykatdan-da, işjeňlik hereketleriniň döremegine esas boldy. Şeýle «eger-de» duýgusyny «gudrat» hasaplap bolar.

«Eger-de» sözüni seljermegi dowam etsek, onuň häsiýetlerine we alamatlaryna nazar aýlamagymyz gerek. Sebäbi «eger-de» düşünjesi bir gatly we köp gatly.

Mysal üçin, biziň ýaňky, küldan bilen ellik ulanyp eden etýudymyz «eger-de» duýgusynyň bir gatlysydyr. Küldana gurbaga, ellige bolsa syçan diýen dessime, eglenmän duýgy oýandy-da hereket başlandy. Ýöne çylşyrymly pýesalarda köpsanly bolup biljek «eger-deler» bir-biri bilen utgaşyp, pýesadaky gahrymanlaryň ol ýa-da beýleki ýagdaýda özlerini alyp baryşlaryny, olaryň edýän işlerini delillendirýärler. Şeýle bolanda bir gatly däl-de, köp gatly «eger-de» bilen iş salyşýarys, ýagny ol köp gatly «eger-deler» köpsanly bolup biläýjek we olara goşup bolaýjak pikirleri öz aralarynda ýeserlik bilen gurnaýarlar.

Ýazyjy sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyny ýazanda şeýle diýýär:

«Eger-de» waka şeýle döwürde bolup geçse, şeýleräk döwletde, şular ýaly ýerde ýa-da öýde, «eger-de» ol ýerde şeýle adamlar ýaşasa, şeýleräk göwünli, şeýle pikirli we duýguly, «eger-de» şeýle ýagdaýda olar öz aralarynda çaknyşsalar we şuňa meňzeşler.

Režissýor sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyny sahnalaşdyrmak bilen ýazyjynyň aýdýan pikiriniň üstüni özüniň «eger-desi» bilen ýetirip, şeýle diýýär:

– «Eger-de» hereket edýän gahrymanlaryň öz arasynda şeýleräk gatnaşyklary bolaýsa, «eger-de» olarda şeýle-şeýle edähetler, edim-gylymlar bolaýsa, «eger-de» olar şeýleräk ýagdaýda ýaşasalar... we şuňa meňzeşler. Şu aýdylan «eger-deleriň» ýerine artisti goýaýsaň, ol bu ýagdaýlardan neneňsi hereketleri edip, baş alyp çykmalydygyna düşünmeli.

Öz gezeginde suratkeş pýesanyň wakalarynyň bolup geçýän ýerlerini şekillendirmeli, elektrotehnik sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynyň pikirine görä wakalary yşyklandyrmaly, beýleki döredijilik adamlary hem sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynda bolup geçýän wakalaryň çeperçilik babatda täsirli bolmagy üçin öz goşantlaryny goşmaly.

Indi, hany, däli hakyndaky okuw sahna işiňizde «eger-de» sözündäki häsiýetleriň nähili syrlaryny we nähili kuwwatyny duýşuňyza baha beriň. Şu «eger-däniň» häsiýetleri we güýji siziň içki duýgyňyzdaky zatlary dessine dürli-dürli gurnadandyr, ýagny içki dünýäňizi herekete getirendir.

– Hawa, hakykatdan-da, ol içki duýgymyzy herekete getirip, isleglerimizi ýerli-ýerinde goýdurdy – diýip, men Torsowyň içki duýgymyzyň düşen ýagdaýyny jaýdar kesgitleýşini doly makulladym.

– Şol söz arkaly «Gök guş» sahna oýnundaky ýaly takyk, jadyly almaz pyrlanyp durka (17), bir zatlar bolup geçýär welin, şol bada gözleriň başgaça görüp başlaýar, gulaklaryň başgaça eşidýär, akylyň töweregiňe täzeçe baha berýär. Netijede, pikir edilip tapylan many, adaty ýol bilen hakyky herekete laýyk hereketi oýarýar. Ol hereket bolsa öňde goýan maksadyňy ýerine ýetirmek üçin gerek – diýip, Torsow sözüne dyngy berdi.

– Bäh, olaryň duýdurman amala aşyşyny diýsene! – diýip, men täsin galýandygymy gizlemedim. – Hakykatdan hem, kagyzdan ýasalan butafor pejiň maňa näme dahyly bar? Emma haçanda ol «eger-de» sözüne baglananda, haçanda men tanymal artistleriň geläýmeginiň mümkindigine ynananymdan we hötjet pejiň bolsa biziň hemmämizi biabraý etjekdigine düşünenden soňra, peç meniň şol mahalky sahna durmuşymda uly zerurlyga öwrüldi. Men çyndan butafor peji ýigrendim, biwagt gelen sowuga sögündim. Men içimde joş urýan hyýaly pikirlerimiň maňa aýdýanlaryny wagtymyň ýetmeýändigi üçin ýerine ýetirip bilmedim.

Şustow hem gepe goşuldy:

– «Däli» atly sahna işimizde-de şeýle boldy – diýdi. – Ol ýerde-de gapy maşklary şondan başlandy. Ol goranmagyň esasy serişdesi bolup hyzmat etdi. Esasy maksat bolsa ünsi özünde jemleýän öz-özüňi goramak wezipesi boldy. Bu adaty ýagdaý öz-özünden bolup geçdi...

– O näme üçin?! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç joşgun bilen Şustowyň sözüni böldi.

Sebäbi howply ýagdaý bizi elmydama tolgundyrýar. Beýle ýagdaý, edil hamyrmaýa deýin islendik mahaly çişip, peýda bolup biler. Peç bilen gapynyň gürrüňini etsek, olar bize zerur bolan zatlar bilen baglydygy üçin bizi tolgundyrýar.

«Eger-de» sözüniň ýene bir täsir ediji syry o-da bu düşünjäniň nämäniň boljakdygynyň hakyky delilini aýtman-diýmän duýdurmagyndadyr. Bu söz hiç bir zada bolmaly diýmeýär. Ol meseläniň çözülmelidigini aýdyp, çözgüdiň ýollaryny diňe çak edýär. Artist bolsa şulara jogap tapmaga çalyşýar.

Şonuň üçin hem çözgütleriň we pikirleriň üýtgemegi aldawçylygy, zorlugy ulanman, adaty ýagdaýda bolup geçýär. Hakykatda bolsa, men «Gapynyň aňyrsynda däli dur» diýip size aýtmadym. Men «gapynyň daşynda hiç kimiň ýokdugyny, ýöne bolmagynyň welin, mümkindigini çyndan çaklaýandygymy «eger-de» sözüniň kömegi bilen aç-açan boýnuma aldym. Men däli hakyndaky toslamamyz, hakykat ýüzünde bolaýanda özüňizi nähili alyp barjakdygyňyzy garaçynyňyz bilen, wyždanyňyza laýyk jogap bermegiňizi isleýärin. Men size ýok zady göz öňüne getirip aýtmadym we öz duýşum ýaly ediň diýip sizden talap etmedim. Siziň her biriňize öz duýşuňyza görä ýaşap, hereketleriňizi adaty ýagdaýda ýerine ýetirmegiňiz üçin, size doly azatlyk berdim. Siz hem öz ynamyňyz bilen meniň däli hakyndaky

toslamamy özüňizi horlaman we zorlaman, durmuş hakykaty ýaly däl-de, bolaýjak waka hökmünde kabul etdiňiz. Men däli hakyndaky toslamamyň hakyky wakadygyna size ynanmaga mejbur etmedim, siziň özüňiz öz islegiňiz bilen şeýle wakanyň durmuşda bolup biljekdigine ynandyňyz.

– «Eger-de» aç-açan we hakykata laýyk işi arassa alyp barýan bolsa, bu, elbetde, örän oňat. Sahna oýunlarynda ýygy-ýygydan duş gelýän men-menlik duýgusynyň tagamyny ýok eder! – diýip, men begendim.

– Eger-de men aýdýanlarymyň toslamadygyny aç-açan aýtman, gapynyň daş ýüzünde meniň toslan ýasama dälim dur – diýip, siziň öňüňizde ant içen bolsam, näme bolardy?

Men:

– Men-ä beýle göz-görtele ýalandygy görnüp duran toslama ynanmazdym we ýerimdenem gozganmazdym – diýip, boýnuma aldym we öwgimi dowam etdim. – Haýran galyp oturmaly «eger-däniň» zoraýakdan duýgyňy herekete getirýän dürli ýagdaýlary ýok edýäni örän oňat. Diňe şular ýaly ýagdaý bolanda, durmuş hakykatynda nämäniň bolmandygynyň, ýöne onuň bolup biläýjekdiginiň çyndan gürrüňini etmek mümkin.

– Ynha, «eger-däniň» ýene-de bir täze häsiýeti – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç ýatlady. – Ol artistiň içki hem daşky duýgularyny tijäp, olaryň çalt işlemegine alyp barýar, özem bu işi, zor salman, adaty ýagdaýda amala aşyrýar. «Eger-de» sözi biziň içki duýgymyzy oýandyryjy we işlemäge itergi berijidir. Hakykatdan hem, «men eger-de däli hakyndaky waka çyndan bolaýanda näme etmeli bolardym we ol işleri nähili ederdim» diýen bolsam, siziň dessine içki duýgyňyz hyjuw bilen işlemäge başlardy. Berlen ýönekeý soraga siziň artistlik zehiniňiz hereket etmek bilen jogap bererdi. Şonuň kömegi we bady bilen siz göz öňüne tutan işiňizi amala aşyrardyňyz. Şol bir wagtyň özünde-de siziň öz-özüňizi goramak islegiňiz hakyky durmuşdaky ýaly bolup geçerdi...

Biziň ugrumyzyň esasyny düzýän örän wajyp häsiýetleriň birini özünde jemleýän «eger-de» sözi sungatda biziň ugrumyzyň esasyna laýyk gelýär. Ol laýyklyk bolsa «eger-däniň» sungatda we döredijilikde hereketleriň hakykylygyny we işjeňligini döredýänligidir.

– Ýöne şonda-da «eger-de» elmydama hiç bir päsgelçiliksiz, erkanalykda öz täsirini ýetirip bilmeýär – diýip, men «eger-de» sözüniň güýjüniň ejiz ýerini tankytladym. – Meselem, ynha, meniň içki duýgymyň oýanmagyna derrew itergi döretdi diýeli. Emma ol iterginiň ynama girmegi üçin kän wagt gerek bolýar. Men «eger-de» sözüni ulanan dessime oňa ynandym we mende üýtgemek duýgusy oýandy. Emma bu ýagdaýym uzak dowam etmedi. Şondan soň, meniň aňymda «Näme etmekçi bolýaň?» diýen müňkürlik peýda boldy. Sebäbi islendik «eger-däniň» toslama, oýundygyny bilip durus ahyryn. Ýöne göwnümdäki beýleki sesim bu pikir bilen ylalaşmady. Ol «eger-de» sözi oýun, toslama ýagdaýy aýdýar, ýöne

ol bolup biläýjek, ýerine ýetirip bolaýjak durmuş hakykatynyň-da ýagdaýlaryny habar berýär. Şeýlelikde, seni hiç kim zoraýakdan hereket etdirmeýär. Ol senden «şol agşam Maloletkowalarda bolan ýagdaý özüň bilen bolan bolsa nähili ýagdaýa düşerdiň?» diýen soraga jogap bermegiňi soraýar.

Men «eger-de» sözünden gelip çykýan toslamanyň durmuş hakykatyna laýyk gelýändigini birkemsiz duýup, oňa gaty çynym bilen garadym. Şonuň üçin peç we çagyrylan tanymal myhmanlar hakynda-da öz pikirlerimi aýdyp biljekdim.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý*

– Diýmek, «gudratly» ýa-da sadaja «eger-de» sözünden döredijilik başlanýar. Bu söz keşbiň döredijilikli ýoluna ilkinji itergini berip, onuň ösmegine ýardam edýän pursatlary döredýär.

Şol pursatlaryň nähili ýagdaýlarda ýaýbaňlanýandygyny bolsa, goý, maňa derek Aleksandr Sergeýewiç Puşkin size aýdyp bersin!

M. P. Pogodiniň «Halk dramasy» we «Marfa Posadnisa» atly ýatlamalarynda Aleksandr Sergeýewiç şeýle diýýär:

– Biziň paýhasymyz drama ýazýandan «hödürlenýän ýagdaýlary» we ylham joşgunynyň çynlakaý bolmagyny, durmuş hakykatyna meňzedip ýazmagy we duýmagy talap edýär. Özümdenem goşaýyn, biziň akylymyz drama artistlerinden hem edil drama ýazýandan edilýän talaba garaşýar. Ýöne ýazar bilen artistiň edýän işlerinde hünäre görä aýratynlyklar bar, ýagny ýagdaý drama ýazýan üçin ýerine ýetirilmeli ýazgy, biz – artistler üçin bolsa, ýazgy taýýar edilip hödürlenen ýagdaý. Şeýlelikde, biziň ulanmaly düşünjämiz bolan «hödürlenen ýagdaý» diýen adalga tejribe işlerimiziň netijesinde döredi.

– «Hödürlenen ýagdaý...» Hoş bolgaý!.. – diýip, Wýunsow gorsandy.

– Bu uly manyly pähim hakynda oňatja oýlanyň, onsoň men size, biziň göwnümizden turan «eger-de» sözüniň, Aleksandr Sergeýewiçiň beýik öwüdini ýerine ýetirişini, obrazly sözleriň mysaly bilen düşündireýin.

– «Hödürlenýän ýagdaýlarda» ylham joşguny çynlakaý bolmaly, ony durmuş hakykatyna meňzedip duýmaly – diýip, men dürli äheňlerde öz ýazan pähimimi gaýta-gaýta okadym.

– Siz biderek ýerden akylly sözlemi hetjikleýärsiňiz – diýip, Torsow meni saklady. – Beýtmek onuň içki manysyny açmaýar. Haçanda sözlemiň doly manysyna aňyňyz ýetmedik mahaly onuň özüňize düşnükli bolan, bir-biri bilen sazlaşýan böleklerini saýlap alyň we şolary ilki özleşdiriň.

Şustow:

– Ilki bilen «hödürlenýän ýagdaýlar» diýip, nämäni göz öňüne getirýändigiňize düşünmegimiz gerek? – diýip sorady.

– Bu sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynyň wakalarynyň gurluşy, sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyndaky deliller, wakalar, döwürler, wagt birligi,

wakalaryň bolup geçýän ýerleri, ýaşaýyş şertleri, sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyna aktýorlyk we režissýorlyk taýdan düşünişimiz, goşýan goşandymyz, mizansahnalar, tomaşany sahnalaşdyryş işleri, eşik-lybas, butaforlyk, yşyklandyryş, ses, goh-galmagal, saz bezegleri we beýleki gerekli zatlar. Şularyň hemmesi aktýorlara öz döredijilik işlerinde üns berip ulanmaklary üçin hödürlenýär.«Hödürlenen ýagdaýlar» hem edil «eger-de» ýaly çaklama, hyýaly toslama bolup hyzmat edýär. Olaryň ikisi-de bile döreýär, ýagny «hödürlenen ýagdaýlar» diýmek «eger-de» diýmekdir, «eger-de» diýmek bolsa, «hödürlenen ýagdaýlar» diýmekdir. «Eger-de» – çaklama, «hödürlenen ýagdaýlar» bolsa oňa goşundy hökmünde hyzmat edýär. Elmydama döredijiligi başlaýan «eger-de», ony ösdürýän bolsa – «hödürlenen ýagdaýlar». Olar ýeke-täk halda hyzmat edip bilmeýärler we döredijiligi geregiçe oýatmaga güýçleri ýetmeýär. Emma olaryň ýerine ýetirýän işlerinde weli aýratynlyklar bar, ýagny «eger-de» öz çaklamasynyň esasynda, irkilip ýatan hyýaly duýgyny oýatmak üçin itergi berýär; «hödürlenýän ýagdaýlar» bolsa, «eger-däniň» çaklamasy esasynda-da, ýekebara-da duýgynyň içki dünýäsini ösdürýän kadalaryň döremegine kömek berýärler.

– Ylham joşgunynyň çynlakaýlygy diýmek nämäni aňladýar? – diýip, Wýunsow gyzyklandy.

– Ylham joşgunynyň çynlakaýlygy ylhamyň çyndan joşsa, ylham joşgunynyň çynlakaýlygy bolar-da, ýagny artistiň hut özüniň hakyky duýgusy onuň çynlakaý ylham joşgunydyr.

Wýunsow:

– Duýgynyň hakykata meňzeşligi näme bolup biler? – diýip, soragyny dowam etdi.

– Bu hut öz başyňdan geçiren ýalylygyň, ylham joşgunynyň we duýgynyň hut özleriniň hakykylygy däl-de, olaryň hakykata meňzeş çaklamalary we olara meňzeýän ýagdaýlary. Şonuň üçin hem oňa duýgynyň hakykata meňzeşligi diýilýär. Bu ylham joşgunyna alyp barýan duýgynyň içki dünýäsiniň astyndaky pikirler.

Puşkiniň pähimini dolulygyna alanymyzda oňa näme degişli, eger-de siz sözlemiň sözleriniň ýerini çalyşsaňyz, size pähime düşünmek ýeňil düşer, ine, şeýle aýdyň.

– «Hödürlenen ýagdaýlarda» duýgynyň hakykata meňzeşligi ylham joşguny. Başgaça, ýönekeý dilde aýdanymyzda, ilki «hödürlenen ýagdaýlary» dörediň, olara çynyňyz bilen ynanyň, şundan soň ylham joşguny öz-özünden peýda bolar.

Wýunsow jikme-jik düşünmäge çalşyp, sözlemi hetjikledi:

– «Hö...dür...le...nen ýag...daý...lar...da!»

Arkadiý Nikolaýewiç oňa kömek bermäge çalyşdy:

– Tejribede şular ýalyrak meýilnama size gabat geler, ýagny siz, ilkinji nobatda, sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyndaky, režissýoryň sahnalaşdyryşyn-

daky, özüňiziň artistlik arzuwyňyzdaky hemme «hödürlenen ýagdaýlary» özüňizçe, özüňiz üçin göz öňüne getirmeli bolarsyňyz. Şu materiallaryň hemmesi size öz döretjek keşbiňiziň durmuşyny we onuň daş-töweregini nähili ýagdaýlaryň gurşap alandygyny umumy terzde mälim eder... Durmuş hakykatynda şeýle durmuşyň dogrudanam bolup biljekdigine gaty çynyň bilen ynanmak gerek. Şol «hödürlenen ýagdaýdaky» ýat durmuş bilen ysnyşmak üçin, oňa öran oňat öwrenişmek gerek. Sizde şu ýagdaýlaryň hemmesi bolup geçse, siziň içki dünýäňizde ylham joşguny ýa-da duýgynyň hakykata meňzeşligi öz-özünden dörär.

– Biz haýsy-da bolsa has takygrak tejribe usulyny almak isleýäs-dä – diýip, men giňräk düşündiriş almaga çalyşdym.

– Söýgüli sözüňiz bolan «eger-däni» alyň-da ony öz bilýän «hödürlenen ýagdaýlaryňyzyň» öňünden goýuň. Şol bir wagtyň özünde-de siz özüňize eger-de otaga kürsäp giren hakykatdan-da däli bolsa, eger-de talyplar Maloletkowanyň öýüne myhmançylyga gelen bolsalar, eger-de otagyň gapysy döwük gulplanmaýan bolsa, eder-de gapa açylmaz ýaly edip diregler direlmeli bolsa we şuňa meňzeşler, şonda men özümi nähili alyp barardym we näme ederdim – diýip, özüňize aýdyň. Bu sorag eglenmän siziň hyjuwyňyzy oýadar. «Men ynha, şeýderdim» diýiň-de, oňa öz hereketiňiz bilen jogap beriň. Hereket edýän mahalyňyz hiç zat hakynda pikir etmän hereketiňiz nämäni etmäge ýol berýän bolsa şony hem ediň.

Siziň bu eden herketiňize doly düşünendigiňizi ýa-da düşünmändigiňizi içki duýgyňyz duýar. Şeýle ýagdaýa Puşkin «ylham joşguny» ýa-da iň bolmanda «duýgynyň hakykata meňzeşligi» diýip at berýär. Bu ýagdaýyň syry öz duýgyňy hiç bir babatdan zoraýakdan oýatman, oňa öz-özüni oýadar ýaly mümkinçilik döretmekdir. «Ylham joşguny» barada pikir etmeli däl. Sebäbi bu joşgunlar bize bagly däl, olar öz-özlerini oýarýarlar. Olar zorluga-da, buýruga-da boýun egmeýärler. Goý, artistiň hemme ünsi «hödürlenen ýagdaýlara» ugruksyn. Çynyňyz bilen şol ýagdaýlara görä ýaşasaňyz «ylham joşguny» içki dünýäňizde özünden özi peýda bolar.

Haçanda Arkadiý Nikolaýewiç awtoryň, aktýoryň, režissýoryň, suratkeşiň, elektrotehnigiň we sahna oýnunyň döremegine goşant goşýan beýleki döredijilik hünärmentleriniň, köpdürli «hödürlenen ýagdaýlarynyň» we «eger-deleriň» netijesinde, durmuş hakykatyna meňzeş ýagdaýynyň sahna oýnunda dörejekdigini düşündirende Goworkow artistlere arka durup:

– Baý-bow, siz meni bagyşlaň welin, hemme zady beýlekiler döredýän bolsa, onda aktýora näme galýar? Ugursyzja pişelermi? – diýip, ol mugallymyň aýdanyna garşy çykdy.

– O nähili ugursyzja pişelermişin? – diýip, mugallym onuň bilen ylalaşmady. – Ýat kişiniň toslap tapan pýesasyna ynanyp, ondaky keşbiň durmuşynda çynyň bilen ýaşap bilmek, siziň pikiriňizçe, ugursyzja pişelermi? Keseki adamyň ýazan temasynda işlemek, öz eseriňi işläniňden has kyn. Şuňa siziň akylyňyz ýetýärmi?

Zehinli artistiň täzeden işläni üçin ýat kişiniň ýaramaz sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynyň dünýä meşhur sahna oýny bolup çykanyndan biziň habarymyz bar.

Biz W. Şekspiriň ýat kişileriň nowellalaryny özüçe işläp sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasy edendigindenem habarly. Biz dramaturgyň eserini täzeden işleýäris, ýagny biz sözleriň gabygyny aýryp, içinde ýatan mańzyny açýarys, biz ýat kişiniň aýdýan sözlerine öz pikirimizi hem goşýarys, adamlary öz garaýşymyza we durmuş diýip ündeýän hakykatymyza baglaýarys, biz awtordan we režissýordan alan hemme materiallarymyzy öz üstümizden geçirýäris, biz olary ýene gaýtadan öz usullarymyza laýyk işläp, keşp derejesinde janlandyrýarys we göz öňünde tutýan zatlarymyzy hem keşbe girizýäris. Biz janlandyran keşbimiziň fiziki we psihiki ýagdaýlary bilen bile ýaşap, keşp bilen bir ten-bir jana öwrülýäris, biz öz dünýämizde «ylham joşgunyny» öz-özünden dörär ýaly ýagdaýlary döredýäris, biz netijede, sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynyň doly manysy bilen berk baglanyşykly, hakykatdan-da, bolup geçýän hereketleri döredýäris, biz ylhamymyzyň we duýgularymyzyň üsti bilen görkezýän kişimizi janlandyryp, oňa mahsus häsiýetleri döredýäris. Şu äpet uly işler siziň pikiriňizçe ugursyzja pişelermi?! Ýok, bu uly döredijilik we hakyky sungat! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç uzyn düşündirişini soňlady.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyna girip, okuw maksatnamasyny bize aýdyp berdi:

– Biz şu gün «eger-deden» we «hödürlenen ýagdaýlardan» soň, sahnada bolýan hereketleriň içki we daşky häsiýetleri hakynda söhbet ederis.

Siz sahna hereketleriniň içki we daşky häsiýetleriniň biziň sungatymyzda nähili ähmiýetiniň bardygyna düşünýärmisiňiz? Sahna hereketiniň esasynda işjeňligiň gözbaşy ýatyr. Şol işjeňlik sahnada hereketleriň üsti bilen görkezilýär, hereketler bolsa, keşbiň tutuş durkuny-artistiň öz başyndan geçiren ýaly duýgusyny we pýesanyň içki dünýäsini beýan edýär, biz sahnada görkezilýän adamlara hereketleriniň we edim-gylymlarynyň netijesinde baha berýäris we olaryň kimdigine düşünýäris.

Hereketiň bize berýän zady we tomaşaçynyň bizden garaşýan zady, ine, şulardan ybarat.

Biz hereketi aglaba ýagdaýlarda nähili ulanýarys? Ilkinji nobatda, köp sanly netijesiz, manysyz ümlemeler, mehaniki suratda döreýän yşaratlar, nerwimiziň islegi bilen ýüze çykýan edim-gylymlar peýda bolýar. Biz olary teatryň sahnasynda örän köp gaýtalaýarys, durmuş hakykatynda weli, beýle köp däl. Onsoň hem aktýoryň sahna hereketleri durmuş hakykatynyň ahwallaryndan başgaça hereketlerdir. Mysallarda görkezeýin: adam haçanda wajyp we gizlin, şahsy pikir-

leri, aladalary (Gamletiň; «bolsunmy ýa-da bolmasyn» diýip düşen ýagdaýy ýaly) özünde jemleýän mahaly, ol garabaşyny alyp ýeke çykýar-da, içki dünýäsindäki pikir-hyýallaryny, duýgularyny öwrenýär, çuňňur düşünmek üçin olary aňynda söze öwürýär.

Aktýorlar sahnada bolsa, beýle ýagdaýlary başgaça ýerine ýetirýärler. Olar durmuşyň pynhan syrlaryny aýdanda, sahna meýdançasynyň öňüne – awansahna gelip tomaşaçylara gaty ses bilen, täsirli usullary ulanyp, ýerine ýetirýän keşbini başyndan geçiren ýaly edip, onuň durmuşynda ýaşamaýandygyna garamazdan, uly dabara bilen aýdýarlar.

Goworkow:

– Soramaga rugsat ediň, «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmeýändigine garamazdan, uly dabara bilen aýdýarlar» diýmegiňiz näme diýmek?

Torsow:

– Meniň beýle diýdigim, olar hem edil siz ýaly iş hereketini edýärler diýdigim, ýagny aktýorlyk sungatynyň daşky, ýasama usullaryny ulanyp, öz ýerine ýetirýän keşbiňiziň içki dünýäsiniň boşluklaryny şol galplyklar bilen dolduryp, ýapmak isleýärsiňiz diýdigim.

Ýöne keşbiň içki dünýäsini duýmaýan ýagdaýyňda, onuň daşky häsiýetlerini täsirli usullar bilen tomaşaçylaryň çapaklarynyň astynda ýerine ýetirmek ap-aňsat. Emma hakyky artist keşpdäki iň gymmat pikirli, duýguly, mukaddes dünýäli ýerini, teatryň şowhunyna çalşar öýtmeýärin. Sebäbi olarda artistiň öz duýgusyny goşup biljek duýgular ýaşaýar. Şol duýgulary bolsa artist şowhunly ýagdaýda däl-de, dym-dyrslyk bolup, tomaşaçylaryň ünsi jemlenende görkezmek isleýär. Eger-de artist keşbiniň şolar ýaly ýerinde öz gymmatly minutlaryny zaýalamakdan çekinmän, teatryň şowhunly çapagyna çalyşsa, onda artistiň öz içki dünýäsindäki mukaddes duýgularyny ulanmandygy, aýdýan sözleriniň bolsa onuň üçin boşdugyny mälim etdigi bolýar. Boş sözlerde belent gatnaşyklar bolmaýar. Olar sesiň, ses agzalarynyň, sahna diliniň tehnikasynyň, artýorlygyň hyjuwyny görkezmek bilen çäklenýär.

Sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyny ýazmak bilen aýdylmakçy bolunýan pikir we duýgular barada aýdanymyzda bolsa, bular ýaly ýerine ýetirijilikde gynanmak, şatlanmak, çykgynsyz, elhenç we pajygaly ýagdaýlaryň hemmesi «umumanlyk» hal-ýagdaýyna salnyp görkezilýär. Şolar ýaly tomaşalar ýasamadyr, hünärmentçilikdir, ýata suw ýaly jansyzdyr.

Keşbiň sözlerine laýyk edilýän daşky hereketler hem edil içki hereketler ýalydyr. Haçanda aktýora adam hökmünde edýän işi gerekmejek bolanda, haçanda keşp we sungat bagyşlanmaly zada bagyşlanmadyk halatynda hereketleriň hemmesi üstünde işlenmedik, bimany, boş, puç bolýar. Şu sebäpden hem olaryň kömegi bilen hiç bir pikiri aýdyp bolmajak ýagdaý döreýär, «umumanlyk» ýagdaýda döretmekden başga ýol galmaýar.

Haçanda aktýor ejiri ejir çekmek üçin, söýmegi söýgi üçin, günäsiniň geçilmegini sorap, gabanmagy we baş egmegi günäsiniň geçiljekdigi üçin gabanyp we baş egýän bolsa, onda bularyň hemmesi, sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynda ýazylandygy sebäpli edilen bolýar. Sahnada şular ýaly keşbiň durmuşynda ýaşalmadyk, durmuş hakykatyndaky duýgulary keşbe gaplanmadyk ýagdaýynda, aktýora «umumanlyk» bilen ýerine ýetirijilikden başga alaç galmaýar.

«Umumanlyk» diýen söz ýaramaz söz! Bu sözde bulam-bujarlyk, harsallyk, tertipsizlik, esassyzlyk näçe diýseň bar. «Umuman» näme-de bolsa iýesiňiz gelýärmi? «Umuman» hat okasyňyz, sözleşesiňiz gelýärmi? «Umuman» şatlanasyňyz gelýärmi?.. Şular ýaly sözlemlerde içgysgynçlyk, manysyzlyk näçe diýseň höküm sürýär. Aktýoryň işine haçanda «umuman» diýen bahany berenlerinde, mysal üçin, «Pylany artistiň Gamletiň keşbini ýerine ýetirişi «umuman» ýaramaz däl!» diýenlerinde, şeýle baha ýerine ýetirijini kemsitmekdir. Meniň üçin söýgini, gabanjaňlygy, ýigrenji «umumanlyk» bilen ýerine ýetirip beriň! Beýle diýmek näme diýmek? Bu duýgularyň dürüşdesini we olaryň esasyny düzýän agzalaryny ýerine ýetirmekmi? Hut şular ýaly göçgünli dürüşdeleri, duýgulary, pikirleri, hereketleriň sazlaşygyny, şeýle keşbi hödürleýän aktýorlar «umumanlyk» ýoluna gulluk edýärler.

Bu meseläniň iň täsin ýeri, şol aktýorlar «umumanlyk» ýagdaýynda oýnaýan sahnalaryna uly duýgularyny we aladalaryny siňdirýärler. Siz olary, sahna oýunlaryňyzda göçgünlilikde, keşbiň durmuşynda ýaşamak-da, pikir-de ýok, şularyň ýerine ýetirilmeli işleriň dürüşdesi bar diýip ynandyryp bilmersiňiz! Şol aktýorlar öz oýunlaryny oýnap der döküýärler, tolgunýarlar, gyzygýarlar.

Ýöne olar özüni nämäniň gyzyklandyrýandygyna ýa-da tolgundyrýandygyna düşünmeýärler. Bu ýagdaýy men size öň hem aýdypdym. Bu ýagdaý aktýorlygyň göçgünliligi, şerraýlyk. Bu «umumanlyk» bilen tolgunma. «Umumanlyk» ýörelgesi bilen hakyky sungat oňuşmaýar. Olar bir-birini ýok edýär. Sungat sazlaşyklylygy we tertipliligi, «umumanlyk» bolsa bulam-bujarlygy, dürüşdeligi halaýar.

Men neneň edip sizi hakyky sungatyň çyn duşmany bolan «umumanlykdan» gorasamkam? Edenini edip ýören «umumanlyk» oýnunyň garşysyna oňa laýyk gelmeýän, ony ýok edýän zady goşmak ýoly bilen garşysyna göreşip bolar. «Umumanlyk» – ýeňilkelleligiň we ýüzleýligiň nyşany.

Şonuň üçin sahna işiňize maksatlaşdyrylan, hakyky gatnaşyklary näçe köp goşsaňyz, şonça-da «umumanlygy» ýok edip bilersiňiz. Şeýdilende ýeňilkellelik-de, ýüzleýlik-de sabar. «Umumanlyk» – manysyzlyk we bulam-bujarlyk.

Siz keşbe yzygiderliligi we sazlaşyklylygy goşsaşyz «umumanlykdaky» ýeňles bimanylyga we bulam-bujarlyga asla ýer galmaz.«Umumanlyk» ýolundan hemme zat başlanýar we onda hiç zat soňlanmaýar. Oýnuňyza gutarnyklylyk usullaryny salyň. Şu aýdylanlaryň hemmesini biziň ugrumyzyň düzgün-kadalaryny öwrenmek bilen, tutuş okuw kursunyň dowamynda özleşdirip, netijede «umumanlyk» ýoly bilen sahnada edilýän işleriň ýerine, adam durmuşynyň hereketlerini özünde jemleýän hakyky, täsirli we maksadalaýk sahna işiniň mydamalyk döremeginiň ýoluny taparys.

Men sungatda diňe şeýle ýoly dogry hasaplaýaryn, diňe şeýle ýoly goldaýaryn we diňe şeýle ýoluň düzgün-kadalaryny taýýarlaýaryn.Men näme üçin «umumanlyga» beýle gazaply daraýaryn? Ynha, aýdyp bereýin:

Dünýäde hakyky sungatyň talabyny ödäp, ýagny adam durmuşynyň içki we daşky duýgularyny özünde jemleýän keşbiň durmuşynda ýaşap, keşbi ýerine ýetirmek düzgün-kadasy bilen her günde görkezilýän sahna oýunlary köpmükä? Onlarça. Dünýäde her günde «umumanlyk» ýoly bilen ýerine ýetirilýän sahna oýunlary köpmükä? Müňlerçe. Dünýäde her günde ýüz müňlerçe aktýorlar, öz dünýäsi bilen keşplerde öte geçip, «umumanlyga» ýüz urup, nädogry, ýaramaz sahna düzgünini yzygiderli ulanýarlar diýsem, siz geň galmaň.

Bir ýandan teatryň hut öz içindäki ýagdaýlaryň aktýorlary şeýle bolgusyz ýola iterýändigi has-da aýylganç. Beýleki ýandan bolsa aktýor ýeňil usullara uýup, «umumanlygy» öz islegi bilen ulanýar.

Şeýdip, çar ýandan bilimsiz, nadan adamlar aktýorçylyk sungatyny yzygiderli ýoýup, ony ýitip gider ýaly derejä alyp barýarlar, ýagny «umumanlyk» ýoluny ulanyp, döredijiligiň aslyýetini nädogry, ýaramaz, ýasama ýagdaýlarda taýýarlap tomaşaçylara hödürleýärler.

Gördüňizmi, biz ýer ýüzüniň hemme teatrlary bilen göreşmeli!

Halk arasynda çykyşlar edip, aktýorlary taýýarlap, aýratyn hem, sahna durmuşyna ýalňyş ýollaryň saýlanyp alynmagyna garşy durmaly. Bize öňümizde duran kynçylyklary üstünlikli ýeňip geçmek üçin tomaşaçylaryň öňünde çykyş eden mahalymyz, sahna çykanymyzda, teatryň içinde, köpsanly sebäplere görä durmuş hakykatyny duýmagy düýbünden ýadymyzdan çykarýandygymyzy, ilkinji nobatda, öz öňümizde boýnumyza almagymyz gerek.

Biz sahna çykanymyzda durmuşda nähili ýöreýänimizem, nähili oturyp-turýanymyzam, naharlanyşymyzam, ýatyp-turşumyzam, gepleýşimizem, seredip-bakyşymyzam, gulak asyşymyzam... aý, garaz, bir söz bilen aýdanyňda, durmuşda içki we daşky dünýämiziň näzeýilli özlerini alyp barýandygyny unudýarys. Biz sahna meýdançasynda edil çaganyň ýörjen-ýörjen bolup ýöremegi, sözlemegi, eşitmegi we gözlemegi öwrenişi ýaly durmuşda nähili özümizi alyp barýandygymyzy gaýtadan öwrenmeli bolarys.

Men mekdepde geçiljek sapaklarda şeýle garaşylmadyk we zerur netijämizi size ýygy-ýygydan ýatlatmaly bolaryn. Şu mahal bolsa, «umumanlyga» gulluk edýän artistler, teatryň şertli aýratynlyklarynyň talap edişi ýaly däl-de, janly durmuşyň tebigy kadalaryna laýyk hereket edýän adamlar ýaly, sahnada nädip özümizi adaty, ýönekeý, erkin alyp barylýandygyna düşüneliň we onuň usullaryny öwrenmäge çalşalyň.

– Garaz, gepiň gysgasy, teatrdan teatry kowmagy öwrenmeli-dä – diýip, Goworkow aýdylanlara öz pikirini goşdy.

– Hut şeýle, nädip uly harp bilen ýazylan teatrdan kiçi harp bilen ýazylan teatry kowup bolar? Bular ýaly meseleleriň çözgüdini dessine tapyp bolmaýar. Gyssanman artistligiň tejribesini üstüňden geçirip, psihotehnikanyň usullaryny birkemsiz özleşdirip olary çözüp bolar. Wanýa, häzirlikçe men senden haýyş edýärin – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç gapdalynda oturan kömekçisi Rahmanowa öz islegini aýtdy. – Sahnada iş hereketlerini ýerine ýetirenlerinde talyplaryň elmydama sebäpli, hakyky, maksadalaýyk we netijeli iş hereketlerini etmelidigini berk gözegçilikde sakla. Sebäbi olaryň oýnap-oýnap hemme zady oýna öwrendiklerini ýa-da oýnan bolup öýkünmeklerini diňe sen görüp bilersiň. Şeýle ýagdaý dörände eglenmän sakla-da, düzedişleri ber.

Haçanda seniň synpyň bellibir derejede sazlaşansoň (men şeýle ýagdaýa gyssagly garaşýaryn), olary sahna çykaryp, näme-de bolsa bir hereketlere gönükdirilen ýörite maşklary taýýarla. Sahnada hakyky, netijeli, maksadalaýyk hereketleri etmegi ýuwaş-ýuwaşdan, yzygiderli ýerine ýetirmegi öwrenerleri ýaly şol maşklary her gün ýygy-ýygydan, uzyndan-uzyn gaýtalat!

Goý, tomaşaçylaryň gatnaşmagynda bolýan döredijilik çykyşlarynda ýa-da sapakda adama mahsus işjeňlikler sahnada olaryň göz öňüne gelip, olaryň iş hereketleri bilen garyşsyn. Sahnada olaryň günde ynsana kybapdaş işjeňligini yzygiderli görüp, duýup, olaryň aňynda sungatda gurjaklar ýaly däl-de, özlerini hakyky adam kimin alyp barmak endiklerini berkidersiň.

– O nähili maşklar? Olar haýsy maşklarka diýýärin?

– Edil sahna oýnundaky bolşuňyz ýaly okuwçylary ykjamla, sapaklaryň geçiş ýagdaýyny has-da talapkär we berk gurna! Oýun edýänleri şeýdip öňe çek. Şeýtmegi bolsa sen oňarýarsyň.

– Bolýar! – diýip, Rahmanow ylalaşdy.

– Okuwçylary sahna ýeke-ýekeden çagyr-da, olaryň her birine haýsy-da bolsa bir işi tabşyr.

– Nähili işi?

– Mysal üçin, iň bolmanda, goý, gazete göz aýlasyn-da, onda nämeleriň ýazylandygynyň gürrüňini bersin. Köpçülik bolup okalýan sapak üçin beýle iş uzaga çeker. Bize bolsa okuwçylaryň hemmesini gözden geçirmek gerek.Tutuş gazetiň mazmunyny bilmek hökman däl ahyryn. Esasy maksat, okuwça hakyky, netijeli we maksadalaýyk işi etdirmek.

Sen haçanda talyp töweregindäki adamlaryň bardygyna seretmän, özüne tabşyrylan işe bütin durky bilen berlendigini görensoň, ony sakla-da, sahnanyň töründe oturt. Onsoň beýleki okuwçyny çagyr. Sahnanyň törüne geçen okuwçy bolsa goý, şol ýerde, adamyň durmuşynda edýän işlerine laýyk maşklary edip, şol işlerdäki hereketleri öz endigine öwürsin. Şol hereketleri öz endigine öwürmegi hem-de hereketleriň onuň dünýäsinde kök urup, elmydamalyk galmagy üçin, okuwçynyň sahnada uzak wagtlap hakyky, netijeli we maksadalaýyk hereketleri yzygiderli gaý-

talap, ýaşamagyny gazanmaly. Sen, ine, sahnada okuwça şonça wagtlap şolar ýaly ýaşamagy öwrenmegine kömek et!

Arkadiý Nikolaýewiç sapagy soňlap, bize şeýle düşündirişleri berdi:

– Biziň işimizde «eger-de», « hödürlenen ýagdaýlar», içki we daşky hereketler örän wajyp sebäpleri özünde saklaýarlar. Diňe olar däl. Bize ýene örän köpsanly, ýagny ýörite, artistler üçin döredijilik zehinini we ylhamyny taplaýan ýagdaýlary öwrenmek gerek (olara göz öňüne getirmek, ünsüňi taplamak, durmuş hakykatyny duýmak, sahna gelişgenlik we ş.m. girýär). Geliň, amatly bolar ýaly, şu düşünjeleriň hemmesini «elementler» diýen gysgaça bir söz bilen aňladalyň.

Kimdir biri:

– Nämäniň elementleri? – diýip sorady.

– Men häzirlikçe bu soragyňyza jogap bermekçi däl. Ol sorag wagty gelende özünden-özi düşnükli bolar. Bu elementleri gönükdirmek, özem, ilkinji nobatda, olaryň arasyndaky «eger-däni», «hödürlenen ýagdaýlary», içki we daşky duýgulary ugrukdyrmak uzak wagtlap köpsanly synaglary we uly tejribäni talap edýär, olara bir-biri bilen kebşirlemegi başarmak, birini beýlekisine goşmak, biriniň deregine beýlekisini goýmak ýaly işler degişlidir. Şonuň üçin bu meselede sabyr-takatly bolup ähli aladamyzy her bir elementi aýratynlykda öwrenmäge hem-de tejribe işlerimizde özleşdirmäge gönükdireliň. Ine, şu okuw ýylynyň esasy, uly maksady şundan ybarat.

# IV. HYÝALY DUÝGY

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Torsowyň syrkawlandygy üçin bu gün sapak onuň öýünde boldy.

Arkadiý Nikolaýewiç öz iş otagynda bizi kabul etdi. Ol sapaga şeýle sözler bilen başlady:

– Siz indi, bilýärsiňiz, biziň sahna işimiz pýesa we keşbe gudratly tutaryk bolup duran «eger-de» düşünjesini ulanmakdan başlanýar. Bu duşünjäniň kömegi bilen biz gündelik durmuş hakykatyndan göz öňüne getirýän durmuş ahwallaryna geçýäris. Sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasy keşbi – ýazyjynyň toslamasy. Olardaky gudratly «eger-deler», «hödürlenen ýagdaýlar» ýazyjy tarapyndan tapylan bolýar. Sahnada hakykatdan-da bolan durmuş ahwaly görkezilmeýär. Meniň beýle diýdigim durmuş hakykatynyň özi sungat bolup bilmeýär diýdigimdir. Sungat öz tebigatynyň talabyna görä çeper toslamalary talap edýär. Şol talap bolsa, ilkinji nobatda, ýazyjy tarapyndan eseriň özeninde goýulýar.

Sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynda ýazyjy tarapyndan toslap tapylan pikiri döredijilik usullarynyň emellerini ulanyp, çeperçilikli sahna hakykatyna öwürmek artistiň esasy borjudyr.

Bu işde biziň göz öňüne getirmek ukybymyz uly rol oýnaýar. Şonuň üçin hem bu düşünjäni köpräk döwnäp, onuň döredijilikdäki ornuny, ähmiýetini, edýän işlerini we kömeklerini çintgäp özleşdireliň.

Torsow diwarda asylgy duran sahna meýdançasynda gurnalýan binalaryň dürli-dürli taslamalaryny, ýagny sahna meýdançasynda gurnalýan binalaryň çyzgylaryny, şekillerini, olaryň reňklerini, wagtyny we döwürlerini, wakalaryň geçýän ýerlerini we beýlekileri özünde jemleýän suratkeşiň işlerini görkezdi.

– Şu sekilleriň hemmesi ýaş mahaly dünýäden öten, meniň gowy görýän suratkeşimiň işleri. Ol entek ýazylmadyk pýesalaryň sahna meýdançasynda gurnalýan binalarynyň şekilleriniň taslamasyny etmegi başarýan örän geň adamdy.

Mysal üçin, ynha, şu görýäniňiz A. P. Çehowyň entek ýazmadyk sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynyň iň soňky parçasynyň eskizleri. Anton Pawlowiç Çehow dünýäden ötmeziniň öň ýanynda Demirgazyk buzly ummanyna gidýän gözleg topary barada sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyny ýazdy.Ýüzüp ýören äpet buzlaryň arasynda ullakan gämi buzlary böwsüp, öňe hereket edýär. Agaryp ýatan meýdanda tüsseläp duran gap-gara turba eýmenç bolup görünýär. Şatlama aýaz. Buz ýaly şemal gary tüweleýledýär.Tüweleý ýokary galdygysaýy kepene çolanan zenanyň keşbine öwrülýär. Bu ýerde bolsa zenanyň adamsynyň we oýnaşynyň

şekili. Olar bir-birine gysmyljyraşyp durlar. Olaryň ikisi-de ýürek duýgularynyň ýaralaryny ýadyndan çykarmak üçin öz ýaşaýan durmuşyny taşlap, ylmy-barlag toparyna goşulyp, buzly dünýä rowana bolýarlar.

Şu taslamalary döredýän adamyň Moskwa şäherinden we onuň töwereginden başga ýerde ýaşamadygyna kim ynanar?! Ol biziň gyş paslymyzy synlap, hekaýalardan, çeper kitaplardan we ylmy eserlerden, fotosuratlardan öwrenip, Ýer togalagynyň demirgazyk böleginiň tebigatynyň taslamasyny döredipdir. Bu işde göz öňüne getirmek duýgusy baş wezipäni ýerine ýetirýär.

Torsow bizi diwardan asylgy beýleki tebigy şekilleriň ýanyna eltdi. Bu şekilleriň hemmesi şol bir manyny gaýtalaýardy. Olarda şäheriň daşyndaky çatma jaýlarynyň meýdançasy çekilipdir.Ýöne suratçynyň hyýaly duýgusynyň göz öňüne getirişi ýaly bu meýdança her suratda üýtgeýär. Senuber agajynyň tokaýlygyndaky bir-birine meňzeş hatar tutup oturan owadan çatma jaýlaryň ýylyň dürli pasyllaryndaky we bir gije-gündizdäki jokrama yssydaky, apy-tupandaky şekilleri janlandyrylypdyr. Soňra ýene-de çapylan tokaý agaçlarynyň, gazylyp ýasalan köljagazlaryň, ekilen dürli agaç nahallarynyň arasynda ýene-de şol jaýlaryň şekilleri görünýär. Suratkeşi adamlaryň durmuşyny we tebigatyny özüçe üýtgetmek gyzyklandyran bolmaga çemeli Ol taslamasynda jaýlary, şäherleri gurýar, ýumurýar, daglary ýykýar, meýdanlary dürli maksatlar üçin meýilnamalaşdyrýar...

Kimdir biri:

– Serediň, nähili owadan! Deňziň kenarynda Moskwanyň Kreml köşgi! – diýip, buýsançly seslendi.

– Şularyň hemmesini suratkeşiň hyýaly göz öňüne getirmek duýgusy döretdi.

– Ine, bular bolsa, planetalaryň arasyndaky durmuş hakynda entek ýazylmadyk sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esaslarynyň sahna meýdançasynda gurnalmaly binalarynyň taslamasy – diýip, Torsow bizi reňk bilen çekilen şekilleriň ýanyna alyp bardy. –Ine, bu şekilde planetalaryň arasyndaky habar beriş nokadynyň bize näbelli enjamlary suratlandyrylýar. Görýäňizmi, äpet uly demir sandyk, eýwan, geň hem owadan nähilidir bir jandaryň şekili! Bu bolsa menziliň suraty. Menzil boş dünýäde asylyp dur. Onuň penjiresinden ýolagçylar bilen bile Ýer planetasynyň adamlary görünýär. Ýokarlygyna we aşaklygyna gidýän şu menziller tükeniksiz boşlukda görkezilen äpet uly magnitiň kömegi bilen öz arasynda deňagramlylygy saklaýarlar. Gözýetimde birnäçe Gün we Aý bar. Olaryň ýagtylygy Ýer planetasyndakylara düşnüksiz, haýran ediji täsinligi döredýär. Şular ýaly şekilleri döretmek üçin durmuşy göz öňüne getirmek duýgusyndan başga-da, örän ýiti hyýalybelent duýgy bolmaly.

– Olaryň arasynda nähili aýratynlyklar bar? – diýip, kimdir biri sorady.

– Durmuşy göz öňüne getirmek biziň bilýän zatlarymyzy, bolan zatlary, boljak zatlary döretmäge mümkinçilik berýär. «Hyýaly duýgy» bolsa biziň durmuş hakykatynda bilmeýän zatlarymyzy, hiç haçan we hiç ýerde bolmadyk we bolma-

jak zatlary özünde jemleýär. Belki, bolaýmagy-da mümkin! Kim bilýär?! Haçanda halk ertekilerinde uçýan halyny hyýaly duýgynyň kömegi bilen oýlap tapanlarynda adamlaryň asmanda uçar bilen ýol ýörejekdikleri kimiň kellesine gelipdi?! «Hyýaly duýgy» hemme zady bilýär we onuň bilen hemme zada amal edýär. «Hyýaly duýgy» hem edil durmuşy göz öňüne getirmek duýgusy ýaly suratkeşe gerekdir.

– Artist adama-da gerekmi? – diýip Şustow sorady.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Elbetde. Indi maňa aýdyň. Siziň pikiriňizçe, hyýaly duýgy artiste näme üçin gerek? – diýen soragy orta atdy.

Şustow:

– Dogrudanam, näme üçin? Gudratly «eger-däni», «hödürlenen ýagdaýy» emele getirmek üçin gerek – diýip jogap berdi.

– Ýazyjy olary bizden öň tapdy. Onuň ýazan eseriniň esasy hyýaly ahwalatlaryň beýany.

Şustow sesini çykarmady.

– Drama ýazyjysynyň sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynyň hemme ýagdaýlaryny artiste bilmek gerekmi? – diýip, Torsow bize ýüzlendi. – Sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynda hereket edýän hemme gahrymanlaryň häsiýetlerini ýüz sahypanyň dowamynda açyp bolarmy? Ýa-da köp zatlar açylman galarmy?

Mysal üçin, dramaturg, köplenç, sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynyň wakalarynyň başynda bolýan wakalarynyň hemmesini görkezmeýär. Sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyny nähili tamamlamalydygyny, tutularyň arasynda nämeleriň bolmalydygyny, eserde iş hereketlerini edýän gahrymanlaryň sahna nireden gelmelidigini, sahnanyň niresinden çykmalydygyny ýazmaýar. Drama ýazyjysy bular ýaly zatlary aýtmagy halamaýar. Onuň ýazgysynda: «Petrowa ýüzlenip» ýa-da «Petrow çykýar» diýen ýazgylar bolýar. Ýöne biz manysyz ýagdaýda sahna gelip-de, sahnadan gidip-de bilmeýäris. Biz şol iş hereketlerimizi hökmany suratda bellibir mana salmaly. Bu işde «umumanlyga» ýol bermeli däl. Biz dramaturgyň «gelýär, gidýär, tolgunýar, gülýär, ölýär» diýip ýazýan iş hereketlerini-de bilýäris. Ol sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynyň gahrymanynyň häsiýetine laýyk käbir pikirleri hem ýazyp bize äşgär düşündirýär.

Mysal üçin, «daşyndan owadan görünýän, gelşikli geýnen ýaş ýigit, ýygy-ýygydan çilim çekýär». Keşbiň endiklerini, oturyp-turşuny, özüni alyp barşyny, hemme daşky görnüşini görkezmek üçin ýazyjynyň aýdanjasy bilen iş bitermi? Keşbiň sözleri näme? Keşbiň sözlerini diňe ýat tutup aýtmak hökmanmy? Drama ýazyjysynyň eserindäki her bir gahrymanyň iş hereketlerine eden belliklerini nätmeli? Režissýoryň talabyny, mizansahnalary we tutuş sahnalaşdyrylan zatlary nätmeli? Şu zatlary diňe ýat tutup, olary sahna meýdançasynda ýasama ýerine ýetirseň bolanymy? Eýsem-de bolsa, şu aýdylanlary edeniň bilen gahrymanyň häsiýetindäki duýgulary, pikirleri, etsem-petsemleri, isleg-arzuwlary dolulygyna açylýarmyka?

Ýok, bu aýdanlarymyz diňe keşbiň häsiýetini döretmäge kömek berýän goşmaça güýçler bolmaly. Olary aktýor öz zehini bilen çuňlaşdyrmaly. Şeýdilende ýazyjynyň eserinde görkezilen keşbiň hemme many-matlabyny beýan edip, döredýän adamyň-da, tomaşa zalynda oturan tomaşaçynyň-da göwnüniň dürli gatlaklarynda ýatan duýgularyna täsir edip bolýar. Diňe şonda artist öz keşbiniň içki we daşky häsiýetlerini dolulygyna beýan edip biler we ýazarmanyň, režissýoryň talaplaryny hem-de öz duýgularynyň islegini durmuşa geçirer.

Biziň «eger-de», «hödürlenen ýagdaý», «hyýaly duýgy» hut şu işler üçin iň ýakyn kömekçilerimizdir. Olar ýazarmanyň, režissýoryň aýtmadyk zatlaryny aýtmak bilen çäklenmän, eýsem, sahna oýnunyň hemme döredijilik toparlarynyň ählisi tomaşaça ýetirilip bilner.

Siz indi artiste ýiti «hyýaly duýgynyň» zerurdygyna düşündiňizmi? Oňa «hyýaly duýgy» çeper keşbi döredýän her bir pursadynda, ýagny keşbe taýýarlyk döwründe-de, sahnada keşbi ýerine ýetirýärkä-de diýseň zerurdyr. «Hyýaly duýgy» döredijilik pursadynda iň öňde barýan duýgudyr. Ol özi bilen artisti öňe alyp gidýär.

Tragediýa žanrynyň tanymal artisti U-nyň Moskwa sapary wagtynda garaşylmadyk ýagdaýda mekdebimize myhmançylyga gelmegi bilen sapagymyzyň arasy kesildi. Tanymal artist öz üstünlikleriniň gürrüňini berdi.

Arkadiý Nikolaýewiç onuň aýdýanlaryny rus dilinde bize düşündirdi.

Torsow myhmany ugradyp gelensoň, ýylgyryp şeýle diýdi:

– Elbetde, myhman söhbedini birneme ulaltdy. Ýöne näme, ol öz işine imrinen adam. Özem edýän işiniň oňatdygyna çyndan ynanýar. Biz artistler öwrendikli bolupdyrys, ýagny sahnada hyýaly duýgymyzyň kömegi bilen keşbimize goşmaça delilleri salyp doldurýarys. Biziň bu sahna endigimiz öz durmuşymyza-da geçip gidýär. Durmuş hakykatynda hyýaly deliller artykmaçlyk edýär. Teatrda weli, olar örän zerurdyr.

Uçursyz zehinli adama «Aldaýar-ow» diýip bolmaz.

Olar ýaly adamlar durmuş hakykatyna biziň seredişimize meňzeş seretmýärler. Olaryň dünýäden ötüşleri hem, durmuş hakykatyny görüşleri hem üýtgeşik. Olaryň gözüne hyýaly durmuş özüniň al-ýaşyl, sary, gara äýneklerini geýdirýändigi üçin olary ýazgaryp bolýarmy näme?! Onsoňam, näme bu adamlar sungaty we hyýaly duýgy bilen çeperleşdirilen eseri, äýneklerini aýryp, akylyny durlap, her günde bolup duran zatlar ýaly kabul etseler, sungat üçin gowy bolarmydy?!

Dogrymy aýtsam, men hem käýarym ýalan sözleýärin. Meniň beýle bolmagym hala artist bolaýyn, hala-da režissýorlyk edeýin, tabşyrylan ýa alan keşbimiň ýa-da pýesamyň meni ýetik gyzyklandyrmaýandygyndan. Men şeýle ýagdaýa düşenimde güýçden gaçýan. Meniň döredijilik zehinim ýitmek bilen bolýar. Şular ýaly ýagdaýlardan çykmak üçin delil gerek. Men delil hökmünde işime imrinýändigimi, täze sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynyň bolsa örän gyzyklydygyny hemmelere aýdyp, olary ynandyrmagyň aladasynda bolýaryn. Aýdýanlarymy ynandyr-

mak üçin sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynda ýok zatlary oýlap tapýaryn. Şeýle zerurlyk «hyýaly duýgynyň» oýanmagyna itergi berýär. Ýeke bolsaň beýle etmeýärsiň. Ýöne köpçülige söz bereniňden soň, şol aýdanyňa degişli delilleri isleseň-islemeseň tapmaly bolýarsyň. Soňundan bolsa, şol oýlanyp tapan delilleriňi material hökmünde, sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasyna geçirip keşbiňde ýa-da sahnalaşdyrylan tomaşaňda ulanýarsyň.

Şustow çekinibrägede:

– Eger-de, artist üçin «hyýaly duýgy» zerur bolsa, «hyýaly duýgusy» ýok artist näme etmeli? – diýip sorady.

– Ony ösdürmek ýa-da sahna sungatyndan gitmek gerek. Bolmasa siz, öz «hyýaly duýgusyny» üstüňize ýüklejek režissýorlaryň eline düşersiňiz. Netijede, siz öz döredijiligiňizden el göterip, sahnada «bar-otur, kersen getir» ýaly keşpleri ýerine ýetirýän artistleriň birine öwrülersiňiz. Şonuň üçin öz «hyýaly duýgyňyzy» ösdüreniňiz gowy dälmi näme?!

– Bu örän kyn düşýän bolaýmasa? – diýip, men uludan demimi aldym.

– Nähili hyýaly duýgularyny ösdürjek bolýanyňa bagly-da! Başyny başlaýjy bolup, özbaşdak işleýän hyýaly duýgular bar. Olar oýakaň-da, ýatyrkaň-da, ýadaman, uly itergi bermeseň-de, tutanýerlilik bilen ösýär. Ýene-de eşiden, gören zatlaryny ýeňillik bilen kabul edýän, soňra olary baýlaşdyrýan, ýöne başlaýjylyk ukybyndan mahrum bolan «hyýaly duýgular» bar. Bular ýaly duýgular bilen iş salyşmak kyn däl. Eger-de «hyýaly duýgular» kabul edip, soňra kabul eden zatlaryny ulanyp bilmese, olar ýaly duýgular bilen iş salyşmak örän çetin. Emma şeýle adamlar bar, özleri döredip-de, hiç zady kabul edip-de bilmeýärler. Eger-de artist görkezilen zatlaryň daş sypatyny ýüzleý kabul edýän bolsa, bu onda «hyýaly duýgularyň» ýokdugyny görkezýär, «hyýaly duýgularyň» ýok ýerinde bolsa artistiň özüniň bolmagy-da mümkin däldir.

* * *

Başyny başlaýjy bolup ýa-da başyny başlaýjylar bolman? Kabul edip ösdürýän ýa-da kabul etmeýän?.. Ine, şu sowallar meni azara goýýar. Men agşam nahardan soň, töweregimizi ümsümlik gurşap alanda, öz otagyma geçip içinden gulpladym-da, diwanyň üstünde ynjalykly oturyp, daş-töweregime ýassyklary goýuşdyryp, gözlerimi ýumup, ýadawlygyma garaman, arzuw edip başladym. Emma ilkinji nobatda, meniň ýumlan gözümiň öňünde peýda bolan garaňkylykda gabagymyň hamyndan süzülip geçýän dürli reňkli tegelek şekilleriň ýylpyldylary ünsümi özüne çekdi. Men bu ýagtylygy elektrik çyrasy edýändir diýip çyrany öçürdim.

«Näme hakynda arzuw etmeli?» diýip, men hyýalymda pikirleri oýandyrmaga çalyşdym. Ýöne «hyýaly duýgularym» heniz ýatman eken. Olar meniň hyýalymda

çalaja öwüsýän şemala emaý bilen baş yraýan gür senuber tokaýlygyny janlandyrdylar. Bu ýakymly boldy. Asyl, päkize howadan dem alan ýaly bolaýdym.

Niredendir ümsümlige sagadyň jykgyldaýan sesi gelip goşulýar.

.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .... .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..

.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .... .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..

Men irkilipdirin.

«Ýogsam näme, hawa-da!» diýip, men tisginip oýanamsoň, netijä geldim.

«Başyny başlaýjy bolmasa, arzuw edip hem bolmaýar. Uçarda uçaýyn! Tokaýyň depesinden geçeýin... Ine, men meýdanlaryň, derýalaryň, şäherleriň, obalaryň depesinden uçup barýaryn... Agaçlar haýallyk bilen yranýarlar... Päkize howanyň we senuberleriň ýakymly ysy... Sagadyň jykgyldysy...

.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .... .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..

Bu hor çekýän kim-äý?.. Weý, bu asyl, meniň özümmi?! Uklaýypdyryn-a?.. Kän ýatdymmykam?..»

Naharhanany süpürýänler mebelleri süýşürýärdiler. Penjiräniň tutusyndan ertiriň ýagtysy görünýärdi.

Sagat sekiziň jaňyny kakdy. Başyny başlaý... jy...y.!..

.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. *19 ý.*

Men öýümizdäki arzuw edişimden göwnüm bitmänsoň, şu günki kiçi ýaşly bala-çagalara niýetlenen myhmanhanada geçen sapagymyzda olar hakynda eglenmän Arkadiý Nikolaýewiçe gürrüň berdim.

.. Siziň tejribäňiziň başa barmanynyň sebäbi, siz köpsanly ýalňyşlyklara ýol beripsiňiz – diýip, ol meniň aýdanlaryma jogap gaýtardy. – Ilkinji nobatda, siz «hyýaly duýgularyňyzy» zoraýakdan oýatjak bolupsyňyz. Olary beýtmän, gyzyklandyrmak, tijendirmek gerek. Ikinji ýalňyşyňyz: siz şeýle bir ýagdaý döräp, meniň arzuwlarymy pylan ýere eltmeli diýip, bellibir maksat tutman, hyýaly duýgularyňyzy aýaga galdyrmakçy bolupsyňyz.

Ähli hereketiňizi hem etmeli bolany üçin edeýin-le diýipsiňiz, ýagny hereketi-hereket etmek üçin, ýerine ýetiripsiňiz. Şeýle edilen hereketiňiz nädogry. Edil şonuň ýaly-da arzuwyň hatyrasyna arzuw etseňiz, eden arzuwyňyz ýerine düşmez. «Hyýaly duýgularyňyza» çeper döredijilige mahsus bolan pikiri, imrindiriji tabşyrygy bermäniňiz üçin olar ugrugyp gidibermändir. Üçünji ýalňyşyňyz bolsa, siziň arzuwyňyz okgunly, täsirli bolmandyr.

Galyberse-de, okgunlylygyň hyýaly durmuşy ulanmakda aktýor üçin örän wajyp ähmiýeti bardyr. «Hyýaly duýgy» okgunlylygy ilki içki duýgularyň kömegi bilen ýüze çykaryp itekläp oýatmaly-da, soňra daşky hereketlere gönükdirmeli.

– Men hereket etdim ahyryn, pikir-hyýalymda ýyldyrym çaltlygynda tokaýlaryň çür depesinden uçup geçdim.

– Siz diýeli, otluda ýatyrsyňyz, otly bolsa okgunly gidip barýar. Siz näme, şular ýaly ýagdaýda hereket edýärsiňizmi? – diýip, Torsow sorady. – Otly, onuň sürüjisi, ine, şular hereket edýänler. Ýolagçylar bolsa örän gowşak hereketde.

Eger-de siz otly barýarka özüne çekiji gyzykly gürrüň, jedel etseňiz ýa-da çykyşyňyzy ýazýan bolsaňyz, onda siziň iş hereketini etdigiňiz bolýar. Siziň uçarda uçuşyňyz hem edil şonuň ýaly zat. Iş hereketini siz etmediňiz, iş heketlerini uçarman etdi. Siz maşyny süren bolsadyňyz ýa-da töwerek-daşyňyzyň suratyny alan bolsadyňyz, onda siz okgunly iş hereketlerini etdigiňiz bolardy. Bize gowşak, okgunsyz «hyýaly duýgular» däl-de, okgunly «hyýaly duýgular» gerek.

Şustow:

– Beýle okgunly duýgulary nähili ýol bilen oýatmaly? – diýip, anyklamaga çalyşdy.

Torsow:

– Men size alty ýaşly gyz agtyjagymyň gowy görýän oýunlarynyň birini aýdyp bereýin. Bu oýnuň ady «Eger-de birdenkä». Bu at «Sen näme edýärsiň? diýen manyny özünde jemleýär. Agtygym şeýle diýip menden soraýar.

Men:

– Çaý içýärin – diýýärin.

Agtygym:

– Eger-de içýäniň çaý däl-de, sürgi dermany bolsa nähili içerdiň? – diýýär.

Maňa indi, sürgi dermanynyň tagamyny ýatlap, ony çyndan duýmagym gerek bolýar. Haçanda maňa dermanyň tagamyny duýmak başardanda, men ýüz-gözümi ajadýan welin, çaganyň gülküsi otagy ýaňlandyrýar.

– Sen nirede otyrsyň? – diýip, ol ýene maňa sorag berýär.

Men:

– Oturgyçda – diýýärin.

Ol:

– Eger-de sen gyzgyn pejiň üstünde oturan bolsaň näderdiň? – diýip soraýar.

Hyýalyňda misli gyzgyn pejiň üstünde oturan ýaly duýmaly bolýarsyň we çürüşmekden halas boljak bolup akyla sygmajak iş hereketlerini edýärsiň. Haçanda men iş hereketlerimi dogry edemde agtyjagymyň maňa nebsi agyrýar. Şonda ol goljagazlaryny galgadyp:

– Oýnajak däl! – diýýär.

Oňa gulak asman dowam edäýdigiň weli, oýnuň soňy agy bilen gutarýar. Ine, siz hem maşklary etmek üçin pikir ediň-de, şular ýaly oýunlary oýlap tapyň. Şol oýunlar okgunly ýagdaýda «hyýaly duýgularyňyzy» oýatsyn (18).

– Meniň pikirimçe, bu oýunlar gaty ýönekeý, gödek – diýip, men öz pikirimi gös-göni orta atdym. – Meniň has täsin, has heserli, has ýiti wakalary tapyp ulanasym gelýär.

– Howlukmaň! Olar ýaly wakalary ulanmaga-da ýetişersiňiz! Siz şu mahal sadaja, iň ýönekeý arzuwlaryňyzy ulanmany öwreniň. Siz özüňizi gurşap alan durmuş hakykatynda, biziň aramyzda, ýerde ýaşamany öwreniň, aşa ýokaryk galmaga entek gyssanmaň.Siziň görýän we duýýan zatlaryňyz, goý, edýän sahna işleriňize gatnaşsyn.

Mysal üçin, däli baradaky etýudyňyzy alyp göreliň. Bu etýudda «hyýaly duýgynyň» tapan pikiri biziň şol mahal daşymyzy gurşap alan durmuş hakykatyna laýyk alyndy. Hakykatda bolsa biziň oturan otagymyz hem, onuň gapysy açylmaz ýaly gapynyň agzyna berkitme maksady bilen üýşürilen mebeller hem, gepiň gysgasy, ähli zatlar şonda el degrilmän galdy. Diňe ýok däli hakyndaky pikir oýny gurnady. Okuw sahna işiniň galan zatlary hakyky durmuş ýagdaýy bilen sazlaşyp, bimanylykdan halas bolup işlediler.

Geliň, şol sahna işine meňzeş tejribe işini gaýtalap göreliň:

Biz şu mahal okuw otagynda sapakda otyrys. Bu hakyky durmuşy ýagdaý. Goý, Torsow, okuwçylar, okuw otagy we onuň şu mahalky görnüşi edil şeýle halda galsyn. «Eger-däniň» kömegi bilen şu ýerde ýene bolup biläýjek durmuşa okuw otagyndaky adamlary salmakçy. Men şu maksat bilen diňe wagt birligini üýtgedýärin. Men aýdýaryn:

– Şu mahal gündiz sagat on bäş däl-de, gije sagat üç. Meni şeýle uzaga çeken sapagyň ýagdaýyny, «hyýaly duýgularyňyzyň» kömegi bilen ynandyryň. Bu talaby ýerine ýetirmek kyn däl. Ertir synagymyz bar, a synaga bolsa taýýarlygymyzyň ugry ýok. Şonuň üçinem, teatrda eglenmeli bolduk diýen pikiri aýdyň. Bu pikir, täze aladalary oýandyrar, öýdäkiler siz hakda alada ederler. Sebäbi olara beýle ýagdaýyň bolaýmagynyň mümkindigini duýdurmansyňyz, şu mahal bolsa, duýduraýaýyn diýseňiz hem telefon ýok. Bir talyp agşamlyk çagyrylan toýuna gidip bilenok. Galyberse-de, çakylyk eden kişi teatrdan uzakda ýaşaýar. Olara tramwaý bilen gidäýmeseň bolanok... garaz, şuňa meňzeş wakalar. Biziň oýun üçin öňe çykaran wakamyz köpsanly duýgulary, pikirleri we etsem-petsemleri döredip biler. Şu zatlaryň hemmesi otagyň içindäki umumy hal-ýagdaýa öz täsirini ýetirer. Netijede, olar yzygiderli ösýän «Gijeki sapak» atly okuw sahna işiniň «hödürlenen ýagdaýlaryny» gurnamaga mümkinçilikleri berýärler.

Geliň, ýene bir tejribe geçirip göreliň:

Şu mahalky okuw otagyna täze «eger-däni» ulanyp göreliň. Goý, wagt birligi gündiz sagat on bäşligine galsyn. Ýöne tebigatyň birligi üýtgesin, sowuk gyş däl-de, salkyn ýaz pasly diýeliň. Gördüňizmi, siziň eýýäm keýpiňiz üýtgedi, hatda käbiriňiz ýylgyrdyňyzam. Sebäbi ýazda şäheriň içine, daşyna gezmäge çykyp bolýar. Şu aýdylan pikir-hyýallary durmuşa geçirmek üçin nämeleri etmelidigini çözüň we

olaryň sebäplerini tapyň. Şeýtseňiz, «hyýaly duýgularyňyzy» ösdürýän täze sahna işleri ýüze çykar.

Men size ýene bir «eger-däni» bereýin:

Wagt birligi, tebigat birligi, okuw otagy, biziň okuw mekdebimiz, geçilip durlan ders şu durşuna galýarlar. Ýöne bu ýerde däl-de, Krym şäherinde şu okuw otagy ýerleşipdir diýip alalyň, ýagny okuw otagyndaky wakalaryň hemmesiniň geçýän ýeri üýtgeýär. Sapakdan soň, baryp suwa düşer ýaly, sapagyň şu mahalky geçýän ýeri bolan Dimitrenko etrabynyň ýerini indi Gara deňzi tutar. Günorta etraplara siz nireden geldiňiz diýip sorarlar. «Hödürlenen ýagdaýa» görä, siz soraga jogap tapyň. Siz, belki, Kryma sapara gidersiňiz we şol ýerde-de öz okuwyňyzy dowam edersiňiz? «Eger-dä» laýyk şu hyýaly durmuşyň pursatlaryny kepillendirýän ýagdaýlary tapyň. Siz, şeýlelik bilen, «hyýaly duýgularyňyzy» ösdürýän köp sanly maşklary öwrenersiňiz.

Men ýene-de bir «eger-däni» ulanyp, özümi we sizi gije-gündiz Gün ýaşmaýan demirgazyk welaýata alyp gidýän. Şeýle göçmäni näme bilen delillendirersiňiz? Iň bolmanda, biz ol ýere kino düşürmäge geldik diýip delillendirip bileris. Kino düşmek artistden örän gaýym durmuşy ýagdaýy talap edýär. Sähelçejik ýalan tutuş kinoýazgyny zaýalaýar. Hemmäňiz keşbi ýalandan ýerine ýetirmekden gaça durup başarmaýarsyňyz. Şonuň üçün men režissýor, mekdep ýyllaryňyzda ýalandan ýerine ýetirmekden nädip gaça durmalydygyny öwretmeli bolýaryn. «Eger-däniň» kömegi bilen tapan her bir hyýaly toslamaňyzy kabul edip we olara ynanyp:

«Men şeýle ýagdaýda näme edip bilerdim?» – diýip, özüňizden soraň. Siz şu meseläni çözmek bilen öz «hyýaly duýgularyňyzy» işlär ýaly edip oýadýarsyňyz.

Indi bolsa, täze maşklarda hemme «hödürlenen ýagdaýlary» hyýaly toslamalardan gurnalyň.

Biziň daşymyzy gurşap alýan durmuş hakykatyndan diňe şu okuw otagy galsyn. Ony hem öz hyýalymyzda örän köp tarapdan üýtgedeliň. Biziň hemmämiz, aýdalyň, ylmy ekspedisiýanyň agzalary we uçarda uzak menzillere ugraýarys. Uçuş mahaly geçmesi kyn beýikli-pesli ýerlerden geçip bilmän heläkçilige uçraýarys: uçaryň motory ýatýar we daglyk ýerleriň meýdançasyna uçarymyz gonmaly bolýar. Ulagy bejermek gerek. Bu iş ekspedisiýany köp wagtlap saklajak. Bir gowy zat – iýere iýmitimiz bar.

Ýöne aşa köp däl. Aw awlamak bilen iýmitimizi köpeltmek gerek. Mundan başga-da ýaşar ýaly jaý edinmeli, iýmiti bişirmek üçin ýer we gap-gaçlary taýýarlamaly. Ýerli milletden we ýyrtyjylardan goranmak üçin, garawulçylyk işini gurnamaly. Şeýdip, akylyňda howply, pajygaly durmuşyň ýagdaýlarynyň gurnagy peýda bolýar. Biziň hyýalymyzda şol durmuşyň her bir boljak pursady özüne laýyk sebäpli hereketi talap edýär we ol pursatlar hem hereketler, biziň aňymyzda sazlaşykly hem yzygiderli ýagdaýda saklanýarlar. Olaryň zerurdygyna ynanmak gerek. Bolmasa, bar edilen arzuwlaryň gyzygy gaçyp, manysy ýiter.

Onsoň hem artistiň döredijiligi diňe bir içki dünýäsini işletmek bilen çäklenmeýär.

Şol arzuwlary döredijiligiň daşky sypatlary we häsiýetleri bilen hem baýlaşdyrmaly. Arzuwlaryňyzy, hany, durmuş hakykatyna geçiriň-de, ylmy ekspedisiýanyň durmuşyndan bir parçany gurnap görkeziň.

– Nirede? Şu ýerdemi? Çagalar üçin niýetlenen şu myhmanhananyň içindemi? – diýip, biz talaba doly düşünmän, alasarmyk halda soradyk.

– Elbetde, şu ýerde. Siz üçin näme, ýörite bezeg binalaryny taýýar etmelimi?! Galyberse-de, siziň araňyzda öz suratkeşiňiz bar. Ol göz açyp ýumýançaňyz siziň talabyňyzy mugtuna amal edip bilýär. Ol myhman otagyny, otagara geçelgäni, ýygnak otagyny dessine islendik zada öwrüp bilýär. Beýle suratçy biziň öz hyýalymyzdyr. Şoňa buýruk ediň. Uçar ýere gonansoň, eger-de şu jaý dag meýdançasy, bu stol – ullakan daş, daşy şelpeli elektrik çyrasy – daglyk meýdançasynyň baglary, daşy şaýly çyra – miweli agajyň şahalary, peç – taşlanan gowak bolsa, siz öz ýanyňyzdan näme etjek bolýanyňyzy çözüň.

– Otagara geçelge näme bolmaly? – diýip, Wýunsow gyzyklandy.

– Dag jülgesi.

– Bä-ä!.. – diýip, ýaş ýigit hyruçly begendi. – A naharhana?

– Ilkidurmuş eýýamynda ýaşalan gowak.

– A myhman otagy?

– Ol gözel görnüşi görnüp duran, töwerek-daşy açyk, giň meýdança. Serediň, diwaryň reňki howanyň şekilini berýär. Şu meýdançanyň kömegi bilen uçarymyzy uçuryp bileris.

– A tomaşa zaly? – diýip, Wýunsow soragyny dowam etdi.

– Düýpsüz çöketlik.Ýerli ýaşaýjylaryň we ýyrtyjylaryň şol tarapdan, deňiz tarapdan we uçaryň düşen tarapyndan bize howp salmaklary mümkin däl. Şonuň üçin garawuly otagara geçelgäniň gapysynyň agzynda goýmak gerek. Sebäbi otagara geçelge dag jülgesi bolup hyzmat edýär.

– Mekdebiň howlusy nämäni aňladýar?

– Ony uçaryň ussahanasy hökmünde ulanyp bileris.

– Uçaryň özi nirede?

– Ine, ol – diýip, Torsow diwany görkezdi. – Oturgyçlaryňyz bolsa ýolagçylaryň oturgyçlary, penjire – uçaryň ganaty. Diwany ýazyň. Stol-motor. Ilki bilen uçaryň motoryna seretmek gerek. Esasy döwlen ýeri şol ýerde. Ekspedisiýanyň galan agzalary bolsa agşam ýatmak üçin gerekli işleri etsinler. Ine, bu bolsa düşek.

– Hany?

– Stoluň örtügi.

Arkadiý Nikolaýewiç kitap tekjesindäki galyň kitaby we güller üçin niýetlenen uly küýzäni görkezdi-de:

– Bu-da, içi iýmitli gutujyklar we içi şeraply küýze – diýdi.

Otaglara üns berip seredip çykyň. Siz, belki, täze ýaşaýşymyza laýyk köp zerur zatlary taparsyňyz.

Işimiz gyzyşdy. Biz hemme zady sazlaşykly duran myhmanhanada daglykda saklanan ekspedisiýanyň agyr durmuşyny ýaşamaga başladyk. Şeýle durmuşa uýgunlaşmak we ýagdaýdan çykmak üçin anyklamak işlerini ýerine ýetirdik.

Men bular ýaly üýtgetmelere ynandym diýip aýdyp biljek däl. Sebäbi men nämäni görmeli däldigine üns berip bilmedim. Bize beýle zada üns berere wagt hem bolmady. Biz öz işimize güýmendik. Hyýaly ýagdaýda toslap tapylan waka biziň çynlakaý duýgymyz, fiziki hereketlerimiz we ynamymyz arkaly hakykata meňzäp gitdi.

Biz hödürlenen taýýarlyksyz ýagdaýy oňat ýerine ýetirenimizden soň, Arkadiý Nikolaýewiç şeýle diýdi:

– Bu okuw sahna işiňizde durmuş hakykatyna hyýaly ýagdaýlar dünýäsi has içgin aralaşdy. Daglyk ýerde bolan pajygaly waka myhmanhanada oňat gurnaldy. Ynha, köpsanly şeýle toslamalaryň şu bir mysaly. «Hyýaly duýgular» zatlaryň görnüşini öz içki dünýäňde täzeden özüňçe üýtgetmäge kömek edýär. Beýle ýagdaýlardan ýüz öwürmäň. Tersine, ony hyýaly ýagdaýyň hataryna goşuň. Biziň şahsy taýýarlyklarymyzda şeýle ýagdaýlar yzygiderli bolýar. Ýazyjynyň we režissýoryň «hyýaly duýgularynyň» toslap tapan ýagdaýlarynyň ähli zadyny – jaýlary, tokaýlary, gämileri, meýdançalary... Wenada ýasalan oturgyçlardan gurnap bolýar. Biz şol bir wagtyň özünde-de Wenada ýasalan oturgyçlaryň hakykatdan-da agaçdygyna, gaýa däldigine düşünýäris. Emma muňa garamazdan, şol zatlaryň diňe hyýaly duýgular arkaly göz öňüne getirýän zatlarymyzdygyna-da ynanýarys.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Ders uly bolmadyk giriş sözi bilen başlandy. Arkadiý Nikolaýewiç şeýle diýdi:

– Şu çaka çenli, «hyýaly duýgularymyzy» ösdürmek üçin ulanan maşklarymyz durmuş hakykatyndaky ahwallara, ýagny biziň töweregimizi gurşap alan gapa, otaga, dag-daşlara öz täsirini ýetirmek bilen boldy. Men indi hyýaly duýgymyzyň dünýäsine bizi gurşap alan zatlary salmakçy. Bu maşklarda-da işjeň işlemeli bolarys. Özem indi bu iş aň-paýhasyň işi bolar. Oturan ýerimizi, onuň wagtyny taşlap başga, bize oňat mälim bolan ýere we wagta göçýäris hem-de şol ýerde hyýalymyz nämeleri aýdýan bolsa şony hem edýäris. Siz hyýalyňyzda nirä göçýärsiňiz? Sebäpli hereket haçan we nirede bolar? – diýip, ol maňa ýüzlendi.

– Agşam, öz otagymda – diýip, men jogap berdim.

– Örän oňat – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç meni goldady. – Siz-ä bilmedim weli, özüm-ä hyýaly ýagdaýlary oňat duýmagym üçin hyýalymda ilkibada basgançak bilen ýöräp gapynyň agzyna barardym. Gapynyň jaňyny kakardym. Aý, garaz,

birnäçe yzygiderli, sazlaşykly hereketleri ederdim. Gapynyň tutaryny aşak ýa-da ýokary galdyrmalydygyny unutmaň. Tutaryň towlanyşyny, gapynyň açylyşyny we otaga girişiňizi ýatlaň. Öň ýanyňyzda nämeleri görýändigiňize üns beriň.

– Şkaf bilen el ýuwulýan ýeri görýärin...

– Çepiňizde näme bar?

– Diwan bilen oturgyç...

– Otaga geçiň-de, ýaşamak üçin oňa öwrenişmäge çalşyň. Siz nämä ýüzüňizi çytdyňyz?

– Men şu çaka çenli jogap bermedik hatymy stoluň üstünde görüp, oňa jogap hatyny ýazmandygyma utandym.

– Gowy zat! Siz görýän welin, «öz otagym bilen men garyşdym» diýjek bolýan ýaly-la?

– «Men garyşdym» diýmek näme? – diýip, okuwçylar soradylar.

– Biziň dilimizde «men garyşdym» diýmek men özümi toslanyp tapylan hyýaly ýagdaýyň jümmüşinde hasaplap, «hyýaly duýgularyň» durmuşynda, hyýaly zatlaryň arasynda ýaşaýandygymy duýýaryn we hut öz adymdan wyždan jogapkärçiligini öz töwekgelçiligime alyp, sebäpli herekete başlaýaryn diýmekdir. Indi, siz maňa aýdyň, näme etjek bolýarsyňyz?

– Bu şu pursadyň näwagtdygyna bagly.

– Sazlaşyk düşünjesine laýyk jogap. Bar, aýdalyň, şu mahal agşam sagat ýigrimi üç.

– Bu aýdan wagtyňyz, biziň öýümizde ümsümligiň başlanýan mahalyna gabat gelýär – diýip, men belledim.

– Şeýle ümsümlikde siziň näme edesiňiz gelýär? – diýip, Torsow maňa pikir etmäge itergi berdi.

– Men komiki artist däl-de, tragiki artistdigime öz öňümde özüme ynam döretmek isledim.

– Öz wagtyňyzy biperwaý ulanyşyňyza gynanýaryn. Siz nädip özüňizi ynandyrmakçy?

– Haýsy-da bolsa bir tragiki keşbi özüm üçin ýerine ýetirmekçi – diýip, men öz göwnümde gizläp ýören arzuwymy aýtdym.

– Haýsy keşbi? Otellonymy?

– Ýog-eý. Meniň otagymda Otellony ýerine ýetirmek indi bolmajak zat. Ol otagda her bir ýer, şol öňki edenlerimi gaýtalamaga itergi berip dur.

– Ýeri, onda siz nämäni ýerine ýetirmekçi?

Meniň özüm bu meseläni entek çözmänim üçin hiç hili jogap berip bilmedim.

– Siz şu mahal näme edýärsiňiz?

– Men otagy synlaýaryn. Maňa haýsydyr bir zat, döredijilik üçin gyzyklyja temany hödürlemezmikä?...

Mysal üçin, şkafyň ýeňsesinde garalyp duran tukat burç meniň ýadyma düşdi. Ol, umuman, tukat däl. Ýöne yşygyň düşüşine görä, burç agşam tukat bolup görünýär. Şol ýerde eşik asawaja derek gaňyrçak gaýşarylyp, göýä diýersiň, asylmak üçin öz hyzmatyny hödürleýän dek boş dur. Şonuň üçin eger-de men şu mahal özüme kast etmekçi bolsam, özüm bilen näme ederdim?

– Ýogsa-da, şony aýdyň, hany?

– Elbetde, ilki bilen, ýüp ýa-da bilguşak gözlemeli bolardy. Men şonuň üçin hem öz sandygymy we şkafymy açyp, gözleg işini ýerine ýetirýärin...

– Tapdyňyzmy?

– Hawa... Ýöne gaňyrçak örän pes ýere kakylypdyr. Meniň aýaklarym ýerden ýokaryk galanok.

– Bu gaňyrçak maksada laýyk däl. Başgasyny gözläň.

– Başga gaňyrçak ýok.

– Beýle bolsa onda, ýaşamany dowam etseňiz gowy bolmazmy?

– Bilmedim-dä, bulaşdym, onsoň hem «hyýaly duýgularym» hem öçdi – diýip, men düşen ýagdaýymy boýnuma aldym.

– Sebäbi tapan toslamaňyz sazlaşyk düşünjesine gabat gelmeýär. Tebigatda käbir adatdan daşary ahwallar bolaýmasa, hemme zat sazlaşyk düşünjesine laýyk gelýär. Şolar ýaly toslamalar hem şol düşünjä laýyk gelmeli. Siziň hyýaly duýgularyňyzyň öz tapan toslamasynyň sazlaşyk düşünjesine laýyk gelmeýändigi üçin, toslamanyň gödek netijesinden boýun gaçyrandygyňyz geň däl.

Muňa garamazdan, siziň şu mahalky özüňizi ýok etmek maksady bilen eden tejribäňiz garaşan zadyňyzy ýerine ýetirip bildi. Ol maksadyňyzyň täze görnüşini size göz-görtele görkezdi.

Artist şeýle tejribäni ýerine ýetirende öz «hyýaly duýgusyndaky» wakany töweregini gurşap alan durmuş hakykatyndaky bolup geçýän otagyndan aýyrýar. Ol aňynda wakany hyýaly ýere – belli däl bir jaýa geçirýär. Size ine, şu ýagdaý aňyňyza doly suratda tanyş. Sebäbi, maksada ýetmek üçin alan materialyňyz şu ýerde günde-günaşa ulanýan zatlaryňyz. Bu ýagdaý ýadyňyzyň oňat işlemegini ýeňilleşdirdi. Ýöne nätanyş durmuşda maksada ýetmek üçin arzuw etmeli bolanda näme etmeli? Beýle ýagdaý ýok zadyň täze görnüşini tapmagy talap edýär.

Siz şol görnüşe düşünmek üçin ýene-de hyýaly duýgularyň kömegi bilen töweregiňizi gurşap alan durmuş hakykatyndan çykyň-da, aslynda ýok, size nätanyş, emma bolup biläýjek hakyky durmuş ahwalynyň içine giriň.

Mysal üçin, şu ýerde oturanlaryň hiç birisi-de ýagty jahanyň daşyna aýlanyp çykan däldir. Ýöne oňa, hakykat ýüzünde aýlanyp çykan ýaly edip, hyýalyňyzda-da aýlanyp çyksa bolar. Bu işi telli-pelli, umuman, takmynan ýerine ýetirmän, onuň hemme ýagdaýlaryny çynlakaý jikme-jik, yzygiderli etmeli.

Sungatda telli-pellilik, umumanlyk, takmynanlyk ýaly düşünjeleri ulanmak bolmaýar.

Siz aýlanyp ýörkäňiz her hili kynçylyklara, durmuş täsinliklerine, ýat illeriň, halklaryň adatlaryna we edim-gylymlaryna, aý, garaz, ençeme dürli-dürli ýagdaýlara duşarsyňyz. Elbetde, siz öz hakydaňyzda ol ýagdaýlara ýeterlik maglumatlary doly tapyp bilersiňiz öýdemok. Siz şonuň üçin kitaplardan, çekilen suratlardan, fotosuratlardan we beýleki kömek beräýjek bilim çeşmelerinden ýa öz gören-eşidenlerini suratlandyrýan adamlaryň işlerinden peýdalanmaly bolarsyňyz. Şu ulanmakçy bolýan çeşmeleriňizde ýylyň haýsy paslynda, haýsy aýynda ýagty jahanyň daşyna aýlanmaga başlamakçydygyňyzy, hyýalyňyzda haýsy ýerlerden ýöräp, haýsy ýerlerden bolsa ýüzüp geçmekçidigiňizi, haýsy şäherlerde ýa-da obalarda düşlemekçidigiňizi anyklaň. Siz şol ýurtlardan, şäherlerden we beýlekilerden durmuşyň urp-adatlaryny, il-günüň nähili ýaşaýandygy baradaky maglumatlary alarsyňyz. Pikiriňizde göz öňüne getirip bilmedik zatlaryňyzy, goý, hyýaly duýgularyňyz döretsin.

Şu wajyp zatlar, işiňize ynanar ýaly deliller bolup hyzmat edýärler, bolmasa iş «umumanlyk» ýagdaýynda arzuwçyllyk bilen, hiç bir delilsiz ýerine ýetirilýär-de, aktýoryň ýasamalyk we hünärmentçilik derejesinde işi ýerine ýetirmegine alyp barýar. Şular ýaly uly taýýarlyk işlerini edeniňizden soň, ýörejek ugruňyzy kesgitläp, ýagty jahanyň daşyna aýlanmaga başlap bolar. Elmydama sazlaşyklylyk we yzygiderlilik düşünjesi bilen gatnaşykda bolup, olary ulanmagy unutmaň!

Şeýtseňiz, durnuksyz we sypjyk arzuw bilen, durnukly we sarsmaýan durmuş hakykatyny bir-birine ýakynlaşdyrarsyňyz.

Men täze arzuwçylyga geçmekçi. Men beýle diýmek bilen, durmuş hakykatyna garanyňda tebigy hyýaly duýgulary ulanmak meselesinde köpsanly artykmaçlyklary berýändigini ýaňzytmak isleýärin. Hakykatyna seredeniňde, hyýaly duýgularyň durmuş hakykatynda ýok zatlary göz öňüne getiresi gelýär.

Mysal üçin, biz başga planetalara geçmegiň ýa ertekilerdäki owadan gyzy ogurlap alyp gaýtmagyň arzuwyny edip bilýäris. Biz aslynda ýok ýyrtyjy bilen söweşip, ony ýeňip bilýäris, biz deňziň düýbüne çümüp, ol ýerdäky deňiz şasynyň gyzyny özümize gelin edip alyp gaýdyp bilýäris...

Durmuş hakykatynda şu işleri etjek boluň hany! Şeýle arzuwlary etmäge durmuş hakykatynda maglumat tapyp biljekdigiňize meniň ynamym ýok. Durmuş hakykatyndaky ýok zatlary hyýalymyzda oýandyrmak üçin kitaplar, fotosuratlar, el bilen çekilen şekiller, ylym, gürrüňler.., bize diňe başlangyç itergileri berip bilýärler. Bu işde, döredijiligiň esasy kömekçisi bolup biziň fantaziýamyz (hyýaly toslamalary tapmak ukybymyz) hyzmat edýär.

Netijede, ertekiler dünýäsini durmuş hakykatyna golaýlaşdyrýan zatlaryň zerurlygy artýar. Şonuň üçin hem sazlaşyklylyk bilen yzygiderlilik düşünjeleri şu işde esasy orny eýeleýärler. Men muny öň hem aýdypdym, olar bolmajak zatlary, bolmagy ahmal ýagdaýa salyp bilýärler. Şol sebäpli-de hyýaly temadan ýazylan eserlerdäki keşpleri sazlaşyklylyk we yzygiderlilik düşünjelerini ulanyp döretmelidigini unutmaň.

– Indi – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç az salym oýlanandan soň, düşündirişini dowam etdi, – siziň eden etýudlaryňyz bilen hem dürli wakalary sazlaşdyryp, gurnap bolýandygyny size düşündirmekçi bolýaryn.Ynha, aýdalyň, siz özüňize şeýle diýip bilersiňiz:

– Men, hany, göreýin bakaly, meniň ýoldaşlarym, Arkadiý Nikolaýewiçiň we Iwan Platonowiçiň ýolbaşçylygynda, Krymda ýa-da uzak demirgazykda okuw sapaklaryny nähili geçýärkäler? Men, hany, göreýin bakaly, meniň synpdaş ýoldaşlarym näsaz uçar bilen giden ekspedisiýasynda nämeleri başdan geçirýärkäler?

Şeýle hyýaly ahwallarda siziň özüňiz, bolup duran ýagdaýlardan pikir--hyýalyňyz bilen çykyp, olary daşyndan synlaýarsyňyz. Öz ýoldaşlaryňyzyň daglyk ýere düşen näsaz uçaryny bejerýändiklerini, ýyrtyjylardan goranýandyklaryny, Krymyň yssy howasynda güne ýanyşlaryny ýa-da demirgazygyň sowugynda üşäp, titreýändiklerini görýärsiňiz. Siz bular ýaly ýagdaýda «hyýaly duýgyňyzyň» gözüňiziň öňünde şekillendirýän ahwallarynyň ýönekeý tomaşaçysy bolmaly bolýarsyňyz we hyýaly ýagdaýyň bu gurnalan durmuşynda bolsa siz hiç hili keşbi ýerine ýetirmeýärsiňiz.

Siz indi hyýaly ýagdaýda toslanyp tapylan ekspedisiýa ýa-da Krymda, deňiz kenarynda boljak sapaga özüňiz hem gatnaşmakçy bolýarsyňyz. Talyp ýoldaşlaryňyzdan gaýrarak çekilip, özüňize: «Men şeýle ýagdaýlarda nähili halda bolarkam?» diýen soragy berip görýärsiňiz.

Siz şol bir wagtda özüňizi, ekspedisiýadaky ýa-da Krymdaky sapak geçýän okuwçylaryň arasynda ýaly duýýarsyňyz. Siz beýle ýagdaýda-da öz arzuw-maksadyňyzy gowşak halda synlaýan tomaşaçy hökmünde bolup galýarsyňyz. Siz ahyry, öz-özüňize seretmekden irip, hereket etmegi ýüregiňize düwüp, öz arzuw-maksadyňyzy özüňize geçirýärsiňiz-de, özüňiz Krymda sapak geçýärsiňiz ýa Demirgazyk buzly ummanyna ekspedisiýa gidýärsiňiz, ýa-da uçary bejerýärsiňiz, ýa-da topara garawulçylyk edýärsiňiz. Siz indi gönüden-göni hereket edýän gahryman. Siz şonuň üçin hem töwerek-daşyňyzda bolýan zatlara eglenmän üns berýärsiňiz weli, içki duýgularyňyz hyýaly ýagdaýy göz öňüne getirip, toslap tapan durmuşyňyz bilen bile ýaşaýar. Siziň şeýle pursatlarda arzuw eden zatlaryňyz hut öz gatnaşmagyňyzda döreýär. Biziň dilimizde, anha, şol arzuw-maksatlarymyzdan, hut öz gatnaşmagymyz arkaly döreýän zatlara «şolar men» diýmekdir.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Ilki öz içki dünýäňizi diňläň, soňra-da Krymda iň soňky sapak ýaly hasaplanjak mekdep sapagyňyzda siz bilen näme bolup geçjekdigini aýdyň? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç şu günki sapagymyzyň başynda Şustowdan sorady.

– Dogrudan hem, meniň bilen näme bolup geçerkä? – diýip, Paşa oýlandy.

Meniň göz öňümde, näme üçindir, myhmanhananyň darajyk hem-de ýaramazja gurlan otagy janlanýar. Onuň penjiresinden deňiz görünýär. Talyplar köp, olara otag darlyk edýär. Kimdir biri hyýaly göz öňüne getirmek endigini öwrenmekçi bolup «hyýaly duýgularyň» maşklaryny ýerine ýetirmek bilen meşgullanýar.

– Şol talyplaryň topary bilen uzak demirgazyga gidýän diýip pikir edeniňizde, siziň içki dünýäňizde näme bolup biler? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç gapdalynda oturan Dymkowadan sorady.

– Meniň göz öňüme doňup galan buzly daglar, ýanyp duran ot, çadyr hem-de ýüňden tikilen eşik geýen synpdaşlarymyz gelýär.

– Şeýlelik bilen – diýip, Torsow biziň aýdanlarymyzy jemlemek bilen boldy – men arzuw etmek üçin haýsy-da bolsa bir temany size hödürlesem, siz içki garaýşyňyzyň kömegi bilen şoňa laýyk keşpleri görýärsiňiz. Beýle ýagdaýa biziň aktýorçylyk dilimizde «içki garaýşyň kömegi bilen görmek» diýmegi aňladýar.

Eger-de sen şahsy duýgyňa görä hyýaly göz öňüne getiren arzuw-maksadyňa baha berseň, onda hyýalbentlik, howaýybentlik, arzuwçyllyk duýgularyň bilen, ilkinji nobatda, içki garaýşyň kömegine daýanyp, seniň öz pikiriňe nazar aýlap görýändigiňi subut edýär.

Arkadiý Nikolaýewiç maňa ýüzlenip: – Siz otagyňyzyň garaňky burçunda özüňizi asmakçy bolup pikir edeniňizde siziň içki dünýäňizde nämeler bolup geçdi? – diýip, sorady.

– Men haçanda özüme tanyş garaňky burçy ýadyma salamda mende ýene-de öňden belet ýalňyzlyk duýgusy peýda boldy. Men ýene ýaşaýşa bolan nägileligim barada pikir öwürdim. Çydamsyzlyk we gowşak häsiýetlilik özüňe kast etmek ýoluna itergi berýändigi üçin, göwnümi köwläp duran içgysmadan we kalbymy eredip barýan nägilelikden sabamagyň we ondan sypmagyň ugruny gözledim – diýip, men mugallyma tolgunyp düşündirdim.

– Şeýlelik bilen – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç aýdanlarymy jemledi – size içki garaýşyňyzyň kömegi bilen öňden mälim bolan zatlar we olaryň ýagdaýlary görnen dessine, özüňize tanyş maksat täzeden janlanmak bilen bolýar. Şol janlanan maksatdan dörän duýgy we isleg bolsa siziň içki duýgyňyzy oýadyp, sebäpli hereketleri etmäge itergi berýär.

– Siz «Däli» sahna işini ýatlanyňyzda öz içki garaýşyňyzda nämeleri görýärsiňiz? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç bize ýüzlendi.

– Men Maloletkowalara üýşen köpsanly ýaşlary görýärin. Olar zalda tans edýärler, naharhanada agşamlyk edinýärler. Jaý ýyly, ýagty, hemmämiz şadyýan. Esasy girelgäniň daş ýüzünde bolsa güýç-kuwwatdan düşen, syrylmadyk saç-sakgaly bulaşan, aç, hassahananyň eşiginde ullakan adamyň üşäp durandygyny görýärin – diýip, Şustow sözledi.

– Siz näme, etýudyň diňe ilkibaşyny görýäňizmi? – diýip, Torsow Şustowdan sorady.

– Ýok, men gapynyň açylmazlygy üçin oňa direlip goýlan şkafy hem görýärin. Hyýalymda hassahana telefon edenim, olardan gaçyp gaýdan hassa hakynda-da gürleşenim ýadyma düşýär.

– Ýene nämeleri görýärsiňiz?

– Çynymy aýtsam.., başga zat göremok.

– Gowy däl! Bujagaz görýän zatlaryň az. Şonuň üçin doly göz öňüne getirýänçäň etýudyň yzygiderli wakalaryny gurnap bilmez. Näme etmeli?

– Ýetmeýän zatlary pikir edip tapmaly-da, etýuda doly ýeter ýaly etmeli – diýip, Paşa öz pikirini orta atdy.

– Hawa, elbetde, pikirlenip tapmaly! Haçanda sahna oýnunyň awtory, režissýory we beýleki döredijilik adamlary aýdylmaly zatlary doly aýtmadyk mahaly, artistiň özi elmydama pikir edip ýetmeýän zatlaryň üstüni dolmalydyr.

Şonuň üçin, bize, birinjiden, okuw sahna işiniň durmuşyny tutuşlygyna öz içine alýan «hödürlenen ýagdaýlaryň» gurnagynyň yzygiderliligini, ikinjiden, gaýtalap aýdýaryn, «hödürlenen ýagdaýlar» bilen baglanyşykly wakalaryň, arasy kesilmeýän yzygiderliligini içki garaýşymyz bilen bilmek zerurdyr.

Gysgaça aýdanymyzda, bize «hödürlenen ýagdaýlaryň» ýönekeý gurnagy däl--de, içki garaýşymyz bilen göz öňüne getirip boljak şekilleriniň yzygiderliligi gerek. Şonuň üçin hiç haçan unutmaň, artist sahnada bolan her bir minutynda sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň wakalarynyň ösüş pursatlaryny-da, sahnanyň daşynda bolýan zatlary-da öz içki garaýşy bilen görmelidir.

Başgaça aýdanyňda, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň wakalarynyň ösüş pursatlaryny we «hödürlenen ýagdaýlara» laýyk režissýoryň, suratkeşiň we beýleki döredijilik adamlarynyň döreden zatlaryny doly göz öňüne getirmegi başarmalydyr. Artist öz içki dünýäsi arkaly şolary göz öňüne getirip, olaryň şekillerini keşbiň durmuşyna siňdirmelidir. Şu pursatlarda, edil kinoýazgylaryndaky dek, daşky we içki duýgularymyzyň yzygiderli wakalarynyň şekilleri göz öňümize gelýär. Sahnada keşbini ýerine ýetirýän artist wyždanyna we aladasyna laýyk öz keşbini döredýärkä, keşbiň «hödürlenen ýagdaýlarynyň» şekilleri onuň içki dünýäsinde yzygiderli göz öňüne gelýär. Bu göz öňüne getirmeklik biziň içki dünýämiziň duýgularyna laýyk ýagdaýlary döredýär. Ol biziň kalbymyzy oýarýar we her bir waka laýyk pikirlenmäge mümkinçilik döredýär.

Içki garaýşyňyz bilen görýän şekilleriňiz, birinjiden, size sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynyň çygryndan çykmazlygyňyza kömek eder. Ikinjiden, döredijilik ýoluna yzygiderli we dogry itergi berip durar.

«Dile geldi, bile geldi» diýlişi ýaly, men içki garaýyş hakynda ýene-de kelam agyz aýdaýyn.

Biz içki duýgymyz bilen görýäris diýip dogry aýdýarmykak? Biz dereginde ýok zady görmäge ukyply. Şol görýän zadymyzy göz öňüne getirmek bilen hem

çäklenýäris. Biziň şu ukybymyzy derňäp görmek kyn däl. Aýdalyň, ine, çyra. Ol meniň daşymda ýerleşýär. Ol bar. Ol tebigy dünýäde dur. Men oňa seredip, gözlerimiň kömegi bilen onuň dünýäsine aralaşýandygymy duýýaryn. Ine-de, men ondan nazarymy sowup, gözlerimi ýumýaryn-da, ony hyýalymda göz öňüne getirip ýatlaýaryn. Men bu işi etmek üçin çyra sereden mahalky nazarymy ýatlap, yzyna getirip, ony içki dünýäme salyp, onsoň haýsy-da bolsa, durmuşda ýok zada däl-de, aktýorlaryň dili bilen aýdanyňda, içki garaýşymyň hyýaly ekranyna ugrukdyrmaly bolýaryn.

Şol ekran nirede ýerleşýär? Meniň kalbymdamy ýa-da maňa dahylsyz ýerdemi? Ol meniň syzyşyma görä-hä meniň kalbymda ýerleşýär, meniň daşymda bolsa boş meýdan bar. Şekiller hatarlanyşyp meniň kalbymdan geçip durlar, olaryň şekilleriniň kölegesi bolsa maňa dahylsyz daşymda görünýärler.

Men size düşnükli bolar ýaly başga sözler bilen has düşnükli edip aýdaýyn.

Keşpler biziň içki hyýaly duýgularymyzyň kömegi bilen göz öňüne getirip bilmegimiziň netijesinde döreýärler. Soňra oý-pikirlerimizde olary gözden geçirmek işi bolup geçýär. Ýöne biz, ol hyýaly duýgularymyzyň göz öňüne getiren keşbini bedenimizdäki adaty gözümiz bilen däl-de, içki gözümiz bilen synlaýarys.

Eşidiş ulgamymyzda-da edil şolar ýaly ýagdaý bolup geçýär. Biz «hyýaly duýgularymyz» bilen sesleri adaty gulaklarymyz bilen eşitmän, içki gulagymyz bilen eşidýäris. Ýogsam bolmanda, olaryň çeşmesiniň bize tebigatda dahyly ýok.

Men şu aýdan sözlemimi tersine öwrüp gaýtalaýyn: hyýaly zatlar we keşpler bize dahylsyz tebigatda öz şekilini saklaýan bolsalar-da, olar göz öňümize gelmänkäler, biziň içki dünýämizdäki hakydamyza, hyýalymyza gelip gidýärler. Şularyň hemmesini mysallarda göreliň.

– Nazwanow! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç maňa ýüzlendi: – Meniň şäherde geçiren okuw sapagym siziň ýadyňyzdamy? Ikimiziň oturan tomaşa zalymyzy görýäňizmi? Şol gören keşpleriňizi içki gözüňiz ýa-da özüňize dahylsyz ýagdaýda duýup bilýäňizmi?

– Men olary maňa dahylsyz ýerde görşüm ýaly, durmuş hakykatynda duýýaryn – diýip, men pikir edip durman jogap berdim.

– Siz indi şol tomaşa zalyna nähili göz bilen garaýarsyňyz, içki gözüňiz bilenmi ýa-da adaty gözüňiz bilen?

– Içki gözüm bilen.

– Diňe şeýle sowallar we düşündirişler arkaly içki göz diýen adalga düşünip, ony kabul edip bolýar.

– Sahna oýnunyň edebi ýazgysynyň esasynyň hemme pursatlaryny tutuşlygyna göz öňüne getirmek örän kyn we çylşyrymly! – diýip, men ynjalykdan gaçdym.

– Kyn we çylşyrymly? Şeýle pikiri aýdanyňyz üçin men size temmi bermekçi. Siz özüňizi bileliňiz bäri durmuşyňyzda nämeleriň bolandygyny maňa aýdyp beriň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düýbünden oslanmadyk zady menden talap etdi.

Onsoň men onuň talabyny başardygymdan ýerine ýetirmäge çalyşdym:

– Meniň kakam şeýle diýerdi: «Çagalyk döwrüniň on ýyllyklary, ýaşlyk döwrüniň her bir ýyly, jahyllyk döwrüniň her bir aýy, garrylyk döwrüniň her hepdesi ýatlanylýar». Meniň hem edil şolar ýaly geçen günlerim ýadyma düşýär. Özem köp zatlar jikme-jik hakydamda galypdyr.

Mysal üçin, bagdaky sallançaklar durmuşymda ýatlamalarymyň başy bolup hyzmat edýär. Ol sallançaklar maňa gorkunç görnerdi. Edil şonuň ýaly, çagalykda ýaşan otagymy, ejemiň, enekäniň otaglaryny, howlymyzyň içini, köçelerimizi hakydamda aýdyň görýärin. Mekdebe okuwa gelmegim bilen başlanan ýaşlyk döwrüm aýratyn ýadymda galdy. Şundan soň, gysgajyk pursatlar köpeldi, durmuş hakykatynyň köpsanly ýagdaýlary göz öňümde janlanýar. Şeýdip, durmuş ýolum etapma-etap bolup hatar tutýar-da, hakydama gelip-geçip dur.

– Siz şolary göz öňüne getirip bilýäňizmi?

– Niresini?

– Hatar tutup, yzygiderli gelip-geçip duran tutuş geçmişiňizi?

– Az-owlak aralary kesilýär diýäýmeseň, görýärin – diýip, men öz ýagdaýymy boýnuma aldym.

– Eşitdiňizmi?! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç ýeňijiler kimin seslendi. – Nazwanow birnäçe minutyň içinde durmuş ýolunyň hemmesini hakydasynda aýlap bildi. Emma keşbiň durmuşyny gurnanda üç sagatlyk tomaşany weli, şeýle tiz ýatlap bilmez.

– Men durmuşymyň hemmesini ýatlamadym-a, men onuň diňe käbir pursatlaryny ýatladym.

– Siz ýaşan ömrüňiziň iň wajyplaryny hakydaňyza getirdiňiz. Keşbiň durmuşyny hem dolulygyna ýaşap geçiň, goý, ondanam iň wajyplary hakydaňyzda galsyn. Siz näme üçin bu işe kyn diýdiňiz?

– Sebäbi durmuş hakykatynda pursatlar öz-özünden adaty ýagdaýda döreýärler. Keşbiň ýagdaýlaryny bolsa, artistiň özi toslap tapyp döretmeli bolýar. Ine, şonuň üçinem bu iş örän kyn we çylşyrymly.

– Durmuş hakykatynda bu işiň çylşyrymly däldigine, ynha, siziň basym gözüňiz ýeter. Eger-de men size, göz öňüne getirýän zatlaryňyzy yzygiderli peýdalanmaly diýmän, kalbyňyzdaky duýgulary we başdan geçirmeleri yzygiderli peýdalanyň diýäýsem weli, ine, bular ýaly işi etmek diňe bir kyn ýa-da çylşyrymly bolman, asla edip bolmajak ýumuş bolardy.

– O näme üçin? – diýşip, okuwçylar aýdylana düşünmediler.

– Sebäbi diýseň, biziň kalbymyzdaky duýgular we başdan geçirmeler ýanbermez, durnuksyz, ynjyk we olar durnukly ýagdaýa boýun bolmaýarlar, ýagny aktýorlaryň dili bilen aýdanymyzda, olary kesgitli ýagdaýa salyp ulanmagam, kebşirläp ulanmagam mümkin däl. Olary görmek kyn däl. Olaryň keşbi

ýeňillik bilen biziň göz öňümizde galýarlar, soňra bolsa, göz öňümizde ýaňadan janlanýarlar.

Bulardan başga-da, bize hyjuwly duýgymyzyň hödürleýän düşnüksiz keşplerinden biziň göz öňüne getirýän arzuwymyz, özüniň düşnüksizdigine garamazdan, durmuş hakykatyna has golaý. Eger-de «arzuw» diýen düşünjäni şeýle ýagdaýda alanymyzda, olary duýup, elläp, görüp bolýar.

Goý, ulanyp boljak, ulanmaga gaýym, göz öňüne getirýän keşplerimizi janlandyrmaga we berkitmäge kalbymyzdaky duýgularymyz hem öz kömegini ýetirsin.

Goý, biziň göz öňüne getirýän zatlarymyz pýesanyň talap edýän keşplerine görä, arzuw edýän hal-ýagdaýymyza laýyk goldaw bersin.

Goý, olar bizde oňat hereketleri oýarsyn, şolara laýyk başdan geçirmelere gaplasyn. Hut şonuň üçin hem bize her bir keşbimiz üçin ýönekeý däl-de, janlandyryp boljak «hödürlenen ýagdaýlar» gerek – diýip, mugallym düşündirişini soňlady.

Men düşündirişiň kemini goýman öwrenmek üçin seslendim. – Diýmek, eger-de men Otellonyň durmuşynda bolan pursatlaryň hemmesini göz öňüne getirip, olaryň yzygiderliligini içki dünýämde gurnasam we şonuň yzygiderliligini saklap, içki dünýämiň görşi dek beýan edibersem...

– Onsoň – diýip, Torsow meniň pikirimi dowam etdi, – siziň döreden, göz öňüne getirip janlandyryp boljak şekilleriňiz pýesanyň gudratly «eger-desini» we «hödürlenen ýagdaýlaryny» dogry beýan etse, seniň hal-ýagdaýyňy we duýgularyňy keşbe laýyk oýarmaga çagyrsa, onda siz her sapar göz öňüne getiren şekilleriňiziň täsirine düşüp bilersiňiz. Şeýle bolanda, siz içki dünýäňizdäki şekillere ser salyp, her sapar Otellonyň keşbindäki duýgulary ýerine ýetireniňizde olara dogry amal edersiňiz.

– Haçanda şekilleriň yzygiderliligi gurnalansoň, ony öz kalbyň içinden geçirmek kyn däl-le. Meseläniň kyn ýeri, şekilleriň yzygiderliligini gurnamakda – diýip, men bu düşünjäniň düýbüne çuň aralaşamaga synandym.

– Bu meseläni indiki sapaga goýýarys – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyndan çykyp barýarka aýtdy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Geliň, arzuwlarymyzy göz öňüne getireliň-de, olaryň kinoýazgysy ýaly yzygiderliligini gurnalyň! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç bize iş hödürledi.

– Biz näme hakynda arzuw etmeli? – diýip, okuwçylar Torsowdan soradylar.

– Men ýörite hereketsiz temany saýlamakçy. Sebäbi hereketli tema öz-özünden hereket etmäge hemaýat berýär. Ol hatda hiç hili kömege mätäç bolmaýar. Hereketsiz tema bolsa, onuň tersine, siziň hyýalyňyzy oýarmagy talap edýän işlere itergi berýär. Meni şu mahal siziň işjeňligiňiz gyzyklandyrmaýar. Meni siziň

taýýarlyk işlerini ýerine ýetirişiňiz gyzyklandyrýar. Ine, şonuň üçin hem men hereketi örän az temany saýlaýaryn we siziň ýere köküni gaýym urup, ösüp oturan daragtyň durmuşynda ýaşamagyňyzy talap edýärin – diýip, Torsow talabyny düşündirdi.

– Örän gowy! Onda men ýüz ýaşly dub agajy! – diýip, Şustow şobada agaja öwrülermen boldy.

Ol oýurganyp durşuna birden:

– Dogrusy, men agaç diýsemem, meniň agaç bolup biljegime ynamym ýok – diýip hümürdedi.

– Onuň ýaly bolsa, siz özüňize şeýle diýiň: «Bu men, eger-de men dub agajy bolanymdan soň, meniň içimde we daşymda, eger-de şeýle-şeýle ýagdaýlar bolup duran bolsa, men näme ederdim?» – diýip, Torsow oňa goltgy berdi.

– Emma... – diýip, Şustow Torsowa ynanmazçylyk etdi – nädip gymyldaman, bir duran ýeriňde hereket edip bolar?

– Siz, elbetde, ýöräp ol ýerden beýleki ýere geçip bilmersiňiz. Ýöne beýle hereketlerden başga-da hereketler bar ahyryn. Şol hereketler siziň hyýaly duýgularyňyza geler ýaly, ilkinji nobatda, özüňiziň nirede durandygyňyzy anyklamagyňyz gerek. Dagyň depesindemi, jülgedemi, tokaýdamy? Sizi haýsy ýer has beter tolgundyrýan bolsa şony saýlaň.

Alp dagynyň bir ýerinde ösüp oturan agaç Şustowyň göz öňüne geldi. Agajyň sol tarapyndan uzak aralykdaky gadymy gala görünýär. Onuň töwerek-daşy giden meýdan. Dag gerişlerinde gar ýatyr. Agaja ýakyn ýerleri bolsa, depesinden seredeniňde deňiz tolkunlary doňup galan dek alaňlyklar tutýar. Käýerlerde kiçijik obajyklar bar.

– Indi, siz aýdyň, ýakynyňyzda nämeleri görýärsiňiz?

– Men edil düýbümde ösüp oturan, gür ýaprakly çybyklarymy, şahalarym gymyldan mahaly olaryň uly ses edip çaýkanýandyklaryny görýärin.

– Dogry, heý-de ony görmän bolarmy! Şemal ýygy-ýygydan siziň depäňize degip geçýär.

– Men şahalarymda, nähilidir bir hili guşlaryň höwürtgesini görýärin.

– Bu siziň ýalňyz bolmazlygyňyz üçin oňat zat.

– Ýok, bu ýerde gowulyk gaty az. Bu guşlar bilen bile ýaşamak kyn. Olar ganatlaryny ýaýyp goh edýärler. Meniň şahalarymy çüňkleri bilen çokjalaýarlar, kähalatlarda bezzatlyk edip özara uruşýarlar. Bu bolsa meniň lapymy keç edýär... Meniň ýanjagazymdan çeşme akyp geçýär. Ol meniň gowy görýän dostum we söhbetdeşim. Ol meni ýalňyzlykdan halas edýär – diýip, Şustow hyýalynda göz öňüne getirýän suratlaryny aýdyp, sözüni dowam etdi.

Torsow onuň bu hyýaly ýagdaýda göz öňüne getirip gurnaýan durmuşynyň her bir bölejik zatlaryna çenli jikme-jik düşündirdi.

Arkadiý Nikolaýewiç soňra Puşine ýüzlendi.

Puşin iň bir ýönekeý, uly hyýaly ýagdaýlary talap etmeýän, hemmelere gowy mälim hem-de ýatlan dessiňe pikiriňi oýandyrýan zada ýapyşdy. Puşinde «hyýaly ýagdaý» gaty ösen däl. Ol özüne Pýotryň seýilgähindäki daşy bag-bakjaly howly jaýyny saýlap alyp, şoňa öwrüldi.

– Siz nämeleri görýärsiňiz? – diýip, Arkadiy Nikolaýewiç ondan sorady.

– Pýotryň seýilgähini.

– Pýotryň seýilgähini tutuşlygyna-ha görüp bilýän dälsiňiz. Öz howly jaýyňyz üçin seýilgähiň bellibir bölegini saýlap tutuň... Ýeri, bolýar, öz alnyňyzda näme görýärsiňiz?

– Daşy germewlenen howlyny görýärin.

– Nähili howly?

Puşin sesini çykarmady.

– Howly nämeden gurlupdyr?

– Egreldilip ýasalan demirden.

– Nähili şekil ulanylypdyr? Maňa şonuň suratyny çekip beriň.

Puşin barmagy bilen stoluň üstünde bir zatlaryň şekilini çekdi. Onuň bu bolşy edýänlerini edil ýap-ýaňy pikirlenip tapandygyny mese-mälim görkezip durdy.

– Düşünmeýärin! Aýdyňrak çekiň – diýip, Torsow başardygyndan talybyň hakydasyndaky göz öňüne getirýän hyýaly kartinalaryny doly beýan etmegine goldaw bermäge çalyşdy. – Ýeri, bolýar, gowy... Bar, aýdalyň, siz şol zatlary gördüňiz diýeliň... Siz indi, maňa aýdyň, howlynyň daşynda nämeleri görýärsiňiz?

– Uzalyp ýatan ýoly.

– Ol ýoldan kimler ýöräp barýar?

– Şäheriň daşyndaky jaýlarda ýaşaýanlar.

– Ýene kimler?

– Adamlary gatnadýanlar.

– Ýene?

– Ýük çekýän arabakeşler.

– Ýene kimler gara ýol bilen barýarlar?

– Atlylar.

– Belki, tigirli adamlardyr?

– Ana-ana, hawa! Tigirli, awtomobilli...

Puşiniň öz hyýaly duýgularyny azara-da goýjak bolmaýandygy bes-bellidi. Eger talyba derek Torsow işlejek bolsa, onda beýle zoraýakdan arzuw beslemekden ne peýda?

Men şu ikirjiňlenmämi Torsowa aýtdym.

– Meniň okuw usulyýetimde okuwçynyň «hyýaly duýgularyny» işletmek üçin birnäçe ýollarym bar, şolary belläň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç maňa jogap berdi. – Haçanda okuwçynyň «hyýaly duýgulary» işjeňligini peseltse, men oňa ýönekeýje sowallary berýärin. Size ýüzlenemsoň, soraga jogap bermän bolmaýar. Şonuň üçin talyp jogap berýärkä soragdan dynmak üçin kellesine gelen zady aýdyp goýberýär.

Men beýle jogaby kabul etmeýärin, jogabyň ýerliksizdigini delillendirýärin. Onsoň talyp meniň talabymy bitirmek üçin öz hyýaly duýgularyny ukusyndan oýaryp, göz öňüne getirýän zatlaryny aýtmaly bolýar ýa-da beýnisine agram salyp, töwereginde bolup duran zatlary yzygiderli ýagdaýda beýan edip jogap bermeli bolýar.

Hakydaňyzdaky hyýaly duýgularyňyz ýygy-ýygydan akyl we düşünjeler arkaly ugrukdyrylýar hem-de taýýarlanylýar. Ine, talyp ahyry öz «hyýaly duýgusynda» näme-de bolsa bir zady göz öňüne getirdi: onuň göz öňünde şekilleriň birnäçesi janlandy. Az wagtlyk hem bolsa, arzuw-hyýalyň yzygiderliligi düzüldi.

Men şundan soň başgarak soraglary berip, ýene-de şol keşpleriň okuwçynyň «hyýaly duýgularynda» galmagyny gazanmak isleýärin. Şonda okuwçyda «hyýaly duýgularyň» döreden şekilleriniň eýýäm berkän yzygiderliligi döreýär.

Men ol şekilleriň döremegine itergi berýärin. Üçünji sapar şeýtsem, okuwçynyň hakydasynda ol şekiller uzak wagtlyk galýar. Şeýdip men itergi berip, okuwçynyň arzuwyny täzeden döreýän şekiller bilen baýlaşdyryp, onuň hakydasynda bellibir durmuşyň dolulygyna göz öňüne gelmegini gazanýaryn.

Goý, ol häzirlikçe täsin bolmasyn. Okuwçynyň eýýäm içki dünýäsinde şol zatlaryň yzygiderliligi saklansa ýagşy. Ol bir sapar «hyýaly duýgusyny» oýatmagy başaran bolsa, ikinji, üçünji sapar hem oýadar. Gaýtalamak işi ýatda saklamak üçin uly mümkinçilik döredýändir. Okuwçy gaýtalap-gaýtalap öz hakydasynda galar ýaly edýär.

Emma şekilleriň sypjygy hem bolýar. Olar aňsat ýatda galmaýar. Beýle ýagdaýda, Torsowa okuwçynyň özi jogap bermeli bolýar. Eger-de Torsowyň aýdanlary talyba ýarasa, onda aýdylanlary talyp özüne kabul edýär. Emma şol bir wagtyň özünde-de talyp özüçe bir zatlary şol aýdylanlara goşýar. Eger-de talyba Torsowyň aýdanlary ýaramasa, onda ol aýdylanlary öz islegine görä üýtgedip kabul edýär. Şonda-da talybyň göz öňüne bellibir şekiller toplumy gelýär. Şeýdip, durmuşyň bellibir ýagdaýynyň keşpleriniň yzygiderliligi düzülýär... Görýän weli, bu eden işimiziň netijesi siziň islegiňizi oňat ödäp bilmedi öýdýän?! Nätjek-dä, şeýle-de bolsa çar tarapdan aýdylan pikirlerden dörän arzuw yzygiderliligi nähilidir bir peýdaly zady berip biler.

– Ol peýdaly zat nämekä?

– Iň bärki peýdaly zat, delilini döretmekçi bolýan durmuşyň keşplerini göz öňüne getirmek arzuwynyň «umumanlyk» derejesinde bolman, düşnüksizrägem bolsa, kesgitliräk ýagdaýda bolmagydyr. Biziň işimizden soň näme-de bolsa bir zatlar aýdyňlaşyp göze göründi. Torsow bilen režissýor şeýdip işleseler, sungatda çigit eker ýaly täze ýer açaýmagy hem mümkindir. Bu şol göze ilmeýän, ýüzüne ajaýyp keşbi çekip boljak tarp ýer.

Bulardan başga-da, meniň gollanmamdaky «hyýaly ýagdaýda» göz öňüne getirmek meselesini öwrenmek üçin talybyň bilini berk guşamagyna itergi berýän usullar bar. Gollanmamdaky soraglar talybyň «hyýaly duýgusyny» oýadyp akylyny işletmäge şert döreder. Şeýdip sypjyk, tagaşyksyz göz öňüne getirmek usulynyň garşysyna göreşmek endigi dörär. Bu bolsa eýýäm uly iş.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Bu gün hem Arkadiý Nikolaýewiç hyýaly ýagdaýda göz öňüne getirmek dersini dowam etdi.

– Soňky sapagymyzda – diýip, ol Şustowa ýüzlendi – özüňiziň kimdigiňizi, arzuwyňyzda nirededigiňizi we daş-töweregiňizde näme görýändigiňizi maňa aýtdyňyz... Indi siz maňa aýdyň: garry dub agajy bolup durkaňyz içki duýgyňyz bilen nämeleri eşitdiňiz?

Şustow ilki sesini çykarmady, diýmek, ol hiç zat eşitmeýän borludy.

Torsow oňa guşlar, olaryň ketekleri, jürküldili gohlary barada ýatlatdy we bu aýdanlaryna ýene-de özünden käbir zatlary goşdy:

– Sen daşyňy gurşap alan dag jülgesinden nämeleri eşidýärsiň?

Şustow şundan soň goýun sürüsiniň mäleşýän, sygyrlaryň molaşýan, jaňjagazlaryň, çopanyň tüýdüginiň seslerini, ýer işläp ýadan aýallaryň dubuň kölegesinde dynç alýarkalar edýän gürrüňlerini eşidýändigini aýtdy.

– Indi, siz aýdyň, şol görýän we eşidýän zatlaryňyz siziň hyýaly duýgularyňyzda näwagt bolup geçýär? Haýsy taryhy eýýamda? Haýsy asyrda?

Şustow feodalizm döwrüni saýlap aldy.

– Bolýar. Eger-de siz şeýle döwri saýlap alan bolsaňyz, haýsy-da bolsa şol döwre laýyk gelýän bir ýa-da birnäçe sesleri eşidýäňizmi?

Şustow az salym sesini çykarman pikirlendi-de, gezende aýdymçynyň sesini eşidýändigini aýtdy. Ol aýdymçy-munnezinger (orta asyrda nemes aýdymçylaryna şeýle at beripdirler (Ожегов С.И. Словар русского языка. Москва Р.Й.1983)) (19) golaýdaky goňşularynyň baýramçylygyna barýar. Ol dubuň aşagynda, çeşmäniň başynda dynjyny alýar, ýuwunýar we baýramçylyk lybaslaryny geýinýär. Şeýdip ol öz çykyşyna taýýarlanýar. Şu ýerde öz arfa saz guralyny düzýär we bahar paslyny, söýgini arzuwlap küýseýändigni beýan edýän heňlerine iň soňky taýýarlyk görýär.

Biz dynç alyp-almankak Arkadiý Nikolaýewiç täze sorag bilen Şustowa ýüzlendi:

– Näme üçin?

– O nähili näme üçin? – diýşip, biz bu soraga düşünmedik.

– Şustow näme üçin dub agajy? Näme üçin ol asyryň ortasynda dagda ösüp otyr?

Torsowyň bu soraga uly many beresi geldi. Bu sowala jogap bereniňde, mugallymyň aýtmagyna görä, arzuwlaryňy geçen durmuşyňda gadymdan galan «hyýaly duýgularyňyzda» göz öňüne getirip, ulanyp bolýar.

– Siz näme üçin bu meýdanda ýalňyz ösüp otyrsyňyz?

Şustow dubuň geçen durmuşyny beýan edende şeýleräk ýagdaýlary aýdyp berdi. Birmahallar töwerekdäki belentlikler gür tokaýlyga bürenip otyrdylar. Meniň ýakynymda ýerleşen galanyň eýesi soltan özüniň feodal goňşusynyň, ýagny meýdanyň beýleki tarapyndaky galanyň serkerdesiniň basybalyjylykly çozuşlaryndan goranmaly boldy. Tokaý serkerdesiniň goşunyna hem galkan, hem-de gaçybatalga bolup hyzmat edýärdi. Şonuň üçin tokaýy ýakyp, çapyp ýok etdiler. Diňe äpet dub agajyny– kölegesinde ýer astyndan çeşme çogup çykýan daragty goýdular. Eger-de çeşmäniň suwy kesilse, soltanyň mallarynyň suwsuz galjagy ikuçsuzdy.

Torsowyň beren näme üçin diýen soragy özüne jogap tapdyrman, bizi dymmaga mejbur etdi.

– Men siziň kyn güne düşeniňizi bilýärin. Sebäbi gürrüň agaç hakynda barýar. Ýöne, umuman aýdanyňda, näme üçin? – diýen soragda uly many ýatýar. Ol bizi maksadymyzyň gözlegine tarap itekleýär. Maksadymyz bolsa bizi geljekde boljak zatlary saýlamaga işjeň gatnaşdyrýar. Elbetde, agaçda maksat bolup bilmez. Emma ol näme-de bolsa bir zadyň manysyny özünde jemläp biler. Näme-de bolsa bir maksat bilen bir zada gulluk edip biler.

Şustow bu aýdylanlara jogap tapdy; dub agajy şu ýerlerde iň beýik nokat bolup hyzmat edýär. Özem ol duşmanlardan goranmak üçin garawul diňi bolup biler. Bu meselede daragt özüne uly hormat goýar ýaly işleri etdi. Şonuň üçinem ýakyndaky obalarda oňa uly sarpa goýulýar. Onuň şanyna her baharda baýramçylyk dabarasyny geçirýärler. Feodal soltanyň hut özi bu baýramçylyga gelip, şakäsäni pürepürläp çakyr içip gidýär. Dub agajyny güller bilen bezäp, onuň daşynda aýdym aýdýarlar, tans edýärler.

– «Hödürlenen ýagdaýlar» ýola düşüp, ýuwaş-ýuwaşdan biziň hyýaly duýgularymyzda oýanandan soň, işiň başyndaky duýgularymyz bilen onuň häzirki ýeten derejesini deňeşdirip göreliň. Deslapky işlenilmedik fotosurat ýaly biziň hyýaly duýgularymyz dag meýdançasyndaky agaç meselesinde umumydy, bulaşykdy. Indi edilen işleriň netijesinde bu mesele aýdyňlaşdy. Size dub agajynyň nirede, haçan, näme üçin, näme sebäpli ösüp oturandygy düşnükli boldy. Siz eýýäm onuň şu wag-

ta çenli ýaşan durmuşynda ýok zatlarynyň çägini hakydaňyzda tapmagy öwrendiňiz. Aýagyňyzy nämä diräp şeýle işleri etmelidigiňize düşündiňiz. Siz akylyňyzy ulanyp ýaşamagy öwrendiňiz.

Emma bu az.

Sahna meýdançasynda hereket etmek gerek. Ony bolsa maksat goýmak we şol maksadyň amala aşmagy üçin çalyşmak ýoly bilen edip bolýar. Bu ýoly geçmek üçin gudratly «eger-de» bilen «hödürlenen ýagdaýa» laýyk gelýän tolgundyryjy «hyýaly duýgulary» oýarmak gerek.

Emma Şustow bu aýdylýan zatlary tapmady.

– Siz özüňize sorag beriň-de, şol soraga çynyňyz bilen jogap beriň: sizi nähili waka, hyýaly duýgyňyza gelýän betbagtçylyk geleňsiz ýagdaýdan çykaryp gorkuzar, tolgundyrar, begendirer? Özüňizi dag meýdançasynda duran ýaly duýuň hem-de bir pursat şeýle ýaşaň-da, men şu ýeriň eýesi diýip özüňizi ynandyranyňyzdan soňra soragyňyza jogap beriň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç masalahat berdi.

Şustow talabalaýyk hereketleri etjek boldy. Emma onuň işi başa barmady.

– Eger-de ýagdaý şeýle bolsa, onda berlen ýumşy aýlawlyrak, başga bir täriň kömegi bilen çözmäge çemeleşeliň. Ýöne bu işi etmek üçin siz ilkinji nobatda nähili ýagdaýy has ýiti duýýandygyňyzy aýdyň. Sizi näme ýygy-ýygydan tolgundyrýar, gorkuzýar, begendirýär? Men bu arzuw edýän temamyza degişli däl ýagdaýdaky bolşuňyzy soraýaryn. Bize özümize golaý duýgulary bilip, soňra arzuw edýän zatlarymyzy şoňa laýyk getirmek ýeňil düşer. Şeýlelikde, hany aýdyň, öz tebigatyňyza gyzykly, laýyk gelýän häsiýetler nämeler? (19).

– Meni islendik göreş tolgundyrýar. Meniň parahat häsiýetim bilen şu aýdanymyň laýyk gelmeýändigi sizi geň galdyrmaýarmy? – diýip, Şustow az-owlak oýlanansoň sorady.

– Gördüňizmi?! Şeýle bolsa duşmançylykly çozuşlary alyp göreliň: soltanyň goşuny öz duşmany feodal baýyň üstüne çozmak üçin gelýär. Olar, anha, siziň ösüp oturan belentligiňize dyrmaşyp başladylar. Naýzalar ýalpyldaşýarlar. Daş zyňyp galalary ýykýan enjamlar jaýyrdaşyp ses edýärler. Duşman seniň üstüňde garawulyň oturýandygyndan habarly. Sizi kesip taşlarlar-da, oda ýakarlar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuwçyny howsalaly ýagdaýa saldy.

– Meni beýtmek olara başartmaz! – diýip, Şustow dessine garşy çykdy. – Meni ýakyp bilmezler. Men gerekli. Biziňkiler ahmal däl. Olar eýýäm meniň ýanyma ylgap gelýärler. Atlylar bolsa meniň ýanyma at saldylar. Garawul her dem salymdan biziňkilere habar ýetirip dur...

– Basym bu ýerde söweş başlanar. Size we siziň garawulyňyza tarap ujy otly peýkamlar atylar. Ol peýkamlaryň käbiriniň ujuna ýelmeşegen şepbik çalnan... Şeýle ýagdaý durmuş hakykatynda bolaýan bolsa siz näme ederdiňiz. Entek giç bolmanka pikirleniň we göreşiň!

Şustowyň içki duýgularynyň «hödürlenen ýagdaýdan» çykalga agtarýany mesaňa göze ilip durdy. Ony şeýle ýagdaýa Torsowyň gudratly «eger-desi» salypdy.

Şustow hiç hili çykalga tapyp bilmeýändigine içiniň ýangynjyna:

– Köküni ýere urup, hiç tarapa süýşüp bilmeýän agaç näme edip bilsin? – diýip jedirdedi.

– Siziň tolgunmaňyz maňa ýetik boldy – diýip, Torsow öz talybyna göwni ýetijilik bilen aýtdy. Meseläniň çözgüdi ýok. Herekete gelip bilmeýän temany size hödürländikleri üçin siziň günäňiz ýok.

– Siz onda beýle temany näme üçin berdiňiz? – diýşip, biz Torsowyň bu eden işine düşünmedik.

– Herekete gelip bilmeýän temalaryň hem herekete çagyrmak üçin hyýaly duýgularyňy tolgundyryp, oýaryp, olara täsir edýändigini siziň bilmegiňiz gerek. Muny size düşündirmek üçin şeýle temany hödürledim. Ýöne biziň arzuwa gaplanmak üçin eden ähli maşklarymyzyň baş maksady materiallaryň we keşbiň içki duýgynyň kömegi (20) bilen görmegiň, kinoýazgysy ýaly yzygiderli döreýändigini hem-de size kyn bolup görnen bu işleriň känbir müşgil we çylşyrymly däldigini düşündirmekden ybaratdy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç şu günki sapakda artiste hyýaly ýagdaýlarda göz öňüne getirmek duýgularynyň diňe keşbi döretmek üçin däl-de, öňki ýerine ýetirip ýören keşbine täze öwüşginleri çaýmak üçin hem zerurdygyny düşündirip ýetişdi. Bu wezipe keşbe täzelikleri salmak bilen ýa-da iň bolmanda, keşbiň bölejiklerini täzeden işlemek arkaly çözülýär.

– Siz bu aýdanlaryma tejribe işlerinde has gowy düşünersiňiz. Geliň, siziň doly ýerine ýetirmän, zaýalan etýudyňyzy alyp göreliň. Men «Däli» okuw sahna işiňiziň gürrüňini edýärin. Şony täze pikirler bilen işläliň.

Biziň hiç birimizde-de täze pikir döremedi.

– Diňläň – diýip, Torsow bize ýüzlendi –siz gapynyň daş ýüzünde duran kişiniň erbet dälidigini nireden bildiňiz? Size Maloletkowa aýtdymy? Dogry, ol gapyny açanda gapyda öýde öňki ýaşan adamy gördi. Şol adamyň dälirändigniň we ony hassahana alnyp gidilendigniň gürrüňi edildi. Siz gapyny açylmaz ýaly berkidýärkäňiz Goworkow hassahana jaň edip, hassanyň ýagdaýyndan habar alyp ýetişýär. Hassahanadakylar ol kişiniň däli däldigini, gereginden artyk içip serhoş bolandygyny we serhoşlykdan aňyny ýitirende guragyry keseliniň gozgandygyny aýdýarlar. Onuň şu mahal sagalyp, hassahanadan öýüne gelip durşy ekeni. Ýöne kepilnamanyň ýalňyş bolmagy-da mümkin. Lukmanlaryň aýdanlarynyň nädürs bolmagy-da bolup biler... Siz şular ýaly bolsa näme ederdiňiz?

– Maloletkowa batyrgaý öýden çykyp, hökman onuň näme üçin gelendigini soramaly – diýip, Weselowskiý öz pikirini orta atdy.

– O nähili batyrgaýlyk! Gardaşjyklarym, meniň..., ýok, men başarman, ýok, ýog-eý! Gorkýan, waý-eý, ýok-ýo-ok!.. – diýip, Maloletkowa ýüzüni ak tam edip nalady.

– Puşin siz bilen gider. Ol daýaw – diýip, Torsow talyby köşeşdirdi. – Bir, iki, üç, başlaň! – diýip, ol işe ýolbaşçylyk etdi. – Täze ýagdaýlara üns beriň, içki çagyryşlaryňyza diň salyň we hereket ediň.

Biz çynlakaý tolgunyp, uly höwes bilen sahna işini ýerine ýetirip, Torsowyň hem-de sapagymyza gatnaşýan Rahmanowyň berekellasyny aldyk.

Torsow sapagyň soňunda döredijilik «hyýaly duýgynyň» döremeginiň we ösmeginiň esasy sebäplerini düşündirip, bu işiň käbir ösüş ýollaryny tekrarlady-da, öz pikirini şeýle sözler bilen jemledi:

– Islendik hyýaly toslama takyk ýagdaýda berk esaslanan we gutarnykly jemlenen bolmalydyr. Kim, nirede, haçan, näme üçin, nämä gerek, nähili diýip, «hyýaly duýgyny» oýarmak üçin, öz berýän soraglarymyz bolaýjak, şol bir wagtyň özünde-de bolmazlygy hem mümkin durmuşyň ýuwaş-ýuwaşdan doly keşbini döretmäge sebäp bolýarlar. Duýgularyň her hili soraglary bermäniňde-de, kelläňe agram salmanyňda-da, öz-özüniň hyýaly ýagdaýy döredip gidýänleri-de bolýar.

Hatda tema berlende-de, şol tema bagly «hyýaly duýgynyň» işjeňligini oýaryp bolmaýandygyny siziň özüňiz gördüňiz. Hyýaly ýagdaýda hemme tarapdan berk oýlanyşykly berlen temasyz, «umumy» maksat bilen arzuw etmek manysyzdyr.

Emma haçanda hyýaly toslamalar paýhasyň kömegi bilen döredilende soraglaryň jogaplary, many meselesinde örän ýöntem we aşa sada bolsa, onda hyýalymyzda gurnaýan durmuşymyzyň keşpleri solak döreýär. Beýle ýagdaý sahna işi üçin ýeterlik däl.

Sebäbi artist adamyň toslamalara baglanan we ynanan duýgusy joşup, onuň diňe bir psihikasy däl, eýsem, bütin fiziki ýagdaýy artisti ýerine ýetirýän keşbine siňip gider ýaly ýagdaýa salmalydyr.Munuň üçin näme etmeli? Size tanyş, öz bilýän soragyňyzy özüňize beriň:

«Meniň hyýaly duýgym bilen tapan toslamam durmuş hakykaty bolsa men näderdim?» Siz eýýäm öz bilýän tejribäňizden mysal alyp, bu soraga artistlik tebigatyňyzyň iş hereketi bilen jogap berersiňiz. Iş hereketi bolsa, siziň hyýaly duýgyňyzyň oýanmagyna uly mümkinçilik döreder.

Goý, siz entek şol iş hereketini durmuşa geçirip bilmeseňiz bilmäň, ýöne ol, şübhesiz, geljekde gerek hereketlere çakylyk bolar.

Emma şu çakylyk, siziň diňe psihiki ýagdaýyňyza däl, fiziki ýagdaýyňyza-da öz täsirini ýetirmelidir. Şeýle duýgy-toslamalarymyzyň döremeginiň ýoluny berkidýär. Göze ilmeýän we elläp bolmaýan arzuw, göze ilmeýän we elläp bolmaýan durmuş hakykatynyň çyn iş hereketlerini, adam ygtyýarlygy bilen däl-de, öz islegi

bilen hem hyýaly duýgyny oýatmaga mümkinçilik döredýändigine akyl ýetirmek zerur. Bu başarnygymyzyň psihotehnikamyzy ulanmakda uly ähmiýeti bardyr.

Meniň indiki aýtmakçy bolýan zatlarymy uly üns berip diňläň we olary unutmaň:

Sahnada edýän her bir hereketiňiz, her bir aýdýan sözüňiz hökmany suratda hyýaly duýgynyň dogry gurnan durmuşynyň netijesi bolmalydyr. Siz sahnada mehaniki ýagdaýda haýsy-da bolsa bir topbak sözleri aýdan bolsaňyz ýa-da iş hereketlerini ýerine ýetiren bolsaňyz kimdigiňizi, nireden gelendigiňizi, näme üçin gelendigiňizi, size näme gerekdigini, bu ýerden nirä gitjekdigiňizi, baran ýeriňizde näme etjekdigiňizi bilmelisiňiz.

Eger-de şu aýdylanlary bilmeseňiz, siz hyýaly duýgyňyzy ulanmadyk artist bolarsyňyz. Şeýle artist sahnada az ýa-da köp wagtlap diňe mehaniki ýagdaýda tow berlen gurjak ýaly öz keşbini ýerine ýetirýändir.

Eger-de men sizden şu mahal iň ýönekeý zady sorasam, ýagny «Şu gün howa sowukmy ýa ýok?». Siz şu soragyma «sowuk, ýyly, üns bermedim» diýlen jogaplary bermänkäňiz, daşaryny hakydaňyza getirersiňiz. Hakydaňyz bolsa öz gezeginde duýgyňyza täsir eder weli, duýgyňyz mekdebe gelýärkäňiz howa görä eden iş hereketleriňizi göz öňüne getirer. Siz diňe şondan soň, aýtmaly ýekeje sözi aýdarsyňyz. Şu işleriň hemmesi, göräýmäge, göz açyp ýumasy salymda bolup geçen dek görner we siz daşyndan pikir etmän, derrew aýdan ýaly görnerseňiz.

Emma siz aýdan sözüňizi hyýalyňyzda aýlap, duýup, göz öňüne getirip jogap berdiňiz. Şeýlelikde, sahnada ýekeje ädimiňiziň hem, ýekeje sahna işiňiziň hem mehaniki ýagdaýda bolmazlygy üçin, olary «hyýaly duýgyňyzyň» miwesine öwrüň.

Eger-de siz şu aýdýan düzgün-kadalarymyzy berk tutsaňyz, mekdepde geçilen maşklaryňyzy unutmasaňyz, nähili maksat bilen iş etseňiz-de, siziň hyýaly duýgyňyz ösmek we berkemek bilen bolar. Şu aýdanlarymyň tersine gaýdyp, sahnada iş hereketleriňizi sowuk-sala we geldi-geçer etseňiz, onda şeýle edähet derrew sizi eýelär hem-de siziň endigiňize öwrülip, eden işiňizde hyýaly duýgyňyzy oýatman, keşbiňizi mehaniki ýagdaýda ýerine ýetirmeli bolarsyňyz. Keşbe döredijilikli çemeleşip, söz bilen ýazylan drama eserini tutuşlygyna hyýaly duýgulara gaplap, sahnada ýerine ýetirmeli. «Hyýaly duýgyňyzyň» keşpleri ýaly, biziň içki dünýämizi ýyladýan, tolgundyrýan başga näme bolup biler?!

Biziň hyýaly duýgudan bary-ýogy onuň işjeňligini, okgunlylygyny, derrew oýanmagyny we geregiçe ösmegini talap edýäris. Şonuň üçin hem öz «hyýaly duýgyňyzyň» ösmegine gaty üns beriň, ony dürli ýagdaýlarda ösdüriň, mekdepde geçen maşklaryňyzyň esasynda, dürli sahna işleri arkaly gaýtalap duruň. Göçme manyly temalar bilenem işläň. Sahnada mehaniki ýagdaýda hiç bir işi etmezligi öz maksadyňyz edip goýuň.

# V. SAHNA SUNGATYNDA ÜNS

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Sapak «Maloletkowanyň öýünde» perdesi ýapyk sahna meýdançasynda geçdi.

Biz «Däli» atly okuw sahna işimizi we peç gyzdyrmak işini özünde saklaýan parçamyzyň üstünde gaýtadan işlemegi dowam etdik.

Arkadiý Nikolaýewiçiň kömegi bilen etýudy ýerine ýetirişimiz ugruna boldy. Özem hezil edip işledik. Şonuň üçin iki sahna işimizi hem ýene-de gaýtalamak isleýändigimizi mugallyma aýtdyk.

Men öz gezegime çenli diwara söýenägede dynjymy aldym.

Ine, şonda biziň garaşmaýan zadymyz boldy duruberdi: meniň golaýymdaky iki oturgyç hiç bir sebäpsiz ýykylyp gitdi. Men muňa örän geň galdym. Olara hiç kim el degirmese-de, olar ýykyldylar. Men ol ýykylan oturgyçlary galdyrdym. Olaryň ýanynda gyşaryp duran ýene-de iki oturgyjy sakladym. Şonda diwardaky inçejik jaýryk meniň gözüme ildi. Ol jaýryk barha ulalyp-ulalyp, diwaryň tutuş boýuna çenli ýetdi. Bu ýagdaý oturgyçlaryň näme sebäpden ýykylandyklaryna meniň gözümiň ýetmegine mümkinçilik berdi. Jaýyň diwary hökmünde ulanylan begres mata ýyrtylyp, öz badyna-da dürli zatlary ýerinden süýşüripdir hem-de ýykyşdyrypdyr. Kimdir biri perdäni açdy. Ine, şol alagaraňky sahna meýdançasyndan zalda Torsow bilen Rahmanowyň oturandyklary görünýär.

Sahna açylan badyna mende dürli özgerişler bolup geçdi. Ony näme bilen meňzetsemkäm?! Men aýalym bilen (aýalymyň bolan ýagdaýynda) myhmanhana otagynda ýerleşen diýip göz öňüne getiriň. Biz ýürekden gürrüň edişip, lybaslarymyzy çykaryp ýatmakçy bolýarys. Biziň özümizi alyp barşymyz islegimize kybapdaş. Birdenkä, şu çaka çenli biziň gözümize ilmedik ullakan gapymyz açylýar-da, alagaraňky otagara geçelgeden ýat kişiler – goňşularymyz bize seredýärler. Olaryň sany bize mälim däl. Alagaraňkyda her bir zat gözüňe köp bolup görünýär. Biz derrew turup, myhmanlar ýaly bolup, nägileligimizi bildirmän, geýinmek we daranmak bilen meşgul bolýarys.

Mende sen-men ýok ötgür häsiýetimiň hemme nurbatlary berkedi-de, irişmäm çekildi. Özümi şu çaka çenli öýli-işikli hasaplapdym. Emma şobada ýagdaýym üýtgedi-de, julsuz, gedaý galan adamlara öwrüldim.

Sahna meýdançasynyň bu uly gapysynyň pynhan duýgularyň üýtgemegine sebäp bolup bilýändigine geňler galaýmaly. Biz haçanda ýakymly myhman jaýyndakak esasy we esasy däl zatlaryň bardygyny duýmaýardyk. Nähili bolup dursaň-da, haýsy tarapa öwrülseň-de, göwnüme örän gowy bolup görünýärdi. Perdäniň

açylmagy bilen sahna meýdançasynyň zala bakýan tarapy esasy tarapa öwrülýär we sen şoňa laýyk özüňi alyp barmaly bolýarsyň. Bu ýagdaýy elmydama ýadyňda saklamaly we şol saňa seredilýän tarap bilen sazlaşykly hereket etmeli. Sahnada kim bilen iş salyşýanyň, ol kişiniň seniň bilen gatnaşygy gowumy ýa-da ýaramaz, onuň bilen gepleşmelimi ýa-da ýok, bular esasy zat däl. Esasy zat – sahnada ýok adamlar seniň aýdýanlaryňy eşider ýaly we näme edýänleriňi görer ýaly edip özüňi alyp barmak, alagaraňky zalda görünmän oturanlara täsir etmek.

Biz bilen ýap-ýaňy myhmanjaýda oturan mugallymlarymyz indi, tomaşa zalyna geçensoňlar biz üçin talapkär adamlara öwrülipdiler.

Edil şolar ýaly etýudda meniň bilen işlän ýoldaşlarym-da birden başga adamlara öwrüldiler. Diňe Goworkow sahna açylanda-da, ýapylanda-da şol bir ýagdaýynda galdy. Biziň ýerine ýetiren oýnumyzyň görkezilmelidigini aýtmak gerekmikä beri? Sebäbi ol görkezilmän galdy.

«Ýok, hakykatdanam, eger-de biz sahna bilen tomaşa zalynyň arasyny baglap duran perde syrylanda döreýän alagaraňky boşluga öwrenişmesek, şol alaň-açyklykda özümizi arkaýyn, ine-gana duýmasak, biziň artistlik kesbimiziň ýerinden gozganmajagy hak» diýip, men öz ýanymdan belli-külli netijä geldim.

Biz Şustow bilen bu mesele babatda özara pikir alyşdyk.

Şustow:

– Torsowyň düşündirişi bilen biz täze etýud eden bolsak, biziň ünsümizi tomaşa zaly bölmese-de bölmezdi – diýdi.

Men Şustowyň bu pikirini mugallyma aýdamda, ol şeýle diýdi:

– Bolýar, synanyp göreliň. Ine, size çakym çak bolsa, tomaşaçylar hakynda pikir etdirmejek, ünsüňizi özünde saklap biljek tragediýa: waka şol bize tanyş Maloletkowanyň öýünde bolup geçýär. Ol haýsy-da bolsa bir jemgyýetçilik guramasynda ykdysadyýetçi wezipesine bellenen Nazwanowa durmuşa çykypdyr. Bularyň ýaňyja dünýä inen ajaýyp çagalary bar. Ene bäbegini suwa düşürmek üçin gidýär. Nazwanow resmi kagyzlary tertipleşdirip, pullary sanaýar.Ýatda saklaň! Bular guramanyň kagyzlary we pullary. Nazwanow olary wagtynda taýýar etmänsoň, öz işleýän edarasyna, yzyna tabşyryp bilmändir. Stoluň üstünde pullardan ýaňa ýer ýok. Nazwanowyň ýanynda Maloletkowanyň garagol, samsyjak, küýküje oglan jigisi dur. Nazwanow pullara dolangy kagyzlary ýyrtyp, olary ýanyp duran peje oklaýar. Ol kagyzlar peçde lowlap ýanýar. Küýküje oglanjyga kagyzlaryň ýanşy geň hem gyzykly bolup görünýär.

On müňden gowrak puluň hemmesi sanalyp gutarýar.

Maloletkowa adamsynyň öz işini soňlanyny görüp, ony suwa düşýän bäbejigi synlamaga çagyrýar. Bäbejik goňşy otagdaky içi suwly legende suwa düşýär. Nazwanow bäbegiň ýanyna barýar. Küýküje oglanjyk bolsa Nazwanowa meňzejek bolup pullaryň daşyna dolanan kagyzlaryň galan käbir bölejiklerini peje atyp ýakýar. Pul petdeleriniň daşyna dolanan kagyzlaryň galyndylary tükenensoň, oglanjyk oda

pullary atýar. Görse, pullar kagyzlardan hem otda owadan ýanýar ekeni! Bu pişä gyzygan samsyjak pullaryň hemmesini, ýanynyň zerur resmi kagyzlary bilen peje ýeke-ýekeden oklap, olaryň ýanşynyň owadanlygyny hezil edip synlaýar.

Nazwanow iň soňky pul petdejigi ýanyp başlanda yzyna dolanyp gelýär. Näme bolup duranyna düşünen Nazwanow näme edýänini unudyp, küýküje oglanjyga tarap topulýar-da, güýjünde baryny edip küýküje oglanjygy itip goýberýär. Oglanjygyň maňlaýy pejiň daşyndaky demir gözenegine urlup, ol ýere ýykylýar.

Serinden azaşan Nazwanow ýanyp duran iň soňky pul toplumjygyny otdan almak üçin eýmenç gygyryp, özüni oda urýar.

Nazwanowyň aýaly ylgap otaga girýär. Ol pejiň ýanynda çalam-çaş bolup ýatan doganyny görýär. Ol bir bökende onuň ýanyna gelip, ony göterjek bolýar. Emma göterip bilmeýär. Maloletkowa doganynyň ýüzündäki gany görüp, suw alyp bermegini sorap adamsyna gygyrýar. Emma Nazwanowdan hiç hili jogap bolmaýar. Sebäbi Nazwanow aňyny ýitirýär. Bu ýagdaýy görüp, Maloletkowanyň özi suw getirmäge naharhana eňýär. Emma sähel salymdan naharhanadan onuň eýmenç sesi gelýär. Onuň durmuşynyň guwanjy bolan bäbejik, içi suwly legende suwa gark bolupdyr.

Eger-de şu pajygaly waka siziň ünsüňizi tomaşa zalyndan sowmasa, diýmek, siziň ýüregiňiz daşdan başga zat däl.

Bizi bu täze etýud özüniň melodramasy hem-de garaşylmadyk ýagdaýlary bilen diýseň tolgundyrdy. Ýöne görüp otursak, biziň ýüregimiz, dogrudanam, daşdan eken. Biz ol etýudy ýerine ýetirip bilmedik.

Arkadiý Nikolaýewiç bize «eger-däniň» kömegi bilen «hödürlenen ýagdaýy» nähili edip başlamalydygyny aýdyp berdi. Biz bir-birimize pajygaly waka degişli düşünjelerimizi aýtdyk. Ýöne bu gürrüňler hyýaly duýgynyň islegi bilen döreýän gürrüňler bolman, ony zoraýakdan toslamalary tapyp oýarmakçy bolup edilýän gürrüňler bolany üçin, hyýaly duýgymyz döredijilik maksatlaryna asla imrinmedi hem.

Tomaşa zalynyň özüne çekiji güýji sahnada boljak tragediýanyň pajygaly wakalaryndan güýçli çykdy.

– Beýle bolsa – diýip, Torsow başga maksat tutdy, –ýene-de tomaşa zalyndan bölünip aýrylalyň-da, bu pajygaly wakany perdäni ýapyp ýerine ýetireliň.

Perde ýapyldy weli, biziň göwnejaý myhman otagymyz gözümize yssy bolup göründi. Torsow bilen Rahmanow tomaşa zalyndan ýanymyza geldiler welin, olar hem biziň gözümize iň akgöwünli hossarlarymyz ýaly bolup göründiler. Biz keşpleri ýerine ýetirip başladyk. Okuw sahna işiniň parahat ýerleri bize başartdy. Emma haçanda sahna işiniň dartgynly ýerleri başlananda meniň öz ýerine ýetirişim göwnüme batmady. Men ol ýerlerini has çuň we giňişleýin ýerine ýetirmek isledim. Emma meniň duýgym hem-de hyjuwym bu işlerime ýetmedi. Men duýdansyz ýagdaýda dogry ýoldan çykdym-da, artistçiligiň özüňi görkezmek üçin peýdalanylýan ýoluna düşdüm.

Torsowyň kabul edişi meniň çakyma görä çykdy. Ol şeýle diýdi:

– Okuw sahna işiniň başynda siz dogry hereketleri etdiňiz. Emma soňuny welin, diňe özüňizi görkezýän hereketleriňiz bilen soňladyňyz. Sözi dogrulap aýdanymyzda, siz öz duýgyňyza zor saldyňyz. Gamletiň dili bilen aýdanymyzda, öz güýçli islegiňizi bölek-bölek etdiňiz. Şonuň üçinem, tomaşa zalyny biderek ýere bahana edýärsiňiz. Siziň sahna işini ýerine ýetireniňizde dogry ýaşamagyňyza diňe tomaşa zaly päsgelçilik döretmeýär. Sebäbi, perde ýapyk bolanda-da, siziň etýudy ýerine ýetirişiňiz gowulyga tarap üýtgemedi.

– Dogry, perde açyk wagty maňa tomaşa zaly päsgel berdi – diýip, men ýagdaýy boýnuma aldym. Perde ýapyk wagtynda bolsa maňa Iwan Platonowiç ikiňiz päsgel berdiňiz.

– Me saňa gerek bolsa!.. – Torsowyň meniň aýdanlaryma gülküsi tutdy. – Iwan Platonowiç! Işläp bilipdiris! Tomaşa zalyna meňzedik! Geliň, bulardan gaty göreliň-de, bu ýerden gideliň! Goý, olaryň ýeke özleri oýunlaryny oýnabersinler.

Arkadiý Nikolaýewiç bilen Iwan Platonowiç tragikomiki gadamlar bilen çykyp gitdiler. Beýleki talyplar hem olaryň yzyna düşdüler. Biz özli-özümiz bolup galdyk. Geliň hany, hiç hili päsgelçilik ýokka-da etýudy ýerine ýetirip göreliň.

Haýran galyp oturmaly! Biz özli-özümiz bolup etýudy ýerine ýetirenimizde-de ýagdaý düzelmedi. Meniň bar ünsüm sahna ýanýoldaşymda boldy. Men üns berip onuň keşbini ýerine ýetirişini synladym. Keşbiň bolmaýan ýerini tankytladym. Şeýlelikde, meniň özüm tomaşaça öwrüldim oturyberdim. Öz gezeginde, meniň bilen keşbini ýerine ýetirýän sahna ýanýoldaşlarym hem maňa dykgatly garadylar. Netijede, men hem tomaşaçy, hem-de özüni görkezmäge çalyşýan aktýor boldum. Ahyry bize keşbi ýerine ýetirmegiň içgysgynçlygy, gödekligi hem-de manysyzlygy mälim boldy.

Men tötänlikde aýna seretdim weli, öz bolşum maňa ýarady. Men öýde Otellonyň keşbini döretjek bolup eden işlerimi ýatladym. Ol işlerim hem edil şu günki etjek bolýan işlerime meňzedi, ýagny aýnanyň kömegi bilen öz keşbiňi özüňe görkezip işlemek. Maňa öz-özüňe tomaşaçy bolup seretmek gowy ýarady. Öz bolşuma ynam döredi.

Şustowyň «Torsow bilen Rahmanowy çagyryp, eden işimizi görkezeli» diýen pikirini goldadym.

Görüp otursak, olara görkezip oturmak gerek däl eken. Sebäbi olar gapyny sähelçe açyp, biziň öz aramyzda eden işlerimize seredipdirler.

– Sahnanyň perdesi açyk wagty etýudy ýerine ýetirişiňizden özli-özüňiz bolup ýerine ýetirişiňiz ýaramaz boldy. Sahna açyk wagty-da etýudy ýaramaz ýerine ýetirdiňiz. Ýöne onda özüňize erk etdiňiz. Özli-özüňiz galyp etýudy işläniňizde-de ýaramaz boldy. Ony özüňize göwnüýetijilik, gelişmeýän hereketler bilen ýerine ýetirdiňiz – diýip, olar aýtdylar.

Haçanda mugallym su günki sapagymyzyň netijesini jemlände: sahnanyň perdesi açyk wagty eden etýudymyzyň göwnejaý bolmagyna sahna meýdançasyny yşyklandyrýan çyralaryň aňyrsyndaky alagaraňky tomaşa zaly, perde ýapyk wagtynda bolsa otagda oturan Torsow bilen Rahmanow päsgelçilikleri döretdiler diýip nygtady. Şeýle hem ol özara taýýarlyk mahalynda hem tomaşaça öwrülen sahna ýoldaşymyň, soňra aýnanyň öňünde keşbimi diňe özüm üçin ýekebara ýerine ýetirenimde bolsa özüm öz tomaşaçyma öwrülip işlemegime ýol bermändigimi nygtady.

Şeýlelikde, nätseňem tomaşaçy päsgelçilikleri döredýän sebäbe öwrülýär duruberýär. Tomaşaçy bolmasa, keşbiňi ýerine ýetirmek ýürekgysgynç.

– Siz kiçijik çagalardan hem ýaramaz pikir edýärsiňiz! – diýip, Torsow bizi utandyrdy. Soňra ol sähel salym oýlanyp durdy-da, şeýle netijä geldi. – Nätjek-dä, az wagtlyk etýud meselesini goýbolsun etmeli we ünsümizi özüne çekýän meýdançalar meselesiniň üstünde işlemeli bolarys. Siziň häzirki düşen ýagdaýlaryňyzyň günäkärleri şolar... Indiki sapagymyzy şolardan başlarys.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Bu gün gelenimizde tomaşa zalynda görkezme tagtasynyň asylandygyny gördük:

## DÖREDIJILIKDE ÜNS

Gelşikli myhmanhana otagyny ýasap, dördünji diwar bolup duran perdäni açypdyrlar. Oňa ýaplanyp duran oturgyçlar aýrylgydy. Bize mähriban bolup görünýän otag özüniň dördünji diwaryndan mahrum bolup, hemmeleriň gözüniň öňünde tomaşa zaly bilen birleşipdir. Ol sahnada bina meýdançasyna öwrülip, özüniň gelşigini ýitiripdir. Sahna binalarynyň diwarlaryndan çyralar bezeg ýaly edilip sallanyşyp dur.

Bizi sahnanyň alnky uly perdesine golaý oturtdylar. Hopukdyryjy ümsümlik başlandy.

– Kimiň köwşüniň ökjesi döwüldi? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç garaşylmadyk soragy berdi.

Okuwçylar ünsüni öz köwüşlerine, ýoldaşlarynyň aýakgaplaryna jemlediler.

Torsow ýene sorag berdi:

– Şu mahal tomaşa zalynda näme bolup geçdi?

Biz näme jogap berjegimizi bilmedik.

– Näme üçin iň gohçul we başagaý adam – meniň kömekçim siziň gözüňize ilmedi? Ol resminama gol çekdirmek üçin meniň ýanyma geldi.

Görüp otursak, biz ony görmändiris hem.

– Ine, saňa täsinlik! – diýip, Torsow seslendi. – Bu nädip beýle bolduka? Onda-da perde açyk wagty! Tomaşa zaly meniň bar ünsümi çekip dur diýip, meni ynandyrjak bolan siziň özüňiz dälmi näme?

– Men köwşümiň ökjesine bar ünsümi berdim-dä – diýip, men özümi aklamaga çalyşdym.

– O nähili!? – Torsow öňküden-de beter geň galdy. – Garalyp duran, äpet uly gapydan kiçijik ökje ünsüňi jemlemek üçin güýçli bolup çykdymy? Diýmek, garalyp duran zala açylýan gapydan ünsüňi sowmak şeýle bir kyn däl eken-dä? Görüp otursak, munuň syry örän ýönekeýje ekeni: tomaşa zalyndan ünsüňi sowmak üçin sahnada edýän işiňe çyndan gyzykmaly.

Hakykatdanam, şeýle ahyry diýip, men pikir etdim. Men sähel salymjyk yşyklaryň aňyrsynda nämäniň bardygyna ünsümi sowsam, şolbada sahnada näme bolup durany ünsden düşýär.

Meniň şu mahal sahnada elinden çüýlerini gaçyran işçiniň oňa kömek berenimde aýdan gürrüňi ýadyma düşdi. Bu waka biziň görkezen sahna işimiziň taýýarlyk döwrüniň bir güni bolupdy. Men şonda işçi bilen çüý hakyndaky gürrüňe gyzygyp, garalyp görünýän tomaşa zalyny düýbünden unudypdym.

– Indi, düşünensiňiz diýip umyt edýärin – diýip, Torsow düşündirişini gysgajyk jemledi. – Artiste üns berer ýaly obýekt gerek. Özem ol tomaşa zalynda däl-de, sahna meýdançasynda bolmaly. Şol obýekt näçe gyzykly, özüne çekiji boldugysaýy, ol artistiň ünsüni özünde berk saklaýar.

Adam öz ünsüni nämedir bir zada sowman, bir minut hem ýaşap bilmeýär.

Şonda-da, haýsy obýekt özüne çekiji bolsa, şol obýekt hem ünsüň esasy merkezi bolýar. Artistiň ünsüni tomaşa zalyndan aýyrmak üçin sahnada gyzykly, diýseň özüne çekiji wajyp bir obýekti gurnamak gerek. Enäniň oýunjaklar bilen öz çagasynyň ünsüni nädip çekýändigini siz biýäňizmi? Şonuň ýaly artistiň hem ünsüni tomaşa zalyndan sowar ýaly oýunjaklara – öz nazaryny çekýän obýektlerine üns bermegi gerek.

«Şeýle-de bolsa, – diýip, men pikir etdim, – özüme gerek diýip, obýektleri güýç bilen sahna getirmegiň hajaty näme?! Sahnada obýektler ýeterlik bar ahyryn?»

– Eger-de men şahs bolýan bolsam, diýmek, mende ýok we maňa degişli däl zatlaryň hemmesi obýektlerdir. Mende ýok zatlar bolsa tutuş bir dünýä... Gör, näçe dürli-dürli obýektler bar!.. Olary täzeden döretmek nämä gerek?

Meniň bu pikirim bilen Torsow ylalaşmady. Sebäbi durmuş şeýle gurlan. Durmuş hakykatynda obýektler özbaşdak döreýärler we biziň ünsümizi adaty ýagdaýda özüne çekýärler. Bu ýagdaýda biz her bir minutda kime, nämä, nähili seretmelidigini örän oňat bilýäris.

Emma teatrda beýle däl. Sebäbi teatrda perdäniň aňyrsynda garaňky tomaşa zaly we onuň özboluşly ünsüňi sowujy güýji bar. Bu obýektler artiste adaty durmuşy şertde ýaşamaga päsgelçilikleri döredýär.

Men Otellonyň keşbini ýerine ýetirenim üçin Torsowyň pikirine görä hemmelerden bu ýagdaýy oňat bilmeli. Galyberse-de, tomaşa zalyna tarap bakyp duran uly gapydaky obýektlerden sahna meýdançasynda has gyzykly obýektler köp

ahyry. Ýöne ýagşy üns berip sahna meýdançasyna seretmek gerek. Yzygiderli maşklaryň kömegi bilen öz ünsüňi obýektlerde jemlemegi öwrenmeli. Obýektleri görüp, olary öwrenmäge höwesek tehniki usullara amal edip, olary ösdürip, sahna meýdançasyndaky obýektleriň özleri ünsümizi çeker ýaly ýagdaýlary gazanmaly. Bir söz bilen aýdanymyzda, biz sahnada seretmegi we görmegi öwrenmeli.

Torsow nazary düşündirişleriniň ýerine sahna meýdançasynda, nähili obýektleriň bolýandygyny keşpleriň kömegi bilen sahnada görkezjekdigini aýtdy.

– Siz şu mahal sahnadaky yşyklandyryjylaryň kömegi bilen ýagtyldylan, adaty durmuşda size tanyş we sahna meýdançasynda diýseň zerur köp görnüşli obýektleri görüň we ýatda saklaň.

Sahna meýdançasy we tomaşa zaly garaňkylyga gaplandy. Birnäçe sekuntdan soň, edil biziň alnymyzda, biziň daşyny alyp oturan stolumyzyň üstündäki çyra ýandy. Çyra tümlükde ýeke-täk ünsümizi özünde jemleýän nokatdy. Ol biziň üns merkezimize öwrüldi.

– Şu tümlükde ýagtylyk berip duran çyra bize iň ýakyn obýekt. Biz şu mahal bu nokadyň özümizden daşlaşmagyny islemeýäris hem-de ony öz ünsümizi jemlemek üçin ulanýarys.

Soňra jaýdaky çyralary ýakdylar. Indi hemme ýer ýagtyldy. Şonda Torsow okuwçylara ýüzlenip şeýle diýdi:

– Garaňkyda ýanan yşykda ünsüňi jemlemek ýeňil. Geliň indi, hemme obýektler ýagtyldylansoň, ünsüňizi bir ýere jemlejek boluň!

Torsow okuwçylaryň birine kürsiniň arkasyny oňatja synlamagy tabşyrdy. Maňa – stoluň reňkini, ýene birine – manysyz ýasalan enjamy, üçünjisine – galamy, ýene birine – ýüpi, ýene birine – otluçöp gutusyny, aý, garaz, şular ýaly edip synlamak üçin hemmelere näme-de bolsa bir zatlary tabşyrdy.

Şustow ýüpi çöşlemek bilen boldy welin, men oňa obýekt bilen hereket etmeli däl-de, oňa üns berip seretmelidigini, ony öwrenmelidigini we şolar barada pikirlenmelidigini aýdyp, ony ýüpi çöşlemekden sakladym. Emma Paşa öz diýenine tutdy. Bu jedeli çözmek üçin, Torsowa ýüzlenmeli bolduk. Torsow şeýle diýdi:

– Obýekte berlen üns onuň bilen näme-de bolsa bir zat etmäge itergi berýär. Hereket, obýekte ünsi has beter jemlemäge mümkinçilik döredýär. Şeýlelikde, hereket üns bilen sazlaşyp, gezekleşip, obýekt bilen çuň we berk gatnaşykda bolýarlar (22).

Haçanda men stoluň ýasalan agajyna hakyky däl emalyň çalnandygyny gaýtadan synlap görenimden soň, haýsydyr bir ýiti enjam bilen onuň ýüzüne nämedir bir zadyň suduryny çyzasym geldi.

Bu iş menden, hakykatdandam, şekile has üns berip seretmegi, ony içgin öwrenmegi talap etdi. Paşa bolsa bu mahal ünsüni hiç zada sowman, höwes bilen ýüpüň düwünlerini çöşlemegini dowam etdi. Beýleki talyplar hem dürli hereketlere ünsüni berdiler. Olaryň käbiri haýsy-da bolsa bir obýekti synlamak bilen meşgul boldy.

Ahyry Torsow göwnüýetijilik bilen şu sözleri aýtdy:

– Siz diňe garaňkyda däl, ýagtyda-da duran obýektleri içgin synlamagy başarýarsyňyz. Bu gowy zat!

Ol onsoň bize ilki garaňkyda, soňra ýagtyda orta we uzakdaky obýekt-nokatlary nähili synlamalydygyny, olara nädip üns bermelidigini görkezdi. Olara-da edil ýakyndaky obýekt-nokatlar ýaly üns bermelidigini düşündirdi. Orta we daş aralykdaky obýekt-nokatlara üns berlende bizden wagt birliginiň ölçegini daş aralygyň häsiýetine laýyk derejede artdyrmalydygyny we artdyrylan wagt birligini, hyýaly duýgularyň kömegi, täze pikirler bilen doldurmalydygyny aýtdy.

Bize garaňkyda täze maşklary ýerine ýetirmek ýeňillik bilen başartdy.

Jaýy doly yşyklandyrdylar.

Mugallym biziň hemmämize:

– Indi, biziň töweregimizi gurşap alan zatlara syn ediň. Özüňizden orta ýa-da daş obýekt-nokatlaryň birini saýlap tutuň. Şol nokada hemme ünsüňizi jemläp serediň – diýip tabşyrdy.

Özümize ýakyn, orta, daş obýekt-nokatlar örän köpdi. Şonuň üçin hem gözlerimiz olaryň haýsysyny tutjagyny bilmän birneme eglendi.

Meniň nazarym bir obýekt-nokatda bile duran onlarça zatlarda eglendi. Eger-de mende oýun şekilli bir-birine goşmak islegi döräýse, öz saýlan obýekt-nokadyma «obýekt-köpnokatlyk» diýip at bermek mümkindi. Men ahyry özümden daşda pejiň üstünde duran heýkelde saklandym. Emma ol heýkeliň daşynda beýleki zatlaryň şeýle köpdügi zerarly, onda meniň ünsüm köp eglenmedi. Tiz wagtyň içinde heýkel ol zatlaryň arasynda meniň gözümden ýitip gitdi.

– Dogry! – diýip, Torsow geňirgendi. – Orta we daş obýekt-nokatlary ýagtyda hyýaly duýguda döretmek üçin bize sahna meýdançasynda daş-töwerege seretmegi we görmegi öwrenmegimiz gerek bolaýjak ýaly-la!

Talyplaryň arasynda kimdir biri:

– Bu işde nämäni öwrenjek? – diýip sorady.

– Waý, o nähili? Bu işi gapdalyňda adamlar, tomaşa zalyny görkezip duran uly garaňky gapy barka ýerine ýetirmek örän kyn.

Mysal üçin, meniň bir ýegenim oňat iýmegi, garagolluk etmegi, hars urmagy, ýaňramany örän göwy görýär. Ol şu çaka çenli naharyny öz çagalar otagynda iýdi. Indi, ony köpçülik bilen naharlamaly etdiler. Ol köpçülik bilen bile naharlanyp, bezzatlyk etmegiň, ýaňramagyň we köp iýmegiň ugruny ýitirdi.

«Sen näme üçin iýeňok, gepläňok?» diýip, ondan soraýarlar.

Ol:

«Siz näme, maňa seredýäňiz?!» diýip, ol töweregindäkilere sorag bilen jogap berýär.

Oňa indi adamlaryň arasynda garagolluk etmezligi, ýaňramazlygy, işdämen iýmegi nädip öwretmeli?

Siziň ýagdaýyňyz hem edil meniň ýegenimiňki ýaly. Durmuş hakykatynda gürläp-de, iýip-de, seredip-de, oturyp-turup-da, ýöräp-de bilýärsiňiz. Teatryň sahna meýdançasynda welin, şularyň hemmesini ýitirýärsiňiz. Adamlaryň özüňize ýakyn durandygyny duýup, «Olar näme, maňa seredýärler?!» diýýärsiňiz. Size ilki sahna meýdançasynda, soňra adamlaryň öňünde çykyş etmegi öwretmeli bolýarys.

Ýadyňyzda saklaň, haçanda yşyklar bilen ýagtylandyrylan meýdança köp adamly bolanda iň ýönekeý hereketler hem siziň hakydaňyzdan sypmak bilen bolýar, goý, siz şolara durmuş hakykatynda gaty ökdelän bolaýyň, parhy ýok, siziň erkiňizden çykar.

Sahna meýdançasynda ýöremegi, oturyp-turmagy, ýatmagy näme üçin täzeden öwrenmek gerek bolýandygyna indi düşündiňizmi? Men bular hakynda size ilkinji sapaklarymda-da aýdypdym, düşündiripdim. Şu günem sahna meýdançasynda ünsüňi jemlemek temasynda-da şol düşündirişlerimi gaýtalaýaryn; size sahna meýdançasynda entek synlamagy, diňlemegi, görmegi we eşitmegi öwrenmek zerur.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Okuwçylar sahna meýdançasynda ýerleşenlerinden soň Torsow:

– Sahnadaky duran zatlaryň haýsy-da bolsa birini pugta belläň! – diýip tabşyrdy. – Siz, ynha, şu ýaglygy ulanaýyň.

Hemmämiz gözümizi ýaglyga dikdik.

– Ýok! – diýip, Torsow bizi saklady. – Bu seretmek däl-de, obýekte göz dikmek.

Biz gözümize agram salman, ýaglyga adaty nazar aýladyk. Emma bu gezek hem biziň obýekte seredişimiz Arkadiý Nikolaýewiçi ynandyrmady.

– Çyndan üns beriň! – diýip,Torsow buýruk beriji äheňde seslendi.

Hemmämiz obýekte tarap boýnumyzy süýndürdik.

– Siziň seredeniňiz bilenem hemme ýagdaýlarda entek çyndan görüp bileňzok, bu görşüňiz heniz azlyk edip, mehaniki ýagdaýda synlamak agdyklyk edýär.

Biz gaşlarymyzy çytyp, hakykatdan hem görýändigimizi oňa ynandyrmaga çalyşdyk.

– Sereden bolmak bilen çyndan seretmegiň tapawudy ýer bilen gök ýaly.

Özüňiz özüňizi barlaň: synlaýşyňyzyň haýsysy çyn, haýsysy bolsa ýalan. Ýaglyga serede-serede ahyry köşeşdik-de, özümize hiç hili agram salman, ony ýönekeýje synladyk.

Arkadiý Nikolaýewiç sen-men ýok hezil edip güldi-de, maňa ýüzlendi:

– Eger-de şu mahal sizi surata düşürmek mümkin bolan bolaýsady, şeýle ukyply adamyň özüne zor salyp düşen gödek halyny görkezsem, siz maňa ynanmazdyňyz. Siziň gözüňiz sözüň doly manysynda öz hanasyndan çykara geldi.

Heý-de, bir seretmek üçin, şeýle güýç sarp etmek bolarmy? Bu az. Entegem az! Bu gaty az! Öz bedeniňize zor salmadan belli-külli dynyň! Togsan bäş göterim

ýok ediň! Ýene.., ýene-de... Obýekte tarap boýnuňyzy uzatmak nämä gerek, oňa tarap süýşmäň! Arkan gaýşyp, parahat oturyň! Az, entegem az! Arkan gaýyş, ýene, ýene-de! Mundanam beter arkan gaýyş! – diýip, mugallym meniň bilen işledi.

Mugallym öz ýene-ýenesini meniň üçin näçe talapkärlik bilen nygtadygyça synlamagyma päsgel berýän, özüme güýç salmam barha azaldy. Goýlan güýç bolsa örän uly we göçgünli.

Haçanda tomaşa zalynyň alnynda tutuş süňňüň bilen çalam-çaş bolup durkaň, seretmäge we görmäge goýulýan güýjüň nähili çensiz uludygyny anyklamak asla mümkin däl. Şonuň üçin Torsowyň sahnada artistiň seretmek we görmek üçin sarp edýän güýjüniň togsan bäş essesini aýyrmaly diýýäni gaty dogry.

– Nazaryňa parahat ýagdaý berseň, çyndan seretmek we görmek bolýar eken?! – diýip, men geň galyp seslendim. Meniň şu çaka çenli çeken azabymdan beýle ýagdaý has ýeňil ahyry. Men gözleriňi hanasyndan çykaraýjak bolup güýç salanyň bilen seredip we görüp bolmajakdygyna henize çenli näme üçin düşünmedimkäm? Parahat, özüňe güýç salman seredeniňde we göreniňde obýektiň hemme zatlary gözüňden sypmaýan ekeni. Ýöne sahna meýdançasynda beýle ýagdaýda dursaň, asyl hiç zat etmeýän ýaly bolup görünýär. Beýdip durmak bolsa örän kyn.

– Elbetde! – diýip, Torsow meniň aýdanymy goldady. –Sebäbi şol mahal artistler: «Eger-de, men tomaşaça hiç zat görkezmeýän bolsam, onda olar näme üçin pul töleýärkäler? Aktýorçylyk işimden alýan aýlygymy haklamak üçin tomaşaçylary näme-de bolsa bir zat bilen gyzyklandyraýyn!» diýip, pikir edýärler.

Sahnada parahat, özüňe agram salman syn etmek we görmek, gör, nähili oňat! Sahnanyň perdesi açyk wagty özüňi şeýle alyp barmaga hukugyň bolanda bu örän gowy. Özem sahnadakaň saňa şeýle hukuk berlende şeýtseň seniň üçin hiç zat howply däl. Men şu gün sahnada adaty, ýönekeý, adam ýaly obýekti synlap we görüp hezil etmedim. Şonda mugallymymyzyň hem ilkinji sapagymyzda şunuň ýaly adaty ýagdaýda sahnada oturyp, bize syn etmegi hem-de görmegi düşündireni birden ýadyma düşdi. Durmuş hakykatynda beýle ýagdaý maňa düşnükli.

Emma durmuşyň özünde welin, bu ýagdaý maňa gyzykly däl. Men muňa diýseň öwrenişipdirin. Sahnada welin bu ýagdaýa ilkinji sapar uçradym we men mugallymyma müň kerem minnetdar.

– Berekella! – diýip, Torsow gaty ses bilen maňa ýüzlendi. – Ine, şuňa, hakykatdan hem, seretmek we görmek diýmek bolar. Emma biz sahna meýdançasynda köp halatlarda seredip-de, görüp-de bilmeýäris. Aktýoryň manysyz, boş nazaryndan erbedem bir zat bolarmy?!

Keşbi ýerine ýetirýän aktýoryň gözleri onuň duýgularynyň oýanmaýandygyny, hyýalynyň başga zatlaryň arasyndadygyny, ünsüniň näme-de bolsa teatryň daşyndaky wakalara sowlandygyny, hakydasynda başga durmuş bilen ýaşaýandygyny görkezýän aýdyň hakykatdyr. Ýaňraýan dil, mehaniki ýagdaýda hereket edýän aýaklar we eller barybir bellibir pikire gaplanan durmuşy suratlandyrýan gözüň ýerini tutmaýar. Şonuň üçinem atalarymyz: «Göz kalbyň aýnasy» diýipdirler.

Aktýoryň obýekte seredýän we ony görýän gözi tomaşaça gönüden-göni täsir edýär we tomaşaçynyň hakykatdan-da görmeli obýektini görmegine itergi berýär.

Aktýoryň boş hiç bir many aňlatmaýan gözi, ýüzi, beden agzalarynyň hereketi tomaşaçyny sahna meýdançasyndan daşlaşdyrýar.

Arkadiý Nikolaýewiç şu düşündirişinden soňra şeýle diýdi:

– Men size we sahnada döredýänleriň hemmesine ýakyndan, orta daşlykdan we daşlykdan ýagtylyk berip, şol obýektleri özünde jemleýän çyra-nokady görkezdim. Şol çyralar sahnadaky obýektleri bolşy ýaly görkezýärler. Artist şol çyralaryň obýektleri görkezişi ýaly ýagdaýda görmelidir. Teatrda meniň şu aýdanym ýaly bolmaly. Emma meniň bu aýdanym teatrlarda örän seýrek ýerine ýetirilýär.

Indi bolsa, men size teatrda bolmaly däl ýagdaýy görkezeýin. Ýöne, gynansak-da, şol ýagdaý teatrda gaty kän artistler bilen elmydama diýen ýaly bolýar. Men size sahna meýdançasyndaka aktýoryň ünsüni elmydama diýen ýaly özüne çekýän obýektleri görkezeýin.

Torsowyň çykyşyndan soň, çyralarda yşyklar dürli hereketleri edip başladylar. Olar aktýoryň ünsüniň dargaýandygyny mälim edip, sahna meýdanşasynyň, tomaşa zalynyň hemme ýerlerini ýagtyltmak bilen boldular. Soňra bir ýerde durmaýan yşyk nokatlary söndüler-de, olaryň ýerine sahnanyň alnyndaky kürsüleriň birinde ýüzlük çüýşeli çyra ýalpyldap ýandy.

– Bu näme boldugy? – diýip, kimdir biri sorady.

– Talapkär tankytçy – diýip, Torsow jogap berdi. –Aktýor çykyş edýärkä tankytça örän kän ünsüni berýär.

Ylgap ýören yşyklar ýene-de ylgaşdylar-da öçdüler. Ýene-de ahyrsoňunda ýagty çyra ýandy.

– Bu bolsa režissýor.

Bu ýagty çyra sönüp-sönmänkä sahna meýdançasynda göze zordan ilýän çyrajyklar ýandylar.

– Bu bolsa aktýoryň sahna ýanýoldaşy. Oňa az üns berilýär – diýip, Torsow kinaýa bilen gürledi.

Tiz wagtdan ol öçügsi ýanýan çyralar söndüler-de, tomaşa zalynyň yzky ýarymaýlaw ýerinde ýalpyldap ýanan prožektoryň yşygy gözümizi gamaşdyrdy.

– Bu suflýor – aktýoryň aýtmaly sözlerini aýdyp beriji.

– Onsoň ýene-de ylgaýan çyrajyklar ýandylar. Olar beýleki çyralary ýakyp öçürýärdiler-de ýene-de, ýanýardylar. Bu zatlar maňa «Otello» pýesasyndan bir bölegi görkezenimdäki bolşumy ýatlatdy.

– Indi, siz sahnada aktýora çyndan seretmegiň we görmegiň niçiksi zerurlygyna düşündiňizmi? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sapagyň soňunda bizden sorady. Ol öz soragyna özi jogap berdi. – Ine, şu kyn sungaty bolsa size öwrenmek gerek.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiçiň ýerine bu gün Iwan Platonowiç sapaga geldi we özüne Torsowyň sapagyny okatmagy tabşyrandygyny aýtmagy biziň hemmämiziň lapymyzy keç etdi.

Şeýlelikde, şu gün Rahmanowyň ilkinji sapagy başlandy. Göreli bakaly, ol nähili mugallymka? Elbetde, Rahmanow Torsowdan üýtgeşik. Emma onuň şu günki ýaly adamdygyna weli, hiç birimiz garaşmandyk. Rahmanow durmuşda, hormatly Torsowyň ýanynda az sözli, sada we ümsüm. Emma Torsow ýok mahaly berk talap ediji, dogumly we töwekgel.

– Ähli ünsüňizi bir ýere jemläň! Hallyň-sallyňlyga ýol bermäň, ünsüňizi hiç zada sowmaň! – diýip, ol ynamly we hökmürowanlyk bilen söze başlady.

– Edilmeli maşkyň, ynha, nämeden başlanmalydygyny size aýtmakçy: siziň her biriňize syn etmegiňiz üçin obýekt bermekçi. Siziň şol obýektiň reňkini, sypatyny, her bir enjamynyň ugurlaryny we aýratynlyklaryny görmegiňizi isleýärin. Men otuzy sanaýançam, siz şu işleriň hemmesini edip dynmaly. Men otuzy sanaýançam diýýärin! Men şondan soň görünmez ýaly obýekti ýygşyrjakdyryn. Emma siz garaňkyda gören obýektiňizi maňa birin-birin gürrüň berersiňiz. Men siziň aýdanlaryňyz bilen obýekti deňeşdirip görerin. Bu işi etmek üçin obýekti gaýtadan yşyklandyrýaryn. Taýýar boluň! Başlaýaryn: Maloletkowa, siziň obýektiňiz ýüz görülýän aýna.

Okuwçy gyz:

– Gardaşjyklarym! – diýip, aýnany görkezip, gyssanmaç halda seslendi. – Aýna diýýäniňiz şumy?

– Artykmaç sorag bermäň! Otagda bary-ýogy bir aýna bar. Ýo-ok, başga aýna! Artist her bir zatdan baş alyp çykmaga ökde bolmalydyr. Puşin, size bolsa çekilen surat. Goworkowa, ýokardan asylgy çyra. Welýaminowa – suratly albom.

– Daşy ýumşagymy? – diýip, talyp şirin owazly sesi bilen seslendi.

– Men görkezdim ahyry. Iki sapar gaýtalamaýaryn. Artist aýdylýanlara eglenmän düşünmeli. Nazwanow – haly.

– Otagda haly köp. Olaryň haýsy biri?

– Eger olar köp bolsa, özüňiz birini saýlap tutuň. Ýalňyşarsyňyz. Emma müýnürgemäň hem-de gaýtadan soramaň! Artiste ugurtapyjylyk häsiýeti zerurdyr. Ugurtapyjylyk diýýärin! Wýunsow, saňa – güldan. Umnowlara – penjire. Dymkowa – ýassyk. Weselowskä – roýal saz guraly. Bir, iki, üç, dört, bäş..., Iwan Platonowiç gyssanman otuza çenli sanady-da buýruk berdi. – Garaňkylyk!

Haçanda garaňkylyk öz hökmüni ýöreden dessine, ol meni ýanyna çagyryp, gören obýektim hakynda aýtmagymy talap etdi.

– Siz maňa halyny obýekt edip berdiňiz – diýip, men öz obýektimi jikme-jik aýtmaga başladym – Men halylaryň içinden belli birini saýlap bilmän wagtymy ýitirdim.

– Hany, gysgaça, göni işiňiz hakynda aýdyň – diýip, Iwan Platonowiç kesgitli aýtdy. – Öz işiňiz hakynda aýdyň!

– Eýran halysy. Umumy reňki goňurdan gyzylymtyl. Onuň gyralaryna giňden jähek çekilen – diýip, men tä Rahmanow seslenýänçä bilýänlerimi aýtdym.

– Yşyk! – Çyralar ýandy. – Gören zatlaryňyzy nädogry ýatda saklapsyňyz, gadyrdanym! Maňa gelýänçäňiz göreniňizi ýatda saklap bilmän ýolda unutdyňyz. Garaňkylyk! – Çyralar söndi. – Puşin, sen aýt!

– Suratyň menden daşda durandygy üçin, gözüm oňly görmänsoň, onuň näme hakyndadygyna akyl ýetirip ýetişmedim. Suratyň gyzyl reňkine sary reňk goşulandygyny gördüm.

– Yşyk! – diýip, Iwan Platonowiç gygyrdy. Çyralar ýandy. – Suratda sary reňk-de, gyzyl reňk-de ýok.

– Hakykatdan-da, kelläm çaşdy, men ýalňyşypdyryn – diýip, Puşin ýogyn sesini süýndürip, Rahmanowdan ötünç sorady.

– Goworkow! – diýip, Rahmanow indiki okuwçyny jogap bermäge çagyrdy.

– Bazardan alnan, düşünýäňizmi, özem gyzyldan ýasalan! Şelpeleri aýnadan.

– Yşyk! – diýip, Rahmanow buýruk berdi. Çyralar ýandy. – Çyra sergi zalyndan getirilen, nusgawy haryt. Aleksandr şanyňky. Ünsüň dagynyk. Garaňkylyk! – Çyralar söndi. – Nazwanow, halyňyzyň gürrüňini gaýtadan aýdyň!

– Men gaýtalap aýtmalydygyny bilmändirin, bagyşlaň. Men onuň pikirini hem etmändirin – diýip, men duýdansyz tutulanymy delillendirjek bolup azara galdym.

– Indiki sapar taýýar boluň. Bir sekundam işsiz oturmaň-da, öz ýalňyşlaryňyzy düzetmäge çalşyň. Hemmesini biliň: men obýekt hakynda birnäçe gezek sorajakdyryn. Gören obýektiňiziň tä doly maglumatyny alýançam sorajakdyryn. Puşin!

– Ünsümi jemläp bilemok. Ikinji sapar hem şeýle – diýip, Puşin seslendi.

Rahmanow ahyry, biziň her birimiziň özüne berlen obýekti jikme-jik öwrenip, doly aýdyp bermegimizi gazandy. Bu işi ýerine ýetirmek üçin menden bäş gezek sorag etdi. Alada bilen aýdan düşündirişim ýarym sagada çekdi. Bu işden ýaňa ünsümize agram düşüp gözlerimiz ýadady. Sapagy bular ýaly okgunly ýagdaýda uzak wagtlap dowam etdirmek bolmaýar. Şonuň üçinem Rahmanow ýarym sagatdan sapaga arakesme berýär.

Biz sapagy wagtlaýynça saklap, tans sapagyna baryp goşuldyk. Soňra ýene Rahmanowyň sapagyny dowam etdik. Ýöne indi otuza çenli sanawymyz ýigrimä çenli azaldy. Iwan Platonowiç bu sapakda obýekti synlamagy üç-bäş sekuntda amal edip bolýandygyny aýtdy.

– Şeýdip, ünsi göwnejaý taraşlarys! – diýip, ol ynamly sözledi.

Mende Iwan Platonowiçiň şu günki geçen sapagyny gündeligime ýazmak meselesinde bir hili ünji döredi. Onuň sapagynda bolýan zatlary yzygiderli ýazmak gerekmikä? Onuň zerurlygy barmyka? Ýa-da bu sapagy başga depdere ýazaýsammykam? Goý, bu ýazgylar Iwan Platonowiçiň aýdyşy ýaly, «Maşklar we maşka

taýýarlyklar» diýlen at bilen tejribe okuwynyň meseleleri hökmünde gidiberse-de bolýar. Bular ýaly ýazgylar maşklary ýerine ýetirmek üçin has peýdaly bolar. Soňra belki, režissura we mugallymçylyk işlerimde-de peýda bermegi mümkin» diýen netijä geldim.

Şu günden şeýläk meniň iki depderim bolar. Olaryň birine sungatyň nazaryýetini – Torsowyň sapaklaryny ýazaryn, beýlekisine bolsa Rahmanowyň geçýän tejribe okuw sapaklaryny ýazaryn. Bu depderleri «Kada-kanunlaryň tejribesi» we okuw otagynda öwredilen «Maşklar we maşka taýýarlyklar» diýip atlandyraryn.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Torsow şu gün hem sahnadaky obýektlerde ünsi jemlemek üçin yşyklary ýakyp-söndürmek işini dowam etdi. Ol şeýle diýdi:

– Biz şu wagta çenli obýekt diýip, bellibir nokatlary ulandyk. Indi bolsa men size ünsüň nämelerden duryandygyny görkezmekçi. Ol bir nokady däl-de, köp sanly özbaşdak meýdançalary, ýagny obýektleri öz içine alýar. Olara birin-birin gözüň kaklyşýar. Emma nazaryň welin, üns beren obýektiniň çäginden çykmaýar.

Torsowyň düşündirişinden soň çyra söndi, garaňkylyk töweregi gurşap aldy. Bir sekund geçip-geçmänkä meniň golaýymda, stoluň üstünde duran ullakan çyra daş-töweregi ýagtyltdy. Çyranyň başyndaky täji yşygy meniň gollarym bilen kelläme gönükdirdi. Yşyk stoluň üstüni hem oňat ýagtyltdy. Stoluň üstünde bolsa bir topar zatlar üýşüp durdy. Sahnanyň galan bölegi we tomaşa zaly garaňkydy.Garaňkyda meniň bedenimiň belli-belli ýerlerine ýagty düşmegi maňa oňat täsir etdi. Hatda şol ýagtylyk meniň ünsümi bir ýere jemlemegime-de mümkinçilik döredýän ýaly bolup göründi.

– Ine, şu stola düşüp duran yşyk, üns berilmeli obýektiň kiçi bölegini suratlandyrýar. Siz, Nazwanow, has dogrusy, siziň yşyk düşýän kelläňiz we gollaryňyz şol yşygyň merkezi bolup hyzmat edýär. Yşygyň şu düşüp duran nokady fotoenjamyň şekili aýdyňlaşdyrýan bölegi ýaly obýektiň kiçijik bölejiklerine çenli mälim edýär – diýip, Torsow düşündirdi.

Ol dogry aýdýar: stoluň üstündäki zatlar, hakykatdan-da, ähli ünsüňi özüne çekýär.

Daşyňy garaňkylyk gurşap alanda birden ýagtylyga düşende hemme zatdan aýrylyp, özbaşyňa ýeke duran ýaly bolýarsyň. Şol ýagtylygyň içinde özüňi öýüňde ýaly duýup hiç zatdan çekinmeýärsiň we hiç zatdan gorkmaýarsyň. Yşygyň astynda seniň durmuşyňa çar tarapdan ençeme gözleriň seredýändigini-de unudýarsyň. Men şol yşyk düşüp duran kiçijik oýnawaçlaryň içinde özümi öýümizdäkiden hem rahat duýdum. Öýümizde bilesigeliji hojaýyn häli-şindi jyklap, seni gözden salmaýar.

Emma yşyklanan obýektde weli, berk gala bolup duran garaňkylyk, göwnüňe bolmasa seni gaýym goraýana meňzeýär. Şular ýaly kiçijik yşyklandyrylan obýektde duran zatlaryň ähli böleklerini ünsüňi jemläp görmek bolýar. Hatda pynhan duý-

gularyň bilen ýaşap, pikirleriňi meýilleşdirip, olary hernäçe çylşyrymly bolsa-da amala aşyrmak mümkin. Çylşyrymly meselelere, öz duýgyň çuňňur many-maksatlaryna akyl ýetirip boljak. Başga adamlar bilen gepleşip, olary duýup, öz pynhan duýgyňy barlap boljak. Hakydaňda geçen we geljek durmuşyňy ýatlap we ony seljermek mümkin.

Torsow meniň ýagdaýyma düşündi. Ol çyranyň ýanyna geldi-de, maňa joşup ýüzlendi:

– Derrew bellige alyň: siziň edil şu mahalky hal-ýagdaýyňyz biziň dilimizde «tomaşaçylaryň öňünde ýekesiremek» diýip atlandyrylýar. Sebäbi biziň hemmämiz siziň ýanyňyzda bolanymyz üçin bu hal-ýagdaýyňyz jemagata niýetlenen. Siz yşyk düşýän kiçijik meýdanyň içinde bizden aýry we özüne ünsi çekýän obýekt. Şeýle kiçijik meýdançada özüne ünsi jemläp duran obýekte bolsa, biziň dilimizde ýalňyzlyk diýilýär. Sahna oýunlarynda balykgulagyň içinde suw balygynyň gizlenişi ýaly, müňlerçe tomaşaçynyň gözüniň öňünde siz ýalňyzlyk manysynda ýeke galyp bilersiňiz.

Men indi size ünsüň orta hili ýagdaýda jemlenişini görkezeýin. Okuw otagy garaňkyradyldy. Onsoň çyralar ýanyp, otagyň uly bölegini ýagtyltdy. Indi yşygyň düşýän meýdany ulaldy. Mebelleriň uly toplumyna yşyk ýagty saçdy. Men yşyklandyrylan meýdançanyň merkezi bolup galdym. Yşyklandyrylan bu giň meýdanyň hemme ýerine birbada göz ýetirmek mümkin hem däldi. Şonuň üçin meýdançany bölek-bölek edip synlap çykmaly boldy. Yşyklandyrylan meýdançada duran her bir zat özbaşyna obýekt nokady bolup hyzmat etdi. Şeýle uly meýdançada az üýtgeşmeler boldy. Olaryň esasysy meýdançanyň öçügsi yşyklanan ýerleriniň köpelmegidi. Şol ýerler meýdançanyň daşky araçäginiň täsirini birneme gowşadýar. Şonuň bilen birlikde meniň ýalňyzlygym has giň meýdana ýaýrady. Eger-de yşyklandyrylan kiçijik meýdançany ýalňyz adamyň öýüne meňzetseň, bu ýagtyldylan uly meýdança maşgalaly öýe meňzeşdi.

Yşyklandyrylan on otagly, buz ýaly sowuk giň jaýda sallah ýaşanymdan yşyklandyrylan kiçijik otagda ýalňyz ýaşanymy gowy gördüm. Men ýeke bolup otyrkam, ynha, şeýle pikirler küýüme gelip-geçdi. Yşyklandyrylan meýdança Şustow, Puşin, Maloletkowa, Wýunsow we beýlekiler girdiler weli, olara zordan ýer tapyldy. Kürsä, diwana, oturgyçlara ýerleşip oturan adam topary peýda boldy.

Uly meýdança hereketi giňden gurnamaga uly mümkinçilikleri döredýär. Beýle meýdançada durmuş hakykatynyň pynhan wakalarynyň söhbedini däl-de, uly gürrüňlerini edip bolýar. Bu ýagdaý bolsa gyzykly, joşgunly, köpçülik sahnalaryny gurnamaga uly mümkinçilikleri döredýär. Bular ýaly sahnalary et diýibem etdirip bolmaýar.

Şu gün Torsow görkezen kiçi giňlikdäki meýdançasy ýaly orta gürpli meýdançanyň yşyklandyrylyşynda ünsüň aktýoryň daşyndaky obýektlere ýaýraýşyny, şeýle ýagdaýy aktýoryň duýmagynyň zerurdygyny maňa düşündirdi.

Onsoň hem şu günki sapagyň dowamynda maňa sahnadan elmydama ýigrenji bolup görünýän tomaşa zaly bilen sahna meýdançasynyň arasynda giň «gara gapy» – portal meniň hakydama bir gezek hem gelmedi. Bu örän geň galaýmaly zat!

Arkadiý Nikolaýewiç hemme otaglary yşyklandyryp:

– Ine-de size yşyklandyrylan uly meýdança! – diýip seslendi.

Men uly meýdançada ýitip gitdim.

– Uly meýdançanyň giňligi her kimiň gözýetimine bagly bolup durýar. Şu otagda oturan ýerimden ünsüň ýeter ýaly ýerlerini başardygymdan yşyklandyrdym. Emma biz şu mahal teatrda däl-de, deňizde ýa-da meýdanda oturan bolsadyk, onda biziň töwerege aýlaýan ünsümiziň çägi dürli aralykdaky gözýetim bolardy. Anha, şol gözýetimi suratkeş sahna meýdançasynyň töründen asylýan törasawajyň ýüzüne çekýär.

Arkadiý Nikolaýewiç az salym sesini çykarman oturansoň:

– Indi bolsa – diýip, sözüni dowam etdi, – Men şol görkezen maşklarymy garaňkyda däl-de ýagtylykda size görkezeýin. Yşyklaryň doly ýagtylygynda, siz maňa ilki ünsi özünde jemleýän, içinde ýalňyzlygy beýan edip duran kiçi meýdançany, soňra orta we uly meýdançany gurnap beriň.

Torsow şundan soň her bir meýdança yşyklandyrylan mahaly ünsi gaýym saklamagyň tehniki taýdan usullaryny talyplara kömek hökmünde görkezdi.

Bu usuly ýerine ýetireniňde her bir meýdançada bellibir zady üns merkezinde saklap, meýdançadan meýdança geçmek zerur.

Mysal üçin, üsti dürli zatlardan doly tegelek stol. Onuň duran meýdançasyny yşyklandyrsaň, şol meýdança kiçi meýdança bolýar. Ýere bolsa üsti mebelli uly haly ýazylgy. Şol halyny yşyklandyrsaň, ol orta meýdança bolýar. Ýene bir uly halyny yşyklandyraýsaň, onda uly meýdança emele gelýär. –Torsow otagyň meýdançasynyň açyk ýerleriniň ýüzündäki şekilleriniň sanawyny alýar.

Elbetde, açyk meýdançada ünsüňi saklamak ýeňil iş däl. Emma sekilleriň sanawy alnansoň, dogrusy, iş birneme ýeňleýär.

– Ine-de size hemme ýeri yşyklandyrylan otaglar. Bu bolsa has üns berilmeli uly meýdança.

Yşyklandyrylýan meýdançalarda meniň jürümi dikip, sahna meýdançasy bilen tomaşa zaly aralykdaky garalyp duran giň «gara gapy» – portal ýene-de ünsümi özüne çekdi. Şol bada-da meniň yhlasymy oýadany üçin, höwes bilen öwrenen maşklarymyň hemmesi öz manysyny ýitirdi. Meniň ýene-de eňkim agdy.

Torsow meniň ýagdaýymy görüp şeýle diýdi:

– Men size ünsüňizi ugrukdyrýan ýene-de bir usuly aýdyp bermekçi. Ol usul, ine, şundan ybarat: yşyklandyrylmagyň netijesinde meýdança giňeýär. Edil şonuň ýaly, siziň üns meýdançaňyz hem barha giňeýär. Emma ünsüňiz diňe yşyklandyrylan meýdançanyň çägini hakydaňyzda saklap bilýän mahalyňyz giňelmek bilen bolýar.

Eger-de hakydaňyzdaky yşyklandyrylan meýdançanyň çägi ýoýlup, bulaşyp başladygy, siz derrew ünsüňiziň ýetýän çägine çenli, üns meýdançasyny kiçeldiň. Ýöne ýagdaýlar şeýle edilýärkä näsazlyk bolup geçýändir, ýagny ünsüňiz siziň eýeçiligiňizden çykyp, aňyrsy-bärsi görünmeýän boşlukda ýitmek bilen bolýar. Ony täzeden ele alyp, jemläp ugrukdyrmaly. Bu işi amala aşyrmak üçin, derrew bellibir obýekt-nokatda, ine, şu stoluň üstündäki kagyz gapda duran elektrik çyrasynda ünsüňizi jemläň. Ol, ine, ýene-de ýandy. Onuň şu mahal garaňkydaky ýaly ýiti şöhlesi ýok. Ol ýagtyda ýanýany sebäpli, gowşak yşyklandyrýar. Emma onuň üns merkezi bolmagyna bu zatlar päsgelçilik döretmeýär.

Indi siz öz ünsüňizi çyrada az salymlyk saklaň. Soňra çyrany üns merkezi ediň-de, ünsüňiz bilen kiçi meýdançany gurnaň. Onsoň ünsüňiz bilen birnäçe kiçi meýdançalary özünde saklaýan orta meýdançany gurnaň.

Biz mugallymyň aýdanlarynyň hemmesini ýerine ýetirdik. Haçanda üns meýdançasy iň uly ýagdaýda giňände men ýene-de giň sahna meýdançasynda ýitip gitdim.

Gapyrjakda goýlan elektrik çyrasy gaýtadan ýandy.

– Siz tizden-tiz şu obýekt-nokada ünsüňizi beriň! – diýip, Torssow bize kömek etmäge çalyşdy.

Men çyra gözümi dikdim welin, onuň töwereginiň nädip garaňkylyga gaplanandygyny bilmän galdym. Şobada-da uly meýdança orta meýdança öwrüldi. Soňra orta meýdança ýygrylyp, kiçi meýdança gurnaldy duruberdi. Has gowy boldy! Kiçi meýdança meniň iň gowy görýänim. Men ol meýdançany elimde arkaýyn saklap bilerin.

Arkadiý Nikolaýewiç şundan soňra garaňkyda bize mälim bolan usuly gaýtalady, ýagny kiçi meýdançadan tä uly meýdança çenli we ondanam yza gaýdyp kiçi meýdança çenli ünsüňi jemlemek işini birnäçe sapar gaýtalap düşündirdi. Biz şol meýdançadan-meýdança geçiş usulyny onlarça sapar gaýtalansoň, biz şol usullara öwrenişmek bilen bolduk.

Emma haçanda uly meýdança ykjam yşyklandyrylan mahaly mugallym şeýle diýdi:

– Uly meýdançadan orta meýdançany gözläp tapyň we onuň içinde siziň nazaryňyz agaýana aýlansyn! Saklanyň! Ünsüňizi sowuň! Derrew stoluň üstündäki elektrik çyrasyna nazar salyp ünsüňizi jemläň! Ol çyra şonuň üçin ýanyp dur. Ana, şeýdip! Örän gowy! Indi kiçi meýdança ünsüňizi beriň. Bu iş elektrik çyrasy ýanyp durka kyn bolmaly däl. Şeýdip, biz bu usullary onlarça gezek gaýtaladyk. Kyn düşen mahallary derrew stoluň üstündäki ýanyp duran elektrik çyrasynda öz ünsümizi jemläp, soňra ýene-de şeýle usullary gaýtaladyk.

– Eger-de uly meýdançada ünsüňiz azaşsa, derrew stoluň üstündäki elektrik çyrasyna geliň-de, kiçi meýdançany gurnap, şonda ünsüňizi tijäp, onsoň orta we uly meýdançalara çykyberiň – diýip, Torsow häli-şindi bizi dogry ýola ugrukdyrdy.

Torsow biziň ünsümizi bölmän, dürli meýdançalara geçmek usulyny mehaniki ýagdaýda ýerine ýetirmek derejesine ýetirmekçi bolýardy.

Men entek bu usuly öz häsiýetime öwrüp ýetişmesem-de, bu işiň maksady maňa düşnüklidi. Ol bolsa kiçi meýdançadaky ýalňyzlygyň manysyny berýän ünsüň uly meýdança çykmaga bolan isleginiň durmuş hakykatynyň adaty talabydygyndan ybarat. Men bu pikirimi Torsowa aýtdym welin, ol şeýle diýdi;

– Siz äpet uly konsert zalyna çykanyňyzdan soň, bu usula doly baha berip bilersiňiz. Şol ýerde artist özüni çölde ýeke galan ýaly duýýar we ýalňyzlyk ejirini çekýär. Siz diňe şonda özüňizi halas etjek şu usulyň kiçi we orta meýdançalarda ünsüňizi jemlemegi düýpli öwrenmekdigine düşünersiňiz. Aljyran mahallaryň alňasamak, galagoplylyk uly meýdançada boşlugyň köplüginden döreýär. Bu ýagdaýdan halas edýän usul bolsa uly meýdançanyň içindäki kiçi we orta meýdançalaryň dar bolmalydygyny, olaryň biriniň beýlekisine has ýakyn bolmalydygyny unutmazlykdyr.

Torsow az salymlyk dynç alyşdan soňra gaýtadan yşyklandyrylan kiçi, orta we uly meýdançalarda ünsi jemlemäniň başga, biziň entek bilmeýän usullarymyza geçdi. Öňki usullarda biz yşyklandyrylan meýdançanyň merkezinde ýerleşýärdik. Indi bolsa, biz yşygyň daşynda, ýagny garaňkylygyň içindedik. Hemme çyralar öçdi. Soňra, birdenkä goňşy naharhana otagynda asylgy duran elektrik çyrasy ýandy-da, nahar iýilýän stoluň üstündäki duw-ak ýapynjanyň üstüne düşdi.

– Ine, size ünsüňizi özünde jemleýän bizsiz, ýagny öz içine bizi almaýan kiçi meýdança.

Onsoň bu meýdança bizi yşyklandyrman, orta meýdança çenli giňeldi. Bu ýagtylyk biziň oturan otagymyzdan beýleki otaglaryň hemmesine ýagtylyk çaýdy.

– Ine, bu bolsa ünsümizi özünde jemleýän bizsiz, ýagny öz içine bizi almaýan uly meýdança.

Garaňkylykda bize gözümiziň ýetýän ýerine çenli synlamak kyn düşmedi. Men synlamak üçin ünsümi jemleýän içinde biz ýok kiçi, orta we uly meýdançalarda ýörite obýekt-nokatlaryny saýlamagy oňardym.

Şular ýaly maşklar yşyklandyrylan meýdançalarda-da telim sapar gaýtalandy. Bu sapar hatda myhmanhana-da yşyklandyryldy. Bize hakydamyzda özümize gerek mahaly yşyklandyrylan meýdançanyň merkezinde oturanymyzdaky ýaly, üns meýdançalarymyzy daraltmak ýa-da giňeltmek hem öwrenmeli edildi.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Men şu gün sapagyň başynda:

– Wah, sahnada kiçi meýdançada ünsüňi jemlemek işi mydamalyk bolsa bolmaýarmy?! – diýip, özbaşyma arzuwymy daşymdan gygyryp goýberenimi duýman galypdyryn.

– Aýrylyşmaň! Hawa-hawa, mydama aýrylyşmaň. Bu ýagdaýy saklamak siziň özüňize bagly – diýip, Torsow jogap berdi.

– Dogry. Ýöne men gapyrjakdaky üsti şelpeli elektrik çyrasyny elmydama ýanymda göterip gezip bilmen ahyryn!

– Elbetde, men size beýle zady maslahat berip bilmen. Emma siz ünsi özünde jemleýän kiçi meýdançany diňe bir sahnada däl, hatda durmuş hakykatynda-da ýanyňyzda göterip bilersiňiz.

– Nädip?

– Ine, ony men size görkezýärin. Baryň, sahna meýdançasyna çykyň-da oturyň, turuň, dürli ýerlere geçiň, aý, garaz, özüňizi öýüňizdäki ýaly alyp baryň.

Men sahna çykdym. Hemme ýer garaňkyradyldy. Edil şol mahal, niredendir yşyklandyrylan kiçi meýdança peýda boldy-da, meniň bilen bile hereket etdi. Men otaglara geçdim welin, kiçi meýdança-da meniň yzyma düşüp şol otaglara geçdi.

Ine, şu ýerde akyla sygmajak zat bolup geçdi: men roýalyň başyna geçip ýeke--täk bilýän heňim bolan «Arwah» atly sahna oýnundaky heňi çaldym.

Bu bolup geçen delilnama özüniň düşündirilmegini talap edýär. Meniň sazanda hökmünde bilýän zadym ýok. Öýde saz çalaýsam-da hiç kim ýok wagty ýeke özüm üçin ýuwaşja çalýan. Öýde tiňňildedip saz çalýarkam otaga kimdir biri giräýse, onuň dat gününe! Derrew roýalyň gapagyny ýapyp, utanjymdam ýaňa gyzaryp, edil çilim çekende tutulan mekdep okuwçy dek özümi günäkär duýýaryn. Emma şu gun weli, men edil sazanda ýaly çykyş etdim. Özem hiç kimden çekinmedim. Çalýan sazymy hem oňat, hem ýalňyşman, hakyky lezzet alyp çaldym. Bu akyla sygmajak zat! Bu geň zat! Bu ýagdaýa nädip düşünmeli?! Belki, ünsümizi jemleýän kiçi meýdança sahnada bizi özüne çekip, durmuşdanam zyýada goraýandyr ýa-da durmuş hakykatyna garanyňda, ünsi özünde jemleýän kiçi meýdança, goraghana hökmünde, özüniň has gowy goralýandygyna artist düşünýändir? Ýa-da bu meýdançada maňa düşnüksiz ýene-de bir ruhlandyryjy zatlar bardyr?

Meniň üçin okuw mekdebimizde şujagaz gysga wagtda öwredilen döredijiligiň syrlarynyň iň zerury we tejribe işlerimizde wajyp ähmiýetlisi ünsi özünde jemleýän kiçi mýdançany öwrenmek işi bolup göründi. Meniň bilen deňaýak gopýan we göze ilip duran «ýalňyzlygyň» beýany bolan kiçi meýdança – ine, meni sahnada her bir näsazlykdan gorap durjak direg.

Torsow bu düşündirişlerini oňat beýan etmek üçin hindi milletiniň ertekisini mysal getirdi. Ol ertekiniň mazmuny şeýle:

Magaraja özüne ministr saýlamaly bolupdyr. Ol kimde-kim içi süýtden pürepür ullakan golçany eline alyp, şäheriň daşyny gurşap duran galanyň üsti bilen süýdi dökmän aýlanyp çyksa, şony ministr edip aljakdygyny aýdypdyr. Köp adamlar bu synaga gelipdirler. Olary ýolda gorkuzypdyrlar, garaşylmadyk ýerlerde durup olaryň atlaryny tutup çagyrypdyrlar, aý, garaz, olaryň ünsüni edýän işinden sowjak bolupdyrlar. Netijede, olaryň köpüsi Magarajanyň talabyny ödemändir.

Magaraja:

«Bulardan ministr bolmaz» diýen netijä gelýär.

Emma, ine, biri gelägede, şol talaby ýerine ýetirip başlapdyr. Gygyrýanlar-da, gorkuzýanlar-da, hatda dürli emelleri edip päsgelçilikleri döredýänler-de onuň ünsüni süýtli golçasyndan sowup bilmändirler.

«Ok atyň!» diýip, Magaraj buýruk beripdir.

Ok atypdyrlar. Emma bu-da oňa täsir etmändir.

«Ine, bu kişi ministr!» diýip, Magaraj belli netijä gelipdir.

Magaraj ondan:

– «Sen goh-galmagallary eşitmediňmi?» – diýip sorapdyr.

«Ýok!»

«Seni nädip gorkuzandyklaryny gördüňmi?»

«Ýok. Men süýtden nazarymy sowmadym»

«Sen atylan tüpeň sesini eşitdiňmi?»

«Ýok, hökümdarym! Men süýtden nazarymy sowmadym»

– Ine, şuňa, ünsi özünde jemleýän kiçi meýdançadan ünsüňi çykarman saklamak diýilýär! Ine, şuňa, hakyky üns bermek diýilýär. Özem garaňkyda däl-de, ýagtylykda! – diýip, Torsow öz söhbedini jemledi. – Sizem hany, indi, şu usullary öz tejribe işiňizde ýşyklandyrylan ýagdaýlarda ýerine ýetiriň.

Gynansak-da, Magarajyň ministriniň wezipesine dalaşgär bolmaga biziň ukybymyz ýetmeýär eken. Men ýagtylykda maňa hereket edýän kiçi meýdançada ünsümi jemläp ýalňyzlyk derejesine ýetsemem, maňa orta we uly meýdançalara çykmak başartmady.

Şonda Iwan Platonowiç öz täze tapan pikiri bilen kömege geldi. Ol sirk artistleriniň çapyksuwarlarynyň içinden böküp geçýän ýelimden ýasalan tegelek halkasyny bize paýlady.Olaryň biri uly, beýlekileri kiçidi. Eger-de sen tegelek halkanyň içine girip ony eliňde tutsaň, özüň tegelegiň merkezinde bolýarsyň hem-de tegelegiň çägini hut öz gözüň bilen görýärsiň. Otagyň içinde gezim etseň, nämeleriň şol tegelegiň içinde bolýandygyny görüp, olary hakydaňda saklap boljakdygyna gözüňi ýetirýärsiň.

Puşine Rahmanowyň bu tapan enjamy kömek etdi. Çişijek şeýle diýdi:

– Men özümi edil Diogen dek uly çelegiň içinde duýýaryn. Elbetde, bu halka meniň bilime darrak gelýär. Emma sungatyň we ünsümi jemledýän kiçi meýdançadaky ýalňyzlygyň hatyrasyna çydajak bolaryn.

Men bolsa bu kyn işe, ýagny hereket edýän tegelek meýdança özümçe iş salyşmagy öwrendim. Özümiň bu açyşymy şu gün daşarda tapdym. Geň galaýmaly ýagdaý döredi. Geçip barýan adamlaryň, tramwaýlaryň, awtomobilleriň arasynda ünsüňi özünde jemleýän kiçi meýdançany hakydaňda saklap gezmek, maňa sahnada gezenimdäkiden has ýeňil düşdi. Men iň köp adamly we awtoulagly meýdança

bolan Arbat meýdançasynda özüm üçin şeýle açyşy etdim. Şonda men öz ýanymdan şeýle diýdim:

«Ine, tegelek meýdançanyň meniň pikirimçe çägi – el goşumy göterýän golumyň tirseginiň we ädim urýan aýagymyň burnunyň ýeten ýeri, meniň şol aýdýan çägim. Ünsüň şu çäkden daşyna çykmaly däl». Maňa ünsümi şol çägiň meýdançasynda saklamak başartdy.

Elbetde, bu ýagdaý meni geň galdyrdy. Emma adamyň köp üýşen ýerinde beýdip durmak gelşiksiz. Onuň soňunyň ýaramazlyklara ýazmagy mümkin. Men kimdir biriniň aýagyny basdym. Içi süýjüli gaby tasdanam döküpdim. Tanşyma salam bermän geçipdirin. Bu ýagdaý üns merkezimi orta meýdança deňeç ulaltmaga meni mejbur etdi. Orta meýdançada hereket etmek ýeňil düşdi.

Ýöne ünsüňi jemlemek weli kynlaşdy. Sebäbi hereket köpeldigiçe, adamlaryň akymy terslin-oňlyn şol akyp dur. Şonuň üçin hemme hereketi görüp ýetişmek asla mümkin däldi. Kiçi tegelek meýdançada bolman uly meýdançada bolan bolsam, men ol adamlara oňly göz aýlap hem bilmezdim.

Emma synlamagym üçin taýýarlan kiçi meýdançamda maňa gyzyksyz nätanyşlary synlamak islegime gereginden artyk päsgelçilikleri berýän ýaly boldy. Olar meniň ünsümi özüne çekdiler.

Elbetde, ulaldyp görkezýän gurallaryň kömegi bilen seretseň, her bir kiçijik zatlar gözüňe kemsiz görünýär. Meniň ünsi özünde jemleýän kiçi meýdançam bilenem edil şolar ýaly boldy. Her bir maňa duşan zat hakydamda galar ýaly meniň ünsümi özüne çekdi.

Men ünsi özünde jemleýän meýdançany giňeldip-de, daraldyp-da gördüm. Ýöne bu tejribämi ýerine ýetirmän saklanmaly boldum. Sebäbi ýerzemine barýan basgançaklaryň hemmesini sanamaly boldy.

Arbat meýdançasyna gelip, ünsi özünde jemleýän iň uly meýdançany ulandym. Meýdança gözýetime barýança giňeldi weli, hemme zatlaryň sypaty ýoýuldy we bir-birine garyldy. Şolbada awtomobiliň uly goh edip saklanan tigriniň we ony sürüp barýan kişiniň sögünýän sesi gulagyma geldi. Bir görsem, men gelýän awtomobiliň tas aşagyna düşen ekenim.

Torsowyň: «Eger-de uly meýdançany ulanaňda azaşaýsaň, eglenmän ünsüňi kiçi meýdança gönükdirmelidir» diýen öwüdi ýadyma düşdi. Men hut şeýle-de etdim.

«Geň zat! – diýip, men özbaşyma pikire çümdüm: – näme üçin giň Arbat meýdançasynda we köp adamly köçede ünsi özünde jemleýän ýalňyzlygy özünde saklaýan meýdançany gurmak sahnada guranyňdan ýeňil düşýärkä?

Belki, şäher meýdançalarynda meniň bilen hiç kimiň işiniň ýokdugy, sahnada bolsa hemmeleriň aktýora üns berip seredýändigi üçin şeýle bolýan bolaýmasyn?! Sahnada aktýora seretmek teatrda hökmany bolmaly zat. Onsoň hem teatr aktýora seretmek üçin döredilen. Aktýory görkezmek işi teatryň baş wezipesi ahyryn».

Şol gün agşam ýene-de bir waka maňa hakydamdan çykmajak sapagy berdi. Ine, şonda bolan waka; men professor H-nyň sapagyna gatnaşmak üçin okuw otagyna birneme gijä galyp bardym. Okuw otagy talyplardan doly eken. Professor bolsa, ýaňy geçmekçi bolýan temasynyň mazmunyny gysgaça düşündirip başlapdyr.

– Tss.., ýuwaş-ş! Diňlemäge ýol beriň! – diýip, töwerek-daşym maňa ýüzlendi.

Men okuwçylaryň üns merkezine öwrüldim. Bu ýagdaý «Otello» pýesasyndan parçany ýerine ýetirenimdäki ýaly meni elden-aýakdan çykardy weli, men ünsi özünde jemleýän kiçi meýdança çenli töweregimi kiçeltdim. Şolbada maňa daşymdaky obýekt-nokatlar aýdyň bolup göründiler.

Men hatda öz oturjak oturgyjymyň san belligine çenli gördüm. Bu ýagdaý maňa derrew özümi ele almaga kömek etdi.

Men gyssanman, tutanýerlilik bilen öz ýerime geçip, ünsi özünde jemleýän meýdançamy giňeltmek bilen boldum. Meniň hereketlerimi görüp adamlar köşeşdiler. Seslerini goýdular. Hatda professor hem ýerimde oturýançam geplemän durdy.

Men, elbetde, hemmeleriň ünsüni özümde saklap bilenime buýsandym. Şu gün şeýdip, ünsi özünde jemläp, bile hereket edýän kiçi meýdançany nazaryýetde däl-de tejribede ulanyp bilýändigime göz ýetirdim.

*.. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç täze sapagy şeýle düşündirdi:

– Biz şu çaka çenli «eger-de», «hödürlenen ýagdaý» we «hyýaly ýagdaý» bilen gurnalan jansyz hem-de ünsümizi özüne gönükdirýän, emma içinde biziň ýok obýektlerimiz bilen iş salyşdyk. Bize bu iş obýekti bilmek we ünse düşünmek üçin gerek boldy. Indi bolsa, obýektiň we ünsüň daşky alamatlaryny beýan edýän ýagdaýlarynyň däl-de, olaryň içki-hyýaly ýagdaýlaryna düşünmegimiz gerek.

Ol nähili ýagdaýlar? Käbir adamlaryň düşünjesine görä, öz içki dünýäňe göz aýlasaň, hakydanam, akylam, duýgynam, hut ünsüň we hyýaly duýgynyň özünem görmek bolýarmyşyn. Hany, Wýunsow, öz içki dünýäňize göz aýlaň-da, şol ýerden maňa ünsi we hyýaly duýgyňyzy tapyp beriň bakaly!

– Olary içki dünýäniň niresinden gözlemeli?

– Men Iwan Platonowiçi göremok-la? Hany, ol? – diýip, mugallym garaşylmadyk soragy berdi.

Hemmämiz töweregimize esewan etdik. Soňra nämäniňdir hyýalyna batdyk.

– Siziň ünsüňiz nirelerde azaşyp ýör! – diýip, Torsow Wýunsowdan sorady.

– Teatryň hemme ýerinden Iwan Platonowiçi gözleýär... Anha, ünsüm onuň öýüne-de gidip gelmek üçin eňdi...

– Hyýaly ýagdaýyň hany?

– Ol hem ünsüň ýanynda, gözleşip ýör – diýip, Wýunsow özüne göwnüýetijilik bilen sözledi.

– Indi, siz Nazwanow, täzeje işbiliň tagamyny ýatlaň.

– Ýatladym – diýip, men dessine jogap berdim.

– Siziň ünsüňiziň obýekti nirede?

– Ilki stoluň üstündäki işdäaçarlar goýlan ullakan gapda diýip, göz öňüne getirdim.

– Diýmek, obýekt sizsiz akylyňyza gelipdir-dä?

– Ýöne şobada tagam alyş duýgym oýandy – diýip, men bolan zady aýtdym.

– Has dogrusy, – siziň içki dünýäňizde bu hadysa bolup geçipdir-dä – diýip, mugallym ýagdaýy kesgitledi. – Siziň ünsüňizem şol ýere ugrugandyr.

– Şustow, deňziň gyzyl balygynyň ysyny ýatlaň.

– Ýatladym.

– Obýekt nirede?

– Ilki stoluň üstündäki işdäaçarlaryň goýlan ullakan okarasynda – diýip, Paşa aýtdy.

– Diýmek, obýekt sizsiz?

– A soňra, ol ys agzyma, onsoň burnuma geldi.

– Indi bolsa, siz Şopeniň matam marşyny ýadyňyza salyň. Obýektiňiz nirede?

– Ilki mensiz, matamyň tutulýan ýerinde. Emma orkestriň sazy meniň gulagymda ýaňlanyp dur – diýip, Paşa düşündirdi.

– Siziň ünsüňiz hem şol ýere ugrukdymy?

– Hawa.

– Şeýlelik bilen, biz ilki hyýaly duýgymyzyň kömegi bilen obýekti göz öňüne getirýäris, ýagny Iwan Platonowiçiň bar ýerini, işdäaçarlaryň duran stoluny, matamyň geçýän ýerini, soňra göz öňüne getiren obýektlerimiziň kömegi bilen, içki bäş duýgularyň özümize geregini oýadyp, öz ünsümizi olaryň belli birine baglaýarys.

Şeýlelik bilen, biziň hyýaly içki dyýgymyza gerek obýektiň özi, bize gönüden-göni gelip bilmeýär. Ol goşmaça obýektiň kömegi bilen gelip bilýär. Biziň bäş içki duýgularymyzyň hemmesi bilen hem edil şu aýdyşym ýaly bolýandyr.

Welýaminowa, siz sahnadan çykanyňyzda özüňizi nähili duýduňyz?

– Size näme diýsemkäm, dogrusy... bilemok – diýip, biziň gözel gyzymyz tolgunyp jogap berdi.

– Şu wagt siziň ünsüňiz nämä ugrukdyrylan?

– Bilemok welin, teatrymyzyň grim we beýleki iş otaglaryna... Sahna meýdançasynyň iki tarapynda asylgy duran gapdal perdelerine. Görkezilmekçi bolýan sahna işimiziň gurnaklaryna...

– Siz artistleriň iş otagynda näme işleýärsiňiz?

– Näme diýjegimi bilemok-da, neme... eşikleriň aladasyny edýän-dä...

– Belki, Katerinanyň keşbiniň aladasyny edýänsiňiz?

– Elbetde, Katerinanyň keşbiniň aladasyny hem edýärin...

– Ýeri, onsoň siz nämäni duýýarsyňyz?

– Gyssanýaryn..., el-aýakdan çykyp barýaryn, ýetişiksiz gara güne galdym... Sahna çykmagyň ilkinji jaňy hem kakyldy. Eşigimiň bolsa şu ýeri, ine, bu ýerem gysýar... Birdenem meni ysgynsyzlyk gurşap alýar... Özümi hassa ýaly duýýaryn... u-uf! Hakykatdan hem başym aýlanyp gitdi.

Talyp Welýaminowa kürsüde arkanlygyna ýaplandy-da, owadanja elleri bilen gözlerini örtdi.

– Gördüňizmi, bu saparam edil öňki ýaly ýagdaý bolup geçdi, ýagny sahna çykmazynyň öň ýanynda artistiň iş otagyndaky ýagdaýlar göz öňüne geldi. Ol içki duýgularyny oýardy-da, ony ösdürmek bilen boldy. Kim bilýär, bu ösüş Welýaminowanyň çalam-çaş bolmagyna çenli hem baryp biler. Obýektler biziň daşymyzda örän baý, ýaýrawly ýerleşendirler.

Olar durmuş hakykatynda-da kändir welin, hyýaly duýguda has köpdür. «Hyýaly duýgy» durmuş hakykatyndaky obýektlerden başga-da, hiç mahal bolmadyk we görülmedik, hyýaly obýektleri özünde saklaýar. Erteki hiç mahal bolmajak wakalardan düzülende bolsa, ol hyýaly duýgynyň miwesidir. Siz öz içki dünýämize gerekli üns obýektleriniň tükeniksizdigine göz ýetiriň.

Emma biziň hyýaly duýgymyzyň üns merkezini özünde jemleýän obýektleriň durnukly däldigi, olaryň ýygy-ýygydan üýtgeýändigi kynçylyklary döredýär. Eger-de, sahnada durmuş hakykatyndaky göze görünýän, elläp bolýan obýektlere, maşklar bilen taýýarlanan ünsi bereniň ýeterlik bolýan bolsa, hyýaly duýgynyň obýektlerine ençeme esse artyk üns bermek gerek bolýar.

Men:

– Nädip içki ünsümiziň durnuklylygyny ösdürmeli? – diýip soradym.

– Edil siz öz daşky ünsüňizi ösdürişiňiz ýaly edip ösdürmeli. Daşky ünsüňizde nämäni bilýän bolsaňyz, şolar içki ünsüňizde-de, içki obýektleriňizde-de bar.

Men bu meseläni has anyklamak üçin:

– Diýmek, biz içki hyýaly duýgymyzda ünsi özünde jemleýän kiçi, orta we uly hereket etmeýän hem-de hereket edýän obýekt-nokatlarymyzy ulanyp bilýärismi? – diýip, Torsowdan soradym.

– Elbetde. Siz, ynha, olary duýýarsyňyz ahyryn. Diýmek, siziň olary ulanmagyňyz gerek.

Arkadiý Nikolaýewiç daşky we içki ünsleri bir-biri bilen gelişdirmegini dowam edip şeýle diýdi:

– Sahnadan tomaşa zalyna bakyp, garalyp duran giň, uly «gara gapynyň» meýdançadan siziň ünsüňizi özüne çekýäni ýadyňyza düşýärmi?

– Elbetde, düşýär – diýip, men seslendim.

– Bilip goýuň; içki üns hem her bir minutda artistiň durmuşynda ýatlaýan ýatlamalaryna gönügip, sahnada oýnalýan keşpden daşlaşyp bilýär. Şonuň üçin keşbi döredýän içki üns dogry we nädogry, peýdaly we zyýanly ünsler bilen yzygiderli

göreşmeli bolýar. Zyýanly üns bizi keşbiň dogry tabyndan çykarmaga çalyşýar. Ol biziň ünsümizi tomaşa zalyna ýa-da teatryň çäginden daşa alyp gidýär.

– Onda näme, siziň görkezen maşklaryňyzy ýatda saklap, şolary gaýtalap, içki ünsüňi ösdüribermeli-dä? – diýip, men bu meseläni aýdyňlaşdyrmak islegi bilen soradym.

– Hawa – diýip, mugallym meniň bilen ylalaşdy. – Şol maşklary geçen mahalkymyz ýaly şu mahal hem etmeli. Birinjiden, sahnada ünsi gerekmejek zatlara alyp gidýän zyýanly ýagdaýlardan halas edýän maşklary gaýtalamaly. Ikinjiden, keşbe ünsi jemleýän maşklary gaýtalamaly. Diňe şeýle edilende üns ýiti, berk, durnukly, jebis ýagdaýlarda içki we daşky obýekt-nokatlardan aýrylmaz. Ünsleri şeýle ýagdaýda saklamak, yzygiderli we tutanýerli işleri alyp barmak bilen gazanylýar.

Elbetde, biziň döredijiligimizde, ilkinji nobatda, duýgularymyzyň içki ünsi zerur gerek. Sebäbi, sahnadaky döredijilik pursatlarynda artistiň döredýän durmuşynyň uly bölegi «hödürlenen ýagdaýdaky» toslamalardan we arzuwlardan düzülýär. Olar artistň ruhy dünýäsinde göze ilmän ýaşaýarlar we biz olary içki ünsi özünde saklaýan duýgymyzyň kömegi bilen ulanýarys.

Giň, dagynyk ýagdaýda gurnalan medeni köpçülik çäresiniň meýdançasynda saňa seredip duran müňlerçe adamlaryň öňünde içki durnuksyz ünsüňi obýekt-nokadynda jemläp, sahnadan içki ruhy dünýäň bilen seretmegi başarmak agyr iş.

Emma öwrenen endigiň we işe ukyplylygyň şeýle kynçylygy hem ýeňip geçýär.

– Beýle bolsa, şol usullary öwredýän ýörite maşklar bardyr-a? – diýip, men soradym.

– Olar mekdep we sahna işlerimizde sanardan köp! Özleri hem talyp döredijilik işi ýaly daşky, aýratyn hem, içki duýgularymyzyň üns meselesi babatda öz üstünde yzygiderli işlenip durulmagyny talap edýärler. Eger-de talyp ýa-da artist bu işiň zerurdygyna düşünse we öýünde, mekdepde we sahnada öz edýän işine aň ýetirse, eger-de ol bu işde içki duýgularyny elinde saklap bilse we ýeterlik terbiýelenen bolsa, onda onuň bu işi bitirjekdigine şek-şübhe bolup bilmez.

Sebäbi şeýle derejede saklanýan üns ýörite maşklar ýerine ýetirilmände-de, yzygiderli ýerine ýetirilýän işlerden ýeterlik endigi alyp biler. Onsoň hem her gün yhlas bilen bu işi ýerine ýetirmek, uly tutanýerliligi, gaýratlylygy we kanagatlylygy talap edýär. Beýle bolmak köp adamlara başartmaýar. Şonuň üçin hem sahnadan başga işlerde-de ünsüň maşklaryny edibermeli.

Ýatanyňyzdan soň, çyrany öçürip, her bir ýaşan günüňizde eden işleriňizi akylyňyzda aýlap, birin-birin göz öňüne getirip görmegi öwreniň. Şonda olary başardygyňyzça böleklere bölüň, ýagny siz ertirlik ýa-da günortanlyk naharyňyzy göz öňüne getiren bolsaňyz, şonda diňe iýen naharyňyzy däl, şol naharyň nähili gapdadygyny, içi naharly gabyň stolda nähili goýlandygyny, naharyň tagamyny, görnüşini ýatlaň we göz öňüne getiriň. Naharlanan wagtyňyzda edilen gürrüňleri,

kelläňize gelen pikirleri we duýgulary ýatlaň. Soňra geçen günlerden has öňki günleri ýatlaň. Onsoň has uzakda galan günleri ýadyňyza salyň. Bolan jaýlaryňyzy, ýerleriňizi bölek-bölek edip ýatlaň. Şol ýerlerde eden işleriňizi, gören zatlaryňyzy öz pikirleriňizde gaýtalaň. Bu ýagdaýlar size geçen günleriňizi yzygiderli ýatlamaga kömek eder. Içki ünsüňiz bilen her bir ýatlamaňyzy barlap duruň. Özüňiziň diri ýa-da dünýäden öten ýakynlaryňyzy has içgin ýatlaň.

Şu işlerde ünsüň örän uly ornunyň bardygy, täze-täze maşklaryň ýüze çykjakdygy size mälim bolar.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..19 ý.*

Şu gün Arkadiý Nikolaýewiç tamamlamadyk sapagyny dowam etdi. Ol şeýle diýdi:

– Siziň bilşiňiz ýaly, sungatda üns we obýektler hökmany suratda örän durnukly bolmalydyr. Bize ýokarlygyna ösýän üns gerek däl. Döredijilik tutuş bedeniň duýgularynyň gaýym jemlenmegini talap edýär. Nädip obýektiň durnuklylygyny we ünsüň oňa berk baglanmagyny gazanmaly? Siz şuny bilýäňizmi? Geliň, bilýänimizi iş ýüzünde barlalyň.

– Nazwanow! Baryň, sahna çykyň-da, tegelek stoluň üstündäki gapyrjakdaky elektrik çyrasyna serediň.

Men sahna çykdym. Çyralar derrew söndi. Emma meniň üçin obýekt derejesinde galan bir çyra weli, sönmedi. Men ýanan çyrany sähel salymdan erbet ýigrendim. Ol meni şeýle bir irizdi, ony ýere pylçap urasym geliberdi. Men bu ýagdaýy Torsowa aýdanymda ol maňa şulary ýatlatdy:

– Siz biýäňizmi, obýekt we elektrik çyra siziň ünsüňizi çekmeýär. Siziň ünsüňizi özüne baglaýan sebäp hyýaly duýgyňyzyň özüne çekiji gyzykly toslamalarynyň sahnadan obýektlere gelip goşulýanlygydyr. Toslamalar ünsi täzeden döredýär. Olar «hödürlenen ýagdaýlaryň» kömegi bilen oňa gyzykly, özüne çekijilik häsiýetini berýär. Öz owadan, tolgundyryjy hyýaly toslamalaryňyz bilen derrew onuň daşyny gurşap alyň. Şeýtseňiz, sizi irizýän elektrik çyrasy üýtgär-de, hakyky döredijiligiňizi oýadar.

Ümsümlik uzaga çekdi. Emma meniň şonça wagtlap çyra seredenim bilen pylan işi ýerine ýetirdim diýmäge hiç bir delilnama tapmadym.

Ahyry Torsowyň maňa haýpy geldi öýdýän, ol şeýle diýdi: – Men size kömek bereýin. Goý, şol çyra siziň üçin gözüni çalaja açyp ýatan elhenç döw bolsun. Onuň garaňkylykda äpet göwresi görnenok diýeliň. Bu ýagdaý size ony has-da elhenç görkezýär. Siz özüňize şeýle diýiň:

«Eger-de bu toslama hakykat bolan bolsa men näme ederdim?».

Ertekilerdäki şazada-da döw bilen söweşe çykmankalar hut şular ýaly soragy özüne bererdi. Bu soragy ýönekeý sazlaşygyň üsti bilen çözüň: döwüň haýsy tarapyndan söweşe barsaň amatly? Onuň ýüzi maňa urmaga gamaç bolup duran ýaly-

-la?! Guýrugy-ha gaty daşda... Goý, hamala siz ertekiniň gahrymanyna garanda öz söweş meýilnamaňyzy ýaramaz düzen ekeniňiz-dä.

Ýöne her zat-da bolsa, sizde bellibir pikir döredi. Şol pikir siziň ünsüňizi bir ugra gönükdirer. Şeýlelikde, siziň pikiriňiz ünsüňizi obýektiň üstüne gönükdirmäge sebäp bolar. Şonda siziň hyýaly duýgularyňyz oýanar. Ol siziň aňyňyzy gurşap alar we hereket etmäge alyp gider. Eger-de siz herekete başlan bolsaňyz, onda bu obýekti kabul etdigiňiz, oňa ynanyp özüňizi obýekte bagladygyňyz bolar. Şeýlelikde, maksadyňyz peýda bolar we siziň ünsüňiz sahnadan başga zatlary kabul etmeýän derejä galar. Ýöne bu ýagdaý, obýektiň diňe dörän mahaly ýüze çykýan üns.

Meniň öňümde kyn mesele goýlan eken. Men Arkadiý Nikolaýewiçiň «adamçylyk bilen logiki ýagdaýda sorasaň» diýen pikirine uýup, «eger-dä» agram salman we duýgyny zoraýakdan gysyp çykarman, diňe jogap soramagy makul bildim.

Men: «Şu mahal diňe çözgüde geljek bolmaly. Uruşmak üçin döwüň haýsy tarapyndan barmaly?» diýip, özüme sorag berdim.

Şundan soň bu meseläni sazlaşykly ýagdaýda yzygiderli çözmek üçin pikir öwürdüm: «Garaňkyda bu yşyk nämäni aňladýar?» diýip, içimi gepletdim. – Bu yşyk döwüň çala açyk gözi. Eger-de bu şeýle bolsa, döw meni görüp ýatyr. Onuň nazaryndan gizlenmek gerek. Ýöne men gymyldamaga-da gorkýan. Näme etmeli?» Öz öňümde dörän meselä töwerekleýin, çuň garadygymsaýy, seredýän obýektime berýän ünsümiň wajyplygy artdy.Obýekt bilen kän iş salyşdygymça bolsa ol meniň dünýämi öz hörpüne has beter gaplady. Birdenkä çyra sönüp ýandy, men tisginip gitdim. Onsoň ol has-da yşyklanyp başlady. Bu ýagdaý meniň gözlerimi gamaşdyrdy we şol bir wagtyň özünde-de meni tolgundyrdy we gorkuzdy. Men gaýra-gaýra çekildim. Sebäbi meniň göwnüme döw meni görüp gymyldan ýaly boldy. Men bu ýagdaýy mygallyma aýtdym.

– Size ahyry obýektiň nähili zatdygyny ynandyrmak başartdy! Obýekt özüniň ilki görnüşini ýitirip ýok bolan ýaly boldy. Onuň ýerine hyýaly duýgynyň toslamasy esasynda has güýçli tolgundyrma häsiýetli başga obýekt peýda boldy. Göze öwrülen elektrik çyrasy şeýle sypatyny üýtgedýän obýekt bolup içki duýgularda ýiti duýujylyk häsiýetleri döredýär. Bular ýaly üns seni diňe obýekte baglamak bilen çäklenmeýär. Ol artistiň bilýän ähli döredijilik usullarynyň işlemegine alyp barýar we obýektiň özi artist bilen bilelikde döredijilik işini ýerine ýetirýär.

Biziň obýekti başga zada täzeden öwürmegi başarmagymyz gerek. Onuň yzy bilen bolsa sowuk, özbaşdak hyýallara çümüp ýatan ünsüň duýgurlygyny oýarmaly.

Şeýle kesgitlemäni biziň aktýorçylyk şiwe dilimiz ulanýar. Onsoň hem ünsüň duýgurlygy diýen düşünje biziň tapan düşünjämiz däl. Ol düşünje psiholog I.I. Lapşine degişli. Professor bu düşünjäni ilkinji gezek «Çeper döredijilik» atly kitabynda ulandy (23).

Sapagyň soňunda ünsüň duýgurlygyny oýarmagyň biziň üçin örän wajypdygyny we onuň döredijilik işinde gymmatynyň uludygyny nygtaýaryn. Şonuň bi-

len birlikde, biziň «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» ugrumyzda onuň ähmiýetiniň çäksizdigini nygtamak bilen sapagymy jemleýärin. Şonuň üçin biziň döredijiligimize ünsüň duýgurlygynyň näzeýilli zerurdygyny aňyňyzda aýlaň.

Torsow menden soňra sahna Şustowy,Weselowskini, Puşini çagyryp, meniň bilen eden etýudy ýaly tejribe sapagyny geçdi.

Men ol tejribe işlerimizi gaýtalap durmakçy däl, şonuň üçin hem olary ýazmaýaryn.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Daýym syrkawlady. Sapaga gijä galyp geldim. Meni sapak mahaly birnäçe sapar telefona çagyrdylar. Ahyry sapak soňlanmanka öýe gaýtmaly boldum. Şu aýdanlaryma tolgunyşymy, pikirimiň dagynyklygyny, mugallymyň aýdýanlaryny oňly özleşdirip bilmeýänligimi goşsaňyz, onda meniň ýazgylarymyň gowşaklygynyň sebäbi size düşnükli bolar.

Men Weselowskiý bilen jedel gyzyşan mahaly okuw otagyna gelip girdim. Meniň aňşyma görä, oňa keşbini ýerine ýetirmek üçin diňe bir kyn ýol däl, asla ýerine ýetirip bolmajak ýol salgy berlipdir.

Has dogrusy, Weselowskiniň pikiriçe, keşbiň tehnikalarynyň, sahna ýanýoldaşynyň we aýdylmaly sözleri ýatladyp oturan işgäriň sözleriniň, keşbe degişli tehniki enjamlaryň, birnäçe üns obýekt-nokatlarynyň birbada aladasyny etmek asla mümkin dälmişin.

– Bu işi etmek üçin nähili üns gerek? – diýip, Weselowskiý alasarmyk ýagdaýda seslendi.

– Siz şeýle işi etmegi kyn görüp, etmejek bolýarsyňyz. Emma sirk artisti žonglýor-çapar, özem ol janyna howp salsa-da, bu işi örän gowy ýerine ýetirmegi başarýar. Gönüläp aýdanyňda, beden agzalary bilen ýorgalap barýan ýabynyň üstünde deňagramlylygy saklamaly, gözleri bilen maňlaýynda duran taýagy synlap, onuň sazlaşygyny saklamaly, taýagyň üstünde bolsa aýlanyp duran ullakan tarelkany duruzman aýlamaly.

Olardan başga-da üç ýa-da dört sany top bilen žonglýorçylyk işini hem etmeli. Onuň, gördüňizmi, näçe obýekt-nokatlary bar?! Muňa garamazdan, ol ýabysyna gygyryp meçew bermäge-de wagt tapýar. Žonglýoryň bu işleri bir wagtyň özünde edip bilýändiginiň sebäbi, adamyň ünsüniň köp basgançaklylygydyr. Ünsüň basgançaklary bir-birine päsgel bermeýär. Diňe başda örän kyn düşýär. Biziň bagtymyza, bize endik häsiýeti berlipdir. Bu häsiýetiň netijesinde köp zatlary biz mehaniki ýagdaýda etmegi oňarýarys. Üns hem şolar ýaly bolup biler.

Elbetde, siz şu çaka çenli ukyp-başarnykly aktýor birden joşýan ylhamy bilen döredýär diýip ýören bolsaňyz, indi ol pikiriňizden dänmeli bolarsyňyz.

Pähim-paýhas usullary bilen işlenmedik ukyp-başarnyk, diňe eýi ýetmedik çig materialdyr.

Bu jedeliň näme bilen gutaranyny bilemok. Meni öýe çagyrdylar...

Men okuw otagyna gelenimde Gowarkowyň sahnada gözlerini gelşiksiz petredip duranyny, Arkadiý Nikolaýewiçiň bolsa ony ynandyrmak üçin, nämedir bir zatlary çuňňur düşündirmäge çalyşýandygyny gördüm.

– Näme boldy? Bu nämäniň jedeli? – diýip, men goňşy talypdan soradym.

– Goworkow «tomaşaçylary gözden salmaly däl» diýdi – diýip, goňşym güldi.

– Biz märekäniň öňünde çykyş edip durus – diýip, Goworkow ynamly seslendi.

Emma mugallym tomaşaçylara seretmeli däl – diýip, onuň aýdanyna garşy çykdy.

Jedeli belläp oturman, Torsowyň pikiriçe nähili ýagdaýlarda tomaşaçylara seretmek bolýandygynyň düşündirişini ýazýaryn.

– Aýdalyň, tomaşaçylar bilen siziň araňyzdan diwar geçýär diýeli. Emma ol diwar hakykatda weli ýok. Size bolsa şol ýok, ýöne sahna durmuşynda bolmaly diwara ýerine ýetirýän keşbiňiziň gözi bilen seretmek gerek. Şol diwara seredeniňizde, siziň görejiňiziň ikisi-de öz burnuňyzyň ujuny görmeli. Şol ýagdaýda siz ýakynyňyzdaky hakykat ýüzünde bolsa ýok diwary sahnada görýärsiňiz we siziň ony görýändigiňize tomaşaçylar ynanýarlar. Emma ýakyn ýerleşen diwara seredýäris diýip, aktýorlar köp halatlarda näme edýärler? Olar halys endigine öwrülen hereketleri bilen tomaşa zalynda režissýoryň oturýan kürsüsine, teatryň tankytçysyna ýa-da öz janköýerine seredýärler.

Netijede, onuň göreçleriniň biziň tebigatymyza laýyk adaty ýagdaýda obýekt-nokatlaryna seretmeýändigi bildirip durýar. Siz şeýle beden näsazlygyny tomaşaçy aňmaýandyr öýdýärsiňizmi? Öz nädogry hereketleriňiz bilen özüňizi-de, tomaşaçyny-da aldaryn öýtmäň. Beýle aldawa tomaşaçy örän oňat düşünýändir.

Indi men başga mysaly getireýin, size keşbiňize laýyklykda deňizde sizden daşlaşyp barýan gämä seretmek gerek diýeliň. Uzak obýekt-nokada seredeniňizde göreçleriňiziň nähili ýagdaýda bolmalydygyny ýatlaň.

Eger size sahnada keşbi ýerine ýetirýärkäňiz deňizde ýitip barýan gämä serediň diýseler, siz tomaşa zalynyň aýagujundaky diwarynyň özüňizden iň daşda duran ýerine seretmelisiňiz. Şonda siziň gözleriňiziň göreji uzaklara des-deň ýagdaýda seretmelidir. Diňe şeýle bakanyňyzda tomaşaçy size ynanar.

Ýöne artist bu işi nähili ýerine ýetirýär? Ol edil öňküsi ýaly, gözlerini öňdäki hatarlarda oturan režissýora, tankytça ýa-da öz janköýerine seredýär. Şeýdip, özüňizi, tomaşaçyny aldaryn diýip edilýän pikir, heý-de, boljak zatmy? Haçanda siz usullaryň emellerini ykjam özleşdirseňiz, olary obýektlere laýyk ulanmagy öwrenersiňiz. Olarda üns merkezini jemläniňizden soň, siz sahnadaky obýektleriň aralygynda ýatan meýdançanyň göreçleriňize nähili täsiriniň bardygyna düşünersiňiz. Şoňra siz nazarlaryňyzy tomaşaçylara tarap, olardan hem daşa ýa-da tomaşaçylara ýetmän saklamagy başararsyňyz. Häzirlikçe bolsa, bedeniňizi aldamakdan häzir boluň.

Şeýtmeseňiz, entek bekeşmedik ýaş bedeniňiziň aldawçylygy öwrenmegine ýol açarsyňyz.

– Onda şu mahal bize aýdyň-da, nirä bakmaly? – diýip, Goworkow sorady.

– Häzirlikçe siz portalyň sagyna, soluna, ýokarky erňegine serediň. Gorkmaň, tomaşaçylar siziň gözüňizi görer. Gerek mahaly tomaşaçylaryň özleri siziň seredýän zatlaryňyza olar hakykat ýüzünde ýok-da bolsa öwrülip serederlerem, görerlerem. Bu ýagdaý adaty halda bolup geçer.

Emma siziň içki dünýäňiz talap etmese, ýakynda ýa-da daşda duran hyýaly obýektlere seretmekden entek gaça durjak boluň. Haçanda usullaryň psihotehnikasyny ele alanymyzdan soň şol işlere meşgullanarys.

Meni gaýtadan çagyrdylar. Men çakylykdan soň okuw otagyna gelmedim.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu günki sapakda Arkadiý Nikolaýewiç şeýle diýdi:

– Artistçilik hünäriniň üns meselesiniň tejribede ýerine ýetirmeli işlerini doly suratda öwrenmek üçin oňa döredijilik maksatlaryna niýetlenen materialy saýlamakda ulanylýan «ýarag» hökmünde garamagymyz hem gerek.

Artist diňe sahnada däl, durmuş hakykatynda-da ýiti synlaýjy bolmalydyr. Ol özüni gyzyklandyrýan obýekte hemme ünsüni jemläp seretmegi oňarmaly. Onuň nazary dagynyk ýagdaýda bolman, her bir göresi gelýän zadynyň içki dünýäsini synlamaga gaýym endik eden ünsi özünde saklamaly.

Şeýle ýagdaý bolmasa, biziň sungata degişli usullarymyz birtaraplaýyn bolup, özüniň şu güne gereklidigini, durmuş hakykatyna laýyklygyny ýitirip, adamzada ýat bolar. Durmuşda şeýle adamlar bar, olaryň tebigatynda synçylyk ýokary derejede jemlenipdir. Olar öz isleglerine garamazdan, daş-töwereginde bolýan zatlary öz hakydasynda berk saklaýarlar. Şol bir wagtyň özünde-de gören zatlaryndan göwnüne ýaraýanlaryny, owadanlaryny, aýdyň häsiýetlilerini, zerur hasaplaýanlaryny saýlap alýarlar. Adamlaryň gürrüňlerini diňläniňde olaryň arasynda synçylygy pes, gören zadynyň keşbini zordan düşündirýänleriniň bardygyny duýmak bolýar.

Gynansak-da, durmuş hakykatyndan gerekli zatlary saýlap bilýän, artistlik hünäriniň ünsi hemme artistlerde bolmaýar.

Adamlar örän köp ýagdaýlarda özüne gerek ýönekeýje zady-da ünsüni jemläp synlap bilmeýärler. Diýmek, olar üns berip durmuşdaky hakykaty synlamagy we diňlemegi, çeper döredijiligiň ynandyryjylykly bolmagy üçin adamlara ussatlyk bilen ýüzlenmegi başarmaýarlar. Ýiti synçylyk we üns örän seýrek adamlara berlendir.

Käwagt tebigaty oňat adamlaryň öz günäsizligi bilen hossarlaryna ezýet berýänini, akylly kişini nadan ýagdaýa salýanyny görmän we bilmän ýaşaýan adamlaryň köre-körlüginden adamzat elhenç azaplary çekýär. Adamlar söhbetdeşleriniň ýüz-gözünden, bakyşyndan, sesiniň owazyndan onuň nähili adamdygyny tanaýarlar.

Emma durmuş hakykatyndaky çylşyrymly hadysalaryň nädip bolýandygyny görüp, diňläp, eşidip bilmeýärler. Eger-de olar şu zatlary edip bilsediler, onda döredijilik, gör, nähili çeper, çuň manyly we keşplere çäksiz baý bolardy. Emma adamyň süňňüne, onuň tebigatyna berilmedik zady salyp bolmaýar. Ýöne onuň tebigatynda bar bolanja zady ösdürmäge kömek edäýjek usullary weli öwredip bolar. Üns meselesinde bu iş uly zähmeti, wagty, islegi we yzygiderli maşklary talap edýär.

Nädip ünssüz synlaýanlara durmuş hakykatyny synlamagy we görmegi öwredip bolar?

Ilkinji nobatda, olara nädip synlamagy we görmegi, diňlemegi we eşitmegi, özem diňe erbetlikleri däl-de, esasan, gözelligi görmegi düşündirmeli. Gözellik ruhy dünýäňi belende göterýär. Hyjuwly yhlasyňdan we hakydaňdan hiç mahal çykmajak çuň yz galdyrýan iň gowy duýgulardan göwnüňi doldurýar. Durmuş hakykaty has gözel. Şony çuňňur we içgin synlaň. Başda synlamak üçin kerebi ýa-da güli, ýa-da ýapragy, ýa-da aýazyň aýnanyň ýüzünde ýasan nagyşlaryny we beýlekileri synlaň. Şularyň hemmesi suratkeş tebigatyň ussatlyk bilen döreden eserleri. Şol eserleriň özüňize ýaraýanlaryny söz bilen aýyl-saýyl etjek boluň.

Şeýtseňiz, ünsüňizi saýlan obýektiňizi çuňňur synlamaga mejbur edersiňiz. Aň-paýhas bilen baha berersiňiz. Obýektiň dünýäsini töwerekleýin ünsli görersiňiz. Tebigatyň gussaly tarapyny-da gözden salmaň. Her bir ýaramaz ýagdaýlarda-da gowulyklaryň-da, iň bir bigörk zatda-da gözelligiň bardygyny, edil şolar ýaly, gözel zatda-da bigörklügiň bolýandygyny unutmaň.

Emma hakyky gözellik hiç mahal bigörklükden gorkmaýar. Gaýta, bigörklük köp halatlarda gözelligiň has gözel bolmagyna itergi berýär. Gözelligem, bigörklügem söz bilen beýan ediň. Şolary görmeseňiz, gözellik we bigörklük düşünjeleri birtaraplaýyn hakydaňyzda galar. Beýle ýagdaý sungat üçin howpludyr. Soňra şolar ýaly sungat eserlerini seljerjek boluň, ýagny edebiýaty, sazy, muzeýdäki eksponatlary, gözel zatlary we beýlekileri, aý, garaz, gözüňize ilen zatlary seljermek bilen boluň.

Şeýtseňiz, sizde gözelligiň çyn mazasyny duýmak we olary söýmek häsiýetleri terbiýelener. Siz seljerme işini eli galamly sowuklyk bilen etmäň.

Hakyky artist töwerek-daşynda bolýan zatlara uly hyjuw bilen garaýar. Özünde öwrenmäge we bilmäge höwes döreden durmuş hakykatyndaky obýekte gyzygyp, onda tapan zatlaryny belleýän hünärment ýaly däl-de, edil hakyky suratkeş ýaly aňladyp, diňe öz bellik depderçesine däl-de, ýüregine-de ýazýandyr. Sebäbi onuň tapan zady ýönekeý zat däl-de çyn, janly, tolgundyryjy, döredijilik üçin gerekli zatdyr. Bir söz bilen aýdanyňda sungatda sowuk nazar bilen iş etmeli däl. Bize işlemek üçin içki dünýämiziň bellibir derejede «gyzyp» durmagy gerek. Bize ünsümiziň, duýgymyzyň joşup durmagy zerur. Bu ýagdaý döredijilik üçin material gözleginde-de gerek.

Mysal üçin, haçanda suratkeş Weneranyň heýkelini ýasamakçy bolanda, onuň materialy bolan mermer daşyny gözlände uly höwes, hyjuw bilen gözleýär. Daşyň öwüşginli reňkinden onuň ýasajak bolýan eserine laýyk geljegini ýa-da gelmejegini duýýar. Bizi hem tapan materialymyzyň öz döredijiligimize zerurlygy gyzyklandyrýar. Bu ýagdaý, elbetde, akyl-paýhasyň zerurlygyny aradan aýyrmaýar.

Ýöne sowukganly däl-de, gyzgyn hyjuw bilen pikir öwürmek hem bolýar ahyryn! Durmuşda adaty ýagdaýlarda-da ünse ylham-joşgunyň, hyjuwyň kömek edýän mahallary az bolmaýar. Şeýle ýagdaýda alasarmyk haldaky adamyň hem synçylyk duýgusy işläp başlaýar. Ine, men öz durmuşymyň bir bölegini size mysal hökmünde aýdyp bereýin:

Men işim düşüp, öz söýgüli, tanymal ýazyjymyň ýanyna bardym. Haçanda meni onuň iş otagyna eltenlerinde, girenimden geň galmakdan ýaňa doňup galdym. Görsem, ýazuw işleri edilýän stoluň üstünde şahyryň ýaňy döredijilik işleri bilen meşgul bolandygynyň şaýatlary: golýazmalar, kagyzlar, kitaplar başly-barat üýşüp ýatyr. Iş stolunyň ýanynda bolsa bu otaga sygmany üçin, goňşy otaga-da geçen saz gurallary: türkleriň uly depregi, taýaklar bilen kakylyp çalynýan nagaralar, uly trambon, ses - owazlary sazlaýan guralyň enjamlary durlar.

Olary goňşy otaga diňe giň gapydan geçirmek mümkindi. Bu otagda-da bulam-bujarlyk höküm sürýär – mebeller bigelşik ýagdaýda diwara tarap süýşürilgi, boşan meýdançany tutuşlaýyn owazlary sazlaýan enjamlar tutýar.

«Şahyr, şular ýaly ýagdaýda nädip goşgy goşýarka?» diýip, men pikir etdim. Eýsem, şu iň synçy däl kişiniň-de ünsüni özüne çekip biljek garaşylmadyk açyş dälmi näme?! Özi hem bu açyşyň nämedigini çözmek we oňa düşünmek üçin eliňde baryny etmegi talap edýän zat. Şonuň üçin bu ahwalyň ünsümi çökder gyzykdyranlygy geň zat däldi. Meniň uly sarpa goýýan adamymyň öýündekäm oňa düşünmek üçin ünsümi işledişim ýaly artistler hem pýesanyň many-mazmunyna we keşbine çuňňur üns bersediler! Olar daş-töweregindäki durmuş hadysalaryna çuňňur düşünjek bolup dürbi ýaly nazar salsadylar.

Döredijilik işimize gerekli, gör, näçe baýlyklaryň eýesi bolardyk! Şeýle mümkinçilikler dörän mahaly artistiň döredijilik gözleg işleri hut hünäre laýyk amala aşardy. Ýöne haçanda biziň synlamakçy bolýan daş-töweregimizi gurşap alan durmuş hakykatymyz özüne biziň ünsümizi çekýän we bizi gyzyklandyrýan mahaly ony synlamagyň kyn düşmeýändigini unutmaň. Şeýle bolanda hemme zat adaty ýagdaýda boluberýär. Döredýän zadymyz hiç bir ýagdaýda-da bilesigelijiligimizi gyzyklandyrmaýan, tolgundyrmaýan, öwrenmek we düşünmek islegine itermeýän durmuş hakykatyny nätmeli!

Mysal üçin, tanymal ýazyjynyň öýüne orkestr bilen işleýän güni däl-de, başga bir gün geldim diýeliň. Meniň söýgüli ýazyjymyň öýi ownuk hususyýetçiniň öýi ýaly, özüniň adaty ýagdaýy bilen meniň duýgularyma gözlegleri, synçylygy, çözgütleri, hyýaly duýgulary, üns we bilesigelijiligi oýatmaga, bu öýde ýaşaýan

meşhur adamyň durmuşyny häsiýetlendirmäge büs-bütin öz täsirini ýetirmezdi. Bular ýaly ýagdaýdaky obýektiň del, onuň göze aňsat ilmeýän häsiýetini, özünde gaýym jemleýän aýratynlygyny, öýde adamyň ýaşaýandygyny mälim edýän zatlary, öz tebigatyňda ýiti synçylyk we dykgatlylyk hökmany suratda bar bolanda, ýa-da ýatan üns duýgularyňy oýadar ýaly olara itergi berip direg bolýan tehniki usullary ulanan mahalyň göz ýetirip bilersiň. Onsoň hem tebigatymyzda hökmany suratda synçylygyň we ünsüň bolmagy özümize bagly däldir. Tehniki usullary bolsa ilki tapmaly, bilmeli we soňra ulanmany öwrenmelidir.

Häzirlikçe, siz öz tejribäňizde barlap öwrenen we oňat bilýän usullaryňyzy ulanyň. Men hereket etmän ýatan hyýaly duýgyňyzy oýatmaga kömege gelip itergi beren, geçen sapaklarymyzda öwrenen usullaryň gürrüňini edýärin. Bu usullar sizi ýat durmuşyň biparh synlaýjysy bolmakdan çykaryp, döredijilik hyjuwyňyzy gyzdyrar we ünsüňizi oýadar.

Öwrenen sapaklarymyzdaky ýaly kim, näme, haçan, nirede, näme üçin, näme sebäpden diýen soraglary özüňize berip, synlaýan obýektiňizde nämeleriň bolup duranyna çynyňyz bilen jogap beriň. Öýden, otagdan we harytlardan şu ýerde ýaşaýan adamyň häsiýetini özünde saklaýan aýratynlyklaryny, sizi gyzyklandyran zatlary tapyp, olary söz bilen beýan ediň. Harydyň haýsy otaga degişlidigini çözüň. Öý eýesiniň nähili häsiýetlidigini öý goşlary aýdyp durandyr. Näme sebäpden mebeller we beýleki harytlar şular ýaly edilip goýlupdyr diýen soraglary özüňize beriň. Olara jogap tapyň.

Mysal üçin, edil şu mahal meniň söýgüli ýazyjymyň öýüniň ýagdaýlaryny mysal getirişimi göz öňünde tutuň-da, özüňizden soraň: «Näme üçin jaňjagazlar, saz guralynyň süýkewajy, ýazyjynyň boýnuna oran türkleriň ýaglygy diwanyň üstünde pytraşyp ýatyrlarka? Bu ýerde kim tans, saz bilen iş salyşýarka? Öý eýýesimikä ýa-da başga birimikä?»

Siz şu soraglara jogap tapmak üçin şol näbelli «başga birini» gözlemeli bolarsyňyz. Ony nädip tapmaly? Soramagyň, çaklamagyň, derňemegiň kömegi bilenmi?

Otagyň içine ser salyp, zenanlaryň başyna geýýän örme saçyny göreniňde, bu öýde aýal maşgalanyň bolmagy-da ahmal diýip pikir etmek mümkin. Diwarlara asylyp ýetişilmedik, daşy bejerilen suratlaryň otagyň burçuna üýşürilip ýaplanyp goýluşy-da öýe täzelikde göçüp gelnendigini mälim edýärler. Stoluň üstündäki suratly albomy öwrenmäge-de çalşyň.

Siz öýüň hemme ýerinden şol bir zenanyň köp sanly suratlaryny taparsyňyz. Olaryň birnäçesinde ol owadan, beýlekilerinde juda biedep düşen-de bolsa, hemme suratlarda öz aýratynlygyny saklap bilipdir. Size bu ýagdaýlar öýüň eýesiniň kimdigini, öýde durmuşy kimiň alyp barýandygyny, kimiň şekillendiriş sungaty bilen iş salyşýandygynyň, kimiň tans edýändiginiň we kimiň orkestre dirižýorlyk

edýändiginiň üstüni açar. Size bu tanymal adam barada eşiden habarlaryňyz, hyýaly duýgularyňyzyň çaklamalary, soraglary kän zatlary aýdar.

Siz şol zatlardan meşhur ýazyjynyň şu zenany söýýändigini we onuň ýazan powestleriniň, romanlarynyň, pýesalarynyň baş gahrymanynyň şu zenandygyny bilersiňiz. Hyýalyňyza täze ýygnan, isleseňiz-islemeseňiz hem kabul etmeli boljak maglumatlaryňyz, hakydaňyzda öňden toplanan maglumatlaryňyzy ýoýandygyndan gorkýaňyzmy? Gorkmaň! Öz tapan täze maglumatlaryň (eger-de olara ynansaň) hakydaňdaky öňki maglumatlaryňy has-da ýitileşdirer.

Men aýdan pikirime ynandyryjy mysal getireýin: bir sapar geçýänleri synlap ýol gyrasyndaky seýilgähde otyrkam, men semiz bir zenanyň bäbekleri salyp sürülýän kiçijik çaga arabasynda bäbege derek çal tüýlüje guşjagaz salnan kapasany goýup sürüp ýörenine gabat geldim. Meniň duşumdan geçip barýan şol zenanyň öz ýüküni elinde götermejek bolup şol çaga arabajygyna salan bolmagy-da mümkin. Emma men bu hakykaty başgaça görmek isledim, ýagny garry öz ýakyn hossarlarynyň hemmesini jaýlapdyr. Bu ýagty jahanda onuň bilen bile galan janly zat diňe şu kapasadaky guşjagaz. Ol şol guşy iň soňky sapar agtygyny çaga arabasyna salyp aýlan ýoly bilen aýlap ýör. Şeýle teswirlemek hakykata garanyňda has ýiti. Sahna sungatyna has laýyk. Men näme üçin şu gören ýagdaýymyň şeýle teswirlemesini öz hakydamda galar ýaly etmeli däl? Men näme, ýygnaýan materiallarymyň anyk bolmagy üçin elde baryny edýän takyklaýjy däl ahyryn. Men artist. Maňa döredijilik joşguny gerek.Durmuş hakykatyndan alnyp, öz hyýaly duýgularyma laýyk reňklenen surat, meniň hakydamda şu mahala deňeç ýaşaýar we ol sahna meýdançasyna çykjak bolup dur.

Siz haçanda töweregiňizdäki durmuşy synlap, material gözlemegi öwreneniňizdensoň, biziň döredijiligimiziň esasy bolup duran, bize has zerur materialy tapjak bolmaly. Men gönüden-göni ýürekden-ýürege barýan janly obýektleriň, ýagny biziň adamlaryň şahsy gatnaşyklaryndan alýan döredijilik joşgunymyzyň gürrüňini edýärin. Döredijilik joşgunyny berýän maglumat biziň üçin has gymmatlydyr.

Sebäbi şeýle maglumatdan keşpde adam durmuşyny gurnap bolýar. Bu bolsa, biziň sungat ugrumyzyň baş maksadydyr. Şeýle materialy tapmak ýeňil däldir. Sebäbi ol tutduranok, görnenok, mälim däl. Ony diňe içki duýgyň bilen duýup bolýar.

Dogry, dünýämizde bolup geçýän, göze ilmeýän köp sanly aladalarymyz gözlerimiziň, sesimiziň, dilimiziň, hereketlerimiziň, ýüz keşplerimiziň we bedenimiziň kömegi bilen beýan edilýär. Bu ýagdaý synlaýjynyň wezipesini ýeňledýär. Emma şonda-da adam dünýäsine düşünmek aňsat däl. Sebäbi adamlar öz dünýäsiniň nähilidigini örän seýrek açyp görkezýärler. Olar köp halatlarda öz aladalaryny gizleýärler. Şonda synlaýjyny obýektiň daşky keşbi aldawa salyp, oňa kömek berenok.

Obýektiň gizlenýän dünýäsine aralaşmak has-da uly kynçylyklary döredýär. Meniň «Sungatdaky üns» temasyndan aýdan ýagdaýlarymy birneme ýeňleder ýaly aň-paýhasymyz täze usullary entek döredenok. Şonuň üçin käbir yagdaýlarda kö-

megi ýetäýjek tejribe synaglaryndan alan düşünjelerimi size maslahat bermek bilen çäklenmeli bolýaryn.

Meniň maslahatym täze däl. Ol, ine, şulardan ybarat: durmuş ýagdaýlaryna görä, haçanda siziň synlaýan adamyňyz içki dünýäsini öz hereketleri, pikirleri, joşguny bilen açyp başlanda, üns berip, onuň şol edýänlerini sypdyrman, yzygiderli synlaň. Şolaryň ýagdaýlaryny öwreniň. Edilen işler bilen olaryň ýagdaýlaryny deňeşdirip görüň. Soňra özüňizden soraň: « Bu adam näme üçin şeýle ýa-da başga hili iş etdi? Ol şol işleri edýärkä nämäniň pikirini etdikä?».

Şularyň hemmesinden döreýän ýagdaýa laýyk netije çykaryň. Synlan obýektiňize öz gatnaşygyňyzy anyklaň. Onuň hemme eden işleriniň üsti bilen ýürek duýgularyna düşünjek boluň. Haçanda synlamak işi uzak wagtlap dykgatly ýagdaýa çekende, aktýora öz döredijiligi üçin oňat material toplamak başardýar.

Ýöne synlaýan adamymyzyň içki dünýäsine biziň aňymyz ýetmese, onda onuň dünýäsi diňe duýgymyza düşnükli bolup biler. Bular ýaly ýagdaýda ýat kişiniň dünýäsiniň çuňňur syrhanasyna nazaryňy dikip, öz duýgularyň kömegi bilen oňa täsir edip, döredijilik materialyny gözlemeli bolýarsyň. Biz bu işi edenimizde iň duýgur ünsümiz we akylyň doly düşünmeýän synçylygy bilen iş salyşýarys. Biziň adaty ünsümiz janly, ýat adamyň içki dünýäsine girip, material gözlemek işini etmäge ýetenok. Eger-de men size biziň aktýorçylyk tehniki usullarymyz «Sungatdaky üns» temasynda geçen sapaklarymyza ýeterlik diýen bolsam, sizi aldadygym bolardy. Bu aldaw bolsa edýän işimize peýda bermezdi. Bu çylşyrymly gözlegiň netijesinde örän duýgur döredijilik joşgunynyň materialy biziň aňymyza özüni aldyrtmaýar. Şonuň üçin hem bize bu işde durmuş hakykatyndan susup alan akyl-paýhasymyza, gazanan tejribämize, duýgurlygymyza, aň-düşünjämize daýanmak galýar. Ylym ýat adamyň dünýäsine adaty ýagdaýlarda aralaşmak üçin bize täze usullary tapyp, kömek berer diýip garaşalyň. Sazlaşykly yzygiderliligi, duýgularyň yzygiderliligini, aň-paýhasy öwredýän ylymlary öwreneris. Şeýle etsek, daşymyzy gurşap alan durmuş hakykatynyň diňe daş sypatyndaky döredijilik materiallaryndan başga-da, adamlaryň içki dünýäsindäki biziň aňymyzyň ýetmeýän döredijilik materiallaryny gözlemek üçin, belki, täze usullary oýlap tapmaga kömek eder.

# VI. BEDEN MYŞSALARYNY GOWŞATMAK

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şeýle ýagdaý bolup geçdi:

Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyna giren dessine Maloletkowadan, Wýunsowdan we menden «Pullar ýakylýan» okuw sahna işini gaýtalamagymyzy talap etdi.

Biz ol sahna işini ýerine ýetirip başladyk. Onuň birinji bölümçesi oňat boldy. Emma sahna işiniň pajygaly ýerine ýeteňkirlänimde welin, meniň süňňümde nämedir bir zat, edýän işime müýnürgemegime sebäp boldy. Onsoň belli-belli duýgularym ýapyldy. Bedenimiň kä o ýeri, kä bu ýeri gysyldy. Bu bolşuma meniň gaharym geldi. Men gowşamaly däl diýen netijä geldim-de, özüme stoluň üstünden haýsydyr bir zady tapyp, onuň üstünden elim bilen basdym. Görsem, ol çüýşe küldan eken.Ýöne küldany gaty basdygymça, meniň dargursaklygym artmak bilen boldy. Bu ýagdaý küldany has gaty basmagyma sebäp boldy. Birdenkä nämedir bir zat jygyrt edip döwüldi. Men şolbada bedenimde sanjyp agyrýan yzany duýdum. Elimiň içini ýylyja suwuklyk ölledi. Stoluň üstünde ýatan ak kagyz sahypasyna gyzyl reňk çaýyldy. Ýeňim gyzarypdyr. Elimden çüwdürilip gan akýardy.

Men başymyň aýlanýandygyny duýdum. Aňym bulaşyp gitdi. Gorkdum. Essim aýyldymy ýa-da ýok, bilemok. Başagaý bolandyklary ýadymda.

Rahmanow bilen Torsow hakydamdan çykanok olaryň biri golumy agyrdyp gysdy, beýlekisi bolsa ýüp bilen ony daňdy. Ilki meniň goltugyma girip ýöredip alyp ugradylar. Soňra bolsa göterip äkitmek bilen boldular.

Goworkow ýüküniň agyrlygyny gizlemän, edil meniň gulagymyň aşagynda haş-haşlap meni arkasynda göterdi. Onuň maňa bolan mähribanlygy mende oňat duýgulary oýardy. Men lukmanlar bilen onuň maňa beren azabyny alasarmyk halda çekdim. Soňra gitdigiçe güýçlenýän ysgynsyzlyk, başaýlanmak... meni özümden gider ýaly derejä ýetdi.

Meniň teatral durmuşym wagtlaýynça togtady. Gündelik ýazgym hem, elbetde, saklandy. Gündelikde şahsy durmuşymy, onda-da krowatda ýatmak ýaly içgysgynç we birmeňzeş zatlary ýazmaga-ha asla-da ýer ýok.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Meniň ýanyma gelen Şustow mekdepde nämeleriň bolup geçýändiginiň gürrüňini berdi.

Meniň duýdansyz emgege uçramagym okuw meýilnamasynyň üýtgemegine sebäp bolupdyr. Meýilnamadaky geljekki aktýoryň bedenini terbiýelemek baradaky sapaklar öňe geçirilipdir.

Torsow şeýle diýipdir:

– Hünäre taýýarlaýan meýilnamanyň temalarynyň amaly nukdaýnazardan gyşarnyksyz gurnalan düzgün-kadasynyň yzygiderliligini üýtgetmeli bolýarys we artistlik kärini terbiýelemekde, örän wajyp temalaryň biri bolan «Bedeniň myşsalaryny gowşatmak» usullaryny, meýilnamada görkezilen wagtyndan öňe süýşürýäris. Artistlik hünärini taýýarlamak işiniň şu mahalky meýilnamasynda bu tema, aktýoryň mehaniki hereketleri özleşdirýän temalarynda öwrenilýär. Emma bolup geçen gynandyryjy waka bu temany hünäriň içki tehnikalaryny, has dogrusy, meýilnamanyň başyndaky artistçiligiň psihotehnikasy özleşdirilýärkä öwrenilse maksadalaýyk boljakdygyny görkezdi.

Siz bedeniň dartgynly halynyň we myşsalaryň gatap durmagynyň döredijilik işine nähili zyýan berýändigini göz öňüne-de getirip bilmeýärsiňiz. Olar haçanda ses agzalarynda peýda bolanda, aslynda gül ýaly sesli adamlaryň-da sesi gyrylýar, bogulýar. Hatda sesini ýitirip, gepläp bilmeýänleri-de bolýar.

Dartgynlylyk aýaklara düşse, aktýor maýyp kişi ýaly agsaýar. Eger-de el myşsalaryň gatasa, eliň taýak ýaly bolup doňup galýar we eliňi hereketlendiräýseň, ol edil ýola böwet bolýan alagaç (şlagbaum) dek hereket edýär.

Bedeniň dartgynlylyk we gatamak ýagdaýy edil şular ýaly bolup, boýna-da, oňurga-da, bile-de, eginlere-de düşüp bilýär. Bu ýagdaý her sapar aktýoryň döredijilik işine uly zyýan berýär.

Iň ýamany-da dartgynlylyk aktýoryň ýüz keşbine düşende, onuň ýüzüni gyşardýar, ýüzüniň hereketiniň doňup galmagyna getirýär, ýüzi ysmaz ýaly edip taşlaýar. Artist şeýle ýagdaýa uçranda onuň gözleri mölerip, ýüz keşbi ýerine ýetirýän keşbine laýyk üýtgemän, düşnüksiz yşaratlary edýär. Beden myşsalarynyň dartgynlylygy dem alyş agzalaryna-da düşüp bilýär. Şeýle ýagdaý aktýoryň dem alyş agzalarynyň kadaly işlemegini bökdäp, onuň demini gysdyrýar.

Bu ýagdaýlar keşbi ýerine ýetirýän aktýoryň keşbe döredijilikli çemeleşmegine-de, onuň saglygyna-da bellibir derejede päsgel berýär.

Myşsalara gereginden artyk zor salnanda olar gatap, adamyň psihiki durmuşyna täsirini ýetirýär-de, tutuş bedende fiziki dartgynlylygy döredýär. Myşsalaryň adamyň döredijilik we işjeňlik ukybyny saňsar edip taşlaýandygyny göresiňiz gelýärmi?

Geliň, tejribe edip göreliň.

Hanha, diwaryň golaýynda roýal saz guraly dur. Baryň, şony galdyrjak bolup synanyşyň!

Okuwçylar özüne uly güýç salyp, gezekli-gezegine roýalyň bir çetini galdyrmaga synandylar.

– Roýaly galdyryp durkaňyz, gyssanmaç ýagdaýda 37-ni 9-a köpeldiň – diýip, Torsow okuwçylara goşmaça ýumuş buýurdy. –Başaraňzokmy? Onda, biziň köçämizdäki we onuň ýanýodalaryndaky dükanlaryň hemmesini ýadyňyza saljak boluň. Başaraňzokmy? Ýeri, bolýar onda, «Faust» pýesasyndaky Kamatinanyň liriki äheňli aýdymyny aýdaýyň. Bolmaýarmy? Şorja bişirilen böwregiň tagamyny ýa-da ýüpek matadan dokalan mahmala el degreniňizde bedeniňizde nämeleriň bolýandygyny ýa-da tüssäniň ysyny ýada salyň.

Okuwçy mugallymyň tabşyrýanlaryny ýerine ýetirmek üçin, agramyny ölçeýän ýaly, äpet güýç sarp edip, galdyryp duran roýalynyň burçuny ýerde goýup, sähel salymyň içinde özüni dürsedi. Soňra gerek duýgularyny ulandy-da, soraglary akylynda aýlap, olary birin-birin ýatlap, hemmesine jogap berdi.

– Şeýlelikde – diýip, Torsow bolan wakany jemlemek bilen boldy, – meniň soraglaryma jogap bermek üçin size ilki galdyryp duran roýalyňyzy ýerde goýmak gerek boldy. Soňra diňe myşsalaryňyzy gowşadanyňyzdan soň, ýatlamalar dünýäsine gitmäge mümkinçilik döredi.

Eýsem-de bolsa şu ýagdaý myşsalara gereginden artyk güýç salynsa, içki duýgularyň işlemegine, galyberse-de, wakalary öz başyňdan geçiren ýaly ýerine ýetirmäge-de päsgel berjekdigini görkezmeýärmi näme?!

Aktýoryň bedenine fiziki nukdaýnazardan, gereginden artyk zor salnanda, keşbi dogry, çuňňur duýgulara gaplap we çyn ýürekden göwnejaý ýerine ýetirmegiň gürrüňini hem edip oturmaly däl. Şonuň üçin döredijilik işine başlamazdan öňürti, hereketleri agaýana eder ýaly, bedeniň myşsalaryny parahat ýagdaýa salmaly. Eger--de, şony etmesek, sahna ýetmänkäk «Ömrümiň örki sungatda» atly kitapdaky ýaly bolaýmalyň. Şol kitapda artist bedenine gereginden artyk güýç berip, myşsalaryny gatadyp, ýumrugyny düwende, eliniň dyrnaklarynyň aýasyny ýaralandygynyň ýa--da aýaklarynyň barmaklaryny gereginden artyk güýç bilen gysyp, bedeniň hemme agramyny sol barmaklarynyň üstüne atandygynyň gürrüňi berilýär (24).

Ynha, ýas-ýaňy Nazwanow bilen gözümiziň alnynda bolup geçen şowsuzlyk beden myşsalaryna gereginden artyk güýç salanyňda bolýan ýagdaýy aýdyň delillendirdi. Ol beden tebigatynyň kanunlaryny bozany we olara gereginden artyk zor salany üçin emgege uçrady. Onuň öz tenine şikes ýetirmegi siziň hemmäňize akyl berýän mysal bolup, goý, size galan ömrüňizde özüňizi sahnada şeýle ýagdaýa salmaly däldigini öwretsin we görgüli Nazwanow basymrak gutulsyn.

– Fiziki taýdan çytraşmadan we bedene gereginden artyk güýç ulanmadan mydamalyk dynmak mümkinmikä? Arkadiý Nikolaýewiç şu barada näme aýtdy? – diýip, men ýoldaşymdan soradym.

– Arkadiý Nikolaýewiç «Ömrümiň örki sungatda» kitabyndan mysal getirip, bir artist zenanyň myşsasyna gereginden artyk zor salyp kösenendigini bize ýatlatdy. Ol şonuň üçin özüne beden myşsalarynyň parahatlygyny mehaniki ýagdaýda yzygiderli gözegçilikde saklaýan endik işläp taýýarlapdyr. Ol sahna gadam basan

badyna, şol endigi onuň beden myşsalaryny parahat ýagdaýa getirip, artykmaç güýji süňňünden çykarýar eken. Sahnada keşbi döredýän mahaly kynçylyk çeken ýerlerinde-de şol endigini ulanýar eken.

– Gör, nähili geň zat! – diýip, men ol zenanyň bu bagtyna şärikdigimi gizlemedim.

Paşa aýdýanlaryna meniň içgin gyzygýandygymy görüp, söhbedini örän çyny bilen dowam etdi:

– Ýöne diňe beden myşsasynyň dartylyp gatap durmagy aktýoryň döredijiligine päsgel berip durmaýar. Hatda bedeniň nireleridir bir ýeriniň sähelçe guruşmagy-da döredijilige ýaramaz täsirini ýetirip bilýär – diýip, Paşa gürrüňini Torsowyň aýdanlaryna syrykdyrdy:

– Ine, mysal üçin, şu aýdanlarymy ykrar edýän tejribede bolan zat. Zehinli we galjaň bir aktrisa kähalatda bedeniniň dartgynly guruşmasynyň nirdedigini hem takyk bilmändir. Ol kämahal bedeniniň guruşýan ýerini äşgär bilipdir.

Ýönekeý fiziki hereketler, ýagny biziň dilimizde aýdanyňda daş sypatyňy oýnadan bolmak ýygy-ýygydan duýgularyny gaplap alýar eken. Onuň çeken zähmeti köp halatlarda kömek beripdir. Ýöne şeýle-de bolsa, ony bedeniniň guruşýan ýeri wagtal-wagtal tapdyrman kösäpdir. Garaşylmadyk ýagdaýlaryň birinde keşbiň wakalarynyň dartgynly ýerinde aktrisanyň sag gaşyna güýç salanda onuň doňup galýandygynyň üstüni açýarlar. Aktrisa keşbiň dartgynly wakalarynda ýüz myşsalaryna düşýän agyr urgy sebäpli ýüze çykýan beden guruşmasyny aýyrmak üçin mehaniki ýagdaýda ýerine ýetirilýän endigi ulanmagy teklip edipdirler.

Haçanda oňa bu teklibi amala aşyrmak başardanda onuň bedenindäki hemme gowuşgynsyzlyklar aýrylypdyr. Ol edil täzeden dünýä inen ýaly bolupdyr, tutuş göwresi ýeňläp, keşbiň islendik hereketlerini ýeňillik bilen, göwnejaý ýerine ýetiripdir, ýüzi bolsa keşbiň içki duýgularynyň many-mazmunynyň aýdyň beýanyny özünde jemläpdir. Alasarmyklyk ýagdaýyna baglanan, soňra bolsa azatlyga çykarylan içki duýgy örän täsirli görnüşde ýüze çykypdyr. Artist zenan bu ýagdaýa düşünip, ony öz ýerine ýetirýän keşplerinde ulananda, onuň ylhamy joşupdyr.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Su gün meniň saglygymy sorap gelen Umnowlaryň aýtmagyna görä, Torsow bedeniňden gereginden artyk güýji doly suratda aýyrmagyň geregi ýok diýipdir. Şustow hem ýanyma gelende Torsowyň aýdanlaryndan ugur alyp, «Bedeniňi sahnada-da, durmuşda-da häli-şindi gowşadyp durmaly. Şeýdip durmasaň, bedeniň dartgynlylygy ýokary derejelere çykyp, ýaňy dörän döredijilik ylhamyny puja çykarmagy gaty mümkin» diýip, meni ynandyrmaga çalşypdy.

Ýeri, indi bu gapma-garşylygy nädip sazlamaly? Myşsalary doly suratda gowşatmaly däl, ýöne şeýle-de bolsa, olary gowşatmak weli zerur.

Meni Umnowdan soň soramaga gelen Şustow bu mesele barada şeýleräk düşündirdi:

– Nerwleri galgynly adamlaryň bedeninde, durmuşyň ähli pursadynda elmydama artykmaç dartgynlylyk döreýär. Aktýor hem adam. Ol köpçüligiň öňünde çykyş edende myşsalarynda dartgynlylyk peýda bolar durar. Aýaklaryň dartgynlylygyny azaltdygyň, ol eginleriňe geçer, ol ýerden aýran dessiňe, dartgynlyk bir seretseň bokurdagyňa geler-de, sesiňe düşer. Aý, garaz, dartgynlylyk dürli myşsalarda şol aýlanar ýörer. Şonuň üçin onuň bilen yzygiderli we ýadawsyz göreşmek gerekdir. Ony ýok edip bolmaýar. Emma onuň garşysyna göreşmek weli mümkin. Göreşmegiň ýoly özüňe gözegçilik etmekden ýa-da gözegçilik etjek kişiniň kömegini ulanmakdan başlanýar.

Gözegçilik edýän kişiniň işi ýeňil däl. Onuň işi durmuşda-da, sahnada-da aktýoryň bedenine salnan artykmaç güýç sebäpli, onuň myşsalarynda dartgynlylygyň, damar çekmeleriň, gatamagyň öňüni almak üçin irmän-arman kömek bermekden ybaratdyr. Bedene gereginden artyk zor salnanda, gözegçi şol güýji bedenden aýyrmak bilen bolmaly. Özüňi barlamak we artykmaç güýji bedenden aýyrmak işi endik derejesinde, mehaniki ýagdaýda öz-özünden bolup geçmelidir. Bulardan başga-da bu ýagdaýy endige öwrüp, gündelik gerekli zerurlyk derejesine ýetirmelidir. Özi hem ony bedeniň parahat mahaly däl-de, nerwleriň we fiziki dartgynlylygyň ýokary galan mahallary ulanmagy öwrenmeli we ony özüne endik edinmelidir.

– O nähili?! – Men düşünmedim. – Tolgunýarkaňam batlanmaly däl?!

– Bat almag-a beýle-de dursun, tersine, başardygyňdan beden myşsalaryňy gowşatmaly – diýip, Şustow kesgitli sözledi. Paşa düşündirişini Arkadiý Nikolaýewiçiň aýdanlary bilen dowam etdi. – Artistler keşbiň aýgytly sahnalarynda gereginden artyk hyjuwlanyp tolgunýandyklaryny görkezmäge çalyşýarlar. Olar şonda bedene has beter zor salýarlar. Beýle ýagdaýyň döredijilige-de nähili täsir edýändigini bolsa biz eýýäm bilýäris.

Aýratyn hem dartgynlylygyň ýokary göterilen mahaly çalam-çaş bolup ýykylmazlyk üçin myşsalary büs-bütin gowşatmagyň aladasyny önjeýli etmeli. Özüňe yzygiderli gözegçilik etmegi endige öwürmeli we sahnada artistiň öz bedenine artykmaç güýç salmaga garşy göreşi adaty bir ýagdaýa öwrülmelidir. Beýle ýagdaýy yzygiderli we uzak wagtlap taýýarlyk maşklaryny ýerine ýetirmek bilen gazanyp bolar.

Keşbiň dartgynly mahaly bat alanyňda bedene güýç salmaga bolan islegden, gaýta myşsalaryň adaty ýagdaýda saklanmagyna bolan islegiň artyk bolar ýaly özüňi terbiýelemek gerek – diýip, Paşa sözüni jemledi.

– Beýle zat, heý-de, bolup biljek zatmy?

– Arkadiý Nikolaýewiç bolup biler diýip aýdýar. Eger-de güýjüň gelmeginden gaça durup bolmaýan bolsa, goý, artykmaç güýç peýda bolsa bolsun. Ýöne onuň yzysüre myşsalary gowşadýan gözegçi gelsin.

Elbetde, iş hereketlerini endige salmak üçin ilki gözegçi hakynda köp oýlanmaly we ony işe ugrukdyrmaly bolýarsyň. Bu iş bolsa döredijilik işiňe päsgel berýän köp zähmeti we köp wagty talap edýär. Emma soňabaka myşsalaryňy gowşatmagyň ýollaryny öwreneniňden soň, az salymlyk tolgunmalaryň adaty ýagdaýa öwrülýär. Bu endik diňe sahnada ýa-da okuw otagynda däl, hemme edýän işiňde, ömürboýy her günde yzygiderli gaýtalanyp duran ýoldaşyň bolmaly.

Myşsalaryň gözegçisini häsiýet dünýäňe salyp, ony öz ikinji nusgaň derejesine ýetirmeli. Gözegçini şeýle ýagdaýa salanyňda, ol myşsalaryňy gözegçilikde saklap, döredijilige kömek berer. Eger-de biz myşsalarymyzy gowşatmak maksady bilen endige öwürmekçi bolýan gözegçimizi bellibir wagta laýyk kömek berdirmekçi bolsak, ol biziň bu islegimizi berjaý edip bilmez. Sebäbi bellibir wagt birliginde terbiýelenýän gözegçini, adaty ýagdaýda, özünden-özi, islendik mahaly gözegçilik etjek endige öwrüp bolmaýar.

Men Şustowyň aýdanlaryny durmuşa geçirip boljakdygyna ynanmazlyk etdim welin, ol Torsowyň görkezen işleri bilen öz aýdanlaryny delillendirdi. Görüp otursak, ol ýaş mahaly, sahnada artistlik edende myşsalaryna artykmaç güýç salýandygy üçin bedeni doňup galýar eken. Emma bedene gözegçini taýýarlansoň, myşsa zor salanda ony gowşatmak islegi artypdyr.

Şu gün mähriban Rahmanow hem meni soramaga geldi. Ol Arkadiý Nikolaýewiçden salam getirdi. Arkadiý Nikolaýewiç ondan maňa maşklary görkezmegi haýyş edipdir.

«Nazwanowyň entek ýatyrka edýän işi ýokdur. Goý, dek ýatmasyn. Onuň şu mahalky ýagdaýy, beden myşsalaryny gowşatmagy öwrenmäge saz» diýip, Arkadiý Nikolaýewiç aýdanlarynyň üstüne goşupdyr.

Torsow maňa otagyň düşek ýazylýan ýerinde, tagtanyň üstünde arkanlygyna ýatyp, myşsalaryň gerekmejek mahaly guruşýanlaryny bellemek üçin maşklary etmegi tabşyrypdyr. Şu maşklary eden mahalyň, içki duýgynyň duýujylygynyň hakydaňda oňat galmagy üçin, guruşýan myşsalaryň adyny daşymdan aýtmalydygyny-da ýatladypdyr.

Mysal üçin, egnim, boýnum, pilçäm, bilim guruşýar we ş. m. Guruşýanyny duýan myşsanyň şolbada dartgynlylygyny aýyrmaly-da, gözlegi täzeden dynuwsyz dowam etmeli.

Men mugallymymyzyň gözegçiliginde bu agyr bolmadyk maşklary ýatan ýerimde, gaty tagtanyň üstünde däl-de, ýumşak ýorganyň üstünde ýerine ýetirmäge synanyşdym.

Myşsalarymy gowşatdym. Olaryň bedenimiň agramyny saklap biljeklerine degmedim. Olara pilçeler we türre beden agzalarym degişlidi.

– Hindiler, gadyrdanym, «edil bäbek we haýwan ýaly ýatmaly» diýip öwredýärler. Edil haýwanlar ýaly! – diýip, mugallym oňat düşnükli bolar ýaly gaýtalady.
– Gaty çynyň bilen ynanaý!

Soňra Iwan Platonowiç onuň näme üçin gerekdigini aýtdy. Görüp otursak, çagany ýa-da pişigi çägäniň üstünde ýatyryp, olara rahatlanar ýaly pursady bersek we olar rahatlanansoň ýa-da uklansoň olary ýokary galdyrsaň, olaryň tutuş göwresi çägä edil ýelmenen ýaly bolýar eken.

Şeýle tejribe uly adam bilen geçirilende welin, çägäniň ýüzünde onuň diňe pilçeleri we türresi berk yz goýýar eken. Adamyň bedeniniň galan ýerleriniň myşsalary yzygiderli ýagdaýda güýç salnyp durulmagyna uýgunlaşandygy sebäpli, olar çägä sähelçejik degip, olardan ýöne bir sudur galýan eken.

Çaga ýaly ýatyp, öz bedeniň hemme ýeriniň şekilini çägäniň ýüzünde görjek bolsaň, onda bedeniň hemme ýerinden oňa salynýan güýji aýyrmak gerek bolýar. Şeýle hala ýetip bilseň, bedeniň oňat dynç alýar. Şular ýaly edip bedeniňe ýarym ýa-da bir sagatlyk berlen dynç bir gijäniň dynjyna barabar geler. Kerwenbaşylar şeýdip dynç almagy ýöne ýerden etmeýärler ahyryn. Sebäbi olar çölde uzak eglenmejek bolup, mejbury ýagdaýda gysga wagtlyk dynç alyşlary gurnamaly bolupdyrlar. Olaryň dynç alyş wagty bedeniň hemme myşsalarynyň doly suratda gowşamagyna çenli salyma deň bolupdyr.

Iwan Platonowiç her gün şu usuly ertirki we agşamky sapagyň aralygynda ulanýar. Ol şeýdip on minutlyk dynç alansoň, özüni örän ýeňil duýýar. Şular ýaly edip dynç almasa, ol asla-da özüne tabşyrylýan işleri doly edip bilmez.

Men Iwan Platonowiç giden badyna otagyma pişigimi çagyryp getirdim-de, onuň bedeniniň yzy oňat galar ýaly diwanyň ýumşajyk ýassygyna mündürdim. Men pişigiň bolşundan nädip ýatmalydygyny we bedeniňi gowşadyp nädip dynç almalydygyny öwrenmegi ýüregime düwdüm.

Men Arkadiý Nikolaýewiçiň: «Artiste, edil çaga ýaly, hemme zadyň ilki başyndan öwrenmek gerek bolýar: geplemegi, ýöremegi, töwerek-daşyny görmegi we beýlekileri – diýenlerini ýatladym. – Bulara biz durmuşda amal edip bilýäris. Emma gynandyrýan zat, biziň köpimiziň şolary adaty ýagdaýda oňly edip bilmeýändigimiz. Sahnada görmek, ýöremek, geplemek özboluşly häsiýetde bolýar, ýagny olar adaty durmuşdakylardan has gowy, kadaly, sazlaşykly, her kimiň tebigatyna laýyk bolýar. Birinjiden, sahna meýdançasynda şu ady tutulan zatlaryň näsazlygy has-da aýdyň göze ilýär. Ikinjiden, şol näsazlyklar aktýoryň hal-ýagdaýyna-da öz ýaramaz täsirini ýetirýär».

Bu aýdylanlar, elbetde, ýatyp bedeniňi gowşatmak meselesine-de degişlidir. Şonuň üçin hem, ine, biz pişik bilen bile diwanda ýatyrys. Men pişigiň özüni alyp barşyny synlap, özümi şonuň ýaly alyp barmaga çalyşýaryn. Ýöne hiç bir myşsaňa agram salman, ýatan ýeriňe bedeniň labyryny doly suratda atmak ýeňil-ýelpaý iş däl. Haýsydyr bir myşsa agram düşýändigini bilip, ony bellemek kyn däl. Ony gowşatmak hem çylşyrymly däl. Iň ýaman ýeri, myşsalaryň birini gowşadýarsyň welin, beýlekisi özüne agram salýar, soňra ikinjisi, üçünjisi.., aý, garaz, olaryň yzy

üzülenok-da... Myşsalaryň özüni alyp barşyna üns berdigiňsaýy, olar barha köpelmek bilen bolýarlar.

Şeýlelik bilen, bedeniňde ozal duýmadyk zatlaryňy duýýarsyň. Bu ýagdaý myşsalaryň özüne agram salýanlarynyň saňa näbellileriniň üstüni açmaga, agramyň näderejede ýüze çykýandygyny bilmäge mümkinçilik döredýär. Men az salymyň içinde boýnumyň we arkamyň myşsalaryna agram salmakdan halas bolmagy öwrendim. Men, elbetde, fiziki taýdan bedenim dynjyny aldy diýmek islemeýärin.

Emma özümize asla gerek bolmajak köpsanly, zyýanly agramlaryň aladasyny-da etmän, olary bedenimize salýandygymyza weli akylym doly ýetdi. Haçanda gaş oýnatma häsiýeti ýadyňa düşende bedeniňe agram salmagyň ýaramazdygyna çynyň bilen üns berýärsiň. Men hemme myşsalarymy gowşatmagyň tärini ele almadyk-da bolsam, geljekde ony doly ele alsam, bu işiň örän peýdaly boljakdygyny duýdum.

Iň ýaman ýeri, bedenimdäki myşsalary garyşdyrýaryn. Şonuň üçin hem kelle nirede, aýak nirede, düşüner ýaly bolmaýar.

Men şu günki maşklardan örän ýadadym!

Bular ýaly ýatyp, dynç alyp bolmaz!

Maňa şu mahalky ýatyşymda, myşsalaryň iň uly dartgynlylygyny gowşatmak başartdy we öz ünsümiň çägini burnuma çenli daraltdym. Başym dumanlap aýlanmanyň öň ýanyndaky ýagdaýa düşdi. Men edil pişigim Kot Kotowiçiň ýatyşy ýaly ýatyp ukladym. Görüp otursak, myşsalary gowşadyp, şol bir wagtyň özünde-de ünsüň çägini daraltmak ukusyzlyga garşy oňat tär ekeni.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu gün meniň ýanyma Puşin geldi we harby tälim-terbiýesi hem-de maşk türgenleşikleri hakynda gürrüň berdi. Torsowyň görkezmesi boýunça Iwan Platonowiç okuwçylara dürli halda, ýagny kese ýatyp, dik durup, oturyp, dyza çöküp, dürli mebeller bilen ýekelikde toparlanyşyp bedeniňi saklamagy buýrupdyr. Şeýle haldaky bedeniň, edil ýatanyňdaky ýaly artykmaç dartgynly ýagdaýa düşýän myşsalaryňy duýmagy we olary aýtmagy tabşyrypdyr. Bedeniň islendik halda duranda belli-belli myşsalaryň dartgynly ýagdaýa düşýändigi öz-özünden bellidir. Goý, şol myşsalar dartgynly ýagdaýa düşübersinler. Olar ýekebara, beýleki myşsalar bilen galtaşmaýarlar. Diýmek, olaryň galtaşmaýan myşsalary parahat halda bolmaly. Onsoň hem dartgynlylyk ýagdaýynyň hem dürli-dürli bolýandygyny unutmaly däl: dartgynlylygyň ýagdaýyna görä myşsalaryňa agram salyp bolar ýa-da agramy tä myşsa sandyraýança köpeldip bolar. Dartgynlylygy artykmaç köpeltmek bedeniňe-de, döredijilige-de zyýan berýär.

Mähriban Puşin synpda geçilenleri birin-birin aýdyp berensoň, meniň bilen maşklary gaýtalarman boldy. Men, elbetde, ysgynsyz halyma garaman, bitip barýan ýarama agram düşse-de, maşklary etmekden ýüz öwürmedim.

Ine, birden Jerom-Jeromyň (24) galamyna laýyk sahna döredi duruberdi. Aslyýetinde semizden daýaw Puşin özüne agram salýany üçin gyzaryp hem-de haşlap, dürli geň-enaýy ýagdaýlarda bedenini saklady. Onuň ýanynda bolsa arrykdan uzyn, reňki öçük, eli saralgy, çyzyk-çyzyk zolakly öý eşikli, edil sirkiň masgarabazy ýaly bolup men ýatyryn. Biz eziz çişijek ikimiz çabalana-çabalana, bedenimizi her dürli ýagdaýlara salyp gördük! Ýekelikde, bile ýatyp gördük, gladiatorlaryň göreşýän sypatyny etdik. Ýekelikde, bile, heýkel ýaly bolup durduk. Men dik durdum. Puşin bolsa, söweşde merhum bolanyň ýatyşy ýaly ýatdy. Soňra, ol aýak üstüne galdy, men dyza çöküp oturdym. Onsoň ikimiz hem çokunýan adamlaryň bolşuny gaýtaladyk, biz şeýde-şeýde, gadymy saýlantgy esgerleriň söweşe höwesek halynda durup maşklarymyzy tamamladyk.

Bu maşklary edeniňde, olaryň islendigi bedeniň myşsalarynyň belli-belli toparynyň işlemegini we belli-belli toparynyň bolsa rahatlanmagyny talap edýändigini berk gözegçilikde saklamak hem zerurdy. Şonuň üçin bu işde myşsalary dessine kesgitläp bilýän, güýjüň fiziki agramyny duýýan we oňa düşünýän, terbiýelenen ýiti üns gerek. Bedeniň ýatanyňda agram salynýan ýa-da salynmaýan myşsalaryny anyklamakdan çylşyrymly hereketlerde saklanan bedeniň myşsalaryny anyklamak has kyn düşýär. Olaryň agram salmalysyny we gowşatmalysyny bellige almak ýeňil iş däl. Bu işde nämeden we nireden ugur almalydygyna düşünmek kyn.

Men Puşin giden dessine pişigimiň gözlegine çykdym. Ýeri, men hereketleri islediginçe azat hem-de çeýelik bilen ýumşak etmegi pişigimden öwrenmän kimden öwreneýin?!

Ol, hakykatdan hem, deňsiz-taýsyz tälimçi! Elýetmez!

Men ony her dürli ýagdaýlarda ýatyryp gördüm, ýagny gapdal, arkan, ýüzin, başaşak. Ol aýaklarynyň her birinde sallanyp durdy, dört aýagynda-da, guýrugynda-da sallandy. Pişigiň saklanyp durýan hemme ýagdaýlarynda-da örän ýeňillik bilen myşsalaryndan gerekmejek dartgynlylygy aýryşyny we zerur myşsalaryny belläp, gerekli dartgynlylygyň çägini duýup olara paýlaýşyny görüp oturmalydy. Meniň Kot Kotowiçim biziň ondan näme isleýändigimize düşünýän ýaly, her bir saklanyp durýan ýagdaýyna laýyjak dartgynlylygy myşsalaryna paýlamak bilen boldy. Onsoň ol tassyklanan yagdaýdaky hereketde näçe wagtlap durmaly bolsa-da durjakdygyny mälim etdi. Gör, nähili adatdan daşary taýýarlyk! Men Kot Kotowiç bilen «sapak» geçýärkäm birdenkä garaşmaýan adamym peýda boldy...

Kim bular ýaly sazlaşygy döredip biler?! Şular ýaly täsinligi neneň düşündirip bolar?!

Goworkow geldi!

Men onuň gelenine şeýle bir şatlandym, şeýle bir şatlandym weli, heý, sen goýaý!

Men şol mahal hem, haçanda ýaramdan gan akdyryp, aňymy ýiteňkirledip, onuň gollarynyň üstünde çalam-çaş bolup ýatyrkam hem, onuň hyklap-hyklap meni

göterip barýan sesi meniň gulagymyň düýbünden eşidilýärkä-de, dostumyň ýüregi-niň maňa bolan yssysyny duýupdym. Şu gün şol duýgym ýene gaýtalandy. Şu gün men ony biziň şol bir öwrenişen, birmeňzeş häsiýetimizde däl-de, düýbünden başga hili häsiýetde gördüm. Şu gün ol Torsow hakdaky pikirini aýdanda-da, öňkülerinden düýpgöter başgaça aýdyp, Torsowyň örän gyzykly edip sapagy alyp barýandygyny ýaňzytdy we sapakda geçilen zatlaryň kemini goýman gürrüň berdi.

Arkadiý Nikolaýewiç myşsalary gowşatmakda we olara salmaly agramy sazlap, bedeniňi bellibir ýagdaýda saklamak hakynda düşündirende, durmuşda öz başyndan geçiren wakasynyň gürrüňini beripdir, ýagny Torsowa Rim şäherinde, biriniň öýünde amerikan zenany çykyş edende, ony görmek miýesser edipdir. Ol zenany, biziň döwrümize gelip ýeten, ýöne el-aýagy, kellesi, göwresiniň ýokarky bölegi döwük, gadymy heýkeli täzeden dikeltmek işi gyzyklandyrypdyr. Amerikan zenany heýkeliň saklanyp galan böleklerinden çen tutup, onuň nähili ýagdaýda durandygyny anyklajak bolupdyr. Oňa bu işi etmek üçin adam bedeninde deňagramlylygy saklamak kanunyny özleşdirmek gerek bolupdyr.Ol öz şahsy tejribesiniň üsti bilen bedeniniň deňagramlyk derejesiniň merkezini tapmagy öwrenipdir. Zenan şeýdip, özünde adatdan daşary duýgurlygy oýadyp, bedeniniň her bir saklanyp durýan ýagdaýyndaky deňagramlylygyň merkezini emgenmän tapypdyr we ony şol deňagramlylygyň merkezinden hiç bir zat çykaryp bilmändir. Ony dürli tarapa oklapdyrlar, itekläpdirler, büdredipdirler, durup bilmez ýaly ýagdaýlara salypdyrlar. Aý garaz, her zat edenlerinde-de ol ýeňiji bolup çykypdyr. Zenan kiçijik bolsa-da, bir gezek kakanda äpet erkek kişini ýykypdyr. Şeýdip ol zenan öz tejrbesinde bu bolýan ýagdaýlaryň hemmesiniň beden deňagramlylygyny saklap bilmekdendigini takyk görkezipdir. Amerikan zenany bedeniň niresine kakanyňda onuň deňagramlylygyny ýitirýändigini bilýär ekeni. Şonuň üçin hem ol garşydaşyny uly güýç salman ýeňip bilipdir.

Torsow onuň işiniň gizlin syrlaryny öwrenmändir. Emma şeýle-de bolsa, ol bedeniň deňagramlylygyny saklamak meselesinde zenandan agramyň merkezini bilmegiň manysynyň zerurdygyny öwrenendigine begenipdir. Torsow ýokary derejede ösen deňagramlylyk duýgusynyň buýrugynyň esasynda, myşsalaryň diňe öz işini etmekleri üçin nähili çeýe, okgunly ýagdaýda bedeni ökdelik bilen taýýarlap bolýandygyny öz gözi bilen görüpdir. Arkadiý Nikolaýewiç şeýle sungaty öwrenmäge bizi çagyrýar, ýagny öz bedeniň agramynyň merkezini bilmegi ündeýär.

Muny kimden, elbetde, Kot Kotowiçden öwrenseňem öwrenip oturmaly! Şonuň üçin Goworkow giden dessine men ýyrtyjy bilen täzeçe oýnamaga başladym. Ony itip gördüm, oklap gördüm, terslin-oňlyn togaladym, aý, garaz, deňagramlylykdan çykarmaga çalyşdym. Emma hemme edenim puç boldy. Ony öz isleýän ýagdaýyma salyp bilmedim. Ol öz islän mahaly isleýşi ýaly ýagdaýda ýatdy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Puşin gelip Arkadiý Nikolaýewiçiň harby terbiýeçilik we türgenleşik işlerini okuwçylaryň näzeýilli özleşdirendiklerini barlandygyny aýdyp berdi. Görüp otursam, şu gün bu işe düýpli üýtgetmeler girizilipdir, ýagny Torsow bedeniň her bir ýagdaýynda-da, diňe bir şol saklanylýan ýagdaýy barlamak bilen çäklenmändir. Mugallym okuwçylardan dartgynlylykdan özlerini mehaniki usulda boşatmak üçin «eger-däni» hyýaly duýguda ulanyp, ony hödürlenen ýagdaýlara görä bellibir pikire gaplamagy talap edipdir. Şeýdilende ol bedeniň bellibir ýagdaýda doňup galýan halyny ýitirip, işjeňligi beýan edýän amala öwrülýär.

Meselem, aýdalyň, men golumy ýokary galdyrýan we özüme şeýle diýýärin:

«Eger-de, men şular ýaly bolup dursam, ýokarda, belent şahada bolsa bişen şetdaly sallanyp dursa, şol şetdalyny almak üçin men nämeleri etmeli?»

«Şeýle pikire ynanan dessiňe, hödürlenen ýagdaýa görä, ýagny şetdalyny almak ýagdaýyna görä, gymyldysyz duran beden iş hereketini etmeli bolýar. Bu herekete diňe ynanmagyňyz gerek. Ynansaňyz, tebigatyňyzyň özi size kömege geler-de, artykmaç güýji aýrar, gerekli güýji bolsa derrew tapyp berkider. Özem bu hadysa aň-paýhasyň kömegine mätäç bolman amala aşar.

Sahnada bellibir pikire gaplanmadyk beden iş hereketini etmeýär. Teatryň şertinde hakyky döredijilige we çyn sungata orun ýok. Eger-de şol şertlilik nämedir bir zada gerek bolsa, onda şony gerek bolan laýyk mazmuna salmaly. Özi hem teatr, şol gerek zadyň daşky keşbini däl-de, onuň içki manysyny beýan etmelidir».

Onsoň Puşin şu günki sapakda birnäçe maşklaryň deslapky görkezme sahnalarynyň gurnalandygynyň gürrüňini berdi we olary eglenmän maňa görkezdi. Mähriban çişijek, gabat gelen beden ýagdaýyny aldy-da, gülkünç halda diwanda süýndi. Diwandan ýarty göwresini sallap, ýüzüni ýere ýeteňkirledip ýatdy. Onsoň gollaryny öňe uzatdy. Manysyz hem gelşiksiz beden ýagdaýy boldy duruberdi. Oňa bu beden ýagdaýynyň näsazdygy duýuldy. Ýöne Puşin haýsy myşsasyny gowşadyp, haýsysyny dartgynly ýagdaýa salmalydygyny bilmedi. Akgöwün çişijek anyklaýjy duýgusyny herekete getirdi weli, bu duýgy oňa näme etmelidigini anyk aýtdy. Emma Puşin şonda-da özüne gerek beden ýagdaýyny tapyp bilmedi.

«Ine, äpet tarakan ýetip gelýär! Tizden-tiz onuň depesine bermek gerek!» diýip, ol birdenkä gygyryp goýberdi.

Ol şobada näbelli bir nokada tarap ümzük atdy. Şol nokat onuň görýän tarakanydy. Ony ýok etmek üçin Puşin herekete girişen bedeniň myşsalaryny adaty ýagdaýda saklap, dogry işlemegiň hötdesinden geldi.

Netijede, çişijegiň tapan beden ýagdaýy mana gaplandy-da, ynandyryjylykly ýagdaýa geçdi. Puşin tarakany öldürýän iş hereketini «doňmak» bilen ýerine ýetirdi. Şonda onuň beden hereketlerinde myşsalary örän dogry we ynandyryjylykly işlediler.

Aktýoryň öwgüli tehniki emellerindenem, aň-paýhasyň talaby bilen edýänlerindenem, tebigy ýagdaýda bedeniň myşsalarynyň adaty hereketleri ynandyryjylyklydyr we dogrudyr.

Şu günki sapak okuwçylara sahnada mugallymyň hemme öwreden beden maşklarynyň her bir hereketiniň üç pursatdan durýandygyny düşündirmekden ybarat bolupdyr.

1) Tomaşaçylaryň öňünde çykyş edilende tolgunmanyň netijesinde döreýän beden ýagdaýlarynyň myşsalaryna gereginden artyk zor salmak;

2) barlag duýgusynyň kömegi bilen artykmaç salynýan güýji mehaniki ýagdaýda aýyrmak;

3) özüni artiste ynandyrmaýan beden ýagdaýyny haýsy-da bolsa bir pikire gaplamak ýa-da nähilidir bir mana laýyk getirmek.

Güýç salmak, salynýan güýji aýyrmak we oňa many bermek.

– Güýç salmak, salynýan güýji aýyrmak we oňa many bermek – diýip, Puşin öz ýanyndan gaýtalap, meniň bilen hoşlaşdy.

Ol gitdi.

Men pişigimiň kömegi bilen ýap-ýaňy geçilen maşklary barladym welin, olaryň manysy aýan boldy. Bu şeýle ýagdaýda bolup geçdi: men öz tälimçime ýaranjak bolup ony öz ýanymda ýatyrdym-da, emaý bilen arkasyny sypadym. Emma ol ýatman, meniň golumyň üstünden aşyp, ýere düşdi-de, bedenini ýygryp, otagyň burçuna hüşgärlik bilen seredip, şol ýagdaýda dem salym gymyldaman durdy. Soňra ol awuny görene meňzäp, ýuwaşlyk bilen burça tarap ýöredi. Bu mahal «tälimçiniň» bolşuny gözden salmak asla mümkin däldi. Men onuň her bir ädimine üns berip seretdim. Sirkiň ýylany ýaly towlam-towlam bolup, Kot Kotowiçiň birje hereketini-de sypdyrmazlyga çalyşdym. Elbetde, meniň daňylgy golum edýän hereketlerimi şeýle bir gowy ýagdaýda bedenimiň ýerine ýetirmegine päsgel berdi. Emma şeýle-de bolsa, men bedenimi saklap, myşsalarymy gözden geçirmekçi bolup, barlag duýgymy tijedim. Ilkinji minutlarymda myşsalarym örän oňat ýagdaýda duran eken. Olara agram düşmesine, elbetde, agram düşüpdir.

Elbetde, şeýle-de bolmalydy. Göze görnüp duran bellije maksat bolansoň, bedeniň tebigy ýagdaýy adaty ýagdaýda herekete gelipdir. Emma men ünsümi pişikden özüme geçiren dessime, bu ýagdaý üýtgedi. Meniň ünsüm eýläk-beýläk dargap çalam-çaş bolan dessine, myşsalardaky güýç olary gysmak bilen boldy. Salynmaly güýç bolsa gereginden artyk köpelip, bedenimi sandyradyberdi. Gerekmejek myşsalarym-da öz-özünden işlemäge taýýar boldular. Aýdyň maksat we hereket şonuň bilen gutardy. Onuň ýerine aktýoryň tehnikasynda öwrenilen, ýagny myşsalaryňy gowşatmak we bedeniň ýagdaýyna bellibir manyny bermek emelleri bilen meşgullanmaly boldum.

Edil şol wagt, meniň köwşüm aýagymdan gaçdy. Men iki eplenip köwşümi aýagyma geýdim-de, onuň bagjygyny daňdym. Ýene-de bu çylşyrymly beden ýag-

daýy öz-özünden ýeňiljek amala aşdy. Özem golum saralgy bolsa-da, myşsalaryň işlemelileri özüne laýyk güýç bilen işlediler, galanlary parahat ýagdaýda galdylar. Bu düşen halymy barlag duýgym bilen barlagdan geçirdim!

Ýeri, indi, netije näme? Meniň ünsüm edilýän işdekä-hä myşsalaryň zerur topary berk büküilip, özüne gerek uly güýji ýerbe-ýer kabul etdiler, beýleki zerur däl myşsalar bolsa öňki kaddynda galdylar. Emma men ünsümi edilýän işden sowup, öz fiziki ýagdaýyma üns beren dessime, edilýän hereket-de, onuň maksady-da ýitip gitdiler we myşsalara agram düşdi, gerekmejek myşsalar işlediler.

Ine, ýene-de bir amatly mysal. Ony maňa edil şeýle mysaly gözleýändigimi bilýän ýaly, garaşylmadyk ahwaly peşgeş berdi – men el-ýüzümi ýuwan mahalym, elimden sabynym typyp, şkaf bilen el ýuwulýan taňňyryň arasyna gaçdy. Sag elimi uzadyp, saralgy golumy bolsa sallap, sabyny almaly boldum. Ýene-de çylşyrymly beden ýagdaýy döredi. Meniň barlagçym işlemegini dowam etdi. Ol öz islegi bilen myşsalarymyň ýagdaýyny barlady. Hemmesi ýerbe-ýer. Diňe gerekli myşsalaryň toplumy özüne gereklije güýji ulanan ekeni.

Men öz-özüme: «Hany, men bedeniň şol halyny talap edip hem ýerine ýetirip göreýin!» diýdim. Diýşim ýaly, ony gaýtaladym. Emma... sabyn eýýäm galdyrylgydy. Şonuň üçin eýýäm bolup geçen beden ýagdaýyny gaýtalamagyň hajaty ýok bolup göründi. Maksat ýitdi. Manysyz, gymyldamaýan bedeniň öňki kaddy saklanyp galdy. Men haçan-da myşsalaryň işleýşini barlagdan geçirenimde, meniň bedenim bilen aň-paýhas arkaly gurnan her bir ýagdaýlarymda myşsalara gerekmejek agram düşýändigine, çylşyrymly ýagdaýlaryň döräp, gerekli myşsalary tapmagyň barha kynlaşýandygyna gözüm ýetdi.

Ine, men sabynyň gaçan ýerindäki gara çyzyga ünsümi jemläp nazarymy dikýärin we onuň nämedigini biljek bolup, ony elläp görmek üçin oňa golumy uzadýaryn. Gara çyzyk otagyň poluna düşelen tagtanyň jaýrygy eken. Gep tagtanyň çat açandygynda däl-de, meniň şony görenimde adaty ýagdaýda eglen bedenimiň myşsalarynyň ýerbe-ýer işländiginde. Maňa şu geçilen mysallardan soň, bellibir maksada we herekete gaplanan beden ýagdaýy (artistiň bolsa döredýän mahaly hödürlenen ýagdaýlara çyny bilen ynanyp, adaty ýa-da hyýaly durmuşy olara ykjam sazlan ýagdaýynda) myşsalary adaty halda saklaýandygy düşnükli boldy. Diňe şeýle ýagdaý doly suratda beden myşsalaryny geregiçe gowşadyp ýa-da güýç salyp, sazlap, ugrukdyryp bilýär.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Men şu mahal diwanda kök uran ýaly gobsunman ýatdym.

Emma ymyzganyp ugramda meni nämedir bir zat biynjalyk hala saldy. Bu haldan çykmak üçin näme-de bolsa bir zat etmelidi... Hat göndermelimi?.. Kime?.. Men bu ýagdaýyma soňra düşündim: meniň bu ýagdaýym düýn bolupdy ahyryn, bu gün bolsa... bu gün men ýaraly golumyň daňysyny täzeläýin... Ýok, ýarany daň-

mak meselesi düşnüklile. Emma Puşin geldi, ol bir zatlary aýtdy ahyry... Men bolsa onuň aýdanlaryny belläp almadym... Ol aýdylýanlar örän wajypdy. Hä-ä, ýadyma düşdi, ertir okuwçylaryň ahyrky jemleýji taýýarlyk işleri (soňky taýýarlyk). Otello... Men bolsa tagaşyksyz halda ýatyryn... Düşünýän, hemmesi aýdyň boldy.

Iki egnim agram salanym üçin, ýokarlygyna çekilip gitdi. Haýsydyr bir myşsam özüne gereginden artyk güýç saldy öýdýän. Hatda gowşatdyrmajak bolýar! Bolmasa barlagçym bedenimiň hemme ýerinden ol myşsamy gözläp, meni ýatyranok. Ahyry, Hudaýa şükür, myşsam gowşap ýumşady! Kuwwatlanara düýbünden başga bir direg tapdym. Onsoň maňa öňkülerden hem gowy boldy duruberdi. Men diwana çuň çümüp, örän ykjam ýagdaýda ýatmaga mümkinçilik tapdym. Ýöne men ýene-de bir zady unutdym oturyberdim. Ediljek şu mahal ýatlap ýatyrdym. Ýöne ony näme üçündir unutdym.

Hawa, düşünýän, ýene şol barlagçym.., ýo-ok, barlagçym oňat-la. Oňa «myşsalaryň gözegçisi» diýip at berseň has mahabatly boljak. Men ýene az salymlyk oýandym we arkamda myşsalarymyň dartgynly halyny duýdum. Diňe arkamda-da däl, asyl, eginlerimde-de olar çekilişip durlar... Çep aýagymyň barmaklary-da towlanyp dur.

.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. . .. .. .. .. .. .. .. .. . .. .. .. .. .. .. .. .. .. ... .. .. .. .. .. .. ... .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..

Men şeýdip barlagçym bilen özüne agram salyp gysylýan myşsalarymy yzygiderli gözläp, ymyzganyp ýatdym.

Bu ýagdaý şu mahal ýazuw işini edýärkäm-de dowam edýär. Indi, ýadyma düşdi, düýn, Puşin ýanymdaka-da meniň bedenimde edil şular ýaly düşnüksiz ýagdaý bolup geçipdi. Üçülenji gün bolsa, lukmanyň öňünde bigelşik halda, oňurgama agram salyp, çommalyp oturmaly boldum. Çommaldym weli hemme myşsalarym gowşady.

.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ... .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..

Bu näme boldugy? Mende myşsalarymyň yzygiderli gysylmalary bolup geçip dur. Gysylmalaryň yzy kesilmeýär. Näme üçin ozal beýle bolmaýardy? Sebäbi öň mende barlagçy ýokdy hem-de men muňa üns bermeýärdim. Diýmek, mende özümi barlagda saklamak pişesi döräp, ýaşap ýör-dä?! Ýa-da ondan hem beter: meniň ozal duýmadyk, täzeden-täze gysylýan myşsalarymy tapýanym üçin ol herekete gelip durmuka? Ýa-da bular köneden gelýän mydamalaýyn, meniň bolsa indi aň-paýhaslylyk bilen duýup başlan myşsalarymyň gysylýanlarymyka? Kim bu meseläni çözer?

Bir ýagdaý welin, maňa aýan: meniň bilen bir zada bolup geçýär, ozal beýle zat bolmaýardy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..19 ý.*

Torsow Şustowyň aýdyşyna görä, bu gün hereketsiz durmak usulyndan yşarat etmek bilen herekete gelmek usulyna geçmegi öwredipdir.

Torsow okuwçylaryna şeýle usula geçmegi nädip öwretdi? – diýip, men Şustowdan soradym.

Şustow şeýle diýip düşündirdi:

– Sapak zalda geçdi. Okuwçylar, edil gözden geçirilişe gatnaşýan ýaly, hatara durdular. Mugallym olara sag goluny götermegi tabşyran badyna, olar edil bir adam ýaly bolup goluny galdyryp, buýrugy berjaý etdiler. Gollar ýol hereketini görkezýän ala taýaga meňzäp asmana galdylar.

Şol bir wagtyň özünde-de Rahmanow, okuwçylaryň eginleriniň myşsalaryny barlap baha berdi:

«Beýdip goluňy göterişiň bolanok. Boýnuň, arkaň myşsalaryny gowşat. Goluň tutuşlygyna dartgynly ýagdaýda, gowşat we ş.m.».

Torsow:

– Goluňyzy götermegi başarmaýarsyňyz – diýdi.

Bizden edilen talap göräýmäge çylşyrymly däl. Emma ony dogry ýerine ýetiren okuwçy bolmady. Mugallymlar okuwçylardan diňe eginleriniň myşsalaryny ulanmagy talap etdiler, ýagny bedeniň beýleki myşsalaryndan aýry diňe bir myşsalar toplumy herekete gelmelidi. Boýun, arka, has beteri hem bil myşsalary bu işe goşulman, öz parahat ýagdaýlaryny saklamalydylar. Bil myşsalary göterilen gola kömek berjek bolup, onuň garşysyna tarap tutuş göwräni häli-şindi gyşardýandygy mälim zat.

Torsowa myşsalaryň aralygynda peýda bolýan artykmaç güýçler roýalyň perdesine basylanda, ol perde goňşy perdelere degip, özüniň döwükdigini aňladyp seslenýän ýaly bolup göründi. Roýal bilen şeýle ýagdaý bolanda *do* notasyna basanyňda *do* notasyna *si* we *do-diýez* goşulyp, ýaramaz seslenýär.

Şolar ýaly saz guralynda çalnan saz gulaga ýakymly bolarmy heý-de?! Şeýle saz biziň oňarmaýan işimiz bilen-ä sazlaşjak eken. Biziň myşsalarymyzy işledişimiz hem edil şol roýal ýaly, ýaglanmadyk maşyn ýaly olarda aýdyňlyk ýok, bolup-da bilmez. Hereketlerimizi edil jaý düzülen roýalyň sesi ýaly dury, aýdyň etmeli. Şeýtmesek, ýerine ýetirýän keşbimiz bulaşyk, bulam-bujar bolar we keşbiň içki we daşky dünýäsi näbelli maksatlara gönügip, çeperçilik babatda bärden gaýdar. Fiziki ýagdaýda keşbi çeper ýerine ýetirmek aýdyňlygy, takyklygy we çeýeligi talap edýän inçe duýguda jemlenýär.»

– Men şu günki sapakdan şeýle düşünje aldym – diýip, Şustow gürrüňini dowam etdi. – Arkadiý Nikolaýewiç edil ussat ussa ýaly bize oňat edip myşsalaryň üstünde işlemegi öwretdi. Şu günki sapakdan soň men özümiň myşsalarymy ýerbe-ýer işletjekdigime ynandym.

Men Puşiniň gürrüňine gyzygyp:
– Ýene nämeler bolup geçdi? – diýip soradym.
Paşa bolan zatlary birin-birin ýatlap gürrüňini dowam etdi:
– Mugallymlar her bir beden agzalarymyzyň öz myşsalar toplumyny aýaga galdyryp, galan myşsalarymyzy parahat ýagdaýda saklamagy başarmagymyzy bizden talap etdiler.
Mysal üçin, goluňy galdyranyňda, oňa salynýan güýç goluň, tirsegiň, çigniň, goşaryň, barmaklaryň we olaryň bogunlarynyň myşsalarynda jemlenmeli. Bedeniň galan myşsalary parahat ýagdaýynda galmaly.
– Size olaryň talabyny ýerine ýetirmek başartdymy? – diýip, men gyzygyp soradym.
– Çynymy aýtsam başartmady – diýip, Paşa boýnuna aldy. – Biz geljekde bu işiň hötdesinden geljekdigimizi welin, geçen sapagymyzda duýduk.
– Näme, sizden edilen talap şeýle kynmy näme? – diýip, men düşünmän ýene-de sorag berdim.
– Göräýmäge kyn däl ýaly. Emma hiç birimiz şol talaby mugallymlarymyzyň isleýşi ýaly edip bilmedik. Bu iş ýörite taýýarlygy talap edýär. Nätjek-dä! Özümiziň bedenimizi we dünýämizi başdan-aýak täzelemeli we sungatyň talabyna laýyk gurnamaly ýa-da dogrulap aýdanyňda, tebigatymyza laýyk ýola goýmaly bolar-da.
Sebäbi sungat biziň tebigatymyz bilen örän sazlaşykly ýagdaýda ahyry. Durmuşdan yzygiderli gelýän ýaramaz endikler biziň tebigatymyzy zaýalaýar. Tomaşaça sahna meýdançasyndaky ýetmezçilikler, näsazlyklar örän aýdyň görünýär. Sebäbi teatryň dörtburç meýdançasynda durmuşyň bir bölejigi görkezilýär. Tomaşaçylar bolsa elleri dürbüli, meýdançanyň edil alkymynda oturyp oňa seredýändikleri üçin, hiç bir zady gözden salman, edil aýnada görýän ýaly hemme zady sypdyrman synlaýarlar. Ýol görkezýän ala taýak ýaly, gös-göni ýokary göterilýän gol durmuş hakykatyna laýyk gelýär.
Emma sanha meýdançasynda olar ýaly bolup onuň göterilmegi maksada laýyk gelmeýär. Ol artistiň agaç ýuwudan ýaly doňup, gymyldysyz durandygyny görkezýär. Ol şeýdip artisti gurjaga öwürýär duruberýär. Göwnüňe şeýle artistiň dünýäsi hem edil goly ýaly dartgynly halda gatap, doňup galana meňzeýär. Eger-de oňa gös-göni bolup duran syryk ýaly boýun oňurgasyny hem goşaýsaň dagy-ha, bar onsoň, artiste adam diýmän dub agajymyka diýersiň. Şeýle «agaç» näme döredip biler? Heý-de, keşbiň durmuşyny öz üstünden geçirip bilermi?
Paşanyň aýtmagyna görä, şu günki sapakda iň ýönekeýje berlen işi-de, ýagny, eginleriň myşsalar toplumyna daýanyp, goluňy ýokary galdyrmak işini hiç kim ýerine ýetirip bilmändir. Edil şonuň ýaly tirsekleriň, goşarlaryň, barmaklaryň birinji, ikinji, üçünji bogunlarynyň we ş.m. maşklaryny-da ýerine ýetirip bilmändirler. Bu sapar goluň her bir bölegini, meselem, goşary ýa-da tirsegi hereketlendirenlerinde goluň tutuş özi herekete gelipdir. Haçanda Torsow goluň maşklaryny barmaklar-

dan egne çenli, soňra eginden barmaklara çenli yzygiderli etmegi tabşyranda bolsa, ýumuş öňkülerden hem ýaramaz berjaý edilipdir. Şeýle boljagy görnüp dur-la. Eger-de myşsalary aýry-aýrylykda herekete getirip bolmadyk ýagdaýynda beýleki myşsalar toplumyny ulanman, olary yzygiderli halda hereketlendirip bolmaz.

Onsoňam, Torsow ol maşklary öwretmek bilen, olary eglenmän edip beriň diýmändir ahyryn. Ol okuwçylar bilen geljekki sapaklaryň temalaryny nähili düzgün-tertipde we maşklarda geçmelidigini Rahmanowa aýdyp, görkezme beripdir. Edil şolar ýaly maşklary bedeniň beýleki agzalary bilen etmelidigini, aýratyn hem, goluň goşarlaryna üns bermelidigini ol nygtapdyr. Sebäbi Torsow goluň goşarlaryna «bedeniň gözleri» diýip at beripdir.

Puşin geldi. Ol mylaýymlyk bilen Şustowyň aýdanlaryny ýerine ýetirip görkezdi. Onuň maşklary görlüp-eşidilmedik ýagdaýda täsin, özleri hem örän gülkünç. Esasan hem boýnuňdan başlap, tä bil türresine çenli aralygy bogunma-bogun herekete getirmek çendenaşa gülkünç. Puşiniň semizje, tos-togalak bedeniniň myşsalarynyň mylaýymlyk bilen yzly-yzyna işleýişlerini hezil edip synlap oturmaly.

Ýöne onuňam oňurga süňküne ýetip, biliň myşsalaryny bölek-bölek aýratynlykda işledip biljekdigine şübhelenýärin. Sebäbi bil myşsalaryny, onda-da olary böleklere bölüp işletmek ýeňil iş däl. Maňa bil oňurgamyň üç bölegini gözläp tapmak başartdy. Biziň boýnumyzdan bilimize çenli aralyk bolsa ýigrimi dört bölekden ybarat.

Puşin Şustow bilen bile gitdi.

Kot Kotowiçiň gezegi geldi. Men onuň bilen dürli oýunlary edip, pişigiň dilde düşündirip bolmajak, haýran galyp oturmaly köpsanly hereketlerini synladym. Haýwanlaryň hereketleriniň şeýle sazlaşykly ýagdaýlary, şeýdip öz bedenini ösdürişleri adama ýetdirjek zat däl. Hiç bir tehnika olaryň hereketiniň sazlaşygyny gurnap bilmez. Diňe adaty tebigylyk şeýle sazlaşygy, belentligi, ýeňilligi, takyklygy, çeýeligi, öz-özünden döreýän hereketleri, dürli ýagdaýlarda bedeni saklamagy, döredip biler.

Haçanda meniň owadan pişigim jaýrykdan gymyldap görnen barmaklaryma topulanda onuň bedeniniň hereketlerini söz bilen aýdar ýaly däl. Ol göz açyp-ýumasy salymda bar güýjüni jemläp düýrügýärdi-de, barmaklaryma topulýardy.

Soňra dessine-de hemme myşsalaryny gowşadýardy. Şeýdip ol öz güýjüni aýap saklaýar. Gör, ol nädip öz güýjüni goraýar?! Ol bu hereketleriň hiç birine-de artykmaç güýç sarp etmeýär. Diňe etjek işinden ünsüni sowman hereket edýär. Şonuň üçün hem onuň edýän işi takyk. Pişikler toplumyna girýän ýyrtyjylaryň hemmesi çeýelik bilen ýeňil gopmaga uly mümkinçilikleri berýän beden myşsalaryndan peýdalanyp, adatdan daşary ýagdaýda öz göwresine diýenini etdirýärler.

Men pişigim bilen bäsleşmekçi bolup, Otellonyň «gaplaň» häsiýetine öýkünip, gadam urup gördüm. Ilkinji ädimimde myşsalarym uly ses edip şakyrdadylar.

Men şonda görkezen parçamyzda nämede ýalňyşandygyma şu mahal düşünip galdym! Beden myşsalaryma gereginden artyk güýç salypdyryn. Tutuş bedenine gereginden artyk güýç salýan artist pikir etmek üçin özüni erkin duýup, keşbiň durmuşy bilen sahnada ýaşap bilmez. Eger-de roýaly götermek üçin talap edilýän güýji geregiçe artdyryp bilmeseň, nädip Otellonyň inçe, çylşyrymly içki dünýäsini ýerine ýetirersiň? Torsow şonda maňa, gör, nähili undup bolmajak oňat sapak beripdir. Mugallym meniň gopbamsy özdiýenliligime ýok diýmän, maňa hiç mahal döredijilikde etmeli däl zady öwredipdir. Bu özdiýenlilige gaýtmyşym etmek üçin takyk hem ynandyryjylykly delil.

# VII. SAHNA OÝNUNYŇ ÝAZGYSYNYŇ EDEBI ESASYNY BÖLEKLERE BÖLMEK WE BÖLEKLERDE EDILMELI IŞLER

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu gün sapak tomaşaçylaryň zalynda geçdi.

Biziň zala giren badymyza:

«*Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny böleklere bölmek we böleklerde edilmeli işler*» diýlip, iri harplar bilen ýazylan görkezme esbabyna gözümiz düşdi.

Arkadiý Nikolaýewiç bizi adatdan daşary täze, zerur temany özleşdirmäge başlaýanlygymyz bilen gutlap, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny ýa-da keşbi nädip böleklere bölmelidigini we bölekler diýlip nämä aýdylýandygyny düşündirip başlady.

Torsow elmydama sapagy gyzykly geçirýärdi. Onuň aýdýanlary meniň üçin gyzykly we düşnükli bolsa-da, men onuň sapagyny ýazyp alýardym. Sebäbi sapakdan soň ýazgymy okasam, Torsowyň aýdanlary maňa has-da düşnükli bolýardy.

Men şu gün dostum Paşanyň daýysynyň – tanymal artist Şustowyň keşbi ýerine ýetirişini ilkinji gezek gördüm. Beýik artist nahar wagty ýegeninden mekdepde şu gün haýsy temany geçendigini sorady. Ol biziň öwrenýän işlerimiz bilen gyzyklandy. Paşa «Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny böleklere bölmek we böleklerde etmeli işler» diýen temany özleşdirip başlandygymyzyň gürrüňini berdi.

– Şpondiýany tanaýaňyzmy? – diýip, ýaşuly bizden sorady.

Görüp otursak, Şustowyň çagalarynyň hem teatr sungaty hünärini öwrenýäni bar eken. Ol Torsowyň mekdebiniň ölemen aşygy, diýseň täsin familiýaly ýaş mugallym Şpondiýanyň ussahanasynda hünäri öwrenýär ekeni. Şonuň üçin biziň töweregimizdäki çagalar hem teatr baradaky düşünjelerini bize öýkünip öwrenýärdiler. «Eger-de», «Çaklanyp, howaýy göz öňüne getirmek», «Hakyky hereket» we beýleki entek maňa mälim bolmadyk düşünjeler çagalaryň gündeki edýän gürrüňlerine goşulyp gitdi.

Haçanda onuň öňünde gowrulan ullakan hindi towugyny getirip goýanlarynda:

– Şpondiýa uzyn günläp şulary öwredýär! – diýip, beýik aktýor degişme äheňde gürrüňe başlady. – Bir sapar ol bize-de geldi. Edil şu günki ýaly nahar bişirip öňünde goýdum. Meniň şonda barmagym agyrýardy. Şonuň üçin oňa gowrulan hindi towugyny bölekläp oturanlara paýlamagy tabşyrdym.

– Çagalar! – diýip, Şpondiýa meniň krokodillerime – ogullaryma ýüzlendi: –

– Aýdalyň, siziň öňüňizde iýmek üçin getirilen hindi towugy däl-de, bäş aktly, ullakan pýesa diýeliň.

Mysal üçin, «Derňewçi» pýesasy. Şonuň birbada hötdesinden gelip bilersiňizmi? Ýadyňyzda saklaň, diňe bir hindi towugyna däl, eýsem, bäş aktly «Derňewçi» pýesasyna hem birbada hötde gelip bilmersiňiz. Şonuň üçin ony uly böleklere bölmeli. Ine, şular ýaly, şular ýaly...

Şustowyň daýysy gürrüň berip oturyşyna hindi towugynyň aýaklaryny, ganatlaryny, ýumşak etlerini bölüşdirip okaralara saldy. Soňra ýatlamasyny dowam etdi:

– Şol gezek Şpondiýa: «Ine, size ilkinji uly bölekleri berýärin –» diýip, towugyň böleklenen etinden uly bölekleri ogullarymyň öňündäki okaralara saldy. Elbetde, meniň krokodillerim dişini şakyrdadyp, agzyny hatap ýaly açyp, uly bölekleri şobada tutuşlygyna iýmekçi boldular. Emma biz olary saklap ýetişdik.

Şpondiýa öwüt berijilik äheňi bilen düşündirişini dowam etdi:

– Birbada uly dogramçany ýuwudyp bolmaýandygyny unutmaň. Şonuň üçin olary iriräk böleklere bölüň! Şeýdip, şeýdip, şeýdip. – Şustowyň daýysy towugy bölekledi. – Meniň krokodilim, okaraňy getir – diýip, ol uly ogluna ýüzlendi. –Ine, saňa uly bölek – bu sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň tutuş birinji akty.

– Jenaplar, men size adatdan daşary ýaramaz habary aýtmak üçin çagyrdym– diýip, oglanjyk başarmasa-da, zoňtarlyk bilen sesini ýognaldyp, okarasyny uzatdy.

– Ýewgeniý Onegin, ynha, ikinji bölek bolsa seniňki, al, içinde hat-pet gatnadyjy hem bardyr! – diýip, beýik aktýor bälçiklik bilen körpe ogly Žeňýa ýüzlendi. – Bobçinskili, Dobçinskili bölekler bolsa, Knýaz Igor, Feodr şa, size, Mariýa Antonownaly we Anna Andreýewnaly bölekleri Tatýana Repine, Ýekaterina Kabanowa berýärin, alyň! – diýip, Şustowyň daýysy gyzyl-gyran gülüşdirip, çagalaryň uzadýan okaralaryna towuk etinden atyşdyrdy.

– Bir demde iýiň! – diýip, Şpondiýa talap etdi. Şu talapdan soň näme bolandyr öýdýärsiňiz?.. Meniň aç krokodillerim böleklere topulagada, bir demde ýuwutmakçy boldular welin, agyz boşlugyny aşa dolduran bölekler, olaryň biriniň demini gysdyrdy, beýlekisiniň bokurdagyna dykyn boldy, ýene biriniň üsgülewügini tutdurdy.., aý, garaz, bölekleri iýmek başartmady. Emma herhalda soňy düz boldy, waka sag-aman sowuldy.

– Eger-de dogramça saňa iýmek üçin uly görünýän bolsa, ony ýene böl. Eger--de o-da uly görünýän bolsa, ýene böl, gerek bolsa ýene-de, ýene-de bölekle. Şeýle etmelidigini unutma. Bolýarmy?

– Bolýar – diýip, Şustowyň daýysy çagalaryna derek özi jogap berip hem-de olaryň hereketlerini özi gaýtalap, söhbediniň yzyny dowam etdi:

– Olar bölekleri agza sygar ýaly edensoňlar, iýmiti şeýdägede agza atdylar-da, şeýdip çeýnäp başladylar.

– Keýwany! Etiň-ä gatyrak hem-de guragrak eken – diýip, birdenkä Şustowyň daýysy öý äheňinde, ýüzüni gamaşdyryp aýalyna ýüzlendi.

11. Sargyt № 3176

– Eger-de bölek guraksy bolsa, ony howaýy duýgynyň kömegi bilen owadanlap janlandyr – diýip, çagalar Şpondiýanyň sözleri bilen meşhur aktýora jogap berdiler.

– Me, saňa, kaka jan, gudratly «eger-deden» bişirilen lödereli çorba, guraksy dogramçaňy ýumşadar! – diýip, degişmäniň yzyny alyp göteren Ýewgeniý Onegin kakasynyň okarasyna işdä açýan huruşly çorbadan guýdy:

– Bu bolsa şahyryň size iberen «hödürlenen ýagdaýy».

Tatýana Repina çorbaly okara iri ýaprakly, ajymtyk otjagazlardan atdy-da:

– Ine, bu bolsa, size, kaka jan, režissýoryň ibereni – diýip, öz degişme nobatyny boş geçirmedi.

– Al, saňa aktýoryň hut özünden! – diýip, Feodr şa kakasyna hödürlenen nahara garaburç sepmegi teklip edensoň-a, degişme has-da ýitileşdi.

Katýa Kabanowa kakasyna:

– Täsin bolar ýaly, suratkeşligiň ters ýoly bilen döredýän suratkeşiň ajy maňzyny hem goşaýaýyn?! – diýip, hyýaly duýgusyndaky iýmiti hödürledi.

– Şustowyň daýysy öňündäki okara salnanlaryň hemmesini nahar çarşagy bilen garyşdyrdy-da, hindi towugynyň böleklenen ganatyny okara batyryp, çorba mazaly ezip ýumşatdy.

– Iwan Groznyý, gaýtala! – diýip, Ýewgeniý Onegin kiçi jigisine ýüzlendi. – «Bölekler».

Näme diýilýänine düşünen körpe:

– Ki – ki – diýip, köpçüligiň ugruna bazzyk-buzzuk seslendi.

– Bölekler «hyýaly duýgynyň» tabagynda öz tagamyna ykjam gelýärler – diýip, Iwan Groznynyň aýdan pikiri hemmeleri, hatda onuň özüni hem güldürdi we olar esli wagtlap köşeşip bilmediler.

– Içine «hyýaly duýgynyň» pikirleri garylan huruşly çorba görseň, bal ýalydyr, hä?! – diýip, Şustowyň daýysy et böleklerini okarasyna salyp garyp oturyşyna sözledi. Süýjüliginden ýaňa gulagyňy kesseň hem duýmarsyň! Hatda köwşüň gatan oltaňyny hem etdir öýder ýaly ýumşadýan jadyly okarajykdyr bu!

– Aktýoryň ynandyryjylykly aýdan sözleri, onuň aýalynyň başyny aýlap goýberdi öýdýän, onuň ýüz-gözi çytylyp gitdi. – Ine, şeýdip-şeýdip, ýene şeýdip, ýene-de şeýdip... size berlen bölekdäki keşbe okaradaky «hödürlenen ýagdaýlary» göwne jaýlap siňdirmeli. Et näçe gurak bolsa şonça-da lödereli çorba, gurak boldugyça, şonça-da ýumşatmaly.

Indi bolsa huruşly okarada göwnejaý ýumşan kiçijik bölejiklerimizi sepläp uly bölek ýasalyň we... – Ol bölegi agzyna atyp, uzak wagtlap lezzet alýanyny aýdyň görkezýän, gülkünç hereketlerini gaýtalady.

– Ine, saňa hakyky hyjuw! – diýip, çagalar teatryň dilinde bu ýagdaýa baha berdiler.

Men Şustowlardan çykyp gaýdanymda ýolboýy bölekler baradaky pikirimi dowam etdim. Göwnüme, tutuş ömrüm parçalara bölünen ýaly boldy. Meniň ünsüm haýsy ugra gönükse-de, ol hakydamdakylary böleklere bölüp şolary gözledi we olary ulanmagyň aladasyny etdi.

Mysal üçin, birini ugratsam, şony birinji bölek hasapladym. Haçanda men basgançaklardan aşak düşüp başlanymda ýene saklanyp, öz-özüme sorag berdim:

– Aýt hany, her bir tekje bölekmi ýa-da tutuş aşak düşülýän basgançak bir bölekmi?! Bu ýagdaýyň netijesi näme bolar? Şustowyň daýysy jaýyň altynjy gatynda ýaşaýar.Olara barýançaň altmyş basgançak geçmeli... diýmek, altmyş bölekmi?! Eger-de şeýle diýip düşünseň, onda, pyýadalar üçin gurlan ýanýodadan barýarkaň her bir ädimiň hem bölek bolup biler? Baý-bow, bölekler juda köpeljege meňzeýär-le!

Men beýle bolup bilmez diýen netijä geldim. Basgançakdan düşmek bir bölek, öýe gaýdyşym bolsa beýleki bölek. Onda öýümiziň gapysyna gelenimden soňky ýagdaý näme? Aýdaly, ine, men gapymyzy açdym. Ýeri bu näme boldugy, bir bölekmi ýa-da birnäçe bölekmi? Goý, köp bölek bolsa bolubersin! Bu sapar uly böleklere bölmän, eli açyklyk edip uşak böleklere böleýin-le...

Aýdaly, men basgançakdan düşdüm – iki bölek. Jaýymyzyň gapysynyň tutaryna elimi ýetirdim – üç bölek.Tutary gysymladym – dört bölek. Gapyny ýarpy açdym – bäş bölek. Içerik girdim – alty bölek.Gapyny ýapdym – ýedi bölek. Gapynyň tutaryny goýberdim – sekiz bölek. Öýe girdim – dokuz bölek. Geçip barýan kişä degdim... – ýok, bu bölek däl, bu eýýäm tötänlikden bolan iş.

Ýeri, dükanyň aýnasynyň deňinde aýak çekdim-dä, muňa näme diýjek? Her bir haryda bölek diýjekmi ýa-da hemme görkezilen harytlara bölek diýjekmi?

Goý, diýeli hemme harytlara – bu onunjy bölek.

.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ... .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..

Öýe gelip eşiklerimi çalşyryp, elime sabyn alyp ýuwunmaga başlanymda, men ýene sanawymy dowam etdim: – iki ýüz ýedi bölek, ellerimi ýuwdum – iki ýüz sekiz bölek, sabyny ýerinde goýdum –-iki ýüz dokuz bölek. Soňra ýene elimiň sabynyny ýuwdum – iki ýüz on bölek. Ahyry men düşege geçip ýatdym – iki ýüz on alty bölek.

Ýeri, mundan soň nätmeli? Kelläme dürli pikirler geldi. Olaryň näme, her birini täze bölek diýip kabul etmelimikä? Men bu sowala jogap tapmadyk-da bolsam, öz ýanymdan şeýle netijä geldim:

– Eger-de «Otello» ýaly bäş aktly tragediýany şeýdip böleklere bölseň, bölekleriň sany birnäçe müňdenem geçse gerek. Heý-de, olaryň hemmesini ýat tutup bolarmy? Kelläň çaşar! Bulaşarsyň! Bölekleri azaltmak gerek. Nädip? Näme bilen?

.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. *19 ý.*

Men şu gün sapakda dörän ilkinji mümkinçilikden peýdalanyp, Arkadiý Nikolaýewiçden eglenmän meni alasarmyk hala salýan bölekleriň san taýdan juda kändigi hakyndaky bulaşyk pikirlerden nädip baş alyp çykmalydygyny soradym. Ol maňa şeýle jogap berdi:

Bir gämi sürüjiden şeýle diýip sorapdyrlar:

– Siz bu uzyn derýanyň kenarynyň egremlerini, ýalpak ýerlerini, büdür-südür çukanaklaryny nädip ýadyňyzda saklaýarsyňyz?

– Maňa ol aýdýanlaryňy bilmek hökman däl. Men derýaň ýoluny bilýän– diýip, ol jogap beripdir.

Aktýor hem edil gämiçi ýaly, döredijilik ýolunyň binýadyna, keşbiniň tükeniksiz köpsanly, ýadyňda galmajak uşajyk böleklerini ýerine ýetirmek bilen barmaly däl-de, iri, wajyp bölekleriň üsti bilen barmaly. Ynha, şol iri bölekler hem derýa ýoly hasabyndadyr.

Şu aýdylanlary nazarda tutup, eger-de siz filme düşýän bolsaňyz, işden çykyp ugramankaňyz özüňize şeýle diýiň:

«Men näme edýärin?»

«Öýe barýaryn».

Diýmek, öýe barýanyň seniň birinji we iň uly bölegiň.

Emma ýolda siz dükanyň görkezme penjiresiniň ýanynda saklandyňyz. Şonda siz ýöremän, bir ýerde durup nämelerdir bir zatlar etdiňiz. Şonuň üçin penjire täze, özbaşdak bölek bolýar. Onsoň siz ýene ýoluňyzy dowam etdiňiz. Siziň bu hereketiňiz birinji uly bölegiňizi dowan etdigiňiz bolýar.

Siz ahyry öýüňize geldiňiz. Eşikleriňizi çalşyryp başladyňyz. Bu siziň şu günüňize degişli täze bölek bolýar. Haçanda siz düşege geçip, arzuw kölüne özüňizi atmagyňyz bilen ýene-de täze bölek başlanýar. Şeýlelikde, siziň iki ýüz bölegiňiz bary-ýogy dört bölege sygdy oturyberdi. Anha, şol dört bölek «derýa ýoly» bolup hyzmat edýär.

Şol uly bölekleri bir-birine baglaýan esasy bölek – bu siziň öýe gelýändigiňizi beýan edýän bölekdir.

Indi, aýdalyň, siz «öýe gelýän» bölegiňizde şol ýöräp gelýärsiňiz, ýöräp gelýärsiňiz, ýöräp gelýärsiňiz... başga hiç bir zat edeňzok. Ikinji bölekde – siz dükanyň aýnasynyň öňünde dursuňyz, dursuňyz, şo-ol dursuňyz.., başga zat edeňzok. Üçünji bölekde, siz ýuwunýarsyňyz, ýuwunýarsyňyz, ýuwunýarsyňyz. Dördünji bölekde, siz ýatyrsyňyz, ýatyrsyňyz we ýatyrsyňyz. Elbetde, bölekleri şeýle ýagdaýda ýerine ýetirseňiz, örän gyzyksyz, birmeňzeş bolar. Şonuň üçin režissýor sizden böleklerde dürli-dürli hereketler bolar ýaly, olary böleklere bölmegiňizi talap eder. Beýle talap bolsa, size şol bölekleri birnäçe özbaşdak böleklere böldürer we şol böleklerdäki hereketleri yzygiderli ösdürmek üçin, takyk işler bilen üstüni ýetirder. Olary aýdyň beýan edýän ýerine ýetirijilik zehiniňizi oýarmaly bolarsyňyz.

Eger-de bu eden işleriňiz siziň öýe gaýdyşyňyzy birmeňzeş ýagdaýda beýan etse, siz bölekleri has ownuk böleklere bölüp, öňki eden işleriňizi gaýtalamaly bolýarsyňyz. Siz şeýde-şeýde tä «öýe gaýtmak» bölegiňiz durmuş hakykatyna laýyk gelýänçä gözlegiňizi dowam edersiňiz. Ol bölekde: salamlaşmak, geçip barýan tanşyň bilen görüşmek, belli-belli kişilere eglip salam bermek, töweregiňe esewan etmek, käbir adamlar bilen çakyşmak, büdremek, typmak we ş.m. durmuş hakykatynda bolýan zatlar goşulýança, siz gözlegi dowam etmeli bolarsyňyz. Şondan soň uşajyk bölekleri uly bölege birleşdiribem keşbiň esasy ugruny, ýagny «derýanyň ýoluny» tapdygyňyz bolar.

Şundan soň Torsow hem edil Şustowyň daýysynyň aýdanlaryny gaýtalady. Biz bolsa Paşa bilen onuň daýysynyň – beýik aktýoryň edenlerini ýatlap, ýylgyryp Torsowy diňläp oturdyk.

– Şeýlelik bilen – diýip, Torsow düşündirişini jemlemek bilen boldy – iň uly bölekden orta bölege, orta bölekden kiçi bölege, kiçi bölekden bolsa iň kiçijik bölege çenli hemme hereketleri edip, soňra olaryň hemmesini bir uly bölege seplemek zerurdyr.

Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny we keşbi uşak böleklere bölmek az wagtlaýyn edilýän çäre. Sebäbi sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy we keşp uşak bölejiklere bölünip uzak durmaly däldir – diýip, Torsow duýdurdy. Böleklenen heýkel, bölek-bölek edilip çekilen surat, her näçe gözel bolsa-da, entek bitewi çeper eser däldir. Eseri döretmäge taýýarlanýan mahalymyz kiçi bölekler bilen iş salyşýarys, döretmäge girişimizde weli eýýäm, olaryň hemmesini bir uly bölege sepleýäris. Özi hem eseriň ululyk möçberini onuň manysyna laýyk edip ulaldýarys. Sanyny bolsa manysyna görä azaldýarys. Bölekler uly boldugysaýy olaryň sany azalýar. Eger-de bölekler uşak bolsa, onda pýesanyň we keşbiň manysyny has giňden beýan etmäge mümkinçilik döreýär.

– Keşbi çuňňur seljerip öwrenmek üçin ony uşak böleklere bölseň ýagşy bolýandygy maňa düşnükli. Emma şol uşak bölekleri bir uly bölege seplemek maňa o diýen düşnükli däl. Bu barada men mugallyma aýdanymda ol maňa şeýle düşündirdi:

– Aýdalyň, siz hamala mekdep hakyndaky sahna işiňizi ýüz bölege böldüňiz diýeli. Siz bölekleri birneme garyp-gatyp, sahna oýnunyň bitewüligini ýitiren-de bolsaňyz, bölekleri özbaşdak işläniňizde, olary ýaramaz ýerine ýetirmeýärsiňiz. Emma mekdep baradaky sahnany ýüz bölege böler ýaly ol uly göwrümli-de, çuň manyly-da däl ahyry. Köp bölekleriň gaýtalanýandygy ýa-da biri beýlekisine meňzeşdigi jedelsizdir. Siz her bir bölegiň many-mazmunyny çuňdan seljeren badyňyza olaryň şeýledigine gözüňiz ýeter.

Netijede, ýüz bölejiklerden iki sany, giňden beýan edip boljak bölek peýda bolar. Şeýtseňiz, garma-gürme bolan sahna oýny aýdyňlaşar, düşnükli, çeper bolup dörär. Bir söz bilen aýdanyňda, oňat edip işlenen uly bölekler aktýora döretmek

üçin giň mümkinçilikleri berip, aktýor üçin ýol-ýörelge bolup hyzmat edýär-de, tutuş sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň manysyny aýdyň beýan etmekde ony daýançly goldaýar.

Gynansak-da, köp artistler keşbi böleklere bölüp ýerine ýetirmeýärler. Olar pýesany bölekläp başarmaýarlar. Şonuň üçin hem olara öz keşbini yzygiderli ösüşde ýerine ýetirmek başartmaýar. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň bölekleri köpsanly bolany üçin, olar garma-gürme bolup garyşýarlar-da, artisti ýalňyşdyrýarlar.

Siz olar ýaly aktýorlardan mysal almaň. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny ýol görkeziji uly böleklere bölüň-de, şol ýol bilen gidiň.

Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny we keşbi böleklere bölmek işi çylşyrymly iş däl. «Seljerýän pýesamda näme bolmasa ol pýesa bolup bilmez?» diýen soragy özüňize berip görüň. Şundan soň sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň uşak böleklerine üns bermän, esasy böleklerini ýadyňyza salyň.

Aýdalyň, ine, biz W. Gogolyň «Derňewçi» komediýasynyň edebi esasyny alyp göreliň. Bu sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda näme bolmasa ol pýesa bolup bilmeýär?

– Derňewçi bolmasa– diýip, Wýunsow jogap berdi.

– Ýa-da has dogrusy, bölekler Hlestakowsyz bolsalar – diýip, Şustow aýdylana düzediş girizdi.

– Ylalaşýaryn – diýip, Torsow aýtdy. – Emma mesele diňe Hlestakowda däl. Gogolyň beýan edýän meselesine tragikomediýa laýyk gelýän durmuş ýagdaýy zerur. Şeýle durmuş ýagdaýyny şäher häkimi, Zemlýannikler, Lýapkin-Týapkin, gybatçylar Bobçinskiý we Dobçinskiý ýaly hem-de beýleki betpäller döredýärler. Şu zatlary seljereňsoň «Derňewçi» sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy, diňe bir Hlestakowyň barlygy bilen çäklenmän, şeýle şäheriň, ýagny «üç ýyllap gitseň hem gurlan döwlete gabat gelmersiň» diýilýän şäheriň özi hem zerur. Ýene nämesi bolmasa sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy bolup biljek däl?

Kimdir biri:

– Şäheriň eteginde ýaşaýan Mariýa Antonownanyň keşbi ýaly, durmuş gurýan diýip, tutuş şähere aýlanyp, alagoh edip ýören keşpleri özünde jemleýän aýnak we samsyk romantizm bolmasa – diýip seslendi.

– Ýene-de nämesi bolmasa, eser pýesa bolup bilmeýär? – diýip, Torsow soragyny dowam etdi.

– Bilesigeliji hat-pet gatnadyjysyz, akylly-başly Osipsiz, parahorçylyksyz, Trýapiçkiniň haty bolmasa, çyn derňewçiniň geljegi ýalan bolsa – diýşip, okuwçylar ýerli-ýerden öz pikirini orta atdylar.

– Siz şu mahal «Derňewçi» sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyna daşdan göz aýlap, onuň uly böleklerini kesgitlediňiz. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy hut şol böleklerden durýar.

Ýaramaz ýazyjylyk zehini bolan awtorlaryň pýesalaryna režissýorçylyk ýa-da aktýorçylyk babatdan öz tapan bölekleriňi ulanmaly mahaly hem bolýar. Beýle ýagdaýy zerurlyk bolany sebäpli ulanmaly bolýarsyň. Hemme ýeri ýerbe-ýer nusgawy pýesalara, gerek bolmasa-da öz tapan böleklerini goşjak bolýanlar-da, hatda goşýanlar-da bar. Şonda şol goşulan bölek pýesanyň süňňi bilen alyşýan bolsa ýene ýagşy. Emma ol goşulmalar köp halatlarda alyşmaýarlar. Şonda hemme zady ýerbe-ýer pýesany ol goşulan bölek zaýalaýar.

Sapagyň soňunda şu günki geçilen sapakdaky aýdylan pikirleri mugallym jemläp şeýle diýdi:

– Siz bölekleriň zerurlygyny öz iş tejrbäňizde görüp, duýup öwrenersiňiz. Şonda gowy edilip bölünmedik, seljerilmedik pýesa we keşp bilen işlemegiň nähili jebirlidigine gözüňiz ýeter. Ýaramaz ýazylan pýesanyň tükeniksiz uzyndygyna, içgysgynçdygyna, aktýoryň abraýyna şikes ýetirmäge ýakyndygyna düşünersiňiz. Emma gowy özleşdirilen keşpde işlemegiň nähili ýeňildigini hem bilersiňiz. Grimlenýärkäň eýýäm pýesany tutuş başdan-aýak pikiriňde aýlap ýetişýärsiň. Bir bölegini ýerine ýetiren dessiňe indiki bölegiň aladasyny edýärsiň. Şeýle sahna oýunlary göwnüňe ýeňil bolup görünýär. Şonda okuw mekdebinden öýüne gelýän okuwçy meniň göz öňüme gelýär.

Eger-de ýol uzak we dowamly bolsa, şeýle ýol ony gorkuzýar. Bilýärsiňizmi, şonda okuwçy näme edipdir? Okuwçy daşy başardygyndan daşraga zyňýar-da, tolgunyp özüne sorag berýär:

– Hany, göreli bakaly, maňa şol daş tapdyrarmyka? – diýip, daşy gözläp tapýar. Onuň begenjiniň çägi ýok. Ol ýene daşy has uzaga zyňyp, gaýtadan ýaňky soragy özüne berip, uly tolgunma bilen daşy gözläp başlaýar.

Şeýlelikde, okuwçy ýoly böleklere böle-böle, ýoluň uzakdygyny unudyp, ýadaman öýüne gelýär.

Siz hem öz keşpleriňiziň uly böleklerinde ýaşap, şolar bilen soňky barmaly salgyňyzy unutman baryň. Şeýtseňiz, bäş aktly tragiki sahna oýny, agşam sagat ýigrimide başlanyp ýarym gije tamamlansa-da, siz üçin uzak bolmaz, irizmez **(25).**

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu günki sapakda Arkadiý Nikolaýewiç aýtdy:

– Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny böleklemek diňe bir oňa düşünmek we ony öwrenmek üçin däl-de, has zerur bolan her bir bölegiň manysyny çuň we töwerekleýin ýerine ýetirmek üçin gerek. Sebäbi her bir bölekde döredijiligiň bellibir çözülmeli meselesi ýatýar. Ol mesele şol bölekde saklanýar ýa-da şol bölegiň özi ony döredýär.

Pýesanyň süňňüne laýyk däl bölegi oňa goşmaly däldigini öň aýdyp geçipdik. Edil şonuň ýaly-da bölegiň meselesine-de gabat gelmeýän meseläni saljak bolmaly

däl. Bölekler bir-biri bilen sazlaşykly ýagdaýda bolmalydyr. Garaz, bölekler ýaly onuň meselelerem gaýry elementleri kabul etmeýärler.

– Eger-de meseleleriň-de ulusy, kiçisi, orta hilileri we olaryň aralaryny dolduryan ikinji derejeli meseleler hem bar bolsa, diýmek, böleklerdäki meseleleriň öz ýoly bar-da?! – diýip, men öz pikirimi orta atdym.

– Elbetde, hut şol meseleler ýol görkezijilerdä. Hawa-hawa, hut şolar ýol görkezip, sizi yzyna düşürip, dogry ýol bilen döredijilige tarap alyp gidýändirler. Şu meseleler keşbiň esasy etaplary bolany üçin, aktýor şolardan ugur alyp döredýär.

– Meseleler?! – diýip, Wýunsow agras dillendi. –Arifmetikada mesele, matematekada mesele, bu ýerde-de mesele... Asla düşüner ýaly däl! Kämil derejede keşbiňi ýerine ýetir, anha, barja mesele! – diýägede, Wýunsow meseleli pikiri ýeňiljek çözdi oturyberdi.

– Hawa-hawa, bu aýdýanym uly mesele, özem tutuş durmuşymyzy tutup duran mesele! – diýip, Torsow onuň aýdanyny dogry hasaplady. –Şonuň üçin hem gör-bak, nämeler etmeli bolýarsyň?! Geliň hany, pikirlenip göreliň bakaly: okuw mekdebiniň birinji, ikinji, üçünji, dördünji ýyllaryny okamaly, eýsem-de bolsa bu ýyllary okap geçmek mesele dälmi?! Dogry, beýik artist bolmak üçin bu entek, uly mesele däl! Ýöne pýesanyň, taýýarlanýan sahna işiniň her bir bölegini gaýtalamak üçin näçe sapar okuw mekdebine gelnip gidilýär, näçe sapak diňlenilýär, olary özleşdirmek üçin näçe maşklar edilýär! Bular näme mesele dälmi?

Dogry, böleklere garanyňda olar uşagrak. Mekdebe ýetişmek üçin, gör, näçe sapar irden turmaly, ýuwunmaly, geýinmeli, ylgap diýen ýaly köçä çykmaly! Bular hem meseleler. Emma uşajyk meseleler.

– Ýuwunmak üçin bolsa näçe sapar gözüňi awuşadyp sabynlanmaly! – diýip, Wýunsow ýatlady. – Jalbaryňy näçe gezek ütüklemeli, köýnegiňi, penjegiňi geýmeli. Olaryň iliklerini ildirmeli!

– Bular hem meseleler. Ýöne olar örän uşajyk meseleler – diýip, Torsow rahatlygyny ýitirmän okuwçyny goldady. – Durmuş, adamlar, döreýän ýagdaýlar, özümiz özümize, bir-birimize köpsanly meseleleri döredýäris-de, ol meselelerden baş alyp çykmak üçin elimizde baryny etmeli bolýarys. Şu meseleleriň hemmesini ýeňip geçmek üçin olaryň dogry çözgüdini tapmaly bolýar (26).

Adam elmydama näme-de bolsa bir zady isleýär, näme-de bolsa bir zady edesi gelýär, näme-de bolsa bir zady ýeňip geçýär. Emma şeýle-de bolsa adamyň öz öňünde goýan maksady uly bolanda, ony ömrüniň ahyryna çenli edip ýetişmeýän pursady-da bolýar.

Umumadamzat, dünýewi meselelerini bir adam çözüp bilmeýär. Olary nesiller asyrlarboýy çözýärler.

Sahnada weli umumadamzat meselesini Şekspir ýaly akyly dana şahyrlar we örän ýiti zehinli Moçalow, Tomazo Salwini ýaly artister çözýärler.

Sahna döredijiligi durmuş hakykatyna laýyk terbiýeleýjilik ähmiýetli, maksada kybap ýerine ýetirip boljak uly meseleleri sahnalaşdyrmak işi bolmaly. Eger-de öňde goýlan maksat sazlaşykly ýerine ýetirilse, sahna işiniň netijesi oňat bolýar.

Köp artistleriň esasy ýalňyşy: olar etmeli işleriniň aladasyny etmän, şol işleriň netijesiniň pikirini edýändiginde. Olar işi bitirmän, netijesini görmäge ymtylýarlar.

Netijede, edilmeli işiň içi öýkünmelerden, mehaniki hereketlerden dolup, hünärmentlik derejesinde ýerine ýetýär.

Siz sahnadakaňyz elmydama hakyky hereketleri, çyn duýgulary ulanyň. Her bir meseläni maksada laýyk hereketler bilen ýerine ýetirmegi öz endigiňize öwrüň. Özüňize berlen meseläni söýmegi başaryň we ony ýerine ýetirmek üçin täsirli hereketleri ediň!

Meselem, siz şu mahal özüňiz bir mesele oýlap tapyň-da, şony çözüň– diýip, Arkadiý Nikolaýewiç tabşyrdy.

Maloletkowa ikimiz uly manyly meseläni oýlanyp tapýançak, ýanymyza gelen Şustow bize öz tapan täze pikirini beýan etdi:

– Aýdalyň, ikimiz hem Maloletkowany söýüpdiris we oňa öz söýgimizi aýdypdyrys. Eger-de şu iş hakykatdan-da bolan bolsa, biz näme ederdik?

Biziň üçimiz, öňürti «hödürlenen ýagdaýy» tapdyk, onsoň ony böleklere böldük, bölekleriň meselesini anyklap herekete geldik. Haçanda tapylan zatlaryň işjeňligi gowşasa, biz «eger-de» sözüniň kömegi bilen täze «hödürlenen ýagdaýlary» tapdyk we täze meseleleri öňümizde goýduk. Şol meseleleri çözdük.

Şular ýaly üznüksiz işleri biri-biriniň yzyndan sepläp barşymyza, biz nädip özbaşdak bir sahna işiniň gurnagyny taýýarlandygymyzy hem bilmän galypdyrys. Perdäni açdyk weli onuň aňyrsyndaky sahna meýdançasynda agşamky boljak sahna oýnunyň bezegleri taýýarlanyp goýlupdyr.

Arkadiý Nikolaýewiç bizi sahna çykaryp, şu mahalky tapan sahna işimizi dowam etmegimizi bizden talap etdi. Biz Torsowyň islegini ýerine ýetirdik. Soňra Torsow şeýle diýdi:

– Ýadyňyza düşýärmi, men ilkinji sapaklarymyzyň birinde-de size sahna çykyp tapanyňyzy ýerine ýetirip beriň diýipdim? Şonda siz sahna çykyp bilmän diwara, aý, garaz, her kim tapan zadyna ýaplanyp, sahna çykmany kyn görüpdi. Ine, bu gün bolsa, şol sahna size niýetlenen hiç hili dekorasiýasy bolmasa-da, arkaýyn çykdyňyz. Siziň bular ýaly bolmagyňyza näme kömek etdi?

– Içki tapan hereketlerimiz – diýip, biz jogap berdik.

– Dogry – diýip, Torsow bizi goldady. – Şol hereket artisti ugrukdyrýar we öýkünmelerden halas edýär. Tapylan mesele artisti sahna çykarýar we sahnada şol meseläniň çözgüdini öz başarnygyna laýyk ýerine ýetirmäge itergi berýär.

Emma gynandyrýan zat, şu günki siziň sahnada görkezen hereketleriňiz käbir okuwçyny ynandyryp bilmedi. Olar öz işlerinde meseläni diňe mesele üçin ýerine ýetirdiler. Şonuň üçin hem olar öz aktýorçylyk emellerini görkezmäge çalyşdylar.

Şeýle ýagdaýa Weselowskiý düşdi.

Welýaminowa bolsa, ýene-de öz-özüni timarlamak, daşky hereketleri etmek bilen meşgul boldy.

Goworkow aktýorçylyk hünäriniň emellerini ýerine ýetirmek bilen çäklendi.

Bu zatlaryň hemmesi, hakyky aktýorçylyk işiniň çyn ýüzüni beýan etmän, diňe onuň ýalan ýüzüni, ýagny dürli emelleri edýändigiňizi görkezýär. Puşiniň tapan meselesi oňat. Emma ol örän akylsatyjylykly we köp halatda edebiýat eserine meňzeş.

Edebiýat – oňat döredijilik. Ýöne ol aktýorçylyk işleriniň mazmunyny özünde kän saklamaýar.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu gün Arkadiý Nikolaýewiç aýtdy:

– Sahna işiniň meseleleri köp dürli bolýar. Emma olaryň hemmesi bize peýdalydyr öýtmäň. Olaryň zyýanlylary-da bardyr. Onuň üçin hem aktýor olaryň özüne peýdalysyny we peýdasyzyny aýyl-saýyl etmäni başarmalydyr. Meseleleriň amatlysyny we amatsyzyny nazarda tutmalydyr. Şeýdip meseläniň amatlysyny gözden salmaly däldir.

Men:

– Olary nähili alamatlar bilen tapawutlandyryp bolýar? – diýip soradym.

– Meniň amatly ýa-da gerekli diýýän meselelerim şulardan ybarat:

1. Ilkinji nobatda, tomaşaçylara däl-de bize, ýagny aktýora gönüden-göni kömek berýän meseleler. Has düşnükli dilde aýdanymda bolsa, tomaşaçynyň aladasyny edýän meseleler däl-de, pýesanyň maksadyna laýyk keşpleri ýerine ýetirýänleriň hereketlerini döredýän meseleler peýdaly;

2. Artistiň meselesi bilen keşbiň meselesiniň birmeňzeş bolmagy peýdaly;

3. Çeperleşdirmäge we döretmäge laýyk gelýän meseleler, bir söz bilen aýdanyňda, sungatyň esasy maksadyny durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýän meseleler, ýagny adamyň ruhy dünýäsine gaplanan keşbi we ony çeperçilik bilen beýan etmäge ýol berýän meseleler peýdaly;

4. Tomaşaçyny geň galdyrjak bolup ulanylýan emeli, jansyz, keşbiň häsiýetini özünde saklamaýan meseleler däl-de, keşbi öňe alyp gitjek işjeň, janly, hakyky, adam häsiýetlerini özünde gaýym jemleýän meseleler peýdaly;

5. Tomaşaçyny, keşbi ýerine ýetirýän artisti we onuň bilen bile sahna oýnunda hereket edýän artistler toplumyny ynandyrýan meseleler peýdaly;

6. Hakyky çyn duýgulara gaýym gaplanan gyzykly, tolgundyrýan meseleler peýdaly;

7. Keşbiň häsiýetini ynandyryjylykly ýerine ýetirmäge-de mümkinçilik döredýän köpsanly uşak meseleler, ýagny drama eserine öz täsirini ýeňiljek ýetirýänler däl-de, gönüden-göni eseriň mazmunyna laýyk gelýän meseleler peýdaly;

8. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň manysyny özünde ýeter-ýetmez saklaýan meseleler däl-de, keşbiň içki dünýäsiniň many-mazmunyny açmaga kömek berýän uly manyly meseleler peýdaly.

Maňa indi size diňe aktýorçylyk işinde häli-şindi ýüze çykyp duran näsazlyklardan goranmagy öwretmek galdy. Delilsiz, mehaniki ýagdaýda ulanylýan meseleler aktýorçylyk sungatynda giňden ýaýrandyr. Ynha, şolar howply, zyýanly, gönüden-göni hünärmentlik usuly bilen döretmäge alyp barýarlar. Siziň şolardan ägä bolmagyňyz gerek.

– Şeýlelik bilen, – diýip, men gysgajyk netijä gelmek isledim – siz içki we daşky meselelere, ýagny fiziki güýji we psihiki duýgyny döredýän meselelere ynanýarsyňyz.

– Psihiki duýguly meseläniň hem sadadan-sada hut özüne ynanýaryn – diýip, Torsow aýdylana öz pikirini goşdy.

– Ol nähili mesele? – diýip, men soradym.

– Aýdalyň, siz meniň bilen görşeniňizde elimi gysýarsyňyz, baş atýarsyňyz, söz gatýarsyňyz. Şularyň hemmesi mehaniki ýagdaýda bolup geçýän endikler. Olarda psihika herekete goşulmaýar.

– O nähili? Onda sahnada salamlaşmaly dälmi? – diýip, Wýunsow geň galdy.

Arkadiý Nikolaýewiç bolsa ony köşeşdirmäge gyssandy:

– Salamlaşmaly. Ýöne söýgini, ýigrenji, gynanjy we adamyň durmuş ýolunda ýatan meseleleriň çözgütlerini, psihiki täsirini ýetirýän duýgulary işletmezden beýan edip bolmaýar. Siz bolsa ol häsiýetleri mehaniki ýagdaýda ýerine ýetirmegi halaýarsyňyz. Beýtmek bolmaýar. Indiki sapar welin – diýip, Torsow düşündirişini dowam etdi – siz salamlaşanyňyzda elleşýärsiňiz-de, öz sylaýandygyňyzy, halaýandygyňyzy mälim etmek üçin dürli hereketler edýärsiňiz. Bu endikde bolsa azda-kände psihiki duýgularyň hem herekete gelýän mahallary bolýar. Ine, şol meselä biziň dilimizde ýönekeý psihiki mesele diýilýär. Ine, ýene bir mesele, aýdalyň, düýn biziň aramyzda erbet göwnedegişlik boldy diýeli.

Men seni köpçüligiň arasynda erbet masgaralapdyryn. Ine, bu gün bolsa, men saňa elimi uzadyp, bagyşla diýmekçi bolýaryn. Düýnki duşmanyňa bu gün eliňi uzatmak ýeňil iş däl. Bu meseläni çözmek üçin köpsanly duýgulary, pikirleri oýatmaly. Öz men-menligiňi basmarlamaly.Ýoldaşyň we öz duýgularyňy çyndan duýmaly bolýarsyň.

Şular ýaly meselelere psihologiki meseleler diýilýär. Özi hem beýle meseleler çylşyrymly bolýarlar...

Arkadiý Nikolaýewiç sapagyň ikinji ýarymynda şeýle diýdi:

– Mesele nähili dogry bolanda-da, esasy zat, onuň artisti özüne çekijiligi we gyzykly bolmagy zerurdyr. Artistiň şol meseläni çözesi gelmegi gerek. Şolar ýaly mesele artistiň döredijilik höwesini döredip, işjeňligini artdyrýar.

Şular ýaly we artiste döretmäge goldaw berýän häsiýetdäki meselelere biziň dilimizde döretmäge ukyply meseleler diýilýär. Onsoň hem mesele çözmäge mynasyp we beýleki meseleler bilen sazlamaga ukyply bolmalydyr. Onuň çözgüdi gaýym bolmalydyr. Şu aýdanlarym bolmasa, olar artiste peýda etmän, tersine, agram salarlar.

Mysal üçin, «Brand» pýesasynda ýerine ýetiren periler bilen bagly söýgi sahnaňyzda, siziň çözmeli meseläňiz nämeden ybarat?

– Adamzat neslini halas etmekden – diýip, Umnowlar jogap berdi.

– Anha, eşitdiňizmi?! Şular ýaly äpet mesele, heý-de, adama başardarmy? Ilki, sada, fiziki hereketi talap edýän gyzykly meseläni alyp görüň.

– Fiziki hereketler bilen çözülmeli meseläniň näme... gyzygy bar-aý? – diýip, Umnowlar birneme çekinjeňlik bilen mylaýym ýylgyryp mugallymdan sorady.

– Kim üçin gyzykly bolmaly? – diýip, mugallym okuwçylardan sorady.

– Tomaşaçylara – diýip, «psiholog» gyzymyz – Umnowlar jogap berdi.

– Olaryň aladasyny etmäň-de, öz aladaňyzy ediň – diýip, Torsow düşündirdi. – Eder-de siziň özüňiz meseläniň aladasyny edip oňa gyzyksaňyz, tomaşaçy siziň yzyňyza düşüp gyzygar.

– Maňa beýle ýagdaý hem gyzykly däl. Men psihologiki meseleleri işläsim gelýär, olaryňam iň oňatlaryny.

– Ýetişersiňiz entäk. Psihologiki meseleleri we beýleki meseleleri çözmäge size entek irräk. Wagt geler, bu meseleleri-de çözmegi öwrenersiňiz. Häzirlikçe bolsa fiziki hereketler bilen çözüp bolýan, sadaja meseleleri işläliň. Her bir meseläni gyzykly edip bolýar.

– Kalbyňda psihologiki meseleler bolsa, olary bedeniňden çykarmak kyn ahyryn... Garyşdyrmak kyn däl... ýalňyşlyk... goýberilmegi ahmal – diýip, Umnowlar çekinjeňlikden ýaňa aljyraňňy halda düşündirmäge çalyşdy.

Anha, gördüňmi?! Men hem şony aýdýaryn-da – diýip, Torsow hem okuwçynyň hörpünden gopdy. –Her bir fiziki hereketi we psihologiki ýagdaýy ýerine ýetirmeli meselelerde, ýerine ýetirijiligiň hemme düzgünleri saklanýarlar. Olary bölüp bolmaýar. Aýdalyň, size Puşkiniň «Mosart we Salýeri» pýesasynda Salýeriniň keşbini ýerine ýetirmek tabşyrylypdyr. Zehini daş ýarýan, ussatlygy dünýäni haýran edýän we seni hem haýrana galdyrýan, öz dostuňy öldürmek üçin onuň käsesine zäher guýup beräýmek ýeňil iş däl. Bu iş örän çylşyrymly psihologiki meseleleriň çözgüdini talap edýär. Iş hereketleriniň hemmesi weli fiziki hereketler.

Ýöne olar örän çylşyrymly psihologiýany özünde saklaýan iş hereketleri. Ýa-da has dogrusy, olar psihologiýa degişli usullar bilen çözülmeli meseleler. Ýöne olar, gör, nähili agyr fiziki hereketi talap edýärler?!

Ine, size sada beden hereketlerini özünde jemleýän ýene bir mysal: aýdalyň, siz baragada bir adamyň çekgesine çalypsyňyz. Ýöne bu fiziki hereketi dogry,

ynandyryjylykly ýerine ýetirmek üçin psihologiýanyň ençeme usullarynyň içinde ýaşamagyňyz gerek bolar.

Şerap guýlan käseli we çekgä urulýan sahnalary ýerine ýetirip beriň. Olaryň içki gurluşyny «hödürlenen ýagdaý» we «eger-de» bilen delillendiriň. Soňra fiziki we psihologiki çözgüdiň başlanýan we gutarýan ýerlerini takyk kesgitläň.

Gördüňizmi, bulary kesgitlemek ýeňil iş däldir. Iň gowusy, olary garyşdyryp ýerine ýetirmekdir. Özi hem garanyňyzda, gorkman garaň. Olaryň bellibir çäginiň ýokdugyndan bolsa peýdalanyň. Meseleleri aýyl-saýyl edeniňizde, gereginden artyk olaryň çägini kesgitlejek bolmaň. Öz duýgyňyza görä göz çaky bilen kesgitläberiň. Olaryň fiziki meselelerine, çözgütlerine tarap köpräk ýüzüňizi öwrüň. Şeýtseňiz ýalňyşyňyza men kän üns bermerin. Bu ýagdaý peýdaly bolar.

– Näme üçin görnüp duran ýalňyşlyk düzedilmese, ol peýdaly bolmaly? – diýşip, biz geň galdyk.

– Siziň şol ýalňyşlyk, içki duýgyňyzy gorkuzmaňyzy, içki nätsemkäňizi aýrar. Onsoň hem ol ýalňyşlyk, özüňize artykmaç güýç salmakdan sizi gorar. Fiziki taýdan dogry çözgüt size meseläniň psihologiýasyna girmäge kömek eder. Bu ýagdaý fiziki meseleleriň psihologiki meselelere öwrülmegine alyp barar. Her bir fiziki meseläni psihologiýa nykdaýnazardan delillendirip bolýar.

Şu mahal diňe fiziki meselelere ünsümizi jemlemegi niýet edeliň. Olar ýeňil, düşnükli hem-de ýerine ýetirmek kyn däl. Olarda ýasamalygyň töwekgelliginden gaça durmaga mümkinçilik bar.

Häzirlikçe men size öz sahnalaryňyzda, taýýarlyklaryňyzda, keşpleriňizde, maşklaryňyzda fiziki meselelere aýratyn köp üns bermegiňizi tabşyrýaryn. Elbetde, wagt geler, biz psihologiýa degişli meseleler hakynda-da siz bilen sapak geçeris (27).

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Biziň öňümizde zerur çözülmeli mesele dur, pýesanyň böleginden nädip meseläni tapyp, alyp çykmaly? Bu işiň gurnagyny şol bölegiň içki manysyna gabat gelýän ady tapyp, şonuň bilen hem meseläni atlandyrmak arkaly durmuşa geçirip bolýar.

– Beýle seždegählik oňa nämä gerek? – diýip, Goworkow ýaňsylady.

Arkadiý Nikolaýewiç onuň bolşuna şeýle jogap berdi:

– Siz pýesa böleginiň içki manysyny aýdyň beýan edýän zadyň nähili peýdasynyň bardygyndan habarlymy? Ol pýesa böleginiň içki manysyny özünde saklaýan uşakly-irili bölekleriň özara gatnaşygyny jemleýän we olary jaýdar beýan edýän gysgaça düşündiriş.

Ýöne şeýle ady tapmak üçin bölegi bellibir wagta çenli takyk ýagdaýda saklamaly. Soňra ony oňat eýläp ýugrumyny ýetirip, onuň manysyna laýyk gelýän ady dakmaly. Artist bölege at gözleýärkä ony oňat edip öwrenýär. Içki we daşky gur-

luşyna göz ýetirýär. Öňüni-soňuny jemläp özbaşdak ýagdaýa salýar. Içki bölejiklerini bir-biri bilen baglanyşdyrýar. Olara umumylykda atlandyrýan sözi gözleýän wagtyň bolsa meseläniň özüni tapýarsyň.

Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň böleginiň manysyna laýyk dogry tapylan at bölegiň gozgaýan meselesiniň üstüni açýar duruberýär.

Şu aýdanlarymy tejribede berkitmek üçin «Branda» pýesasyndaky «Bäbejigiň arlyklary» parçasyny ýerine ýetirip göreliň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuwçylara ýüzlendi. –Iki bölegi, ýagny iki parçany ulanýarys. Men size olaryň mazmunyny ýatladaýyn.

Ruhany Brandyň aýaly Agnes öz ýalňyz ogluny ýitirýär. Ol gussa çekip balasyny ýatladyp duran arlyjaklaryň, oýunjaklaryň, eşijekleriň we beýleki zatlaryň ýanyna gelýär. Olaryň her biri enäniň gözüne ýaş aýlaýar. Ýatlama enäniň bagryny daglaýar. Olaryň ýaşaýan jaýlarynyň aşa çygly bolmagy şeýle betbagtlygy maşgalanyň başyna salýar. Aýaly haçanda çaga syrkawlan dessine, wagt ýitirmän, kabulhanadan göçmegi adamsyndan ýalbaryp haýyş edipdi.

Emma Brand öz işine gyşarnyksyz berlip, maşgalasynyň aladasyndan öz ruhanylyk işini ileri goýýar. Bu ýagdaý olaryň ogulsyz galmagyna alyp barýar.

Parçanyň ikinji bölegini ýatladaýyn, Brand gelýär. Ol Agnesiň halyna-da, öz ykbalynyň şeýle bolanyna-da gynanýar. Emma ruhanylyga sygynýan Brand adamyň baş maksady ýakynyňa hyzmat etmekdir diýen düşünjä gulluk edýänligi üçin, aýalyna çagadan galan zatlary syganlara berip, Hudaýyň edenine kaýyl bolup, köşeşmegi ündeýär.

Indi siz bölekleriň içki gurluşyny sazlaň-da, olaryň manysyny kesgitläp, olaryň özüne laýyk at tapyň.

– Aý, bu ýerde pikire batyp oturmak nämä gerek? Hemme zat düşnükli. Birinji bölegiň meselesine görä, onuň ady «Ene söýgüsi». Ikinji bölegiň ady bolsa, meni bagyşlaň welin, «Dindaryň borjy» bolmaly – diýip, Goworkow eglenmezden öz pikirini mälim etdi.

– Bolýar, goý, şeýle atlar bolsun – diýip, Torsow ylalaşdy. – Men bölegiň her bir bölejiklerini aýdyňlaşdyrmak islemeýärin. Bu işi biz pýesanyň keşbiniň üstünde işlän mahalymyz özleşdireris.

Häzirlikçe men şuny aýtmakçy, ýadyňyzda saklaň, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň böleginiň meselesine at dakanyňyzda hiç mahal at çalyşmasyny ulanmaň. At çalyşmasyny pýesanyň bölegi üçin saklaň. Sahnada çözülmeli meselelere at goýanyňyzda işliklerden goýuň.

– Näme üçin? – diýip, biz soradyk.

– Men siziň bu sowalyňyza düşündiriş bereýin. Ýöne ilki siz maňa meniň aýdanym ýaly ediň-de, meselelere we bölege at dakyp beriň. Onsoň hem olara eýýäm at çalyşmasyndan at dakylandygyny, ýagny birinji meselä – «Ene söýgüsi», ikinji meselä bolsa – «Dindaryň borjy» diýlendigini unutmaň.

Wýunsow bilen Welýaminowa ikisi işe ilki bolup girişdiler. Wýunsowyň ýüzi gaharly göründi, gözleri mölerdi, tä göwresi doňup galýança arkan gaýyşdy. Soňra aýagyny ýere berk diredi-de, ökjeleri bilen birnäçe sapar ýeri tapyrdatdy. Ýogyn sesine bat berip, haýbatly seslendi, hüžžerildi. Ol bu eden hereketleri özüne bellibir derejede dogumlylyk, güýç-gaýrat getirer we çözgüdi tapylar öýtdi.

Welýaminowada söýgini, umuman, beýan edýän mylaýym, näz-kereşmeli amallar çäklendi.

Olaryň bolşuny synlan Arkadiý Nikolaýewiç:

– Siziň biriňiziň ene söýgüsini gereginden artyk, erjellik bilen ýerine ýetirjek bolşuňyz, beýlekiňiziň bolsa hökmürowanlyk keşbine girmäge çalşyşyňyz bilen şol meselelere at çalyşmasyny dakandygyňyza düşüneňzokmy? – diýip sorady. –Siz söýýän we hökmürowan keşpleri göz öňüne getirseňiz-de, olara laýyk bolup bilmediňiz. Sebäbi at çalyşmasy keşbiň we wakanyň bellibir ýagdaýyny beýan edýär. At çalyşmasy olary diňe hyýaly ýa-da çaklama ýoly bilen kesgitlägede, çäklenýär galyberýär. Olaryň işjeň hereketi barada pikir etmäge asla ýer goýmaýar.

Emma her bir mesele işjeň hereketli bolmalydyr.

– Siz meni bagyşlaň, at çalyşmasy meseläni suratlandyrmaga-da, şekillendirmäge-de, göz öňüne getirmäge-de mümkinçilik döredip biler. Bu ýagdaýyň bolsa barypýatan hereketdigine siziň düşünmegiňizi isleýärin – diýip, Torsow bilen Goworkow jedele girdi.

– Dogry, at çalyşmasy hereket. Emma hakyky, ynandyryjylykly, biziň alyp barýan ýolumyza kybapdaş maksadalaýyk hereket däl-de, hereketi aktýorçylyk sungatynyň usullary bilen mehaniki ýagdaýda edensiremek ýoly. Biz beýle ýola gulluk etmeýäris we kimde-kim başga ýola gulluk edýän bolsa, biz olary teatrymyzdan kowýarys. Indi bolsa, meselä işlikden at goýanymyzda nämäniň bolup geçýändigine seredeliň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sözüni dowam etdi.

– Bu işi etmegiň öz ýönekeý serişdesi bar. Ol bolsa işligi aýtmankaňyz, onuň öňünden «Näme etmek isleýärin?» diýen soragy goýmakdyr, onuň halyny üýtgedip, oňa jogap tapmakdyr. Men muny size mysalyň üsti bilen düşündirjek bolaýyn.

Geliň, tejribäni hökümdar sözüniň üsti bilen geçireliň. Onuň öňünden isleýärin diýen sözi goýup görüň. Hökümdarlygy isleýärin bolar. Bu isleg örän umumy we bolmajak zat. Ony durmuşa laýyk getirmek üçin bellibir maksada baglamak gerek. Eger-de şol tapan maksadyňyz size gyzykly bolsa, onda siziň bu maksady ýerine ýetiresiňiz geler. Ine, şol maksadyň, ýagny onuň içki manysyny özünde saklaýan, örän jaýdar gelýän ady tapyp, oňa dakmagyňyz gerek. Bu hereketi beýan etmän, diňe düşündirişi görkezýän at çalyşmasy bolmaz-da, meseläniň takyk maksadynyň aýdyň beýany bolar we ol siziň işjeň hereket etmegiňize ýol görkezer.

– Ol nädip sözi tapmaly? – diýip, men düşünmän soradym – Siz özüňiz özüňize hökümdarlygy ele almak üçin şeýle... etmek isleýärin diýiň!

Soraga jogap berersiňiz welin, siz nähili hereket etmelidigiňizi bilersiňiz.

– Hokümli bolmak isleýärin – diýip, Wýunsow dessine jogap berdi.

– Bolmak sözi durnuklylygy aňladýar. Hereket etmegiň işjeňligine bolan gatnaşyklar ol sözde ýok – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düşündirdi.

– Hökümdarlygy almak isleýärin – diýip, Welýaminowa meseläni çözendirin öýtdi.

– Bu çözgüt işjeň herekete golaý. Emma ol dessine edip boljak hereket däl, özi hem umumyrak. Dogrudan hem, umuman, oturgyçda oturan ýeriňden, hany, hökümdarlygy aljak bol, göreýin. Ýerine ýetirip boljak takyk, durmuş hakykatyna golaý meselä degişli çözgüt bolmaly. Gördüňizmi, her bir işlik, her bir söz hereketi maksadalaýyklyga, işjeňlige alyp barmaýar ekeni. Emma mäseläniň adyny tapmagy welin, gürrüňsiz başarmaly.

– Butin adamzady bagtly etmek üçin hökümdarlygy almak isleýärin – diýip, kimdir biri öz pikirini orta atdy.

– Bu owadan sözlem. Emma hakykat ýüzünde beýle işi edip bolmaýar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç garşy çykdy.

– Men durmuşdan lezzet alyp, şady-horram ýaşamak üçin, hormat-sylagly bolmak üçin, özüme mahsus häsiýetlerimi edip, göwün islegime laýyk ýaşamak üçin hökümdarlyk isleýärin – diýip, Şustow aýdylanlaryň üstüne täzelik goşdy.

– Bu meseleler bolup biljek zatlar we olary ýerine ýetirmek agyr däl. Emma olary ýerine ýetirmek üçin biz öňünden birnäçe meseleleri çözmeli bolýarys. Bular ýaly meseleler dessine çözülmeýär. Olara jaýyň ýokarky gatyna galşymyz ýaly, basgançaklara münüp ýetmeli bolýar. Bir ädimde olar ýaly meseläni çözüp bolmaýar. Siz hem şol basgançaklary geçiň hany, göreýin! Her bir basgançaga at goýuň-da, meseläni çözüň. Men akylly-başly, iş başarnykly dana bolup, ynama giresim gelýär. Işläp, zähmet çekip, üns merkezinde bolasym gelýär we ş.m.

Şundan soň Arkadiý Nikolaýewiç «Brand» pýesasyndaky «bäbejigiň arlyklary» atly parçany işlemekçi boldy. Ol bu işe okuwçylaryň hemmesini çekmek üçin şeýle diýdi:

– Goý, oglanlar Brandyň uçran kyn gününe düşsünler we onuň wezipeleriniň atlaryny oýlap tapsynlar. Olaryň Brandyň psihologiýasyna oňat düşünmekleri gerek. Zenanlar bolsa Agnesiň keşbine at goýsunlar. Olara enäniň we zenanyň söýgi duýgulary has ýakyn. Bir, iki, üç!

Gyzlaryň we oglanlaryň arasynda bäsleşik başlandy:

– Men Agnesi sadaka berdirmäge mejbur edip, onuň saglygyny gorap, dogry ýola salmak üçin onuň üstünden agalyk sürmek isleýärin!

(Men entek pikirlerimi aýdyp ýetişmänkäm, gyzlar meni gepletmediler).

– Dünýäden ötenleri «ýatlamak» isleýärin!

– Olaryň ruhuna «ýakynlaşmak», «sözleşmek» isleýärin!

– Çagamy «bejermek, apalap söýmek, göz-gulak bolmak» isleýärin!
– Çagamy «direltmek» isleýärin!
– Öleniň yzynda «ölmek» isleýärin!
– Onuň ruhunyň golaýymdadygyny «duýmak» isleýärin!
– Oýunjaklarynyň we zatlarynyň arasyndan çagamy «tapmak» isleýärin!
– Ony ýatan ýerinden gaýtadan «direltmek» isleýärin!
– Çagamy özüme «gaýtarmak» isleýärin!
– Çagamyň indi ýanymda ýokdugyny «unutmak» isleýärin!
– Öz ýürek küýsegimi «basmak» isleýärin!

Maloletkowa bolsa diňe şol bir jümläni hemmelerden gaty seslenip gaýtalady:

– Çagama ýapyşyp, ony asla berjek däl!

– Beýle bolsa, bizem sizden kem galmakçy däl – diýşip, oglanlarymyz hem öz gezeginde ýerli-ýerden seslendiler:

– Agnesi özüme imrindirip, ony köşeşdirmek isleýärin!
– Agnesi bagryma basyp apalamak isleýärin!
– Men Agnese onuň derdine düşünýändigimi aňlatmak isleýärin!
– Agnese enelik borjuny ýerine ýetirensoň, lezzetli durmuşyň garaşýandygyny ynandyrmak isleýärin!
– Oňa adamzadyň beýik wezipelerini düşündirmek isleýärin!

Gyzlar muňa jogap hökmünde ýerli-ýerden:

– Eger şeýle bolsa, onda öz çekýän ajy hasratym bilen adamymyň ýüregini awadyp, onuň maňa rehiminiň inmegini isleýärin ! – diýşip, seslendiler.

– Goý, adamym meniň gözýaşymy görsün.

Maloletkowa:

– Men çagama has beter ýapyşjak, ony asla goýberjek däl – diýip, öňküsinden hem beter gygyrdy.

Oglanlarymyz şeýle jogap berdiler:

– Adamzadyň öňündäki jogapkärçilikden gorkmalydygyny aýtmak isleýärin!
– Aýraçylyk we bölüşmek bilen temmi berip gorkuzmak isleýärin!
– Birek-birege düşünilmeýändigi üçin, ahmyr edilýändigini görkezmek isleýärin!

Gyzlar bilen oglanlaryň arasynda bu aýdyşyk dowam edýärkä, täze pikirler özlerine laýyk işlikleri talap edip, yzly-yzyna şol ýüze çykdy durdy. Täze tapylýan işlikler bolsa içki duýgulary ýitileşdirip, işjeňligi has-da artdyrdylar.

Men gyzlary ynandyrmaga çalşyp, olar bilen ahyryna çenli bäsleşdim we haçanda aňymdaky ählije pikirleri aýdyp bolanymdan soň, özümiň tutuş bir sahnany ýerine ýetirendigimi duýdum.

Bu duýgy meni kanagatlandyrdy.

– Meniň pikirimçe, her bir tapylan mesele özüçe dogry. Özi hem olar haýsy-da bolsa bir anyk herekete çagyrýarlar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç belledi. – Käbir adyň tebigatynda işjeňlik köp, «Dünýäden ötenleri ýatlamak isleýärin» diýen meselede, duýgy azlyk edýär, oňa başga hili mesele gerek. «Has beter ýapyşyp, asla berjek däl» diýen mesele. Nämä ýapyşyp? Goş-golamamy, ýatlamalaramy, dünýäden öten çagamy?

Eger-de siz meselä şeýle at goýup, ony beýlekilere ýerine ýetiriň diýip hödürleseňiz, olar näme etjeklerini bilmän, şol ýaýdanar durarlar. Her bir meselä dakylan at, meseläni gyzykly edip, ony ýerine ýetirijileri imrindirmeli.

Men: «Näme üçin meselä at çalyşmasyny ulanyp däl-de, işligi ulanyp at dakmaly?» diýip, maňa beren soragyňyza, görýän welin, ahyrsoňy, tejribäniň kömegi bilen siziň özüňiziň jogap bermegiňizi gazanaýdym öýdýän?

Meniň pýesanyň parçalary we bölekleri barada aýtjaklarym häzirlikçe şulardan ybarat.

Ýatda saklaň, galanyny biziň sungatymyz barada köpräk bileniňizden soň, onuň psihotehnikasyny özleşdireniňizden soň, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny hem-de keşbi alyp, olary parçalara we böleklere bölüp özleşdireris.

# VIII. HAKYKY DUÝGY WE YNAM

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Okuw otagyndaky görkezme tagtasynda: «*Hakyky duýgy we ynam*» diýlip ýazylan sapak başlandy.

Okuwçylar sapagyň başynda Maloletkowanyň «Ýiten pully gapjygyň gözlegi» atly parçasyny ýerine ýetirmek bilen meşgullandylar.

Birdenkä Arkadiý Nikolaýewiçiň sesi eşidildi. Görüp otursak, ol tomaşa zalynda bizi synlap oturan eken:

– Sahnanyň yşyklandyrylan çägi sahna işiňize laýyk gelýärmi? Siz gözleg amallaryňyzda çyn duýgyny başdan geçirdiňiz. Eden hemme iş hereketleriňiz dogry. Ol iş hereketleriňize ynandyňyz. Uly bolmadyk fiziki iş hereketleri takyk ýerine ýetirildi. Olaryň aýdyň we dogry çözgüdi tapylypdyr. Olara uly üns berdiňiz. Zerur döredijilik agzalary dogry we agzybirlik bilen ýerine ýetirildi. Bir söz bilen aýdanyňda, sahnada hakyky sungat işi edildi – diýip, ol garaşylmadyk ýagdaýda netije çykardy.

– Ýok.., bu nähili sungat bolýarmyşyn? Siz bolsa sungata tomaşa edip, hakyky durmuş, çyn hakykat boldy diýýärsiňiz... – diýip, okuwçylar Torsowyň gelen netijesinden närazy boldular.

– Şu işiňizi gaýtalaň – diýip, Torsow bolsa bize buýurdy.

Biz «Ýiten gapjygyň gözlegi» sahna işimizi gaýtalamak üçin, ýas-ýaňy gözläp tapylan gapjygy tapan ýerimizde goýduk-da, ony gaýtadan gözlemäge başladyk.

Emma ony ozal gözlap tapanymyzdan soň, onuň nirede ýatandygyny bilýänimiz üçin gözläp ýörmek hökman bolmady. Şeýlelikde, edilen işimizi gaýtalamakdan garaşylýan netije çykmady.

– Bu saparky görkezen sahna işiňizde meseläniň goýluşyny-da, onuň çözgüdini-de, durmuş hakykatyny-da duýmadym – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç bizi tankytlady. –Siz näme üçin edil şu mahal ýerine ýetiren durmuşy sahna işiňizi gaýtalap bilmediňiz? Göräýmäge, bu işi ýerine ýetirmek üçin aktýor bolman, ýönekeý adam bolsaňam, ony ýerine ýetirip bolaýjak ýaly ahyry!

Okuwçylar birinji sapar çyndan gözlemeli bolandyklaryny, ikinji sapar bolsa gapjygyň nirede ýatandygy belli bolany üçin gözlänsirändiklerini Torsowyň öňünde boýun aldylar. Birinji sapar hakyky hereketler boldy, ikinji sapar weli birinjä öýkünmek, ýasamalyk we ýalan, galp iş hereketleri edildi.

– Şu gözleg sahnasyny ýasama däl-de, hakyky ýagdaýda täzeden ýerine ýetiriň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç talap etdi.

– Bä-ä... –Okuwçylar nätjeklerini bilmän, alasarmyk hala düşdüler. –Bu aýdanyňyzy etmek ýeňil däl. Oňa taýýarlanmak, gurnamak, öz başyňdan geçirip görmek gerek...

– O nähili başdan geçirip, taýýarlanmak gerekmişin? Siz ýaňy gapjygy gözläniňizde hemme zady başdan geçirdiňiz ahyry!

– Ol, hakykatdan-da, ýiten gapjygyň gözlegi boldy. Indi bolsa gözleg toslama, hyýaly ýagdaý. Oňa ynanyp ýaşap, onsoň gözlemeli bolýar.

Torsow:

– Diýmek, sahnada durmuş hakykatyna garanyňda başga hili ýaşamalymy? – diýip, okuwçylaryň aýdanlaryna düşünmän sorady. Arkadiý Nikolaýewiç sözme-söz düşündirip, täze soraglara irmän jogap berip, durmuş hakykatynyň hut özünden, çyn hakykatyň we ynamyň özünden-özi emele gelýändigini biziň aňymyza ýetirdi. Ýaňy okuwçylar ýiten gapjygy gözlänlerinde, hakykatdan hem, gözlediler weli, olaryň iş hereketleri ynandyryjylykly boldy. Şonda gözleg işi durmuşy ýagdaýda bolany üçin, ynandyryjylykly ýagdaýda bolup geçdi.

Ýöne gözleg sahna meýdançasynda durmuş hakykatyndaky ýaly bolmaýar. Sahnada gözlegi we oňa bolan ynamy sahna sungatynyň şertine laýyk guramaly bolýar. Bu işe, ilki bilen, göz öňüne getirilýän hyýaly durmuşyň özünde çeper toslama arkaly hakykat we ynam döremeli, soňra olary sahna meýdançasynda ýerine ýetirmeli.

Şeýlelikde, çyn hakykata özüňizi ýugurmak üçin, ýaňyja durmuş hakykatynda bolup geçen sahnadaky gözleg işini täzeden sahnalaşdyrmak üçin, içki dünýäňizde belli-belli duýgularyňyzy oýaryp, olaryň kömegi bilen hyýaly durmuşy göz öňüne getirýärsiňiz – diýip, Torsow düşündirişini dowam etdi. –Siz şol göz öňüne getirýän durmuşyňyzda hakykata laýyk gelýän çeper toslamaňyzy guraýarsyňyz. Şonda gudratly «eger-de» sözi we dogry kabul edilen «hödürlenen ýagdaý» çeper toslamaňyzy dogry duýmagyňyza we sahna meýdançasynda şoňa ynanyp, parçany guramagyňyza kömek eder. Şonuň üçin durmuşda hakykat adamyň görýän we eşidýän, bilýän zatlary tebigatda bar zatlar.

Emma teatr sungatynda weli hakykat sahna meýdançasynda, hakykatdan-da, ýok, ýöne bolup biläýjek zatlar.

– Meni bagyşlamagyňyzy soraýaryn – diýip, Goworkow mugallyma şeýle sorag berdi. –W. Şekspiriň pýesasyndan başlaýyn. Teatrda Otellonyň özüne sünjýän kagyz gamasyna çenli bar zadyň ýalan, toslamadygyny bilip durkaňyz, siz nähili hakykat barada gürrüň edip boljakdygyna düşünýärmisiňiz?!

– Eger-de sizi Otellonyň gamasynyň polatdan däl-de, kagyzdandygy howsala salýan bolsa, şol bigörk ýasalan butafor sahna bezeginde oýnuň ýalandygyny duýýan bolsaňyz, şojagaz zadyň üsti bilen hem sungata tutuşlygyna ýalan diýmekçi bolsaňyz we sahna sungatynyň hakykydygyna ynamyňyzy ýitirýän bolsaňyz, onda birneme köşeşiň. Teatr sungatynda Otellonyň gamasynyň kagyzdandygy ýa-da de-

mirdendigi wajyp däl-de, artistiň içki duýgusy bilen, Otellonyň öz janyna kast etmelidigine ynanýandygy wajyp.

«Durmuş hakykatynda edil şular ýaly Otellonyň ýagdaýy artist adama gabat geläýende, onuň gamasy hem kagyzdan däl-de demirden bolaýanda, artist özüni nähili alyp barardyka?» diýen soragyň bu ýerde ýüze çykmagy mümkin – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuwçy Goworkowyň aýdanlary bilen ylalaşman, oňa düşündirmek bilen boldy.

– Siz nämä ynanmak isleýändigiňizi, size nämäniň gyzyklydygyny we wajypdygyny çözüň. Size teatr sungatynda we pýesada durmuşa laýyk hakyky delilleriň, wakalaryň, tebigatdaky zatlaryň bardygy wajypmy ýa-da artistiň içki dünýäsinde, hakykat ýüzünde ýok, emma sahna toslamasynyň oýadýan duýgusynyň hakykatdan-da dogrudygynamy?

Biz teatr sungatynda, ine, şu duýgynyň, hakykatdan-da, çyn bolmalydygynyň gürrüňini edýäris. Aktýora döredijilik mahaly gerek sahna hakykaty şondan ybarat. Şu hakykat we oňa bolan ynam bolmasa, hakyky sungat bolmaýar! Sahna bezegi durmuş hakykatyna laýyk gurnaldygyça, keşbi ýerine ýetirýän artistiň duýgusynyň durmuşa has-da golaýlaşmagy gerek.

Emma biz sahna meýdançasynda başga ýagdaýlary ýygy-ýygydan görýäris. Sahna bezegi durmuş hakykatyna laýyk gurnalýar-da, keşbi ýerine ýetirýän aktýoryň duýgusynyň we ynamynyň hakyky bolmalydygyny unudýarlar. Durmuşy ýagdaýda gurnalan sahna bezeginde ýalan duýgy bilen keşbiň ýerine ýetirilmegi, aktýorda hakyky duýgynyň we ynamyň ýokdugyny göz-görtele mälim edýär. Siz sahna işiňizde şeýle ýagdaýlaryň bolmazlygy üçin, «eger-de» we «hödürlenen ýagdaý» düşünjeleri arkaly keşbiňizde edýän iş hereketleriňizi elmydama delillendirip etjek boluň. Siz diňe şeýle ýagdaýda döredeniňizde öz duýgyňyzyň hakykydygyndan kanagatlanarsyňyz we ol duýgynyň çyndygyna ynanarsyňyz. Biz bu pursady delillendirmek pursady diýip atlandyrýarys.

Men bu wajyp düşünjä doly düşünmek üçin Torsowa ýüzlendim we gysgaça, teatr sungatynda nämä hakykat diýilýändigini kesgitleme görnüşünde aýtmagyny haýyş etdim.

Ol maňa şeýle diýip jogap berdi:

– Sahnadaky hakykat aktýorlaryň, ýagny meniň hem-de meniň ýerine ýetirýän keşbime degişli beýleki keşpleri ýerine ýetirýänleriň durmuş hakykatyna bolan içki dünýämizdäki we kalbymyzdaky ynamymyz ýaly, keşbimizdäki iş hereketleriniň meselelerine çyn ýürekden ynanjymyz.

Hakykat ynamdan, ynam bolsa hakykatdan bölünip aýrylmaýar. Olar aýry-aýry bolup bilmeýär. Olar bolmasa, döredijilikde keşbi özüňçe duýup ýerine ýetirmek-de başa barmaýar. Teatrda hemme görkezilýän zatlar we keşpleri ýerine ýetirýänler tomaşaçylar üçin ynandyryjy bolmalydyr. Bu sungatda hemme görkezilýän sahnalar durmuş hakykatynda bolup biljekdiginiň ynamyna ýugrulmalydyr. Hökmany

suratda biziň sahnada bolýan her bir pursadymyzyň, edýän iş hereketlerimiziň we duýýan duýgularymyzyň hakykydygyny makullap duran ynam bolmalydyr.

Artistiň içki dünýäsinde, ine, şular ýaly hakykat we ynam sahnada zerur – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç öz düşündirişini soňlady.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Men şu gün ses ýazýan teatrda boldum (28).

Arkadiý Nikolaýewiç arakesmede artistler we okuwçylar bilen gürrüň etdi. Ol Şustow ikimize şeýle diýdi:

– Siziň teatrda şu günki bolan taýýarlyk işini görmändigiňize nebsim agyrýar! Size ol taýýarlyk sahna sungatynda nämäniň hakykatdygyny we ynamdygyny örän aýdyň görkezerdi. Gepiň gysgasy, biz şu mahal köne fransuz pýesasynyň taýýarlyk işlerini edýäris.

Şol pýesanyň mazmuny şeýle: gyzjagaz otaga ylgap gelýär-de, gurjagyna içagyry degendigini mälim edýär. Gahrymanlaryň biri bu gyzjagaza gurjagyna derman bermegi ündeýär. Gyzjagaz ylgap gidýär. Ol az salymdan gelip, syrkawyň sagalandygyny aýdýar. Ynha, şu wakadan gyzjagazyň bikanun ene-atasynyň tragediýasy başlanýar.

Teatryň bezeg serişdeleri bölüminde gurjak tapylmady. Gurjagyň deregine bir bölek taýagy ulandylar. Taýagyň daşyna owadan, ýeňiljek matany saradylar-da, keşbi ýerine ýetirýän kiçijik gyzjagazyň eline berdiler. Gyzjagaz şobada taýajygy öz gyzy ýaly kabul etdi we ony bagryna basdy.

Emma ýok ýerden kynçylyk döredi duruberdi, gyzjagazyň ejesi içagyryny bejermekde pýesanyň awtorynyň tapan usulyna kes-kelläm garşy çykdy. Gyzjagazyň ejesi dermana derek gurjagynyň içini ýuwmagy dogry hasap etdi. Ýadyňyzda berk saklaň, beýle ýagdaý pýesanyň awtorynyň ýordumyna keşbi ýerine ýetirijiniň özboluşly düzediş girizdigi bolýar, ýagny keşbi ýerine ýetiriji pýesanyň ýazgysyny özüçe üýtgedýär. Özi hem ol öz durmuş tejribesinden alan örän ýerlikli delillerine esaslanyp şu işi edýär. Ol derman ulanyp, çagasynyň içini sürmekden, içini ýuwmagyň çalt we oňaýly kömeginiň degjekdigini delillendirdi.

Enäniň keşbini ýerine ýetirýän gyzjagaz taýýarlyk işimiz soňlansoň hem, öz gurjagyny elinden aýyrmady. Butafor işgärleri gurjaga derek ulanylan taýajygy gyzjagaza uly höwes bilen sowgat berseler-de, taýajygyň daşyna dolanan, agşam bolmaly tomaşa gerekli matany bermek islemediler. Bu ýagdaý keşbi ýerine ýetirýän gyzjagaz üçin uly tragediýa (gynanja) öwrüldi. Ol uly sesi bilen möňňürip, tä matany çalşyp berýänçäler aglady. Ol diňe taýajygyň daşyna dolanan owadan mata derek özüne mymyk we sütükli begres matany berenlerinde zordan köşeşdi. Keşbi ýerine ýetirýän gyzjagaz içagyry üçin owadan ýukajyk matadan, mymyk, ýumşak matanyň peýdaly boljakdygyna ynanyp, bu ýagdaý bilen ylalaşdy.

Ine, size sahna sungatyndaky «hakykat» we «ynam!»

Anha, biz keşbi ýerine ýetirmegi kimden öwrenmeli! – diýip, Torsow buýsançly gürledi we gürrüňini dowam etdi. – Meniň ýene bir bolan waka ýadyma düşýär. Bir sapar ýegençim halyň üstünde edil gurbagalar ýaly bökdi welin, men ony «gurbagajyk» diýip atlandyrdym. Ol şondan soň, bir hepdeläp gurbaga öýkünip gezdi. Bizden we enekeden gorkujyna gaçyp stoluň, oturgyçlaryň, otagyň burçlarynda gizlenip oturdy.

«Tüweleme, sen uly adam ýaly bolup, öz ýeriňi bilip, saçagyň başynda özüňi edepli alyp bardyň» diýip, başga bir gezek ony öwdüler welin, hötjetje ýegenim dessine, öwlüşine laýyk özüni alyp barmaga çalyşdy. Hatda öz terbiýeçisine-de nädip nahar başynda özüni oňat alyp barmalydygyny öwredip ugrady. Şol hepde öýümizde iň parahat hepde boldy. Sebäbi ýegenim kän görünmedi. Göz öňüne getiriň, ony öz islegi bilen aýdylanlara ynanyp we ondan lezzet alyp ýaşamak, tutuş bir hepdeläp öz häsiýetinden el çekdirdi.

Eýsem-de bolsa, şular çaganyň ynanjaňlygyny, hyýaly duýgusynyň çeýedigini we tema saýlamakda dandamasynyň ýokdugyny aýdyň mälim etmeýärmi näme?! Öz hyýalyňdaky çyn «hakykat» we «ynam» şundan ybarat ahyry!

Çagalaryň şol bir wakany we onuň bolýan ýerini ýatda uzak saklamagy başaryşlary-da öwgä mynasyp! Olara şol bir häsiýetde öz halaýan keşbinde bolmak lezzetli. Çaga oýunlarynda özüni bendi edýän hyýaly täsinlikleri çagalar şeýlebir güýçli gurnaýarlar welin, olara soňundan durmuş hakykatyna çykmak ýeňil düşmeýär. Olar gabat gelen zatlardan özlerini şatlandyrýan wakalary gurnaýarlar.

Çagalara «şeýle zat bolupdy» diý. Olaryň hakydasynda dessine hyýaly duýgy oýanýar. Sebäbi çagalaryň «şeýle zat bolupdysynyň» täsiri, biziň gudratly «eger-dämiziň» täsirinden köp esse güýçli.

Çagada biziň kabul etmegimize mynasyp ýene bir häsiýet bar: çagalar nämä ynanyp biljekdiklerini we nämä üns bermeli däldigini bilýärler. Meniň size gürrüň berýän keşbi ýerine ýetirýän gyzjagazym bolsa, ynam bilen öz enelik duýgusyny taýajyga gaplansoň, şol duýgusyny pugta saklamaga çalyşdy.

Goý, aktýor hem sahna sungatynda öz ynanmaly zadyna ynansyn we gerekmejek zada ünsüni sowmasyn. Şeýtseňiz, siz sahnanyň diwaryndaky jaýryga ýa-da çykyş edeniňizde durmuşy däl zatlara üns bermeli däldigiňize düşünersiňiz.

Haçanda siz sungatda, çagalaryň öz oýunlarynda «hakykata» we «ynama» bolan duýgulary ýaly duýgulara ýeteniňizde, beýik artist bolup bilersiňiz.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç şeýle diýdi:

– Men size döredijilikde hakykatyň manysy we onuň tutýan orny hakynda umumy pikirlerimi aýtdym. Indi bolsa sahna sungatyndaky «hakykat» däl-de, ýalançylygyň gürrüňini edeliň.

«Hakykaty» duýmak gowy zat. Emma «ýalany» duýmak hem gerek.

Meniň şu iki düşünjäni biri-birinden bölýänim we olary bir-birine garşy goýýanym sizi geň galdyrar. Men olary durmuş hakykatynyň talabyna eýerip, şeýle ýagdaýa salýaryn.

Artistleriň, tomaşaçylaryň, tankytçylaryň, teatryň ýolbaşçylarynyň we beýlekileriň arasynda sahna sungatynda teatrlaşdyrmak, ýasamalyk we çaklanyp gurnamak ýaly usullary halaýanlar bar.

Birnäçeleriň beýle usuly ulanýandyklarynyň sebäbi, olaryň gylyklarynyň ajanlygydyr ýa-da teatryň işinden halys irenligidir. Bular sahna sungatyndan şeker-şerbet isleýärler, ýagny olara artistleriň sahna oýnundan şirelije girdeji gerek. Olara gerek «asmandaky Aý» ony bolsa durmuş hakykatynda berip bolmaýar. Olar sahna meýdançasynda durmuş hakykatyndan irendikleri sebäpli, onuň bilen ýüzbe-ýüz bolaslary gelenok.

«Diňe durmuşa meňzeş bolmasyn!» diýip, olar gygyryşýarlar. Şeýdip olar durmuşdan daşlaşyp, sahna sungatynyň usullarynyň üýtgän, ugruny-utgasyny ýitiren emellerini gözleýärler.

Bulara ylmy makalalar, ýörgünli düşünjeler, çykyşlar arkaly sungata inçeden-inçe düşünýänler diýip baha berýärler.

Olar: «Teatrda gözel zatlary görkezmek gerek! Biziň tomaşalarda şatlanasymyz, gülesimiz, begenesimiz gelýär! Biz oýunlary görüp gözýaş dökesimiz, gaýgy-hasrat çekesimiz gelmeýär! Durmuşyň özünde-de gaýgy-hasrat ýetik!» diýýärler.

Bu adamlaryň garşysyna, teatryň bir topar ýolbaşçylary, tankytçylary, artisleri, tomaşaçylary sahna sungatynyň durmuşy, adaty we durmuş hakykatyna laýyk bolmagyny isleýärler. Bu adamlar zyýanlykly nahar galyndylaryny islemän, gowy etden bişirilen iýmiti isleýärler. Olar teatryň kalby arassalaýan tolgundyryjy sahna oýunlaryndan gorkmaýarlar. Olaryň sahna oýunlaryny görenlerinde gülmek, aglamak, begenmek, gussa batmak ýaly duýgulara gaplanyp, sahna oýnunyň süňňüne goşulyşyp tomaşa edesleri gelýär. Olar «keşbi başdan geçiren ýaly döredilenini» göresleri gelýär.

Şu aýdylanlary dowam etsek, ol adamlaryň ikisi-de öte geçmelerden halas däl, ýagny pajygaly, dartgynly sahna oýunlary durmuş hakykatyny eýmenç ýagdaýa salýar. Adaty, sada sahna oýunlary bolsa durmuş hakykatyny aşa göze ilginç ýagdaýda görkezmäge eltýär. Bu ugurlaryň ikisi hem ahyrsoňy mehaniki ýagdaýda öýkünme usulynda ýerine ýetirijini alyp barýar.

Şu aýdan ýagdaýlarym «durmuş hakykaty» bilen «ynamyň» gürrüňini aýry-aýry etmäge meni mejbur edýär. Elbetde, olary halamak ýa-da halamazlyk bir başga. Emma olary... Ýeri bolýar... – Arkadiý Nikolaýewiç sözlemesini goýup sägindi-de, az salym geplemän oturdy. Soňra başlan pikirini dowam etmän, Dymkowa bilen Umnowlara ýüzlendi:

– Siz gowy görýän «Branda» atly sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyndaky «Bäbegiň arlyklary» atly sahna işimizi ýerine ýetirip beriň.

Okuwçylar buýrulan ýumşy çyny bilen, täsirli emelleri ulanyp ýerine ýetirdiler. Ýöne öňki öwrendikli iş hereketlerimiz hem-de «soňundan edäýeris-dä» diýlen başdansowmalyk okuwçylardan aýrylmady.

– Maňa aýdyň hany– diýip,Torsow okuwçysy Dymkowa ýüzlendi. – Siz näme üçin şu mahal gorka daraşdyňyz we çeper höwesjeňler ýaly ynamsyz oýnadyňyz?

Dymkowa ýere bakyp ýygrylyp, utanjyrap durşuna aýdara jogap tapman dymdy.

– Size näme päsgel berdi? – diýip, Torsow soragyny dowam etdi.

– Bilmedim. Ýöne nähili duýan bolsam, şolar ýaly hem keşbi ýerine ýetirdim... Aýdan sözlerime gaýtadan dolanasym geldi durdy. – O näme üçin şeýle bolýar? – diýip, Torsow tä okuwçy öz ýalňyşyny, ýagny ýasama we ýalňyş ýerine ýetirmejek bolup, howsala düşendigini aýdýança, sorag yzyna sorag berdi.

– A-a, siz ýasamalykdan gorkduňyzmy? – diýip, Torsow okuwçyny aýdan sözünde tutdy.

– Hawa – diýip, Dymkowa boýnuna aldy.

– A siz Umnowlar? Näme üçin siziň eden işiňizde şeýle uly janykma, gereginden artyk erjellik, aşa agraslyk we uzak arakesme saklamak gerek boldy? – diýip, Torsow okuwçydan jogap sorady.

– Keşbiň dünýäsine çuň aralaşmak isledim... janly duýgularymy oýarasym geldi... özümi sözler bilen gyzdyrmak isledim... keşbimi adama meňzetmäge çalyşdym... kalbymy ýyladaýyn, oýadaýyn diýdim... «ynam» döretmäge we ynandyrmaga çalyşdym...

– Siz keşbi başdan geçen ýaly çyndan duýmak, sözleriň arasyndaky pikirleri beýan etmek islediňizmi?

– Hut şeýle! Hut şeýle!

– Ine, siziň alnyňyzda, iki hili usulda keşbi döredýän aktýorlar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuwçylara ýüzlendi. –Olaryň ikisi-de özleriçe, sahnadaky ýasamalygy dürli ýagdaýlarda halamaýarlar.

Mysal üçin, Dymkowa ýasamalykdan eýmenýär, oňa bar ünsüni bagyş edýär. Ol sahnada bolýan wagty diňe ýasamalyk hakynda pikir edýär. Ýasamalyk onuň tutuş süňňüni gaplap alyp durany üçin, ol hakykat hakynda pikir etmäge mümkinçilik tapmaýar. Bu ýagdaý ýasamalykdan eýmenip, oňa doly suratda erkiňi aldyrmak bolýar we beýle ýagdaýda, dogrusy, döredijilik hakynda pikir edesi iş hem ýok.

– Umnowlar bilen hem edil şonuň ýaly, ýasamalygy halamazlyk bolup dur. Emma ol hakykaty aşa gowy görýändigi üçin, oňa halys erkini aldyrýar. Ol birinji barada, ýagny ýasamalyk barada asla pikir hem etmeýär. Sebäbi ikinji hakykat ony doly suratda öz girdabyna salypdyr. Ýasamalyga garşy göreş ýaly, gowy görýäniň üçin hakykata-da öz erkiňi doly berseň, ýerine ýetirmeli keşbiňiziň iş hereketlerinde-de öte geçjekdigiňizi meniň size aýratyn düşündirip oturmagym gerekmikä?

«Birdenkä, ýasamalyga ýol beräýmäýin» diýen pikire bar duýgyňy berip, sahna sungatynda döredijilik bilen meşgullanmak bolmaýar. Edil şonuň ýaly, diňe

hakykaty beýan etmek bilen meşgul bolmak hem dogry däl. Bular ýaly pikire uýdugyňyz, ol ýasamalyga alyp barar.

– Nädip ol ýagdaýdan özüňi goramaly? – diýip, Dymkowa görgüli ýalbaryjy äheňde mugallymdan sorady.

– Döredijiligi diňe iki ugur bilen alyp barmak, päkini çalgy daşyna çalyp duran ýaly bolýar. Haçanda sizi ýasamalyk doly suratda gaplap alanda ýagty yşykda saklanyňda, özüňizi barlap görmek üçin: «Men «ýasamalyk» bilen göreşýärinmi ýa-da çyndan iş hereketini edýärinmi?» diýip soraň.

Biz sahna öz ýetmezçiliklerimiz bilen göreşmäge çykman, keşbiň häsiýete baý, hakykatdan-da, maksadalaýyk iş hereketlerini ýerine ýetirmek üçin çykýarys. Eger-de şu maksat amala aşsa, diýmek, ýasamalyga ýol ýok. Siz keşbe laýyk iş hereketlerini dogry ýerine ýetirýändigiňizi ýa-da ony dogry ýerine ýetirmeýändigiňizi bilmek üçin: «Men kim üçin iş hereketlerini edýärkäm? Tomaşaçylar üçinmi, özüm üçinmi ýa-da sahnada meniň bilen ýüzbe-ýüz durup gepleşýän sahna ýanýoldaşym üçinmi?» diýip, özüňize sorag beriň.

Siz artistiň keşbi ýerine ýetirýän wagty özüni özi seljerip bilmeýändigini bilýärsiňiz. Tomaşaçy-da sahna oýnuna seredip otyrka özüni seljermeýär. Ol gören sahna oýnuna öýünde seljerip baha berýär. Siziň keşbi ýerine ýetirişiňizi, siz bilen ýüzbe-ýüz durup, öz keşbini ýerine ýetirýän sahna ýoldaşyňyz seljerýär we baha kesýär.

Eger-de artist ýerine ýetirijilikde ulanan öz iş hereketleriniň gatnaşyklary bilen sahna ýoldaşyny, hakykatdan-da, ynandyran bolsa, bu döredijilikde öňde goýlan maksada ýetildigidir, ýasamalygyň ýeňlip geçildigidir (29).

Artist sahna meýdançasynda döredijilik bilen iş salyşýarka, ýasamalyga, öýkünmä ýol bermeýän, keşbiň häsiýetini maksadalaýyk açýan baý iş hereketlerine amal etmelidir. Sahna hakykatyny çyny bilen görkezip, iş hereketleriniň arasyny kesmän, tomaşaçy bilen däl-de, sahna ýanýoldaşy bilen gatnaşykda bolýan artist, pýesanyň talabyny-da, özüne ynanylan keşbi-de, sahna oýnunyň durmuşa laýyk saklanmagyny-da, hakykaty-da, ynamy-da birkemsiz ýerine ýetirýän döredijilik wekilidir. Şeýle aktýor, hakykatdan-da, sahna oýnuna ýüreginden uýup, keşbi döredip bilýär.

– Ýasamalyk bilen göreşmegiň ýene bir usuly bar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç gözýaş edip oturan Dymkowany köşeşdirmäge çalyşdy. –Ýasamalygyň köki-damary bilen sogrup taşlanyňdan soň, onuň boşan ýerini has uly ýasamalygyň eýelemejekdigine güwä geçip biljek kim bar? Şonuň üçin hem ýasamalyk bilen başgaça göreşmeli, ýagny ýasamalygyň ýüze çykjak ýerine hakykaty öňe sürmeli.

Çaganyň süýt dişlerini soňky çykýan dişiň itip çykaryşy ýaly, hakykat, goý, ýasamalygy meýdandan gysyp çykarsyn. Goý, oňat tapylan gyzykly usullar, dogry iş hereketler, «eger-deler», «hödürlenen ýagdaýlar» aktýorçylygyň ýasamalyk, öýkünmek we ýalandan keşbi oýnan bolmak usullarynyň ýerini eýelesin.

Sahna hakykatyna düşünip, onuň ýalançylygy gysyp çykarýan usullaryny siziň bilmegiňiziň nähili zerurdygyna we wajypdygyna siz düşünmeli. Biz bu işe «ýalançylygy we öýkünmäni aradan aýyrmak işi» diýip at berýäris. Özi hem sahnada bu iş, göz astynda yzygiderli saklanyp, endige öwrülip, bildirmän, hökmany suratda ýerine ýetirilmeli. Meniň şu mahal, sahnada hakykaty nädip ösdürmelidigini aýdýanlarym diňe Dymkowa däl, Umnowa size-de degişli – diýip, Torsow biziň çyzgy çyzyjymyza-da duýdurdy.

Size meniň bir maslahatym bar. Özi hem ony hiç mahal unutmaň: sahnada hiç wagt ýalançylyga we hakykata bolan talabyňyzy gereginden artyk ulaltmaň.

Gereginden aşa hyjuw bilen hakykata topulsaňyz, ýerine ýetirijilik çenden çykyp ýasamalyk usullaryna gaplanýar. Bu bolsa ýalançylygyň hemme usullaryndan iň ýamanydyr.

Teatr sungatynyň ýene-de bir ýasamalygy bolsa ondan gorkmaklykdyr. Sahna sungatynda ýasamalykdan gorkmaklyk özüňi adaty ýagdaýdan aýryp, uly gorky duýgusyna özüňi aldyrmakdyr. Şeýle bolanda iş hereketleriňi ynanylmaz ýaly hala salýan iň ýakymsyz ýalançylyk bolup geçýär. Sahna sungatynda edil hakykata garaýşyňyz ýaly ýalançylyga-da igenmän, parahat, adalatly ýagdaýda garaň. Teatryň sahnasynda hakykat oňa çyndan ynanmak üçin gerek. Sebäbi ol öňde goýan maksadyňa ýetmek üçin, sahna ýanýoldaşyňy ynandyrmak üçin we öz keşbiňi göwnejaý ýerine ýetirýändigiňe ynamy döretmek üçin gerek.

Eger-de siz ýalançylyga akyllylyk bilen çemeleşseňiz, onda ýalançylykdan peýdaly zatlary hem alyp bolýar.

Ýalançylyk aktýora etmeli däl ýagdaýy aýdyp duran ugur görkezijidir.

Biziň sähel salym ýalňyşlykdan büdräp hakykatdan daşlaşmagymyz entek betbagtlyk däl. Emma şol bir wagtyň özünde-de, ugur görkezijiniň kömegi bilen sahna hakykatynyň ýalňyşynyň çägini anyklap, hakykaty dogry ýola gönükdirmek zerur. Şular ýaly pursatda aktýor sähelçe ýalňyşyp, soňra dogry ýola düşende, oňa ýalançylygyň çägi aýan bolýar we ol aýanlyk gaýdyp şol çäge dolanmazlyk üçin uly kömek bolup duruberýär. Şonuň üçin özüňi barlag astynda tutmak döredijilikde wajypdyr. Has dogrusy, bu iş yzygiderli, häli-şindi edilmeli işdir.

Artist köpçülikde çykyş eden mahaly, tolgunmadan ýaňa, öz duýgularyna elmydama gereginden artyk hyjuw beresi gelýär. Ýöne gereginden artyk hyjuwy nireden almaly? Bizde teatryň keşbini gereginden artyk hyjuw bilen ýerine ýetirer ýaly artykmaç hyjyw saklanýan ammarymyz ýok. Hereketleriňi çişirip we saklap bolar, soňra birden herekete gelip, göwnüňe bolmasa, ony güýçlendirýän, köpeldýän, ulaldýan ýaly edip bolar.

Emma bularyň hemmesi döredýän hereketleriňi güýçlendirmän, gaýta, olary ýok edýär. Bu daş sypatyňy ýalandan çişirýäniň üçin keşbiň ýasamalygyny artdyrýar.

Şol mahal sahna hakykaty bu işe garşy durmagy, onuň iň oňat sazlaşygy guryan araçydygyny aňladýar. Artist keşbiň içki dünýäsini dogry alyp barýarka-

-da, hakykat duýgusynyň bu araçyllyk häsiýetine gulak asmaly bolýar. Emma edil şular ýaly wagtda, keşbiň daşky sypatyny ýasaýan duýgular toplumy, artistiň gaharlanýandygyndan peýdalanyp, bolup duran ýagdaýy aňlamanka ony ýasamalyga salýar. Bu ýagdaý bolsa artisti, gürrüňsiz, ýalançylyga eltýär.

Torsow sapagy, tomaşa zalynda oturyp, artistleriň keşpleri ýerine ýetirişiniň hakykydygyny ýa-da hakyky däldigini örän gaýym kesgitläp bilýän, sahna hakykatyny örän oňat duýýan bir artist hakyndaky söhbet bilen tamamlady. Emma şol artistiň hem öz keşbini sahna çykyp ýerine ýetirende sahna hakykatyny elden aldyrýan mahaly bolupdyr.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Ynanmak ýeňil-ýelpaý iş däl – diýip, düşündirişini jemlemek bilen boldy.

Ýas-ýaňy öz ýoldaşlarynyň keşbi ýasamalyk bilen ýerine ýetirýändigini örän dogry deliller bilen aýdýan artistiň özi sahna çykyp, keşbini oýnaýarka ýasamalyga ýol berşi, işdeş ýoldaşlarynyňkydan kän bolmasa, az bolmaýar. Şular ýaly we şulara meňzeş artistleriň hakykaty duýşy, tomaşaçyka bir hili, keşbi ýerine ýetirýärkä bolsa başga hili bolýar.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç sapakda şeýle diýdi:

– Haçanda artist öz işini hakykat bilen ynama laýyk çyndan ýerine ýetirende, iş özünden-özi döremek bilen bolýar. Bu örän oňat. Bular ýaly ýagdaý bolmadyk wagty näme etmeli? Şonda psihotehnikalaryň emeli usullary arkaly hakykaty, ynamy döretmeli bolýar.

Özüň ynanmaýan, çyn diýip hasap etmeýän zadyňy döredip bolmaýar.

Özüňi ynandyrýan hakykaty, ynamy nireden gözläp tapmaly? Artist ony adamyň durmuş psihikasynyň içki duýgularyndan we hereketlerinden gözlemelimi? Içki duýgular örän hötjet, sypjyk, çylşyrymly, olary birsydyrgyn saklamak kyn bolýar. Adamyň içki dünýäsinde sahna hakykaty, ynam öz-özünden döreýär ýa-da çylşyrymly psihiki ýagdaýlaryň üsti bilen peýda bolýar. Iň ýeňil ýoly, ýönekeý meseleleri çözýärkäň we hereketleri edýärkäň, sahna hakykatyny, ynamyny öz beden agzalaryňdan tapmakdyr ýa-da olary dörär ýaly etmekdir. Olar durnukly, göze görünýän, elýeter, buýruga, aň-paýhasa gulak asmaýarlar. Olary duýup hem-de şol bir wagtyň özünde-de birsydyrgyn saklap bolýar. Biz hut şonuň üçin hem keşbi döredenimizde, ilkinji nobatda, şolara ýüzlenýäris.

Geliň, aýdylanlary ýerine ýetirip göreliň.

– Nazwanow, Wýunsow! Baryň, sahna çykyň-da, maňa hemmelerden ýaramaz ýerine ýetiren sahna işiňizi gaýtalap beriň. Men pullary ýakmak sahna işiňizi göz öňüne tutup aýdýaryn. Siziň etýudy göwnejaý ýerine ýetirip bilmeýändigiňiziň ilkinji sebäbi, meniň tapan pajygaly wakama derrew, tutuşlygyna ynanjak bolýandygyňyz. Keşbi gyssanyp ýerine ýetirijilik bolsa, artisti umumanlygyň ýo-

luna salýar. Taýýarlyk sahna işini many-mazmunyna laýyk böleklere bölüp, her bir bölekdäki iň ýönekeý fiziki hereketlerden başlap, ony ýerine ýetirjek boluň, hany! Goý, sähelçe kömegi degýän, her bir kiçijik hereketler hem, hakyky ýagdaýa ýetýänçä ýerine ýetirilsin, şonda sahna işiniň hemme bölekleri sazlaşar we siz onuň çyndygyna ynanarsyňyz.

– Maňa ýasama pullary beriň – diýip, men gapdal perdeleriň ýanynda duran nobatçy işçiden haýyş etdim.

– Olar gerek däl. Hyýaly pullar bilen ýerine ýetiriň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç meni saklady.

Men hyýaly pullary sanap başladym.

Torsow:

– Ynanmaýaryn! – diýip, howaýy pullara elimi uzadan dessime ýene-de meni saklady.

– Siz nämä düşünmeýärsiňiz?..

– Siz hatda nämä eliňizi uzadandygyňyza nazar hem aýlamadyňyz ahyry – diýip, Torsow meni wagtal-wagtal sägindirip düşündirmek bilen boldy.

Men hyýaly pullaryň daňylgy topbagyna nazar aýlasam-da, hiç zat gözüme ilmänsoň, elimi edil uzadyşym ýaly yzyna çekip aldym.

– Siz iň bolmanda, ýalan iş hereketiňiz göze ilmez ýaly barmaklaryňyzy bir ýumuň-da, bolmasa pullar gaçar ahyryn. Pullary zyňmaň. Olary goýuň. Bu işe bir sekund gerek. Fiziki taýdan ynandyryjylykly iş edýändigiňizi deliller bilen ynandyrjak bolsaňyz, pullara hemme duýgyňyzy bermäň. Kim şeýdip ýüpi çöşleýär? Pul topbagynyň daşyna daňylgy ýüpüň ujuny tapyň. Beýdip däl! Bu işi derrew edip bolmaýar. Köp halatlarda ýüpüň ujy pullar dökülmez ýaly daňylýan ýüpüň aşagyna gysdyrylýar. Şony tapyp, ýüpi çözmek, şeýle bir ýeňil hem bolmaýar. Anha, şolar ýaly – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç biziň işimize goltgy berdi.

– Indi, pullary bölek-bölek edip sanaň. Ýak-heý!.. Bu işi siz nädip şeýle tiz ýerine ýetirip bildiňiz? Köne, saralyp giden şonça pullary, pulhananyň işgäri hernäçe tejribeli bolaýanda-da, şeýle basym sanap bilmez... Gördüňizmi?.. Biziň tebigatymyz sahna sungatynda edilýän fiziki hereketlerimize ynanar ýaly, onuň her bir kiçijik bölekleriniň hereketlerini sypdyrman, yzygiderli ýerine ýetirmegi talap edýär.

Torsow biziň fiziki iş hereketlerimiziň yzyna täze iş hereketlerini yzygiderli sepläp, meniň işimi ugrukdyrdy. Men hyýaly pullary sanap otyrkam, durmuş hakykatynda şular ýaly pursatlaryň nädip we nähili ýagdaýda yzygiderli bolup geçýändigini ýuwaş-ýuwaşdan ýadyma saldym. Meniň hyýaly pullara bolan gatnaşygym, Torsowyň aýdyp ugrukdyran yzygiderli iş hereketlerinden soň, düýpgöter özgerdi. Durmuşda ýok pullaryň ýeri, göwnüme bolmasa, hyýaly pullar bilen dolan ýaly boldy, has dogrusy, durmuşda ýok zady hakykatdan-da bar ýaly duýmagyma ugrukdyrdy. Meniň pikirimde aýlaýan zadym köne, mynjyrap giden pullary barmaklarymy gymyldadyp sanandygym hakynda däl.

Maňa fiziki iş hereketlerdäki hakykaty duýan dessime, sahnada işlemek ynjalykly boldy. Şol bir wagtda-da, garaşylmadyk hereketler öz-özünden döremek bilen boldy. Men ýüpi tertiplije edip bir ýere saradym we ýanymda, stoluň üstünde goýdum. Şu göräýmäge ýönekeýje hereket öz hakykylygy bilen meniň göwnümi ýylatdy. Ondan başga-da ol täze-täze garaşylmadyk iş hereketleriniň döremegine itergi berdi.

Meselem, men pullary sanamazdan ozal olaryň gowuja, tertiplije durmagyny gazanmak üçin, pul toplumlaryny esli wagtlap stoluň üstünde kakyşdyryp tertibe saldym. Şonda gapdalymda duran Wýunsow meniň edýän iş hereketlerime düşünip güldi.

– Nämä güldüň? – diýip, men ondan soradym.

– Hereketleriň hakykata diýseň laýyk – diýip, ol jogap berdi.

Tomaşa zalynda oturan Arkadiý Nikolaýewiç: –Ine, artistiň edýän fiziki iş hereketleriniň tebigylygyny ahyryna çenli doly suratda delillendirilen diýip biziň atlandyrýan düşünjämiz şundan ybarat – diýip, öz ornundan gygyryp goýberdi.

Torsow az salymlyk arakesmeden soň gürrüň berdi:

– Men şu tomusda, köp wagtdan bäri barman ýören, öňler bolsa ýylba-ýyl dynç alan Serpuhowkadaky tomusda dynç alýan öýüme gitdim. Ol öýüm ulag duralgasyndan daşrakda ýerleşýär. Emma gönüläp, tokaýyň gyrasy, jarlaryň gerşi, balarylary idedýänleriň üsti bilen gitseň weli, ýol birnäçe esse gysgalýar. Öň men ýygy-ýygydan gatnanym üçin ol aralykda ýoda ýasapdym. Ýöne, ynha, indi köp mahaldan bäri bu ýere gelmänim sebäpli, ýodamy ot basyp gidipdir. Men ýene-de täzeden ýoda ýasamaly boldum. Başda ýeňil bolmady: men birden köne ýodany yzarlap bilmän azaşdym, baryp gyralary köwlenen, ulaglaryň yzy üzülmeýän hereketli uly ýola düşdüm. Bu ýol duralgadan düýpgöter başga ugra gidýär. Yzyma gaýdyp, ozalky ýodamyň ugruny tapyp, ýolumy dowam etmeli boldum. Bu işde ozal maňa tanyş agaçlarymdan, töňňelerimden, ýokary-aşak düşýän eňňitlerimden ugur aldym. Olary ýatlamam bolsa meniň hakydamy oýaryp, dogry ýola gönükdirdi.

Meniň otlary basgylap ýöremegimden ýaňa duralga bilen dynç alýan öýümiň arasynda ýoda döredi. Men şol ýoda bilen gatnap ugradym. Indi ol ýakyn ugur bilen günde ýörelip geçilýändigi üçin aýdyň ýoda emele geldi. –Arkadiý Nikolaýewiç az salymlyk arakesmeden soň, ýene-de söhbedini dowam etdi:

– Şu gün Nazwanow bilen «pullary ýakmak» sahna işiniň iş hereketleriniň ugruny belledik we şol hereketleri ýerine ýetirdik. Şol iş hereketiniň ugry hem meniň ýaňky gürrüňini beren ýodamyň öňki ugruny gözläp tapyşym ýaly, gözläp tapmaly ugur. Durmuşda bu ugur size oňat mälim bolsa-da, siz sahna sungatynda ony gaýtadan başdan-aýak ýasamaly bolýarsyňyz.

Nazwanowyň dogry ýodasynyň ýany bilen onuň endigine öwrülen nädogry ýodasy-da galman gelýär. Ol galyba öwrülen endiklerden hem-de şertlilikden ybarat. Nazwanow islese-islemese-de wagtal-wagtal şolara tarap öwrüldi. Olary meý-

dançadan barýarkam, maňa gabat gelýän, jarlaryň arasyndan geçýän ýodajyklara meňzedesim gelýär. Nazwanowy şol ýodajyklar barýan dogry ýodasyndan sowup, hünärmentlik ýoluna salmak isleýärler. Ol edil men ýaly, nädogry ýola gitmän, özüniň fiziki iş hereketleri bilen täze, dogry ýoly ýasamaly boldy. Ol ýoly meniň tokaýda otlary basgylap ýasan ýoluma meňzedip bolar. Nazwanowa indi şol ýasan ilkinji ýodasyny oňat basgylap, çyn ýoda öwrüp, pugta ýadynda saklap, ony öz keşbi üçin hakydasyna ýazmagy gerek.

Meniň usulymyň syry düşnükli. Mesele, görüp otursak, fiziki hereket bilen edilýän iş barada däl-de, ol hereketlerde hakykatyň, ynamyň ýatandygynda hem--de olary özümizde duýmakda iş hereketleriniň uly kömek edýändigine düşünmek eken.

Biziň işimizde edil kiçi, orta, uly, has uly böleklere, iş hereketine laýyk kiçi, uly, has uly hakykat, ynam hem ýatandyr. Eger-de uly bölekdäki iş hereketiniň uly hakykatyny duýgyňa salyp ynanyp bilmeseň, ol bölegi kiçi böleklere böl-de, iň bolmanda, kiçi bölejikdäki hakykata ynanjak bol.

Men haçanda tokaýda we jarlaryň üstünden ýoda ýasanymda şeýtdim. Şonda iň bir ujypsyzja zatlar bolan töňňeler, ýapjagazlar, tümmejikler öňki ýodamyň yzyny tapmakda maňa ýolgörkeziji bolup hyzmat etdiler. Men Nazwanow bilen hem edil şonuň ýaly, uly däl-de, iň kiçijik fiziki iş hereketlerini, şol işlere laýyk hakykaty, ynamy gözläp işledim. Birnäçeleri täze iş hereketleriniň ýüze çykmagyna itergi berdiler, soňra olar birleşip, ýene üçünjini, dördünjini we ş.m. döretdiler. Şu edilen işler siziň göwnüňize az ýaly-la? Ýalňyşýarsyňyz, bu örän uly iş. Artistiň duýgusynda kiçijik hakykaty, ynamy döredýän çyn pursat onuň aňyny derrew hereketlendirýär we artist ýerine ýetirýän keşbini duýýar. Artiste şular ýaly ýagdaýyň tutuş pýesanyň hakykatyna ynam döredýän mahalynyň az bolmaýandygyndan siziň habaryňyz barmy? Durmuş hakykaty keşbi tutuşlygyna sazlaşykly alyp barmaga ýol görkezýär.

Men öz tejribämden şular ýaly köpsanly mysallar getirip biljek! Hünärmentlik ugry bilen öz keşbini ýerine ýetirip duran aktýoryň işinde garaşylmadyk bir ýagdaý boldy, ýagny aktrisa sahnada ýaglygyny gaçyrdy ýa-da oturgyç ýykyldy. Olary galdyrmak gerek ýa-da mizansahna üýtgedi we mebelleri süýşürmeli boldy. Edil dymyk otaga arassa howanyň kürsäp girip, otagyň içini jana ýakymly edişi ýaly, hyýaly durmuşa gaplanan sahna oýnuny hem ýaňky garaşylmadyk durmuşy ýagdaýlar janlandyryp, durmuşy hala salyp täsirsiz, hyýaly sahna oýnuny gyzykly edýärler.

Artist sahna oýny mahaly garaşylmadyk ýagdaýda gaçan ýaglygy ýa-da oturgyjy ozal taýýarlyk işlerinde etmedik bolsa-da, galdyrmaly bolýar. Ol şol işi artistçilik usullaryna laýyk däl-de, adamyň adaty iş hereketine laýyk ýerine ýetirýär. Şonda sahnada bolýan durmuşy ýagdaýa ynanýarsyň. Bular ýaly ýerine ýetiriliş, aktýorçylyk usuly bilen döredilýän iş hereketlerinden çürt-kesik tapawutly. Şeýle

iş hereketleri sahna meýdançasynda durmuşyň hakyky ýüzüni görkezip, sahna oýnuny täsirli ýagdaýa salyp janlandyrýar. Ýöne sahnada bolan şol garaşylmadyk ýagdaýy keşbe salmak ýa-da salmazlyk artiste baglydyr.

Bir söz bien aýdanyňda, şol garaşylmadyk ýagdaýda bolan iş hereketi, ýagny ýaglygyň gaçmagyny ýa-da oturgyjyň ýykylmagyny artist ýerine ýetirýän keşbiniň iş hereketleriniň ýoluna salyp, diňe bir gezek ulanyp biler. Ýöne aktýor ol bolan garaşylmadyk ýagdaýy keşbiň ýoluna salman, ýerine ýetirijilik pursadyny saklap, ýaglygy ýa-da oturgyjy ýerli-ýerinde goýup, soňra keşbi ýerine ýetirmegini dowam edip biler.

Eger-de kiçijik hakykaty, ynamy döredýän birje garaşylmadyk waka aktýory çyn döredijilik halyna salýan bolsa, onda şolar ýaly garaşylmadyk wakalar yzygiderli bolan ýagdaýynda uly hakykat ynam hem dörejek ekeni. Özi hem olar bir-birini goldap, sahna oýnunyň täsirini has-da güýçlendirerdiler.

Kiçijik fiziki iş hereketlerine göwnüýetmezçilik etmäň-de, olary sahnada edýän işiňiziň täsirini güýçlendirmäge goldaw hökmünde ulanyň, özüňizde hakykatyň, ynamyň döremegi üçin has-da ösdüriň.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. ..19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç şeýle diýdi:

– Kiçijik fiziki iş hereketleriniň, kiçijik fiziki hakykatlaryň we olardaky ynamyň keşbiň ýönekeý ýerlerinden başga-da, eseriň dartgynlylygynyň belende galan ýerlerinde-de, pajygaly we dartgynly ýerlerinde-de özüniň wajyplygyny gaýym saklaýandygyndan siziň habaryňyz barmy?

Mysal üçin, siz pullaryň ýakylýan etýudynyň ikinji ýarymynda nämeler bilen meşgul bolduňyz? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç maňa ýüzlenip sorag berdi-de, öz soragyna özi hem jogap gaýtardy. – Siz ot ýanyp duran peje topulýarsyňyz, otda ýanyp duran pul toplumyna ýapyşýarsyňyz-da, olary otdan çykarýarsyňyz, soňra maýyp küýkini özüne getirýärsiňiz, bäbejige kömege ylgaýarsyňyz we ş.m. Ine, etýudyň bir-biriniň yzyndan gelýän fiziki iş herekertleri. Siz şol iş hereketlerini etýudyň iň pajygaly mahaly, adaty we yzygiderli ýagdaýda keşbiň durmuş häsiýetlerine laýyklykda ýerine ýetirýärsiňiz.

Ine, başga mysal, öljek bolýanyň aýaly ýa-da ýanýoldaşy nämeler bilen meşgul? Ol ölüm pillesine düşen adamsyny köşeşdirýär, lukmanyň aýdanlaryny ýerine ýetirýär, ýagny adamsynyň gyzgynyny ölçeýär, agyrýan ýerine sowuk zatlary basýar, bedenini ýyladýar. Şu kiçijik fiziki iş hereketleri tüýs ýürekden edilýändigi üçin, olaryň kesellä örän uly teselli berýändikleri üçin, olara mukaddes iş hereketleri diýip at berilýär. Şonuň üçin hem kesellä edilýän fiziki iş hereketleri ýerlikli we ýürekden bolmasa, sen kesselliniň ölümine sebäp bolup, jenaýat iş etdigiň bolýar.

Ine-de, size üçünji mysal, Bibi Makbet tragediýanyň iň pajygaly wagty, näme bilen meşgullanýar? Ýönekeý fiziki iş hereketlerini edýär, ýagny eline degen gany süpürýär.

– Haýyş edýärin, bagyşlaň! – diýip, Goworkow W. Şekspiriň goragyna çykdy. –
– Heý-de, meşhur ýazyjy öz nusgawy eserleriniň gahrymanlaryny, siziň aýdyşyňyza görä, elini sabynlap ýuwdurmak ýa-da beýleki adaty tebigy iş hereketlerini etdirmek üçin ýazarmy?

– Görseňizläň, beýik ýazyjydan nädip beýle göwnüň geçip biler? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç kinaýaly sözledi. – Tragediýa žanrydygyny hasaba alman, siziň söýýän dartgynlylygyňyz aktýorçylyk usullaryna gereginden artyk basym bermek, ýasamalyk, iş hereketlerini çişirmek, goşa dyrnaklara salnan joşgunlylyk unudylypdyr! Tomaşaçylary unudyp, aktýorçylyk sungatynyň tomaşaça täsir etjek kämil usullaryna derek, uşajyk fiziki hakykatly kiçijik amallara üns berlipdir!

Siz şular ýaly iş hereketleriniň, adaty ýagdaýy döretmäge gerek däldigine, hem-de duýgyňyzyň we ynamyňyzyň hakykydygyna düşünmek üçin durmuş hakykatynyň kiçijik böleginde-de, kämahal öz-özüni belende galdyrmak häsiýetiniň tebigy ýagdaýda bolup geçýändigine geljekde düşünersiňiz.

Artistler şular ýaly fiziki iş hereketlerini hödürlenen wajyp ýagdaýlarda giňden ulananlarynda, olar täsir ediji uly güýje gaplanýarlar. Şonda beden bilen kalp, iş hereketleri we duýgy bilelikde herekete gelip, içki hem-de daşky ýa-da daşky hem-de içki iş hereketleriniň döremegine itergi berýär. Bibi Makbetiň ar almak pikirini oýarmaga we ýerine ýetirmäge oňa eline ýokuşan gan itergi berýär. Ol öz pikirini durmuşa geçirensoň, şol oýanan pikir gany süpürmäge ony mejbur edýär. Bibi Makbetin maksadyny beýan edip uzak gürleýän mahaly, aladaly halda eline ýokan gan tegmili bilen Bankony öldüren pursadynyň yzygiderli gezekleşip durmagy ýöne ýerden däl ahyry. Bibi Makbetiň geljekki ykbalynda şol durmuşy, kiçijik, fiziki iş hereketi bolan gan tegmilini süpürmek işi uly mana ýugrulýar. Görýäňizmi, içki uly duýgynyň isleginiň ar almak maksadynyň amala aşmagy üçin kiçijik fiziki iş hereketleriniň kömegi gerek eken (30).

Tragediýanyň wakasynyň belende galan minutlarynda fiziki iş hereketiniň wajyplygynyň manysynyň has-da güýçlenmeginiň ýene-de bir örän sada we durmuşy sebäbi bar. Çünki artist öz döredijiliginde pajygaly tragediýalarda çykyş edende diýseň dartgynly hala ýetmeli bolýar. Bu kyn iş. Hakykat ýüzünde bolsa ýönekeý ýol bilen döreýän isleg bolmadyk ýagdaýynda, şeýle aşa göçgünli dartgynlylyga ýetmek üçin artistiň özüni nähili agyr ýagdaýa salýandygyny göz öňüne getiriň! Diňe döredijilik isleg-arzuwlar bilen döreýän belent duýgularyňy, şolara garşy duran hyýallaryň bilen döretjek bolmak ýeňil iş däldir. Durmuşy ýagdaýlardan çykyp, zoraýakdan özüňe agram salyp ýa-da özüňi zoraýakdan mejbur edip, duýgyňy aşa dartgynly ýagdaýa saljak bolup akyldan azaşmagyň ýa-da myşsalaryň damarlarynyň dartylyp galmaklaryna eltmegiň, ýa-da ýönekeý hunärmentlik derejesinde ýa-da öýkünme arkaly keşbi ýerine ýetirmegiň mümkindir. Mehaniki usullary ylmy nukdaýnazara çenli biziň üçin ýeňil. Bize ol usullar tanyş. Bu ýolda gapma-garşylyk az.

Şular ýaly ýalňyşlygy goýbermezlik üçin bolup duran waka laýyk sadaja, durnukly, duýup bolýan, näme-de bolsa bir zada durmuşy daýanja aýak diremeli bolýar. Ine, şu ýerde bize bolýan waka bilen sazlaşýan aýdyň, takyk, täsirli, kösenmän ýerine ýetirip boljak fiziki iş hereketleri gerek bolýar. Şol tapan hereketimiz bizi sadalyk bilen mehaniki ýagdaýda dogry ýola ugrukdyryp goýberer we kynçylyk çekenimizde nädogry ýola düşmez ýaly bize kömek, goldaw eder.

Tragediýada we dramada edil şular ýaly dartgynly pursatlar başdan geçirilende ýeňillik bilen ulanyp bolýan durmuşy, ýönekeý fiziki iş hereketleri öz many-mazmuny babatda aşa oňat bolýar. Olar ýönekeý, edip boljak we ulanmaga saz bolsalar, kynçylyk çekýän mahalyň olary ulanmak aňsat bolýar. Dogry maksada dogry ýol eltýär. Bu artisti nädogry ugurlardan, ýagny öýkünmelerden, ýasamalyklardan halas eder.

Kiçijik, ýönekeý fiziki iş hereketine uly many we güýç-kuwwat berýän ýene bir diýseň wajyp ýagdaý bar. Bu ýagdaý şulardan ybarat:

Aktýora siziň ýerine ýetirýän keşbiňiz pýesanyň gahrymanynyň many-mazmunyna aralaşyp, iş hereketleriniň psihologiýasyna, pajygaly ýagdaýyna çuňňur aralaşypdyr diýeliň. Ol edil şol pursat keşbe arslan dek darap, duýgulara aşa agram salyp, ýasamalyklara, öýkünmelere ýol berer ýa-da öz içki pikirini köwläp başlar. Emma siz artiste fiziki iş hereketiniň iň ýönekeýjesini berseňiz we ony gyzykly, täsin, tolgundyryjy hödürlenen ahwala gaplasaňyz, ol öz halyndan gorkman talabyňyzy ýerine ýetirer we öz edýän fiziki iş hereketinde tragediýanyň ýa-da dramanyň barlygyna-da, ýoklugyna-da üns bermez. Şular ýaly ýagdaýda hakykat öz hukugyny talap edýär. Bu bolsa döredijilik pursadynda artistligiň psihotehnikasyny ulanmaga ýol açýar. Şeýle ýol bilen döredilende duýga agram salynmaýar we döredijilik öz akymynda döremek bilen bolýar.

Ussat ýazyjylarda hatda iň kiçijik fiziki iş hereketiniň meselesi hem duýga täsir edýän, duýgyny özüne imrindirýän, gizlin syrly we wajyp hödürlenen ýagdaý bilen gurşap alýar. Şonuň üçin hem tragediýalary ýerine ýetireniňizde Umnowyň hereketleriniň tersine gitmek gerek, ýagny içki duýgularyňy gysyp çykarman, gaýta, pýesada hödürlenen ýagdaýlara laýyk fiziki iş amallaryny dogry etmegiň pikiri bilen ýaşamaly.

Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň pajygaly wakalaryna ýeteniňde Umnow ýaly hüžžerilip özüňe güýç salman, ýöne Dymkow ýaly basga düşmän hem-de galpyldaman keşbi ýerine ýetirmeli. Özi hem, köp aktýorlaryň edişi ýaly tizden-tiz däl-de, yzygiderlilik bilen kem-kemden, sazlaşykly, uly we kiçi fiziki iş hereketleriniň hakykylygyna çyndan ynanyp döretmeli (31).

Duýga öz täsirini ýetirýän şular ýaly usullary ulanmagyň tehnikasyny ele alanyňyzdan soň sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň dramatiki we tragiki ýagdaýlarynyň barha güýçlenýän parçalaryny dogry ýerine ýetirmegiň tärleri endigiňize öwrüler. Şular ýaly ýagdaýa ýeteniňizden soňra sizi pýesanyň şeýle agyr ahwallary gorkuzmaz.

«Hödürlenýän ýagdaýlardaky» iş hereketleriniň takyk ýerine ýetirilişinden dramanyň, tragediýanyň, komediýanyň, wodewiliň tapawudyny aňlap bolýar. Galan ýagdaýlaryň hemmesinde fiziki durmuş birmeňzeş. Adamlar tragediýada-da, komediýada-da, dramada-da, wodewilde-de oturýarlar, turýarlar, iýýärler, içýärler, ýöreýärler, durýarlar.

Emma bu ýagdaýlar bizi gyzyklandyryp barmaýar. Ol ýagdaýlaryň näme üçin edilýändigi wajyp. Bize «eger-de» bilen «hödürlenen ýagdaýlar» wajyp. Olar iş hereketlerini janlandyrýarlar we delillendirýärler. Pýesanyň wakalary tragiki ýa-da başga ýagdaýlara düşende, iş hereketini janlandyrmak we delillendirmek dürli-dürli manylara eýe bolýarlar. Şeýle ýagdaýda olar uly waka, uly göreşe öwrülýärler. Elbetde, beýle ýagdaý iş hereketlerindäki hakykatyň we oňa bolan ynamyň ygtyýar bermegi bilen döreýär. Biz kiçi we uly fiziki iş hereketlerini, olaryň hakykatlygynyň sadalygy we duýga täsirlidigi üçin halaýarys. Olar bedenimize laýyk durmuşy gurýarlar. Bu bolsa keşbiň durmuşynyň deň ýarpysydyr.

Biziň fiziki iş hereketlerini halaýandygymyzyň sebäbi, olar bizi ýeňillik bilen keşbiň durmuşyna we duýgusyna salýarlar. Biziň fiziki iş hereketlerini halaýandygymyzyň ýene-de bir sebäbi bar, ol bolsa bize artistiň ünsüni sahnada, pýesada, keşpde saklamaga uly mümkinçilik berýär we artistiň ünsüni keşbiň alyp barýan ugruna tutanýerlilik bilen berk we dogry ugrukdyrýar.

*. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç maňa we Wýunsowa geçen sapaklarymyzyň birinde

«Pullary ýakmak» etýudynda oýnan parçamyzy gaýtadan görkezmegi buýurdy. Men garaşylmadyk hala düşdüm. Emma derrew birmahalky eden etýudymyň hemme iş hereketlerini ýerine ýetirdim.

– Sahnada hakykaty diňe kalbyň bilen däl-de, bedeniň bilen hem duýmak, gör, nähili gowy bolýar ekeni! Şular ýaly ýagdaýda sen, aýagyň astynda hiç kimiň päsgel berip bilmejek, berk diregiň bardygyny birkemsiz duýýar ekeniň! Sahnada özüňe ynanmak we daşyňdakylaryň-da saňa ynanýandyklaryny duýmak, gör, nähili hezillik! – diýip, men etýudy ýerine ýetirip gutaranymdan soň, guwançly seslendim.

– Size şeýle hakykaty tapmaga näme kömek etdi? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sorady.

– Hyýaly meýdança! Özem ol ýönekeýje!

– Ýa-da, has dogrusy, fiziki iş hereketleri bilen bile duran şol ýönekeýje meýdança – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç meniň aýdanymy düşnükli mana gaplady. Bu wajyp pursat. Şonuň üçin ol pursat hakynda ýene-de kän aýtmaly bolarys. Oňatja oýlanyň, teatryň çar tarapyna dargap gidýän ünsi, şol wajyp pursat aslynda ýok, hyýaly meýdança gönükdirýär. Şol wajyp pursat bolsa sahna meýdançasynda gurnalan pýesanyň tutuş süňňüniň maňzynda ýatyr. Ol artistleriň ünsüni tomaşaçylardan sowýar we sahna meýdançasynda ýok zatlaryň hemmesini unutdyrýar.

Ýönekeýje hyýaly meýdança, artistiň özüne, soňra fiziki iş hereketlerine ünsüni jemledýär. Şol bir wagtyň özünde-de, artiste olary gözden salman, yzygiderli derňemäge şert döredýär.

Hyýaly meýdança size-de uly fiziki iş hereketlerini manysyna laýyk kiçi böleklere bölmäge we olaryň her birini aýry-aýrylykda öwrenmäge mümkinçilik berdi. Siz hem birmahal, çagalyk döwrüniň irki möwritlerinde üns bilen seretmegi, diňlemegi, ýöremegi öwreneniňizde, size kömek berýän her bir kiçijik iş hereketlerini sypdyrman edensiňiz.

Sahna meýdançasynda-da iş hereketlerini şolar ýaly ediň. Artistligiň başlanýan döwründe-de, edil şolar ýaly, hemme fiziki iş hereketlerini täzeden edip özleşdirmek gerek bolýar.

Size «pullary ýakmak» okuw sahna işiňizde ýene näme kömek berdi? – diýip, Torsow menden sorady.

Men bolsa sesimi çykarmadym. Sebäbi men pikirimi jemläp bilmedim.

– Size sazlaşyklylyk düşünjesi we meniň iş hereketlerini yzygiderli alyp barmalydygyny öwredenim kömek etdi. Meniň aýdýan sazlaşyklylyk hakyndaky düşünjäm hem döredijilikde örän wajyp. Şonuň üçin hem bu düşünjäniň üstünde-de eslije salym döwnemeli bolarys.

Sazlaşyklylyk we yzygiderlilik düşünjeleri hem fiziki iş hereketlerinde bardyr, Olar iş hereketlerinde tertipliligi, manyny, gelşikliligi gurnaýarlar we iş hereketleriniň ýerlikli, maksadalaýyk we ynandyryjy bolmagyna kömek berýärler.

Biz durmuş hakykatynda bu zarlar hakynda pikir hem etmeýäris. Durmuşda hemme zatlar öz-özünden bolýar. Banklarda ýa-da poçtalarda bize pul berenlerinde meniň etýuda düzediş salmankam, Nazwanowyň pullary sanaýşy ýaly biz sanamaýarys. Men Nazwanow bilen etýudy işlänimden soňra, okuwçy pullary edil bankda sanalyşy dek sanady.

– Elbetde! Bankda ýüzlerçe manatlary kem bermekleri mümkin. Pul eýeleri şondan gorkýarlar. Emma bu hyýaly meýdançadaky hyýaly pullarda beýle waka howply däl ahyry! Sahnada kem bermek, pul ýetmezçiligi bolmaýar – diýşip, okuwçylar öz aralarynda jedelleşdiler.

– Durmuş hakykatynda şol bir iş hereketleriniň gaýtalanyp durmagynyň netijesinde, olaryň we beýleki hereketleriň mehaniki ýagdaýda sazlaşyklylygyň we yzygiderliligiň endikleri döreýär diýip aýtmak bolar. Bu işde ünsüň düşündirip bolmaýan, seresaplylyk bilen özüni derňäp duran duýgusy öz-özünden döräp, biziň hereketimize ýolbaşçylyk edýär.

– Iş here...ket...lerinde saz...laşyk...lyly...gy we yzy...gi...der...liligi meha...niki ýag...daý...da sere...sap...lylyk bilen öz-özü...ňi bar...la...mak – diýip, hetjikläp gaýtalan Wýunsow bu çuňňur manyly jümleleri ýat bekleýäne meňzedi.

– Men size sizi gorkuzýan sazlaşyklylyk iş hereketlerinde yzygiderlilik we mehaniki diýen düşünjeleri düşündireýin. Diňläň:

– Bardy-geldi siz salam hat ýazmaly bolanyňyzda hat bukjasyny ýelmemekden başlamaýarsyňyz ahyryn. Dogry dälmi? Siz kagyz, syýa, galam taýýarlap, hatda aýtmakçy bolýan pikiriňizi jemläp ýazyp başlaýarsyňyz. Diňe şondan soň, hat bukjasyny alyp, oňa haty salyp, salgylary bukjanyň daşyna ýazyp, onsoň ony ýelmeýärsiňiz. Näme üçin şeýle edýärsiňiz? Sebäbi siz öz iş hereketleriňizde sazlaşyklylygy we yzygiderliligi saklamak üçin şeýdýärsiňiz.

Siz sahnada aktýoryň salam hat ýazyşyny gördüňizmi? Olar hat ýazylýan stoluň ýanyna topulyp barýarlar-da, gabat gelen bir bölek kagyza ýapyşagada, ýazanlaryny maksatsyz ýagdaýda asmanda galgadyp, hatly kagyzy menden saňa barýan edip hat bukjasyna dykýarlar-da, hamala bukjany ýelmeýän kişi bolan bolup, ony sähelçejik dodaklaryna degrip goýberýärler, ana, boldy... iş tamam.

Şular ýaly aktýorlar öz iş hereketlerini yzygiderli we sazlaşykly ýerine ýetirmeýärler. Meniň aýdanlarym size düşnüklimi?

– Düşündim! Wýunsow begendi.

– Geliň, indi sazlaşyklylygyň we yzygiderliligiň mehaniki ýagdaýda fiziki iş hereketlerde amala aşyşynyň gürrüňini edeliň. Siz saçagyň başynda bu iş hereketleriniň uşak-düşeginiň, ýagny çemçäni nädip tutmagyň, pyçak bilen näme etmelidiginiň, nädip çeýnemelidiginiň, ýuwutmalydygynyň pikirini edip duran dälsiňiz-ä?! Siz ençe ýyllaryň dowamynda bu iş hereketlerini ede-ede gelýäniňiz üçin, olar siziň endigiňize öwrülip, mehaniki ýagdaýda öz-özünden bolup dur.

Siz bu iş hereketlerini sazlaşykly we yzygiderli etmeseňiz, öz açlygyňyzy doýrup bilmejekdigiňizi duýýarsyňyz. Nädip iş hereketlerindäki sazlaşyklylygy we mehaniki ýagdaýy gözden salman saklamaly? Siziň seresaplylyk bilen öz-özüňizi aňyňyzda derňäp durmagyňyz şol işi ýerine ýetirýär. Düşnüklimi?

– Hawa!.. Düşündim!

– Durmuş hakykatynda-da şular ýaly bolýar. Sahna meýdançasynda welin, iş hereketindäki bu ýagdaýlar başgaça bolýar. Sebäbi sahnada bu iş hereketlerini etmegi bizden durmuşy ýagdaýlar talap etmeýär-de, pýesanyň ýazyjysy bilen režissýor talap edýär.

Sahnada iş hereketleriniň durmuşy ýagdaýlaryndaky zerur zatlaryň hemmesi, ýagny mehaniki ýagdaýda döreýän yzygiderli sazlaşyklylyk, aňyň seresaplylyk bilen derňew edip durmagy ýitip gidýär.

Olarsyz näme etmeli?

Aň-paýhas bilen fiziki iş hereketleriniň her bir pursadyny, yzygiderliligini, sazlaşyklylygyny, mehaniki ýagdaýyny derňäp durmaly bolýar. Uzak wagtlap gaýtalap durmagyň netijesinde ol iş hereketleri öwrendikli bolup galýarlar.

Fiziki iş hereketlerini sazlaşykly we yzygiderli ýerine ýetirýäniňi endigiňe öwrendigiňi çalt duýmagyň nähili wajypdygyny siz bir bilsediňiz. Sebäbi olar özleri bilen iş hereketindäki hakykaty alyp gelýärler. Hakykat bolsa öz gezeginde özüne bolan ynamy döredýär.

Maşklar dogry ýerine ýetirilende meniň aýdýan zatlarymyň artistiň durmuşynda örän tiz peýda bolýandygyny siz göz öňüne-de getirip bilýän dälsiňiz.

Bu entek bärden gaýdýar: pikirlere, isleglere, duýgulara, sözlere we beýleki elementlere sazlaşykdaky we yzygiderlikdäki hakykat we ynam geçýär.

Olary sazlaşyklylyk we yzygiderlilik tertipleşdirýär. Onuň, esasan hem, ünse täsiri uludyr. Olar sahnadaky wakalaryň geçýän ýerlerini sahnada geregiçe gyzykly saklamaga ýa-da aktýoryň içki duýgusynyň uşakly-irili isleglerini we fiziki iş hereketlerini derňäp durmaga kömek berýärler.

Daşky we içki hakykatlary duýansoňlar we olarda derňew geçirilenden soň, ilki içki duýgynyň oýanyp herekete gelmegi gerek, onsoň fiziki iş hereketlerini ýerine ýetirmeli.

Eger-de aktýoryň tebigatynda sazlaşyklylyk we yzygiderlilik çyn hakykat we ynam bilen bilelikde amal edilende keşbi, hakykatdan hem, öz duýgularyň içinden geçirip ýerine ýetirmek işi bitdi diýse bolar.

Artistleri terbiýelemekde olara sahnada bolup geçýän hemme zatlarda, esasan hem, pýesada we keşpde bolmaly zatlarda sazlaşyklylygy we yzygiderliligi çyn hakykat we ynam bilen ýerine ýetirmegi öwretmek, eýsem-de bolsa beýik mesele dälmi näme?!

Sapak Dymkowanyň özünden gidendigi sebäpli saklandy. Ony göterip çykarmaly we lukmany çagyrmaly boldy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Nazwanowyň soragly nazaryndan onuň näme isleýändigini duýýaryn – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyna giren dessine aýtdy. – Ol kiçijik fiziki iş hereketleriniň üsti bilen nädip duýga täsir etmelidiginiň usullaryny ele alyp bolýandygyny tizden-tiz bilmek isleýär.

Bu meselede size zatsyz iş hereketlerini etmek uly kömek eder.

Siz onuň nähili işdigini eýýäm gördüňiz we ...zatsyz iş hereketiniň nähili kömek berýändigini bilýärsiňiz.

Onuň başda «pullary ýakmak» okuw sahna işini nähili ýerine ýetirendigini ýadyňyza salyň. Şonda Nazwanow hiç zat ýok ýerden «mundan urdum gylyjy, arapda şaňlar ujy» edip okuw sahna işini ýerine ýetirjek bolupdy. Şonda ol sahnada mehaniki sazlaşyklylygy, seresaplylygy we derňewi elinde saklap bilmän ýitirendiginden habarsyzdy. Men Nazwanowyň aň-paýhasynyň ýerini eýeledim-de, oňa wakanyň kiçijik bölekleriniň uly bölek bilen baglanyşygynyň manysyna we özara baglanyşygyna düşünmegi mejbury ýagdaýda öwretmäge çalyşdym. Bu baglanyşygyň sazlaşyklylyk we yzygiderlilik bilen ösüşini düşündirdim. Men Nazwanowa kömek edýän her bir kiçijik iş hereketlerini ulanar ýaly olary sypdyrman derňewde saklamalydygyny ýatladym durdum.

Oňa şol öwrenen zatlarynyň nähili peýda berendigini bolsa siz öz gözüňiz bilen gördüňiz. Nazwanow sahnada öz iş hereketleriniň durmuş ýolunyň nähili bol-

malydygyny ýatlap düşündi, olardaky hakykaty duýdy we çyndan maksadalaýyk we düşnükli iş hereketlerine girişdi. Şu gün ol okuw sahna işini kynçylyk çekmän ýerine ýetirdi.

Nazwanow, goý, şu okuw sahna işine taýyn hem bolsa, ençeme sapar gaýtalasyn. Diňe şondan soň, Nazwanowyň iş hereketleri sahnada sazlaşykly we yzygiderli mehaniki hereketlere öwrüler.

– Aýtmaga rugsat ediň, biz beýdip, hiç hili enjamsyz etýud maşklaryny aşa köp gaýtalap ýörsek, sahna oýnuny oýnamaga baranymyzda, özüňiz bilýärsiňiz, elimize hakyky predmetleri tutduranlarynda biziň aljyrajagymyz, näme etjegimizi hem bilmän durmagymyz gaty bolup biläýjek zat – diýip, Goworkow çekinmän öz pikirini orta atdy.

– Dogrudan hem, aýtsaňyzlaň, näme üçin biz ilki predmetli okuw sahna işleriniň maşklaryny etmeýäris? – diýip, kimdir biri sorady.

– Gör, olaryň näçesi biziň hyýaly duýgymyza gerek bolar? – diýip, Şustow gara çyny bilen sorady.

– Mysal üçin, biz ýakynda kerpiçleri, agaçlary üýşürip jaý gurduk – diýip, men oýnan sahna işimizi ýatladym.

– Başga has wajyp mesele bar. Ony bize Goworkow öz tejribe işinde görkezer – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç duýdurdy. – Goworkow! Sahna çykyň-da, tegelek stoluň üstünde duran siziň şol aýdan durmuşy zatlaryňyz bilen hat ýazyň.

Goworkow sahna meýdançasyna çykyp, mugallymyň tabşyrygyny ýerine ýetirdi. Haçanda ol etýudyny tamamlansoň, Torsow okuwçylara ýüzlendi:

– Siz Goworkowyň hemme hereketlerini gördüňiz. Aýdyň hany, siz oňa ynandyňyzmy?

Okuwçylaryň hemmesi biragyzdan:

– Ynanmadyk! – diýip seslendiler.

– Siz nämäni görmän galdyňyz we siziň pikiriňizçe näme nädogry?

– Birinjiden-ä, men onuň kagyzynyň hem-de galamynyň nädip peýda bolandygyny görmän galdym – diýip, okuwçylaryň biri dillendi.

– Goworkowdan soraň kime we näme ýazdyka? Ol näme ýazandygyny özüniň bilmeýändigi sebäpli aýdyp bilmez – diýip, başga bir okuwçy öz çaklamasyny çyna berimsiz äheňde aýan etdi.

– Şeýle az salymda ýönekeý duýduryş hatyny hem ýazyp ýetişip bolmaýar – diýip, Goworkowy tankyt edenler hem boldy.

– Meniň bolsa drama ýazyjysy Dýumanyň «Iri ak gülli, hemişe gök öwüsýän, ysy ýakymly bark urýan kamel bagy bilen zenan» pýesasyndaky Margarita Goteýeniň keşbini ýerine ýetirýän Dýuzeniň öz söýgülisi Armana hat ýazanyndaky, iň kiçijik iş hereketlerine çenli ýadymda. Ol sahna oýnuny görenimden bäri meniň başymdan ençeme onýyllyklar geçen-de bolsa, Dýuzeniň öz söýgülisine hat ýa-

zyşyna telpek goýup gelýärin. Onuň hemme iş hereketlerini men edil şu gün gören ýaly, olar meniň ýadymda dur diýensoň, Torsow öz belligini aýtdy:

– Goworkow, indi siz ýaňky eden maşklaryňyzy zatsyz iş hereketleri bilen edip beriň.

Torsow uzak wagtlap Goworkowa ýerine ýetirýän etýudynyň esasy, uly iş hereketini gurnaýan kiçijik iş hereketleriniň sazlaşykly ýagdaýda yzygiderli ýüze çykyşyny jikme-jik düşündirip ony ugrukdyrdy. Haçanda Goworkow etýudy edil öwredilişi ýaly ýerine ýetirensoň, Arkadiý Nikolaýewiç okuwçylara ýüzlenip, şeýle diýdi:

– Siz indi ynanýarmysyňyz onuň hat ýazýandygyna?

– Ynanýarys.

– Siz onuň kagyzy, syýany, galamy nireden we nädip alandygyny gördüňizmi hem-de ýatda sakladyňyzmy?

– Gördük we ýatda sakladyk.

– Goworkow hat ýazmazyndan ozal, ýazjak hatynyň näme hakynda bolmalydygyny anyklap, soňra pikiriniň sazlaşykly ýagdaýda yzygiderliligini saklap kagyza geçirenini siz duýduňyzmy?

– Duýduk.

– Siz görkezilen tejribede işden nähili netije çykarýarsyňyz?

Biz entek näme aýtmalydygyny bilmeýänimiz üçin sesimizi çykarmadyk.

– Netije şeýle, tomaşaçy sahnada artistiň çykyşyna tomaşa edende, aňyna agram salman, durmuşda öwrenen iş hereketlerimizdäki mehaniki ýagdaýda bolýan yzygiderli sazlaşygy hökman duýmaly. Tomaşaçy teatr sungatynda şular ýaly ýagdaý bolup geçmese, sahna hakykatyna ynanmaýar. Tomaşaça her bir iş hereketinde şeýle sazlaşykly yzygiderliligi mehaniki ýagdaýda duýar ýaly edip gurnap beriň. Tomaşaça ilki aň-paýhas bilen iş hereketleriňiziň sazlaşykly yzygiderliligini ýetiriň. Köp wagtlap gaýtalanyňyzdan soň, olar endigiňize öwrüler we siz soňra olary mehaniki ýagdaýda ýerine ýetirersiňiz.

Goworkow:

– Ýene-de bir netije bar – diýip, öz pikirini aýdarman boldy. – Ol bolsa, bilýärsiňizmi, sahnada hakykatdan-da bar zatlar bilen iş hereketlerini ýerine ýetireniňde-de, barybir, ähli iş hereketlerini gaýtalap-gaýtalap öwrenmeli bolýarsyň.

– Siz dogry aýdýarsyňyz. Sahnada ilkibada predmetli iş hereketlerini ýerine ýetirmek, ýok zat bilen iş hereketlerini ýerine ýetirmekden kyn bolýar – diýip, Torsow ylalaşdy. –Bilýärsiňizmi, näme üçin? Sebäbi durmuşy zatlarda iş hereketi köp bolýar. Olar garaşylmadyk, durmuşy, mehaniki we ş.m. ýagdaýlarda ýüze çykýarlar. Hatda keşbi ýerine ýetirýän artistiň olary bitirmäge-de ýetişmeýän pursatlary bolýar. Olaryň hemmesini sypdyrman ýerine ýetirmek ýeňil däl, sypdyrdygyň weli keşbiň sazlaşykly yzygiderliligi ýitmek bilen bolýar-da, alyp barýan ýoluň bozulýar. Şeýlelikde, sahna hakykaty ýitýär. Ol bolsa öz gezeginde ynamy

ýok edýär. Bu näsazlyklar keşbi öz duýgularyň üstünden geçirip ýerine ýetirmek ýolunyň soňuna çykýar.

Ýok zat bilen iş hereketlerini edeňde bolsa ýagdaý düýbünden başgaça. Emma isleseň-islemeseň bu iş hereketleriniň hemme böleklerine üns bermeli bolýarsyň. Şeýtmeseňiz, uly iş hereketini gurnaýan kömekçi iş hereketlerini ýatlap-da, ýadyňyzda saklap-da bilmersiňiz. Kömekçi böleklere üns bermeseňiz hem uly iş hereketini tutuşlygyna duýup, özleşdirip bilmersiňiz.

Iş hereketlerini ilki pikir edip tapmaly, soňra olary ýerine ýetirmeli bolýar. Şeýdeniňde sazlaşyklylygyň we yzygyderliligiň kömegi bilen iş hereketlerindäki hakykata adaty ýagdaýda ýetýärsiň we şol hakykata ynanyp, iş hereketlerini öz duýgularyň içinden geçirseňiz, sözüň dogry manysynda, biziň ýolumyz bilen keşbi döretdigiňiz bolýar.

Indi siz meniň näme üçin ilkibada, wagtlaýynça durmuşy predmetleri ulanman, zatsyz iş hereketlerini ýerine ýetirmegi ündeýändigime düşünersiňiz.Ýagny predmetsiz iş hereketlerini ýerine ýetireniňizde, siz iş hereketlerini has çintgäp öwrenmäge çalyşýarsyňyz we onuň tebigatyna düşünjek bolýarsyňyz. Meniň hödürleýän usullaryma we maşklaryma başardygyňyzça hyjuwly we töwerekleýin ýapyşyp, iş hereketlerini adaty ýagdaýda, durmuş hakykatynyň derejesine laýyklaýarsyňyz.

Goworkow:

– Meni bagyşlamagyňyzy haýyş edýärin, heý-de, predmetstz iş hereketine fiziki iş hereketi ýa-da hatda adaty iş hereketi diýip bolarmy? – diýip, jedelini dowam etdi.

Şustow ony goldady. Ol bir zatly we ýok zatly iş hereketleriniň tebigatynyň bir-biri bilen tapawutlydygyny nygtady.

– Mysal üçin, suw içmegi alyp göreliň. Bu hereket, hakykatdan hem, fiziki iş hereketleriniň içinde durmuşda iň köp ulanylýanydyr, ýagny suwy başyňa çekmek, onuň tagamyny duýmak, ony gulkuldatmak we ş.m...

– Hawa, hawa! – diýip, Torsow okuwçynyň sözüni böldi: –Şu aýdan iş hereketleriň hemmesini zatsyz maşkda-da ýerine ýetirmeli, bolmasa suwy ýuwudyp bolmaýar.

– Meni bagyşlaň welin, agzyňda hiç zat ýok wagty nädip ony ýuwutjak?

– Tüýküligiňizi ýa-da howany ýuwutmak gerek –Arkadiý Nikolaýewiç düşündirmäge çalyşdy. –Siz, elbetde, maňa tüýküligiň ýa-da howanyň tagamlyja şerap däldigini ynandyrjak bolýansyňyz. Hawa, onuň şerap däldigine men ynanýaryn. Onuň şerapdan tapawudy bar. Emma iş hereketleriniň köp bölegi suw içeniňde edýän hereketleriňe laýyk gelýär ahbeti...

– Haýyş edýärin, meni bagyşlaň, bular ýaly işler esasy etmeli işlerimizden bizi bir gapdala sowýar ahyry. Meni bagyşlaň, durmuşda suw içmek öz-özünden bolup geçýär, ol özüne üns bermegi talap etmeýär – diýip, Goworkow ýan bermän jedelini dowam etdi.

– Ýok, haçanda siz içip bolanyňyzdan soň ýalananyňyzda nämäni içendigiňize üns bermeli bolýarsyňyz – diýip, Torsow okuwçy bilen ylalaşmady – Ýalanmasaň weli näme içeniň hakynda pikir hem etmeýärsiň. Howaýy iş hereketlerinde-de edil şonuň ýaly bolýar. Men size eýýäm howaýy iş hereketlerini köpräk gaýtalaň diýip aýtdym-a... Şonda siziň bedeniňiz taplanar, öwrenen iş hereketleriňizi etmäge gamaç bolar. Dura-bara bedeniňiziň özi size iş hereketlerini etmäge kömek berer.

* * *

Men Arkadiý Nikolaýewiçiň sapak gutaran badyna, entek okuwçylar dargamanka Iwan Platonowiçe beren görkezmesini eşitdim. Sebäbi ol gaty ses bilen gürlänsoň, onuň tabşyrygy arkaýyn eşidilip durdy:

– Okuwçylar bilen hut şeýle dersi türgenleşiň. Goý, mugallym ilkibada okuwçylaryň aň-paýhasy bolsun-da, olaryň iş hereketlerinde iň kiçijik kömekçi iş hereketini-de etmän goýberendiklerini ýatlatsyn. Goý, okuwçylar öz gezeginde, esasy fiziki iş hereketini düzýän ownuk iş hereketleriniň sazlaşygyny bilsinler we ýatda saklasynlar. Okuwçylaryň ähli ünsüni sahnada fiziki iş hereketiniň tebigatyny birkemsiz, takyk gözegçilikde saklamaklary üçin olary hünäre taýýarlamak gerek. Okuwçylar sahnada fiziki iş hereketiniň sazlaşykly yzygiderliligini elmydama duýar ýaly we sahnada bu ýagdaý olaryň adaty zerurlygyna öwrüleri ýaly derejede, olary hünäre taýýarlamak gerek. Okuwçylar edil sazandanyň her bir notany söýüp ýerine ýetirişi dek, fiziki iş hereketleriniň hem her bir bölejigine çenli jikme-jik ýerine ýetirer ýaly ýagdaýda, olary öz kärine kämilleşdirmek gerek.

Sen şu çaka çenli okuwçylaryň sahnada öýkünmän, öz duýgularynyň üsti bilen sahna işlerini etmegi öwredip dogry etdiň. Goý, olar sahnada fiziki iş hereketlerini sazlaşykly, yzygiderli we maksadalaýyk ýerine ýetirsinler. Bu gowy zat! Geljekde-de maşklarda we gaýtalamalarda şol edilenlere gaýta-gaýta geliber. Edil öňküler ýaly hat ýazyň, stoly dürli ýagdaýlarda ulanyň, her hili naharlary bişiriň, ýok ýerinden çaý içiň, özüňize egin-eşik tikiniň, jaý guruň we ş.m. fiziki iş hereketlerini ediberiň.

Nazwanow pul sanamak fiziki iş hereketlerini edende şol hereketleri nähili ýagdaýda etmelidigini bilýär. Şol iş hereketleriňizi örän jaýdar we ýeňillik bilen ýerine ýetirer ýaly derejä ýetiriň. Şondan soň, şol iş hereketiňiziň daşyny täze-täze «hödürlenen ýagdaýlar» we «eger-deler» bilen gaplap alyň.

Mysal üçin, okuwçy ussatlyk bilen geýinmäniň usullaryny öwrenýär.

Siz:

– Mekdepden boş günüňiz eşik geýşiňiz nähili? Siz iş güni, wagtyňyzyň kän mahaly nähili geýinýärsiňiz? Mekdebe gijä galyp barýan mahalyňyz nädip eşik geýýärsiňiz? Öýüňizde garaşylmadyk ýagdaý bolanda nähili geýinýärsiňiz?

Myhmançylykda nähil eşik geýýärsiňiz... we ş.m. – diýip soraň. Goý, ol mekdepden boş güni nähili geýinýändigini ýatlap geýinsin.

Şeýle ýagdaýlarda adamlaryň geýnişi birmeňzeş: galstuk dakynyşlary-da, jalbarlaryny, köýneklerini geýişleri-de, iliklerini dakyşlary-da we beýleki iş hereketleri-de birmeňzeş. Yzygiderliligiň sazlaşyklylygy bu fiziki iş hereketleri islendik ýagdaýda-da üýtgetmeýär. Bu işleriň sazlaşygyny göwnejaý özleşdirmeli, berkitmeli, iş hereketlerine edil öz-özünden bolup geçýän ýaly derejede amal etmegi başarmaly. «Hödürlenen ýagdaýlar» we dürli «eger-deler» üýtgese-de, şu iş hereketlerindäki yzygiderlilik we sazlaşyklylyk birmeňzeşliginde galýarlar. Diňe şulara girmeýän daşyndaky wakalar dürli-dürli bolýar.

Emma, goý, olar sizi biynjalyk etmesin. Bize derek tebigatymyz, aň-paýhasymyz, durmuşdan alan tejribämiz bize ýol salgy berer. Olar bize derek öz etmeli işlerini ederler. Biz bolsa sahnada fiziki iş hereketlerimiziň sazlaşykly yzygiderliligini dogry ýerine ýetirmegiň aladasy bilen ýaşamalydygymyzy unutmaly däl.

Ine, şu meselede, ýagny: iş hereketleriniň tebigatyny öwrenmäge, olary dogry ýola ugrukdyrmaga we fiziki iş hereketindäki hakykata göz ýetirmäge predmetsiz maşklar örän uly kömek berer. Ine, meniň näme üçin howaýy maşklara örän uly üns berýändigimiň sebäbi şundan ybarat. Seniň hem, Wanýa, bu işe çynlakaý we adatdan daşary üns bermegiňi ýene bir gezek haýyş edýärin.

Iwan Platonowiç:

– Bolýar! – diýip, deňizçi esgerler ýaly bir sözde jogap gaýtardy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Biziň aň-paýhasymyza yzygiderlilik we sazlaşyklylyk düşünjesi oňat ornaşdy. Okuw sahna işlerini, maşklary, taýýarlyk işlerini edenimizde diňe şolara ünsümizi jemlemek bilen bolýarys. Biziň özümiz okuw otagynda, sahnada dürli-dürli fiziki iş hereketlerini tapyp, şu ugurdaky tejribämizi kämilleşdirmäge meşgullanýarys. Özümize degişli durmuş hakykatyna-da bu düşünjeler gelip girdiler. Biz öz aramyzda edilýän fiziki iş hereketlerimizde-de sazlaşygyň we yzygiderliligiň ýiten ýerleriniň üstüni açmak, tapmak oýny peýda boldy.

Meselem, şu gün mekdebiň okuw sahnasynyň gurnawlary öz wagtynda ýygnalmandygy üçin, biz Torsowa mekdebiň goňşy otagara geçelgesinde garaşmaly bolduk.

Birdenkä Maloletkowa gygyrdy:

– Gardaşjyklarym! Nädeýin-dä! Wah, ezizjiklerim, otagymyň açaryny ýitiripdirin-dä!

Hemmämiz ýitginiň gözlegine çykdyk.

– Sazlaşyksyzlyk! – diýip, Çoworkow Maloletkowanyň açaryny gözläp edýän iş hereketine baha berdi. – Siz ilki egilýärsiňiz, özi hem diňe göz üçin, onsoň nireden ýitigiňizi gözlemelidigini anyklajak bolýarsyňyz! Men şonuň üçin hem, gözümiň görenini aýtmaga ýol beriň diýýärin. Siziň ýiten açaryňyzy gözleýşiňiz göz-görtele jypdyrma. Siziň gözleg iş hereketleriňiz gözlege laýyk gelmeýär. Siz, ýagny tomaşaçylar bilen oýun edýärsiňiz.

– Oh-oh, gardaşjyklarym, bu ýapyşdy, ýelmeşdi! – diýip, Maloletkowa Goworkowyň bolşuna gaharlandy.

Biz şol arada Welýaminowanyň sypdyrman yzyna düşüp ýören Wýunsowy gördük.

– Ana! Boldy! Utuldyň! Yzygiderlilik ýok! Ynanmaýaryn! Eliňiz diwany sermeýär, gözüňiz weli mende. Elbetde, öte geçdiňiz! – diýip, Wýunsow okuwçy Welýaminowanyň gaňryşyna gaýtdy.

Şu belliklere Puşiniň, Weselowskiniň, Şustowyň we meniň aýdanlarymy-da goşuň. Şonda bu gözleg iş hereketleriniň nädogry bolandygy gözedürtme görner.

– Samsyk çagalar! Özüňizi zaýalamaň! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiçiň sesi garaşylmadyk ýerden haýbatly çykdy.

Okuwçylar aňk-taňk bolup saklandylar.

– Hemmäňiz oturgyçlarda oturyň. Siz bolsa Maloletkowa, Welýaminowa, otagara geçelge bilen çepe, saga ýöräň! – diýip, Torsow bize häzire çenli nätanyş buýrujy äheňde işi alyp bardy. – Beýle däl! Şolar ýaly ýörelýärmi! Ökjeleriňiz içe, aýagyň burny bolsa daşa gyşarmaly! Siz näme üçin dyzyňyzy epmeýärsiňiz? Näme üçin biliňiz doňup dur? Bedeniňiziň deňagramlylygyny saklamaga çalşyň. Şu aýdanlarymy etmeseňiz, siziň edýän hereketleriňiziň manysy, yzygiderliligi ýitýär. Men size ynanmaýaryn! Siz näme ýöräp bileňzokmy?! Öz edýän iş hereketiňizdäki hakykat we ynam nirede? Siz näme serhoş ýaly çaýkanýarsyňyz? Nireden ýöräp barýan bolsaňyz, şol ýere serediň ahyry!

Arkadiý Nikolaýewiç okuwçylary berk tutdugysaýy, olaryň edýän işlerine igençli baha berdigisaýy, Torsowyň saýgylaýan okuwçylary aljyrap, elden-aýakdan çykyp, tiz wagtyň içinde öňkülerini ýitiripdiler. Torsow olary şeýle bir aljyratdy weli, heý, sen goý-aý! Okuwçy bendeler dyzlarynyň, ökjeleriniň, injikleriniň nirededigini aýyl-saýyl etmeden galdylar. Arkadiý Nikolaýewiçiň okuw mahaly öwreden iş myşsalaryny işletjek bolup aljyran gyzlar düýbünden başga myşsalaryny herekete getirdiler. Bu ýagdaý bolsa Torsowyň igenjini has-da artdyrdy. Bu iş Welýaminowanyň otagara geçelgäniň ortarasynda aýaklaryna diýen etdirip bilmän doňup galmagy bilen tamamlandy. Ol näme etjegini bilmän öwelip, gözüni ýaşdan dolduryp, hatda gymyldamaga-da gorkup durdy.

Haçanda men Torsowa, soňra Rahmanowa seredenimde, olaryň agzyny ýaglyk bilen örtüp, hezil edip gülýändiklerini gördüm. Basym bu oýnuň syry aýan boldy.

– Siz näme, hakykatdan hem, şular ýaly näsaz edýän hereketleriňiziň meniň öwreden usullarymy ýoga çykarýandygyna düşüneňzokmy? Uly iş hereketini düzýän, onuň bölekleriniň yzygiderli sazlaşygyny ýalandan gurnanyň bilen iş bitýärmi? Maňa beýle eden işiňiz gerek däl. Maňa şol işi çyndan duýup we hakykatdan-da ynanyp ýerine ýetirýän artist gerek. Sahnada meniň aýdýan hakykatym we ynamym bolmadyk ýagdaýynda, fiziki iş hereketlerindäki sazlaşykly yzygiderlilik ýasama bolýar, ýagny ýalan öýkünme bolýar.

Meniň öwredýän döredijilik ugrumyň usullarynyň we onuň psihotehnikasynyň, ahyrynda bolsa tutuş sungat pudagynyň, iň howply ýagysy, biziň örän çylşyrymly senedimizi diýseň ýöntem, ýüzleý we geleňsizlik bilen etjek bolmakdyr.

Döredijiligiň esasy işi bolan uly fiziki iş hereketleriniň çyn hakykatyny we ynandyryjylygyny tapyp, ony olara gaplamak bilen meşgul bolman, onuň bölek iş hereketleriniň özara sazlaşykly yzygiderliligini ýöntem gurnap, olara maşklary goşup okuwçylar bilen geçmek işi kyn däl we aňsat gazanç.

Döredijiligi kanunlaşdyrmak düzgüni, (sistemalaşdyrylan) sungaty ulanmak bilen aňsat girdeji gazanmakçy bolýany özüne çekýär. Sungaty kanunlaşdyrmak düzgünini diňe kanun üçin döretmek ýaly, sungata ýaramaz täsir edýän akmaklygy hiç bir zat bilen deňäp bolmaz. Hemme zady kanunlaşdyrmak düzgüniniň üstüne atma. Onuň usullaryny, tär-emellerini maksada öwürme. Şeýle edilen ýagdaýynda sungatda ýasamalyk peýda bolýar.

Men şu ýere gelen mahalym, siz ýitiren nämedir bir zadyňyzy gözläniňizde hut şeýle ýasamalygy etdiňiz. Siz iş hereketiniň kiçijik bölejikleriniň üstünde ýüregedüşgünç ýagdaýda hereket edip, onuň çyn hakykatdygyna ynanyp döretmegiň deregine, bölekleriň sazlaşykly yzygiderliligini ýöntem ýasamalyk bilen etjek bolduňyz. Bu bolsa sungata dahyly bolmadyk samsyklyk we zyýanly pişedir.

Men bulardan başga-da size dostlarça maslahat berýärin: hiç mahal öz döredijiligiňizi, usullaryňyzy, sungatyňyzy we onuň psihotehnikasyny we beýlekilerini näsazlyk gözleýäne we tankydyň usullaryny bilmeýäne bermäň. Olar artistiň hal-ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýar. Siz bolsa öz nädogry oýnuňyz bilen olary köpeldýärsiňiz. Şeýle oýunlary häsiýetiňizden aýryp taşlaň, bolmasa siziň gereginden artyk ukyply boljak bolşuňyz, her bir hereketi hetjikleýşiňiz, gorky bilen hereket edişiňiz siziň soňuňyza ýetýär. Goý, ýalan diňe size çyny tapmaga kömek etsin. Näsazlyk gözleýän we tankydyň usulyny bilmän tankyt etjek bolýan adam elmydama nädogry ýoldan ýöreýändir. Olar çyn sungatdan gaty daşda. Anha, şol düşünjeleri döredýän duýgular artistiň öz dünýäsinde-de bardyr. Müňkür artistde şeýle düşünje has-da uly bolýar. Artistiň iň gowy dosty bolan sagdyn, parahat, dana, tankydyň usullaryny oňat bilýän düşünjeli duýgy bilen dostlaşyň. Şeýle dost size maksadyňyza ýetmäge kömek berer. Çyn tankytçy gözelligi görüp bilýär.

Men ýene-de bir zady siziň dykgatyňyza ýetirmek isleýärin. Kimde-kim ýoldaşynyň sahnada edýän işine syn edýän bolsa we oňa baha berjek bolsa, onuň diňe aýnasy hökmünde baha bersin, özem çyny bilen ýoldaşynyň eden işiniň özüne täsir eden we etmedik ýerlerini aýdyň ýagdaýda düşündirsin. Biziň döredjiligimize zyýanly pikirlerini aýtmasyn. Eger-de teatra gelýän tomaşaçylar hem biziň durmuşa ýüzlenişimiz ýaly berk talapkär ýüzlenseler, onda biziň sahna çykmagymyz hem hyllalla bolardy.

– Eýsem-de bolsa, tomaşaçylar hakykaty bilmek islemeýärmi näme? – diýip, kimdir biri sorady.

– Ol gaty talapkär, ýöne siz ýaly bahana gözleýji däl. Tersine! Gowy tomaşaçynyň teatrda görkezilýän zatlara ynanasy gelýär. Sahnada bolup geçýän wakalaryň özi üçin ynandyryjylykly bolmagyny isleýär. Men size ýakynda meniň bilen bolan adatdan daşary geň wakanyň gürrüňini bereýin.

Bir tanşymyň öýünde Şustow daýy ýaşlary gyzyklandyrmak maksady bilen täsin bir gözüňi baglaýjy oýny (foksy) görkezdi. Hemmeleriň gözüniň öňünde oturanlaryň biriniň penjegine we penjeginiň içinden geýen ýeňsizine elini degirmän, diňe onuň boýnundaky galstugyny çözüp hem-de köýneginiň iliklerini ýazdyryp, egnindäki köýnegini çykardy oturyberdi!

Men bolsa bu gözbagçylygyň nähili emeller bilen edilýändigini bilýärdim. Sebäbi men Şustow daýy öz ulanýan emellerini kömekçisine düşündirip otyrka, olara gabat gelip, gürrüňlerini başdan-aýak eşidipdim. Emma Şustow daýy emeli oýny ýerine ýetirende men bu hokgabazlygyň emellerini bilýändigimi ýadymdan çykardym. Sebäbi Şustow daýynyň bu emeli çalasyn hem-de ussatlyk bilen ýerine ýetirişine haýran galdym. Emeli oýny görenler onuň durmuşa geçirilişiniň gürrüňini etdiler. Men hem olara goşuldym. Sebäbi bu gürrüňden lezzet aldym we şol lezzetden özümi mahrum edesim gelmedi.

Teatryň tomaşaçylary hem bolup duran wakanyň şu mahal hakykatdan-da durmuşda bolman, teatryň sahnasynda geçip durandygyny görseler-de, durmuşda-da şeýle waka bolup biler diýip ynanýarlar we ondan baş alyp çykmakda sungatyň peýdasynyň çäksizdigine düşünýärler.

Siz sahnada çyn hakykat we ynam bilen tomaşaçylary gyzyklandyrmagy başaryň.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..19 ý.*

– Şu gün biz «pullary ýakmak» okuw sahna işimiziň edil öňki bölegini işleýşimiz ýaly, ikinji bölegini-de jikme-jik işläris – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyny gören dessine aýtdy.

– Siz, görýän welin, bu çylşyrymly meseläni ýerine ýetirip bilmersiňiz – diýip, men Maloletkowanyň we Wýunsowyň deregine etýudy ýerine ýetirmek üçin turdum.

– Zyýany ýok – diýip, Torsow meni köşeşdirdi. – Men size bu etýudy birkemsiz ýerine ýetirip bolýandygy üçin tabşyramok. Ony ýerine ýetirmegiň kyndygyna oňat göz ýetirmegiňizi isleýärin. Häzirlikçe bolsa, siz öz başaranyňyzy ediň. Eger-de siz etýudy tutuşlygyna ýerine ýetirip bilmeseňiz, bellibir bölegini ýerine ýetirersiňiz. Bolmanda onuň fiziki iş hereketleriniň ugruny mälim ediň. Ýöne şol hereketler hakykata ýugrulsyn.

Ine, aýdalyň, siz az salymlyk edip oturan işiňizi goýup, bäbejigi suwa düşürip oturan aýalyňyzyň çakylygyna naharhana gelip, onuň bäbegi nädip suwa düşürýändigine seredip bilermisiňiz?

– Ony etmek kyn däl, men edip bereýin! – diýip, men turup goňşy otaga girdim.

– Dur entek, dur! – diýip, Torsow meni saklady. –Siz bu işi entek dogry oýnap oňarmarsyňyz. Sahnada otaga girip çykmak, çykybam gapdal perdelere duwlanmak ýeňil iş däl. Şonuň üçin bu işi ýerine ýetireniňizde sazlaşykly yzygiderliligi saklap, iş hereketlerini edip bilmeýäniňiz geň zat däl. Iş hereketleriňizde näçe sany kiçijik iş hereketlerindäki hakykatlary ýerine ýetirmändigiňizi sanap çykyň. Ine, aýdalyň: siz sahna çykmankaňyz ýöne-möne iş etmän, zerur resminamalary tertipleşdiripsiňiz we pulhananyň ýagdaýyny gözden geçiripsiňiz. Siz näme diýip şeýle wajyp işiňizi dessine taşlamak bilen bolduňyz? Siz näme üçin jaýyň üstüniň ýumrulaýmagyndan heder edýän ýaly bolup, otaga ýöräp däl-de, ylgap girdiňiz? Hiç hili howply hadysa bolmady, diňe sizi aýalyňyz öz ýanyna çagyrdy, ynha, bar bolany! Şu aýdylan her bir kiçijik iş hereketlerini ýerine ýetirmek kyn däl.

Men aýdylyşy ýaly etdim, gapdal perdelere gelip girdim-de, sahna çykmaga taýýarlandym.

– Ine, indi siz her bir kiçijik iş hereketlerini ýerli-ýerinde berjaý etdiňiz, anha, şolardan «Naharhana barmak» atly bir uly iş hereket toplumy döredi. Bu iş hereketine aňsat ynanýarsyň.

Meniň myhman otagyna dolananymdaky iş hereketlerim hem köpsanly düzedişlere sezewar boldy. Sebäbi men her bir hereketimi geregiçe ulanyp, olara artykmaç üns berip ýerine ýetirdim. Teatr sungatynda iş hereketlerini bular ýaly ýerine ýetirmek hem ýalan bolýar eken.

Ahyry biz iň dartgynly we gyzykly pursada gelip ýetdik. Sahna çykyp iş stolumyň ýanyna gelenimde Wýunsow meniň resminamalarymy oda ýakyp otyr eken. Özem ol bu edip oturan işinden sähne ýaly lezzet alýar.

Men pajygaly ýagdaýy duýup, öňe gitmäge duýduryş berlende ok ýaly atylyp gidýän söweş atlary mysaly, oda tarap eňdim. Meniň badym togtamakdan aşa güýçli bolany sebäpli, iş hereketlerini artygrak geçirip ýerine ýetirdim.

– Saklanyň! Dälirediňiz! Ýoldan çykdyňyz! Ýasama, ýalan ýola düşdüňiz! Eden işiňizi gyzgyny bilen seljeriň. Siz haýsy ýola düşdüňiz, akylyňyza aýlanyň?!– diýip, Torsow gygyrdy.

– Pajygaly wakany görkezdim – diýip, men ötünç soradym.

– Emma siz näme etmelidiňiz? – diýip, Torsow köşeşip maňa sorag berdi.

Men görüp otursam, pejiň ýanyna ýöne ylgap gelägede, otda ýanýan pullary otdan çykarmaly ekenim. Emma bu işi etmek üçin ilki barýan ýoluňy arassalamak gerek eken. Şonuň üçinem küýkini – Wýunsowy itip goýbermeli ekenim. Men şeýle-de etdim. Emma Torsow meniň küýkini ýolumdan aýryşymdan hiç hili ölümi-de, pajygaly ýagdaýy-da görmeýändigini aýtdy.

– Nädip has güýçli iş hereketini sebäp tapyp ýerine ýetirip bolar?

– Ine, serediň, men şu kagyzy ýakýaryn we küldana oklaýaryn. Siz bolsa sähelçe menden daşrakda duruň we ody gören badyňyza pullaryň galanlary oda atylmanka olary alyp galmak üçin howlugyň – diýip, Torsow maňa düşündirdi.

Men Arkadiý Nikolaýewiç ýaňky aýdanlaryny edip-etmänkä ýolumdaky Wýunsowy basgylap, itip, onuň elini döwere getirip, ýanýan oda tarap topuldym.

– Gördüňizmi? – Torsow meni eden işimiň üstünde tutdy. –Şu iş hereketiňiz öňki iş hereketiňize meňzeýärmi? Şu iş hereketiňizi göreniňde näme-de bolsa bir howply zadyň bolmagynyň mümkindigini aýdyp dur. Öňki bolsa ýasama, oňa asla ynanar ýaly däl.

Meniň aýdanlaryma «sahnada şeýle bir hereket ediň, edýän hereketleriňiz aktýorlaryň bir ýerlerini döwüp, olary maýyplyga alyp barsyn» diýip, düşünmeli däl. Meniň size aýtjak bolýanym: pul diýilýän haryt ýananda edil ýangyç ýaly çalt ýanýar. Şonuň üçinem ony otdan gorajak bolsaň çalt hereket etmeli. Ine, siz iş hereketleriňizi edeniňizde şu wajyp ýagdaýy göz öňüne tutmadyňyz. Şu iş hereketlerinde bolsa öz edýän iş herekertleriňe bolan «ynam we hakykat» ýatyr. Indi bolsa yzyna gideliň.

– O nähili? Bar bolany şumy?.. – diýip, men çynym bilen geňirgendim.

– Ýene näme bolup biler? Siz pullaryňyzyň otdan gorap bilen bölegini goradyňyz, galan pullar otda ýandy.

– Ölüm näme?

– Hiç hili ölüm bolmady ahyry.

– O näme üçin bolmady?

– Hawa, siziň ýerine ýetiren roluňyz üçin, elbetde, ölüm hadysasy bolup geçmedi. Hut şeýle. Sizi pullaryň ýanmagy saňsar etdi. Siziň hatda küýküjäni itip, üstünden basgylanyňyz hem ýadyňyza düşmeýär. Eger-de bolan waka siziň ýadyňyzda galan bolsady, onda beýdip doňup durman, ölüm pillesinde ýykylyp ýatana kömek etmäge gyssanardyňyz.

– Ol aýdýanyňyza dogry welin... bu bölümçede näme-de bolsa bir zat etmek gerek ahbetin. Sebäbi bu ahwal diýseň dartgynly pursat!

– Düşünýärin! Bir söz bilen adanyňda, siziň pajygaly wakany oýnasyňyz gelýär. Gowusy, entek saklanyň. Hany, yzyna gideliň.

Biz sapagymyzyň meniň üçin iň agyr, täze bir pursadyna ýetdik: men ýa-ha doňup galmalydym, ýa-da Torsowyň düşündirişine görä pajygaly halda gymyldaman oňmalydym.

Men doňup galmaga synandym weli, öz hereketlerimiň ýasamadygyny äşgär duýdum.

– Gardaşjyklar, ine.., ine, şolar! Ýaşuly-goja tanyşlaryňyzdan, ata-babalaryňyzdan, ene-mamalaryňyzdan bize galan tanyş iş hereketleri! Özem, olar entek-entekler ýitip gitmejek endikler! – diýip, Torsow meni has-da öjükdirdi.

– Olar nädip peýda bolýarlar?

– Pajygaly waka seredeniňizde gözleriňizi mölerdişiňizde, maňlaý deriňizi süpüreniňizde, kelläňizi penjeläniňizde, saçyňyzy barmaklaryňyz bilen daranyňyzda, ýüregiňizi tutanyňyzda... şularyň hemmesindäki iş hereketleriniň gadymy, otuz

ýyl mundan ozalky hakydamyzda galan sungat ulgamynyň lenç edilen endikleri. Indi bolsa, geliň, şol endiklerden iş hereketleriňizi arassalalyň – diýip, mugallym aýgytly talap etdi.

– Sungatdaky hemme endikler ýok bolsun! Sahnada maňlaýy we ýüregi tutmak, barmak bilen saçyňy daramak ýaly iş hereketleriňizi aýyrýarys. Olaryň ýerine maňa sähelçejik ynamy döredýän, hakykaty özünde saklaýan çyn, maksadalaýyk iş hereketini tapyp beriň.

Men Torsowyň talabyna düşünmän:

– Men nädip pajygaly wakanyň iş hereketini pajygaly etmän ýerine ýetirip bilerin? – diýdim.

– Siz nähili pikir edýärsiňiz, iş hereketiniň pajygaly ýa-da pajygaly däl haly barmy? Eger-de bar bolsa, onda, aýdyň maňa, beýle iş hereketi nähili bolýar?

Pajygaly iş hereketiniň nähili bolýandygyny görkezmek üçin, hakydamyzda bar bolan hereketleriň hemmesini ýatlap çykmaly boldy.

Arkadiý Nikolaýewiç öz ýadynda galan bir wakanyň gürrüňini berdi:

– Bir betbagt zenana elhenç habary, ýagny adamsynyň ýogalandygyny aýtmaly bolupdyr. Zenany köp wagtlap öňünden taýýarlap, ahyry seresaplylyk bilen bu ajy habary aýdypdyrlar. Ol görgüli zenan birbada sözläp bilmän, dymyp durupdyr. Ýöne şol pursatda onuň ýüzünde pajygaly hasratyň alamatlary garaşylyşy ýaly derejede bolmandyr (şolar ýaly wakada teatr artistleri ýüz-gözüni oýnatmagy, baý, gowy görýärlerä!). Ol zenanyň daş sypaty-da beýle ajy duýgyny aňladýan ýagdaýa girmändir. Göwresi jansyz dek tutuş doňup galaýanmyşyn. Zenanyň bu halyna degmän esli salym saklanypdyrlar. Ahyry hereketlenmeli bolupdyr we bu gymyldy ony doňup galmak halyndan çykarypdyr. Betbagt zenan özüne gelip, soňra-da ýykylyp, ýere ýazylypdyr.

Esli wagtdan, şu wakany ýatlamaga mümkinçilik döränsoň, şol betbagt zenandan pajygaly halda dymanynda näme hakda pikir edenini sorapdyrlar. Ol bende şol aýylganç habar gelmeziniň öň ýanynda adamsyna bir zatlar satyn almak üçin söwda merkezine gitmäge hyýallanan ekeni. Emma adamsynyň öldi habary gelensoň, ol başga işleri etmeli bolupdyr. Eýse şol pursatda näme edip bolar? Durmuşy täzeden gurnamaly. Geçen durmuşyň bilen hoşlaşmaly. Zenan duýgulary birden garaşman durka geçen durmuşy bilen hoşlaşmaga we geljekki durmuşynyň nähili boljagyna akyl ýetirmäge güýji ýetmänsoň, çalam-çaş bolupdyr. Az salymlap pajygaly halda gymyldaman duranlygy bilen siz ylalaşýň! Sähel salymyň içinde ençeme ýyllap ýaşan döwrüňi hakydaňdan geçirmek örän agyr ýagdaý! Eýsem, şu çyn iş hereketsizlikmi?

– Hawa, ol fiziki iş hereketi däl-de, arassa psihologik iş hereketi – diýip, men pikirimi aýtdym.

– Bolýar, ylalaşýaryn. Goý, aýdaly, ol psihologik iş hereketi bolman, başga iş hereketi eken-dä. Onuň haýsydygyny we adynyň nämedigini kesgitlemäge wagt

14. Sargyt № 3176

ýitirip durmalyň. Her bir psihologik iş hereketinde fiziki iş hereketi we her bir fiziki iş hereketinde bolsa psihologiki iş hereketi bar. Bir tanymal alym şeýle diýýär: «Men öz duýgularymy beýan etsem, gönüden-göni fiziki hereketlerimiň beýany bolar. Meniň pikirimçe-hä, iş hereketi fiziki herekete näçe golaý bolsa, şonça-da öz duýgyňa agram salmazlyga gowy bolýar».

Emma... goý, diýeli, şeýle ekeni, goý, mesele psihologik ýagdaý barada bolsun, goý, biz daşky iş hereketi däl-de, içki iş hereketiniň gürrüňini edeliň. Özi hem daşky iş hereketleriniň sazlaşykly yzygiderliliginiň däl-de, içki duýgularyň iş hereketiniň sazlaşykly yzygiderliliginiň gürrüňini edeliň. Bu mesele has-da kyn mesele bolar. Öz bilmeýän iş hereketiňi etjek bolsaň, ýasamalyga ýüz uranyňy duýman galarsyň. Içki duýgynyň aýdyň maksady we ýoly gerek. Olary döretmek üçin bolsa duýgularyň ýüze çykyşynyň sazlaşykly yzygiderliligini saklamagy öwrenmeli bolýarsyň.

Biz şu çaka çenli duýýan, göze görnüp duran fiziki iş hereketleriniň sazlaşykly yzygiderliligini öwrendik we özleşdirdik. Indi bolsa, durnuksyz, tutup bolmaýan, göze ilmeýän, ýanyna baryp bolmaýan içki duýgymyzyň sazlaşykly yzygiderliligi bilen ýüzbe-ýüz durmaly bolýarys. Elbetde, bu mesele we düşünje siziň üçin täze, hem-de öňki öwrenilen temalardan kyn.

Tebigylyk, duýgularyň sazlaşykly yzygiderliligi diýmek kyn däl. Oňa düşünmek, ony özleşdirmek oýunjak iş däl! Bu örän çylşyrymly psihologiki mesele. Bu mesele ylmy nukdaýnazardan entek işlenilmedik. Bu meselede bize ylmy taýdan bellibir ugur – ýol salgy berilmedi. Öz akyl-paýhasymyzyň ýetdiginden bu meseläniň çözgüdini tapmakdan başga ýol ýok. Anha, şol ýol barada bolsa, indiki sapagymyzda söhbet ederis.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Bize pajygaly halda dymmagy janlandyrmaga kömek berip biljek diýseň çylşyrymly duýgularyň sazlaşykly yzygiderliligini nädip çözjek?

Biz – artistler, alymlar däl. Biziň şygarymyz işjeň hereket. Biz tejribämizden, adamyň öwrenip bilýän zatlaryndan, durmuş ýatlamalaryndan, sazlaşykdan, yzygiderlilikden, sahna işimizdäki hakykatdan we ynamdan ugur alýarys. Men şu meseläniň çözgüdini şeýle nukdaýnazardan çözmekçi bolýaryn.

Arkadiý Nikolaýewiç az salym oýurganyp oturansoň, düşündirişini dowam etdi:

– Maňa durmuş tejribesiniň öwreden usuly diýseň sada we gülkünç. Ol özüňden: «Men pajygaly ýagdaýda dymmak usulyny ýerine ýetirmeli bolsam näme ederdim?» diýip soramakdan ybarat.Ýöne bu soraga adamçylygyňyzy saklap, çynyňyz bilen jogap berip bilseňiz bolany. Gördüňizmi, men duýgular dünýäsine ýüzlenenimde-de ýönekeý fiziki iş hereketleriniň kömegine bil baglaýaryn!

– Meni bagyşlaň, bilýäňizmi, men bu aýdýanyňyz bilen ylalaşyp biljek däl. Sebäbi duýgularda fiziki iş hereketi ýok. Olarda pisihologiki iş hereketi bar.

– Ýok, siz ýalňyşýarsyňyz. Adam bellibir netijä gelmänka, öz içki dünýäsindäki hyýallary bilen işjeň hereketleri edýär. Ol içki dünýäsinde pajygaly ýagdaýda dymmagyň nähili ýagdaýda bolup geçjekdigini hakydasynda aýlap, ondaky iş hereketlerini kesgitleýär. Onsoň hem artist öz hyýalyndaky zatlary fiziki ýagdaýda duýýar we içki dünýäsini daşyna hereketler bilen çykarmakdan zordan saklanýar.

Hyýalyňda iş hereketini göz öňüne getirmek esasy wezipäni ýerine ýetirýär, ýagny içki iş hereketleriniň işjeňliginiň kömegi bilen daşky iş hereketlerini oýarýar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç öz diýenini tekrarlady. – Onsoň hem belläp goýuň: şu ýagdaý biziň adaty, tebigy döredijiligimiz üçin gurnalan dünýämizde bolup geçýär. Sebäbi artistiň hemme işi hakyky däl, durmuş hakykatynda ýok, ýasama, emma durmuş hakykatynda mümkin çäklerde bolup geçýär. Anha, şol çäkler bolsa biziň üçin, artistler üçin hakyky durmuşdyr.

Şonuň üçin hem artistleriň hyýaly ýagdaýda göz öňüne getirýän durmuş we ondaky iş hereketlerimiz bilen bolýan hakyky, çyn, fiziki ýagdaý ýaly gatnaşyk etmäge hakymyz bar diýip hasaplaýaryn.

Şeýlelikde, fiziki iş hereketleriniň sazlaşykly yzygiderliligini, aňyň sazlaşykly yzyzgiderliliginiň duýgulary bilen kabul etmegi durmuşy ýagdaý doly delillendirýär.

Meniň kellämde çylşyrymly meseleler aýdylanda hemme bilýänlerim elmydama bulaşýar. Okuw sahna işiniň her bir delilini, her bir «hödürlenen ýagdaýlaryny» ýeke-ýekeden ýatlamaly we jemläp baha bermeli boldum. Ine, olar abadançylyk, maşgalanyň we jemgyýetde edýän işimiň jogapkärçilikleri, pul gaznaçynyň borjy, meni aklaýan resminamalardaky delilleriň wajyplygy, aýalyma we ogluma howandarlygym we söýgim, meniň ýolumdan hiç mahal aýrylmaýan Küýküli meseläniň psihologik derňewi we umumy ýygnak, otda ýanan pullaryň we resminamalaryň elheder alar ýaly görnüşi, aýylganç hadysa, olary halas etmegiň başa barmajak islegi, bedeniň hiç hili hereketsiz doňup galmagy, akyl-huşuňy ýitirmek, perwaýsyzlyk... Şularyň hemmesi meniň hakydamda oýanyp, göz öňüme geldiler we olara laýyk duýgularym peýda boldy. Delilleri ýerli-ýerinde goýup, olaryň nämä alyp barýandygyna, maňa geljekde nämäniň garaşýandygyna, meniň garşyma nähili delilleriň aýdyljakdygyna düşünjek bolmak gerek.

Ilkinji nobatda – giň, kaşaň jaý. Ol meniň öz gazanjymdan artyk sowup ýaşandygymy, munuň bolsa bergä getirendigini görkezýär. Pulhanada doly suratda pul ýok we meni aklaýan resminamalaryň ýarysy ýanan, merhum Küýki we bu elhenç işde meniň günämiň ýokdugyny bilýän ýekeje şaýat hem indi ýok. Suwly legende gark bolan oglum... Bu bolan wakalar meniň gaçmagyma itergi berýärler. Emma Küýki bilen gark bolan oglum meniň gaçmagyma päsgel berýärler. Kazyýetde:

«Görüň, näme üçin jenaýatçy ilki bu ikisini ýok edipdir?» diýerler.

Oglumyň ölümi, jenaýat işine diňe meni däl, aýalymy hem çeker. Bulardan başga-da aýalymyň doganynyň ölümi, biziň öz aramyzyň şahsy gatnaşygynyň dartgynlylygyny artdyrar. Şonuň üçin aýalym tarapyndan hem maňa hoşniýetlilik garaşmaýar.

Meniň kellämde hemme deliller, «eger-deler» bilen «hödürlenen ýagdaýlar» şeýlebir bulaşdylar weli, men, dogrudanam, ilkinji minutlarda gaçyp gizlenmekden başga çäre tapmadym. Emma sähel salymdan howul-hara gelnen netijä şübhe döredi.

Men öz-özüme: «Nirä gaçyp gitjek?» diýdim. –Näme, tussaghanada gaçgagyň durmuşy oňatmy? Onsoň hem gaçgaklygyň özi meniň garşyma işleýär ahyry! Ýok, bolan zady bolşy ýaly aýtmaly, jezadan gaçmaly däl. Onsoňam, men näme üçin gorkmaly? Men günäkär däl ahyryn. Günäkär däl?.. Hany, günälidigime delil tapda!»

Men öz pikirimi we şübhämi mugallyma düşündirdim welin, ol şeýle diýdi:

– Öz pikiriňizi kagyza ýazyň-da, olary iş hereketlerine öwrüň. Sebäbi sizi gyzyklandyrýan soraglaryňyza olar anyk jogap berýärler, ýagny «Eger-de men tragiki iş hereketsizlige düşen bolsam näme ederdim?» diýip, özüňize sorag beriň.

– Öz pikirleriňizi nädip iş hereketine geçirmeli? – diýip, okuwçylar Torsowyň aýdanyna düşünmediler.

– Ol ýönekeý iş. Ynha, aýdaly, siziň iş stoluňyzda öz pikirleriňiziň ýazgysy dur. Oka ony. Oňat jaý, pul ýok, ýanan resminamalar, iki ölen adam we başgalar.

Siz şulary ýazýarkaňyz we okaýarkaňyz nämeleri başdan geçirdiňiz? Siz ýadyňyza saldyňyz, pikileriňizi jemlediňiz, bolan zatlary seljerdiňiz, özüňiz üçin bolup biläýjek delilleri tapdyňyz. Ine, siziň ilkinji iş hereketleriňize geçirilen pikirler. Ýazylan tertip boýunça yzyny okaň: siz pikiriňiziň jemini jemläniňizde gaçmakdan başga çykalganyň ýokdugyna gözüňiz ýetip, gaçyp sypmakçy bolýarsyňyz. Siziň beýle işi etmegiňiz üçin iş hereketiňiz nähili bolmaly? – diýip, Torsow menden sorady.

– Çözgüdimi täzeden işlemekçi bolýaryn – diýip, men netijä gelýändigimi aýtdym.

– Ine, siziň ikinji iş hereketiňiz. Ýazylan tertip boýunça okamagyňyzy dowam ediň.

– Mundan soňra täze çözgüdimden hem ýüz öwürýärin.

– Bu siziň üçünji iş hereketiňiz. Onsoň ýene okaň.

– Soňra men bolan wakany ak ýüregim bilen aýtjakdygymy mälim edýärin.

– Bu siziň dördünji iş hereketiňiz. Indi bolsa size ýazgy tertibi boýunça aýdanlaryňyzy ýerine ýetirmek galdy. Eger-de şu işler aktýorçylyk usullaryna laýyk gelmeýän ýasamalyk, «umumanlyk» bilen ýerine ýetirilmän, adam häsiýetlerine laýyk gelýän maksada, usullara, çyna gaplansa, şular ýaly ýagdaý siziň diňe aňyňyzda

däl, tutuş dünýägaraýşyňyzyň içki elementlerinde adamyň janly ýagdaýyny döreder. Özi hem ol ýagdaý, siziň edil ýerine ýetirýän keşbiňize meňzeş bolar.

Sahnada her sapar pajygaly ýagdaýda dymmagy hiç hili gymyldy-hereketsiz amal etmekçi bolmaň, öz meýliňizi täzeden seljeriň. Ol her sapar öňki ýaly gaýtalanýan däldir. Üýtgeýändir. Ol siziň özüňize-de her sapar üýtgeşik bolup görner.

Mesele pajygaly ýagdaýda dymmagyň şu günki döredilişiniň öňkülerden gowulygynda ýa-da ýaramazlygynda däl-de, onuň şu günüň duýgusy bilen täzeden döredilenligindedir. Siz diňe şeýdeniňizde bir sapar ýat tutanyňyzy gaýtadan ulanmarsyňyz, halys lenç bolan usullardan peýdalanmarsyňyz. Şol bir meseläni ýuwaş-ýuwaşdan, dürli-dürli häsiýetler bilen has gowy, has çuňňur, has doly, sazlaşykly we yzygiderli çözersiňiz. Diňe şeýle işlenen sahna böleginde çyn hakykatyň we ynamyň maksadalaýyk bolmagyny gazanyp hem-de saklap bolar. Bu bolsa keşbi aktýorçylyk usullaryny mehaniki ýagdaýda ulanyp beýan etmän, adam duýgularynyň üsti bilen beýan etmekdir.

Siz, şeýlelik bilen, «Diýseň çylşyrymly psihologiki ýagdaýa, ýagny pajygaly ýagdaýda dymmaga duçar bolanymda men näme ederdim?» diýen örän kyn soraga, ylmy adalgalaryň üsti bilen däl-de, sazlaşykly yzygiderliligiň toplumlaýyn düşünjeleri bilen jogap berersiňiz.

Görýäňizmi, biz özümize gerek duýgymyzyň sazlaşykly yzygiderliligi hakyndaky meseläni, tejribäniň üsti bilen kösenmän çözýäris. Beýtmegimiziň sebäbi, biz duýgynyň özümize başartmajak agyr we diýseň çylşyrymly bolan sazlaşyk meselesini goýýarys-da, özümiziň başaraýjak meselämize, ýagny iş hereketiniň sazlaşygyny özleşdirmek meselesine geçýäris.

Biz bu meseläni ylmy taýdan çözmän, özümiziň ýönekeý tejribe işlerimize daýanyp, ýagny adam tebigatyna, durmuş tejribesine, aňyýete, sazlaşygyň yzygiderliligine we hakyda düşünjesine daýanyp çözýäris.

Fiziki iş hereketiniň sazlaşykly yzygiderliliginiň daşky sypatlaryny gurnanymyzda pugta üns berseňiz, onuň ýene bir sypatynyň, ýagny biziň içki duýgymyzyň hem sazlaşykly yzygiderliliginiň peýda bolýandygyny duýarsyňyz. Bu düşnükli: olar bize näbelli ýagdaýda fiziki iş hereketlerini döredýän içki duýgular. Özleri hem şol iş hereketleriniň durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Delillendirilen fiziki we psihologiki iş hereketleri, hakykatdan-da, sazlaşykly we yzygiderli gurnalanda, ol gurnagyň sahnada bolýan iş hereketlerine ynanmaga alyp barýan mysallarynyň ýene-de biri şundan ybarat.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu gün Arkadiý Nikolaýewiç ýene maňa, Wýunsowa we Maloletkowa «pullary ýakmak» okuw sahna işini ýerine ýetirmegi tabşyrdy.

Başda pullary sanaýan iş hereketlerim ugruna bolmady. Şonuň üçin Torsow öňki öwredişi ýaly, yzygiderlilik bilen meni dogry ýola salmak bilen boldy. Men

fiziki iş hereketlerimiň sazlaşygyny duýan dessime, olaryň durmuşa laýykdygyna bolan ynam meni joşa getirdi: iş hereketlerini ýerine ýetirmek ýeňil düşdi we sahnada özümi arkaýyn duýdum. Hyýaly duýgym sazlaşykly işläp başlady. Men pullary hasap edýärkäm tötänden küýkä – Wýunsowa nazar aýladym. Şolbada meniň aňymda: «Ol kim we näme üçin meniň göz öňümde elmydama sömelip dur?» diýen sorag ilkinji sapar peýda boldy. Meniň küýkä bolan gatnaşygymy aýyl-saýyl etmezden, etýudy dowam etmek asla mümkin däldi.

Haçanda men öz soragymy mugallyma aýdanymda, ol:

– Gördüňizmi?! Kiçijik hakykat uludan-uly hakykaty talap etdi – diýip, duýgudaşlyk bilen seslendi. Ine, keşpleriň arasyndaky gatnaşyklary delillendirmek üçin meniň Torsowyň kömegi bilen pikirlenip tapan hyýaly toslamam.

Meniň aýalymyň saglygyna we gözelligine, onuň saňsar doganynyň maýyplygynyň bahasy tölenipdi. Sebäbi olar ekiztaýdylar. Olar dünýä inende olaryň ejesiniň saglygyna howp abanypdy. Çagalaryň dünýä inmegine lukmanlar hem goşulyşypdylar: enäni hem-de çagalaryň haýsy hem bolsa birini diri alyp galmak üçin ekizleriň beýlekisine şikes ýetirmeli bolupdy. Hernä, hemmesi diri galypdyr, ýöne oglanjyk dogabitdi şikesli dünýä inipdi: onuň akyly kemdi hem-de bili bükür küýküdi. Bu ýagdaý maşgalanyň sag agzalarynyň göwnüne öýe nähilidir bir günäniň düşendigini ýatladyp durdy.

Bu delilnama meniň betbagt küýkä gatnaşygyma öz täsirini ýetirdi. Meniň bu şikeslä garaýşym düýbünden üýtgedi. Indi oňa mylaýymlyk bilen ýüzlendim, hatda onuň şeýle ýagdaýda dogulmagyna çyndan gynandym.

Netijede, «pul sanamak» okuw sahna bölegi, ýanýan kagyzlardan we pullardan lezzet gözleýän betbagt küýkiniň gatnaşmagynda gyzykly boldy. Meniň oňa ýüregim awady we her hili güýmenjeler bilen ony gyzyklandyrmaga taýýardym, ýagny çaganyň gözüniň öňünde pullary toplap, tertibe saljak bolup, olary stola kakdym, ýüz-keşbimi oýnadyp, dürli gülkünç hereketler bilen gerekmejek kagyzlary oda atdym, aý, garaz, hakydama gelen hemme degişmedir gülküli hasaplan oýunlarymy etdim. Wýunsow – küýki bolsa meniň edil şu ýerde tapýan hemme hereketlerime sazlaşykly jogap gaýtarmagyň hötdesinden geldi. Onuň enaýy duýgurlygy meniň täze-täze hereketleri tapmagyma kömek berdi.

Netijede, düýbünden başga sahna döredi, ýagny waka laýyk janly, mähire, şatlyga gaplanan gyzykly sahna döredi. Ol sahna tomaşaçylaryň ünsüni özüne çekdi. Bu ýagdaý hem keşbi ýerine ýetirmäge öz bellibir täsirini ýetirdi. Ine-de, okuw sahna işiniň naharhana barmaly ýerine ýetildi. Kimiň ýanyna barmaly? Aýalymyňmy? Aýalym kim? Mende şu soraglar eglenmän öz-özünden peýda boldy. Bu sapar hem aýalymyň kimdigini çürt-kesik aýdyňlaşdyrmazdan, etýudy dowam etmegiň mümkin däldigi belli boldy. Men aşa ýüregiňi awadýan wakany toslap tapdym. Meniň kelläme gelen bu wakany ýazyp beýan etmekden hem saklanýaryn. Muňa garamazdan, meniň hakydama gelen iş hereketleri meni tolgundyryp özüne ynandyr-

dy. Eger-de etýud şol iş hereketlerine laýyk ýerine ýetirilse, meniň üçin aýalymyň hem-de oglumyň gadyr-gymmaty bahasyna ýetip bolmajak derejä galmalydy. Men olaryň hatyrasyna elimden gelenimi edip, gije-gündiz zähmet çekerdim.

Okuw sahna işiniň öňki ýerine ýetirilişindäki ulanan aktýorçylygyň usullary indi, bu tapylan iş hereketleriniň ýanynda bir hili gülkünç bolup göründi. Indi maňa otagymda goýup gaýdan çilimimi ýatlatmak gerek bolmady. Meniň özüm, gaýtam, çilimi tertipli edip, şol ýerde goýup gaýtdym. Meniň perzendime bolan mähribanlyk we hossarlyk duýgularym şeýle etmäge itergi berdi. Stoluň üstündäki iş kagyzlarymyň ýanyna dolanmagyň meniň üçin zerurlykdygy düşnükli boldy. Sebäbi men Torsow we küýki üçin işleýärin ahyry!

Men özümiň zähmetkeşleriň puly ýakylýan sahna etýudyny öňki gezeklerde ýerine ýetirişimi ýatlamda, täzesiniň düýpgöter başga mana laýyk gelýändigine düşündim. Indi bolsa menden:

«Durmuş hakykatynda şular ýaly ýagdaýa sezewar bolaýsaň näme ederdiň?» diýip soraldygy, edil şol pursat ýüregimiň gürsüldisi artyp, näme diýjegimi bilmezdim.

Ertirki günümiň elhençligi meniň ýadyma düşüp dur. Ol, ynha, barha meniň üstüme abanyp gelýär!.. Maňa geljegiň perdesini syryp açmak gerek!

Bu iş hereketini düşnükli ýagdaýda ýerine ýetirmek üçin bolsa, hereket etmezligiň, ýagny gymyldaman durmagyň zerurlygy döredi. Şonuň üçin hem pajygaly ýagdaýda dymmak usuly adatdan daşary tomaşaçylara täsirli boldy. Zerur pajygaly ýagdaýda dymmaklyk bolsa, öz gezeginde, göz öňünde tutýan wakamda we onuň manysynda ähli güýjüňi hem-de kuwwatyňy jemlemäge mümkinçilik döretdi.

Okuw sahna işiniň soňy, ýagny küýkini ölümden halas etjek bolunýan bölegi, öz-özünden, adaty ýagdaýda çözüldi. Meniň soňky çözgüdim boýunça küýki maňa ýakymly, ýakyn hossarym bolany üçin, onuň ölümine gynanmak duýgusy meni başbitin gaplap aldy.

Haçanda men öz aladamy aýdanymda Arkadiý Nikolaýewiç:

– Bir hakykat, sazlaşyklylyk we yzygiderlilik beýleki hakykatlary gözleýär we döredýär – diýip düşündirdi. –Siz ilki pullary sanaýan okuw sahna işiňizde iş hereketleriniň uly bolmadyk hakykatyny gözlediňiz we haçanda durmuşda pul sanamakda çyndan edilýän fiziki iş hereketleriniň hemmesini ýatlamagy başaranyňyzdan soňra begendiňiz. Siz pullary sanamak iş hereketlerini durmuşa laýyk ýerine ýetirýändigiňize ynandyňyz. Okuw sahna işinde hereket edýän beýleki keşpler bolan aýalyňyz we küýki bilen hem, edil şonuň ýaly çyn iş hereketlerini ulanyp, okuw sahna işiniň galan bölegini-de durmuşa laýyk gurnamagy maksat edindiňiz. Size, näme üçindir, küýkiniň mydama alnyňyzda sömelip durýandygynyň sebäbini bilmek gerekdi. Siz durmuşyň sazlaşykly we yzygiderli ýagdaýlarynyň kömegine daýanyp, ýeňillik bilen ynanar ýaly toslamany gurnadyňyz. Bular bolsa sahnada sizi

tebigy ýagdaýlaryň düzgün-kadasyna laýyk, durmuşy iş hereketleriniň gurşawynda ýaşamaga mejbur etdi.

Bu sapar men öň halys irizen etýuda başga hili, ýagny gyzyklanma bilen üns berdim. Okuw sahna işi meniň janly duýgularymy oýardy. Elbetde, Torsowyň usullarynyň hem özboluşly täsir edendigini unutmak bolmaz. Emma men Torsowyň üstünlik getirýän bu usullarynyň esasyny gudratly «hödürlenen ýagdaýlar we eger-de» düzýärmikä öýtdüm. Sebäbi olar meni geň galdyryp, düşünjämiň öňe gitmegine ýol açdylar. Ýöne fiziki iş hereketleriniň we göz öňüne getirmäniň usullaryny öwretmediler. Şonuň üçin okuw gönüden-göni «hödürlenen ýagdaýlar bilen eger-deden» başlansa, gowy boljak ýaly bolup dur. Bu fiziki iş hereketlerini öwrenip wagt ýitirmek hökman dälmikä diýýärin.

Men bu pikirimi Arkadiý Nikolaýewiçe aýtdym.

– Elbetde! – diýip, ol ylalaşdy. – Men birnäçe aý mundan ozal, haçanda sahna işimizi ýerine ýetirip başlanymyzda şeýle-de etdim.

– Maňa ol mahal göz öňüne getirmek kyn düşdi. Meniň aňym ukudady – diýip, men geçeni ýatladym.

– Dogry, indi aň oýandy. Siz kynçylyk çekmän, diňe toslap tapmak bilen çäklenmän, şol tapan pikiriňizdäki hakykaty duýup we oňa ynanyp, öz duýgyňyza laýyk fiziki iş hereketlerine salyp ýerine ýetirip-de bilýärsiňiz. Näme üçin şeýle üýtgeşiklik boldy? Sebäbi siz ozal göz öňüne getirip toslap tapan pikiriňiziň tohumyny daşyň ýüzüne ekdiňiz. Ol bolsa gögermän çüýredi. Siz hakykaty duýduňyz.

Emma edýäniňize welin, ynanmadyňyz. Bedeniň daşky ýasamalygy we fiziki dartgynlylygy iş hereketine laýyk däldigi, ýagny beden agzalarynyň çyn iş hereketini döretse-de, ony çyn duýgynyň üsti bilen ýerine ýetirmäge taýýarlyksyzdygynyň gürrüňiniň gidýändigine düşüniň. Indi bolsa siziň beden we fiziki taýdan dogry oýanan durmuşyňyz bar. Hemme hakykat – bedeniňizde. Siz oňa akylyňyz bilen ynanman, öz hususy, adaty, fiziki tebigatyňyzdaky duýgyňyz bilen ynandyňyz. Şular ýaly ýagdaýda göz öňüne getirmek duýgusynyň toslap tapan pikiri kök urup, öz miwesini berip bilýändigi geň zat däl. Siz indi ozalkylaryňyz ýaly ýel ugruna, howaýy, «umuman» arzuw etmeýärsiňiz. Indi siz başardygyňyzça esasly arzuw edýärsiňiz. Indi arzuwlar howaýy däl-de, hakyky pikirlere laýyk gelýär. Olar iş hereketleriniň daşky ýagdaýynyň içki dünýäsini delillendirýär. Fiziki iş hereketindäki hakykat we oňa bolan ynam biziň psihikamyzda durmuşy oýarýar.

Emma siziň şu günki öwrenen düşünjeleriňiziň esasysy we has wajyby şeýle düşünjeler diýip netijä gelip bolar, ýagny siz wakany sahna meýdançasynda, Maloletkowanyň öýünde däl-de, hakyky durmuş meýdançasynda, durmuşy ýagdaýda ýerine ýetirdiňiz. Siz hyýaly maşgalaňyzyň durmuşyny öz çyn duýgyňyzyň üstünden geçirip ýerine ýetirdiňiz. Sahna sungatynda şeýle ýerine ýetirijilige biz öz dilimizde «ýa esm» – «bu men» diýýäris. Fiziki hereketlerdäki we duýgudaky sazlaşyklylyk hem-de yzygiderlilik siziň keşbe bolan hakyky gatnaşygyňyzy döretdi.

Hakykylyk bolsa öz gezeginde ynamyň peýda bolmagyna getirdi. Bularyň hemmesi bilelikde «ýa esmi» – «bu meni» emele getirmegiň syrydyr. «Ýa esm» – «bu men» diýmek nämäni aňladýar? Bu söz «Edil ýerine ýetirýän keşbim ýaly men günümi görýärin, duýýaryn, ýaşaýaryn we pikir öwürýärin» diýen manyny berýär.

Başgaça aýdanyňda «ýa esm» – «bu men» tapylan toplumy – wakalary özüňçe beýan etmek üçin duýgyny we hyjuwy oýarýar.

«Ýa esm» – «bu men» – sahna sungatynda döredijilik ukybynyň hemme düzgün-kadalaryny özünde jemleýän toplum, sahna sungatyndaky hakykaty döretmäniň aňrybaşyna ýeteňkirlemek.

Şu günki siziň keşbi ýerine ýetirişiňizde ýene bir zady, ýagny keşpde hakykatyň täze, wajyp häsiýetini aýdyň suratlandyryp bilendigiňizi belläp geçmegimiz gerek. Ol häsiýet kiçijik hakykatyň uly hakykaty, uly hakykatyň bolsa özünden hem uly hakykaty, uludan-uly hakykaty çagyrýandygy we bu çakylygyň tükeniksizdiginden ybarat.

Siz fiziki iş hereketleriniň we oňa degişli duýgularyň hakykydygyna ýeten badyňyza, diňe puly hasap etmegiň ýeterlik däldigine düşündiňiz. Şonuň üçin hem sizde puly kim üçin sanaýandygyňyza, kimi gyzyklandyrmak isleýändigiňize we ş.m. düşünmek islegi döreýär.

Sahna sungatynda uly hakykaty, doly suratdaky hakykaty döretjek bolmagyň netijesi, sahnada «bu meni» gurnamakdan ybarat.

Hakykatyň, ynamyň we «bu meniň» bar ýerinde aktýorçylyk emellerine laýyk däl-de, ynsanyýete laýyk çyn duýgulara gaplanan sungat eseriniň dörejekdigi şübhesizdir. Biziň duýgymyzy özüne bendi edýän esasy zat şundan ybarat.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkladiý Nikolaýewiç okuw otagyna girip şeýle diýdi:

– Siz indi sahna sungatynda nämäniň hakykatdygyny we ynamdygyny bilýärsiňiz. Şu düşünjeleriň siziň her biriňizde bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamak işi galdy. Şonuň üçin men siziň duýgularyňyzdaky hakykatyň we ynamyň derejesini kesgitlemekçi.

Arkadiý Nikolaýewiç ilki Goworkowy sahna çagyryp, haýsy hem bolsa bir parçany ýerine ýetirmegini haýyş etdi.

Elbetde, biziň uly çinli – öýkünjeňimize özüniň aýrylmaz ýanýoldaşy Welýaminowa gerek boldy.

Olar, açyk aýdanyňda, emgenmän, nähilidir bir akyla sygmajak toslamany ýerine ýetirdiler.

Arkadiý Nikolaýewiç olar işlerini tamamlansoň şeýle diýdi:

– Siz öz pikiriňizçe, sahna sungatynyň diňe daşky keşbiniň tehnikasyny beýan etmek bilen meşgul bolýan ýeser mehaniki usuly ulandyňyz hasapladyňyz. Bu fi-

ziki iş hereketleriňiziň hemmesini şu günki gün dogry hasaplaýanyňyz üçin, öz eden işiňizi hezil edip synladyňyz. Emma siz maňa weli täsir etmediňiz. Sebäbi men sungatdan adamzadyň hakyky durmuşynyň jansyz keşbini janlandyrýan adaty, özboluşly tebigatyna laýyk döredijiligi gözleýärin.

Siziň galp hakykatyňyz hyjuwlary we keşpleri göz öňüne getirmäge kömek edýär. Meniň hakykatym bolsa hyjuwlaryň hut özüni çagyryp, keşbiň hem hut özüni döretmäge kömek edýär.

Maňa çyn hakykat gerek. Siz bolsa hakykata çalymdaşlyk etmek bilen çäklenýärsiňiz. Maňa ynam gerek. Size weli tomaşaçylaryň özüňize ynamy bolsa bolýar. Bir sapar ýerine ýetirilip, hemişelik gaýtalanýan hereketleriň öwrendikli usullaryny dos-dogry ulanjakdygyňyzy bilýändigi üçin, sahnada size seredýän tomaşaçy arkaýyn. Gimnastiki sport bilen meşgullanýan türgeniň maşklary ýerine ýetirýän enjamlaryndan düşüp gitmejekdigine ynanyşy ýaly, tomaşaçy siziň tomaşaňyzda bolup duran wakany ýerine ýetirjekdigiňize ynanýar. Tomaşaçy siziň sungatyňyzda edil tomaşaçy ýaly. Meniň sungatymda bolsa tomaşaçy islese-islemese-de bolup duran wakanyň şaýady we onuň döredijilik gatnaşyjysy. Ol sahnada bolup duran durmuş wakasyna ynanyp, oňa goşulmak bilen bolýar.

Goworkow sungatdaky hakykat barada Arkadiý Nikolaýewiçiň düşündirişine jogap bermegiň deregine, A.S.Puşkiniň pikiri bilen Torsowyň pikiriniň gabat gelmeýändigini kinaýaly äheňde gyşyk gürläp jogap berdi. Goworkow şular ýaly ýagdaýda elmydama delil hökmünde ulanýan usulyna eýerip, şahyryň goşgy setirlerini mysal getirdi:

«Meni belende galdyrýan
Galp hakykatyň tümlügi,
Meniň üçin gymmatly...»

Mugallym düşündirişini dowam etdi:

– Men siz bilen ylalaşýaryn... A.S.Puşkin hem ylalaşýar. Siziň getiren goşgy setiriňizdäki deliliňizde şahyr biziň ynanýan galplygymyzyň gürrüňini edýär. Şygyrda şol ynamyň güýji bilen galplygyň bizi belende göterýändiginiň gürrüňi gidýär. Eýsem, ynamyň bolmadyk ýagdaýynda, bizi belende götermek üçin özüni mazamlaýan galplygyň edip bilen zady bolarmydy? Siziň ýanyňyza birek-biregi aldawa salynýan birinji aprel güni gelip, döwlet artistçilik hyzmatyňyzy göz öňünde tutup, heýkeliňizi dikmekçi bolýar diýip ynandyrmakçy bolsalar, özüňizi nähili alyp barjakdygyňyzy göz öňüne getiriň. Siz özüňiziň şeýle ýalan mahabatlandyrylmagyňyzy eşidip belende galýandygyňyza ynanarmysyňyz?

– Men beýle gaýa-ýapa degmeýän çypdyrmalara ynanar ýaly akmak däl – diýip, Goworkow jogap berdi.

– Eger-de siz belende galmakçy bolsaňyz, şular ýaly «samsyk çypdyrmalara» ynanmaly bolarsyňyz– diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuwçyny öz sözünde tutdy:

– A.S. Puşkin başga bir şygrynda-da edil şonuň ýaly pikiri öňe sürýär:

Toslamaň üstünde gözýaş dökýärin (32).

Ynanmaýan zadyňa gözýaş dökmersiň. Artistleri hem-de tomaşaçylary belende galdyrýan biziň ynanýan ýalanymyzyň we toslamamyzyň ömri uzak bolsun! Ol zeýilli ýalan ynanýan üçin hakykatdyr. Sahnada artistiň hyýalyna getirýän durmuşy tutuşlygyna hakykata öwrülmelidigini bu aýdýanlarymyz has beter esaslandyrýar. Emma men siziň parçaňyzda şeýle hakykaty görmedim.

Torsow sapagyň ikinji ýarymyny diňe Goworkow bilen Welýaminowanyň ýaňky oýnan parçasyny düzetmäge sarp etdi. Torsow edil meniň bilen «pul ýakylýan» etýudymda işleýşi ýaly, bularyň parçasyny-da kiçijik bölümlere bölüp, olardaky her bir fiziki hereketiň hakyky bolmagyny we oňa okuwçylaryň ynanmagyny gazandy.

Ýöne şu arada maňa sapak alar ýaly bir waka boldy. Bu waka Torsowa degerli gaýtawul berer ýaly edendigi üçin, men ony ýazyp beýan etmegi makul bildim. Ol waka şeýle boldy:

Goworkow, sen-men ýok, oýnamagyny goýdy-da, sapagy taşlap, ýüzüni gaharly turşardyp we ellerini sandyradyp, dartgynly halda sesini çykarman durdy.

– Aýtman durup biljek däl! Men, görýäňiz-ä, hökman aýdaýmaly – diýip, Goworkow az salymdan soň, içki harasadyny köşeşdirip dillendi. – Ýa men hiç zada düşünemok, beýle bolsa meniň teatrdan gitmegim gerek, ýa-da bagyşlaň welin, bu ýerde bize öwredilýän zatlar zährimar, onuň garşysyna biziň göreşmegimiz gerek. Bizi, ynha, ýarym ýyllap oturgyçlary öňe-yza süýşürmek, peji ýakmak, gapyny açyp-ýapmak ýaly pişelere güýmenmäge mejbur edýärler. Basym, realizm diýip, bizden burnumyzy çokmagy-da talap etjekler, görseňizläň muny, nähili ululy-kiçili fiziki hakykatlar.

Ýöne, bagyşlaň, sahnada oturgyçlary eýläk-beýläk süýşüreniň entek sungat däl. Görşüňiz ýaly, her bir zadyň ýigrenji aslyny görkezeniň bilen hakykaty görkezdigiň bolaýanok. Ýüregiňi bulaýan hakykaty ýer çeksin! Fiziki iş hereketi? Bagyşlaň, haýyş edýärin, ýok! Teatr sirk däl. Sirkiň artistleriniň ykbaly, düşünýäňizmi, edýän fiziki hereketine bagly, ýagny onuň ussat hereket edip ata böküp münmegi ýa-da öz ýodasyndan çykman, fiziki iş hereketini ýerine ýetirmegi janynyň bitin galmagy üçin zerurlyk.

Emma dünýä belli beýik ýazyjylar, bagyşlaň welin, öz gahrymanlary fiziki hereketleri etsinler diýip meşhur eserleri ýazmaýarlar, bilýäňizmi şuny? Siz bizden bolsa diňe şol bir zady talap edýärsiňiz. Biz halys basyldyk. Bizi ýere gömmäň! Ganatymyzy baglamaň! Belentlige pelpelläp galmaga, bakylyga golaýlaşmaga... ýerden alysdaky... äleme, şeýläk, bilýäňizmi, ýokary gatlaga galmaga ýol beriň! Sungat azat! Oňa kiçijik hakykat däl-de, giň dünýä gerek! Uludan uçmaga, bilýäňizmi, ýerde süýrenýän gurçuklar ýaly däl-de, aňyrsy-bärsi görünmeýän meýdanda ganat-

laryňy ýaýmak gerek! Biz gözel, has päk ahlakly bolmak, şöhratlanmak isleýäris! Biziň asmanymyzy örtmäň!

– Torsowyň bulutlaryň astynda ganatyny ýaýmaga Goworkowy goýbermeýändigi gaty dogry. Ol ganat ýaýmagy başarmaýar – diýip, men öz ýanymdan pikir öwürdim. –Nädip? Ýeri, gadymdan gelýän öýkünjeň asmanda ol neneň ganatyny ýaýyp uçup biler, hä?! Maşklaryň deregine sungat etmekçi!

Goworkow aýtjagyny aýdyp bolandan soň, mugallym oňa şeýle diýdi:

– Siziň garşy çykmagyňyz meni geň galdyrdy. Şu çaka çenli biz özüňizi örän aýdyň ýagdaýda görkezip durýanyňyz üçin, sizi şol ugurda döredilýän keşbiň daş sypatyny tehniki taýdan görkezmäge ymtylýan artist hasaplaýardyk. Emma biz, ynha, garaşylmadyk ýagdaýda siziň öz ukybyňyzy gönükdirýän hakyky ugruňyzyň nämedigini bilip galdyk. Ol bulutlaryň aňyrsyndaky asman giňişligine çykmak, adyňy dünýä meşhur etmek. Emma siz bu meselede entek dynnym ýalyjak-da özüňiziň kimdigiňizi görkezeňzok ahyry.

Siziň artistçilik ugruňyzyň ýüzüniň hanjakdygy belli-külli aýdyň. Siz nirä seredýäňiz? Bize özüňizi görkezmek üçin çykýan tomaşa zalynamy? Ýa «keşbi başdan geçiren ýaly döreden» gahrymanyňyzyň öz dünýäsini, duýgularyny sahnada janlandyrmakmy? Ýa-da tapan keşbiň bilen öz gulluk edýän sungatyňyzamy? Siziň aýdýanyňyza seretseňä siziň ugruňyz soňky aýdýan tarapymyza barýar. Ola has gowy! Öz ruhy dünýäňizi pajygaly görkeziň. Beýle keşp duýgulary ýoýlan tomaşaçylara gerek. Ýöne göýä göwün göterijilikli häsiýeti bar ýaly bolup, sizi asmana galdyrmakçy bolýan söýgüli usullaryňyzy öz golaýyňyzdan kowuň.

Şertli döredilen daş keşbiň we aldawyň ganaty bolmaýar. Adam bedenine uçmak berilmändir. Ol iň gowy ýagdaýynda ýerden birnäçe metr ýokary böküp biler, ýa-da aýaklarynyň burnuna galyp, asmana gernip, süýnüp biler.

Adamyň pikiri, duýgusy, hyýaly uçup bilýär. Diňe şolara göze görünmeýän ganat berlipdir, olaryň enesi-de, bedeni-de ýok. Biz haçanda siziň aýdýan asman belentliginiň gürrüňini etjek bolsak, onda diňe şolar hakda aýdyp bileris. Biziň hakydamyzdaky janly ýaşaýşyň ýatlamalary, biziň arzuwlarymyz «keşbi başdan geçiren ýaly döretmegiň» çuň gatlarynda gizlengi.

Ine, asmana galyp bilýän zat, özem, ol diňe asmana däl-de, arşa göterilip, entek tebigatyň döretmedik dünýälerini-de döredip bilýär, ine, şeýle çäksiz hyýaly duýgy aktýorda bar. Hut şolar, ýagny duýgular, pikir, hyýallar tomaşa zalyndan daşa gidip bilmeýärler, olar tomaşa zalynyň guly. Şonuň üçin hem olar sizi günüňize goýmaly däl, özi hem siziň: «Bizi ýere gömmä-äň! Biz demigýäris! Biziň ganatymyzy gyrmaň! Älem-jahandaky bakylyga ýakyn barmak üçin ganatymyzy ýaýmaga ýol beriň, aktýorçylygyň lenji çykan usullaryny bermäň-de, bize belentligi beriň!» diýen sözleriňizi aýdyp, sesiniň ýetdigine gygyrmaly.

Arkadiý Nikolaýewiç gahar bilen aktýorçylyk usulynyň howaýy ýagdaýda ýerine ýetirilişini Goworkowyň özüni görkezmäge çalyşýan häsiýetine öýkünip, gözilginç gülkünç suratda görkezdi.

– Siziň ganatyňyzy ylhamyň joşguny alyp götermese we öz bady bilen alyp gitmese, beýlekilere garanda siziň bat almagyňyz üçin, fiziki iş hereketleriniň hakykydygy we oňa çyndan ynanmam size has gerek bolar (33).

Siz artistçilige zerur bolan maşklardan gorkýarsyňyz. Olary ýerine ýetirmegi özüňize kiçilik bilýärsiňiz. Siz näme üçin umumy düzgün-kadalary ýerine ýetirmekde özüňizi beýleki okuwçylardan üýtgeşik hasaplaýarsyňyz?

Tansçy, agşam boljak tomaşada guş ýaly ýeňil gopmak üçin, öz taýýarlyk görýän ýerinde gara derini döküp we hyklap-hyklap, zerur maşklaryny uzynly gün geçýär, aýdymçy agşam konsertde öz ruhy dünýäsini açyp görkezjek bolup, ertir ir bilen bokurdagyny arçap ugraýar, dürli äheňlerde seslenýär, burun, bokurdak boşluklaryndan täze-täze sesleri, owazlary gözleýär, kellesindäki, bogazyndaky sesleri ýerli-ýerinde goýýar. Sungatyň hemme ugrundaky artistler hem öz bedeniniň etmeli maşklaryna göwnüýetmezçilik etmeýärler. Sebäbi aktýorçylygyň usullarynyň tehnikasy şol maşklary yzygyderli ýerine ýetirmegi talap edýär.

Siziň näme üçin ala-böle aýratyn bolasyňyz gelýär? Haçanda biz bedenimiziň we ruhy duýgularymyzyň tebigatyny öz aralarynda birek-biregi ykjam goldar ýaly taýýarlaýan mahalymyz, siz olary biri-birinden aýyrmakçy bolýarsyňyz. Bu bolşuňyzy hem az görüp, siz fiziki maşklardan büs-bütin ýüz öwürjek bolýarsyňyz (elbetde, dilde şeýle diýýärsiňiz!). Emma tebigat şeýle höwes edýän zadyňyzy size bermän, siziň üstüňizden güldi. Ol belent duýgy we duýgyňa laýyk özüňi alyp barmagyň deregine, size diňe aktýorçylyk usullaryny tehniki ýagdaýda ýerine ýetirip özüňizi görkezmegi beripdir.

Siz hemme okuwçylardan beter keşbiň diňe daş sypatyny görkezmek bilen çäklenýärsiňiz. Ony hem hünärmentlik usullarynyň, aktýorçylygyň howaýy hyýalbentliginiň, hetjikläp lenji çykan galyplaryna salyp, uly höwes bilen ýerine ýetirýärsiňiz.

Haýsy birimiz belende galmaga golaý, daraklygyňyza galmagy başarýan we sözde asmanda-da gaýýan, durmuşda weli tomaşa zalynyň guly bolan sizmi ýa-da artistlige gerekli tehnikany onuň fiziki iş hereketleri bilen bilelikde öwrenen we olardaky hakykata hem-de ynama bil baglap, adam ykbalynyň çylşyrymly häsiýetlerini öz duýgularyna gaplap tomaşaçylara görkezip bilýän menmi? Ýerde haýsy birimize eýerýänleriň kändigini özüňiz çözüň.

Goworkow dymdy.

– Akyla sygmaýar! – diýip, Torsow az salym sesini çykarman oturdy-da, batly sesi bilen gürledi. – Döredijiligiň belentligine galmak ukyby hemmelerden az berlenler we uçmak üçin göze görünmeýän ganat berilmedikler, şol belentligiň gürrüňini köp edýär ekeni. Şeýle adamlar sungat we döredijilik hakynda çylşyrymly,

düşünmesi kyn we howaýy toslamalary ulanyp gürleýärler. Gyn artistler bolsa öz sungaty hakynda sada we düşnükli edip aýdýarlar.

Siz birinji toparyň adamsy ýaly-la?!

Şunuň hem pikirini ediň we şol bir wagtda tebigatyňyzyň size peşgeş beren keşbiniň mümkinçiklerine içgin garasaňyz, ähtimal, siz sungata zerur döredijilik adamsy we örän oňat artist bolup bilersiňiz.

Goworkowdan soň Welýaminowa maşklary gaýtalady. Onuň sadaja maşklary sazlaşykly ýagdaýda özboluşly delillendirip ýaramaz ýerine ýetirişini görüp men geň galdym.

Arkadiý Nikolaýewiç okuwçynyň öwgüsini ýetirip, oňa stoluň üstünde ýatan gaty galyň kagyzy bedenine sünçmegi buýurdy.

Welýaminowa etýudynyň tragediýasynyň başlanýan ýerine ýetensoň, agaç aýakda ýöreýän ýaly hereketleri edip «ýaka ýyrtyp» başlady. Ol etýudynyň iň dartgynly ýerinde bolsa şeýle bir bagyrdy weli, okuwçylaryň hemmesi diýen ýaly pyňkyryşmakdan saklanyp bilmediler.

Torsow şeýle diýdi:

– Meniň bir daýzam bardy. Ol jemgyýetiň ýokary gatlagynyň bir wekiline durmuşa çykdy. Soň görüp otursak, asyl, ýokary gatlagyň birkemsiz zenany bolup çykdy. Daýzam gabat gelýän durmuş gapma-garşylyklarynyň hemmesinde, öz ugur tapyjylyk sungatyny ussatlyk bilen ulanyp, ýokary gatlaga laýyk syýasatyny juda ökde hem-de sazlaşykly alyp baryp maksadyna gowuşdy. Şeýdensoň, hemmeler oňa ynandylar. Ynha, bir gün hem oňa buthanada jynazasy okalýan atly-abraýly merhumyň hossarynyň gözüne tüýs ýüreginden gynanýan kişi hökmünde görünmek gerek bolýar. Meniň daýzam dünýäden öteniň tabydynyň başujuna baryp, opera teatrynyň artistkasynyň keşbine girip, merhumyň ýüzüne dykgatly seredip, üns berer ýaly dymyşlygy saklap, tutuş buthanany ýaňlandyryp, badyhowa waspnama aýtmaga başlaýar:

«Hoş gal, dost! Hemme edeniňe minnetdar!»

Ol bu sözleri aýdýarka hakykaty duýmak duýgusy ony taşlady oturyberdi. Şonuň üçin daýzamyň gynanjyna hiç kim ynanmady. Siziň hem sahna işiňizi ýerine ýetirişiňiz şol daýzamyň bolşuna meňzedi. Keşbiň komediýa degişli ýerlerini hezil edip tüýs ýerine düşürdiňiz we men size ynandym.

Emma keşbiň dartgynly ýerinde weli siz ýasama, agaç aýakly ýaly hereket etdiňiz. Meniň pikirimçe, siziň hakykaty duýmak ukybyňyzyň birtaraplaýyn bolmagy ahmal, ýagny komediýa duýgyňyz size tebigy berlipdir, dartgynly wakalary ýerine ýetirmekde bolsa tebigy ukybyňyz gowşak. Siz hem edil Goworkow ýaly teatr sungatynda öz hakyky ornuňyzy tapmagyňyz gerek. Öz wagtynda öz ukyp-başarnygyňy kesgitlemek biziň sungatymyzda örän wajypdyr (34).

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç biziň duýgularymyzdaky hakykaty we ynamy seljermegini dowam etdi we ilkinji nobatda Wýunsowy sahna çagyrdy.

Ol Maloletkowa bilen sahnada bile oýnaýardy.

Wýunsow etýudyň birinji ýarymyny örän oňat edip öz duýgularynyň üstünden geçirip ýerine ýetirdi diýip men ynamly aýdyp biljek. Ol bu sapar meni edýän iş hereketleriniň çäginden çykman hereket etmegi bilen geň galdyrdy we özünde tebigy ukybynyň bardygyny ýene-de bir sapar görkezdi.

Arkadiý Nikolaýewiç ony öwdi hem-de dessine oňa öz belliklerini aýdyp ugrady:

– Siz sahnada «ölüm» ahwalatyny suratlandyranyňyzda, näme üçin bu ajy hakykaty sahna meýdançasynda hiç mahal göresiň gelmeýän ýagdaýda ýerine ýetirdiňiz, ýagny garnyňyzy çişirip-çekip, ýüregiňizi bulap, gaýtaryp, ýüz-gözüňizi çytyp, tutuş bedeniňizi sandyratdyňyz?..

Okuw sahna işiniň şu ýerinde siz durmuş ýagdaýyny çintgäp görkezmäge çalşyp, şol ugruň hatyrasy üçin muňa ýykgyn etdiňiz. Size ölüm ahwalaty diňe ölümiň hatyrasyna gerek boldy. Siz «keşbi başdan geçiren ýaly döretmegiň» iň soňky minutlarynyň ýatlamalaryna görä ýaşamadyňyz, sizi tomaşaçylaryň adam bedeniniň daş sypatynyň fiziki taýdan ölşüniň ýatlamalary gyzyklandyrdy.

Bu nädogry.

Gautmanyň «Gannele» pýesasynda durmuş hakykatyny köre-kör (naturialistik) suratlandyrmaga ýol berilýär. Bu usuly sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň manysynyň ýitileşmegini gazanmak maksady bilen ulanypdyrlar. Bular ýaly usuly kabul edip bolar.

Emma taşlanjak hapa ýaly edip durmuş hakykatynyň bir bölegini gerekmejek halda ulanmak nämä gerek? Şular ýaly mysallar we hakykatlar çeperçilik babatyna-da laýyk däl we onuň täsirliligi-de gowşak bolar. Ýigrenji zat gözel zady döredip bilmez, gara gargadan ak kepderi dogmaz, ýandak gül bolup gögermez. Şonuň üçin hem durmuş hakykatyndaky biziň bilýän hemme hakykatymyz teatr sungaty üçin peýdaly däldir.

Sahnada hakykat durmuşy bolmalydyr, ol owadanlanan däl-de, çyn durmuşy ahwallaryny teatryň sahnasynda görkeziler ýaly derejede taraşlanmalydyr. Ol durmuşy nukdaýnazaryndan hakykata golaýladylmalydyr, döredijilik nukdaýnazaryndan bolsa bellibir derejede çeperleşdirilmelidir.

Goý, sahnada görkezilýän oýunlar durmuşy bolsun, goý, olar çeper bolsun, goý, olar bizi belende götersin.

– Şolar ýaly çeperçilik nämeden ybarat bolýar? – diýip, Goworkow äheňinden kinaýasyny aýyrman sorady.

– Men siziň nämäni soraýandygyňyza düşünýärin: sungatyň belende göterýän güýji hakynda söhbet edesiňiz gelýär. Geliň, söhbet edeliň.

Mysal üçin, pikirimi size şeýleräk terzde düşündireýin. Çekilen surat bilen fotografiýanyň arasyndaky çeper hem-de çeper däl hakykatyň tapawudy nähili bolsa,

meniň aýdýanlarymyň hem edil şolar ýaly tapawudy bardyr, ýagny sungatyň fotosurat görnüşi düşürilen predmetiň haýsy-da bolsa bir ýagdaýyny hemme jähtden görkezýär. Çekilen suratda bolsa, suraty çekilýän predmetiň diňe düýp manysy beýan edilýär. Şekillendirilýän materialyň ýüzünde predmetiň düýp manysyny beýan etmek üçin zehinli suratkeş bolmaly. Ýa-da Wýunsowyň «Pullary ýakmak» okuw sahna işinde öz gahrymanynyň keşbini ýerine ýetirişini alyp göreliň. Oňa göze ilip duran zady görmek gerekdi, ýagny tomaşaça küýkiniň ölüm pillesinde nähili fiziki horluklary çekýändigini görmekden, küýkiniň ölýändigini bilmek zerur. Anha, şol hereketleriň haýsy-da bolsa birini fotosurat ulanýar. Olar çekilýän surata gerek mana zeper ýetirýär. Olaryň her biri ölümi, hakykatdan-da, häsiýetlendirýärler-de, diňe şonuň bilen hem çäklenýärler. Ýöne bular entek hakykaty beýan edýän häsiýetleriň hemmesi däldir. Sebäbi esasy pikir – ölüm, ýakyn hossaryň dünýäden ötmegi ikinji orna geçer. Olara derek tomaşaçynyň gözýaş dökmeli ýerinde, olary ögetjek derejedäki esasy pikire daş häsiýetler öz beýanyny tapar.

Görýäňizmi, şeýle ýagdaýda näme etmelidigi maňa düşnükli, ýöne men ony size aýtmakçy däl! Näme üçin? Sebäbi käbir gözleg etmäge ýaltanýanlary arkaýynçylyga salmakçy däl, çünki olar sähelçe düşündiriş alan dessine, eýýäm çeperçilik babatda hemme zada düşünendirin öýdýärler. Men şeýle düşünjäniň ýalňyşdygyny kepillendirýärin. Ol düşünje hiç hili peýda bermeýär we artiste iň zerur bolan bilesigelijilige, aňlaýjylyga zeper ýetirýär.

Eger-de men bu soraga jogap bermekden bilgeşleýin ýüz öwürsem, onda, tersine, ol düşündirilmedik soraglar sizi howsala salýar, gyzyklandyrýar hem-de tolgundyrýar. Şunlukda, sizi hüşgärlige iterýär.

Men şol sebäpli hem size sungatyň çeperçiligini söz bilen bellibir düşünjä gaplamak isleginden el çekýändigimi mälim edýärin. Men tejribe toplamak bilen iş salyşýan. Şonuň üçin hem sözde däl-de, işde siziň çeper hakykatyň nämedigini duýmagyňyza we düşünmegiňize kömek edip biljek. Emma maňa düşünmek üçin size örän uly çydamlylyk, tagapyllyk gerek bolar. Sebäbi men bu düşünjäni tutuş okuw kursunyň dowamynda ýa-da has dogrusy, siz tutuş okuw kursuny özünde jemleýän «Düzgün-kadany» tamamlanyňyzdan soňra düşündirip bilerin.

Haçanda siz adam durmuşynyň yzygiderlilik bilen çeper beýana öwrülişini, taraşlanylyşyny, uşakgöz elekden elenip sahna sungatyna gaplanyşyny synlanyňyzda, özüňiz hem düşünersiňiz. Bu dessine emele gelmeýär, ol tutuş keşbiň boýdan-başa iş hereketleriniň bir-birini döredip, özaralarynda seplenmeginde bellibir durmuş akymyna laýyk peýda bolýar. Onuň esasy pikirini jemläp, ony sahna laýyk hem-de owadandan ykjam şekile we sypata salyp, artykmaçlyklaryny aýryp, öz aň-paýhasymyza daýanyp, artistiň ukybyna laýyklykda, zehine, duýga, ýakymlylyga gaplap, keşbi seredýänleriň gözüne şahyrana, gözel, sazlaşykly görner ýaly, sada, düşnükli, göwne makul we dünýäsini arassalaýjy bolar ýaly ýagdaýa salýarys.

Şu ýagdaýlaryň hemmesi sahnada döredilen işiň diňe bir dogry we hakykatyň ýerlikli ýerine ýetirilendigine kömek etmek bilen çäklenmän, ony ýokary çeperçilikli häsiýetde döretmek endigininiň-de aýdyň subutnamasydyr.

Ine, şu gözelligiň we çeperçiligiň diýseň wajyp duýgusyny gury sözler bilen galyba salyp kesgitläp bolmaýar. Olar duýgyny, tejribäni, işleri öz başyňdan geçirmegi, öz bilesigelijiligiňi, möhleti, wagty talap edýär.

Wýunsowdan soň Maloletkowa «Taşlanan bäbek» diýen sahna işini ýerine ýetirdi. Bu okuw sahna işiniň gysgaça mazmuny şeýle: Maloletkowa öýüne gelende gapysynda taşlanan bäbegi tapýar. Çaga açlygyndan onuň elinde jan berýär. Maloletkowa başda taşlanan bäbegi tapanyna çyny bilen aşa şatlandy we oňa edil janly gurjak ýaly seretdi. Ol bäbejigi elinde göterip köşeşdirdi, ikiýana yralady, arlygyny täzeledi, öpdi, guwanyp ene mähri bilen synlady, mata dolanan taýajyk bilen iş salyşýandygyny düýbünden ýadyndan çykardy.

Bäbek birdenkä onuň iş hereketlerine üns bermegini kesdi. Maloletkowa onuň hiç bir zada üns bermeýändigininiň sebäbini biljek bolup uzak wagtlap bäbegi synlap oturdy. Ýüz-gözi yzygiderli üýtgedi. Onuň ýüzündäki gorky we geň galmak ýitileşdigisaýy, pikiri bir ýere jemlendi. Ol usul bilen bäbegi diwanda goýdy-da, bäbekden yza çekildi. Maloletkowa gaýra çekilensoň, bolan waka akyl ýetirip bilmän, tragiki ýagdaýda gymyldaman doňup galdy. Bar bolany şular. Başga hiç zat bolmady.

Emma bu işde, gör, nähili hakykat, ynam, sadalyk, ýakymlylyk, zenana mahsuslyk, jaýdarlyk, hakyky dartgynlylyk bolup geçdi. Maloletkowa nähili ajaýyp ýagdaýda ýaşaýşa uly isleg bildirýän ýetişen gyz maşgalanyň joşgunly höwesi bilen bäbegiň ölümini bir-birine gapma-garşy goýmagy başardy! Ol, gör, nähili inçeden çuňňur, hezil edip ýaşap duran bäbejigiň ölümi bilen ilkinji sapar ýüzbe-ýüz durmagy we ýaşaýşyň tükenen ýerine ilkinji sapar seretmegiň hötdesinden geldi!

– Ine, çeper hakykat! – diýip, Maloletkowa etýudyny soňlap gapdal perdelere girip gidende Torsow uly buýsanç bilen seslendi. – Onuň hemme zadyna ynanýarsyň. Sebäbi ol hakykatyň hemme zatlary ynandyryjy, hakyky durmuşdan alnan hem-de ýaşalan. Şol bir wagtyň özünde-de, gabat gelen zatlar ulanylman, diňe gerek bolan zatlar waka laýyk ulanylýar. Köp hem däl, az hem däl. Maloletkowa her bir zady synlap, ondaky gözellgi saýgaryp we ony ulanmagyň çenini-çakyny bilýär. Bu wajyp häsiýet.

– Bu ýaňy başlan ýaş okuwçynyň hünäre beýle ýüňi ýeten bolmagy nireden peýda bolduka? – diýip, käbir görübilmezçilik edýänler düşünmän soradylar.

– Tebigy zehinlilikden, esasan bolsa – hakykaty adatdan daşary arassa, ajaýyp duýýanlygyndan. Islendik döredijilik inçeden yzarlanyp hakykata laýyk bolsa, ol hökmany suratda ýokary çeperçiliklidir. Ýasamalykdan gaça durýan, zaýalanmadyk tebigy gözellikden gowy zat bolup bilmez!

Arkadiý Nikolaýewiç sapagyň soňunda bize şeýle diýdi:

15. Sargyt № 3176

– Size sahna meýdançasynda hakykaty duýmak, aldawçylyk we ynam hakynda häzirlikçe aýtmaly zatlaryň hemmesini aýtdymmykam öýdýärin.

Tebigatyň bu eçilen peşgeşini näzeýilli ösdürmegiň we beýan etmegiň usullarynyň pikirini etmegiň wagty ýetdi.

Olary görkezýän ýagdaýlar, mümkinçilikler we işler köp. Sebäbi hakykat we ynam duýgulary hemme zatda görünýär. Öýde ýa-da sahnada döredijilige taýýarlyk geçýärkäň, oýun oýnaýarkaň.., tapawudy ýok, olarda-da şol duýgular görnüp dur. Teatrda artist näme etse-de, tomaşaçy nämäni görse-de, şol hakyky duýgyny özüne siňdiren we hakyky duýgyny kepillendiren sungat bolmaly.

Aýdylanlar nazara alnanda hakykaty görüp, ony ösdürmek üçin biziň mekdepdäki, teatrdaky, öýdäki edýän işlerimiz-de gulluk edip biljekdigi aýdyň boldy.

Indi bize bu pursatlaryň hemmesiniň zyýan bermeginden, ýasamalygy, näsazlygy we ýalany döretmeginden ägä bolup, hakykaty duýmak düşünjämiziň ösmegine we berkemegine oňyn täsir edip, peýdaly bolmagyny gazanmagyň aladasyny etmek galdy.

Hakykata laýyk sözlemek we iş hereketlerini etmek ýeňil iş däl, ýöne munuň tersine, hakykaty ýoýmak we ýalana ýugurmak weli ýeňil.

Örän uly üns, pikiriňi jemlemek we Torsowyň öz okuwçysynda hakykatyň dogry ösmegini hem-de berkemegini yzygiderli barlap durmagy gerek.

Güýjüňiz ýetmeýän pursatlardan we siziň tebigatyňyza ters, sazlaşyksyz, pikiriňize çapraz bolan pursatlaryndan gaça duruň! Olar sizi dogry ýoldan çykarar. Size zor salar, sizi ýalançylyga, näsazlyga iterer. Sahna meýdançasynda ýoýlan hakykatyň ýygy-ýygydan peýda bolmagy çynyň, hakykatyň bilini omurýar. Sebäbi ýalan çyny ýok etmek bilen bolýar.

Sahna meýdançasynda näsazlyga we ýalana öwrenişmekden gorkuň. Olara siziň döredijiligiňizde öz köküni urmaga ýol bermäň. Olaryň köküni gaýduwsyzlyk bilen sogrup taşlaň. Bolmasa dereksiz döredijilik peýda bolar we sizdäki ýaňy ösüp barýan iň gymmatly we iň zerur bolan hakykaty duýmak endikleriňiziň köküne palta urar.

# IX. ÝITI DUÝMAKDAN GALÝAN ÝATKEŞLIK

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Sapak Torsowyň kän wagtdan bäri gaýtalanmaýan «Peji gyzdyrmak we däli» hakyndaky okuw sahna işimize dolanmagy teklip etmegi bilen başlandy. Esli mahaldan bäri okuw sahna işimizi ýerine ýetirmeýändigimiz üçin, talyplar bu teklibe höwesjeň ýapyşdylar. Galyberse-de, ozal abraý getiren we bilýän okuw sahna işiňi gaýtalamak oňat bolýar. Biz sahna işimizi öňküden hem beter iş hereketimizi janlandyryp ýerine ýetirdik.

Geň zat ýok, her kim nähili iş hereketlerini etmelidigini bilýär. Özümize bolan ynam gopbamsyramagymyza alyp bardy. Biz öňki bolşumyz ýaly Wýunsow gorkan mahaly herimiz bir ýana gaçyp dagadyk.

Ýöne bu gezek gorkmagymyz biz üçin garaşylmadyk waka bolmady. Biziň gorkmaklyga taýýarlanmaga wagtymyz boldy. Kimiň nirä gaçmalydygyny öz aramyzda kesgitledik. Şonuň üçin biziň bu iş hereketlerimiz hem has aýdyň, ynamly ýagdaýda bolup geçdi, sebäbi gapynyň öňüne üýşürilmeli zatlary öňünden mazaly taýýarladyk. Biz hatda sesimiziň ýetdiginden gygyryp hem goýberdik.

Özüm barada aýtsam, men öňkülerim ýaly stoluň aşagyna girdim. Ýöne men küldany tapmanymdan soň, elime ullakan albomy almaly boldum. Beýleki talyplar hakynda-da ýagdaý şeýleräk boldy:

Welýaminowa bu okuw sahna işini öňki sapar ýerine ýetireninde Dymkowa bilen çakyşyp, elindäki ýassygyny gaçyrypdy. Bu sapar welin, olar çakyşmadylar. Emma Welýaminowa şonda-da elindäki ýassygyny gaçyryp, ony gaýtadan ýerden galdyrdy.

Torsow bilen Rahmanowyň sahna işini ýerine ýetirişimize beren bahasy hemmämizi haýran galdyrdy.

Olar:

– Biziň ozalky ýerine ýetirişimizde özboluşlylyk, çyndan ynanyp ýerine ýetirmek, täzeçillik we hakykata golaýlyk bardy. Siz bu gün sahna işiňizde sazlaşyksyzlygy, çynyňyz bilen ýerine ýetirmeýändigiňizi we gerek bolmasa-da öňki ýerine ýetiren iş hereketleriňizi gaýtalap bize görkezdiňiz – diýip, nägilelik bildirdiler.

Okuwçylaryň köpüsi mugallymlaryň aýdan belliklerine jogap tapmadylar.

Ýöne olaryň:

– Biz çyndan duýup, wakalary duýgularymyzyň üstünden geçirdik ahyry! – diýenleri hem boldy.

– Hemme kişi ýaşaýan mahaly her bir bolup geçýän pursatda näme-de bolsa bir zady duýup, duýgusynyň üstünden geçirýär – diýip, Torsow düşündirdi. Eger-de ol hiç zady duýmasa we hiç zada baş galdyrmasa, ol adam asla janly bolup bilmez. Diňe ölen adam hiç zady duýmaýar. Esasy mesele, siziň edil şu mahal sahna meýdançasynda döredijilik bilen meşgul bolanyňyzda nämäni duýandygyňyzda we nähili duýgyňyzyň üsti bilen wakalary janlandyranlygyňyzda. Geliň, sahna işini öňki ýerine ýetirişiňiz bilen şu günki ýerine ýetirişiňizi seljerip, deňeşdirip göreliň.

Okuw sahna işinde mizansahnalary, wakanyň bölekleriniň seplerini, daşky iş hereketlerini, olaryň yzygiderliligini, iň uşak toparlara çenli topara bölüşiňizi geň galarlykly derejede saklandygyňyza şübhe ýok. Gapa direlip goýlan mebele ser salyň. Ony ýerleşdirişiňiz ýa-da beýleki zatlary goýşuňyz, olaryň edil öňki duran ýagdaýy ýaly. Şeýlelik bilen, sahna işiňiziň daşky we fiziki taraplaryny geň galarlyk derejede takyk gaýtaladyňyz. Bu ýagdaý sizde mizansahnalaryň gurluşyny, bölekden-bölege geçilendäki fiziki iş hereketlerini we beýlekileri ýatda saklap biljek ýiti ýatkeşligiň şaýatnamasydyr.Ýöne size näzeýilli durmak, nähili toparlanmak wajypmy näme? Maňa – tomaşaça siziň özüňizi nähili duýýandygyňyzy, içki dünýäňize laýyk iş hereketlerini ýerine ýetirendigiňizi bilmek has-da gyzykly. Sebäbi biz durmuşdan duýgymyzyň üsti bilen alýan şahsy iş hereketlerimizi ýerine ýetirýän keşbimize gaplap, sahnada keşbiň durmuşyny gurnaýarys ahyry. Ine, şular ýaly duýgularyňyzy bolsa, siz maňa görkezip bilmediňiz.

Bize siziň sahna meýdançasynda içki dünýäňize çaýylyp delillendirilmedik daşky durmuşy beýan edýän mizansahnalaryňyz, wakalary toparlara bölüşiňiz gerek däl. Okuw sahna işiňizi şu günki ýerine ýetirişiňiz bilen öňki ýerine ýetirişiňiziň tapawudy şu aýratynlyklardan ybarat.

Men ilkinji gezekde sahna işindäki dälilik meselesine garaşylmaýan wakanyň, ýagny idegsiz kişiniň geläýmeginiň-de mümkindigini ýatladanymda, hemmäňiz bir adam ýaly bolup, wajyp mesele bolan goranmak meselesine ünsüňizi jemlediňiz. Hemmäňiz boljak ýagdaýa baha berdiňiz. Diňe baha bereniňizden soň, iş hereketine başladyňyz. Bu bolşuňyz dogry. Waka laýyk, özi hem duýgyňyza görä ynandyryjylykly iş hereketleri bilen amala aşdy. Bu gün bolsa, tersine, siz söýýän oýnuňyzy ýerine ýetirmelidigiňize begenip, «hödürlenen ýagdaý» barada pikir etmän we oňa baha bermän, dessine ozalky ýerine ýetiren iş hereketleriňiziň daşky bolşuny gaýtaladyňyz. Bu nädogry.

Okuw sahna işinde birinji sapar-a – dym-dyrslyk, ikinji saparda bolsa – şadyýanlyk, göçgünlilik höküm sürdi. Ikinji gezek sahna işiňizi ýerine ýetireniňizde özüňize ozaldan beletje zatlaryňyzy taýýarlamak bilen bolduňyz, ýagny Nazwanow – küldana derek albomy, Wýunsow – şelpeli çyranyň asawajyny, Welýaminowa – ýassygy..., aý, garaz, her biriňiz nämäni ulanmalydygyňyzy bilipjik dursuňyz, zaluwatlar!..

– Küldanyň ýanyna butaforlary goýmagy unudypdyryn – diýip, men özümi aklamak bilen boldum.

– Siz näme, birinji sapar butafor goýup iş hereketlerini ýerine ýetirdiňizmi?

Ýa-da Wýunsowyň gygyryp gorkuzjagyndan siziň habaryňyz barmydy? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç ýaňsa alyp gürledi. – Geň zat! Siz nädip şu gün albomyň size gerekdigini bildiňiz?! Ol garaşylmadyk ýagdaýda siziň eliňize düşen bolmaly ahyryn. Şu gün şeýle we şular ýaly pursatlaryň garaşylmadyk halda gaýtadan gabat gelmedigi gynandyryjy ýagdaý. Ine, ýene bir zady birin-birin aýdaýyn:

Birinji sapar sahna işinde hyýalyňyzdaky däliniň gelip giräýjek gapysyna siziň hemmäňiz gözüňizi aýyrman, edil iýäýjek bolup seretdiňiz. Bu gün bolsa siz biz bilen, ýagny tomaşaçylar bilen gümra bolduňyz. Sizi ýerine ýetirýän parçaňyzyň bize nähili täsir edýänini bilmek gyzyklandyrdy. Siz däliden gizlenmegiň deregine, bize özüňizi görkezdiňiz. Eger-de siz birinji sapar okuw sahna işinde içki duýgyňyzyň, aňyňyzyň, durmuş tejribäňiziň aýdýan ýol-ýörelgesine laýyk iş hereketlerini ýerine ýetiren bolsaňyz, bu sapar welin, köre-körlük bilen mehaniki ýagdaýda diýen ýaly, sahna işiniň birinji saparky ýasalan ýodasyndan ýörediňiz. Siz ilkinji gezek oňat bolan taýýarlyk işiňizi jikme-jik gaýtaladyňyz. Şu günüň hakyky ýüzüni görkezýän täzeligi görkezip bilmediňiz. Siz materiallaryňyzy durmuş hakykatyndan alman, aktýorlaryň ýatlamalaryndan aldyňyz. Ozal sahna işiniň içki dünýäsi öz-özünden döräp, iş hereketlerini adaty ýagdaýda beýan eden bolsa, bu gün sahna işiniň içki dünýäsiniň tomaşaçylara täsirini güýçlendirjek bolup, ýasamalyk bilen çişirildi.

Bir söz bilen aýdanyňda, siziň bolşuňyz bir mahal bir ýaş ýigidiň Wasiliý Wasilýewiç Samoýlowyň ýanyna masalahata baryp, sahna çykyp biljegini-bilmejegini soraýşyna meňzeýär (35).

Şonda tanymal artist:

– Baryň, meniň ýanymdan çykyň-da, soňra täzeden gelip, ýaňky aýdanyňyzy maňa gaýtadan aýdyň – diýip, oňa tabşyrypdyr.

Ýaş ýigit ilkinji gezek gelende birinji gelşiniň daşky iş hereketlerini gaýtalap bilipdir. Emma ol birinji gelenindäki içki duýgusyny welin, gaýtalap bilmändir. Ol ikinji gezek gelende daşky iş hereketlerini öz içki duýgusy bilen delillendirip bilmändir.

Men ýaş ýigidiň işini mysal getirmek bilen siziň şu günki işiňiziň edil şonuňky ýaly ugruna bolmandygyny ýaňzydýaryn. Ýöne welin, bu gürrüňi söz ugruna aýdyp berendigimi hem size duýdurýaryn. Men näme üçin beýdenimi size düşündireýin:

Durmuş hakykatynda bolsa temanyň täzeligi we garaşylmadyk ýagdaýlar köplenç, döredijiligi oýandyrmaga oňat täsir edýär. Sahna işini birinji sapar ýerine ýetireniňizde şu aýdanym göze ilip durdy. Gapynyň daş ýüzünde däliniň duraýmagynyň mümkindiginiň çaklamasyny aýtmagym, siziň çyndan tolgunmagyňyza sebäp boldy. Meniň şol çaklamam siziň garaşmaýan zadyňyz. Bu sapar bolsa sahna okuw işiňizde size hemme ýagdaýlar belli, düşnükli, aýan bolandygy üçin, garaşyl-

madyk wakalar ýitip gitdi. Hatda onuň içki manysyna goşulyp sazlaşmaly daşky häsiýetleri-de şeýle boldy.

Şular ýaly ýagdaýda durmuş hakykatynyň wakalaryny duýup, çyndan ýaşanyňdan soň, şol durmuş tejribäňe dolanyp, ony düzetjek bolup seljermek gerekmikä? Haçanda Iwan Platonowiç bilen men bu sahna işi hemme tarapdan kanagatlanarly diýenimizden soň, ol iş nämä gerek? Okuw sahna işiniň taýýar edilen daşky görnüşi aktýory özüne imrindiriji, maýyl ediji zat! Siziň ýaňy teatryň sahnasyna aýak basýan halatyňyz taýýarja, özi hem ýadyňyzda oňat iş hereketleri bilen galan sahna işi gabat gelse, oňa maýyl bolmagyňyza geň galyp oturasy iş ýok.

Emma şu gün ýadyňyzda ýatkeşlik arkaly galan wakany duýup ýerine ýetirmek meselesi welin, sizde ýerine düşmedik mesele.

– Ýatda galan wakany duýmak? – diýip, men düşünmäge çalyşdym.

– Hawa. Biz ol düşünjä başga näme diýip at bereliň?! «Ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik». Bizden öň işläp taýýarlan Ribonyň «Düzgün-kadasynda-ha» oňa «Täsin ýatkeşlik» diýip at beripdik (36). Şu mahal bu düşündiriş ýatyryldy. Onuň ýerini çalyşýan adalga bolsa goýulmady. Bize bolsa bu düşünjäni özüne baglaýan söz gerek. Şeýle nukdaýnazardan oňa häzirlikçe, «Ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» diýip at dakalyň.

Okuwçylar bu düşünjäniň nämäni aňladýandygyny has aýdyň düşündirilmegini soradylar.

– Siz Ribonyň düzgüni bilen görkezjek mysalymdan ol düşünjäniň nämedigine düşünersiňiz.

Deňizde gezelenç edýän iki kişini gaý turup, dagyň gaýasyna gysypdyr. Olar halas bolanlaryndan soň, bolan wakany tanyşlaryna gürrüň beripdirler. Biriniň hakydasynda gören zatlarynyň hemmesi galypdyr, ýagny nirä, nähili, näme üçin gidendigi, nireden düşendigi, nädip düşendigi, nirä bökendigi. Olaryň ikinjisiniň hakydasynda bolsa bular ýaly zatlaryň hiç birisi-de galmandyr-da, diňe nämeleri duýandygy galypdyr, ýagny ilki ol başyna düşen ýagdaýa haýran galypdyr, soňra diri galmak üçin seresap bolupdyr, onsoň ynjalyksyzlanypdyr, ýöne umytdan düşmändir, ynamy welin bulaşypdyr we iň soňunda aljyrapdyr.

Ine, şu ikinji kişiniň hakydasynda galan zatlar «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik».

Eger-de şu gün siziň ýadyňyzda gezelenç eden ikinji kişiniň ýadyndaky zatlar ýaly, «Däli» atly sahna işini birinji gezek ýerine ýetireniňizdäki wakalar galan bolsady; eger-de siz şolary ýoýman, maksadalaýyk, täzeden ulanyp bilen bolsadyňyz; eger-de şu aýdylan iş hereketleri siziň islegiňiz bilen däl-de, öz-özünden döresedi, men şonda «Ine, şu, ýokary derejeli, hakyky «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» diýip aýdardym.

Emma, gynansak-da, beýle ýagdaý örän seýrek duş gelýär. Şonuň üçin men talabymyň derejesini peseldip, şeýle diýmekçi:

Ilki okuw sahna işiniň mizansahnalarynyň daşky görnüşinden ugur almakdan başlaýyn. Ýöne olar siziň öňki iş hereketleriňizden geçen duýgularyňyzy ýatlatsyn. Siz şol ýatlamalary «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» hökmünde duýuň. Okuw sahna işini şeýle duýgy bilen ýerine ýetiriň. Şonda men siziň ýatkeşligiňize adatdan daşary, ýokary derejeli däl-de, oňat «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» diýip bilerin.

Men talabymy mundanam peseldeýin: size okuw sahna işiniň daşky häsiýetleri ýasama ýagdaýda ulanyp, mälim mizansahnalary we fiziki iş hereketlerini janlandyrman, birinji gezekki ýaly etýudyň iş hereketlerine «hödürlenen ýagdaýa» laýyk baha bermän ýerine ýetirmegiňize-de ýol berip bilerin. Bular ýaly ýagdaýda täzeden «eger-däni» we «hödürlenen ýagdaýy» döredip, olary seljerip, ünsi, hyýaly, hakykaty, ynamy, aňy oýaryp, ol duýgulary işe çykarmak üçin psihotehnikanyň kömegi gerek bolýar. Eger-de siz şu aýdanlaryma hötde gelseňiz, şonda men sizde «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» bar diýip, ynanyp bilerin.

Emma siz şu gün meniň şu aýdýanlarymyň hiç birini-de ýerine ýetirmediňiz. Şu gün siz, birinji gezelenje çykan kişi ýaly, diňe daşky görnüşdäki iş hereketlerini içki dünýäňize görä ýaşaman, tötänleýin takyklykda gaýtaladyňyz. Şu gün siz, diňe ahyrky netijäniň aladasyny etdiňiz. Ine, men şonuň üçin hem şeýle diýýärin: siz öz «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiňizi» ýüze çykaryp bilmediňiz.

– Diýmek, ol bizde ýok? – diýip, men ahmyrly seslendim.

– Ýok. Siz nädogry netije çykarýarsyňyz. Biz muny indiki sapakda barlap göreris – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç parahat jogap berdi.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Bu gün sapak meniň «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligimi» barlamakdan başlandy.

– Ýadyňyzdamy? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç maňa ýüzlendi: – siz aktýorlaryň otaglarynyň ýanyndaky eýwanda Moskwiniň şäheriňize çykyş etmäge gelende onuň ýerine ýetiren sahna oýunlarynyň özüňizde uly täsir galdyrandygyny aýdypdyňyz. Siz şu mahal onuň mundan bäş-alty ýyl ozalky keşbini ýatlap, birin-birin aýdyp bilersiňizmi hem-de şol oýny ýatlan badyňyza öňkiňiz ýaly sizi ýiti tolgunma gaplap alarmy?

Men:

– Belki, indi ol ýatlamalar edil öňkim ýaly ýiti täsir etmeseler-de, men olary ýatlanymda meniň ol ýatlamalar hyjuwymy oýarýar – diýdim.

– Haçanda siz şol ýatda galan zatlar hakynda oýlananyňyzda siziň ýüregiňiziň urgusy artýarmy?

– Elbetde, eger-de men şol ýatlamalara özümi aldyrsam, ýürek urgym çaltlanýar.

– Şonda aktýorlaryň otagynyň eýwanynda siz dostuňyzyň pajygaly ýagdaýda aradan çykandygyny maňa gürrüň bereniňizde, siz göwnüňizde ýa-da fiziki taýdan nämeleri duýduňyz?

– Men oňardygymdan şeýle ýatlamalardan gaça durýaryn. Sebäbi olar meni kösençli hala salýarlar.

– Ussat Moskwiniň çykyşlarynda, dostuňyz ýogalanda başdan geçirenleriňizi gaýtalamaga kömek edýän ýatkeşlige «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» diýilýär. Birmahal gören wakalaryňyzy, tebigy häsiýetleri, adam keşplerini we ş.m. ýatlanyňyzda olary janlandyrýan, görenini unutmaýan ýatkeşlik bolan «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» hem duýgyň üsti bilen ozal ýaşap geçen pursatlaryňy täzeden janlandyrýar. Göräýmäge, olar düýbünden unudylan ýaly bolsa-da, birden şolara meňzeş pikirler, tanyş keşpler sizi täzeden, edil birinji saparky ýaly, kämahal birneme gowşagrak, kä pursatlarda bolsa az-owlak üýtgänräk ýagdaýa salýar. Eger-de siz ozal ýaşap geçen pursatlaryňyzy ýatlanyňyzda ýüzüňiziň reňk-peti üýtgeýän bolsa ýa-da haýsy-da bolsa bir pursady ýatlamakdan gorkýan bolsaňyz, diýmek, ýatkeşligi özünde saklaýan duýgyňyz bar, ýagny «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiňiz» bar. Emma köpçüligiň öňüne çykyp, döredijiligiň kyn ýagdaýlary bilen özbaşdak göreşmäge entek güýji ýeter ýaly däl, ol ýeterlik derejede ýitileşmändir.

Indi, siz maňa aýdyň – diýip, Torsow howlukman Şustowa ýüzlendi. – Landyş gülüniň ysy size ýaraýarmy?

– Ýaraýar – diýip, Şustow jogap berdi.

– Burçuň tagamy nähili?

– Diňe özüni iýmegi halamaýaryn. Ýöne sygyr etiniň gapdalyndan iýmeli bolsa halaýaryn.

– Tüýlek pişigi ýa-da tüýli matany sypalamagy...?

– Hawa.

– Siz şolary sypalanyňyzda özüňizde bolup geçýän duýgularyňyzy oňat ýatda saklaýaňyzmy?

– Ýatda saklaýaryn.

– Sazy gowy görýäňizmi?

– Hawa.

– Siziň söýgüli aýdymyňyz barmy?

– Elbetde.

– Mysal üçin, haýsylar?

– Çaýkowskiniň, Grigiň, Musorgskiniň romanslaryny söýýärin.

– Siz olary ýatda saklap bilýäňizmi?

– Hawa. Meniň gulagym poslan gulaklardan däl.

– Bu eşidiş ýatkeşligi – diýip, Torsow söhbedini goşmaça düşünjä sapdy:

– Meniň pikirimçe, siz şekillendiriş sungatyny hem halaýana meňzeýärsiňiz?

– Örän halaýaryn.

– Siziň söýýän suratyňyz barmy?

– Bar.

– Siz olary hem ýatda saklaýaňyzmy?

– Gaty gowy ýatda saklaýaryn.

– Siz tebigaty söýýäňizmi?

– Ony kim söýenok?

– Siz otagyň gurluşyny, onuň içindäki zatlary, her bir zadyň durşuny, görnüşini gowy ýatda saklaýaňyzmy?

– Ýatda saklaýaryn.

– Adamlaryň ýüz keşbini hem unutmaýarsyňyzmy?

– Hawa, eger-de maňa täsir etse, şolaryň keşbini ýatda saklaýaryn.

– Mysal üçin, siz kimiň keşbini has aýdyň ýatda sakladyňyz?

– Kaçalowyň ýüz keşbini. Men ony ýakynjakdan gördüm. Şonda onuň ýüz keşbi mende örän uly täsir galdyrdy.

– Diýmek, sizde gören zadyňyzy hakydaňyzda galdyrýan ýatkeşlik hem bar.

Duýgynyň gaýtadan ýatladýan bäş görnüşi bilen şu aýdylanlaryň hemmesini ýaňadan janlandyryp bolýar. Olar «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» oýarýan duýgulary däl. Olar özbaşdak duýgular. Muňa garamazdan, men «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligi» düşündirýärkäm, maňa düşündirmek amatly bolar ýaly, wagtal-wagtal şu bäş duýgynyň gürrüňini hem ederin.

Sahnada artiste biziň bäş duýgymyzyň duýýan zatlary gerekmikä? Eger-de gerek bolsa, nämöçberde gerek? Şu soraglara jogap bermek üçin her bir duýýan zatlarymyzy öwrenip geçeliň.

Dünýädäki zatlary hakyda salyp ýatda galdyrmak işinde bäş duýgynyň iň kämili görüş duýgusydyr.

Eşidiş duýgusy hem örän ýiti.

Şonuň üçin hem biziň duýgularymyza göz we gulagyň üsti bilen ýeňil täsir edip bolýar.

Käbir suratkeşiň içki dünýäsiniň görüş ýatkeşligi örän ýiti bolýar, adam ýüz keşbiniň suratyny çekende, olara şol keşbi çekilýän adamyň özüniň ýanynda durmagynyň zerurlygy-da ýok.

Käbir sazandalaryň içki eşidiş ýatkeşligi juda taýýar ýagdaýda bolýar. Ol hatda ýaňy eşiden simfoniýasyny-da ujypsyzja nätakyklyklary goýberip, täzeden, edil şol simfoniýany bitewi ýazgysyndaky ýaly eşidiş ýatkeşliginde saklap bilýär. Sahna sungatynyň artistleriniň hem sazandalaryňky we suratkeşleriňki ýaly, içki dünýäsinde eşidiş we görüş ýatkeşlikleri bolýar. Ol şolaryň kömegi bilen gören we eşiden zatlarynyň hemmesini, ýagny görşüne we eşidişine görä adamyň ýüz keşbini we onuň üýtgeýşini, bedeniniň gurluşyny, ýöreýşini, özüni alyp barşyny, hereketlerini, sesini, olaryň durmuşda bir-biri bilen sözleýşini, egin-eşiklerini, ulanýan zatlaryny,

tebigatyň janly görnüşlerini we beýlekileri... öz ýadynda saklap, olary gaýtadan oýaryp bilýär.

Bulardan başga-da adam, onda-da artist adam durmuşda gören we eşiden zatlaryndan gaýry, entek eşitmedik we görmedik ýagdaýlaryny hem ýatlap, olary hakydasynda ýaňadan janlandyryp bilýär. Görüş ýatkeşligi ösen artistler özlerinden nämäniň talap edilýändigini iş hereketleriniň üsti bilen görkezilse halaýarlar. Şonda olar gürrüňi edilýän duýgyny ýeňillik bilen oýandyrýarlar. Eşidiş ýatkeşligi kämillige ýeten artistleriň bolsa ýerine ýetirmeli keşbiniň sesini we sözleýiş häsiýetlerini eşidesleri gelýär. Bularda duýgyny oýarýan ilkinji itergi eşidiş ýatkeşliginden başlanýar.

– Bäş duýgynyň beýlekilerini nädip kesgitlemeli? Ýa-da olar sahna sungatynda gerek dälmi? – diýip, men gyzyklandym.

– Gerek!

– Onda sahna sungatynda olary nämede we nädip ulanmaly?

– Göz öňüne getiriň – diýip, Torsow düşündirişini dowam etdi – hamala siz A. P. Çehowyň «Iwanow» pýesasynyň üçünji bölüminiň birinji parçasyny ýerine ýetirýärsiňiz diýeliň. Ýa-da göz öňüne getiriň, siziň kim-de bolsa biriňiz Goldoniniň «Myhmanhananyň hojaýyny» eseriniň esasynda goýlan tomaşada begzada di Ripafrattyň keşbini ýerine ýetirmeli diýeliň. Onuň üçin Mirandoliniň hamala, aýdaly, ussatlyk bilen gaty kagyzdan taýýarlanan butafor naharyny iýensoň özünden gidip ýykylmagy gerek bolýar (37). Şu sahnanyň ussatlyk bilen iş hereketleriniň ýerine ýetirilişi diňe siziň däl-de, hatda tomaşaçylary hem haýran edip, olaryň işdäsini açyp, agzynyň suwarmagyny gazanmaly. Bu iş hereketlerine şeýle amal etmek üçin ilki nähilidir bir horanlygy, işdämenligi göz öňüne getirmeli, goý, diýeli, ragu nahary däl-de, keşbi ýerine ýetirijiniň ölemen halaýan başga bir nahary bolup biler. Şeýtmeseňiz, siz naharyň tagamynyň örän oňatdygyny duýgularyňyzyň üsti bilen beýan etmän, ýasama beýan etmeli bolarsyňyz.

– Duýuş duýgusy näme? Ol sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda nähili gerek bolýar?

– Hiç bolmanda Sofoklyň «Edip şa» eserinde haçanda Edibiň gözleri batyl bolansoň, çagalaryny sypalap-sermeläp tanajak bolýan sahnasynda duýuş duýgusy keşbiň ynandyryjylykly bolmagynda uly rol oýnaýar. Şular ýaly ýagdaýda size «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» örän gerekli bolýar.

– Emma meni, siz bagyşlaň welin, ökde artist olar ýaly zat üçin duýgusyna agram salman, öz tehniki usuly bilen şol iş hereketlerini ýerine ýetirip goýberýär – diýip, Goworkow çekinmezden, öz pikirini mälim etdi.

– Olar ýaly özüne göwnüýetijilik bilen ynanýan kişä hawa diýmäň. Tebigatyň aňrybaşyna çenli akyl ýetirip, duýup bolmajak inçeden ýiti sungatyna, aktýorçylyk sungatynyň berkden-berk taplanan tehniki usullary hem deň gelip bilmez. Men

öz ömrümde köpsanly mekdeplerden tälim alan we dürli milletden bolan tanymal aktýorlaryň tehniki usullylaryny we ýokary ussatlyga ýetenlerini gördüm. Olaryň hiç biriniň-de tebigatyň bize görünmeýän salgy bermesi bilen galan belentliginiň derejesine ýetip bilmändigini nygtaýaryn.

Biziň çylşyrymly tebigatymyzyň köpsanly örän zerur taraplarynyň, aň-paýhasymyza laýyk gulluk etmeýändigini-de unutmaly däl. Diňe tebigat şol biziň aňymyz bilen ýetip bilmeýän zatlarymyza hötde gelýär. Şolar ýaly tebigy agzalarymyz kömek bermese, duýgularyň üsti bilen beýan etmek işini ýerine ýetirýän çylşyrymly bedenimizi doly ulanyp bilmän, onuň bellibir böleklerini ulanmak bilen çäklenmeli bolýarys.

Biziň sungatymyzda göze ýakymlylyk, aňlamak, ys almak duýgularynyň az ýatlanylyp, az ulanylýandygyna garamazdan, olar käbir ýerde uly mana eýe bolýarlar. Şonda-da olar diňe kömekçiniň roluny ýerine ýetirýärler.

– Olaryň kömegi nämeden ybarat? – diýip, men çintgäp soradym. –Siziň bu soragyňyza mysalyň kömegi bilen jogap bereýin. Men ýaňy-ýakynda synlan bir wakamy ýatlamakçy; iki sany ýaş ýigit, agşamky içhä-içişlikden soň, özleri hem düşünmeýän biedep sözleri aýdyp, polka tansynyň heňini ýerine ýetirdiler. Olaryň biri:

– Bu?.. Bu nirede bolupdy-aý?.. Biz şonda, nawlaryň üstünde otyrmydyg-aý? Ýa-da gurlan geçelgede?.. – diýip, bolan wakany ýatlajak bolup jan etdi.

– Ötüki, geçelge bu ýerde näme işleýär-ow!.. – diýip, beýlekisi ýoldaşyna azgyryldy.

– Sen çepde otyrdyň, sagda bolsa... Sagda kim otyrdaý? – diýip, birinji keýpli kişi öz ýadyny tijemek bilen boldy.

– Sagda.., hiç kimem oturmady, hiç hili naw-da ýokdy. Ýöne biziň ýewropalylaryň taýýarlaýşy ýaly, gowrulan balyk etini iýenimiz-ä hakykat, walla...

– Üstümize sepilýän gül suwunyň we ýasama suwlaryň ýürekbulanjy ysy siňen, porsap duran balykmy... – diýip, birinji aýdylan sözleriň üstüni ýetirdi.

– Hawa, hawa – diýip, ýoldaşy ony goldady. – Gülleriň ysy bilen ýewropalylaryň taýýarlaýşy ýaly bişirilen balygyň ysy, ýigrenji we unudyp bolmajak keýpihonlygy döretdi!

Bu yslar olaryň gapdalynda leňňeç iýip oturan zenany ýatlamaga kömek etdi.

Soňra olar, hakykatdan-da, oturan stoluny, stoluň bezelişini, naw agaçlaryny gördüler. Şol arada-da keýpihonlaryň biri, garaşylmadyk ýagdaýda fleýtanyň-tüýdügiň sesine öýkünip, sazandanyň şol guralda saz çalşyny görkezdi. Olaryň hatda dirižýor hem ýadyna düşdi. Şeýdip olaryň iýen zatlarynyň tagamynyň, ysynyň aňynda gaýtalanmak işi bolup geçdi. Bu ýatlamalar bolsa eşitmek we görmek ukyplaryna täsir edip, şol şady-horram bolan agşamlaryny olaryň ýadyna düşürdi. Ahyrynda, keýpihonlaryň biri biedeplik bilen oýnan polka tansynyň birnäçe bölegini ýatlady. Beýlekisi hem öz gezeginde, tansyň ýene-de birnäçe bölegini ýoldaşynyňka goşdy.

Soňra olar dirižýora öýkünip, ýadynda galan polka tansynyň biedep sözlerini-de tutuşlygyna ýatlaryna saldylar.

Emma munuň bilen iş tamamlanmady: keýpihonlar içgili haldakalar, nähilidir bir göwnedegişligi ýatladylar-da, gahar bilen jedel etdiler. Şeýdip, ahyrynda ýene-de sögüşdiler.

Şu mysaldan biziň bäş duýgymyzyň bir-biri bilen örän baglanyşyklydygy, bir-biriniň oýanmagyna kömek edýändigi we olara «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň-de» öz täsirini ýetirýändigi aýdyň görnüp dur.

Şeýlelikde, görşüňiz ýaly, artiste diňe bir «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» däl, beýleki bäş duýgynyň hem ýatkeşligi zerurdyr.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Torsowyň teatryň topary bilen Moskwadan gidendigi üçin sapaklarymyz wagtlaýynça geçilmedi. Taýýarlyk işleri bilen gümra bolmaly bolduk. Beýleki tans, gylyçlaşmak, sahna dili, aýdym, beden maşklary, ylmy sapaklary geçdik. Sapagyň geçilmeýändigi üçin, meniň gündeligime ýazýan belliklerimiň hem arasy üzüldi.

Emma soňky wagtlar «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» meniň şahsy durmuşyma öz täsirini ýetirjek we biziň sungatymyza örän zerur boljak pikirleri oýaran wakalar bolup geçdi. Ynha, olar:

Men ýaňy-ýakynda Şustow bilen öýe gaýtdym. Biz gelýärkäk Arbatda biziň ýolumyzy üýşüp duran märeke baglady. Men köçe oýunlaryny halaýanym üçin öňe süýşüp, birinji hatara bardym. Ol ýerde meniň gözümiň alnynda aýylganç ahwal bolup geçdi. Meniň edil öňümde eňegi döwlen, iki goly kesilen we aýagynyň ökjesiniň ýary çapylan garyp goja gana bulaşyp ýatyrdy. Ölen gojanyň ýüz keşbi eýmençdi: kül bolan aşaky äňi çüýrän dişlerini çöwrüp agzyndan çykarypdyr we gana bulaşan murty öňe tarap jaýtarylyp durdy, gollary bolsa bedeninden gopup, aýratyn ýatyrdy.

Meniň göwnüme, olar uzalan ýaly bolup, günäsiniň ötülmegini dileýän ýalydy. Bir barmak bolsa kimdir birini gorkuzjak bolýan ýaly, asmany görkezip, çommalyp durdy. Ädiginiň gonjy, gojanyň aýagynyň süňki we eti düw-dagyn bolup ýatyrdy. Ganyna galan bendesiniň üstüne abanyp duran tramwaýyň wagonynyň sypaty äpet we eýmenç bolup görünýärdi. Ol jesediň üstünde edil ýyrtyjy ýaly düşlerini syrtardyp haşlaýardy. Sürüji maşynyň bir ýerlerini bejermäge güýmenýärdi. Ol şeýtmek bilen eden işini ulagyň gurat däldigi bilen delillendirjek bolýardy.

Öleniň ýüzüne çiňerilip sereden biri onuň üstüne abandy. Soňra oýurganyp durdy-da, hapa ýaglygy öleniň burnunyň deşiklerine dykdy. Onuň golaýynda bolsa oglanjyklar suwy hem gany depişip oýnaýardylar. Gyzyl ganyň akýanja salmajygyna ereýän garyň akymy goşulanda, täze goňrumtyl reňkli suwuklygyň emele gelmegi çagajyklara gyzykly bolup görünýärdi. Bir zenan maşgala aglaýardy, galan

aýallar gorky, bilesigelijilik, keşdi çekmezlik bilen ýüzüni çytýardylar. Lukmana, tiz kömegiň arabasyna, häkime we beýlekilere sabyrsyz garaşýardylar.

Ýagty günüň, arassa, göwün göteriji, bulutsyz gök asmanyň astynda durmuşyň hakyky keşbini görkezýän bu aýylganç hadysa dünýämi agdar-düňder edýän terzde täsir etdi. Men bu heläkçilik bolan ýerden gaýdan bolsam-da, kän wagtlap onuň düşüren elhenç hopukdyryjy täsirinden çykyp bilmedim. Uzyn günläp şu ýazyp beýan edilen ahwalym meniň ýadyma düşüp, göwnümi gama batyrdy durdy.

Men gije oýandym, gündizki gören wakamy göz öňüne getirdim weli, meni öňküdenem beter gorky gurşap aldy. Maňa ýaşamak howply bolup göründi. Gören heläkçiligim durmuşda görenimden has eýmenç bolup ýadyma düşdi. Belki, gije bolany üçin şeýle bolýandyr. Sebäbi tümlükde hemme zat has-da wehimli görünýär ahyryn! Emma men munuň sebäbini «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlikden» gözledim. Sebäbi şol ýatkeşlik her bir wakany ýatlanyňda ony güýçlendirýär. Men özümde duýgyny oýarmak üçin örän oňat ýatkeşligiň bardygyny delillendirýän gorkaklygyma hatda begendimem.

Men birki hepdeden soň Arbatdan geçenimde, islemesem-de şol günki heläkçiligiň bolan ýerinde säginip, oýlanyp, ýaňy-ýakynda bolan wakany ýatladym. Aýylganççlyk ötdi, diňe durmuşda bir adam kemeldi. Heläkçiligiň delilleriniň soňkusyny ýok edýän ýaly, ýoly süpüriji arkaýyn öz işini ýerine ýetirýärdi. Tramwaýyň wagonlary gana bulaşan ýowuz ýerdäki ýol bilen hezil edip o ýan-bu ýan gatnaşyp ýörler. Bu gün wagonlar şol gezekki ýaly syrtarmaýardylar, haşlamaýardylar, gaýta, uly isleg bilen gezelenç etmekçi ýaly, dürli owazly jaňjagazlaryny kakyp, zoguldylaryny çalyp geçýärdiler. Şol günki heläkçilik zerarly meniň aňymda dörän durmuşyň baky däldigi hakyndaky ýatlamam, indi başgaça bolup göründi.

Bolan gödek, durmuşy heläkçilik, ýagny çöwrülen eňek, çapylan gollar, aýak bölegi, asmany görkezip çommalyp duran barmak, gan çaýylan suwda çagalaryň jarlawuk oýnaýyşlary şu gün maňa şol saparkysyndan indi birneme gowşak we başgaça täsir etdi. Keşdim çekmezlik duýgym ýitip, onuň ýerine gozgalaň salýan duýga gaplandym. Men göwnümde bolýan üýtgemeleri şeýle kesgitleme bilen beýan ederdim: men heläkçiligiň bolan güni, köçe wakalaryny ýazýan žurnalist ýaly, gözümiň alnynda bolan wakanyň täsiri astynda, gazet üçin ötgür, täp-täze bolan habary ýazardym.

Bu gün bolsa, rehimsizlige garşy gaty täsirli feleton ýazmaga güýjüm ýetjek. Indi, şol heläkçilik ýadyma düşende, onuň durmuşda jikme-jik bolup geçişi meni tolgundyrman, bu betbagtçylykda ölen kişä gynanyp ýüregim awady. Bu gün ajy gözýaş döküp duran zenan maşgalanyň ýüz keşbi aýratyn mähribanlyk bilen ýadyma düşdi. Geň galaýmaly, wagt biziň «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligimiziň» üýtgemegine nähili uly täsir edýär eken!

Şu gün irden mekdebe barýarkam, has takygy, heläkçiligiň bolan gününden eslije wagtdan soň, ýene-de şol ýeriň deňinden geçdim. Ýene-de bolan wakany ýat-

ladym. Ýerde edil şu günki ýaly ap-ak gar ýatyrdy. Bu – durmuş. Süýnüp, nirädir bir tarapa uzaýan ýaly görünýän gara göwre. Bu – ölmek. Syzýan gan – adamyň içki dünýäsinden oýanýan howp-hatarlar. Daş-töweregimizi gurşap ýatan, edil şol heläkçilik bolan günündäki ýaly ýagtylyk, açyk asman, güneş – bu pajygaly waka gapma-garşy duran tebigat – bakylyk. Gapdalymyzdan içi ýolagçylardan doly wagonlar bolsa şol bakylyga barýan nesiller ýaly bolup meniň hakydamda galdy. Bu ahwal ýaňy-ýakynda tutuşlygyna meniň göwnüme – eýmençlik, soňraklar – rehimsizlik, indi bolsa beýik bakylyk bolup göründi. Birinji gün mende bu hadysa hakynda žurnalist hökmünde gazete gündelik hroniki wakalar ýaly ýazmak islegi dörän bolsa, soňra bu hadysa barada pelsepewi felýeton ýazmak islegi döräpdi. Indi bu hadysa barada ýazmak islegi meni şygryýet dünýäsine alyp gitdi.

Men «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» duýgularyny üýtgetmeginiň netijesinde ýaňy-ýakynda Puşiniň maňa aýdyp beren gürrüňi hakynda oýlandym. Biziň gadyrdan eli açyk gardaşymyz birmahal bir oba gyzy bilen bile ýaşapdyr. Olar gowy ýaşapdyrlar.

Emma ol gyzyň üç sany aýryp bolmajak ýetmezçiligi bar ekeni: birinjiden, ol ýaňra eken. Özi hem düşünjesiniň pesligi üçin sammyk-summuk zatlary gürleýär eken. Ikinjiden, onuň agzy porsumyş. Üçünjiden bolsa, ol uklanda hor çekýärmiş. Şu ýetmezçilikler Puşiniň ondan aýrylyşmagyna sebäp bolupdyr. Esli wagt geçensoň, Puşin gaýtadan öz Dolsineýasy hakynda arzuw edip başlapdyr. Gyzyň ýetmezçilikleri, indi Puşiniň göwnüne uly bir zat däl ýaly bolup görnüpdir, ýagny olar wagtyň geçmegi bilen solup öçüşipdirler-de, gaýta, gowy häsiýetleriniň aýdyňlaşmasy has güýçlenipdir. Garaşylmadyk duşuşyk bolup geçýär. Puşiniň kireýine ýaşamak üçin giren jaýynda, onuň Dulsineýasy öý hyzmatçysy bolup işleýär eken.

Netijede, olar basym öňküleri ýaly bile ýaşamaga başlapdyrlar. Indi Puşiniň «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligi» durmuş hakykatyna öwrülensoň, ol ýene-de Dulsineýasyndan aýrylmagyň arzuwynda ýaşaýar.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Geň zat. Indi men Arbatda bolan şo-ol heläkçiligi esli wagtdan soň ýatlanymda meniň gören zatlarymyň hakydamda galanlarynyň arasyndaky tramwaýyň wagony hemme gören wakalarymdan öňinçä göz öňümde janlanýar. Şol heläkçilikdäki wagon däl-de, ol wakadan has öň bolan wakadaky wagon ýadyma ilki düşýär. Ol waka şeýle bolupdy:

Men şu güýz paslynyň bir güni gijagşam Streşneweden Moskwa öýe gelýärdim (38). Wagon adamsyz meýdana giren dessine relslerden çykdy duruberdi. Az sanly ýolagçylaryň el kömegi bilen wagony ýene-de öňki barýan ýoluna salmaly boldy. Şonda wagon meniň gözüme şeýlebir äpet bolup göründi, adamlar bolsa onuň ýanynda nalajedeýin, uşajyk jandarlara meňzäp gitdi.

Bir soragyň jogabyny meniň bilesim gelýär: näme üçin ýaňy-ýakynda Arbatda gören wakamdan has öň, birmahalky bolan waka meniň «ýiti duýmakdan galan ýatkeşligimde» çuň we berk galdyka? Ine, ýene-de bir şoňa meňzeş, geň galyp oturmaly zat:

Arbatdaky heläkçilikde ýere ýazylyp ýatan dünýeden öten dilegçiniň üstüne abanyp, çuňňur oýa batan nätanyş birini ýatlamda, meniň hakydamda Arbatdaky däl-de, başga bir waka janlanýar.

Men birwagtlar serb milletinden bolan kişä gabat gelipdim: ol ýanýodada demigip ýatan maýmynyň üstüne abanyp durdy. Bende, gözlerini ýaşdan dolduryp, maýmynyň agzyna hapalanan marmelad süýjüsini dykýardy.

Bu waka, dilegçi gedaýyň uçran heläkçiliginden meniň duýgularyma has güýçli täsir eden bolara çemeli. Ol meniň hakydamyň has çuň gatynda ýer tutupdyr. Köçede bolýan heläkçilikleri görenimde, dünýäden öten gedaý däl-de, ölen maýmyn; ölen dilegçiniň üstüne abanyp duran nätänyş däl-de, serb milletinden bolan adam ýadyňa düşýär. Eger men bu wakany sahna meýdançasyna geçirmeli bolaýsam, men hakydamdaky wakalary «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligimdäki» ýaly sahnalaşdyrman, başga hili, ýagny bireýýämki bolan wakany başga ýagdaýda, düýbünden başga gahrymanlar bilen, has dogrusy, serb milletinden bolan kişi bilen maýmyny goşardym. Bu näme üçin beýlekä?

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..19 ý.*

Torsow gastroldan gaýdyp geldi we bu gün arasyna maý düşen sapaklarymyz başlandy. Men heläkçilikden soň, özümde bolup geçen üýtgeşiklik barada mugallyma gürrüň berdim.

Arkadiý Nikolaýewiç synçylyk duýgusynyň üstünde işlänim üçin meni öwdi:

– Şu mahal «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» size öň gören wakalaryňyzy saýlamaga we duýmaga kömek edýär. Her kim öz ömründe ençeme heläkçiliklere duş gelýär. Hakydada olaryň ýatlamalary galýar. Şonda wakanyň hemme ýeri ýadyňda galmaýar-da, görene has täsir eden diňe belli-belli ýerleri galýar. Şular ýaly ýadyňda galan köpsanly bolan wakalardan haýsydyr bir uly we çuň manyly ýeke-täk duýga ýugrulan ýatlama döreýär.

Bu ýatlamalarda wakalaryň artykmaçlyklary ýok. Wakanyň diňe möhüm ýerleri bar. Bular birmeňzeş duýgularyň saýlantgylary. Ol özbaşyna bolan wakanyň kiçijik, aýratyn taraplaryna öz täsirini ýetirmän, onuň hemme tarapyna birmeňzeş täsir edýär. Bu uly möçberdäki ýatlamadyr. Bu ýatlama, hatda durmuş hakykatynda bolan wakadaky hadysalardan hem arassa, tutumly, bitewi, many-mazmuny has wajyp we ýiti bolýar.

Mysal üçin, men şu gezekki teatrymyzyň döredijilik sapary bilen öňküleri deňeşdirip görýärin. Şonda teatryň tomaşalary bu sapar mende köp oňat ýatlama-

lary galdyran bolsa-da, käbir uşak kemçilikleriň tomaşaçylar köpçüliginiň şatlygyny peseldýändigine-de duşdum.

Bu gynançly ýagdaý. Has ozalky saparlarda beýle ýatlamalar ýadymda galmady. «Ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» şeýle ýatlamalary wagtyň geçmegi bilen arassalap goýberdi. Bu, elbetde, gowulygyň alamaty. Şeýle bolmasa, wakalaryň esasy manyly ýerleri ýatda galman, uşak-düşek manylaryň arasynda ýitip giderdi. Wagt – ajaýyp süzgüç!

Ol bolan wakalarda dörän duýgularyňyzyň ýadyňyzda galanlaryny örän oňat arassalaýjydyr. Ondan başga-da wagt – ajaýyp suratkeş! Ol diňe bir arassalamak bilen çäklenmän, bolan wakadan ýadyňyzda galýanlaryny şahyranalyga gaplap-da bilýär.

Ýatkeşligiň bu häsiýeti bilen hatda hasratly, durmuşy we tebigy gödeksi ahwallar hem wagtyň geçmegi bilen gözelleşýär, çeperleşýär. Bu bolsa olary gaýtalanmajak we hemişelik hala salýar.

Emma tanymal şahyrlar we suratkeşler asyl nusga seredip döredýärler ahyry diýerler. Goý, diýseler diýibersinler. Olar asyl nusganyň suratyny almaýarlar ahbetin. Olar asyl nusgadan döredijilik joşgunyny alyp we öz dünýäsinden geçirip, «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» netijesinde galan wakalar bilen onuň üstüni ýetirýärler.

Eger-de şahyrlar betpäl zalymlaryň keşbini ýazmak üçin gören we duýan hakyky wakasynyň durmuşy ýagdaýyny surata düşürilen ýaly, hakykatdan-da, jikme-jik ýazsa, onda olaryň döreden eserleri halanmazdy.

Men şundan soň Torsowa meniň ýadymdaky dilegçiniň maýmyn bilen tramwaýyň bir wagonynyň beýlekisi bilen ýerini çalşyşyny gürrüň berdim.

– Bu ýerde hiç hili geň zat ýok. Men hemme ýerde gaýtalanyp gelinýän meňzetmeden ugur alyp aýdaýyn: biz duýgularymyzyň ýatda galdyran zatlaryny, kitaphanadaky kitaplary ulanyşymyz ýaly ulanyp bilmeýäris.

Siz «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» nämedigini bilýäňizmi? Köp otagly, köp öý goşly, köp şkafly, ululy-kiçili we iň kiçijiginde hünji monjuk saklanýan gutuly öýleri göz öňüne getiriň. Bellibir öýi, otagy, şkafy, tekjäni tapmak kyn däl. Emma içi monjukly gutujygy tapmak welin kyn. Ýöne tapylmaýan, ýalpyldap göze ilen, gözden elmydamalyk ýiten monjugy tapyp biljek ýiti göz hany? Diňe säwligiň kömegi bilen ony gaýtadan tapyp bolar.

Biziň ýadymyzy saklaýan ammarymyz hem edil şonuň ýalydyr. Onda-da özüniň şkaflary, tekjeleri, gapyrjaklary we gutulary bar. Olaryň käbiri elýeterli, käbiri bolsa elýeterli däl. Asmanda gaýyp bir sapar ýaldyrap, soňra baky ýitirim bolýan ýyldyzlar ýaly «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» şol monjukly gutusyny nädip tapmaly?

Haçanda olar gelip siziň dünýäňizi ýagtyldanda (maýmyn bilen serbiň keşpleri ýaly), Apollonyň ony göz öňüňize ýollanyna minnetdar boluň. Emma baky ýitip gi-

den duýgyňyzyň arzuwyny edip ony yzyna gaýtarjak bolmaň. Ertir serb adamsynyň ýerine nähilidir başga zatlar ýadyňyza düşer. Düşnükli bolan zada garaşmaň-da, şu günki bolan zat bilen kanagatlanyň. Täze inen ýatkeşlikler bilen gatnaşygyňyzy diňe sazlamagy oňaryň. Şonda siziň göwnüňiz täze gelen güýç bilen oýanar-da, pýesada ýygy-ýygydan gaýtalanýany üçin, ýatlamadaky tolgunmalaryň ýok bolup gitmesiniň öňüni alar. Siz joşarsyňyz, belki, şonda ylhamyň geläýmegi hem mümkindir.

Ýöne şo-ol öňki monjuklaryň yzyndan gidäýmäň. Ol edil ilkinji söýgi, çaga gülküsi, düýnki geçen gün ýaly hiç mahal yzyna dolanýan däldir. Siz her sapar şu güne laýyk, täze ylhamyň joşmagyna sebäp döretjek boluň. Goý, ol düýnküden gowşak bolsun. Olaryň öz-özüniň adaty ýagdaýda, şu güne laýyk, göz açyp ýumasy salymda siziň döredijilik hyjuwyňyzy oýarmak üçin peýda bolany gowy. Onsoň hem hakyky ylhamyň döredijilik uçgunynyň haýsysynyň gowy, haýsysynyň bolsa ýaramazdygyny kim kesgitläp biler?! Olaryň hemmesi gözel! Sebäbi, olar ylham!

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Men sapak başlanda Arkadiý Nikolaýewiçden düşünmeýän meselämi düşündirmegini haýyş etdim:

– Diýmek, monjukly gutujyk Apollon tarapyndan ýokardan ýollanylman, özümiziň dünýämizde saklanýarmy? Diýmek, ol ylhamlar ilkinjiler däl-de, gaýtalanýanlarmy?

– Bilemok! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç gönümel jogap bermekden sowulmakçy boldy. Gümürtik pikirleri seljermek meniň işim däl. Onsoň hem biziň ylhamy minutlarça gaplaýan gizlin syrymyzy ýok etjek bolmalyň. Gizlin syr owadan we döredijiligi gyjyndyrýar.

– Beýle bolsa biziň sahna meýdançasynda duýgymyza laýyk edýänlerimiziň hemmesi gaýtalamak däldir-ä? Sebäbi biz ilkinji sapar duýgymyza laýyk iş hereketini ýerine ýetirýäris ahyryn! Men, ine, şonuň üçin hem bilmek isleýärin: biziň başymyzdan hiç mahal durmuş hakykatynda geçmedik duýgynyň ylhamymyza ilkinji sapar gelip goşulýany gowumy ýa-da ýok? – diýip, men mugallymdan anyk jogap almaga çalyşdym.

– Gelip goşulýanyň nämelerdigine göz aýlamaly – diýip, Torsow aýtdy. – Ine, aýdalyň, siz Gamletiň keşbini ýerine ýetirýärsiňiz diýeliň. Soňky sahna böleginde korolyň keşbini ýerine ýetirýän öz dostuňyz Şustowyň üstüne gylyçly topulýarsyňyz. Özem, siz durmuşyňyzda entek gan görmedik halyňyza, birinji sapar şeýle ýat işi gaýduwsyzlyk bilen etmek isleýärsiňiz.

Aýdalyň, iş hereketiniň dowamynda siziň gylyjyňyz degen ýerini ganadyp bilmejek kütek butafor enjamy eken. Beýle enjam perdäni wagtyndan ir ýapdyrjak hem-de soňundan düşündiriş haty ýazylmagyny talap etjek çaknyşygyň bolmagyna mümkinçilik berýän ýagdaýy döredýär.

Şeýlelik bilen, eger-de artist üýtgemedik çyn durmuşy duýgusyna özüni aldyryp, keşbini ýerine ýetirip, öz döredijilik ylhamyna ýetmegi sahna oýny üçin peýdalymy?

Diýmek, duýgynyň çyn durmuşy pursady ulanylmasa, maksada laýyk bolýar-da?– diýip, men anyklamakçy boldum.

– Tersine, ulanylsa örän gowy – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç meni köşeşdirmek bilen boldy. –Ylham bezemen, güýçli, gönümel. Ýöne ol siziň göz öňüne getirişiňiz ýaly, ýagny tutuş aktyň dowamynda uzak wagtlap sahna meýdançasyna gelmeýär. Çyn durmuşy ylham duýgy iş hereketleriňiziň käbir pursadynda ýalpyldap gidýär we ýörite bölekler bolup keşbe siňip gidýär. Olar sahnada şeýle ýagdaýda ýüze çyksa örän gowy.

Men tüýs ýürekden olaryň tarapdary. Goý, olar bize ýygy-ýygydan gelip, döredijilikde biziň hemme zatdan gowy görýän çyn hyjuwymyzyň ösmegine täsir etsin. Çyn durmuşy duýgulardaky oslanmadyk gizlinligiň ýesir ediji syry – artist üçin döredijilige oýarýan güýç.

Ýöne bir zat gynançly: şol çyn duýgularyň gelen pursatlaryny sahnada ýaşanymyzda biz olara erk edemzok-da, olar bize erk edýärler. Şonuň üçin hem bize olaryň eýesi bolan tebigy ahwala, ýagny «Bar meseläni özüň çöz!» diýmek galýar. Özümize bolsa eger-de çyn durmuş duýgulary öz-özünden döreýän bolsa, goý, olaryň özleri, olara gerek wagty gelibersinler. Ýöne pýesa we keşbe çapraz gelmesinler diýmeli bolýarys.

– Diýmek, biz durmuşyň alasarmyk pikirlerini we ylhamyň meselelerini çözmekde kuwwatsyz we ejiz! – diýip, men göwnüçökgün seslendim.

– Biziň sungatymyzyň we onuň tehnikasy diňe bir durmuşyň ilkinji çyn duýgularynyň jemine baglymy näme? Olar diňe sahnada däl, hatda durmuşda-da seýrek – diýip, Torsow meni köşeşdirdi. – Bize olary gaýtalap ýatladýan ýatkeşligimiz bar ahyryn! Şonuň üçin ilki olary ulanmagy öwreniň. Bize olar has düşnükli.

Elbetde, garaşylmaýan, gümürtik meseleler diýseň özüne çekiji we täsin! Olar döredijiligiň halanýan, eý görülýän ugry. Biziň arzuw edýän ýagdaýlarymyz.

Şeýle-de bolsa olara düşünip gaýtalaýan «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» zerur diýip baş egip, ony çagyrmak hökman däl. Tersine, olary siziň söýmegiňiz gerek. Sebäbi diňe olaryň üsti bilen ylhamyň käbir ýagdaýlarynyň ýüze çykmagyna deňeç ýetip bolýar.

Biziň ugrumyzyň esasy ýörelgesini ýatlamak hökmandyr, ol şeýle jümlelerde jemlenýär:

Aň-paýhasyň üsti bilen düşnüksiz pikiri beýan etmek.

Gaýtadan ýadyňa düşýän duýgulary söýmeli diýýänimiň ýene bir sebäbi, artist döredýän keşbinde olaryň çem gelenini peýdalanman, hökmany suratda, saýlap-seçip, gözüniň görenini, süňňi bilen duýanyny, özüniň başyndan geçirenini ýa-da

hakydasynda ýaşaýanyny, özüne has ýakynyny, has-da gymmatlysyny, özüniň durmuşylygy bilen gyzyklysyny peýdalanýar.

Keşbi döredýän üçin özüniň her günki adaty ýagdaýda ýaşaýan durmuşyndan «ýiti duýgudan galýan ýatkeşligiň» kömegi bilen ýada düşen dürli duýgulardan örülip, dokalyp, gurnalyp beýan edilýän keşbiniň durmuşy has-da gymmatly.

Eýsem, ylham üçin bu esas dälmidir?! Artist öz saýlan ýatlamasynyň duýgusyny sahna çykaranda, ony has yhlasly, eserdeňlik bilen ulanýar. Bular ýaly ýagdaýda forma we gurnag pýesanyň talabyna laýyk üýtgeýär.

Emma artistiň keşbine laýyk adam ýaly duýmagy hökman durmuşy ýagdaýda galmaly. Olary galplaşdyrmak, aktýorçylygyň bigelşik hala salýan ýasama usullaryny ulanyp çalyşmak bolmaýar.

– O nähili? – diýip, Goworkow geň galdy. –Biz hökmany suratda, düşünýäňizmi, Gamletiň, Arkaşkanyň we Nesçastliwsewiň «Gök guş» sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyndaky Çöregiň we Şekeriň hemme keşplerimizde, göz ýetirmäge ygtyýar beriň, şol bir öz başdan geçiren duýgularymyzy peýdalanmalymy?!

– Elbetde, heý-de, başga hili bolarmy?! – diýip, Arkadiý Nokolaýewiç düşündirdi. – Artist diňe öz «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligi» bilen döredip biler. Ýa-da siz aktýoryň niredendir täzeden-täze ýat duýgulary we ruhuny alyp, her bir özüniň ýerine ýetirýän keşbine salmagyny isleýäňizmi? Heý-de, beýle zat bolarmy?

Ol özüne, gör, näçe ruhy dünýäni sygdyrýar! Öz ruhy dünýäňi özüňden sogrup taşlamaly däl. Onuň ýerine keşbe has laýyk gelýän ýat ruhy dünýäni karzyna alyp bolmaýar ahyryn.

Ol ruhy dünýäni nireden almaly? Entek öli, janlanmadyk keşpdenmi? Onuň özi janlanmak üçin siziň ruhy dünýäni bermegiňize garaşýar. Lybaslary saklamak üçin alyp bolar.

Emma başga adamyň ýa-da keşbiň duýgusyny weli alyp bolmaz. Beýle zadyň nädip edilýändigini, goý, maňa aýtsynlar! Meniň duýgym menden aýrylmaýar. Ol maňa degişli. Siziňki bolsa size degişli. Keşbe düşünip, ony duýup bolar, özüňi keşbiň ýerine goýup bolar. Edil beýan edýän keşbiň ýaly iş hereketlerine başlap bolar. Bu döredijilik iş hereketi artisti keşbine laýyk ýaşamaga alyp barar.

Emma bu duýgular beýan edilýän şahyryň döreden keşbiniňki däl-de, aktýoryňkydyr. Durmuşda ýa-da hyýalyňyzda nämäniň arzuwyny etseňiz-de, nähili duýgularda ýaşasaňyz-da, siz elmydama özüňize meňzeş bolup galýarsyňyz.

Sahnada hiç wagt özüňizi ýitirmäň. Elmydama artist adamy bolan öz adyňyzdan iş hereketlerini ediň. Özüňden hiç ýaňa gitmersiň. Eger-de öz «meniňden» ýüz dönderip el çekseň weli, onda daýanç-ynamyňy ýitirersiň. Bu bolsa elhençligiň iň ýamanydyr. Sahnada özüňi ýitirmek, keşbiňi öz duýgyňa laýyk ýerine ýetirmegi tamamlap, öýkünmä ýazan pursadynda ýüze çykýar. Şonuň üçin hem siz her näçe sahna oýunlaryny ýerine ýetirseňiz-de, nämeleri şekillendiren bolsaňyz-da, hiç bir düzgün-kada garamazdan, elmydama hökmany suratda, öz duýgyňyzy ulanmaly

bolarsyňyz! Şu düzgün-kadany bozmak, artistiň öz ýerine ýetirýän jansyz keşbini «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» bilen adam keşbine gaplaýan ýeke-täk umytdan keşbi mahrum edip, keşbiň ýoguna ýanmak bilen des-deňdir.

– Heý-de, elmydama öz-özüňi oýnap bolarmy?! – diýip, Goworkow haýran galdy.

– Bolar! – diýip, Torsow eglenmän jogap berdi. – Sahnada ömürbaky diňe öz-özüňi oýnamaly.

Emma dürli-dürli sazlaşykly düşünjeleri, meseleleriň dürli hili çözgütlerini, «hödürlenen ýagdaýlary» öz keşbiň üçin özüňde ösdürip ýetişdirip, öz «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» gönezligine eýläp, eýini ýetirip ulanmaly. Olar gowy zatlar we döredijiligiň içki dünýäsi üçin ýeke-täk maglumat materiallary. Şolardan peýdalanyň we özgäniňkini almak hakda pikir hem etmäň.

– Emma bagyşlaň welin, – diýip, Goworkow jedel etmegini dowam etdi – men özümde, düşünýäňizmi, bütin dünýäde görkezilýän sahna oýunlarynyň keşpleriniň duýgularyny ýerleşdirip bilmerin ahyry!

– Siz özüňizde ýerleşmeýän keşpleri hiç mahal oňat ýerine ýetirip bilmersiňiz. Olar size laýyk keşpler däl. Aktýorlaryň ukybyny ýerine ýetirýän keşbini alyp barşyna görä kesgitlemän, olaryň içki dünýäsiniň manysyna görä kesgitlemeli.

Biz geňirgenişip ýerli-ýerden: «Şol bir adam nädip hem Arkaşka, hem Gamlet bolup bilýär?» – diýişdik.

– Aktýor, ozaly bilen-ä, o-da däl, beýleki-de. Ol aýratyn şahs, içki we daşky dünýäsi ýiti ýa-da solak özbaşdak adam. Şol aktýoryň tebigatynda Arkaşkanyň ogruçyllygy, Gamletiň bagtlylygy we adyllygy bolmanam biler.

Ýöne adamyň ähli gylyk-häsiýetleriniň aýratynlyklarynyň tohumy, ukyp we nogsanlyk maňyzlary onuň tebigatyna sepilen. Aktýorçylyk sungatynyň tehniki usullaryny, adamyň adaty ýagdaýda tebigy aýratynlyklarynyň tohumyny we nogsanlyklaryny tapmagy başarmak üçin, aktýory hökmany suratda ugrukdyrmaly. Soňra bolsa aktýory ýerine ýetirjek keşbi üçin ösdürip ýetişdirmeli.

Şeýlelik bilen, sahnada görkezilýän keşbiň ruhuna artist tarapyndan, öz şahsy ruhy dünýäsiniň janly ynsan häsiýetleri, özüniň «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligi» we beýlekileri utgaşdyrylýar hem yzygiderli tertibe salynýar.

Arkadiý Nikolaýewiçiň şu açan zatlaryna meniň entek akylym ýetmeýärdi. Men mugallyma şeýle diýip hem aýtdym.

– Saz sungatynda näçe nota belgisi bar? – diýip, Torsow menden sorady. – Bary-ýogy ýedi sany – diýip, özi dessine jogap berdi. – Emma weli ýedi sany nota belgisiniň ýerine ýetirýän sazlary entek tükenerden daşda. Adamyň ruhy dünýäsinde bolsa, gör, näçe alamatlar, hal-ýagdaýlar, meýiller, duýgular bar? Olary meniň özüm-ä hasap edip göremok.

Ýöne olaryň saz nota belgisinden köpdügine welin, birjik-de şübhelenmeýärin. Şonuň üçin hem siz arkaýyn boluň, olar siziň bütin artistlik ömrüňize ýeter. Ynha, şeýle zatlary bilmegiň aladasyny ediň.

Birinjiden, öz ruhy dünýäňiziň «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşliginden» gerekli serişdeleri we usullary saýlap almagy.

Ikinjiden, şol serişdelerden we usullardan, adam durmuşynyň tükeniksiz utgaşmalaryny, häsiýetlerini, duýgularyny we isleglerini salar ýaly keşpleri dörediň.

Men erjellik edip soradym:

– Ol serişdeler we usullar nämeden ybarat?

– Hemme zatdan ötri «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiňizi» oýarmagy öwrenmekden ybarat – diýip, Torsow düşündirdi.

– Ony nädip oýarmaly? – Men tutanýerliligimi dowam etdim.

– Siz içki dünýäňizdäki köpsanly oýandyryjylaryň we serişdeleriň kömegi bilen bu işiň edilýändigini bilýärsiňiz. Emma daşky oýandyryjylar we serişdeler hem bar. Siziň bu soragyňyzyň jogaby çylşyrymly. Şonuň üçin hem ol hakda indiki sapakda aýdaryn.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu gün sapaklar ýapyk perdäniň aňyrsynda, biziň «Maloletkowanyň öýi» diýip atlandyrýan sahna meýdançamyzda geçdi. Ýöne biz bu öýi tanamadyk. Ozalky myhman otagy indi naharhana, öňki naharhana bolsa ýatylýan otaga öwrülipdir. Şkaflardan diwar gurup, giň otagy birnäçe kiçijik otaglara bölüpdirler. Hemme otaglarda arzan bahaly şkaflar ýerleşdirilipdir. Jaý, göýä diýersiň, öňki oňat öýi ýaramaz mebeller bilen otaglara bölägede, gazanç jaýyna – kireýhana öwrüp, şolaryň hasabyna şady-horramlyk bilen ýaşaýan şadyýan adamyň öýüne meňzeýär.

– Täze jaýyňyz gutly bolsun! – diýip, Iwan Platonowiç biz bilen salamlaşdy. Haçanda talyplar bu garaşylmadyk ýagdaýdan aýňalansoňlar, köpçülik bolup öňki göze ýakymly «Maloletkowanyň öýüne» dolanyp gelmegi haýyş etdiler. Onsoň hem olar bu jaýda özlerini ýaramaz duýýandyklaryny we gowy işläp bilmejekdiklerini aýtdylar.

– Hiç zat edip bilmeýän – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç başyny ýaýkady. – Teatr «Maloletkowanyň öýündäki» öňki zatlary öz meýilnamasyna laýyk görkezilýän tomaşalaryna gerek bolany üçin aldy. Bize bolsa olaryň ýerine, öz mümkinçiliklerine görä, şu zatlary berip, olary başardyklaryça ýerleşdirip goýdular. Eger-de size olaryň ýerleşdirilişi ýaramaýan bolsa, diňe şu zatlary özüňize ýarar ýaly edip goýup bilersiňiz.

Iş gyzyşdy. Tiz wagtyň içinde hemme zat bulaşdy.

– Saklanyň! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç gygyrdy. –Haýsy «ýiti duýgyňyzdan galýan ýatkeşligiňiz» we haýsy ýadyňyzda galyp gaýtalanýan duýgyňyz siziň şular ýaly bulaşyklygy döretmegiňize ýol berýär?

– Armawirde... haçanda... ynha... ýer yranmasy... süýşýär... mebel... bularam... – diýip, biziň ýer ölçeýänimiz we çyzgysyny çyzýanymyz Umnowlar samrady.

– Nädip aýtjagymy bilemok... Haçanda baýramyň öňýanynda otagyň ýerini ýuwanlarynda... – diýip, Welýaminowa ýatlady.

– Gadyrdanlarym, bolşuňyza ýüregim awaýar-da! Çäresiz hala salýaňyz! – diýip, Maloletkowa hüňürdedi.

Soňra mebelleri ýerleşdirmek meselesinde jedelleşildi. Bir topary mebelleri birhili ýagdaýda, beýlekileri başga hili, aý, garaz, her kimiň öz göwün islegine görä ýerleşdiresi geldi. Talyplar «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligine» laýyk, ol ýa-da beýleki mebeller toplumyny görenlerinde galkynyp, ruhlary göterildi. Ahyry mebelleri göze ýakymly suratda ýerleşdirdiler. Soňra beýleki zatlary-da ýerli-ýerinde goýmaga başladyk. Şonuň üçin çyralary ýakmaklaryny soradyk. Şolbada seslendirmek we yşyklandyrmak işleri başlandy.

Ilkinji gündäki yşyklary berdiler weli, göwnümizi şatlyk gurşap aldy. Şol bir wagtyň içinde, sahnanyň daşyndan dürli sesler eşidilip ugrady: awtomobiliň, tramwaýyň jaňynyň, fabrikleriň gudogynyň, parowozlaryň wagtal-wagtal jürlewüginiň sesleri geldi. Diýmek, bu gündiz, işiň gyzgalaňly mahaly.

Soňra ýuwaş-ýuwaşdan ýagtylyk soldy. Biz agşamyň ýadawlygyny şekillendirdik. Bizi ýakymly, az-owlak gaýgyly asudalyk basmarlady. Arzuwlar oýandy. Gözlerimiz süzüldi. Onsoň edil apy-tupan gopan dek güýçli ýel turdy. Ýel penjiräniň aýnalaryny şakyrdadyp, güwläp ses etdi. Penjirä ýagyşmy, garmy ýagyp özüni urdy. Yşyk ýuwaş-ýuwaşdan öçüp, hemme sesler kiparlady... Köçeden gelýän gohlar ýatdy. Goňşy otagdan sagadyň zaňynyň sesi geldi. Kimdir biri roýalda ilki gatydan, soňra hem ýuwaşap gaýgyly heňi çaldy. Tüýdügiň sesi bize göwnüçökgünligiň gussasyny çaýdy. Otagda bolsa eýýäm agşam düşüpdi: çyralary ýakypdylar, roýalyň sesi kesilipdi. Soňra penjireden uzaklardaky sagat, gije on iki bolandygyny äşgär edip zaňyny kakdy. Ýarygije. Daş-töweregi ümsümlik gaplap aldy. Otagyň tagta düşeginiň astyndan agşam şamlygyny iýýän syçanyň dyrnakdyr dişiniň sesi geldi. Indi setanda-seýranda awtoulaglaryň, parowozlaryň bir- birine jogap berýän sykylyklary eşidilýärdi.

Ahyry hemme sesler kesildi. Daş-töweregi gulagyňy şaňladýan ümsümlik eýeledi. Esli wagtdan soň, daňdanyň ümüş-tamyşlygynyň öçügsi yşygy töweregi ýagtyltdy. Haçanda otaga günüň ilkinji tygy ýalpyldap düşende, täzeden doglan ýaly bolduk.

Wýunsow hemmelerden beter geň galdy.Ol:

– Durmuş hakykatyndan hem oňat! – diýip, bizi ynandyrmaga çalyşdy. – Bu ahwallaryň durmuş hakykatynda gije-gündiziň dowamynda bolup geçýändigi üçin olary duýmaýarsyň. Ýöne olar, ine, şunuň ýaly, az wagtyň içinde bolup geçende, biziň üstümizden olaryň nähili agalyk sürýändigini duýarsyň – diýip, Şustow öz pikirini aýtdy.

– Olar özüni birden gaýgyly, birden howply, birdenem şatlykly ses we yşyk bilen has-da güýçli duýdurýarlar – diýip, men gürrüňe goşuldym. – Öýdäki keselbent ýadyňa düşüberýär. Ol ýuwaş gürlemegiňi soraýar. Birdenem, göwnüňe bolmasa, hemmeler asuda ýaşaýarlar diýen pikir gelýär.Ýagty jahanda ýaşamak şeýlebir erbedem däl ýaly. Şonda kuwwatlanyp, gaty gepläsiň gelýär.

– Gördüňiz gerek?! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düşündirmäge gyssandy. –Biziň duýgymyza bizi gurşap alan zatlar we töweregimizdäki ýagdaýlar täsir edýär. Bular diňe durmuşda däl, sahna sungatynda-da şeýle. Sahnada biziň özümiziň tokaýymyz, dagymyz, bagymyz, meýdanlarymyz, deňzimiz, derýamyz, obamyz, şäherimiz, köşgümiz, gowaklarymyz..., aý, garaz, öz durmuşymyz, öz tebigatymyz bar. Olar suratkeşiň çeken suratlarynda ýaşaýarlar.

Ukyply režissýoryň eline düşen sahna sungatyndaky ulanylýan zatlaryň hemmesi, sahna oýnunyň çeperçiligini döredýän serişdelerdir we ýiti täsir ediji bezeglerdir. Haçanda artistleriň içki ruhy dünýäsi bilen daş-töweregiň ýiti täsir ediji bezegleri we serişdeleri sazlaşanda, daşky ýagdaý hatda durmuş hakykatyndan hem wajyp derejä galýar. Sahna bezeginiň hil-häsiýeti pýesanyň talabyna laýyk gelende, artistiň ünsüne keşbiň içki dünýäsini beýan etmäge orän oňat itergi berýär. Keşbi ýerine ýetirijiniň psihikasyna we keşbi öz duýgusyna laýyk döretmegine täsir edýär.

Şeýlelikde, sahna binagärliginiň döredýän daşky sahna bezegi we onuň hil-häsiýeti biziň duýgularymyzy oýandyryjylardyr. Şonuň üçin hem eger-de Mefistofel okaýan dogasy bilen Margaritanyň keşbini ýerine ýetirýän aktrisany köşeşdirýän bolsa, goý, režissýor şol dogany buthananyň edähetlerine gaplasyn. Şeýtse, ýerine ýetirijiniň öz keşbini oňat duýmagyna kömek eder. Egmontyň tussaghanadaky pursadyny aktýor ýerine ýetirýärkä, goý, režissýor keşbiň zoraýakdan ýalňyzlyga uçrandygynyň manysyna laýyk hil-ýagdaýy gurnasyn (39).

Artist hil-ýagdaýyny duýgulara ugrukdyrany üçin oňa minnetdar bolar. Goý, tomaşany döretmäge gatnaşýan, ýöne görünmeýän perdäniň aňyrsyndaky sahna sungatyna gerekli bezegleri edýänler-de öz elýeter serişdeleri bilen bize kömek bersinler. Olaryň sungatynda-da, serişde-mümkinçiliklerinde-de biziň «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligimizi» we gaýtadan ýa-da düşürýän duýgularymyzy oýandyryjylar gizlenip ýatyrlar.

– Eger-de režissýor sahna binagärligini örän oňat gurnap, ýöne pýesanyň içki dünýäsine gaty laýyk getirip bilmese, ine, onda näme bolar? – diýip, Şustow sorady.

– Şu aýdanyňyza, gynansak-da, ýygy-ýygydan duş gelinýär.Özi hem elmydama ýaramaz bolýar. Sebäbi režissýoryň ýalňyşlygy artisti nädogry ugra alyp gidýär. Netijede, ýerine ýetiriji bilen keşbiň arasynda päsgelçilik peýda bolýar.

– Eger režissýoryň sahna binagärligi, umuman, ýaramaz bolsa, şonda näme? – diýip, kimdir biri sorady.

– Beýle bolsa-ha, has-da ýaramaz! Režissýor bilen sahna binagärligini gurnaýjylaryň ýalňyşy bolmaly zada gönüden-göni ters gelýär, ýagny ýerine ýetiri-

jiniň ünsüni sahna binagärligine we keşbe gönükdirmeginiň deregine, ony näme etseňiz ediberiň diýip, tomaşaçynyň erkine berýär. – Eger-de režissýor, meniň öten agşamky gören N... teatrymdaky ýaly, sahna binagärligini aşa teatrlaşdyryp, ahlaksyz, gözeýakymsyz edip gurnasa näme? – diýip, men soradym.

– Bular ýaly ýagdaýda ahlaksyzlyk aktýory öz awusy bilen zäherlär we ol režissýoryň yzy bilen gider. Sahna binagärliginiň käbir ahlaksyz bezeglerinde, duýgyny örän çüýçli oýadyjylar gizlin ýatýarlar. Şeýlelikde, görşüňiz ýaly, sahna binagärligi režissýoryň elinde ýiti iki uçly gylyç. Ol edil peýda berşi ýaly, ýaramazlyk, zyýan berip hem bilýär.

Öz gezeginde, goý, artistleriň özleri-de sahna meýdançasynda özlerini nämeleriň gurşap durandygyny görmegi, duýmagy, aňlamagy öwrensinler. Sahnada gurnalan dekorasiýanyň dünýäsine özüniň hil-häsiýetindäki duýgularyny adaty ýagdaýda salsynlar. Şeýle ukyby we başarjaňlygy bar artist sahna binagärliginde gizlenip ýatan duýgy oýadyjylaryň hemmesinden özi üçin peýdalanyp biler.

Torsow:

– Indi men soramakçy – diýip, düşündirişini dowam etdi. – Artiste çem gelen gowy binagärlik kömek edermi, onuň «ýiti ýatlamadan galýan ýatkeşligini» oýaryp bilermi? Göz öňüne getiriň: ine, tanymal suratkeş ussatlyk bilen reňkleri, çyzgylary, gözýetimi ulanypdyr. Tomaşa zaldan oňa seretseňiz, ol sizi özüne çekýär. Emma sahna meýdançasyna münägede seretseňiz welin, ol suratdan göwnüňiz geçip, ondan daşlaşmak bilen bolarsyňyz.

Bu ýagdaýyň syry nämede? Onuň syry şeýle, eger-de sahna binagärliginde aktýoryň talaby unudylyp, diňe şekillendiriş sungatynyň suratkeşlik görnüşi beýan edilen bolsa, beýle iş sahna sungatyna laýyk däl. Suratkeşiň suraty sahna sungaty üçin niýetlenen materialyň ýüzüne üç däl-de, iki, ýagny beýiklik we in ölçegleri boýunça şekili çekýär. Şonuň üçin sahna oýnunyň aýdýan manysynyň sahna meýdançasyndan tomaşaça gelmeli ölçeginiň ýeri bolsa boş we täsirsiz galýar.

Ýalaňaç, tep-tekiz, boş sahna meýdançasynda ünsüňi jemlemek, kiçijik maşklarda-da ýa-da ony terbiýeleýän sahna işlerinde özüňi tapmak aktýora kyn düşýändigini siz öz tejribäňizde görensiňiz. Ýalaňaç meýdançanyň awansahnasyna çykyp, Gamletiň, Otellonyň, Makbetiň keşplerindäki «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirip», tutuşlygyna görkezjek bolup synanyp görüň. Režissýoryň kömegi bolmasa, mizansahnalar gurnalmasa, oturyp, ýaplanyp, ýapyşyp boljak zatlar bolup iş hereketleri edilmese, keşbi döretmek örän kyn. Sahna meýdançasynda şu aýdýan zatlarymyň her biri sahnada keşbe laýyk ýaşamaga kömek edýär. Çeýe iş hereketleriňi edip, içki dünýäň joşgunyny ýüze çykarmaga itergi berýär ahyryn. Ýalaňaç sahna meýdançasynda dikilen taýak ýaly durup, öz joşgunyňy ýüze çykarmakdan oňat, manylara baý mizansahnalarda bu iş hereketini ýerine ýetirmek gowy bolýar.

Biziň iş hereketlerini ýerine ýetirip keşbe görä ýaşamagymyz üçin, sahnanyň ýerinden başlanýan üçünji ölçeg gerek.

Biziň üçin üçünji ölçeg, birinji we ikinji ölçeglerden zerur. Arka tarapda, meşhur galam-çotganyň çeken ajaýyp binasynyň asylgy duranynyň artiste näme peýdasy bar? Biziň käwagt ol gözümize-de ilmeýär. Sebäbi biz oňa arka tarapymyzy öwrüp durýarys. Ol bize gözýetimdäki şekile laýyk keşbi ýerine ýetirmäge borçly edýär, bolany. Sebäbi suratkeş ony döredende diňe binagärlik hakynda oýlanypdyr. Özüni görkezmäge çalşypdyr. Artisti bolsa unudypdyr.

Hiç kim kömek etmedik ýagdaýynda mizansahnasyz, režissýorsyz, suratkeşsiz ýalaňaç sahna meýdançasynda duragada, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň we keşbiň many-mazmunynyň içki dünýäsiniň maňzyny tutuşlygyna görkezip biljek ussat, tehnika hany, nirede?!

Artisti hiç kimiň kömegine mätäç etmän, öz öňünde goýan döredijilik maksadyna ýekebara bolup ýetmäge mümkinçilik berýän biziň sungatymyzyň psihotehnikasy hemme tarapdan ösüp, iň belent ýagdaýyna entek çykanok. Şu gün biz – artistler sahnanyň täsir edijiligini oýarýan režissýoryň kömegine, sesleriň, yşyklaryň, sahna binagärliginiň meýilnamalaryny ellerinde saklaýan, özleri sahnada görünmän sahna oýnuny gurnaýjylaryň kömeklerine mätäç bolarys.

*.. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Siz näme üçin burça dykylyp otyrsyňyz? – diýip, burça gysmyljyrap duran Maloletkowadan sorady.

– Men... mundan gaçarak duraýyn-la, gowusy! Oňarman, oňarman! – diýip, ol tolgunyp we aljyrap, Wýunsowdan çekilip, öňküden-de beter burça gysyldy.

– Siz näme üçin hemmäňiz jem bolup amatly ýerde otyrsyňyz? – diýip, Torsow stoluň başyndaky diwanyň üstünde Torsowyň gelerine garaşyp topar bolup oturan okuwçylara ýüzlendi.

– Degişmeleri... ynha.., diňleýäs-läý! – diýip, çyzgyçy Umnowa jogap berdi.

– Siz çyraň ýanynda Goworkow ikiňiz näme işleýärsiňiz? – diýip, mugallym Welýaminowa ýüzlendi.

– Men... men... bilemok...Ýöne welin... –Gyz aljyrady–Hat okaýarys...Şonuň üçinem, men, dogrudanam, näme üçindigini-hä bilemok...

– Siz näme diýip Şustow bilen bile ýöräp ýörsüňiz? – diýip, mugallym menden sorady.

– Käbir wakalaryň pikirini edýäris – diýip, men jogap berdim.

– Garaz – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç öz gelen netijesini aýtdy. – Siziň her biriňiz öz göwnüňiziň islegine görä, öz dünýäňiziň duýgularyna laýyk we edip oturan işiňize kybap bolup duran ýeri saýlap alypsyňyz. Işiňizi etmek maksady bilen

özüňize gerek mizansahnany gurnapsyňyz. Ýöne, tersine, mizansahna siziň edýän işiňiziň maksadyny-da aýdyp biler.

Şunlukda, Torsow pejiň ýanynda oturdy. Biz Torsowa bakyp oturdyk. Käbirimiz oturan oturgyjyny Torsowyň aýdýanlaryny oňat eşitmek üçin has-da öňe süýşürdi.

Men ýazmaga amatly bolar ýaly üsti çyraly stoluň başyna geçdim, Goworkow bolsa Welýaminowa bilen pyşyrdaşyp sözleşmek üçin, bizden daşrakda bileje oturdylar.

– Indi näme üçin siz ol ýerde, siz bu ýerde, siz bolsa stoluň başyna geçdiňiz? – diýip, mugallym bizden ýene-de öz bolşumyzy düşündirmegimizi talap etdi. Biz Torsowa öz bolşumyz hakynda gaýtadan hasabat berdik.

Arkadiý Nikolaýewiç bolsa edil öňki ýaly öz gelen netijesini aýtdy, ýagny ol biziň her birimiz öz dünýäsine, edýän işine, keýpine, özüni gurşap alan ýagdaýyna görä mizansahna gurnap, öňde goýan maksadyna amal edýär diýdi.

Soňra Arkadiý Nikolaýewiç bizi otagyň her bir burçunda dürli hili ýerleşdirilen mebelleriň ýanyna eltip, olaryň keýpimize nähili täsir edýänini we «ýiti ýatlamadan galýan ýatkeşligimizde» nämeleri oýarýandygyny kesgitlemegi tabşyrdy. Biz şu mizansahnany nähili ýagdaýlarda nädip peýdalanjakdygymyzy kesgitlemelidik.

Torsow şundan soň, öz islegine görä birnäçe mizansahnalary gurnady. Biz bolsa şol mizansahnalarda isleýşimizçe, duýgularymyza laýyk, umuman, dürli pursatlarda ýa-da «hödürlenen ýagdaýlarda» Torsowyň görkezişi ýaly, ýöne özümiz üçin göwnejaý ýagdaýda oturyşymyzy ýatlamaly we kesgitlemeli. Başgaça, has sada söz bilen aýdanyňda: eger-de biz ozal, öz meýlimize we iş hereketleriniň maksadyny duýşumyza görä mizansahnalary gurnan bolsak, indi bu gurnag işini Arkadiý Nikolaýewiç öz üstüne alardy. Biz bolsa bary-ýogy başga adamyň gurnan mizansahnasyny delillendirmeli. Şonuň üçin başga kişiniň gurnan mizansahnasynyň islegine laýyk iş hereketlerini, başdan geçirmeleri hem-de oňa gabat gelýän islegi oýlap tapmaly.

Torsowyň aýtmagyna görä birinji iki ýagdaýlar, ýagny öz gurnan mizansahnaňy we başga adamyň gurnan mizansahnasyny delillendirmek aktýoryň iş tejribesinde yzygiderli gabat gelýär. Bu ýagdaýlary oňat ele almak zerurlykdyr.

Soňra garşylyklaýyn işi delillendirmek temasy boýunça tejribe sapaklary geçildi: Arkadiý Nikolaýewiç bilen Iwan Platonowiç sapagy başlamakçy bolýan ýaly bolup oturdylar. Biz ediljek işe we islegimize görä sapaga taýýar bolup ýerleşdik.

Emma Torsow biziň gurnan mizansahnalarymyzy tanalmaz ýaly üýtgetdi, ýagny ol okuwçylary bilgeşleýin sazlaşyksyz, edilmeli işiň meýliniň tersine oturtdy; birnäçe okuwçy Torsowdan daşda ýerleşdirildi, birnäçesi bolsa Torsowa golaý ýerleşdirilse-de, oňa baka ýeňsesine öwürdilip oturdyldy. Mizansahnalaryň hal-ýagdaýymyza we edilmeli işe laýyk däldigi duýgymyzy bulaşdyryp, hyýalymyzdaky etmekçi bolýan işimiziň öte geçmegine sebäp boldy. Bu mysal, aktýoryň ruhy

hal-ýagdaýy bilen mizansahnalaryň näderejede özara baglanyşyklydygyna we bu baglanyşyk bozulanda nähili ýaramaz bolýandygyna akyl ýetirer ýaly ýagdaýda gurnaldy.

Soňra Arkadiý Nikolaýewiç otagyň diwarynyň ugry boýunça mebelleri ýerleşdirmegi, şol ugur boýunça talyplary ýerleşdirmegi we otagyň ýalaňaç meýdançasynyň ortasynda ýeke-ýalňyz kürsini goýmagy tabşyrdy. Onsoň ol talyplary yzly-yzyna çagyryp, kürsini göz öňüne getirişimiz ýaly edip goýdurdy. Elbetde, kürsiniň hemme ýagdaýda durşuny «hödürlenen ýagdaý» we nähili duýgy bilen nämäniň esasynda göz öňüne getirendigimizi hökmany suratda delillendirmelidi.

Her bir mizansahnalar we kürsiniň bolup durşunyň görnüşi bizi nähili bolan wakalara itergi berýändigini ýa-da haýsy içki hal-ýagdaýymyz kürsiniň nähili bolup durmagyny talap edýändigini biz maşklary ýerine ýetirip kesgitledik. Bizi şol maşklaryň hemmesi göwnejaý we baý mizansahnalary has köp gurmagy talap etmelidi. Ol gurnaglar mizansahnalar üçin däl-de, şol mizansahnalaryň duýgulary oýaryp, olary çagyryp we özünde saklap bilýändikleri sebäpli, talyplara ürç edip düşündirilýändigini aýdyp, olaryň şeýle mizansahnalary kabul etmegini gazandy.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Şeýlelikde – diýip, netije çykarmak bilen boldy. – Bir tarapdan-a, artistler öz ýerine ýetirmeli işleriniň we olaryň maksagyna laýyk bolmaly wakalaryň meýline seredip, özüne mizansahna gözleýärler, beýleki tarapdan bolsa, meýilleriň, maksatlaryň we iş hereketleriniň özleri bize mizansahnalary hödürleýärler. Sahnada bolýan ýagdaýlary jikme-jik gurnamagymyzy, ony yşyklandyrmagymyzy, seslendirmegimizi we režissuranyň çeperçilik üçin ulanýan beýleki zatlaryny, ilkinji nobatda, tomaşaçylar üçin edilýär diýip sadaja pikir öwürýäris. Ýok. Biz bu oýaryjylara tomaşa edýänler üçin däl-de, artistleriň özi üçin ýüzlenýäris (40).

Biz artistleriň sahnanyň daşyndaky zatlara üns bermän, sahnada bolýan wakalara bar ünsüni jemlemeginiň aladasyny edýäris. Aktýorlar sahnada pýesanyň many-mazmunyna laýyk mizansahnany gurnanda oňaýly döredijilik mümkinçiligi döreýär. Bu mümkinçilik bolsa «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligi» oýaryp, aktýorlaryň sahnadaky wakalary dogry duýgular bilen başdan geçirmegine şert döredýär.

Torsow okuwçylara ýüzlendi:

– Siz birnäçe tejribeleri göreniňizden soň, sahnada bolýan wakalara laýyk ýagdaýy gurnamak üçin, sahna binagärliginiň, guramaçylygyň meýilnamalaşdyrmagyň sahnany yşyklandyrmagyň, seslendirmegiň we beýleki zerur işleriň we keşbiň manysyna degişli pursatlaryň, biziň duýgularymyzy oýarýan daşky ajaýyp oýadyjylardygyna indi ynanýarsyňyzmy?

Goworkowdan özge okuwçylar bu düzgün-kada ynanýandyklaryny aýtdylar.

– Sahnada nämeleriň durandygyna seretmeýän we olary görmeýän aktýorlar az däl– diýip, Arkadiý Nikolaýewiç öz düşündirişini dowam etdi:

– Beýle adamlaryň daşyny islendik sahna binagärligi bilen gurşap, şol binalary nähili ýagdaýda yşyklandyryber, dürli sesler bilen seslendiriber, aý, garaz, sahna meýdançasynda islendik tär-tilsimleri ediber, şonda-da ol adamlar sahnadaky bezeglere seretmeýärler. Sebäbi, olary sahna bezegi gyzyklandyrmaýar. Olary tomaşaçylar gyzyklandyrýar. Olaryň ünsüni diňe bir sahna bezegi däl, hatda pýesanyň many-mazmuny-da özüne çekmeýär. Olar sahna oýnunyň režissýorynyň we sahnada görünmeýän döredijilik toparlarynyň kömeklerinden öz islegleri bilen gaça durup, örän wajyp döredijilige oýarýan daşky oýandyryjylardan mahrum bolýarlar.

Siz bilen hem şeýle ýagdaýlar bolmaz ýaly, sahna bezeglerine seretmegi we olary görmegi öwreniň. Sahna meýdançasynda sizi gurşap alýan bezeglere sygnyň we olary jogapsyz goýmaň. Mahlasy, döredijiligi oýarýan hemme zatlary ulanmagy başaryň.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu günki sapakda Arkadiý Nikolaýewiç aýtdy:

– Biz şu çaka çenli oýadyjylaryň üsti bilen duýga ýetdik. Emma, tersine, ýagny duýgynyň üsti bilen oýadyja ýetilýän pursatlaryň-da selçeň bolmaýandygyny hem aýdaýyn. Biz birdenkä, içki duýgymyzy oýadyp saklanmaly bolanymyzda şeýle edýäris. Mysalyň üsti bilen düşündireýin:

M. Gorkiniň «Durmuşyň düýbünde» pýesasynyň esasynda goýlan tomaşanyň ilkinji saparky görkezilişleriniň birinde men şular ýaly waka uçradym:

Maňa Satiniň keşbiniň soňky parçasynda adamzat hakyndaky pelsepe öwürýän köp sözli gürrüňden galan ýerleri şeýle bir agyr düşmedi. Menden bu köp sözli parçany dünýä jemgyýetine täsir eder ýaly, juda çuň manyly edip, sahna oýnunyň ýokarybaş meselesiniň çözgüdine öwrüp ýerine ýetirmegi, ýagny bolmajak zady talap etdiler.

Men şol howply ýere ýetip hyjuwymy sakladym, diňşirgendim. Daga çykjak agyr ýükli gylýal ýaly düýrükdim. Şol dag maňa döredijiligiň şatlygyny duýmaga päsgel berýärdi. Pýesanyň şol agyr ýerini geçenimden soň, men özümi ýokary notany gygyryp aýdan aýdymçy ýaly duýýardym. Birdenkä, meniň garaşmaýan ýagdaýymda, sahna oýnuny üçünji ýa-da dördünji sapar ýerine ýetirenimde, pýesanyň şol agyr ýeri özünden-özi, isleýşimiz ýaly boldy duruberdi. Men agşamky boljak çykyşyma çenli, özüm bilen bolup geçen hemme zatlary seljerip, bu garaşylmadyk halda ugruna bolan ýagdaýyň sebäbine düşünjek boldum. Ilki bilen geçen uzakly günümi ir ertirden başlap seljermeli boldum: şol günüm tikinçimden hasap hatyny gymmat bahadan almakdan başlanypdy. Bu baha meniň serişdämi aşa azaldyp, meni ýaramaz hala saldy. Soňra hat ýazýan stolumyň açaryny ýitirdim. Siz bilýäňizmi, bu gaty gynandyryjy. Men şeýle ynjalyksyz ýagdaýymda biziň «Durmuşyň düýbünde» atly sahna oýnumyza ýazylan makalany okadym. Makalada sahna oýnunyň ýara-

maz ýerini öwüpdirler, gowy ýerine bolsa sögüpdirler. Makala meni tukat ýagdaýa saldy. Uzyn gün pýesa hakynda pikir etdim.

Men ýüzlerçe sapar geçen günümi seljerip, özüm bilen bolan wakalary yzly-yzyna ýatladym. Bar işim sahna oýnunda ugruna bolan ýagdaýyň sebäbini gözlemek boldy, hatda bu iş maňa agşamky boljak sahna oýnunyň-da, tomaşaçylaryň-da, pýesanyň şol agyr ýeriniň-de pikirini etmekden dyndardy. Ýöne men şonda-da keşpde ýerine ýetirilmeli iş hereketlerine, sözleriň yzygiderliligine sazlaşykly amal etdim. Meni yzygiderli sazlaşyklylyk dogry ýola salyp alyp gitdi. Keşp öz - özünden döredi. Men hatda pýesanyň şol agyr ýeriniň nädip bolup geçenini hem bilmän galdym.

Netijede, meniň keşbi ýerine ýetirişim dünýäde iň oňat ýerine ýetiriliş bolmasa-da, pýesanyň manysyny tomaşaça ýetirmek üçin wajyp keşbi döretmegi weli başardym. Emma men şeýle bolar diýip pikir etmändim.

Näme boldy? Maňa ozal şu dorgy ýol bilen gitmäge näme päsgel berdi? Maňa hakyky ýola düşmäge we islegimiň amala aşmagyna näme itergi berdi? Elbetde, tikinçiniň ýollan gymmat bahaly hasabat haty däl. Açary ýitirendigim we makalany okanym hem däl. Meniň bilen şol günki bolan zatlaryň hemmesiniň bilelikde täsir etmegi.

Has dogrusy, makala mende pikir edişimden beter täsir galdyrdy. Ol keşbiň tutuş gurnagyna we meýilnamasyna täzeden göz aýlamaga mejbur etdi. Bu iş bolsa maňa üstünlik getirdi. Men keşbimiň şol agşam göwnejaý bolan ýerini ýadymda saklamak üçin tejribesi uly we psiholog aktýora ýüz tutdum. Ol maňa şeýle diýdi:

– Sahnada garaşylmadyk ýagdaýda ýaşan duýgyňy täzeden gaýtalajak bolmak, sülleren güle jan berjek bolýan ýaly bir zat ekeni. Belki, başga zadyň aladasyny edersiň, ýagny sülleren güle jan berjek bolman, onuň ýerine täzesini ösdürip ýetişdirersiň?! Şonuň üçin näme etmeli? Ilkinji nobatda, gül hakda pikir etmän, onuň köküni yzgarlap durmaly ýa-da topraga täze tohum sepmeli-de, täze güli ösdürip ýetişdirmeli.

Emma aktýorlaryň köpüsi başga ýol bilen gidýärler. Eger-de öz keşbinde bir ýeri göwnejaý bolaýsa, duýgularyna buýsanyp, keşbiň şol ýerini gaýtadan öňki ýaly ýaşajak bolýarlar. Bu ýagdaý hem güli ýetişdirmekde tebigaty ulanmazlyk ýaly bolýar. Beýle ýagdaý bolmajak zat. Şonuň üçin güli butafor materiallaryndan ýasap ulanmaly bolýar.

Bu meselede näme etmeli? Duýgy hakda pikir etmän, keşpde göwnejaý usuly oýaryjylaryň aladasyny etmeli. Şeýlelikde, göwnejaý usulyň maňzyna yzgar, dökün berseň, ol dogry usuly döremegine getirer. Şol aralykda aktýoryň tebigaty bolsa keşbiň göwnejaý bolan ýerindäkä meňzeş täze düýgulary oýarar. Siz hem şeýdiň. Hiç mahal netijeden başlamaň. Netije öz-özünden döremeýär. Ol keşbiň öňki sazlaşykly bolup geçen ýeridir.

Men akylly maslahatçymyň aýdanlary ýaly etdim. Gülden gaýdyp şahalara düşdüm. Ondan hem köklere geldim ýa-da başgaça aýdanymyzda, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň Adamzat hakyndaky köp söz bilen pelsepe öwürýän ýerinden başlap, eseriň näme maksat tutulyp ýazylandygyny aýan edýän esasy ideýasyna çenli seljerdim. Onuň ideýasyny nähili atlandyrmaly? Azatlykmy? Atamyň öz-özüni tanamagymy? Sergezdan Luka bular hakynda pýesanyň başdan-aýagyna çenli aýdýar ahyry.

Men diňe şundan soň, keşbimiň köklerine ýetip, onuň dünýäsiniň, kereplän kömelek ýaly, dürli gerekmejek päsgelçilikleri döredýän aktýorçylygyň usullaryndan doludygyna düşündim.

Meniň keşbimiň dünýä täsirini ýetirjek çuň manyly, köp sözli parçasyny ýerine ýetirişim M. Gorkiniň adamzat hakyndaky ýazan pelsepesi bilen sazlaşmaýan eken. Ony ilkinji ýerine ýetirişim aktýorçylygyň usullaryny ýalandan ulanansyramagyň çür depesi eken. Göwnejaý ýerine ýetirişim bolsa eseriň esasy ideýasyny özünde beýan edýän çuň mazmunly bölegi bolup, aktýoryň we awtoryň öz başyndan geçiren belent pursady eken. Men ozal maksadym başga kişiniň ýazan gahrymanynyň sözlerini göze ilginç ýagdaýda aýdyp görkezmekdi. Indi bolsa gahrymanyň pikirlerini, duýgularyny sözleriniň manysyny mümkingadar ýiti we parlak öwüşginde tomaşaça hem-de sahna ýoldaşyňa ýetirmekdi.

Men geçen sapar iş hereketlerini sazlaşykly ýagdaýda yzygiderlilik bilen ýerine ýetirip, pýesanyň esasy ideýasyny we aktýorçylyk ussatlygymy görkezmegiň ýerine, ahyrky netijä çapypdyryn. Şu goýberen ýalňyşlyklarym, daşymdan aýlanyp gurnalan diwar ýaly, ýolumy gabsylap, meni esasy pikirden daşlaşdyrypdyr. Maňa bu diwary ýykmaga näme kömek etdi? Keşbiň gurnagynyň ýalňyşdygynyň aýan bolmagymy? Kim ony aýan etdi? Makala. Oňa şeýle täsirli güýji näme berdi? Tikinçiniň hasabat hasabymy, ýitirilen açarmy, şol günümi jikme-jik seljermäge mejbur eden, meniň umumy ýagdaýymdaky howsala düşüp, başymy sämedip kellagyry döreden beýleki ýagdaýlarmy?

Men şu mysaly getirmek bilen, şu günki aýdan ikinji ýolumy, ýagny täzeden dörän duýgy we onuň oýaryjysyny doly suratlandyrmak isleýärin. Artist bu ýoly öwrenensoň, başyndan geçiren duýgularyndan gerekli hasaplaýanlaryny öz islegine görä islän mahaly oýaryp, gaýtadan onuň ýylysynda ýaşap bilýär. Şeýlelik bilen, garaşylmadyk ýagdaýda döran duýgulardan olary oýaryjylara tarap gitmeli. Soňra yza gaýtmak üçin oýaryjylardan duýgulara gitmeli – diýip, Torsow düşündirişini jemledi.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu gün Arkadiý Nikolaýewiç sapagy şeýle sözler bilen başlady:

– «Ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» gerimi näçe giň bolsa, şonça-da içki dünýäňizde döredijilik ylhamyňyz baý bolar.

Artistiň döredijiligi doly we köp öwüşginli bolýar. Bu öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Ony geljekde düşündirip oturmagyň hajaty hem ýok diýip hasaplaýaryn. Ýöne «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» meselesinde onuň materiallarynyň kuwwatyny, durnuklylygyny we hilini tapawutlandyrmaly. Biziň işimizde «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» güýji uly rol oýnaýar. Ol näçe kuwwatly, ýiti we takyk boldugyça, döredijilik iş hereketleri doly, baý mazmunly bolýar. Bu ýatkeşligiň materiallary gowşak bolsa, olar tomaşaça gowşak täsir edýärler. Tomaşaçylaryň gözüne ilmän galýar. Ýatkeşligiň şolar ýaly materiallary teatr sungatynda ulanylmaýar.

«Ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» barada soňra edilen gürrüňlerde onuň materiallarynyň dowamlydygy, güýjüniň we täsiriniň dürli-dürli bolýandygy aýdyldy. Şu mesele babatda Arkadiý Nikolaýewiç şeýle diýdi:

– Siz göz öňüne getiriň, aýdalyň, sizi köpçülikde kemsidipdirler ýa-da galan ömrüňizde dulugyňyz gyzyp durar ýaly ýaňagyňyza şarpyk çalypdyrlar. Bu gödek işiň içki dünýäňize eden täsiri şeýle bir güýçli bolansoň, ol size daşky ýagdaýlarda bolýan zatlara asla üns berdirmeýär. Gaty uşak sebäplerden, hatda hiç bir sebäpsiz kemsidilmeler iki esse güýç bilen dessine syçrap oýanýarlar. Şonda ýüregiň batly urup, ýüzüňe ýa-ha gyzyl, ýa-da duw-ak reňk urýar.

Durmuşdan özüne şeýle «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» materiallaryny aktýora edil şolar ýaly wakany sahna meýdançasynda görkezmek agyr düşmeýär. Bu meselede psihotehnikanyň kömegi gerek däl. Hemmesi öz-özünden bolýar.

Artiste onuň tebigaty kömek edýär. Ine, güýçli, ýiti, takyk, durmuşda uzaga gidip biljek has düşnükli «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlikleriň» we gaýtalanýan duýgularyň nusgawy mysaly.

Başga bir bolan wakany ýatlaýyn:

Meniň örän alňasak häsiýetli dostum bir gün arakesmeden soň, öz tanyşlarynyň biriniňkä nahara çagyrylýar. Ol şol ýerde öý eýesiniň gowy görýän oglunyň saglygynyň şanyna dabaraly söz sözleýär. Onuň dabaraly sözünden soň, oturanlaryň arasynda şadyýan seslere derek dym-dyrslyk döreýär. Adyna dabaraly sözler aýdylan çaganyň ejesi özünden gidýär. Görüp otursak, bir ýyl mundan ozal dünýäden öten şol çaganyň ýatlama gününde oturandygyny meniň dostum ýadyndan çykaran bolsa nätjek. Meniň dostum:

– Şonda başymdan geçirenimi galan ömrüme unutmaryn – diýdi. Onsoň hem şol saparky duýgular, edil şarpyk urlandaky ýaly, köpsanly ýatlamalardan soň oýanandyklary üçin, dostumyň ýadynda onuň garşysyndaky myhmanyň ýüzünde gorkynyň peýda bolany, goňşusynyň nazarynyň öçeni, oturan hataryň aýagynda iňňildiniň bolany örän takyk ýadynda galypdyr. Indi bu bolan waka wagtal-wagtal onuň ýadyna düşüp, duýgularyny oýaryp durýar.

Emma kämahal oňa bu wakadaky duýgulary dessine oýatmak başartmaýar. Şonuň üçin bolsa şol wakany tutuşlygyna täzeden gaýtalamaly bolýar. Diňe şonda,

şol mahalky duýgular janlanýarlar. Ine, bu bolsa psihotehnikanyň kömegini yzygider talap edýän gowşak ýa-da durmuşda peýdalanyp boljak orta hilli «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» mysalydyr. Men indi size şolara meňzeş üçünji bir wakany aýdaýyn. Ol hem meniň şol pikiri dagynyk dostum bilen bolup geçdi.

Onuň daýzasynyň gyzy ejesi dünýäden ötende dostumyň pata elten güllerinden boglan ýadygärlik çemeni üçin minnetdarlygyny aýtmaga gelende şeýle waka bolupdyr. Myhman öz etmeli işlerini edip bolmanka meniň pikiri dagynyk dostum, dünýäden öten daýzasynyň saglygyna dabaraly sözler aýdypdyr. Elbetde, şonda bolan waka hem onuň hakydasynda hemişelik galypdyr. Ýöne öňki mysallarymdaky wakalardan ençeme esse pes duýgular bilen dostumyň hakydasynda ýatyr.

Şeýlelikde, meniň dostum bu wakany ýatlamakçy bolsa köp işleri ýerine ýetirmeli bolar. Ony döredijilik maksady üçin ulanmakçy bolsa welin, wakanyň içki gurluşyny dikeltmek üçin köp zähmetleri çekmeli bolar. Sebäbi bu bolan wakanyň ýitiligi örän gowşak. Ony döredijilige peýdalanar ýaly gurnamak üçin başga adamlaryň kömegi gerek bolýar. Ine, bu «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» we gaýtalanjak duýgularyň gowşak wakasynyň mysaly. Bu ýagdaýda psihotehnikanyň kömegi zerur bolup durýar.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» dürli görnüşleriniň hilini we güýjüni aýyl-saýyl etmegini dowam edip şeýle diýdi:

– Biziň ýaşap geçen duýgularymyzyň ýadymyzda galýanlarynyň hakydamyzda gowşaýanlary-da, seýregrägem bolsa käbiriniň has güýjeýänleri-de bolýar. Gören ýagdaýlarymyzdan kabul eden wakalarymyzyň hakydamyzda ýaşamagyny dowam edip, şol ýerde olar has ýaýbaňlanýan we çuňlaşýan mahallary hem seýrek däl. Olar täze ýagdaýlary oýadyjylar bolýarlar-da, bir tarapdan, doly amala aşmadyk ýagdaýlary ýadyňa salýarlar, beýleki tarapdan bolsa, hyýaly duýgulary oýaryp, ýagdaýlaryň ýatdan çykan ýerlerini doldurýarlar. Beýle hadysalar artistleriň durmuşynda ýygy-ýygydan bolýar.

Meniň öýümde siz bilen duşuşan Italiýadan sapara gelen artisti ýadyňyza salyň. Ine, aýdyň mysallaryň başga birini, has göze ilginç ýagdaýda aýdanlarymy düşündirýän meniň aýal doganym bilen durmuşda bolan waka:

– Aýal doganym öz ýany bilen haltajykda dünýäden öten adamsynyň ýazan örän oňat görýän hatyny alyp şäherden oba – öýüne gelýär eken. Ol saklanan otludan howul-hara iň soňky basgançaga basyp çaltrak düşmekçi bolýar. Basgançak doňan bolsa nätjek! Doganymyň aýagy typýar-da, hemmeleri aýylganç ýagdaýa salyp, gidip barýan otly bilen otlulara münülýän sekiniň arasyna düşýär. Doganym bende gorkunç gygyrýar. Ol gorkmakdan gygyrman, şol içi hatly haltajygy geçip barýan otlynyň aşagyna düşer öýdüp gygyrypdyr. Doganym ýerinden turupdyr. Otly geçip gidipdir. Adamlar otlynyň aşagyna bir aýal düşendir öýdüpdirler. Ot-

lynyň peteklerini barlaýan adam bolsa meniň doganyma hemaýat bermegiň deregine, oňa käýäpdir. Gödekden bihepbe, örän ýigrenji waka bolupdyr. Doganym bende uzyn günläp öz düşen ýagdaýyna gaharlanyp, onuň salan halyndan çykyp bilmedi. Öz gaharyny öýünde haltajygyny-da, öz düşen aýylganç ýagdaýyny-da unudyp, petekçä sögünip köşeşmäge çalyşdy. Gije düşdi. Doganym gijäniň tümlüginde bolan wakany dolulygyna ýatlap tolgunmadan ýaňa saňsar boldy. Onuň şu wakadan soň, otlynyň şol duralgasyna dolanyp barmaga bogny ysmady. Doganym ol ýere barsa ýadynda galan waka has-da güýjejekdiginden gorkýardy. Ol paýtunly şol duralgadan bäş çakyrym daşlykda duran duralga barmagy dogry hasaplady. Şeýlelik bilen, adam howply ýagdaýdan soňra, parahat ýagdaýa gaýdyp gelende-de şol howply ýagdaýy ýatlasa, şobada özünden gidip bilýär. «Ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» güýji, eýsem-de bolsa, şu aýdan mysalymdan görünmeýärmi? Adam şol howpy gaýtadan ýaşanda, ol ilkinji saparky ýagdaýyndan has-da güýçlenýär. Sebäbi bu waka biziň ýadymyzdaka ösmegini, ýaýbaňlanmagyny dowam edýär. Ýöne siziň «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» güýjüni we ösüşini öwrenmegiňiz bilen bir hatarda, onuň häsiýetlerini we hilini tapawutlandyrmagyňyz hem gerekdir.

Mysal üçin, aýdalyň, siz hamala meniň doganoglanym dabaraly söz aýdanda, onuň gatnaşan wakasynyň ýönekeý tomaşaçysy bolupsyňyz diýeliň. Şu wakalardaky göwne degişligi hut öz başyňdan geçirmek bir başga, şol wakalara ýönekeý synçy bolup jedelleşýänlere gaharlanmak, jedeli döreden günäkärleriň bolşuny jogapkärçiliksiz tankytlamak bir başga. Elbetde, wakany synlanyňda ony uly güýç bilen kabul etmek mümkindir.

Goý, ol wakanyň käbir ýerini hatda wakany döredenlerden hem güýçli kabul etsin! Ýöne şu mahal meni ol ýagdaý gyzyklandyrmaýar. Men şu mahal wakany öz başyndan geçirip duran bilen ony synlaýanlaryň garaýyşlarynyň arasyndaky hil tapawudy gyzyklandyrýar. Onuň birmeňzeş däldigini nygtap düşündirmek isleýärin. Ýöne adam wakany başdan geçirmän, synlaman, ol barada diňe okanda ýa-da eşidende hem şeýle ýagdaýa uçrap biler.

Beýle bolmaga «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» güýji-de, onuň çuňňur ýatda galandygy-da päsgel bermeýär. Ol ýazýan, gürrüň berýän adamynyň ynandyryjylyklydygyna hem-de okaýan, diňleýän adamyň kabul edişiniň ýitiligine bagly. Talyplar bilen okuw gaýygynda sapak geçýärkä, deňizde turan gaýda ýolbaşçynyň tarpa-taýyn aradan çykandygy hakyndaky hekaýany men hiç mahal unutmaryn. Şonda diňe birje bagtly kişi aman galypdyr. Şol kişiniň deňizde bolan bu pajygaly hadysanyň jikme-jikligini ýiti keşpleriň üsti bilen suratlandyryşy maňa örän güýçli täsir etdi we şu mahal hem täsir edýär.

Elbetde, wakany öz başyndan geçirýän, ony synlaýan, okaýan we diňleýän adamlaryň «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlikleriniň» hiliniň dürli-dürlüdigi öz-özünden düşnüklidir.

17. Sargyt № 3176

Meselem, siz meniň geçen sapakda gürrüň beren şarpyk urlan wakadaky günäkär adam däl-de, wakanyň ýönekeý bir synsyçy diýeliň. Özem, ol waka siziň «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiňizde» örän güýçli yz galdyrypdyr diýeliň. Siz şeýle wakaly keşp gabat gelse, gören wakaňyzy gaýtalap, ýeňillik bilen keşbi ýerine ýetirersiňiz. Ine, size şonuň ýaly keşp gabat geldi diýeliň. Ýöne siz indi, ol keşpde şarpyk urlan wakanyň synçysy bolman, günäkäri bolmaly bolýarsyňyz. Nädip synçylykda duýan duýgularyňy wakany başyňdan geçiren ýaly duýup bolar? Wakany başdan geçiren hakyky tolgunmany duýýar. Emma ony gören bolsa duýgudaşlyk edýär. Şonuň üçin size duýgudaşlyk duýgusyny wakany başdan geçireniň duýgusyna öwürmek gerek bolýar. Ine, duýgudaşlyk edýäniň duýgularyny nädip wakany başdan geçireniň duýgularyna öwürmegi düşündirýän mysal:

Aýdalyň, siz dostuňyzy öýünde aýylganç ýagdaýda gördüňiz. Ol örän güýçli göwnüçökgünlik halyny beýan edip nämelerdir bir zat samraýar, urunýar, aglaýar. Emma size wakanyň manysy düşnüksiz-de bolsa, dostuňyzyň bu halyna çuňňur duýgudaşlyk edýärsiňiz. Siz şeýle minutlarda nämäni başdan geçirýärsiňiz? Raýdaşlyk duýgularyny. Emma siziň dostuňyz sizi goňşy otaga alyp barýar weli, siz ol otagda öý eýesiniň gana bulaşyp, serlip ýatan aýalynyň jesedini görýärsiňiz. Öý eýesi bu ýagdaýy görüp elden-aýakdan çykýar. Ol hamsygyp bagyrýar, nämedir bir zatlary aýdýar. Siz onuň aýdýanlarynyň örän howsalaly manysynyň bardygyny duýsaňyz-da, onuň aýdýanlarynyň düýp manysyna doly düşünmeýärsiňiz.

Siz şeýle pursatda nämäni başdan geçirýärsiňiz? Elbetde, dostuňyzyň düşen ýagdaýyna has beter duýgudaşlyk edersiňiz. Her zadam bolsa siz ol görgülini köşeşdirmegi başarýarsyňyz. Ol indi düşnükli sözleýär: görüp otursak, ol aýalyny sizden gabanyp, tyg ýarasyny salan eken. Bu habar siziň duýgularyňyzy bir-biri bilen çalşyrýar. Öňki duýgudaşlyk edýän synçy adamyň raýdaşlygy bu pajygaly wakanyň günäkäri bolan adamyň duýgularyna öwrülýär. Şular ýaly ýagdaýlar biziň sungatymyzda keşbi ýerine ýetireniňde has-da köp gabat gelýär. Haçanda aktýoryň duýgularynda aýdanyma meňzeş duýgy çalyşmalary bolup geçen halatyndan başlap aktýor pýesanyň işjeň gahrymanyna öwrülýär.

Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda ýygy-ýygydan artist adamyň raýdaşlygy sahnada hereket edýän gahrymanyň duýgularyna öz-özünden öwrülýär. Artist pýesanyň gahrymanynyň ýagdaýyna şeýle çuňňur girýär weli, gahrymanyň duýgulary öz-özünden artistiň duýgularynda oýanýar we artist özüni şol gahrymanyň ornunda duýýar (41).

Ol bu ýagdaýda islese-islemese-de bolýan waka göwnüne degleniň gözi bilen garar. Ol edil öz şahsyýetiniň göwnüne deglip, ondan ar alýan ýaly jedelleşesi geler. Göwnüne degýäne garşy çykar, elinden geldigiçe göreşer. Bu ýagdaýda raýdaşyň duýgulary öz-özünden göwnüne degleniň duýgularyna öwrüler. Has dogrusy, pýesanyň iş hereketlerini edýän gahrymanynyň duýgulary ýaly güýçli häsiýetde bolar.

Döredijilik mahaly beýle ýagdaý döremese näme etmeli? Şeýle ýagdaýda psihotehnikanyň kömegine ýykgyn etmeli bolýarsyňyz. Jedeliň «hödürlenen ýagdaýlaryny» gudratly «eger-desini» we beýleki ýatlamalaryňyzy hem-de «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlikleriňizi» oýarýan oýaryjylary kömege çagyrmaly.

Şeýlelikde, içki dünýäňiziň materiallaryny gözläniňizde diňe bir özüňiziň ýaşan durmuşyňyzda başdan geçirenleriňizi däl, eýsem, başga adamlardan öwrenenleriňizi, çyn ýürekden duýgudaşlyk eden zatlaryňyzy-da ulanmaly. Şular ýaly işler başga adamlaryň gürrüňlerinden we okalan çeper kitaplardan galan ýatlamalary-da «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlige» peýdalananyňyzda hem bolup geçer.

Bu zatlardan galan täsirleri hem özüňde gaýtadan işläp taýýarlamalydyr. Has dogrusy, okaýan ýa-da diňleýän adamyň raýdaşlyk duýgularyny, edil sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň gahrymanynyň tolgunmalaryna meňzeşlikde, öz hakyky duýgyňa öwürmelidir. Eýsem, size okaýan adamyň raýdaşlyk tolgunmalarynyň eserdäki gahrymanyň duýgularyna öwrülýän ýagdaýy tanyş dälmi näme? Biz her bir täze keşbi işlänimizde şeýle işi etmeýärismi näme?

Biz ýazyjynyň fantaziýasynyň miwesi bolan pýesany okanymyzdan soň, ondaky bolýan waka bilen tanyşýarys. Ýöne biz artistler sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny okanymyzda ondaky wakanyň döredijisi-de, synçysy-da däl. Haçanda sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy bilen ilkinji gezek tanyşýan mahalymyz setanda-seýranda ondaky gahrymanlara duýgudaşlyk edýäris. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny sahnalaşdyrmak üçin işlenilýän döwürde şol raýdaşlyk duýgularymyzy artistiň duýgularyna öwürmek işi biziň paýymyza düşýär.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç:

– «Däli» ýa-da «Ýykylan uçar» hakyndaky okuw sahna işleri ýadyňyzdamy? – diýip, bizden sorady. – Ýadyňyzdamy, olarda göwnüňizdäkileri döretmek üçin, gerek bolan materiallary olaryň «eger-delerinden», «hödürlenen ýagdaýlaryndan», «hyýaly göz öňüne getirmelerinden» we beýleki oýaryjy duýgularyň kömegi bilen «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlikden» ýüze çykarypdyňyz?

Siz daşky oýaryjylaryň kömegi bilen hem edil şolar ýaly netijäni gazanypdyňyz. Okuw otagyndaky okuwçylar bilen «Brand» pýesasyny bu eseriň düýp manysyna görä böleklere böleniňizde, bu işiň gyzlaryň we oglanlaryň ýarysyndan köpüsiniň arasynda gyzgyn jedeli döredeni ýadyňyzdamy?

Bu içki dünýäňizi oýaryjylaryň täze görnüşini unudan dälsiňiz-dä her-nä?

Sahna meýdançasynyň we tomaşa zalynyň kä ol ýerini, käte bolsa başga ýerini yşyklandyryp, yşygyň ýanyp-sönüp duranyny görkezenimiz hem siziň ýadyňyzdamy?

Siz indi janly herekete gaplanan meýdançalaryň-da biziň üçin oýaryjylar bolup hyzmat edýändigini bilýärsiňiz.

Fiziki iş hereketlerini, olaryň sazlaşykly yzygiderliligini, çyn hakykaty we ynamy öwrenip geçenimiz ýadyňyzdamy? Bular hem duýgulary oýarýan wajyp oýaryjylardyr.

Siz geljekde-de içki dünýäňizi oýarýan köp sanly oýaryjylary öwrenmeli bolarsyňyz. Olaryň iň ýitileri sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň sözleriniň manylarynda, ýazyjynyň ýazylmadyk pikir-hyýallarynda, gahrymanlarynyň özara gatnaşyklarynda gizlenip ýatýar. Siz şu mahal hem adaty durmuşy suratlandyrýan we onuň janly ýagdaýynyň hyýal-islegini özünde jemleýän sahna meýdançasyndaky köp sanly daşky oýandyryjylar bolan sahna binagärligini, sahnadaky ýagdaýy, yşyklandyrmagy, seslendirmegi we dürli gurnalýan mizansahnalary öwrendiňiz.

Siz şu öwrenen we geljekde-de öwrenmeli duýgulary oýaryjylary goşsaňyz, siziň biljek duýgulary oýaryjy usullaryňyzyň sany ep-esli bolýar. Bu siziň psihotehnikaňyzyň esasy baýlygydyr. Olardan netijeli peýdalanmagy hem başarmak gerekdir.

Men:

– Nädip? Men «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligi» we gaýtalanýan duýgulary gara çynym bilen çagyrasym gelýär! – diýip, Torsowy ynandyrdym.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Edil awçynyň öz awuna topulyşy dek, «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» we gaýtalamakçy bolýan duýgularyňyz bilen awuňyza daraň! – diýip, öz düşündirişini erjellik bilen nygtady.

– Siziň islegiňize aw guşunyň özi gelmese, agaçdyr ýapraklaryň okarasyna ýygnanan ýagyş suwy bilen ýa-da gaýry bir serişdeler bilen ony gözläp, tapyp, getirip bilmersiňiz. Şular ýaly ýagdaý ýüze çykanda, awy tokaýdan çagyrmak üçin, del sesleri edýän özüne çekiji aldaw diýilýän gurallaryň kömegini ulanmakdan başga çäre galmaýar. Onsoň hem biziň artistçilik duýgularymyz, tokaý guşlary ýaly örän gorkak, örän hüşgärdir. Şonuň üçin hem olar biziň kalbymyzyň jümmüşindäki ogryn ýerlerde gizlenip ýatýar. Eger-de duýgularyň özleri tötänlikden seslenäýmeseler, olaryň üstüni basyp, tapyp, ele salyp bilmersiňiz. Şular ýaly ýagdaýlarda özüne çekiji aldawa arka diremeli bolýarsyňyz. Biziň şu çaka çenli yzygiderli aýdyp gelýän özüne çekiji aldawymyz hem edil «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» ýaly gaýtadan duýmaklygy oýaryjy bolup hyzmat edýär.

Maksatnamanyň her bir geçilen bölegi «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» we gaýtadan duýmaklygyň özüne çekýän aldawyň oýaryjysyny özi bilen alyp geldi. Şeýlelik bilen, size «eger-däniň, hödürlenen ýagdaýyň, howaýy ýagdaýyň, göz öňüne getirmegiň, pýesany manylara, böleklere bölmegiň, ünsüň, hakykatyň, ynamyň» içki we daşky iş hereketleri, iň soňunda şolara laýyk özüne çekiji aldawyň oýaryjysyny peşgeş berdiler. Şeýlelikde, biziň mekdepde hemme geçen sapaklarymyz özüne çekiji aldawyň usulyna alyp geldi. Bu usul bolsa «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligi» we gaýtalanýan duýgularyň oýaryjysy bolany üçin, bize

zerur gerekdir. Biziň psihotehnikamyzy işledýän özüne çekiji aldawyň usuly esasy iş serişdesidir. Her bir artist duýgy bilen özüne çekiji aldawyň usulyny giňden ulanmalydyr. Galyberse-de, olary ulanmak adaty we düzgüne laýyk ýagdaýdyr. Artist oýaryjynyň usulyny ezberlik bilen ele almalydyr. Oňa gönüden-göni duýgudaşlyk etmelidir. «Däli», «Ýykylan uçar», «Pullary ýakmak» hakyndaky okuw sahna işlerine özüne çekiji aldawyň täze pikirini ýa-da meseläni tapan badyňyza, edil şonuň ýaly duýgy hem syçrap ukusyndan oýanar. Başga birini tapanyňyzda bolsa, ol duýgular, düýbünden tapanyňa meňzeş däl başdan geçirmegi talap eder duruberer. Nämäniň nämeleri çagyrýandygyny, çeňňege dakylan haýsy aldawaja nämäniň ony iýmek üçin gelýändigini oňat edip aňşyrmak gerek. Siz öz kalbyňyzyň nähili tohumdan nämäniň ösüp ýetişjekdigini bilýän bagbany bolmalysyňyz. «Ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» her bir täsirine, her bir oýaryjysyna göwnüýetmezçilikli garamak örän uly ýalňyşlykdyr.

Sapagyň soňy, mekdepde geçilen hemme temalaryň ähli tapgyrlaryna, ilkinji nobatda, «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligi» we gaýtalanýan duýgulary oýarmaga alyp barýandygyny subut etmäge bagyşlandy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç şu gün sapakda täze temany gürrüň berdi:

– Döredijilik işinde «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» bilen gaýtalanýan duýgularyň nähili uly orun tutýandygy biziň hemme aýdanlarymyzdan size düşnükli bolan bolsa gerek. Indi «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiň» ätiýaçlyk üçin saklanýan gorunyň gürrüňini etmegiň nobaty geldi. Bu goruň üstüni yzygiderli ýetirip durmaly. Onuň üstüni nädip ýetirmeli? Döredijilik materiallaryny nireden tapmaly? Şeýle materiallaryň siziň öz duýgularyňyzyň, ýadyňyzda galan wakalaryňyzyň, başdan geçirenleriňiziň bolmalydygy eýýämden size düşnüklidir. Biziň olary edil durmuş hakykatyndan susup alşymyz dek, kän kitaplarymyzdan, gören sungat eserlerimizden, ylymdan, bilimden, gezelenç eden ýerlerimizden, sergilerden, hyýaly göz öňüne getirýän toslamalarymyzdan, ylaýta-da, adamlar bilen özara gatnaşyklarymyzdan almagymyz gerekdir.

Aktýoryň durmuşdan alýan materiallary teatryň sungat dünýäsine nähili düşünýändigine we tomaşaçynyň öňünde nähili çeperçilikli keşpleri hödürlemegi niýet edýändigine görä üýtgäp duryar. Şeýle bir döwür boldy, şol wagtlarda az sanly tomaşaçylaryň islegi öz hususy baýramçylyk şady-horramlygyny gandyrmak niýeti bilen teatry işletdiler. Teatr şol tomaşaçylaryň islegini kanagatlandyrmak bilen meşgullandy.

Soňra bolsa döredijilik üçin şeýle bir wagt geldi, aktýor materiallary daş-töweregindäki joşup duran durmuşdan susup almaly boldy. Teatr öz döredijiligine dürli eýýamlarda her hili materiallardan peýdalanmaly boldy. Teatryň wodewil görnüşli pýesasyny sahnada goýmak üçin material ýygnalanda töwerek-daşyňa ýeňiljek

göz aýlamak ýeterlik. Ozerowyň şertli, ýagny bellibir ýagdaý bilen gurnalan tragediýasyny sahnada janlandyrmak üçin aktýorçylygyň daşky tehnikalaryny çalt hem düşnükli, haýbatly häsiýetlere gaplap ýerine ýetirmegi başarsaň bolýar (42).

XIX asyryň 60–90-njy ýyllarynda tomaşaçynyň psihologiýasyny dartgynly hala salmak üçin, rus teatrynda görkezilýän orta hilli dramalarda, (A. Ostrowskiniň eserlerini bulara goşmazdan) aktýorlar öz töwereginden we jemgyýetiň bellibir özüne ýakyn toparyndan alan tejribelerinden materiallary ýygnamak bilen çäklenipdirler. Emma haçanda A. P. Çehow täze eýýamyň öwüşgini degen «Çarlak» pýesasynyň ýazgysynyň edebi esasyny ýazansoň, ozalky ýygnanan materiallar ýetmezçilik etdi. Indi durmuşa has çuň aralaşyp, tutuş jemgyýete we adamzat dünýäsine täzeçe ýelginini çaýýan döwür durmuş hakykatynyň has çylşyrymly we inçe akymlaryny beýan etmäge güýçli itergi berdi.

Artist şahsyýetiň we adamzat nesliniň durmuş hakykatynda çylşyrymlaşdygysaýy şol çylşyrymly ýagdaýlaryna has çuň aralaşyp öwrenmeli bolýar. Ol şonuň üçin hem öz gözýetimini giňeltmeli. Dünýädäki wakalaryň netijesinde bolsa ol gözýetim tükeniksiz ýagdaýda giňemek bilen bolýar. Ýöne durmuşyň dürli ugurlaryny alyp gözýetimiňi giňeldeniň, töwerek-daşyňy synlanyň bärden gaýdýar.

Şol ýagdaýlara düşünmek, öz duýgularyňa laýyk olary gaýtadan taýýarlamak, «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiňde» jemlenen wakalaryň çuňňur manylaryna akyl ýetirip, özüňi gurşap alan durmuşyň ýagdaýlarynyň manysyna aralaşmak gerek. «Keşbi başdan geçiren ýaly ýaşap döretmek» düzgün-kadasyny sahna sungatynyň üsti bilen şekillendirjek bolsaň, diňe bir durmuşy öwrenmek bilen çäklenmän, eýsem, durmuşyň dürli ýagdaýlaryny her zat etmeli welin, mümkingadar öz başyňdan geçirmelidir. Şonsuz biziň sungatymyz gurap tükenmek bilen bolar-da, öýkünmek, ýasamalyk düzgüni dörär (43).

Artist özüni gurşap alan durmuşy synlamak bilen onuň şatlygyny we gaýgysyny, agyrlygyny başdan geçirip, ondaky wakalaryň çylşyrymly ýagdaýlaryna we şol ýagdaýlaryň içinden-daşyndan äpet dartgynlylyk hem-de gahrymançylykly işleriň eriş-argaç bolup geçýändigine inçeden düşünmelidir we aňlamalydyr. Şonsuz artist hakyky döredijilik üçin ölüdir. Eger-de ol sungat üçin ýaşaýan bolsa, öz akyl-paýhasyna agram salyp, bilim bilen onuň ýetmezçilikleriniň üstüni doldurmalydyr. Soňra öz düşünjesini seljerip, her edip, hesip edip özüni gurşap alan durmuşa başdan düşünip ony aňlajak bolmalydyr.

Eger-de artist öz döredijilik ylhamyny ýok etmejek bolsa, goý, ol durmuşa diňe peýda görmek niýeti bilen garamasyn. «Peýdakeş – döredijilik adamy» diýen ada mynasyp bolup bilmez. Örän köp sanly artistler sahnany öz peýdasyna ulanýan peýdakeşlerdir.

«Ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlige» duýgularyňyzy peýdalanmak üçin ýygnaýan mahalyňyzda, ylaýta-da, rus adamlarynyň özüniň we beýlekileriň näsaz ýagdaýlaryna has beter üns berýändigini göz öňünde tutuň. Şonuň üçin hem «ýiti

duýmakdan galýan ýatkeşligimizde» ýamanlyga uýýan duýgularymyz we ýatlamalarymyz örän kän toplanýandyr. Hatda biziň edebiýatymyz hem şeýle duýgulara diýseň baýdyr. Emma ýagşylyga, haýyrly wakalara uýýan duýgulara weli, örän garypdyr (44).

Elbetde, bu nogsanlyga ýykgyn edýän topary keşpleri çeper, örän ussat döredýänleri-de bar (Hlestakowyň, şäher häkiminiň keşpleri), adamyň ýowuz ýagdaýlarynyň dartgynlylygyny ýokary derejede görkezýän keşpleri-de bar (Iwan Groznyý we beýlekileriň keşbi). Ýöne hakyky sungat «keşbi başdan geçiren ýaly ýaşap döretmek» düzgün-kadasyny gözellik nusgasynda görkezmelidir. Sungatyň aslyýeti diňe şu ady agzalan keşplerde tamamlanmaýar, bize başga hili materiallar-da ummasyz köp gerekdir. Ony biziň içki dünýämiziň ýagty çuňluklarynda ýaşaýan gözellik höwesi we hyjuwy bilen gözläň. Goý, siziň «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiňiziň» üsti gözellik, pähimlilik, mähribanlyk ýaly materiallardan ýetirilip dursun.

Hakdan içen artist talap edilýän zatlaryň hemmesini ýerine ýetirjek bolsa, oňa çuň manyly, gyzykly, dürli-dürli tolgundyryjy we belent hyjuwly durmuşda ýaşamagyň gerekdigi size has-da düşnükli bolan bolsa gerek! Goý, ol diňe şäherlerde däl, obalarda-da, gyrak-bujaklarda-da, fabrik-zawodlarda-da, dünýäniň beýleki medeniýet merkezlerinde-de nämäniň bolýandygyny bilsin. Goý, artist öz milletiniň-de, başga halklaryň-da durmuşynyň psihologiýasyny çuň synlasyn we öwrensin. Bize tükeniksiz giň düşünjeli gözýetim gerek. Sebäbi «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» usulyny dünýäniň halklaryna ýaýratmagyň biziň paýymyza düşeni üçin, biz şu döwürdäki hemme milletleriň sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda aktýorçylyk etmelidiris.

Bu-da örän bärden gaýdýar! Aktýor sahnada diňe öz döwrüniň durmuşyny görkezmek bilen çäklenmeýär. Ol geçen, häzirki we geljekki durmuşy-da görkezýär. Mesele diýseň çylşyrymlaşýar. Artist öz döwrüni beýan edende töweregini synlap öwrenip bilýär.

Haçanda ol geçen we geljekki ýa-da hiç wagt bolmadyk durmuşy döretjek bolsa, öz howaýy hyýalynda olaryň durmuşyny dikeltmeli ýa-da täzeden döretmeli bolýar. Beýle işiň bolsa ýeňil däldigine geçen sapaklarymyzda siz düşünen bolsaňyz gerek! Biziň döredijiligimiziň nusgasy bolsa hemme wagtda bolýan we mydamalyk galýan ölmez-ýitmez sungatdyr. Ol hiç wagt könelmeýär, ýitmeýär, baky ýaş we umumadamzada gymmatly. Men döredijiligiň belent derejesiniň, ýagny nusgawylyk derejesine galan ideal hakynda aýdýaryn, biziň bolsa hemişe şoňa ymtylmaga borçludygymyzyň gürrüňini edýärin.

Şu nusgalary öwreniň, tomaşaça ýetirmek üçin gözläň we olary «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşligiňiziň» materiallarynyň içinden tapyň.

Artist hakyky ýa-da hyýaly durmuşdan adama hödürläp boljak zatlaryň hemmesini alýar. Beýleki adamlaryň bolsa ýaşamak üçin durmuşdan alýan hemme

täsirleri, lezzetleri, hyjuwlary aktýoryň döredijilik materialyna öwrülýär. Ol öz şahsy materiallaryndan we beýlekilerden kabul eden materiallaryndan hemmeler üçin baky ýaşajak şahyrana keşpleriň, ýagty ideýalaryň giden dünýäsini döredýär.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Men size döredijilige ýaňy başlan ýaşlara «ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik» barada aýtmaly zatlaryň hemmesini aýtdym diýip hasaplaýaryn. Siz bu ýatkeşligiň galanyny geljekde biziň maksatnamamyzy özleşdirip barýarkaňyz doly öwrenersiňiz – diýip, şu günki umumy sapagyny tamamlady.

# X. SAHNADAKY GATNAŞYK

*. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Tomaşa zalynda «*Sahnadaky gatnaşyk*» diýlip ýazylan görkezme esbaby asyldy.

Arkadiý Nikolaýewiç gelip bizi täze geçilmeli bölüm bilen gutlady we Wasilewskä ýüzlendi:

– Siz şu mahal kim bilen ýa-da näme bilen gatnaşykda? – diýip, ol ondan sorady.

Öz pikirine gümra bolup oturan Wasilewskiý Torsowyň näme hakda soraýandygyna düşünmedi.

– Men hiç kim we hiç zat bilen gatnaşykda däl! – diýip, ol diline gelenini aýdyp goýberdi.

– Siz hut, tebigy ajaýyplyk! Eger-de siz hiç kim bilen gatnaşyk etmän ýaşap bilýän bolsaňyz, sizi gadymy zatlar saklanýan muzeýe ibermeli – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç degişdi.

Wasilewskiý Arkadiý Nikolaýewiçden ötünç sorady. Ol hiç kimiň oňa nazar aýlamaýandygyny hem-de hiç kimiň oňa ýüzlenmändigini ynandyrmaga çalyşdy. Okuwçy şonuň üçinem hiç kim bilen gatnaşygy ýola goýup bilmändir.

– Gatnaşyk etmek üçin, näme, size seretmelimi ýa-da siziň bilen gürleşmelimi? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düşünmedi:

– Gözüňizi ýumuň. Gulaklaryňyzy dykyň. Sesiňizi çykarmaň. Pikiriňiz bilen kim we näme bilen gatnaşyk etmekçi? Siz haçanda gatnaşmak üçin hiç bir zat tapmadyk mahalyňyzda, iň bolmanda, bir pursat şu ýagdaýda saklanyň!

Men hem özümde aýdylanlary barlap gördüm, ýagny gözlerimi ýumdum, gulaklarymy ýapdym we özüm bilen nämäniň bolup geçýändigini yzarladym.

Meniň göz öňüme öten agşamky teatrda kirişli saz gurallarynyň tanymal kwartetiniň çykyş edişi geldi weli, men jikme-jik ýagdaýda, şol ýerde meniň duýgyma täsir eden zatlary birin-birin ýatladym, ine, men gapydan teatryň eýwanyna girdim. Salamlaşdym. Oturdym. Saz çalmak üçin taýýarlanýan sazandalary synladym. Olar derrew saz çalmaga başladylar. Men bolsa olary diňledim. Ýöne olaryň çalýan sazyna düşünmek, onuň dünýäsine aralaşmak, ony duýmak maňa başartmady. Ine, şu pursat gatnaşyk meselesiniň boş mahaly! – diýip men netijä geldim-de, dessine Torsowa öz gelen netijämi aýtdym.

– O nähili?! – diýip, ol gaty seslenip geňirgendi. – Siz saz eserini kabul etmegi gatnaşyk meselesinden üzňe boş pursat hasaplaýaňyzmy?

– Hawa. Sebäbi men diňledim, ýöne eşitmedim, düşündim, ýöne entek aňmadym. Şonuň üçin hem entek gatnaşyk döränok. Şonuň üçin hem men şol pursady gatnaşyksyz, ýagny boşluk hasaplaýaryn – diýip, men öz diýenime tutdum.

– Gatnaşyk we sazy kabul etmeklik başlanmandygynyň sebäbi, sizde ondan öňki bolan pursat doly tamamlanmany üçin, ol siziň ünsüňizi özünde saklapdyr. Ýöne ol pursat tamamlanan dessine, siz sazy diňläp başlapsyňyz. Ýa-da özüňizi gyzyklandyrýan pişe bilen iş salşypsyňyz. Şol sebäpden hem gatnaşyk meselesinde hiç bir arakesme bolmandyr.

– Goý, şeýle bolsun – diýip, men ylalaşdym-da, ýatlamamy dowam etdim:

Pikirim dagynyk mahaly köpräk hereket etdim. Meniň hereketim, göwnüme bolmasa, adamlaryň ünsüni çekene meňzedi. Bellibir wagta çenli gymyldaman oturyp sazy diňlän bolmalydym. Ýöne men beýleki adamlar ýaly bolup otursam-da, sazy eşitmeýänim weli, hakykatdy. Men töweregimde nämeleriň bolýandygyny synladym.

Birden duýdansyzlykda meniň nazarym Torsowa düşdi. Men onuň özümi görmändigini aňdym. Men soňra Şustowyň daýysyny gözläp seretdim. Ýöne o-da, beýleki artistler hem ýok eken. Men onsoň töweregimdäki adamlary birin-birin synladym. Şundan soň meniň ünsüm dürli taraplara dargady, ony saklap-da, öz işlän ugruma gönükdirip-de bilmedim. Emma saz meniň pikirimi we hyýalymy köp zatlara gönükdirdi: men başga şäherlerde ýaşaýan hossarlarym we dünýäden öten dostum hakynda pikir etdim.

Arkadiý Nikolaýewiç şeýle diýdi:

– Bu pikirler sizde ýöne ýerden döränok ahyry. Olar size ýa-ha öz pikiriňizi, duýgyňyzy we ünsüňizi sahna meýdançasyna gönükdirmeli, ýa-da özgeleriň ruhy täsirlerini özüňize kabul edip almaly diýdigi. Ahyrsoňy zalda asylgy köp öwüşginli çyralar meniň ünsümi özüne çekdi. Men olaryň hyýaly joşgunyň täsiri bilen ýasalyşyny uzak wagtlap synladym.

Men öz ýanymdan: «Ine, şu, gatnaşygyň boş pursady» diýen netijä geldim.

«Çyralara ýöne seredip oturmaga gatnaşyk etmek diýip bolmaz ahyryn?!».

Men haçanda bu täze açyşymy Torsowa aýdanymda, ol şeýle diýip düşündirdi:

– Siz bu asma çyranyň nähilidigine we nämeden ýasalandygyna düşünmek isläpsiňiz. Ol size öz öwüşginleriniň, tutuş görnüşiniň, mümkingadar hemme böleklerini geçiripdir. Siz bolsa şolardan geçen täsirleri öz ýatkeşligiňize ýazypsyňyz we şol täsirler hakynda oýlanypsyňyz. Diýmek, siz asma çyradan näme-de bolsa bir zatlary alypsyňyz. Şonuň üçin aktýorçylygyň gözýetimi boýunça, siz bilen asma çyranyň arasynda gatnaşyk boldy diýip hasaplanýar. Sizi asma çyranyň jansyzlygy gatyrgandyrýarmy?

Emma olar özüni döredeniň durmuşyny saklaýarlar. Asma çyra-da biziň oňa gyzyklanyp goýan pikirimize görä, bellibir derejede janlanyp biler.

– Beýle bolsa, biz gözümize ilen zatlaryň hemmesi bilen gatnaşykda bolýarys-da? – diýip, men jedelleşdim.

– Siz göze kaklyşan zadyňyzy kabul etmäge ýa-da oňa näme-de bolsa bir zat ýollamaga ýetişmersiňiz. Sahnada bu ýagdaýlar, ýagny kabul etmek we ýollamak bolup geçmese, öz araňyzda gatnaşyk bolmaýar. Size näme-de bolsa bir zadyny kabul etdiren ýa-da siz näme-de bolsa bir zadyňyzy şol obýekte ýollan ýagdaýyňyzda gysgajyk gatnaşyk bolup geçýär. Men eýýäm size birnäçe gezek aýtdym, sahnada seredip-de, görüp-de bolýar. Ýöne seredip, hiç zady görmän-de bolýar.

Has dogrusy, sahnada seredip, görüp we hemme bolýan zatlary duýup-da bolýar, sahnada seredip, tomaşa zalynda we teatryň diwarlarynda bolup geçýän zatlara duýgyňy berip, gyzyklanyp-da bolýar. Onsoň hem öz görýän, seredýän we kabul edýän obýektiňizden diňe görýän zadyň bilen gyzygyp-da bolýar. Sahnada bolýan zatlara seredip, olary görüp hiç bir zady kabul etmän hem bolýar. Garaz, hakyky serediş we kabul ediş bar, sereden ýaly edip ýalan seretme bar. Muňa biziň dilimizde bellik üçin boş nazar bilen seretmek diýilýär. Sahnada içki dünýäň boşlugyny gözden-dilden gizlemek üçin hünärmentlik usullaryny ulanýarlar. Olar gaýta, ol boşlugy has-da göze ilginç edýärler.

Sahnada şeýle ýagdaýda seretmegiň zyýanlydygyny aýtmak gerekmi? Göz – kalbyň aýnasy. Boş nazar bilen seredýän göz – boş kalbyň aýnasy. Şuny ýatdan çykarmaň! Sahnada artistiň gözi, nazary, seredişi onuň çuň içki dünýäsiniň manysyny beýan etmegi wajyp.

Şonuň üçin artistiň nazary adamyň durmuşynyň dünýäsini beýan edýän köp sanly materialy ýygnamagy gerek. Artist keşbi ýerine ýetirýärkä öz içki dünýäsindäki materiallara yzygiderli ýüzlenip, pýesanyň iş hereketlerini sahna ýanýoldaşy bilen bile şol materiallaryň mazmunyna laýyk gatnaşyk etmeli. Ýöne artist hem adam. Oňa-da durmuş aladalarynyň hemme adamlara ýetişi ýaly ýetýär. Ol hem sahna gelende durmuş hakykatynyň aladalary, pikirleri, şahsy duýgulary, oýlanmalary onuň bilen bile gelýär.

Şonuň üçin hem artistiň durmuşyndaky wakalar teatryň sahnasyna geleni bilen tükenmeýär. Olar sähelçe mümkinçilik tapsalar, keşbiň süňňüne girip, aktýory öz ugruna alyp gidýärler. Artist keşbiň süňňüne özüni maýyl eden mahaly siňip bilýär. Ol şol mahal keşp bilen bile gopýar, döredijilik babatda bir ten, bir jan bolýar.

Emma ol sähelçe başga zada ünsüni sowsa, ony dessine öz durmuş aladalary gurşap alýarlar-da, teatryň tomaşa zalyna ýa-da teatrdan has daş meýdanlar onuň bilen gatnaşyk açýarlar. Şular ýaly ýagdaýda keşp mehaniki ýagdaýda ýerine ýetirilýär. Şu bolýan ýagdaýlar sebäpli, keşbiň belli-belli ýerleri artistiň şahsy durmuşynyň aladalary bilen dolýar we keşbiň alyp barmaly ýoly ýoýulýar. Gymmat bahaly zynjyry göz öňüne getiriň. Oňa gyzyldan ýasalan üç sany ýüzük, dördünji ýönekeý ýüzük, galan gyzyl ýüzükler ýönekeý ýüzük bilen başaşa we iki altyn ýüzük bolsa ýüpe baglanyp dakylan. Şeýle zynjyr nämä gerek? Şular ýaly ýoly zaýalanan gatnaşyk kime gerek? Şeýdip, durmuş ýoly yzygider ýoýlan keşp turuwbaşdan zaýalanan ýa-da jansyz.

Eger-de durmuşda yzygiderli gatnaşyk iş hereketini etmek zerur bolsa, sahna sungatynda şeýle zerurlyk onlarça esse artýar. Teatr sungatynyň tebigaty we onuň iş hereketlerini edýän gahrymanlarynyň öz aralaryndaky we öz-özleri bilen yzygiderli gatnaşykda bolýandyklary şolar ýaly mümkinçilikleri döredýär. Hut şeýle, pýesanyň ýazary tomaşaça öz gahrymanlarynyň bir toparyny ýatan, beýleki toparyny bolsa huşundan giden edip görkezmekçi bolupdyr, ýagny olaryň kalbyndaky durmuşy iş hereketleri hiç bir babatdan görünmeýän ýagdaýda diýip, göz öňüne getiriň. Ýa-da ýazar iki sany nätanşy sahna çykarypdyr diýeliň. Olar bir-biri bilen tanyşmak, duýgularyny, pikirlerini açmak islemän, her haýsy sahnanyň bir burçunda sesini çykarman, isleg-arzuwlaryny biri beýlekisinden gizläp otyrlar diýip, göz öňüne getiriň.

Tomaşaça şular ýaly ýagdaýdaky teatr gerek däl. Sebäbi tomaşaçy näme üçin teatra gelendiginiň jogabyny alyp bilmez: ol iş hereketlerini ýerine ýetirýänleriň duýgularyna düşünmez, olaryň pikirini bilmez. Eger-de olar sahnada bir-biri bilen gyzyksalar, biri beýlekisine öz duýgusyny beren hem bolsa ýa-da öz pikirini oňa ynandyrjak bolsa, beýleki gürleýäniň pikirini kabul etmek üçin iş hereketlerini etse, düýbünden başgaça iş bolar. Tomaşaçy bolýan waka şaýat ýaly bolup, ol iki keşbiň ýa-da birnäçe keşpleriň edýän gürrüňlerine, iş hereketlerine goşulyp gidenini özi-de duýman, olara düşünmekçi bolar.

Şeýlelik bilen, tomaşaçy sesini çykarman bolýan waka gatnaşar. Keşbi ýerine ýetirýänleriň pikirini bilip, olaryň başdan geçiren wakalaryna duýgudaşlyk eder.

Aýdylanlara şeýle diýip düşünmeli, haçanda teatrda sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň iş hereketlerini edýän gahrymanlaryň arasynda gatnaşyk ýagdaýlary bolup geçende, tomaşaçy sahnada bolýan waka düşünýär we goşmaça gatnaşyk açýar.

Eger-de artist tomaşa zalynda oturan müňlerçe tomaşaçynyň ünsüni özünde saklajak bolsa, sahna ýoldaşlary bilen özüne ynanylan keşbine laýyk öz pikirleriniň, duýgularynyň, iş hereketleriniň gatnaşyk ýagdaýlaryny yzygiderli alyp barmaly. Şol bir wagtyň özünde, onuň gatnaşyk üçin ulanýan kalbyndaky materiallary sahna ýoldaşlaryna we tomaşaçylara, hökmany suratda, gyzykly we özüne çekiji bolmaly.

Sahna sungatynda gatnaşyk meselesiniň adatdan daşary wajypdygy sebäpli, biziň bu meselä aýratyn uly üns bermegimiz zerur. Bu ýagdaý bolsa bize ýakyn wagtdaky özleşdiriljek temalara gatnaşyk meselesiniň iň zerurlaryny goşmaly bolar. Olary has çuňňur öwrenip özleşdirmegimiz üçin bolsa, siziň olar bilen ýüzbe-ýüz bolmagyňyzy gazanmaly.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..19 ý.*

– Ýekebara ýa-da öz-özüň bilen gatnaşyk etmegiň usullaryndan başlaýaryn – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyna giren dessine aýtdy. – Biz durmuş hakykatynda näwagt öz-özümiz bilen gatnaşykda bolanymyzda gaty gürleýäris?

Haçanda gaharlananymyzda ýa-da özümize erk edip bilmän tolgunanymyzda, aňymyza salyp bilmän özümize kyn pikiri öwrenjek bolanymyzda, ýadymyzda oňat galar diýen ynam bilen bir zady ýat tutjak bolanymyzda, ýeke-ýalňyzkak bizi gynaýan ýa-da şatlandyrýan duýgularymyzda, iň bolmanda, ýüregimizi sowatmak üçin gaty ses bilen gepleýäris. Şeýle ýagdaýdaky gatnaşyklar durmuş hakykatynda seýrek-de bolsa gabat gelýär.

Emma sahna sungatynda weli, beýle ýagdaýlar örän ýygy bolup geçýär. Men sahnada öz-özüm bilen gatnaşyk açanymda özümi örän oňat duýýaryn. Men hatda şeýle ýagdaýlary söýýärin. Sebäbi bu ýagdaý maňa ozaldan tanyş ýagdaý bolany üçin, ol adaty halda bolup geçýär.

Emma haçanda men sahnada öz-özüm bilen gatnaşyk açyp çylşyrymly, uzyn şygyr setirleri bilen aýtmaly bolanymda welin, näme etjegimi bilmän, özümi ýitirýärin. Haçanda durmuş hakykatynda ol wakany delillendirmäge hiç zat tapmajak bolup durkam, nädip sahnada ony delillendirmeli? Maňa şeýle öz-özüm bilen gatnaşykdaky «özümi – meni» nireden gözlemeli? Adamyň göwresi uly. Onuň niresine ýüzlenmeli? Beýnisinemi, ýüreginemi, hyýaly duýgusynamy, gollarynamy, aýaklarynamy?

Bu işi etmek üçin bellibir obýekt we subýekt gerek. Olar biziň nirämizde otyrlar? Men bellibir ugra gönükdirilmän, çarýana at salýan ünsi, içki dünýäsinde gatnaşyk etmek üçin takyk merkezleri bolmadyk obýektde we subýektde saklap bilmeýärin. Gatnaşygyň dessine tomaşa zalyna tarap ugrukýandygy geň zat däl.

Sebäbi ol ýerde bizi, elmydama göz astyndan meňzedip bolmaz ýaly ýagdaýda sypdyrman synlaýan obýekt – tomaşaçylaryň topary bar.

Meniň bu ýagdaýdan nädip özümi alyp çykmalydygymy öwretdiler. Bu işi şeýleräk ýerine ýetirmeli: biziň durmuşymyzyň psihologiýasyny adaty ýagdaýda özünde saklaýan mekrez bolan kelle beýnimizden başga-da, ýüregimize golaý ýerde, süňklerimizi Gün şöhlesi ýaly edip birleşdirip duran ýene bir merkez bardygyny görkezdiler. Men ol merkezler bilen söhbetdeşlik etmekçi boldum. Meniň islegim amala aşdy. Olar meniň bedenimde diňe belli bolmak bilen çäklenmän, öz aramyzda sözleşdigem. Men kelle beýnidäki merkeziň aňyň wekilidigini, süňklerimizi birleşdirýän merkeziň bolsa galkynyşymyzyň wekilidigini duýdum.

Şeýlelik bilen, meniň duýgularyma göra akyl galkynyş bilen gatnaşykda boldy diýip düşündim.

Ýeri bolýar, goý, olar gatnaşykda bolsunlar. Diýmek, meniň bedenimde maňa ýetmeýän zatlar bolan obýekt bilen subýekt tapyldy – diýip, men öz-özüme aýtdym.

Şeýle diýip suratlandyranymdan soň, sahnada men öz-özüm bilen gaty gürläp gatnaşykda bolanymda-da, sözlemän arakesme edenimde-de özümi durnukly ýagdaýda saklaýanymy duýdum. Meniň bu ýagdaýy duýanym ylmy nukdaýnazardan ykrar edilen-de, edilmedik-de bolsa, şeýle ýagdaýyň bolup biljegini ýa-da bolup bilmejegini seljermek islemeýärin.

Meniň ölçegim – şahsy duýgym. Goý, meniň duýgym meniňki bolsa bolsun, goý, ol meniň hyýaly duýgymyň önümi bolsun, ol maňa kömek edýär. Şonuň üçin hem men ony ulanýaryn. Eger-de meniň ylmy taýdan däl-de, tejribe bilen alan usulym size kömek etse, ol has hem gowy. Ýöne men bu düşünjämi hiç bir babatdan kepillendirmeýärin, hiç bir babatdan size ulanyň diýip teklip hem etmeýärin.

Arkadiý Nikolaýewiç az salym arakesme edensoň, düşündirişini dowam etdi:

– Sahnada keşbi sahna ýoldaşyň bilen gatnaşyk işini ele almak we ony ýerine ýetirmek ýeňil. Ýöne bu işde-de kynçylyklara gabat gelýäris. Şonuň üçin ol kynçylyklary bilmek we olary ýeňip geçmegi başarmak gerek.

– Mysal üçin, biz hamala sahnada diýeliň. Siz meniň bilen gönüden-göni gatnaşyk etmeli. Ýöne men ullakan. Görýäňizmi men nähili uly! Meniň burnum, agzym, aýaklarym, gollarym, göwräm bar. Siz meniň göwrämiň hemme ýeri bilen birbada gatnaşyk edip bilerin öýdýäňizmi? – diýip, Torsow menden sorady. – Eger-de, bu iş başartmaz öýdýän bolsaňyz, onda meniň bedenimiň bellibir nokadyny gatnaşyk etmek üçin saýlap alyň.

– Gözi! – diýip, kimdir biri teklip etdi. – Göz – kalbyň aýnasy.

– Gördüňizmi? Siz gatnaşyk etmek üçin, ilkinji nobatda, adamyň içki dünýäsindäki kalbyny gözleýärsiňiz. Siz menden meniň janly dünýämi – meniň «menimi» gözläň.

– Ony nädip we nireden gözlemeli? – diýip, okuwçylar düşünmediler.

– Muny size durmuş öwretmedimi näme? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç geň galdy. Siz näme hiç wagt başga kişiniň içki dünýäsini biljek bolup, onuň gizlin dünýäsine öz duýgyňyzyň jüpdegini ýollamadyňyzmy? Bu işi öwretmek gerek däl. Maňa oňatja üns berip serediň. Meniň hal-ýagdaýymy duýuň. Maňa düşünjek boluň. Hawa, anha, şeýdip. Men şu mahal, siziň pikiriňizçe, nähili halda?

– Açyk göwünli, ýakymly, mylaýym, işeňňir, bilesigeliji – diýip, men başardygymdan Torsowyň hal-ýagdaýyny seljermek bilen boldum.

– Indi nähili? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sorady.

Men seljermämi dowam etmekçi bolup Torsowa seretdim weli, onuň üýtgändigini, ýagny rahatlanan ýaşuly adamyň asuda hereketlerini, semizje ellerini, ýagly agzyny, gözleriniň özboluşly sada garaýşyny, endigine öwrülen tyrkyldysyny synlap, Torsowy Famusowyň keşbinde gördüm.

– Siz kim bilen gürleşýärsiňiz? – diýip, Torsow menden sorady. Ol Famusowyň Molçaline ýüzlenişi dek ulumsy, gopbamsy äheňde gürledi.

– Elbetde, Famusow bilen – diýip, men jogap berdim.

– Onda Torsow nirede galdy? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç dessine ýene-de öňki Torsowa öwrülip menden sorady: – Siz mende keşbiň häsiýetlerine laýyk endige öwrülip üýtgän Famusowyň burny, eli bilen gatnaşyk etmän, meniň janly ruhum bilen gatnaşyk etdiňiz. Ol janly ruh bolsa meniň bilen bile galdy. Öz janly ruhumy

özümden kowup bilmeýärin we başganyň janly ruhuny karzyna-da alyp bilemok. Diýmek, siz bu sapar sowa geçdiňiz we janly ruh bilen däl-de başga bir zat bilen gatnaşyk etdiňiz? Aýdyň hany, näme bilen?

Dogrudan hem, men näme bilen gatnaşykda boldumkam?

Elbetde, janly ruh bilen. Torsowyň obýekt hökmünde üýtgäp Famusowyň keşbine gireni ýadymda, mende täze duýgular döredi, ýagny men Arkadiý Nikolaýewiçe bolan hormatymy sakladym, ýöne şunuň bilen bir hatarda, gülkünçden, ýagşy niýetlilik bilen kinaýaly bakýan Famusow göz öňüme geldi.

Şeýle-de bolsa meniň kim bilen gatnaşyk edenimi bilmek we seljermek maňa başartmady. Men muny Arkadiý Nikolaýewiçiň öňünde aç-açan boýun aldym (45).

– Siz täze bir adam bilen gürleşdiňiz. Onuň ady Famusow – Torsow ýa-da Torsow – Famusow. Siz döredijilikli artistiň bu täsin üýtgeýşiniň syryny öz wagty gelende öwrenersiňiz. Häzirlikçe artistleriň sahnada oýnadýan gözleri, burny, ilikleri bilen däl-de, hemişe obýektiň janly ruhy bilen gatnaşyk etmäge çalyşýandyklaryny bilip goýuň. Şeýdip, iki adam bir-biri bilen duşuşan badyna olaryň arasynda gatnaşyk döreýär.

Mysal üçin, şu mahal biz bir-birimiz bilen düşünişdik welin, şolbada biziň aramyzda gatnaşyk döredi. Men öz pikirimi size ýollamaga çalyşýaryn, siz bolsa meniň bilimimi, tejribämi diňläp we kabul etmek üçin özüňiziň ünsüňizi jemläň, mahlasy, kelläňize agram salyň.

Goworkow Arkadiý Nikolaýewiçiň sözüni bölüp:

– Beýle ýagdaý, bilýäňizmi, gatnaşyk däl – diýdi. Sebäbi pikirini ugradýan, duýgyny ýollaýan diňe siz – subýekt, ýagny gepleýän adam, kabul edýän bolsa biz – obýekt, ýagny diňleýänler. Bagyşlamagyňyzy haýyş edýärin, bu ýerde iki tarapyň gatnaşygy nirede? Garşylykly duýgynyň kuwwaty hany?

– Siz şu mahal näme edýärsiňiz? – diýip, Torsow okuwçysyndan sorady. Siz meniň aýdanlaryma garşy çykýarsyňyz. Siz meni ynandyrmakçy bolýarsyňyz, ýagny siz maňa iňkise galýanyňyzy mälim edýärsiňiz. Men bolsa olary kabul edýärin. Ine, şu siziň aýdýan garşylykly duýgyňyzyň kuwwaty.

– Şu mahal, elbetde, şeýle, ýöne ozal diňe siziň ýeke özüňiz gürlediňiz? – diýip, Goworkow öz diýenini tutdy.

– Men bularyň tapawudyny görmeýärin – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuwçy bilen ylalaşmady. – Ozal hem biz gatnaşyk etdik, şu mahal hem gatnaşyk edýäris. Dogry, pikiri ýollamak we pikiri kabul etmek iş pursatlary özara gezekleşýärler. Emma men gürlämde-de, siz meni diňläňizde-de, siziň göwnüňizi iňkisiň gurşap alanyny duýdum. Siziň tagapylsyzlygyňyz, geň galmaňyz, siziň tolgunýandygyňyz maňa yzygiderli gelip gowşup durdy.

Men siziň tagapylsyzlygyňyzy we tolgunmaňyzy şonda näme sebäpli kabul etdim? Sebäbi siz ol duýgularyňyzy öz içiňizde saklap bilmediňiz. Sebäbi sizde

şol mahal duýdansyzlyk bilen meniň pikirimi kabul etmek we öz duýgyňyzy maňa ýollamak iş pursatlary özara gezekleşip geçip durdy. Diýmek, siz dymýarkaňyz şol aýdýan garşylyklaýyn kuwwatyňyz bolup geçdi. Ine, indi siz meniň pikirim bilen ylalaşman, şol garşylyklaýyn kuwwatyňyzy daşyňyza çykardyňyz. Eýsem-de bolsa şu aýdanlarym gatnaşyga mysal bolup bilmeýärmi näme?

Teatrda ýazyjynyň sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy diňe gepleşikde ýazylandygy, onda iki we köp adamlaryň gatnaşyk edýändigi üçin gatnaşygyň yzygiderli, üznüksiz bolmagy wajyp we zerur.

Gynansak-da, teatrda meniň aýdýan gatnaşygymyň arasy üzülýär, özem bu seýrek duşulýan ahwal däl. Bu düzgüni ulanýan aktýorlaryň-da aglabasy ondan diňe öz keşbiniň sözlerini aýdýan mahaly peýdalanýarlar. Soňra olar gürlemän dyman dessine, sahna ýoldaşynyň pikirini diňlemeýärler, kabul hem etmeýärler.

Şeýlelik bilen, olar tä öz aýtmaly sözlerine gezek gelýänçä keşbini ýerine ýetirmeýärler. Bular ýaly aktýorçylyk endigi özara gatnaşygyň yzygiderliligini bozýar. Özara gatnaşygyň yzygiderliligi ýeke bir öz sözleriňi aýdýarkaň ýa-da onuň jogabyny diňleýärkäň däl, eýsem, galapyn gözleriň kömegi bilen özara gepleşigiň dowam etdirilýän dymyşlygynda, ýagny arakesmelerde-de duýgulary ýollamagy we kabul etmegi talap edýär.

Gatnaşygyň arasyny kesmek dogry däl. Şonuň üçin hem öz pikiriňizi sahnada ýoldaşyňyza aýtmagy we aýdanyňyzdan soňra öz pikiriňizi onuň aňyna we duýgusyna ýetenini ýa-da ýetmänini synlamagy öwreniň.

Muny etmek üçin uly bolmadyk arakesme etmegiňiz gerek. Sahna ýoldaşyňyzyň kabul edendigine gözüňiz ýetensoň, göz hereketleriňiz bilen şertleşen, söz bilen aýdyp bolmaýan şertiňizi edip, aýtmaly sözüňiziň dowamyny aýtmaga başlaň. Siz öz gezegiňizde sahna ýoldaşyňyzyň sözlerini we pikirlerini her sapar şu güne laýyk kabul etmäni başaryň. Köp gezek gaýtalan taýýarlyklaryňyzda we sahna oýunlaryňyzda eşiden özge adamyň pikirleriniň we sözleriniň manysyny gowy öwreniň. Arakesmesiz gatnaşykda pikiriňizi ýollamak we kabul etmek duýgularyny we sözleriň manysyny döredijiligiň gaýtalanýan iş pursatlarynda her gezek gaýtadan ýerine ýetirmek gerek. Bu iş artistçiligiň berk düzgün-kadasyny, tehnikasyny gaýym saklap, uly üns berilmegini talap edýär.

Arkadiý Nikolaýewiç düşündirişini soňlap bilmän, dersi tamamlamaly boldy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç bu gün hem geçen sapakda başlan gatnaşygyň dürli görnüşleriniň häsiýetleri hakyndaky temasyny dowam etdi.

Ol:

– Men hakyky däl, hyýaly, durmuşda ýok obýekt hakynda gürrüň etmekçi. Gamletiň kakasynyň kölegesi bilen gatnaşyk etmek hakyndaky gatnaşygyň täze görnüşini seljermäge geçýärin – diýdi.

Mysal üçin, W. Şekspiriň «Gamlet» pýesasyndaky Gamletiň kakasynyň kölegesini alyp göreliň. Sahnada ol hyýaly obýekti artist hem, tomaşaçy hem görmeýär. Tejribesiz artistler hyýaly obýekte bar diýip, hakykat ýüzünde ony görjek bolup göz öňüne getirmäge çalyşýarlar. Olaryň sahnada bu işe bar güýç-kuwwaty we ünsi gidýär. Emma tejribeli artist welin, bu işde meseläniň göze görünmeli obýektde däl-de, öz içki dünýäsindedigine, göze görünmeýän obýekte bolan gatnaşykdadygyna aýdyň düşünýär. Olar şonuň üçin ol ýok obýektiň ornunda öz gudratly «eger-desini» goýýarlar-da: «Eger-de ýok zat bardy-geldi şyrlap ýatan boş meýdanda peýda bolaýsa, men nähili iş hereketleri bilen özümi alyp barardym?» diýen sowala öz wyždanyna laýyk derejede çyndan jogap bermäge çalyşýarlar.

Käbir artistler, aýratyn hem, ýaňy okuwa başlan okuwçylar öý işlerini ýerine ýetirenlerinde janly obýekti görüp bilmänsoň, hyýaly obýekte ýüzlenýärler. Olar aňynda şol obýekti aýlaýarlar-da, ony göz öňüne getirip, boş meýdan bilen gatnaşjak bolýarlar. Bu ýagdaýda-da «keşbi başdan geçiren ýaly döretmäge» gerek uly güýç-kuwwatlaryny we ünslerini meseläniň içki dünýäsine bermegiň deregine, şol ýok obýekti göz öňüne getirmek üçin hüžžerilip gysylyp-gowrulýarlar. Şular ýaly nädogry gatnaşyga endik eden şol artistler we okuwçylar, özi bilen şol endik eden usullaryny sahna getirýärler. Şeýdip, olar dura-bara janly obýekt bilen gatnaşyk etmegi düýbünden unudýarlar.

Netijede, sahna ýoldaşy bilen hem jansyz, ýalan obýekt bilen gürleşen ýaly gürleşmegi öz endigine öwürýärler. Bu howply endik ýygy-ýygydan uly güýç bilen sahna ornaşyp, ömürboýy dowam edýär.

Sahnada ýoldaşyna seretse-de ony görmän, göz öňüne getirýän ýok zadyny görüp, onuň bilen gatnaşyk saklaýan artist bilen iş hereketlerini etmek ýaly agyr güzap ýokdur. Şeýle artistler keşbini ýerine ýetirýän sahna ýoldaşy bilen gös-göni gatnaşykda bolmalydygyna garamazdan, edil jansyz diwar ýaly bolup, ony eşitmeýärler. Onuň äheňine gulak asmaýarlar. Olar gatnaşygyň usullaryny ulanmaýarlar. Olaryň endik eden gözleri boş meýdana garap, göz öňüne getirýän zady bilen gatnaşykda bolýarlar. Şu jansyz, howply artistçilik hokgasyndan başardygyňyzça gaýra duruň. Bu usul ýeňil ornaşýar, ýöne ondan dynmak welin, gaty kyndyr.

– Onda gatnaşyk etmek üçin janly obýekt bolmasa näme etmeli? – diýip, men soradym.

– Jogap gaty ýönekeý, ol obýekt tapylýança onuň bilen hiç wagt gatnaşyk etmeli däl – diýip, Torsow jogap berdi. – Siziň «Maşklar we taýýarlyklar» temasyny ýerine ýetirmek üçin okuw otagyňyz bar. Ol ýeke bolup däl, iki ýa-da köpçülik bolup, temany ýerine ýetirmek üçin ýörite gurnalan. Gaýtalaýaryn: men okuwçylaryň boş zat bilen gatnaşyk etmän, tejribeli gözüň astynda, hemme taýýarlyk maşklaryňyzy janly obýektler bilen gatnaşyk etmegiňizi berk talap edýärin. Köpçülik ýa-da başgaça aýdanyňda, müňlerçe adamly tomaşa zaly bilen gatnaşykda bolmak hem ýeňil iş däldir. Oňa tomaşaçylaryň umumy ýaşaýyş jaýy hem diýilýär.

18. Sargyt № 3176

– Olar bilen gatnaşyk etmek bolmaýar! Peýdasyz! – diýip, Wýunsow öňünden gaçmalydygyny gyssanmaç duýdurdy.

– Hawa, dogry aýdýaňyz. Tomaşa gidip duran mahaly olar bilen gös-göni gatnaşyk saklamak gerek däl. Ýöne gözüň gyýtagyny aýlamak weli, gerek. Özi hem bu gatnaşyk sahna ýoldaşyň bilen tomaşaça bir wagtyň özünde gatnaşyk etmeli bolýandygy, biziň sahna sungatymyzyň aýratynlyklarynyň we kyn ýerleriniň biri. Sahna ýoldaşyň bilen aň-paýhasyň, tomaşaçy bilen bolsa aňyňa alman gatnaşyk etmeli. Onda-da sahna ýoldaşyň üsti bilen aňyňa alman tomaşaçylary gözden salmaly däl. Bu gatnaşyklaryň bir-birine özara baglydygy olaryň öran oňat tarapydyr.

Şustow bu aýdylana garşy çykdy:

– Men aktýoryň sahnada keşplerini ýerine ýetirýänler bilen edýän gatnaşygyna gatnaşyk diýseň boljakdygyna düşünýärin, ýöne tomaşaçylar bilen gatnaşyga şeýle diýip bolarmy? Eger-de o-da gatnaşyk bolsa, onda zala ýygnanan märeke öz gezeginde sahna näme-de bolsa öz üniň bir zadyny ýollamaly. Hakykat ýüzünde bolsa biz olardan nämäni alýarys? Sübse ýaly gül bilen çapak. Olary-da ýa arakesmede, ýa-da bölümleriň arasynda.

Arkadiý Nikolaýewiç geňirgenip:

– Olaryň gülküsi, gözýaşy, çapaklary näme, iş hereketleri edilip durka olaryň pyşyrdylary, tolgunmalary ýa-da beýleki yşaratlary näme? – diýdi.

Soňra okuwçylary ynandyrmagyny dowam etdi:

– Men size tomaşaçynyň keşbi ýerine ýetirýänler bilen özara baglanyşygyny aýdyň görkezýän bir wakany gürrüň bereýin. Çagalara niýetlenen «Gök guş» atly sahna oýny çagalar üçin gündiz görkezilen gezekleriniň birinde, sahnada baglaryň we ýyrtyjylaryň çagalary sud edýän bölümi görkezilip durka, men garaňkyda kimdir biriniň meni dürtekleýändigini duýdum. Ol on ýaşlyja oglan eken. Ol:

– Olara aýtsana, pişik diňläp dur-a. Ana, ol bukulyp dur, men görýän! – diýip, Tiltiliň hem-de Mitiliň täleýiniň ýaramaz boljagyndan howatyrlanyp, çaga tolgunyp pyşyrdady.

Maňa ony köşeşdirmek başartmady weli, ol – kiçijik tomaşaçy tomaşa zalyndan sahnanyň erňegine baraga-da, çagalaryň keşbini ýerine ýetirýän aktrisalara howpuň abanýandygyny pyşyrdap aýtdy durdy, aýtdy durdy.

Eýsem-de bolsa, şu waka tomaşa zalyndan tomaşaçylaryň seslenmesi bolup bilmezmi?

Sahna oýnuna seredýän milletiň zerurdygyna oňat düşünmek üçin olary zaldan aýryň we sahna oýnuny boş, tomaşaçysyz zalda ýerine ýetiriň. Şeýtmek isleýäňizmi?

Men artist bendäniň boş, tomaşaçysyz zalda keşbini ýerine ýetirişini göz öňüne getirdim... hem-de şeýle ýagdaýyň hiç bir jähtden başa barmajakdygyny duýdum.

Men pikirimi aýdanymdan soňra:

– O näme üçin? – diýip, Torsow sorady. Soraga ýene-de özi hem jogap berdi. Sebäbi şeýle ýagdaýda artist bilen tomaşaçynyň gatnaşygy ýitýär. Gatnaşyk bolmadyk

ýerinde bolsa milletiň öňünde çykyş edilýän döredijiligiň teatr görnüşi ýok. Tomaşaçysy ýok zalda sahna oýnuny ýerine ýetirmek sesiň owazy eşidilmeýän içi ýumşak mebellerden doly jaýda aýdym aýdan ýaly bolar. Tomaşaçyly ýerde sahna oýnuny ýerine ýetirmek bolsa, sesiň owazy eşidilip duran jaýda aýdym aýdan ýaly bolar.

Göwnüňdäki owazy hut tomaşaçy döredýär diýäýmeli. Ol edil sesiň özüne laýyk seslenýän enjam ýaly, biziň oýnumyzy kabul edýär-de, öz janly duýgularyny bize ýetirýär. Sungatyň şertli ýagdaýyndaky bu hünär, köpçüligiň gatnaşýan obýekti bilen bolýan gatnaşygyň bu görnüşiniň ýönekeýje çözgüdi bar: köp halatda pýesanyň ýazylyşy hem-de tomaşanyň tutuşlaýyn ýerine ýetirilişi şol şertli ýagdaýa bagly bolýar.

Mysal üçin, gadymy fransuz komediýalarynda we aýdym-sazly, tansly sahna oýunlarynda keşpleri ýerine ýetirýän aktýorlar häli-şindi tomaşaçylar bilen gepleşipdirler. Ol aktýorlar pýesanyň başynda ýazylan bölegi sahnanyň öňüne gelip, tomaşaçy bilen gepleşip käbir sözleri, sözlemleri ýa-da köp sözli pikirleri, iç gepletmeleri aýdyp beripdirler. Bu işi uly ynam, dogumlylyk, özüne göwnüýetijilik bilen täsin galdyryp ýerine ýetiripdirler.

Hakykatdan-da, tomaşa zaly bilen söhbetdeşlik etjekmi, diýmek, sen tomaşaça öz täsiriňi ykjam ýetirmeli we onuň ünsüni özüňe jemläp bek saklamagy oňarmaly.

Sahna oýnunda halkyň gatnaşýan görnüşlerinde, ýagny gatnaşygyň täze görnüşi bolan halk döredijiliginde, biz märeke bilen diňe tomaşa zalynda däl, hut sahnada-da duşuşýarys. Bu işde köpçülik obýektine göz aýlamak bilen çäklenmän, gönüden-göni onuň özüne gatnaşyk açyp ulanýarys. Bular ýaly halk köpçüliginiň sahnalarynda milletiň belli-belli toparlary bilen gatnaşyk açylýar. Kämahal bolsa tutuş köpçülik bilen hem gatnaşyk etmeli bolýar. Muňa giňeldilen gatnaşyk diýip aýtsa bolar. Halk köpçüliginiň sahnalaryna gatnaşýanlaryň tebigy taýdan dürli-dürlüligi, duýgularyň we pikirleriň gatnaşyklary bolup duran iş pursadynyň täsirini güýçlendirip, tomaşa gatnaşýanlaryň her biriniň, soňra bolsa tutuş toparyň hyjuwyny joşdurýar. Bu ýagdaý aktýorlara-da, tomaşaçylara-da uly täsir edýär.

Arkadiý Nikolaýewiç şundan soň, artistçiligiň hünärmentlik gatnaşyklary bolan täze görnüşiniň düşündirişine başlady:

– Bu gatnaşyk pýesada hereket edýän gahrymanlaryň sahna ýoldaşyna däl-de, gönüden-göni tomaşaçylara tarap gönükdirilýän gatnaşykdyr. Şeýle ugruň garşylyklary az bolýar. Bular ýaly gatnaşyk size düşnükli bolmaly. Ol ýönekeý ýol, aktýoryň öýkünmek usullary bilen özüni tomaşaça görkezmekdir. Men geçen sapaklarymda hünärmentçilik hakynda köp zatlary aýtdym. Şonuň üçin hem bu meseläniň üstünde kän eglenmekçi däl. Gatnaşyk meýdanynda ýönekeý öýkünmek usullary bilen adamyň dünýäsiniň durmuş ýoluny sahna ýoldaşyň üsti bilen, hakykatdan-da, ýollamagy we kabul etmegi gazanmagyň aladasyny ediň. Hakyky döredijilik bilen öýkünmegiň örän uly tapawudy bardyr. Bular bir-birine düýbünden garşylyklaýyn gatnaşygyň görnüşleridir.

Biziň sungat ugrumyz aktýorçylygyň hünärmentlik gatnaşygyndan beýleki gatnaşyklaryň hemmesini kabul edýär. Şeýle-de bolsa, hünärmentlik – öwreneniň kömek eder. Men düşündirişlerimiň soňunda gatnaşygyň işjeňligi we täsirliligi hakynda kelam agyz aýtmakçy:

Köp adamlar eliň, aýagyň, gözleriň, göwräniň hereketlerine işjeň, kalbyňyzdaky görünmeýän içki ýagdaýlara bolsa işjeň däl diýip düşünýärler. Bu ýalňyş. Biziň sungat ugrumyz bolan «keşbi başdan geçiren ýaly döredýän» sungatda, aktýoryň içki dünýäsinde oýanýan her bir duýgynyň örän wajypdygyna düşünip, şeýle diýmekleri ýaramazlyk. Içki gatnaşyklaryňyzy aýap saklaň. Sahnada onuň örän wajypdygyna, iş hereketlerini işjeň ýerine ýetirýändigine düşüniň. Biziň sungat ugrumyzda onuň orny örän zerur.

*.... .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Gatnaşyk etmek üçin sende şol gatnaşyk etjek bolýan guralyň bolmaly. Has dogrusy, ilkinji nobatda, öz ýaşan duýgularyň we eden pikirleriň bolmaly – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç şu günki sapakda aýtdy. – Durmuş hakykatynda olary durmuşyň özi döredýär. Durmuşda bizi gurşap alan ýagdaýlaryň özi, biziň duýgularymyzyň we pikirlerimiziň materiallaryny öz-özünden döredýär.

Teatrda bolsa başgaça – şu ýagdaý onuň täze kynçylygy. Teatrda bize ýazyjy tarapyndan ýazylan sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň jansyz harplary, duýgulary we pikirleri hödürlenýär. Göwne gelneni ýazylan şeýle materialy özüň ýaşan ýaly, düşünip janlandyrmak kyn iş. Keşbiň daşky hyjuwyny, daşky iş hereketleri bilen aktýorçylygyň usullaryny ulanyp ýerine ýetirmek köp esse ýeňil. Gatnaşyk meýdanyndaky zatlar we sahna ýoldaşyň bilen çyndan gatnaşyk saklamak kyn.

Ýöne gatnaşyk eden bolmak kyn däl. Bu ýol köp halatlarda garşylyksyz bolýar. Aktýorlar bu ýoly halaýarlar. Olar şonuň üçin hem öýkünmäni kem görenoklar. Bu ýagdaýy synlamak gyzykly. Şular ýaly pursatda biz tomaşaça näme hödürleýäris? Bu mesele barada oýlanmak gerek. Maňa siziň bu zatlara diňe akyl ýetireniňiz, duýanyňyz azlyk edýär. Şonuň üçin hem öz gözüňiz bilen görüp, sahnada bize nämäni hödürleýändiklerini düşüneniňiz wajyp. Siziň bu aýdanymy görmegiňiz, duýaryňyz we bilmegiňiz üçin men sahna çykyp, şol sungat ugurlarynda keşbi nähili döredýändiklerini görkezmekçi.

Arkadiý Nikolaýewiç ýiti ylham, ýokary ussatlyk, aktýorçylyk tehnikasy bilen biziň üçin, tas tutuş sahna oýnuny diýen ýaly, ýeke özi ýerine ýetirdi. Ol näbelli bir goşgy bilen görkezýän sahna işini başlady. Goşgynyň sözlerini diýseň göze ilginç çaltlykda aýtdy welin, aýdan zatlarynyň pikirine düşünip bolmady. Netijede, biz bolan zadyň hiç bir ýerine-de düşünmedik.

– Men siz bilen nämäniň kömegine daýanyp gatnaşyk edýärin? – diýip, ol bizden sorady.

Okuwçylar öz pikirini aýtmaga çekindiler.

– Gönüläp aýtsak, hiç zat bilen! – diýip, ol bize derek jogap berdi. – Men edil el sebedinden dökülýän nohut ýaly paýradyp, sözlerimi kime we näme üçin aýdýandygyma düşünmän ýaňradym. Ine, size boş materialyň mysaly. Özi hem aktýorlaryň keşbiniň sözlerini, pikirlerini, sözleriň astyndaky hümmüldileri hakynda asla pikir etmän, diňe göze ilginç sypata girip, tomaşaçylar bilen boş materialy ulanyp gatnaşyk edişiniň mysaly.

Arkadiý Nikolaýewiç sähel salym oýlanandan soň, «Figaronyň öýlenişi» sahna oýnunyň soňky bölümindäki Figaronyň ýeke özüniň çykyşyny ýerine ýetirjekdigini mälim etdi.

Bu sapar onuň oýna tutuşlygyna haýran ediji hereketler, äheňler, ötlem-ötlem geçişler, täsirli gülki, ajaýyp dil, çalt gürlemek ussatlygy, enaýy sesiň owazy ýaly usullaryň joşguny hatar tutup gitdi. Şeýle bir sahna sungatyna laýyk we göze ilginç ýakymly boldy weli, biz zordan çapagy güwledip çapmakdan saklandyk. Biz keşbiň köp söz bilen nämäniň gürrüňini edýänligine düşünmedik we onuň içki mazmunyny aňlap bilmedik.

– Men nädip siz bilen gatnaşyga girdim? – diýip, Torsow bizden ýene-de sorady.

Onuň diýseň köp zady görkezendigi we biziň olary entek seljerip ýetişmändigimiz sebäpli, bu sapar hem jogap berip bilmedik.

– Men Figaronyň keşbiniň köp sözli ýerini, mizansahnalaryny, iş hereketlerini ulanyp, özümi keşpde size görkezdim, has dogrusy, men keşbi däl-de, göwrämiň gurluşyny, ýüzümi, el-aýagymyň hereketlerini, dürli sypata girip durşumy, ýerine ýetiriş usullarymy, hereketlerimi, ýöreýşimi, sesimi, gepleýiş düzgünimi, joşgunlylygymy, tehnikasyny, bir söz bilen aýdanyňda, duýgularymdan we başymdan geçirenim ýaly edip ýerine ýetirmekden özge hemmesini keşbe salyp özümi görkezdim. Aýdan bu meselämi, kim öz bedenini oňat taplan bolsa, şonuň ýaly ýerine ýetirmek kyn däl. Sesiň gowy çykar ýaly, harplary, bogunlary, sözleri, sözlemleri diliň gaýym aýdar ýaly, görnükli sypatyň, hereketleriň çeýeligiňi görkezer ýaly, beýleki on iki synaň bilelikde tomaşaça ýarar ýaly taýýarlamak gerek.

Bu işi edýärkäň diňe özüňe däl, sahna oýnuna seredýänleri-de gözden salman, gözüň gyýtagyny aýlamagy unutmaly däl. Men ajaýyp kofe içgisini içen ýaly, özümi bölek-bölek we tutuş edip, sizi gözden salman, size hödürledim.

– Meniň görkezýänlerim ýerine düşýärmikä? – diýip içimi gepledip, men özümi haryt, sizi bolsa alyjylar ýaly duýdum. Ine, size ýene bir döredijilik ugruň nusgasy. Siz sahnada bu ugry tomaşaçylaryň halaýandyklaryna garamazdan, hiç bir babatdan oňa höwes etmäň.

Soňra üçünji tejribä geçildi.

– Men ýaňy size özümi görkezdim – diýip, Torsow sapagy dowam etdi. Indi, bolsa ýazyjy tarapyndan ýazylan, özüm tarapyndan işläp taýýarlanan keşbimi size

hödürleýärin. Beý diýdigim, men ol keşbi başymdan geçiren ýaly edip ýerine ýetirerin diýdigim däl. Mesele keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmekde däl-de, onuň diňe mizansahnalarynyň, daşky keşbiniň we iş hereketleriniň, sözleriniň ugurlaryny mälim etmekde. Men keşbi dörediji däl-de, ony düşündirýän adam bolmaly.

Arkadiý Nikolaýewiç bize tanyş pýesanyň bir bölegini ýerine ýetirdi. Bu parçada görnükli general öýünde ýeke galyp, näme bilen meşgul boljagyny bilmeýär. Işsizlikden we içgysgynçlykdan ýaňa, ol mebelleri süýşürýär, oturgyçlary hatarda duran esgerler ýaly hatara goýýar, iş stolunyň üstüni tertipleşdirýär, nähilidir bir şadyýan wakanyň pikirini edýär, howatyrlanyp kagyzlara gyýa-gyýa bakýar, olaryň käbirine okaman gol çekýär, pallaýar, gerinýär we ýene şol manysyz işlerini dowam edýär.

Torsow parçany ýerine ýetirýärkä ýokary wezipeli adamlaryň adalatlydygy, beýleki adamlaryň bolsa terbiýesizdigi hakyndaky pelsepäni adatdan daşary hetjikläp aýtdy. Arkadiý Nikolaýewiç sowukganlylyk bilen aýdylmaly sözleriň ýönekeý daşky äheňini berip, mizansahnalaryň bolsa daşky we içki bolmaly ýagdaýlaryny mälim edip, keşbi hiç hili janlandyrman we çuňlaşdyrman görkezdi. Bir ýerinde sözleri tehniki taýdan çürt-kesik aýtdy. Başga ýerlerinde diňe düşündirmek bilen çäklendi. Dürli-dürli iş hereketlerini bolsa käýerde takyk sypata girip, keşbiň häsiýetine laýyk ýerine ýetirdi. Ýöne keşbe görä düşündirýän zatlary oturanlaryň aňyna ýetýänini-ýetmeýänini barlap, tomaşa zalyna gözüniň gyýtagyny yzygiderlilik bilen aýlamagy-da unutmady. Ol nirede gerek bolsa, çintgäp arakesme etdi. Aktýorlar, ynha, şeýdip irizýän, ýöne örän oňat işlenen keşbi ýerine ýetirýärler we özüni grammafon ýaly, käýarym bolsa kinogörkeziji ýaly duýup, bäş ýüzünji sapar sahna oýnuny oýnaýarlar.

– Bu geň we gynançly ýagdaý bolsa-da, hatda şular ýaly oňat taýýarlanylan keşbiň girim-çykym ýagdaýlaryny-da teatrlarda häli-şindi görüp bolmaýar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç belläp geçdi. – Indi, sahnada nähili we näme bilen gatnaşyk etmek gerekdigini, has dogrusy, «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetiriji» aktýoryň keşbe laýyk janly, oýanan duýgusy bilen gatnaşyk edilmelidigini size görkezmek galdy. Siz sahnada meniň şular ýaly oňat ýa-da ýaramaz gurnan gatnaşygymy birnäçe gezek gördüňiz. Men şol gören sahna oýunlaryňyzda ýerine ýetirýän keşbime laýyk duýgularymy diňe sahna ýoldaşyma ýollamaga çalyşýandygymy siz bilýärsiňiz. Galan usullar, ýagny keşp bilen özara baglanyşýan ýagdaýlarda we iş hereketlerinde näme täzeden döreýän bolsa, şolar ýerine ýetiriji tarapyndan doly düşünilmän döredilýär. Men şol sahna oýunlarynda pýesanyň esasynyň hödürleýşi, režissýorlaryň talaby, sahna oýnuny döreden beýleki döredijilik toparlarynyň we özümiň islegime laýyk halda çykyş edýärin.

Iň soňunda sahna Goworkow bilen Welýaminowa çagyryldy.

Biz olar parçalaryny görkezenlerinde Arkadiý Nikolaýewiç jaňynyň yzyny üzmän kakar öýtdük. Emma geň galdyran zat, jaň kakylsa-da kakyldy weli, biziň

çak edişimizden juda az kakyldy. Bu näme boldugy? Bu gurnalan tejribeden nähili netije çykarmaly?

Adamlaryň köpüsi:

– Dogry gatnaşyk edýärin – diýip, öwnüp ýygy-ýygydan ýalňyşýarlar. Ýöne kim gatnaşyk meselesine berk jogapkärçilikli çemeleşse, şol adam bu usula ökde bolýar eken – diýip, Torsow düşündirişini gysgajyk jemledi. – Iki hili gatnaşyk babatda aýdaýyn:

Biri nädogry gatnaşygy köp edýär, beýleki biri bolsa nädogry gatnaşygy az edýär. Şu aýdanymdan şeýle netije çykýar: gatnaşyk usulyna doly suratda dogry ýa-da nädogry diýip bolmaýar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sapagyň soňunda aýtdy. Aktýoryň sahna durmuşy gatnaşygyň dogry gurnalyşy we nädogry gurnalyşy bilen gezekleşip gelýär. Sebäbi sahna meýdançasynda onuň iki görnüşi hem örän kän gaýtalanýar.

Eger-de gatnaşyk edilýän pursatlaryny seljerseň, onda şeýle kesgitlemek mümkin. Birnäçe gatnaşyk sahnadaky ýoldaşyň bilen, birnäçesi tomaşaçylar bilen baglydyr.

Birnäçe gatnaşyk keşbiň gurnagy, birnäçesi bolsa sözler bilen amala aşyrylýar.

Birnäçe gatnaşyk özüňi görkezmek we ş.m. bilen ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýdan ugur alyp, gatnaşygyň dogrulygyny ýa-da nädogrulygyny kesgitlemek mümkindir. Gatnaşygyň haýsy biri sahnadaky ýoldaşa, hyýaly duýga, öz-özüň bilen gatnaşyga köp degişli bolsa, şol hem gatnaşygyň nusgalyk derejesine golaý bolýar we tersine, kimiň şeýle gatnaşygy az bolsa, onda onuň gatnaşygynyň derejesi hem pes bolýar. Onsoň hem biz, şol gatnaşyklaryň nädogrusynyň hem ýagşysy we ýaramazy bar diýip hasaplaýarys.

Mysal üçin, keşpde özüni we keşbiň psihologik häsiýetlerini görkezip, «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmese-de», bu ýerine ýetiriliş hünärmentlik usullaryndan ýa-da diňe özüni görkezip ýerine ýetirilenden ýagşydyr.

Galyberse-de, keşbiň dowamynda gatnaşygyň örän köp özara görnüşleriniň ýüze çykýanlygy sebäpli, olaryň hemmesini hasaba almak mümkin däldir. Her bir aktýor ýerine ýetirýän keşbinde gatnaşygyň juda köp bolmagyndan gaça durup, gatnaşyklaryň dogry ýerine ýetirilmegini gazanmalydyr. Şonuň üçin, gowusy, bir tarapdan sahnadaky obýektleri – ýoldaşlaryňy ykrar edip we olar bilen iş hereketlerini ýerine ýetirip, berk we dogry gatnaşygy saklamakdyr, beýleki tarapdan bolsa, nädogry obýektleri bilip, başardygyňdan şol nädogrulyklaryň garşysyna göreşmekdir.

Siz gatnaşyk üçin ulanýan materiallaryňyzyň içki dünýäsiniň hilini hem elmydama berk gözegçilikde saklaň.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Men şu gün siziň daşky gatnaşyk üçin ulanmakçy bolýan esbaplaryňyzy we serişdeleriňizi barlamak isleýärin. Siz şol zatlara ýetik baha berýärmikäňiz?! Men

şony bilmekçi! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç islegini mälim etdi. – Baryň, hemmäňiz sahna çykyň. Ikibara boluň-da, näme-de bolsa bir zadyň jedelini ediň.

Men öz ýanymdan bu talaby maňa biziň ýokary derejeli jedelkeşimiz Goworkow bilen ýerine ýetirmek ýeňil düşer – diýip, pikir etdim-de, baryp onuň ýanynda oturdym. Biz bir minutdan soň maksadymyzy amala aşyrdyk.

Arkadiý Nikolaýewiç meniň elimi we barmaklarymy aşa köp hereketlendirip, öz pikirimi Goworkowa düşündirýändigimi gördi. Şonuň üçin meniň barmaklarymy we elimi elýaglyk bilen daňmagy buýurdy.

Men bu ýagdaýa düşünmän:

– Siz näme üçin beýdýärsiňiz? – diýip, çynym bilen soradym.

– Garşylygy delillendirmek üçin, biz ýygy-ýygydan özümizdäki zerur zatlarymyzy ýitirip, soňundan gözýaş döküýäris. Siziň şoňa oňat akyl ýetirmegiňiz üçin daňýaryn. Onsoň hem ýene bir zada, ýagny göz – kalbyň aýnasy bolsa, onda eliň barmaklarynyň ujunyň bedeniň gözüdigine siziň ynanmagyňyz gerek – diýip, Torsow meniň elimi we barmaklarymy daňýarkalar düşündirdi.

Men gatnaşyk etmek üçin elimden we barmaklarymdan aýra düşemsoň dilime güýç berdim. Emma Arkadiý Nikolaýewiç maňa dilimiň tozan turzuşyny peseldip, owadan äheňi mundan artyk beýgeltmezligi maslahat berdi. Maňa olaryň ýerine boýnumy, gözümi, kellämi, gaşymyň hereketlerini, ýüz keşbimiň myşsalaryny, göwrämi peýdalanmak galdy. Olar jemlenip meniň elimden alnan agzalarymyň ýerini tutmalydylar. Ýöne soňra meniň aýaklarymy, gollarymy, boýnumy, göwrämi kürsä bagladylar.

Netijede, meniň erkimde indi, diňe agzym, gulaklarym, gözlerim, ýüzüm galdy. Tiz wagtdan bolsa meniň ýüzümi-de ýaglyk bilen örtdüler. Men moladym. Emma bu hiç hili kömek bermedi.

Şu minutdan başlap, ýagty jahan maňa görünmedi. Indi diňe içki görüp-syzyşym, hyýaly göz öňüne getirişim, içki eşidişim, mendäki adam durmuş ýoly meniň bilen galdy. Meni şu ýagdaýda kän sakladylar. Ahyry meniň eşidiş duýgyma daşky dünýäden ses geldi:

– Bedeniňizden alnan agzalaryňyzdan haýsy-da bolsa biriniň gaýtarylyp berilmegini isleýäňizmi? Haýsysyny isleýän bolsaňyz saýlaň! – diýip, Akradiý Nikolaýewiç bokurdagyna zor salyp gygyrdy.

Men hereketlerim bilen pikirleneýin diýýän terzde jogap berdim.

Meniň bedenimde haýsy agzanyň gatnaşyk etmek üçin zerurdygyny saýlamak işi başlanandan nämeler boldy?! Ilkinji nobatda, meniň içki dünýämde iki bäsdeş öz arasynda jedel etdiler. Olar dilim we gözüm. Düzgün boýunça olaryň biri duýgyny beýan edýär we duýdurýar, beýlekisi bolsa pikirleri aýdýar.

Eger şeýle bolsa kim olary hödürläp biler?

Bu sorag meniň içki dünýämde gep-gürrüň, jedel, topalaň turzup, ony gozgalaňa saldy.

Duýgy:

– Gepleýän agza meniňki! – diýip gygyrdy.

Sebäbi ol näme diýse-de, söz esasy zat däldi. Onuň diýýänine ýüzlenýäniň düşünmegi üçin, sözleriň içki äheňiniň gatnaşyk edýäne ýetmegi zerur.

Eşidiş agza babatda-da goh-galmagal turdy. Onuň esasy oýaryjysy diýip, duýgy özüni hasap etdi.

Sözleýiş:

– Maňa eşidiş zerur gerek, ol bolmasa men kime ýüzlenjegimi-de bilmerin. Ol meniň goşuntgym – diýip, tutanýerlilik bilen öz pikirini gögertdi. Soňra goşarym bilen ýüz keşbimiň üstünde jedel etdiler. Söz bilen öz isleglerini aýtmansoň, olaryň hemmesini diliň hataryna goşup bolmaýardy. Olary niräňe goşup bolar?! Göwräni, aýaklary, ýeri, niräňe goşmaly?

Men akyl-huşumy çaşyryp:

– Al kakmyşlar! – diýip gaharlandym. Aktýor maýyp däl! Maňa, goý, hemme agzalarymy bersinler! Hiç birindenem el çekmeýärin!

Daňylarymy çözensoňlar, men öz barlyşyksyz talaplarymy Torsowa aýtdym:

– Ýa-ha hemmesini beriň, ýa-da hiç birini-de bermäň!

Torsow meni öwüp şeýle diýdi:

– Siz ahyryn, edil artist ýaly, bedeniňiziň her bir agzalarynyň gerekdigine düşünip dillendiňiz! Goý, şu günki sapak, şolara mynasyp baha bermegiňize kömek etsin! Sahna sungatynda manysyz boş göz, doňup duran ýüz, owazsyz ses, äheňsiz sözlemek gelşiksiz, arkasy tüňňi eginleriň, içine gidip duran boýun we göwre, taýak ýaly gollar, goşarlar, barmaklar, aýaklar, iş hereketlerine goşulmaýan tagaşyksyz gadam urmalar we özüňi ýasama alyp barmalar elmydamalyk ýok bolsun!

Goý, aktýorlar öz döredijilik agzalaryna skripka saz guralyna Amatiniň ýa-da Stradiwariusyň üns berişleri ýaly üns bersinler.

Arkadiý Nikolaýewiçiň agşam tomaşasy barlygy sebäpli, bu gün sapagy öz wagtyndan irräk tamamlamaly boldy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Biz şu çaka çenli sahnada gatnaşygyň beden, hyýaly, daşky görnüşleri bilen iş salyşdyk – diýip, Torsow şu günki sapakda aýtdy. Emma onuň içki kalby, göze görünmeýän diýen başga-da has wajyp görnüşleri-de bar. Biz şu gün şolaryň gürrüňini ederis. Men nähili gatnaşygy duýýan bolsam, şony hem size gürrüň bermeli bolýaryn. Ýöne men nämäni duýjagymy we şol duýjak wakamy durmuşymda başdan geçirenimi bilmeýärin. Ol barada meniň nazary kesgitlemäm-de, onuň ugruny mälim edýän sözlerim-de ýok. Şonuň üçin men aýtjak düşündirişlerimi özüňiz duýar ýaly, sizi mejbury bir ýagdaýa saljak bolaryn. Ine, şu-da bu meseläniň kyn tarapy hasaplanýar:

Ol meniň golumdan ebşitläp tutdy,
Soňra golumy goýberdi-de,
Öz goluna seredip pikire batdy.
Meň ýüzümiň suratyny çekjek dek,
Ýüzüme agras nazaryny dikip,
seretdi durdy... Soňra ýuwaşjadan
elimi gysyp, başyny atdy.
Ol dem aldy agrasdan-agras,
Oň örän lapykeç, gaýgyly haly,
Göýä süýekleri sökülýän ýaly.
Synadan çykarly ruhunyň saly.
Egni sallansa-da, dik tutup başyn,
Uludan dem alyp boşatdy meni.
Oň ýolun didesiz saýgarmak syry,
Soňky gününe çen meniň ýolumy
Ýagtyltdy olaryň yşygnyň nury (47).

– Siz şu setirlerde W. Şekspiriň «Gamlet» tragediýasynda Gamletiň Ofeliýa bilen sessiz gatnaşygynyň gürrüňiniň gidýändigine düşüneňzokmy? Siz durmuşy ýa-da sahna gatnaşyklaryňyzda gözüňizden, barmaklaryňyzyň ujundan, bedeniňiziň öýjüklerinden syzylyp çykýan kuwwatyňyzyň togunyň çüwdürilýändigini duýaňzokmy? Bu göze görünmeýän gatnaşygyň usulyna we serişdesine näme diýip at dakjak? Duýgy ýollamak we duýgyny kabul etmekmi? Meniň size düşündirmekçi bolýan gatnaşyk usulymy örän gowy çeperçilik bilen suratlandyrmak üçin mende başga adalgalaryň ýokdugy sebäpli, şu aýdan atlarymda saklanalyň (48).

Bize görünmeýän bolsa-da bizi gyzyklandyrýan bu kuwwatlyklaryň ylmy taýdan öwreniljek wagty golaýlady. Şonda olara has ýakyn adalgalar dakylar. Şu mahal bolsa aktýorlaryň şiwesi bilen dakylan atlary ulanalyň. Indi görünmeýän gatnaşyk usullaryny öz şahsy duýgularymyzyň kömegi bilen seljermäge synanyşalyň. Olary gözläliň. Rahat ýagdaýymyzda yşygy goýbermek we yşygy kabul etmek iş pursadyny sähelçe duýmak bolýar.

Emma duýgynyň dartgynly halynda başyň aýlanyp, aňyň bulaşanda we wakany oňat ýaşap geçmekçi bolýan pursatlaryňda weli, kimiň duýgyny ýollaýandygy we kimiň bolsa ony kabul edýändigi has gowy mälim bolýar hem-de ýagşy duýulýar. Belki, siziň araňyzda kim-de bolsa biriňiz sahnada ýerine ýetiren işleriňizde şu gürrüňini edýän, her bir minutda özüni duýdurýan içki kuwwatyňyzy gözüňiz bilen görensiňiz?!

Aýdalyň, Maloletkowa öz okuw sahna işinde uly sesi bilen:

«Kömek ediň» – diýip gygyranda;

Nazwanow:

«Gan, Ýago, gan!» diýip haýkyranda;

«Däli» okuw sahna işiňizi ýerine ýetireniňizde.

Okuwçylar seslerini çykarmadylar.

Mugallym sözüni dowam etdi:

– Men ýaňy-ýakynda hossarlarymyň biriniň öýüniň ýanynda, agşamara ýaş çatynjalara gabat gelip olary synladym. Olar käýeşip, biri-birinden ara açyp gepleşmän oturana meňzeýärdi. Gelin ýoldaşyny görmediksireýärdi. Ol özüne köpräk üns berdirjek bolup şeýdýärdi. Adamlarda gatnaşygyň hatyrasyna gatnaşyk etmezlik ýaly ýeserje usul hem bolýar. Gelniň tersine, ýigit bolsa, gözlerini günäkär towşanyň gözi ýaly edip, gymyldaman, sežde edýäniň ýalbaryjy ýagdaýyndaky nazar bilen onuň bagryny paralaýardy. Ol ýaş gelniň ýüreginde nämäniň gopýandygyny duýmak isleýärdi. Uzakdan onuň nazaryny awlap, düşünjek bolýardy.

Şunuň üçin hem ýaş gelni nazaryndan sypdyrmaýardy. Ýigit nazary bilen onuň dünýäsini aňlajakdy. Ol gözündäki görünmeýän jüptegi bilen gelniň dünýäsine aralaşdy.

Emma gaharlanýan gelni onuň gatnaşygyndan gaça durdy. Ahyry gelniň sekuntlarça ýalpyldap bakan nazaryna ýigidiň gözi düşdi.

Emma ol nazar ýigidi şatlandyrman, onuň dünýäsini gara buludyň içine gaplady. Şundan soň, ýigit ýaş gelniň gözlerine oňat seretmek üçin oturan ýerinden turup, hamala tötänlikde geçýän dek ýerini üýtgetdi. Ýogsam bolmanda, öz duýgularyny mälim etmek üçin, gelniň ellerini uly höwes bilen eline alasy geldi. Ýöne ol bu hereketi amal edip bilmedi. Söz aýdylmady. Käbir ümlükler, hümürdiler edilmedi. Ýüz keşbiň hereketleri, iş hereketleri, gymyldylar, yşaratlar bolmady. Diňe gözler we olaryň nazary boldy. Bu bolsa gönüden-göni diňe kalbyň kalba bolan arassa gatnaşygy. Gözden gös-göni göze bolan gatnaşyk ýa-da barmaklaryň ujy bilen öz bedeniňden göze ilmeýän duýgulary ýollamak.

Goý, ylym ulgamynyň adamlary şu göze ilmeýän iş pursatlarynyň tebigatynyň nämedigini düşündirsinler. Men bolsa bary-ýogy bu duýgyny özümde nädip duýýandygymy we ony nädip öz sungatymda ulanýandygymy aýdyp biljek.

Sapagy, gynansak-da, ýene soňlaman gutarmaly boldy. Sebäbi Arkadiý Nikolaýewiçi garaşylmadyk ýagdaýda teatra çagyrdylar.

*. . . . . . . . . . . . . . . . 19 ý.*

– Geliň, öz şahsy tejribäňiziň üsti bilen gatnaşyk pursadynda göze ilmeýän kuwwat duýgusyny ýollaýan we ony kabul edýän ýagdaýy öwreneliň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç teklip etdi. Meni ýene Goworkowyň ýanyna oturtdylar. Biz oturan ýerimizden hiç bir sebäpsiz we manysyz daş sypatymyz, fiziki we mehaniki hereketlerimiz bilen kuwwat duýgusyny birek-birege ýolladyk we ony özümize kabul etdik.

Torsow eglenmän bizi saklady:

– Duýgyny ýollamak we kabul etmek ýaly örän ynjyk hem-de näzik gatnaşyga, aýratyn hem, oňa gereginden artyk güýç salmakdan gorkuň. Sebäbi myşsalara gereginden artyk agram bereniňizden soň, duýgular hakynda gürrüň etmegiň hajaty-da ýok. Ine, görüň, Umnowa bilen Dymkow gözleri bilen bir-birine ýapyşdylar. Emma ol nazarlar göze görünmeýän duýgyny ýollamak we ony kabul etmek iş pursadyna laýyk gelmän, öpüşmek niýetine gabat gelýärdi. Göze görünmeýän duýgular meselesine başlanyňyzda agram salýan ähli güýjüňizi tutuş synaňyzdan çykaryň, aýryp taşlaň. Hany, arkan gaýşyň! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç bize buýruk berdi:

– Ýene! Ýene-de! Gaty gaýşyň! Has gaty! Mümkingadar amatly we parahat oturyň! Bu bolşuňyz pes! Entegem pes! Çynyňyz bilen dynç almak gerek. Indi birek-birege serediň. Heý-de, şu bakyşyňyza bakyş diýip bolarmy?! Siz gözleriňize gereginden artyk güýç salýanyňyz üçin, olar öz hanasyndan çykýan ýaly görünýärler. Ýene, ýene-de bedeniňizi gowşadyň! Göreçlere hiç bir agram salynmasyn! Siz nämäniň görünmeýän duýgusyny kabul edýärsiňiz? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç meniň ýanymda oturan Goworkowa ýüzlendi.

– Men, görýäňizmi, siz bilen sungat hakyndaky jedelimi dowam etjek.

– Gözüňiz bilen görünmeýän duýgyny ulanyp, sözleriňizi we pikiriňizi jemläp aýtmakçy dälmi? Size ol iş başartmaz – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç duýdurdy:

– Pikiriňizi dil bilen aýdyň, gözüňiz bolsa dil bilen aýdyp bolmajak sözleri aýdyp pikiriňize goşsun! Siz, belki, jedelde, her bir gatnaşykda bolup geçýän, göze görünmeýän duýgyny ýollamak we ony kabul etmek iş ýagdaýyny duýarsyňyz.

Biz birek-birek bilen jedele girdik.

– Şu mahal, arakesmede, men sizde duýgyny ýollamak ýagdaýynyň bolup geçenini duýdum – diýip, Torsow maňa aýtdy. – Sizde bolsa, Goworkow, duýgyny kabul etmäge taýýardygyňyz mälim boldy. Ýatlaň hany, sesiňizi çykarman garaşan mahalyňyz siz bilen näme bolup geçdi?

– Pikirim büdräp, sägindi! – diýip, men düşündirdim:

– Meniň aýdýan pikirimi ynandyrmakçy bolup getiren delilim garşydaşymy ynandyryp bilmedi. Şonuň üçin hem men täze delili taýýarlap, şony aýtmagyň hyýalyna mündüm.

– Siz nähili, Wýunsow? – diýip, Torsow birden onuň ýanyna gyssandy.

– Maloletkowanyň soňky bakyşyndan, heý, bir zat duýduňyzmy? Anha, şonda, hakyky göze görünmeýän duýgyny ýollamak bolup geçdi.

– Onda-da nähili! Gül ýaly! Men eýýäm bir hepdeden bäri şeýle duýgyny öpüp, duýup ýörün. Siziň bolsa ol ýagdaý gözüňize-de ilenok! Çypbakaý çynym! – diýip, Wýunsow şikaýat etdi.

Torsow maňa ýüzlenip:

– Indi, siz diňe diňlemek bilen çäklenmän, gepleşýän obýektiňiziň näme bilen ýaşaýandygyny-da öwreniň – diýdi.

Sahnada iş hereketleriňize, aýdýan sözleriňize düşünip we edýän jedeliňize aň-paýhasyňyzy ulanyp, pikiriňizi birek-birege aýtmakdan başga-da, şol bir wagtyň özünde başga-da bir işiň, ýagny gözlerden çykýan duýgy kuwwatlaryny ýollamak we ony kabul etmek işiniň hem bolup geçýändigini duýduňyzmy? Ine, göze görünmeýän şu duýgyny gözlerden ýollamagyň we ony gözlerden kabul etmegiň üsti bilen bolup geçýän gatnaşyk sözläniňizde-de, sözlemän dyman pursatlaryňyzda-da obýektleriň arasyndan, suw astynyň akymy ýaly dynuwsyz, yzygiderli geçip, olaryň içki dünýäsiniň baglanyşygyny döredýär. Ýadyňyzdamy, geçen sapaklaryň birinde, men size hiç bir iş hereketini etmän we sowalsyz seredip, görüp bolýar diýipdim. Gatnaşyk meselesinde-de gözüň üsti bilen duýgynyň kuwwatyny ýollap we ony kabul edip, hem seredip hem görüp bolýar. Indi men sizde gözüňizden duýgy ýollamak iş pursady bolup geçer ýaly, täzeden synanyp göreýin. Siz indi meniň bilen gatnaşyk edersiňiz – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç gelip Goworkowyň ýerinde oturdy.

– Rahat oturyň. Nerwiňizi parahat saklaň. Howlukmaň we özüňize agram salmaň. Siz kim-de bolsa birine, näme-de bolsa bir zady ýollamakçy bolsaňyz, ilkinji nobatda, şol ýollamakçy bolýan zadyňyzy özüňizde toplaň. Özüňizde ýok zady ýollajak bolmaly däl. Içki gatnaşygy gurnamak üçin nähilidir bir material toplaň – diýip, Torsow bize maslahat berdi. Biziň hemme işlerimiz we onuň psihotehnikasy siziň göwnüňize ýaňy-ýakynda-da çylşyrymly ýalydy, indi welin, siz olary arkaýyn amal edýärsiňiz. Duýgulary ýollamak we olary kabul etmek hem şonuň ýaly bolar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç biz taýýarlyk görýärkäk öz küýüne gelen täze pikirlerini aýtdy.

– Siz sözlemän diňe gözüňiz bilen öz duýgularyňyzy maňa ýollaň! – diýip, Torsow maňa buýruk berdi.

– Meniň syzýan inçeden-inçe duýgularymyň hemmesini diňe gözlerim bilen ýollamak mümkin däl.

– Duýgularyň inçeden-inçesi gerek däl. Goý, olar ýok bolsun.

– Beýtsem, näme galar? – diýip, soradym.

– Hormatlamak, sylamak duýgulary. Olary sesiňi çykarman ýollap bolýar. Emma akylly, işjeň, sypaýy, iş başarjaň bolany üçin söýgi duýgusyny sözsüz, ýagny göz bilen başga obýekti düşünmäge mejbur edip bolmaýar.

– Men size nämäni ýollamak isleýärin? – diýip, men Arkadiý Nikolaýewiçe dikanlap seretdim.

– Bilemok. Bilmek hem islemeýärin – diýip, Torsow jogap berdi.

– O näme üçin? – diýip, men geň galdym.

– Sebäbi siz maňa çiňňerilip, aladaňyzy umuman ýagdaýda nazaryňyza salyp ýollamakçy bolýarsyňyz. Meniň bolsa şol alada duýgudaşlyk etmegimi isleýärsiňiz. Emma siziň özüňiz entek ol aladanyň içki dünýäsinde ýaşamaýarsyňyz. Ilki siziň özüňiz şol aladanyň içki dünýäsinde ýaşap görüň.

– Indi nätdi? Men näme arkaly siz bilen gatnaşyk açýanyma düşündiňizmi? Men duýgymy mundan aýdyň ýollap biljek däl – diýip, soňky sözümi aýtdym.

– Siz nämedir bir zat üçin meni ýigrenýärsiňiz. Ony bolsa sözsüz düşündirmek kyn. Ýöne gep onda däl. Esasy zat siz özüňizden şol ýollan duýgyňyza laýyk güýç-kuwwatyň çykandygyny duýduňyzmy ýa-da ýok? – diýip, Torsow içgin gyzyklandy.

– Göwnüme bolmasa, gözlerimde duýaýdym öýdýän... – diýip, men jogap berdim-de, şol aňan duýgymy gaýtadan barlap görmek isledim.

– Ýok, siz şu mahal şol kuwwaty özüňizden her edip-hesip edip ýollamagyň gamyny iýdiňiz. Siz myşsalaryňyza agram saldyňyz. Eňegiňizi galdyryp, boýnuňyzy süýndürip, gözleriňizi hanasyndan çykaraýjak bolduňyz. Meniň size öwretmekçi bolýan usulymy has ýönekeý ýagdaýda, ýeňil we adaty halda edip bolýar. Başga adama öz islegiňi aýdýan duýgulary gözüň bilen ýollamak üçin myşsalara agram salmak gerek däl. Sizden fiziki ýagdaýda ýollanýan duýgular gözüň nazarlarynda sähelçe halda mälim bolýar. Şol fiziki ýagdaýa ýene siziň beden agzalaryna salýan dartgynlylygy-da goşsaň, ýüregiň ýarylmagy mümkin.

– Diýmek, men size düşünmändirin! – diýip, men çydamsyzlyk bilen gürledim.

– Dynjyňyzy alyň. Men bolsa size gözleýän zadymyzy nädip duýmalydygyny düşündirmäge çalşaýyn. Siz durmuşda ol gözleýän zadyňyzy oňat saýgarýarsyňyz.

Meniň bir okuwçym şol gözleýän zadymyza, güllerden çykýan ajaýyp ys diýdi. Beýleki biri bolsa, ýaňky aýdylanlaryň üstüne, özünden ýalpyldyny ýollaýan göwher daşy, kuwwaty ýollaýan şeýle duýgyny duýmaly diýen pikiri goşdy. Siz gülleriň ysyny ýa-da göwher daşynyň ýalpyldysyny göz öňüne getirip, ony duýup bilermisiňiz?

Meniň özümiň-ä agzyndan ot bilen ýalyn çykarýan wulkany synlap onuň kenarynda duran mahalym, garaňkyda ýanyp duran jadyly çyrany synlaýarkam onuň töweregine ýagtylyk şöhlelerini berip duran mahalym gözlerimden çykýan güýç-kuwwatyň duýgusyny duýanym ýadyma düşdi. Men şu ýerde ýeriň güýçli gyzgyn howrunyň daşyna çogup çykýanyny duýdum. Ol maňa özümiziň dartgynlylyk bilen ýerine ýetirýän gatnaşygymyzda biziň tebigatymyzdaky kuwwatymyzyň gözlerimizden ýalpyldap çykyşyny ýatlatdy. Şu meňzetme biziň gözleýän duýgymyzy siziň duýmagyňyza itergi berenokmy?

– Ýok, meniň duýgyma bu mysallar hiç bir zat aýtmaýarlar – diýip, men keçjallygyma tutdum.

– Beýle bolsa men siziň başga tarapyňyzdan gelip göreýin – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç adatdan daşary tagapyllyk bilen düşündirişini dowam etdi:

– Diňläň. Haçanda men aýdym-saz edilýän ýerde otyrkam, çalynýan saz maňa täsir etmese, men özüme derrew güýmenje gözleýärin.

Mysal üçin, men tomaşaçylardan kim-de bolsa birini göz astyna alýaryn-da, ony gözlerim bilen jadylap başlaýaryn. Eger-de ol owadan zenan bolsa, men göz-

lerim bilen öz duýgularymy ýollaýaryn. Eger-de ol zenan maňa ýaramaýan bolsa, men sulhumyň almaýandygyny mälim edýän duýgymy ýollaýaryn. Men bu ýagdaýda saýlanan awum bilen gatnaşyk edýärin we özümden ýollaýan duýgymy onuň üstünden eňterýärin.

– Haçanda başga kişini jadylanyňda-da şol jadyny duýýarmysyňyz? – diýip, Şustow sorady.

– Elbetde. Eger-de siz jady bilen iş salyşýan bolsaňyz biziň nämäni gözleýändigimizi örän oňat bilmeli ahyry! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç begendi.

– Weý, bu örän sada zat ahyryn. Özi hem bize tanyş duýgy! – diýip, men hem şatlandym.

– Men näme oňa adatdan daşary duýgudyr diýdimmi? – diýip, Torsow geňirgendi.

– Men bolsa oňa özümde bolýan aýratyn bir ýagdaýdyr öýdüp gözledim-dä.

– Döredijilik hakynda dil ýaran dessiňe hemmeler, şolbada özüne agram salyp agaç aýaga münýärler.

– Biziň tejribämizi tizden-tiz gaýtalaň! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç buýruk berdi.

– Duýgyny ýollaýaryn? – diýip, men duýdurdym.

– Ýene, ýigrenç.

– Indi, nätdi?

– Indi, siz meni apalaýarsyňyz.

– Häzir näme edýärin?

– Munyňyz hem ýagşylygy mälim edýän duýgy. Ýöne igenç bilen garyşyk.

– Örän hakykata golaý! – diýip, men Torsowyň dogry çözýändigine begendim.

– Biziň gözden ýollanýan nähili duýgynyň kuwwatynyň gürrüňini edýändigimize düşündiňizmi?

– Hawa..., düşünen ýaly özüm-ä – diýip, men iňkislиräk terzde jogap berdim.

– Ine, şu işe biziň dilimizde gözden duýgyny ýollamak – diýilýär. Onuň ady duýmakdygyny takyk kesgitläp dur. Hakykatdan-da şeýle, biziň gözümizden, bedenimizden ýollanýan içki duýgymyz we islegimiz, başga adamlaryň üstüne ýagmyr bolup ýagýar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç guwanç bilen düşündirdi:

– Duýgyny kabul etmek bu işiň jogaby, ýagny başga adamyň duýgusyny we duýşuny kabul etmek. Bu adalga hem şu iş pursadyny kesgitleýär. Bu işi özüňizde synap görüň.

Şondan soň, biz Arkadiý Nikolaýewiç bilen ornumyzy çalyşdyk, ol öz duýgusyny maňa ýollady, men bolsa olary ilik-düwme saýgarmagy başardym.

Tejribeden soň Arkadiý Nikolaýewiç maňa şeýle diýdi. – Duýgyny kabul etmegi söz bilen kesgitläp beýan etjek boluň hany!

– Men bize gürrüň beren okuwçylaryňyzyň mysal getirişi ýaly kesgitleýärin – diýdim.

– Duýgyny kabul etmek bolsa magnitiň demirli magdany özüne çekendäki duýgusy dek täsiri döredýär.

– Düşündim – diýip, Torsow meniň aýdanymy goldady.

Okuw otagynda biziň «Sahna hereketi» dersimiziň başlanýandygy üçin sapak gyzykly bolsa-da, onuň arasyny kesmeli boldy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu gün Arkadiý Nikolaýewiç arasy kesilen temany dowam etdi:

– Artistleriň arasynda keşbi döredýän mahaly sözläp we sözlemän ýerine ýetirýän gatnaşyklarynda içki özara baglanyşygynyň döreýändigini siz duýansyňyz diýip, umyt edýärin.

– Duýan ýaly özüm-ä... – diýdim.

– Bu içki baglanyşyk başdan geçirmeleriň özara gezekleşýän duýgulary sazlaşykly yzygider ýagdaýda peýdalanylsa, onda bu baglanyşyk berkeýär, uzaýar we ol ahyry güýçlenip biziň aýdýan tutluşyk diýen baglanyşygymyza baryp ýetýär. Şonda duýgyny ýollamak we ony kabul etmek has-da berkäp ýitileşýär we aç-açan duýar ýaly bolýar.

– O nähili tutluşyk? – diýip, okuwçylar gyzyklandylar.

– Edil itleriň, meselem, buldogyň dişi bilen ýapyşyşy ýaly tutluşyk – diýip, Torsow düşündirdi. – Siziň hem sahnada hemme bäş duýgyňyz bilen öz ýapyşyşyňyz bolmaly. Diňlemelimi diýmek, hem diňle, hem aňla! Ysgamalymy diýmek, jaýdar ysga! Seretmelimi diýmek, gözüň gyýtagyny obýekte aýlama-da, üns berip synla we oňa boýyn seredip çyk! Obýekte edil dişleriň bilen ýapyşyşyň ýaly ýapyş. Emma beýle diýdigim, bedeniňe gereginden artyk zor sal diýdigim däldir.

Men:

«Otello» okuw sahna işimde meniň bilen şeýle ýapyşmanyň heý, biri bolup geçdimi? – diýip, öz duýgymy barlap gördüm.

– Birdir, ikidir boldy. Emma bu örän az. Otellonyň keşbi tutuş ýapyşmadan ybarat. Onsoň hem başga pýesalara ýönekeý ýapyşma usuly ýeterlik bolýar.

W. Şekspiriň tragediýalaryna bolsa tüýs aldym-berdimli ýapyşma gerek. Anha, sizde şol hili ýapyşma bolmaly.

Durmuşda welin, ýapyşma mydama zerur däl. Emma sahnada, aýratyn hem, tragediýa žanrynda ýapyşma zerur. Bu jedelsiz hakykat! Durmuşyň akymy nähili? Onuň uly bölegi adaty işler bilen gümra bolup geçýär: aýak üstünde gezýärsiňiz, ýatýarsyňyz, turýarsyňyz, ol ýa-da beýleki jogapkär işleri edýärsiňiz. Bu işler ýapyşma talap etmeýär. Olar adaty ýagdaýda bolup geçýäni üçin, endige öwrülen hereketler bilen ýerine ýetirilýär. Bu pursatlar sahna üçin ulanylmaýar.

Durmuşyň beýleki böleginde bolup geçýän aýylganç hadysalar, çendenaşa şatlyklar, hyjuwlar we wajyp başdan geçirmeler. Ine, şular düşünjäňi, ideýaňy, ýaşaýandygyňy, pikiriňi, hukugyňy ykrar etmek üçin göreşe çagyrýar. Şu pursatlar sahna gerek. Ýöne bu ýagdaýlar içki we daşky ýapyşmalary talap edýär.

Şeýlelikde, durmuş hakykatynyň togsan bäş göterimini sahnada ulanman, diňe durmuşyň bäş göterimini ulanmaly bolýarys. Ine, şu sebäpli-de, durmuşda ýapyşman ýaşap bolýar. Emma sahnada weli, her bir minutda, yzygiderli halda ýapyşma ýokary döredijilik ýagdaýynda bolup geçmeli. Siz şonda ýapyşma mahaly bedeniňize aşa agram salmakdan gaça durup, iş hereketleriniň içki dünýäsine işjeň ýapyşmalydygyňyzy unutmaň. Şonuň bilen birlikde, aktýoryň köpçülikde çykyş etmek işiniň örän agyrdygyny hem siz unutmaly dälsiňiz. Ol iş köp güýç talap edýändigi üçin, onuň bilen yzygiderli göreşmelidir. Hakykatda bolsa, durmuşda garalyp görünýän sahna ýok. Müňläp saňa nazaryny dikip seredýän tomaşaça her edip, hesip edip, ýagty çyralaryň astynda iş hereketlerini ýerine ýetirip, olara ýaramak islegi ýok. Artistleriň ýagdaýy adaty adamlaryň gözüne durmuşy ýagdaý däl ýaly bolup görünýär.

Adamlaryň ol garaýşyny ýeňip geçmegiňiz gerek ýa-da oňa üns bermäň. Gyzykly döredijilige, sahna sungatyna ünsüňizi beriň! Goý, şeýle döredijilik ýapyşmalary döretsin we ol hemme tomaşaçylaryň ünsüni gurşap alsyn! Men haçanda ýapyşmak hakynda ýatlasam, bir hekaýat ýadyma düşýär, haýwanlara baş öwredýän bir adam özüne gerek maýmyny gözläp Afrika gidipdir. Ol ýerde oňa ýüzlerçe maýmynlary hödürläpdirler. Olaryň arasyndan baş öwreder ýalysyny saýlamak üçin ol näme edipdir? Baş öwrediji maýmynlary ýeke-ýekeden alyp, onuň gyzygýan zadyny görkezipdir, ýagny açyk reňkli ýaglygy onuň gözüniň öňünde galgadypdyr, dürli ýalpyldap seslenýän oýunjagy ýalpyldadyp, şakyrdadyp seslendirip aýlapdyr.

Haçanda haýwan bellibir zada öz ünsüni berensoň bolsa, baş öwrediji onuň ünsüni çilime, hoza tarap gönükdiripdir. Eger haýwan ilki üns beren zadyndan eglenmän beýleki zada ünsüni sowýan bolsa, ony öz işi üçin kabul etmändir. Eger haýwan ilki üns beren zadyndan ünsüni sowmasa, ýa-da sähel salym sowup ýene öňküsine gaýdyp gelse, baş öwredýän şol haýwany saýlap alypdyr. Sebäbi, şeýle haýwanda ýapyşmak duýgusy ýokary derejä ýetipdir. Ine, biz öz okuwçylarymyzyň sahnadaky üns, dykgat duýgularyny, olaryň gatnaşygyny, ýapyşyşlarynyň näzeýilligini şular ýaly mysallar bilen kesgitleýäris.

Arkadiý Nikolaýewiç sähel arakesmeden soňra düşündirişini ýene-de dowam etdi:

– Men bir ylmy kitapda şeýle pikiri okadym. Ýöne onuň dogrudygyna ýa-da nädogrudygyna jogap berip biljek däl. Şol kitapda, öldürilen adamyň gözlerinde kämahal ony öldüren adamyň keşbi galýar diýlip ýazylypdyr. Eger-de şu pikir dogry bolsa, kabul etmegiň nähili uly güýçdügini özüňiz kesgitläp görüň. Eger-de döredijilik pursadynyň belent derejelerine çykylanda, sahna bilen tomaşaçylaryň arasyndaky duýgyny ýollamagyň we ony kabul etmegiň alyş-çalşyny haýsy-da bolsa bir guralyň kömegi bilen ölçäp bolýan bolsady. Onda artistleriň tomaşaça ýollaýan we müňlerçe tomaşaçylaryň şol duýgyny kabul edip yzyna gaýtarýan duýgularynyň kuwwatynyň äpetdigini görüp, artistleriň nerwisi neneň çydaýarka diýip, geň galardyk.

Uly teatr ýaly gaty giň zalda oturan tomaşaçylaryň duýgularynyň ýollamasynyň kuwwatyna biz nädip çydaýarkak?! Akyla sygjak zat däl! He-eý..., artist bende! Artist zaldakylary özüne baglamak üçin gözünden ýollaýan duýgusynyň kuwwaty bilen tutuş zaly püre-pür doldurmaly bolýar. Giň jaýda iş hereketlerini ýerine ýetirmek näme üçin kyn? Sesiňe bat bermek ýa-da iş hereketlerine zor salmak hökman däl. Ýok! Beýtmek manysyz. Kim sahna dilini gowy bilýän bolsa, oňa bu iş asla kyn düşmeýär. Kyn zat gözleriňden duýgyňy ýollamak.

* * *

Men şu gün mekdepden öýe gaýdanymda, maňa duşanlar meni adaty adam hökmünde kabul etmedilermikä öýdýärin. Sebäbi, men öýe gelýärkäm yzyny üzmän gözlerimden bellibir obýekte duýgy ýollamak we şol obýektden duýgyny kabul etmek bilen gümra boldum.

Men bu tejribäni ýolda maňa duşan adamlar bilen däl-de, diňe jansyz zatlar bilen synap gördüm. Esasy zatlar bolsa ýüň dükanynyň görkezme esbaplary duran penjiresindäki dürli haýwanlaryň şekili ýasalan gurjaklar boldy. Bu dükanda haýwanlaryň köp görnüşleri bar. Olar, öň aýaklary bilen tabagy tutup duran äpet aýy, tilki, möjek. Bularyň hemmesi bilen assyrynlyk bilen tanyşdym. Onsoň olaryň tüýlek hamynyň arasy bilen jansyz ruhuna ýetip, olardan haýsy-da bolsa bir hal-ýagdaýy susup alar ýaly duýgyny kabul etjek boldum.

Men arkan gaýşyp, başymy we döşümi gaýşardyp, şeýle bir ürç edip işledim weli, hatda yzymda pallap duran kişi-de gaýra çekilmäge mejbur boldy. Ýöne şolbada Arkadiý Nikolaýewiçiň: Bedeniňe gereginden aşa agram salmaly däl diýeni ýadyma düşdi. Soňra ýyrtyjyny jadysy bilen boýun edýän baş öwrediji ýaly, olary jadylap, özüme şeýle diýdim: «Eger şular ýaly aýy öň aýaklaryny galdyryp meniň üstüme topulsa, men gözlerimden çykýan duýgymyň kuwwaty bilen ony saklap bilerinmi?»

Men obýekte duýgym bilen täsir etjek bolup şeýle bir golaýlaşdym, hatda burnumy penjiräniň hapa aýnasyna uranymy hem bilmän galdym. Men örän kän duýgy kuwwatymy ýollajak bolup dert-azara galdym. Sebäbi boljak iş bolandan soň, men özümi deňiz keseline ýolugan adam ýaly duýdum. Gözlerim hem bu bolan ýagdaýda öz hanasyndan çykara geldi. Ýok! – diýip, men öz-özümi ýazgardym. Duýgynyň kuwwatyny ýollamak we ony kabul etmek usuly ýaly «agyr işe ögemek we gaýtarmak» diýip adalga goýulsa, onuň ady özüne laýyk geljek!

Men özümden duýgy kuwwatyny ýollamak we kabul etmek usulyny ýerine ýetirenimde, badymy gowşadyp gördüm weli, duýgy kuwwatyny ýollamanyňda-da, kabul etmäniňde-de fiziki taýdan hiç hili täsirini duýmadym. Men bu tejribe işimi tizden-tiz togtatdym. Sebäbi daşyma adam bary üýşüp başlady. Dükanyň içindäkileriň hem bäş sanysy, ýagny iş buýrujylar, alyjylar maňa ýylgyryşyp seredişdiler. Olara meniň tejribe işim täsin bolup görünýän bolmaga çemeli.

Maňa bu ýagdaý başga dükanda tejribe işimi dowam etmäge päsgelçilik döretmedi. Bu dükanda bolsa maňa L. N. Tolstoýyň heýkeli obýekt hökmünde gulluk etdi.

Men W. Gogolyň heýkeliniň ýanynda-da ýapyşmak usulyny synap gördüm. Belent bürünç heýkeli nazarym bilen gaplap özüme dartyp W. Gogoly kürsüden düşürmek isledim. Emma gözlerim fiziki güýje çydaman tiz ýadady. Soňundan bolsa agyrdy. Bu ýagdaýlardan başga-da, işimiň iň kyn pursadynda bir tanşym duşdy.

Ol:

– Size bir zat bolýarmy? – diýip, duýgudaşlyk bilen menden sorady.

– Hawa, kelläm erbet agyrýar – diýip, men düşen ýagdaýymdan çykalga tapman utanjymdan ýaňa çym-gyzyl bolup, jogap berdim.

Men:

«Şular ýaly edip bedene agram salmagy dagy-duwara hiç wagt gaýtalamaly däl!» diýip, berk netijä geldim.

*.. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç şu gün şeýle sözler bilen başlady:

– Sahna gatnaşygynda gözden duýgy kuwwatyny ýollamak we ony kabul etmek şeýle wajyp bolýan bolsa, ony mehaniki ýagdaýda ulanyp bolmaýarmyka, ýa-da şol usuly nähilidir bir oýandyrýan, özüne gyzykdyrýan ýollar ýokmuka diýen soraglar ýüze çykýar?

Eger-de içki duýgulardan daşky duýgulara geçip bolmadyk ýagdaýynda, daşky duýgulardan içki duýgulara geçýärler. Şeýle edenimizde-de biz beden we onuň adaty hal-ýagdaýdaky mümkinçiliginden peýdalanýarys. Beden we onuň hal-ýagdaýynyň baglanyşygynyň güýji şeýle bir uly, ol hatda ölini hem direldip biläýjek ýaly uly güýç. Suwa gark bolanda ýürek urgusy-da, ýaşaýşyň ähli janly duýgulary-da ýitýär.

Şeýle pursatda, ylmy taýdan gurnalan usullara daýanylyp, dem alyş bedenini mehaniki ýagdaýda işe oýarmak üçin mejbury iş hereketlerini amal edýärler. Şu iş hereketleri bedende gan aýlanyşygyny oýarýar. Şeýdip, bedeniň beýleki agzalarynyň-da işi ýola goýulýar. Şol bir wagtda, suwa gark bolanyň içki dünýäsiniň ruhy ýagdaýy-da oýanýar.

Bu mysal, içki hem-de daşky hal-ýagdaýyň biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny subut edýär. Sahnada-da gözden duýgy kuwwatyny ýollamak we kabul etmek işi ýasama, emeli ýagdaýda oýadylanda, şu aýdylan ýagdaý peýdalanylýar, ýagny eger içki gatnaşyk oýanmadyk ýagdaýynda, elbetde, bu işi daşky gatnaşyk bilen ýola goýmaly bolýar – diýip, Torsow düşündirişini dowam etdi.

– Bu daşky gatnaşyk duýgy kuwwatyny ýollaýan, soňra bolsa kabul edýän, onsoň başdan geçirmäni gurnaýan pursady oýaryjy bolup hyzmat edýär. Bagtyňyz açylsa, siz täze gyzykdyrýan oýaryjynyň tehniki ýol bilen ulanmaga boýun boljakdygyny-da tiz wagtda görersiňiz.

Men indi, size bu usuly ulanmagy öwredeýin.

Arkadiý Nikolaýewiç gelip meniň garşymda oturdy-da, maňa gatnaşyk babatda hemme toplan bilimimi ulanyp, pikirimi delillendirýän mesele oýlap tapmagy tabşyrdy. Bu işi ýerine ýetirmek üçin maňa gatnaşyga kömek berjek sözleri, ýüz myşsalaryny, dürli hereketleri, aý, garaz, hemme ulanyp bolaýjak usullardan peýdalanmaga ýol berdi.

Arkadiý Nikolaýewiç maňa duýgy kuwwatyny ýollaýan we kabul edýän fiziki pursatlaryň duýgularyna üns bermegimi haýyş etdi. Torsowyň menden näme isleýändigine düşünip bilmeýändigim üçin, bu işiň taýýarlyk döwri uzaga çekdi. Haçanda mugallymyň edýän talabyna düşünenimden soň, bu iş ugrukdy gidiberdi. Arkadiý Nikolaýewiç meni sözler we iş hereketleri bilen işjeň işlemäge we şol bir wagtyň özünde-de fiziki gatnaşygyň duýgularyna gulak asmaga mejbur etdi. Soňra ol menden sözlerimi we iş hereketlerimi aldy-da, maňa diňe duýgular bilen işlemegi tabşyrdy. Emma kuwwatyň fiziki akymyny öz-özünden döremek we olary ýollap kabul etmek işini-de ýola goýmak üçin, elbetde esli wagt gerek boldy.

Haçanda bu iş takyk ýola düşensoň Arkadiý Nikolaýewiç:

– Siz özüňizi nähili duýýarsyňyz? – diýip sorady.

– Men özümi içi suwsuz, howuzdan howany sorýan enjam ýaly duýýan – diýip, degişmä salyp jogap derdim:

– Esasan, göreçlerimden we bedeniň bize tarap bakdyrylan böleginden kuwwatyň çykýanyny duýdum.

Ol:

– Mümkinçiligiňiz tükenýänçä fiziki we mehaniki babatdan duýgyňyzy ýollamagyňyzy we kabul etmegiňizi dowam ediň – diýip buýurdy. Ýöne meniň kuwwatym uzaga çekmedi. Men basym bu işi boş, manysyz iş hökmünde togtatdym.

– Siziň bu işi many-mazmuna gaplasyňyz gelmedimi? – diýip, Torsow sorady.

Ol maňa düşünmäge çalyşdy:

– Ýa-da içki duýgyňyz kömege gelermen bolmadymy? Dörän fiziki kuwwaty peýdalanmak üçin hyjuwdan döreýän ýatkeşlik size näme-de bolsa bir garaşylmadyk başdan geçirmäni hödürlemedimi?

– Eger meniň nähili ýagdaýda bolsa-da, mehaniki halda dörän fiziki kuwwaty işlemegimi mejbury ýagdaýda dowam etdirmekçi bolsaňyz, onda meniň bu işime bellibir many berilmese ol başa barmaz. Başgaça aýdanymyzda, maňa şöhläni ýollamak we kabul etmek üçin başga material gerek. Ýöne ony nireden aljak? – diýip, men alasarmyk ýagdaýa düşdüm.

– Siz maňa şu mahal näme duýýan bolsaňyz şony ýollaň. Alasarmyk halyňyzymy, hiç zady başarmaýanyňyzymy, garaz başga nähili duýgy tapyp bilseňiz şony iberiň – diýip, Torsow maňa maslahat berdi.

Men şeýle hem etdim. Haçanda meni bu manysyz fiziki kuwwatlandyrma halys irizende, men başardygymdan bu pişäniň gaharymy getirýändigini we oňa ýapyşanyma ökünýändigimi Torsowa düşnükli edip aýtdym.

– Siz maňa degmäň! Näme maňa ýapyşyp dursuňyz?! Siz näme diýip meni köseýärsiňiz?! – diýip, meniň gözlerim sözleýärdi.

– Siz özüňizi nähili duýýarsyňyz? – diýip, Torsow ýene-de sorady.

– Howa derek sorup çykarar ýaly üstünde bir legen suw goýlan soruja meňzeýärin – diýip, men ýene-de degişmä salyp gürledim.

– Şeýlelik bilen, siziň manysyz diýýän fiziki kuwwatyňyz maksadalaýyk mana eýe boldy – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç begençli belledi.

Ol kuwwaty ýollamak we ony kabul etmek boýunça maşklaryny gaýtalady. Bu-da edil öňki ýaly işler bolup çykdy. Ýöne kuwwat duýgusyny kabul edip ýeten derejäňden yzyňa gaýdybermeli eken. Şonuň üçin men ony ýazyp oturjak däl. Diňe bir täzeligi belläp geçmekçi. Ol hem meniň bilen geçirilen tejribede ýüze çykdy. Ol täzelik bolsa men Torsowyň kalbyny gözlerimdäki göze ilmeýän jüptegim bilen dörüp, özüme gerek duýgyny tapyp, onsoň ony kabul etmeli ekenim. Beýtmek üçin bolsa Torsowyň edil şol mahalky ýagdaýyny üns berip synlamaly hem-de duýmaly. Diňe şondan soňra onuň edýän aladasyndan tapan duýgyňa ýapyşmaly.

– Duýgy kuwwatyny gözüňizden ýollamak we ony başga obýektden kabul etmek işi durmuşda öz-özünden dörän ýagdaýynda tehniki babatda döredilişiniň kyndygyny gördüňizmi – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düşündirdi. Ýöne men sizi bu meselede köşeşdirmekçi. Sahnada keşbi ýerine ýetirýärkäňiz bu usuldan peýdalanmak maşky ýerine ýetirmekden has ýeňil bolýar. Şu mahal, maşkda, bu usuly ýerine ýetirmek üçin garaşylmadyk duýgyny gözlemeli bolýar. Ony tapyp, onuň bilen duýgyny ýollamak we kabul etmek işini ýerine ýetirmeli bolýar. Sahnada bu iş şeýle ýagdaýda ýeňil ýerine ýetirilýär. Sebäbi, artist çykyş etmänkä hödürlenjek ýagdaýlaryň hemmesi mälim bolýar. Hemme meseleler aýdyňlaşýar. Duýgy bolsa sähelçe mümkinçilik tapsa, özüni duýduryp ugraýar. Mümkinçilik bolan dessine şol taýýar duýgular, edil ýagyş ýagan ýaly, akyp başlaýarlar.

Edil ösümlik şiresini, gaty turbanyň içindäki howasyny bir sapar soranyňdan soň gelýän suwuň yzygider akyşy ýaly, duýgular akar-geler durar. Özüňizden duýgynyň kuwwatyny ýollanyňyzda-da edil şonuň ýalydyr. Itergi berip çykalga ýoluny açan badyňyza kuwwat içki dünýäňizden öz-özünden çykyp geliberer.

– Duýgy kuwwatyny ýollamak we ony kabul etmek işi nähili maşklar bilen gazanylýar? – diýip, okuwçylar soradylar.

– Olar ýaňky siziň ýerine ýetiren iki maşklaryňyz bilen gazanylýar. Birinji maşk, nähilidir bir özüne çagyryjy aldawyň kömegi bilen duýgyny oýaryp, başga adama ýollamak. Şol bir wagtyň özünde-de öz fiziki duýgyňa gulak asmaly. Edil şolar ýaly edip hem başga obýekt bilen gatnaşanyňyzda kuwwaty adaty ýagdaý-

da duýmagy we kabul etmegi özüňize öwrediň. Ikinji maşk, hyjuwyňyzy oýatman kuwwaty ýollamagyň we kabul etmegiň bir fiziki duýgusyny öz içki dünýäňizden gözläp tapyň. Bu iş hökmany suratda uly üns berlip ýerine ýetirilmeli.

Bolmasa, ýönekeý myşsanyň agramyna-da kuwwaty ýollamak we kabul etmek diýip duýulmagy mümkindir. Haçanda fiziki duýgynyň meselesi ýerbe-ýer bolanyndan soň, içki dünýäňizdäki haýsy-da bolsa bir duýgyňyzy goýup, şol fiziki ýagdaýyňyzyň kuwwatyny ýollaň ýa-da başga obýektden şöhläni kabul ediň. Men bedeniňize güýç berip, agram salmakdan we fiziki taýdan myşsalary gysmakdan gaça durmalydygyny gaýtalap aýdýaryn.

Duýgynyň kuwwatyny ýollamak we ony kabul etmek işi hiç hili fiziki taýdan güýç ulanmazdan bolup geçmeli işdir. Size obýekt durnukly ýagdaýda bolmadyk halda kuwwaty oňa ýollamak işiniň bolup geçmeýändigini düşündirýän täze usul kömek eder. Diňe öz-özüňiz ýa-da hyýaly zatlar bilen bu maşklary ýerine ýetirmäň. Gatnaşygy diňe durmuşda bar janly obýektler, diňe ýanyňda duran obýektler, diňe siziň duýgyňyzy kabul etmek isleýän obýektler bilen ediň.

Ýöne gatnaşyk iki tarapdan hem isleglilligi talap edýär. Iwan Platonowiç bolmasa bu maşklary özüňiz etmäň. Duýgyny ýollamak we ony kabul etmek işi tejribeli adamyň göz astynda ýerine ýetirilmeli. Şeýtmeseňiz, siziň ýoldan çykmagyňyz we ýönekeý myşsalaryň işine-de şöhläni kabul etmek we ony ýollamak işidir öýtmegiňiz mümkin. Bu ýagdaý ýoldan azaşmalar ýaly howply.

Men:

– Eý, Hudaý, bu neneňsi agyr! – diýip, gygyranymy duýman galdym.

– Biziň tebigatymyzda işi adaty usulda we ýerbe-ýer etmek kynmy? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç geňirgendi.

– Siz ýalňyşýarsyňyz. Işi ýerbe-ýer etmek ýeňil. Has kyn zat, öz tebigatyňy ýoldan çykarmak. Şonuň üçin hem ýoldan çykmagyň usullaryny öwreniň-de, ondan öz tebigatyna laýyk zady talap ediň. Wagt geler, häzir size her näçe kyn görünse-de sahnada öz ýoldaşyňyz bilen durkaňyz onuň bilen içki gatnaşygy gurnamagy, ýapyşmagy, tutmagy başarmak size örän ýeňil düşer.

Myşsalaryňyzy gowşatmak, üns, hödürlenen ýagdaý we beýlekiler hem ilki size kyn bolup görnüpdi. Indi bolsa, olar size zerur bolup galdy. Şonuň üçin duýgyny ýollamak we başga kişiden ony kabul etmek usulyny öwrenendigiňizden razy boluň. Siz öz artistlik käriňizi, onuň tehnikasyny täze we täsinlik bilen özüne çekiji, örän wajyp usul bilen baýlaşdyrdyňyz.

# XI. ÝAGDAÝA DOGRULANMA. AKTÝORYŇ HÄSIÝETI, UKYBY, ZEHINI WE BEÝLEKI ALAMATLARY

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. ..19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyna girdi-de, Rahmanowyň «ýagdaýa dogrulanma» diýip ýazylan görkezme tagtasyny görüp, bizi täze okuw tapgyryny başlaýandygymyz bilen gutlady. Soňra Wýunsowy çagyryp, oňa şeýle tabşyryklary berdi:

– Size wagtyňyzy örän şadyýan geçirerin diýen niýet bilen şäheriň daşyndaky tanşyňyzyňka gitmek gerek. Otly sagat on dörtde ugraýar. Şu mahal bolsa sagat on üç. Nädip mekdepden irräk sypmaly? Bu işiň kyn ýeri, diňe Torsowy aldamak däl. Okuwçy ýoldaşlaryňy hem aldamaly. Nädip bu işi etmeli?

– Aladaly ýagdaýda gamgyn we ysgynsyz hala düşüp kesellän bolmaly – diýip, men ýoldaşyma maslahat berdim. Goý, hemmeler, saňa näme boldy? – diýip, sorasynlar. Hemmeler ynanar ýaly edip, haýsydyr bir adatdan daşary wakanyň gürrüňini bermeli. Şeýtseň, Torsow islese-islemese-de seniň kesellidigiňe ynanyp rugsat bermeli bolar.

– Bäh, oňardyň-aý! Aýdanyňa düşündim! Muny gül ederin! – diýip, Wýunsow janlandy we begenjinden aýaklary bilen şeýle bir hereketleri etdi welin, olary asla ýazyp beýan eder ýaly hem däl!

Ýöne... hereketleriniň üçünjimi, dördünjimi aýlawyny tamamlanda, ol birden gowşady. Nähilidir bir agyra çydaman gygyrdy. Soňra, bir aýagyny göterip duran ýerinde doňup galdy. Ýüz-gözi üýtgedi.

Biz ilkinji minutlarda ol aldaýandyr öýtdük. Sebäbi, ol bizi aldamak üçin hereket etmelidi ahbetin. Ýöne ol, hakykatdan-da, ejir çekýärdi. Men oňa ynandym. Ýerimden turup oňa kömek etmekçi boldum. Emma mende müňkürlik döredi-de, meni sägindirdi. Beýleki okuwçylar bolsa sahna tarap eňdiler.

Wýunsow agyrýan aýagyny hiç kime elletmedi. Onuň özi aýagyny ýere basyp gördi-de, agyrydan ýaňa şeýle bir gygyrdy welin, biz Arkadiý Nikolaýewiç bilen sahna meýdançasynda bolýan waka çynmy ýa-da çyna berimsiz ýalanmy? – diýen ýaly manyda bir-birimize soragly seretdik. Wýunsowy örän seresap bolup çykalga çenli ugratdyk. Ol çar ýanyndan tutduryp okuwçylara özüni götertdi-de, sagdyn aýagy bilen bökjekläp ýöredi.

Ony ugratmak dabarasy örän duýgudaşlyk hem-de dabara bilen dowam etdi, biz ýuwaş-ýuwaşdan we ses-sedasyz süýşüp gapa ýetdik. Ýöne, Wýunsow birden sesini ýaňlandyryp gygyryp, hezil edip hiňlendi-de, heňine goşup tans etdi.

– Hä, nätdim, gül boldumy? Ynandyryjylyk bilen çyndan ýaşadym-hä! Örän oňat! Ussatlarça! Ilik-düwme ýerine ýetirdim! Çyna berimsiz boldy! Asyl, ýalan ýeri göze ilmez! – diýip, ol bökjekläp ýörşüne gülkä goşup aýry-aýry sözleri, sözlemleri aýtdy.

Wýunsow sylag hökmünde okuwçylaryň çapagyny aldy. Men onuň ýene bir sapar zehinlidigini duýdum.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Siz Wýunsowa näme sebäpden çapak çalandygyňyza düşünýärmisiňiz? – diýip, bizden sorady. Dessine-de öz soragyna özi jogap berdi:

– Ol «ýagdaýa dogrulanmagy» jaýdar tapyp, ony hem oňaryp ýerine ýetireni üçin çapak çaldyňyz.

Adamlar biri-biri bilen gatnaşyk edende we obýekte täsir etmekçi bolanda, içki hem-de daşky mekirligiň emellerini ulanýarlar. Biz «ýagdaýa dogrulanma» sözüni «mekir emeller» diýip atlandyrýarys.

– «Ýagdaýa dogrulanma» diýmek näme? – diýip, okuwçylar soradylar.

– Beýle diýmek, Wýunsowyň edil şu mahalky eden işi, ýagny Wýunsow sapakdan okuw gutarmanka gitmek üçin «mekir emelleri» ulandy – diýip, Torsow düşündirdi.

– Meniň pikirimçe, ol biziň gözümize çöp atyp oýnady! – diýip, kimdir biri ylalaşmady.

– Eger-de ol şeýle oýny etmedik bolsa, siz oňa ynanarmydyňyz? – diýip, Torsow sorady:

– Mekdepden gidip öz maksadyna ýetmek üçin, «mekir emelleri» ulanmak gerek boldy. Wýunsow şony hem etdi. Onuň gitmegine päsgelçilikleri döredýän «hödürlenen ýagdaýlaryň» garşysyna «mekir emelleri» ulandy.

– Diýmek, «ýagdaýa dogrulanma» ýalany ulanmak-da, şeýlemi? – diýip, Goworkow aýdylanlardan netije çykarmakçy boldy.

– Bir ýagdaýlarda «ýagdaýa dogrulanma» – aldaw. Beýleki ýagdaýlarda içki pikiriňi has göze ilginç suratlandyrmak. Kämahal gatnaşyk etmekçi bolýan obýektiň ynamyna girip, onuň ünsüni özüňe çekmäge kömek edýär. Kämahal söz bilen aýdyp bolmajak, göze ilmeýän duýgyňy gatnaşyk edýän obýekte ýollamak üçin ulanylýar we ş.m. «Ýagdaýa dogrulanmanyň» mümkinçilikleriniň we ýerine ýetirýän işleriniň köp taraplydygyny we köp sanlydygyny gördüňizmi?

Ine, size ýene bir mysal, siz Nazwanowy wajyp wezipä bellediňiz diýeliň. Men bolsa haýyş bilen gelen adam. Maňa siziň kömegiňiz zerur. Ýöne siz meni tanamaýarsyňyz. Şonuň üçin men öz maksadyma ýetmek üçin siziň huzuryňyza gelýän köpçülikden näme-de bolsa bir zat bilen tapawutlanmaly. Siziň ünsüňizi özüme çeker ýaly men näme etmeli? Sähelçe açylan gatnaşygy we baglanyşygy nädip berkitmeli? Özüme peýdaly bolar ýaly ýagdaýda size nädip täsir etmeli? Nähili,

serişdeleriň kömegi bilen siziň aňyňyza, duýgyňyza ünsüňize we hyýaly duýgyňyza täsir etmeli? Nädip hemmelere öz täsirini ýetirýän adamyň göwnüni tapmaly?

Eger-de, ol öz içki dünýäsi bilen meniň gözgyny durmuşymyň ýagdaýyny göz öňüne getiräýse, eger-de, ol öz hyýalynda meniň agyr durmuşymyň ýüküni çekäýse, onda ol meniň hal-ýagdaýyma gyzygyp, meniň bilen gatnaşyk açyp, öz pikirini aýdar. Şeýtse, men halas bolýaryn! Ýöne ýat kişiniň aladasyny duýmak üçin, «ýagdaýa dogrulanma» usullaryny ulanmak gerek. Onuň kömegi bilen biz öz içki duýgymyzy we umumy ýagdaýymyzy has takyk aýan etmäge çalyşýarys.

Ýöne käbir ýagdaýlarda bolsa biz onuň kömegi bilen öz duýgymyzy, hal-ýagdaýlarymyzy gizläp hem bilýäris. Özüni beýik tutýan, gopbam häsiýetli adam gerek ýerinde ýalynjaňlyk edip, öz gaty görenini görkezmejek bolup, häsiýetini gizleýär. Aňtaýjy günäkärden sorag edeninde «ýagdaýa dogrulanma» usulyny ulanyp, soraga jogap berýänden onuň bilen öz hakyky gatnaşygyny gizleýär.

«Ýagdaýa dogrulanma» islendik gatnaşygyň wajyp usullarynyň biridir. Hatda ýeke-ýalňyzlykda-da, ýagny öz-özüň bilen söhbetdeşlik edeňde-de, öz içki dünýäňi ynandyrmak üçin hem onuň hal-ýagdaýyna görä bolmaly bolýarsyň. Mesele, ýollaýan duýgyň näçe çylşyrymly we kyn bolsa şonça-da «ýagdaýa dogrulanma» gözellige baý we çuňňur hala eýe bolýar. Şonda onuň ýerine ýetirýän işi köp taraply we köp görnüşlidir.

Goworkow:

– Meni bagyşlamagyňyzy towakga edýärin – diýip, muňa garşy çykdy. Şu zatlaryň hemmesini sözler ýerine ýetirýär ahyry...

– Siz sözler inçe duýgularyň hemmesini gutarnykly suratda ýollaýandyr öýdýäňizmi? Ýok ýollamaýar. Bize gatnaşyk üçin diňe sözler azlyk edýärler. Sözler örän resmi, täsirsiz. Olary janlandyrmak üçin duýgy zerur, duýgulary açmak we obýekte ýollamak üçin bolsa «ýagdaýa dogrulanma» hökman gerek. Ol sözleriň üstüni ýetirip, öň aýdylmadyk täze pikiri aýdýar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düşündirdi.

– «Ýagdaýa dogrulanma» näçe kän bolsa, şonça-da gatnaşyk doly ýagdaýda bolup geçýärmi onda? – diýip, kimdir biri sorady.

Torsow:

– Mesele onuň köplüginde däl-de, onuň hilinde.

– Sahna sungaty üçin onuň hili nähili bolmaly? – diýip, men bilmek isledim.

– Olar köp sanly. Her bir artistiň şahsy, nusgawy diňe özüne gabat gelýän köp hal-ýagdaýa mynasyp dörän «ýagdaýa dogrulanmasy» bolýar. Durmuş hem edil şeýledir. Erkekleriň, zenanlaryň, ýaşlaryň, garrylaryň, çagalaryň, agraslaryň, gaharly, adyl, keçjal, şadyýan, parahat we beýleki adamlaryň özüne laýyk «ýagdaýa dogrulanmasy» bardyr. Durmuşyň her bir täze ýagdaýy, üýtgäp durşy, iş hereketiniň geçýän ýeri, wagty özüçe bolýan wakany we «ýagdaýa dogrulanmagy» üýtgedýär. «Ýagdaýa dogrulanma» gije ýarym bir hili, gündiz ýagtylykda başga hili bolýar.

Del ýurda gelseň, şol ýurda laýyk «ýagdaýa dogrulanma» bolup geçýär. Her bir başdan geçirmeler özüne laýyk «ýagdaýa dogrulanma» bilen iş salyşmaly bolýar.

Gatnaşygyň hemme görnüşi birek-birek bilen, toparlar bilen, hyýaly ýa-da ýok obýektler bilen we beýlekiler bilen bolsun, tapawudy ýok, olaryň ählisi özüne laýyk «ýagdaýa dogrulanmany» talap edýärler. Adamlar gatnaşyk işini göze görünýän we görünmeýän bäş duýgynyň kömegi bilen ýollaýarlar, ýagny gözüň, ýüz myşsalarynyň, sesiň, gol hereketiniň, barmaklaryň, bedeniň we gözlerden göze ilmeýän duýgyny ýollamak we ony kabul etmek ýoly bilen amala aşyrýarlar. Munuň üçin her bir ýagdaýa laýyk «ýagdaýa dogrulanmanyň» ulanylmagy zerurdyr.

Käbir artistler pajygaly sahnada «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny oňat ulansalar, emma komediýa žanrynda bolsa ol usullardan asla peýdalanyp bilenoklar. Ýa-da komediýa žanryna şaplaşyp duran «ýagdaýa dogrulanma» usullary pajygaly eserlere düýbünden gelişmeýär. Ýöne artistleriň arasynda başdan geçirme ýoly bilen adam duýgularynyň hemmesini oňat ulanýanlary-da, şol bir wagtyň özünde «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny gowy peýdalanýanlary-da köp duş gelýär. Olar ýaly artistler golaýjaklarynda režissýor, az sanly tomaşaçylar seredende öz keşbini örän täsirli ýerine ýetirýärler.

Emma sahna meýdançasyna çykyp şol «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny ýerine ýetirenlerinde bolsa, onuň giň köpçülige täsir eder ýaly ýitiligi gowşaýar-da, tomaşaça ýetmän galýar. Aktýorlaryň arasynda «ýagdaýa dogrulanmanyň» az sanly usullaryny örän ýiti peýdalanýanlarynyň-da bardygyndan biz habarly.

Ýöne «ýagdaýa dogrulanmanyň» gaýtalanyp durmagynyň netijesinde olar öz ýitiligini tiz ýitirýärler. Bu usuly dogry ýerine ýetirseler-de, öz durmuşyndan nägile bolansoňlar ony solak, öçügsi, täsirsiz, birmeňzeş peýdalanýan artistler hem sanardan kän. Beýle artistler hiç mahal döredijilik meýdanynda ilkinjileriň hatarynda bolup bilmezler.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç bu gün geçen sapakdaky gutarmadyk temasynyň düşündirişini dowam etdi:

– Eger-de, durmuşda adamlara köp sanly «ýagdaýa dogrulanma» usuly gerek bolýan bolsa, sahnada bu usul aktýorlara şondanam köp gerekdir. Sebäbi, sahnada yzygiderli gatnaşyklar gurnalýar. Şonuň üçin hem «ýagdaýa dogrulanma» usuly sahna sungatynda tükeniksiz möçberde ulanylýar. Özi hem sahnada ol usulyň hiline uly üns bermeli. Usul ýiti, görkli, nepis, çeper, gödekden gaýduwsyz öwüşginli bolmalydyr.

Mysal üçin, geçen sapakda Wýunsowyň «ýagdaýa dogrulanma» usuly gödekden gaýduwsyz, örän ýiti gurnaldy. Emma ol başga hili hem bolup bilerdi. Welýaminowa, Goworkow we Weselowskiý baryň sahna çykyň-da «pullary ýakmak» okuw sahna işini bize ýerine ýetirip beriň – diýip, Torsow tabşyrdy.

Welýaminowa ady tutulan ýoldaşlary hem şeýder öýdüp, olardan nazaryny sowman, ýaltalyk bilen ýerinden turdy. Emma ady tutulan beýleki okuwçylar ýerinden turmadylar. Okuw otagynda oňaýsyz ümsümlik döredi. Welýaminowa bu emele gelen ýagdaýa çydaman seslendi. Ol öz tejribesinde öwrenendigi üçin aýdýanlarynyň erkeklere täsirini has-da güýçlendirmek maksady bilen, sözlerini jilweli owazlara duwlap ýumşatdy. Gyz öz ýagdaýyny görkezmejek bolup gözlerini gabaklary bilen örtüp, teatryň kürsüsiniň hasap sanyny görkezýän belligine nazaryny dikdi.

Welýaminowa utanjyny gizlejek bolup, elýaglygy bilen ýüzüni-gözüni süpürişdirdi. Arakesme uzaga çekdi. Welýaminowa arakesmäni birneme azaltmak, oňaýsyzlygy az-kem ýumşatmak we ýagdaýa degişme salmak maksady bilen mejbury gülkä ýüz urdy, emma bu gülki-de şatlyk alamatlary duýulmady:

– Hi-hi-hi-i-i.., biziň içimiz gysýar! Hakykatdan hem, bu çyn, biziň örän içimiz gysýar! – diýip, gözel gyz ynandyrmaga çalyşdy. Ýöne, ynha, men muny nädip aýtjagymy bilemok... Siz gaýrat ediň-de... bize başga okuw sahna işini tabşyryň... Şeýtseňiz, biz şeýle bir ýerine ýetireris... şeýle bir ýerine ýetireris... Bu ýönekeý taýýarlyk işiniň  lenji çykdy...

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Hak aýtdyňyz! Berekella! Örän oňat! Indi, maňa «pullary ýakmak» sahna işi gerek däl! Siz şonsuzam bize gerek zady görkezdiňiz – diýen netijä geldi.

– Ol bize nämäni görkezdi? – diýip, biz Torsowdan soradyk.

– Ynha, onuň görkezen zady: eger-de, Wýunsow bize gödekden gaýduwsyz, ýiti daşky «ýagdaýa dogrulanma» görkezen bolsa, Welýaminowa çeper, gözellige duwlanan näzik içki «ýagdaýa dogrulanma» görkezdi. Ol tagapyllyk we dürli ýollar bilen maňa arz-islegini ynandyrjak boldy. Ol öz gözýaşyny, öz çekinjeňligini gowy ulandy. Hatda maksadyna ýetip meseläni bitirmek üçin, gerek ýerinde näz-kereşmesini-de peýdalanmakdan gaýtmady. Ol başyndan geçýän duýgularyna görä, ähli ulanýan «ýagdaýa dogrulanma» usulyny maňa tarap ýollap, meniň görmegim, duýmagym hem-de kabul etmegim üçin olary geregiçe üýtgetdi.

Welýaminowa öz «ýagdaýa dogrulanma» usullaryny ýeke-ýeke ulanyp, olaryň haýsy-da bolsa biriniň gatnaşýan obýektiniň göwnüne jaý bolar we aýdýanlaryma ynanar diýen umyt bilen peýdalandy.

«Ýagdaýa dogrulanma» usullaryny hal-ýagdaýlara, wagta, her bir adama görä peýdalanmaly, ýagny sen akmak bilen gatnaşyk açdyňmy, diýmek, şol akmagyň düşünmegi üçin, şoňa laýyk sada sözlemler bilen «ýagdaýa dogrulanma» usullaryny ulanmaly. Seniň gatnaşyk edýän adamyň düşünjeli adam bolsa, onda ägä bolup, has çeper usullary, gatnaşyk edýän obýektiň jogap bermekden gaça durmaz ýaly ýa-da özünden seni pes saýmaz ýaly we beýleki zatlary etmez ýaly ulanmaly.

Başdan geçiren ýaly keşbini çuňňur duýup, ýöne «ýagdaýa dogrulanma» usullaryny solak gurnaýan artistlerden, başdan geçiren ýaly edip keşbi ortaça ýerine

ýetirip bilýän, ýöne «ýagdaýa dogrulanma» usullaryny welin, ýiti gurnaýan köp sanly artistler keşbini has täsirli edip tomaşaça ýetirýärler.

Çagalaryň «ýagdaýa dogrulanma» usulyny ulanyşyny synlasaň has-da oňat bolýar. Uly adamlara garanyňda, çagalaryň usullary ýiti hem täsin.

Mysal üçin, mende iki agtyk bar. Olaryň kiçisi her bir zady başlangyç ýagdaýynda ulanýan döredijiligiň özi. Oňa öz uly şatlygyny bildirmek üçin öpüşmek hem az. Oňa öpüşmek ýeterlik bagty bermeýär. Ol öz şatlykly duýgusyny beýan edip öpüşende dişlemese bolanok. Ine, şu onuň «ýagdaýa dogrulanmagy» dişlemek ýagdaýynyň ýaramazdygyna düşünmeýär. Ol özüni şeýle ýagdaýa bilmän salýar. Haçanda dişlenen kişi agyra çydaman seslenende, agtygym öz bolşuna çyndan geň galyp:

– Be-e, haçan men muny dişledimkä? – diýýär. Ine, size aňlaman, düşünmän ýerine ýetirilýän «ýagdaýa dogrulanmanyň» nusgawy mysaly.

Uly agtygym bolsa, onuň tersine. Ol düşünip, doly aňlap «ýagdaýa dogrulanma» usullaryny sazlap ulanýar. Onuň adamlary sylaýşy özüne edilen hormata laýyk. Olar bilen şoňa görä gatnaşyk edýär. Emma şular ýaly «ýagdaýa dogrulanma» hem doly suratda aň-düşünje bilen edilýär diýip bolmaýar. Onuň sebäbi bolsa şulardan ybarat:

Men «ýagdaýa dogrulanma» işiniň döremegini iki pursada bölýärin:

1) «ýagdaýa dogrulanma» saýlap-seçmek işi;

2) «ýagdaýa dogrulanma» ýerine ýetirmek işi.

Dogry, uly ýegenim özüne gerek «ýagdaýa dogrulanma» usullaryny saýlaýar. Emma ony adamlaryň köpüsi ýaly düşünip ýerine ýetirmän, endige görä hereket edýärler. Men «ýagdaýa dogrulanma» usullaryny şular ýaly ýerine ýetirmäge doly düşünmän ýerine ýetirmek diýýärin.

– Doly düşünip «ýagdaýa dogrulanma» usullaryny ýerine ýetirip bolýarmy? – diýip, men soradym.

– Elbetde, bolýar. Ýöne... ynha, aýdalyň, men durmuşda «ýagdaýa dogrulanma» duýamok. Şonuň üçin ony tapyp bilmeýärin. Bolmasa «ýagdaýa dogrulanma» usullaryny aňlap, düşünip, doly suratda saýlap-da, ýerine ýetirip-de biljek. Men diňe sahna meýdançasynda öz-özünden döreýän «ýagdaýa dogrulanma» usullaryna giň ýol açylanda bolýan we elmydama düşünilip gurnalýan usullaryna gabat gelýärin. Olar aktýorçylyk sungatynyň endige öwrülen iş hereketi.

– Siz näme üçin diňe sahna meýdançasy öz-özünden döreýän «ýagdaýa dogrulanma» usullaryna giň mümkinçilik berýär diýýärsiňiz? – diýip, men düşünjek boldum.

Sebäbi köpçüligiň öňünde çykyş edilende ulanylýan usullaryň täsiri güýçli, gaýtalanmajak bolmaly. Adaty ýagdaýda, ýörite gurnalmadyk «ýagdaýa dogrulanma» usullarynyň köpüsi şeýle häsiýetde bolýar. Olar aýdyň, ynandyryjylykly, özboluşly, täsirli. Onsoň hem diňe adaty ýagdaýda, ýörite gurnalmadyk «ýagdaýa

dogrulanma» usullary bilen köp sanly tomaşaçylara keşbiň göze kän ilmeýän inçe duýgularyny ýetirip bolýar. Nusgawy eserlerdäki keşbiň durmuşyndaky çylşyrymly psihologiýasyny, ilkinji nobatda, diňe şeýle «ýagdaýa dogrulanma» usullary bilen beýan etmek wajyp. Olary diňe biziň aňymyz tebigy ýagdaýda döredýär we ýollap, iberip bilýär.

«Ýagdaýa dogrulanma» usullaryny aňyň we aktýorçylyk tehnikasynyň kömegi bilen gurnap bolmaýar. Olar duýgynyň joşan mahaly adaty ýagdaýda öz-özünden döreýärler.

Sahna meýdançasynda öz-özünden mana laýyk döreýän «ýagdaýa dogrulanma» gör, nähili aýdyň şöhleli! Olar gatnaşyk saklaýanlary özüne bendi edýär. Tomaşaçylaryň hakydasynda çuň galýarlar! Garaşylmadyk ýagdaýda gaýratlylyk bilen peýda bolmak we aýgytlylyk olaryň kuwwaty.

Artist keşbi ýerine ýetirýärkä keşbiniň bellibir ýerinde sözlerini gaty we aýdyň aýdar diýip garaşýarsyň. Emma şol garaşýan ýeriňde sözlerini degişmä salyp, şadyýan we sähelçe eşidiler ýaly aýdýar oturyberýär. Ol şeýtmek bilen öz keşbini özboluşly duýýandygyny mälim edýär. Şol garaşylmadyk ýagdaý tomaşaçylara örän güýçli täsirini ýetirýär we olary özüne bendi edýär. Netijede, keşbiň şol ýeriniň diňe şeýle ýagdaýda dogry boljakdygyna ynanýarsyň.

Tomaşaçy: «Men nädip keşbiň şeýle bolmalydygyna öň düşünmedimkäm?!» diýip, artistiň «ýagdaýa dogrulanma» usulyna geň galyp hem-de guwanyp tomaşa edýär.

Şular ýaly garaşylmadyk «ýagdaýa dogrulanma» zehinli artistlerde gabat gelýär. Hatda zehinli adamlarda-da «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullary elmydama jaýba-jaý bolup durmaýar. Ýöne, sahna meýdançasynda aň-paýhas bilen gurnalan «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryna weli, ýygy-ýygydan duşmak bolýar. Men bular ýaly «ýagdaýa dogrulanmanyň» her birini seljerip durmakçy däl.

Sahna meýdançasynda öz-özünden, adaty ýagdaýda döreýän «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullarynyň hatda ujypsyzjalary hem tomaşaçynyň durmuşyna janlylyk, täsirlilik salýar.

– Diýmek, siz aň-paýhas bilen gurnalan «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny kabul etmeýärsiňiz? – diýip, men netije çykarmak isledim.

– Haçanda režissýorlar, aktýorlar soranlarymyň, soramadyklarymyň aýtmagynyň netijesinde gurnaýan «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny kabul etmeýändigimi boýnuma alýaryn. Emma... olardan häzir bolup, paýhas bilen peýdalanmaly. Olary edil aýdylyşy ýaly kabul etmäň. Olary özüňizde göçürme hökmünde-de ulanmaň! Özgäniň «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny özüňizde nädip ulanmalydygyny öwrenmek gerek we olary özüňki, özüň döreden ýaly özüňe golaý edip ulanmaly. Beýtmek üçin bolsa, özüne çekýän täze usullary tapýan «hödürlenen ýagdaýy» ulanyp, olara laýyk köp işleri etmeli.

Edil şonuň ýaly artist öz keşbine laýyk sazlaşykly gelýän durmuşa mahsus ýagdaýy ulanjak bolanda-da köp işlemeli. Bu meselede-de durmuşy göçürme görnüşinde ulanmakdan gaça duruň. Sebäbi, gönüden-göni göçürmek aktýoryň işini öýkünmeklik we hünärmentlik ýoluna salýar.

Eger-de siz aň-paýhas bilen «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny tapan bolsaňyz ony psihotehnikaňyzyň kömegi bilen janlandyrsaňyz, az-owlak öz-özünden dörän «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryna öwrüler.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkagiý Nikolaýewiç:

– Wýunsow ýörüň, meniň bilen sahna çykyň-da, okuw sahna işiňiziň ýene bir görnüşini ýerine ýetirip beriň – diýip, talap etdi.

Wýunsow – öwerlik okuwçy. Ol bir bökende sahna çykdy.

Arkadiý Nikolaýewiç bolsa bize Wýunsowa giźźelemekçidigini ýuwaşlyk bilen aýtdy-da, howlukman sahna çykyp oňa ýüzlendi:

– Size her edip-hesip edip sapakdan irräk gitmek gerek diýeliň. Bu esasy, baş mesele. Şony ýerine ýetiriň.

Torsow stoluň başyna geçip oturdy-da, hat çykaryp bar ünsüni şoňa berdi.

Torsowyň sahna ýoldaşy Wýunsow onuň ýanynda durup, oňat täsir etjek «ýagdaýa dogrulanma» usulyny tapmak bilen boldy. Ol dürli görnüşdäki bolup biljek, bolup bilmejek «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny etdi.

Torsow oňa üns bermedi.

Sapakdan gitmek üçin biziň irginsiz okuwçymyz nämeler etmedi. Ol uzak wagtlap ýüzüni turşardyp durdy. Eger-de, Arkadiý Nikolaýewiç oňa seredäýen bolsa, ol hökman oňa nebsi agyrardy.

Torsow üns bermedi.

Soňra Wýunsow gyssanmaç turdy-da, gapdal perdelere girip gitdi. Ol birnäçe wagtdan soň, «Sahna hereketi» sapagynyň hereketlerini edip geldi-de, Arkadiý Nikolaýewiçiň golaýyndaky oturgyja özüni atdy.

Torsow oňa üns bermedi.

Biz bolsa Wýunsowa örän gowy ýerine ýetirýändigini bildirip, tomaşa zalyndan ony goldadyk. Wýunsow soňra ýadawlykdan ölüp barýana meňzedi. Onuň sanjysy tutdy, başy aýlandy, oturgyçdan ýere süýşenekläp düşdi. Ol bu iş hereketlerini tapan wakasyna laýyk şeýle bir ýerine ýetirdi weli, biziň gülkimiz tutup, tas pyňkyrypdyk.

Emma Arkadiý Nikolaýewiç üns bermedi.

Wýunsow täze «ýagdaýa dogrulanma» usulyny tapdy welin, biziň gülkimiz has-da güýjedi.

Ýöne bu sapar hem Torsow oňa üns bermedi.

Wýunsow öýkünmegini ýene dowam etdi.

Biz has beter gülüşdik.

Bu ýagdaý Wýunsowa «ýagdaýa dogrulanmanyň» täzeden-täze usullaryny tapmaga iterdi. Ol ahyry masgarabazyň keşbine ýetdi.

Oturanlaryň uly gülküsi zaly ýaňlandyrdy.

Torsow şuňa garaşan eken.

– Şu mahal näme bolup geçenini siz düşünýäňizmi? – diýip, ol hemämmiz köşeşenimizden soň, bize ýüzlendi.

– Wýunsowyň esasy işi sapakdan gitmekdi. Bu esasy maksada ýetmek üçin onuň sözleri, kesellän bolşy meniň ünsümi çekip, özüne haýrymyň degmegini gazanmakdy. Wýunsow başda, öz maksadyna laýyk iş hereketlerini etdi. Onuň bu işleri maksada görä boldy. Ýöne, ine, saňa gerek bolsa ol tomaşaçylaryň gülküsini eşitdi. Şol bada-da onuň ünsi obýekti üýtgetdi. Oňa üns bermeýän obýektden, ýagny menden özüni goldaýan, obýekte ýagny tomaşa zalyna ünsüni öwürdi.

Şeýlelikde, onuň täze maksady, ýagny tomaşaçylary gyzyklandyrmak maksady ýüze çykdy. Ýöne bu maksadyny nädip amala aşyrmaly? «Hödürlenen ýagdaýy» nireden tapmaly? Eger ol tapylaýsa-da nädip ony ýerine ýetirmeli we oňa ynanmaly? Bu zatlary diňe aktýorçylyk tilsimleri bilen ýerine ýetirmeli. Wýunsow şony hem etdi. Şol sebäpli hem esasy maksadyndan bir ýana sowuldy. Hakyky başdan geçirme ýagdaýy aýrylan dessine, aktýorçylygyň hünärmentlik tarapy öňe zomap çykdy.

Wýunsowyň gowy görýän usullary onuň esasy maksadyny aýryp taşlady. Şol pursatdan başlabam «ýagdaýa dogrulanma» öz-özüni beýan etmeklige öwrüldi. «Ýagdaýa dogrulanma» keşp üçin işlemän öz-özüne gulluk etdi. Sahnada şular ýaly ýagdaý ýygy-ýygydan bolýar. Men köp sanly artistleri bilýärin. Olar örän oňat «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny edýärler. Ýöne olary tomaşaçylary gyzyklandyrmak, güýmemek üçin, öz-özüne gulluk eder ýaly ýagdaýda ulanýarlar.

Olar hem edil Wýunsow ýaly şol usullary tilsimlerine öwrüp aýratyn, özbaşdak «hokgalara» ýüz urýarlar. Şol hokgalaryň käbiriniň üstünligi şol artistleriň başyny aýlaýar. Olar çapaklara, gülkülere, käbir gop berýän sözlere, iş hereketlerine öz keşbini satyp, jansyz ýagdaýa öwürýärler. Olaryň edýän «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullary köp halatlarda ýerine ýetirilýän pýesa degişli hem bolanok. Şular ýaly edip usullary ýerine ýetirmek olaryň manysyny, maksadyny ýoga çykarýar.

Gördüňizmi, gowy «ýagdaýa dogrulanma» artist üçin howply we özüni gyzykdyrma häsiýete eýe bolýan wagty-da bolýar?! Bu ýagdaýlaryň döremeginiň sebäbi köp bolýar. Şeýle keşpler bolýar, olar elmydama aktýory nädogry ýola itekleýärler.

A. Ostrowskiýniň «Dana adam hem ýalňyşyp biler» atly pýesasyndaky Mamaýewiň keşbi saňa mysal bolup biler. Pýesanyň tutuş dowamynda ol gabat gelene diňe maslahat bermek bilen meşgul. Bu bäş aktly pýesada boýdan-başa iş hereketlerini maslahat bermek duýgusy we pikiri bilen keşbi ýerine ýetirmek ýeňil iş däl. Şular ýaly ýagdaýda birmeňzeşlige düşüp, öz-özüňi gaýtalamak gaty mümkündir. Şol birmeňzeşlige düşmezlik üçin, Mamaýewiň keşbini ýerine ýetirýänler ýygy-ýy-

gydan «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny üýtgedýärler. «Ýagdaýa dogrulanmanyň» yzygiderli üýtgäp durmagy iş hereketleriniň dürli-dürli bolmagyna alyp barýar. Bu, elbetde, gowy.

Ýöne duýdansyz ýagdaýda «ýagdaýa dogrulanma» artistiň esasy aladasyna öwrülýär duruberýär. Bu bolsa gowulyk däl.

Şol mahal aktýoryň içki dünýäsiniň ýagdaýyny seljeriň, onda şeýle zada gabat gelersiňiz: talapkär bolmak isleýärin (talapkär «ýagdaýa dogrulanma» usullary bilen öz maksadyna ýetmek isleýärin diýen duýga we pikire gulluk etmegiň ýerine «talapkär boljak» ýa-da meseläni çözmek üçin mylaýym, okgunly duýgularyň kömegi bilen çözjek diýmäge derek, «mylaýym, okgunly, belli-külli boljak» diýen pikire we duýga gulluk edilýär.

Emma talapkärlik duýgusyny diňe talapkärlik üçin, mylaýymlygy beýan edýän iş hereketlerini diňe mylaýymlyk üçin, belli-küllüligi bolsa belli-küllülik üçin ýerine ýetirmeli däldigini siz eýýäm bilýärsiňiz ahyry.

Şu ýagdaýlar Mamaýewiň keşbiniň düýp maksadyny, ýagny öwretmek we öwrenmek maksadyny, duýdurman öz-özünden döreýän «ýagdaýa dogrulanma» usullary özbaşdaklygy gazanyp, keşbiň häsiýetinden şol düýp maksady gysyp çykarmak bilen bolýar. Bular ýaly ýagdaýlar öýkünmäge alyp barýar we aktýory esasy ýerine ýetirmeli maksadyndan daşlaşdyrýar. Şonda aktýorçylygyň usullary janly, durmuşy duýgulary ýok edýär. Şeýlelik bilen, aktýoryň keşbi ýerine ýetirmek işine elmydama mahsus bolan endikler ýüze çykýar. Ol mahsuslyk bolsa, aktýoryň sahna ýoldaşy bolan obýektlere üns bermän, tomaşa zalyna üns berip «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny ulanmaly bolýanlygydyr. Şeýle gatnaşyk, ýagny bir obýekt bilen gatnaşyp, «ýagdaýa dogrulanma» usullary bolsa başga obýekte gönükdirilýär hem-de bulam-bujarlyk döreýär.

Öz pikirimi mysalyň üsti bilen düşündireýin, aýdalyň, siz jaýyň ýokary gatyndaky öýde ýaşaýarsyňyz, giň köçäniň beýle tarapynda, siziň jaýyňyzyň gabat garşysynda bolsa siziň halaýan zenanyňyz ýaşaýar. Öz duýgyňyzy oňa nädip aýdyp bilersiňiz? Eliňizi ýüregiňiziň üstünde goýup, ruhdan düşýändigiňizi mälim etmekçimi? Söýgüden ýaňa huşuňyzy ýitirmekçidigiňizi mälim etmekçimi? Küýsege ýugrulan gamgyn bolup balet sungatynyň ýüz oýnatmalary bilen «size baryp bolmazmyka?» we ş.m. iş hereketlerini etmekçimi? Bularyň hemmesi baş maksady mälim edýän «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullarydyr. Şonuň üçin hem olary başardygyňdan ulaldyp, takyk we aýdyň ýagdaýda ýerine ýetirmeli. Bolmasa iş hereketleriňizi görýän adamyň oňa düşünmezligi müňkindir.

Ine, hut size gerekli ýagdaýda şol zenan bilen gabat geldiňiz diýeliň. Köçede hiç kim ýok. Zenan öz penjiresiniň öňünde ýalňyz dur. Jaýyň galan penjireleri ýapyk... zenana söýgüňizi mälim edýän sözleri aýtmaga hiç zat päsgel bermeýär.

Diňe ara düşen uzaklyk ol zenana sesiňizi ýetirmäge päsgelçilik berýär. Şonuň üçin hem sesiňize bat bermek gerek bolýar.

Siz söýgüňizi zenana beýan edeniňizden soňra aşak düşýärsiňiz. Zenanyň talapkär enesi onuň elinden tutup ýöräp gelýär. Bu ýagdaýda nädip ýakyn aralykdan zenana öz söýgüňizi aýdyp bilersiňiz ýa-da duşuşyga gelmegi haýyş edip bilersiňiz?

Düşülen ýagdaýa göra bu işleri ýerine ýetirmek üçin gözleriň ýa-da gollaryň iş hereketlerini ulanmaly bolýarsyňyz. Eger söz aýtmakçy bolsaňyz, zenanyň gulaklarynyň golaýyna gelip pyşyrdamaly bolýarsyňyz.

Siz şu zatlary etmekçi bolanyňyzda siziň halamaýan bäsdeşiňiz ýolda peýda bolýar. Bäsdeşiňize öz islegiňizi mälim etmek islegiňiz şeýle uly bolany üçin, şol öňki uzak aralykdan zenana görkezen balet sungatynyň usullaryny ulanyp, söýgi sözlerini zenanyň ýanynda enesiniň bardygyny unudyp, bokurdagyňyzda baryny edip aýdýarsyňyz diýeliň. Bularyň hemmesini öz bäsdeşiňiziň düşünmegi üçin edýärsiňiz. Görgüli zenan! Ol siziň bu eden işiňiz sebäpli enesinden şeýle bir azar görýär, heý, sen goýaý!..

Artistler ine, şular ýaly temmi berilmeýän iş hereketlerini sahna meýdançasynda yzygiderli halda näçe diýseň edýärler. Olar sahna ýoldaşynyň edil gapdalynda durandygyna garamazdan sözlerini, hereketlerini, ýüz keşbini golaýynda duran sahna ýoldaşy üçin ýerine ýetirmän, tomaşa zalynyň iň soňky hataryna eşidiler, görner ýaly edip ýerine ýetirýärler. Gysgaça aýdanymyzda, şular ýaly artistler öz «ýagdaýa dogrulanma» usullaryny sahna ýoldaşy bilen gatnaşyk saklamak üçin etmeýärler-de, tomaşaçylar üçin edýärler. Ine, şeýle bolanda keşbiň ynandyryjylygy artistiň özi üçin hem, tomaşaçy üçin hem ýitýär.

Siz meni bagyşlaň, men keşbimi ýerine ýetirýärkäm, bilýäňizmi, düşünýäňizmi, hemmeleriň artistiň sesi eşidilýän birinji hatardan tomaşa seredip bilmeýändiginiň aladasyny etmelimi ýa-da ýok – diýip, Goworkow mugallymyň aýdanlaryna razylaşmady.

– Siz, ilkinji nobatda, sahna ýoldaşyňyzyň aladasyny edip, şonuň bilen gatnaşygyň usullaryny amala aşyrmaly – diýip, mugallym jogap berdi. – Tomaşa zalynyň soňky hatarlaryndakylar üçin bolsa, iş hereketleriniň we sözleriň ýerine ýetirilişiniň öz aýratynlyklary bolýar. Ol bolsa aýdylýan sözlerdäki çekimli we çekimsiz sesleri ses agzalaryny ýerli ýerinde ulanyp, terbiýelenen ses bilen aýtmak meniň aýdýan şol aýratynlyklarymdyr. Oňat edip aýtmagy başarsaňyz, edil otagda gürleýän ýaly ýuwaş seslenseňiz-de, soňky hatardaky tomaşaçylara sesiňiz eşidiler.

Pynhan pikirleri özünde jemleýän sözleri ýuwaş aýtman, aktýorçylyk usullaryny ulanyp, gaty aýtsaň, ol özüniň manysyny ýitirýär we tomaşaçyda gyzyklanma döretmeýär.

– Ýak-heý, muny nädäýdiňiz-ä, bagyşlaň weli, düşünýärmisiňiz, sahna meýdançasynda tomaşaçynyň bolýan iş hereketlerini görmegi gerek ahyry – diýip, Goworkow öz aýdanyny gögertmäge çalyşdy.

20. Sargyt № 3176

– Eger siz öz iş hereketleriňiz bilen tomaşaçyny gyzyklandyrmak isleseňiz, eger siz sahnada edýänleriňize tomaşaçynyň gatnaşmagyny isleýän bolsaňyz, şol islegleriňizi amala aşyrmagyň ýörite usullary bar. Olar tagapyllygy, takyk hereketleri we sözlemegi, yzygiderliligi, sazlaşykly iş hereketlerini özünde jemleýän usullar. Eger-de, aktýor keşbiň içki dünýäsine çapraz gelýän gol hereketlerini we bedeniň dürli hili sypatyny gurnasa-da, goý, özi hem şol sypat barypýatan gözel bolaýanda-da, muňa uzak seretmersiň. Birinjiden-ä, pýesa-da, tomaşaça-da beýle zatlaryň geregi ýok. Ikinjiden bolsa, şol gol hereketleri we beden bilen gurnalan sypatlar örän ýygy gaýtalanar we olar halys irizer. Şol bir zada dynman seretmek içiňi gysdyrýar ahyry. Men bulary aýtmak bilen esasy maksadym sahna meýdançasynda çykyş edilende adama mahsus «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullarynyň adaty däldigini, ahmal bolsaňyz, ýasamalyga, howaýy ýagdaýa alyp barýandygyny size düşündirmekden ybarat. Ine, şeýle zatlary, ýagdaýlary teatryň sahnasyna gelmez ýaly özümizden kowalyň.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyna girip:

– Usullary olaryň tehnikasynyň ýoly bilen döretmegiň we açyp görkezmegiň tärleriniň meselelerine düşünmek temasynyň gezegi geldi – diýdi-de, täze sapagy düşündirmäge başlady. Şu aýdany bilen ol sapagyň meýilnamasyny takyklady.

– Düşündirişimi «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryndan başlaýaryn. Gynançly ýeri, biziň gönüden-göni aň bilen işlemek üçin tutarygymyz ýok. Şonuň üçin öwrümli pikirler bilen bu meseläni size düşündirmeli bolýaryn. Olar üçin bizde köp sanly özüne üns berdirýän duýgular, usullar bar. Şolar wakany başdan geçirme usuly bilen işlemäge mümkünçilik berýärler. Nirede şeýle usul bilen işlenilse, şol ýerde-de aňlamazlyk bilen «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullarynyň döremegi hökmany ýagdaýdyr.

Biziň aňymyzyň ýetmeýän ýagdaýlaryny biz nädip ulanmaly? Ol ýagdaýlaryň tebigatynyň adaty halyna päsgel bermän, güýje daýanman olary adaty işlerimiz bilen ulanmaly. Haçanda biz özümizi şeýle adamkärçilikli, adaty ýagdaýa salanymyzda duýgularyň inçesagat, çuňňur häsiýetleri oýaryp, döredijilik işi öz-özünden ýerine ýetýär. Şular ýaly ýagdaýda döredijilik joşguny öz-özünden uly akym bolup döreýän «ýagdaýa dogrulanmanyň» tilsimleri tomaşaçyny haýran galdyryp, oňa güýçli täsir etmek arkaly ýüze çykýar. Meniň bu mesele hakynda bar aýtmakçy bolýan pikirlerim, ine, şulardan ybarat.

Ýarym aňlamak ýagdaýy bilen döredijilikde işlemek meselesi biraz üýtgeşigräk. Bu meselede käbir ýagdaýlarda, psihotehnikanyň kömegini ulanyp bolýar. Sebäbi köp halatlarda bu ugurda işlemegiň mümkinçiligi bizde örän azdyr. Usullaryň tehnikasy «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullary bilen utgaşmaýar.

Mende «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny gözläp-tapmak meselesinde bir tejribäm bar. Ony mysalyň üsti bilen düşündirmek ýeňil. Welýaminowa! Birnäçe

sapak mundan ozal «pullary ýakmak» okuw sahna işini etmän başga sahna işini edäýeliň! – diýip, maňa ýalbaranyňyz ýadyňyzdamy? Şonda siz şol bir sözi telim sapar gaýtalapdyňyz. Siz şonda dürli-dürli «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny tapypdyňyz. Hany, ýene şol sahnany täzeden ýerine ýetiriň. Ýöne öň ulanan we güýjüni ýitiren «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny ulanmaň-da, täze usullary tapyp ulanyň. Goý, ol usullar aňyň kömegi bilen ýa-da öz-özünden döresin.

Welýaminowa Torsowyň talabyny ýerine ýetirjek bolup okuw sahna işinde birlän-ikilän täze «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny ulandy-da, galan iş hereketlerinde bolsa öňki usullaryndan peýdalandy.

Torsow:

– Welýaminowa birmeňzeş usullary tapdyň, täzesini tapyp bilmediňmi? – diýip, oňa igenip başlanda, biz:

«Gutarnyksyz täze «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullaryny nireden aljak?» diýşip, meselä düşünmändigimizi aýtdyk.

– Siz aýdýanlarymyzy ýazýan we resmileşdirýän işgär. Men şonuň üçin size nämäni aýtsam şony hem ýazyň. Asudalyk, galkynmak, adalatlylyk, kinaýalylyk, göwnüýetmezçilik, yrsaramaklyk, igenmeklik, ýigrenmeklik, aşa göwnüçökgünlik, howp-hatarlylyk, şadyýanlyk, ýagşyniýetlilik, müňkürlik, geň galmaklyk, duýdurmaklyk, ynjyklyk... – diýip, Torsow jogaba derek maňa ýene-de köp sanly adam häsiýetlerini, ýagdaýlaryny, duýgularyny sanap çykdy we beýleki mysallary aýtdy. Olardan uly sanaw sahypasy döredi.

– Welýaminowa ýazan sanaw sahypaňyza barmagyňyzy dürtüň. Barmagyňyzy dürten sözüňizi okaň. Goý, barmagyňyzyň görkezen sözi siziň täze «ýagdaýa dogrulanmanyň» usullary bolsun.

– «Ýagşyniýetlilik» – diýip, Welýaminowa tabşyrygy ýerine ýetirip, barmagynyň görkezen sözüni okady.

– Öň ulanan «ýagdaýa dogrulanmanyň» usulyny şu täze usul bilen çalşyň, hem-de bu täze usuly delillendiriň – diýip, Torsow maslahat berdi.

Welýaminowa täze usulyna laýyk delilleri ýeňillik bilen tapdy, özi hem «ýagşyniýetlilik» düşünjesine gaýym geldi.

Emma Puşin onuň üstünligini bozdy oturyberdi. Ol ýaglanan ýaly ýogyn sesi bilen güňlenç seslendi. Ol sözlände ýagly bedeni we ýüzi ýagşymeýillilik häsiýetiniň dürli öwüşginlikleri bilen çaýyldy durdy.

Onuň bolşuna hemmeler gülüşdiler.

– Ynandyryjylyk, ine, size şol bir meselä degişli delil – diýip, mugallym «ýagdaýa dogrulanma» usulyny Puşiniň bolşunda mysal getirip düşündirdi.

Welýaminowa ýazan sanawyna barmagyny gaýtadan dürtdi. Barmak igenjeňlik diýen sözi görkezdi. Ony zenan tutanýerliligi bilen tabşyrygy ýerine ýetirmäge başlady. Ýöne bu sapar ony Goworkow bulaşdyrdy. Goworkow bilen igenjeňlik meselesinde jedele girip bolmaýar.

– Ine, meniň usulyma ýene bir täze delil – diýip, Torsow öz pikirini jemledi.

Şundan soň şol maşklar beýleki okuwçylar bilen gaýtalandy.

– Şu sanawa adam häsiýetleriniň, ýagdaýlarynyň islendigini goşanyňyzda-da, eger-de olar sözüň içki manysyny delillendirýän bolsa, täze öwüşgin berip biziň öwrenýän meselämiziň doldurgyjysy bolup hyzmat eder. Kalbyňyzdaky hal-ýagdaýy sahna ýoldaşyňyza ugrukdyraňyzda garaşylmaýan we örän özboluşly, önjeýli «ýagdaýa dogrulanma» usullaryň döremegine kömek edýär. Hakykatdan bolsa, ynha, siz özüňize gowy täsir eden sahna oýnuny görüp geldiňiz... aktýoryň işine gowy, örän ajaýyp, özboluşly ussatlyk diýmek entek bärden gaýdýar. Bu häsiýetlendirmeleriňiz sahna oýnunyň size eden täsirini dogruçyl beýan etmeýär.

Sahna oýnundaky «ýagdaýa dogrulanma» usullarynyň belent derejedediginiň haýran galarlyk guwanja, begenje mynasypdygyny aýtmak üçin, siz ýalandan kalbyňyzyň çalam-çaşdygyny, argyndygyňyzy, nägilediginizi, keýpiňiziň çökgündigini... aý, garaz, özüňiziň iň soňky derejede tapdan düşendigiňizi mälim etmeli. Siz şeýle pursatda özüňize şeýle diýmeli:

«Hä-heýt, şeýtan kakmyşlar diýse, gör, keşbi neneňsi gowy ýerine ýetirýärler!».

Ýa-da:

«Şeýle haýran edijilik ýagdaýy inkär etmek düýbünden mümkin däl!».

Şeýle usul pajygaly, dartgynly we beýleki ýagdaýlara düşülendäki ýerine ýetirmelere-de täsir edýär... Hakykatdan bolsa, «ýagdaýa dogrulanma» usulyna özboluşly öwüşgin berjek bolsaň, sahna oýnunyň iş pursadynda öz-özüňe şeýle diýmek bolar:

«Ykbalyň meni ýepbekläp, yzarlap durşy şeýle bir gülkünç!».

Ýa-da:

«Şeýle tapdan düşeňde aglamak bolmaz, diňe gülüp bolar!».

Indi, siz sahnada artistiň öz-özünden inçelik bilen döreýän durmuşyna seslenmek üçin, gör, nähili çeýe aň-paýhasyň, aýdyňlygyň, duýgurlygyň, ýüz-gözüň, bedeniň, ses agzalarynyň nähili berkden-berk terbiýelenen, ýagdaýa uýgunlaşan bolmalydynyň pikirini ediň!

Artistden ýiti aýdyňlygy görkezmek talap edilýär. Bu bolsa siziň ýüz, göz, beden, ses agzalaryňyzy örän gowy terbiýelemelidigiňiz ýaňzydýar. Men «ýagdaýa dogrulanma-da» bular barada entek ýeterlik aýdyp geçerin. Size, goý, bu aýdanlarym tansy, gylyçlaşmagy, maşklara türgenleşmekde, sesiňizi terbiýelemekde uly kömek bersin.

* * *

Arkadiý Nikolaýewiç sapagy soňlap, gitmek üçin turdy weli, garaşmaýan zadymyz boldy – sahnanyň perdesi açyldy. Sahnada bolsa Maloletkowanyň myhmanhanasy baýramçylyk bezeginde peýda boldy. Myhmanhanada dürli ululykdaky görkezme tagtalary asylypdyr:

1. Adamyň içki dünýäsiniň tizligi we onuň bady.
2. Adamyň içki dünýäsini häsiýetlendirmek.
3. Gutarnyklylyk we kanagatlylyk.
4. Adamyň içki dünýäsindäki tertiplilik we edeplilik.
5. Sahnada görmegeýlik we özüne çekijilik.
6. Yzygiderlilik we sazlaşyklylyk.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Görkezme esbaplary köp bolsa-da, olar hakynda entek kän düşündiriş bermekçi däl – diýip, ol esbaplary synlap, Iwan Platonowiçiň bu gurnagyna oňat baha berdi:

– Sebäbi, artistiň içki dünýäsiniň zehininiň döredijilik işiniň hemme agzalarynyň tebigy ukyby, ussatlygy, başarnygy we ýene-de birnäçe ukyplary bar. Ýöne men öz alyp barýan usul-ugrumyň meýilnamasyny üýtgedip, tejribäniň üsti bilen görkezýän mysallarymdan we öz düýpli göz ýetiren düşünjelerimden onuň teoriýasyna we ol teoriýany döredýän düzgünlere geçip bilermikäm? Ine, meni şu pikir iňkise goýýar. Hakykatdan bolsa, «Adamyň içki dünýäsindäki tizligi we onuň bady» ýa-da «Adamyň içki dünýäsiniň häsiýetleri» temalary hakynda şu mahal näme aýtjak?! Öz aýtjaklaryňy iş hereketleri bilen nähili düşündirjek?

Maksatnamamyzdaky «Görýän göz», «Daşky tizlik we onuň bady», «Daşky häsiýet» temalaryny öwredýän bölümi özleşdirip bolýançak, bu temalara geçmän garaşsak has göwnejaý bolar. Şeýtsek, daşky iş pursatlaryny özleşdirýärkäk, içki iş hereketlerini hem duýardyk. Men şu mahal size saklanmak hakynda näme aýdaýyn. Haçanda sizde sahnadaky ýagdaýyňyzy görkezmek üçin gerekli saklanmagy ýerine ýetirilmegini düşündirer ýaly entek ne sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy ne-de keşp bar?! Men tamamlanmaly zat ýok ýerinden nädip ony tamamlamalydygyny aýdyp, düşündirip bilerin?

Siziň köpiňiz bary-ýogy bir sapar sahna aýak basanlar, ol hem görkezme parçalaryňyzdaky synanyşyk. Ynha men şeýle ýagdaýda, size döredijilik pursadyndaky çeperçilik we onuň edebiniň düzgün-kadasy barada nädip aýtmaly? Soňky sözüm bosa, men sahnada görmegeýlik we özüňe çekijilik hakynda, eger-de siz şol ýagdaýlaryň müňlerçe tomaşaça edýän täsiriniň güýjüni öz başyndan geçirmedik halyňyzda size näme aýdaýyn? «Yzygiderlilik we sazlaşyklylyk» temasy welin, häzirlikçe galmaly bolýar.

Ýöne meniň pikirimçe, geçen sapaklarymyzda bu tema hakynda size birneme irräk düşündiren ýaly boldum. Köp sapaklarda bu tema degişli bölekleri yzygiderlilik bilen aýdýan bolsam-da, ady agzalýan tema barada entek aýdylmaly düşünjeler bar.

Wýunsow mugallymdan:

– Siz näwagt ol hakynda aýtdyňyz? – diýip sorady.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– O nähili haçan? – diýip, geň galdy. – Sähel mümkinçilik bolanda men yzygiderli şonuň gürrüňini edýärin. Gudratly «eger-däni» we «hödürlenen ýagdaýy» düşündirýärkäm-de, hyýaly ýagdaýy bellibir pikire gaplamagy geçýärkäm-de, fiziki iş hereketlerini özleşdirýärkäk hem bu temanyň gürrüňleri edilip düşündirildi ahbeti.

Mysal üçin, «pullary ýakmak» parçasynda pullary sanamak iş hereketini hiç bir predmetsiz ýerine ýetirmekde-de, sazlaşyklylygy we yzygiderliligi saklamakda-da, üns meýdanlaryny yzygiderli çalyşmakda-da, «Brand» pýesasynyň bölümini maksadalaýyk böleklere bölmekde-de, olary bellibir maksada gaplamakda-da, olara at dakmakda-da örän jaýdar ýagdaýda sazlaşygy we yzygiderliligi ulanmagy berk talap etdim. Sahnada ünsi özüne çeker ýaly hal-ýagdaýy gurnamakda we beýleki usullardan nähili peýdalanmalydygyna-da häli-şindi, mümkinçilik dörän ýerinde ýadaman-ýaltanman gaýtaladym.

Mende indi yzygiderlilik we sazlaşyklylyk temasynyň hemme ýagdaýlarynyň birbada bilmelilerini eýýäm size doly ýetiren ýaly düşünje peýda boldy. Ol temanyň galan ýagdaýlary okuwyň dowamynda düşündiriler. Şondan soň yzygiderliligiň we sazlaşyklylygyň ýörite maksatnamasyny düzmek zerurlygy barmy näme? Hünäriň teoriýasyna gyzygyp onuň tejribelerine päsgel bermekden men gaça durýaryn.

Ine, meni meseläniň tejribeliligi biynjalyk edýändigi sebäpli, aktýor ussatlygynyň döredijiligine gerek bolan käbir alamatlaryny sapakda mümkin bolan halaty aýdyp geçmeli bolýaryn. Iwan Platonowiçiň asan şu görkezme tagtasynda biziň şol galdyran alamatlarymyzy görkezilip ýatladylypdyr. Şol görkezilen alamatlar aktýorçylyk hünäri bolan meniň, men özümiň içinde jemlenmeli. Wagt geler şol aýdylmadyk alamatlaryň üstünden bararys. Ilki geçenlerimizi tejribe arkaly synap we aňyp, duýup berkideliň. Soňra, geçilmedik alamatlary teoriýanyň kömegi arkaly hem özleşdireris.

Meniň, ine, şu mahal size şol geçilmedik döredijilik alamatlary barada aýtmakçy bolýan zatlarym şulardan ybarat.

Biz şu aýdanlarymyz bilen, aktýorçylyk hünäriniň içki gurluşynyň alamatlary bolan artistçilik ukybynyň, ussatlygynyň we tebigy zehininiň döredijilik üçin zerurlary hakynda uzak eden işlerimizi soňlaýarys (49).

# XII. DURMUŞ PSIHIKASYNY HEREKETLENDIRIJILER

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Ine, aktýorçylyk hünäriniň içki usullarynyň häsiýetleriniň elementleriniň psihotehnikasyny öwrendik, özleşdirdik – diýip, söze başlady. Diýmek, biz aktýoryň dörejiliginde onuň içki usullaryny ulanmaga taýýar. Biziň bu «goşunymyz» söweşe başlabermeli. Indi, goşuny söweşe çykarmak üçin goşunbaşy gerek. Şol goşunbaşy kim bolup biler?

– Biziň özümiz – diýip, okuwçylar ýerli-ýerden jogap berdiler.

– Kim ol «biz»? Ol göze ilmeýän jyns nirede?

– Ol biziň hyýaly göz öňüne getirmegimiz, ünsümiz, duýgymyz – diýip, okuwçylar ýeke-ýeke sanadylar.

Wýunsow:

– Duýgy?! Iň esasysy bolup durýar! – diýip, çürt-kesik netijä geldi.

– Men siz bilen ylalaşýaryn. Keşbi duýan badyňyza ähli içki güýç-kuwwat göreşe taýýar bolýar. Şeýlelik bilen, ilkinji iş wajyp goşunbaşy döredijilige ugrukdyryjy we hereketlendiriji tapyldy. Ol duýgy – diýip, Arkadiý Nikilaýewiç ylalaşdy. Ýöne düşündirişine degerli bellik hem etdi:

– Emma ol duýgy, gürlemezek hem-de buýruga çydamsyz. Siz öz tejribäňizden onuň şeýledigini bilýärsiňiz. Şonuň üçin döredijilige duýgy oýanmadyk ýagdaýynda işe başlap bolmaýar. Netijede, başga goşunbaşa kömek üçin ýüz tutmaly bolýar. Kim ol başga goşunbaşy?

– Hyýaly göz öňüne getirmek! Şonsuz iş pyrryk – diýip, Wýunsow meseläni çözdüm etdi.

– Olar ýaly bolsa hemme döredijilik agzalaryňyz derrew oýanyp herekete geler ýaly näme-de bolsa bir zady göz öňüne getiriň.

– Nämäni göz öňüne getirmeli?

– Bilemok.

– Gudratly «eger-däni» nädip hem bolsa bir hili edip oýarmak üçin mesele gerek – diýip, Wýunsow aýtdy.

– Ol meseläni nireden aljak?

– Akyl, düşünýärmisiňiz, akyl aýdar – diýip, Goworkow seslendi.

– Eger akyl aýdýan bolsa, ol biziň gözleýän ugrukdyryjy we hereketlendiriji goşunbaşymyz bolup biler.

– Diýmek, göz öňüne getirmek goşunbaşy bolup biljek däl-dä? – diýip, men soradym.

– Siz gördüňiz-ä, göz öňüne getirmegiň özi ugrukdyryja we herekete getirijä mätäç.

– Üns! – diýip ýene-de Wýunsow dillendi.

– Ünsi seljereliň. Onuň edýän işi näme?

– Ol duýga, akyla, göz öňüne getirmäge, erke kömek edýär – diýip, okuwçylar aýtdylar.

– Üns saýlanan meýdança edil ugrukdyryjy şöhle ýaly, öz şöhlesini berip, akyly, duýgyny, islegi şol meýdança bilen gyzykmaga itergi berýär – diýip, men öz düşünjämi aýtdym.

– Şol meýdançany kim görkezýär? – diýip, Torsow sorady?

– Akyl – diýdim.

– Göz öňüne getirmek – diýip, Welýaminowa seslendi.

– «Hödürlenen ýagdaý» – diýip, Paşa öz pikirini orta atdy.

– Öňde goýlan meseleler – diýip, biz sapaklarda geçenlerimizi gaýtaladyk.

– Diýmek, şu aýdanlaryňyz ugrukdyryjy, herekete getiriji we işi başlaýjy goşunbaşylar-da. Olar meýdançany görkezýärler. Üns bolsa, eger ol ýeke-täk bolup şu zatlary edip bilmeýän bolsa, onda, ol kömekçi bolmagynda galýar.

– Ýeri bolýar. Üns goşunbaşy däl bolsa, onda näme goşunbaşy? – diýip, men bilmäge çalyşdym.

– «Däli» okuw sahna işini ýerine ýetiriň we siz kimiň ugrukdyryjy we herekete getiriji goşunbaşydygyna göz ýetirersiňiz.

Okuwçylar sahna işini ýerine ýetirmek üçin ördüler. Ýöne olar biri-birine seredişip bellibir netijä gelip bilmän saklandylar. Ahyry yzly-yzyna sahna çykdylar. Olaryň sahna çykmak islegleriniň ýokdugy hereketlerinden mese-mälim göründi. Şonuň üçin Arkadiý Nikolaýewiç olary saklady:

– Özüňizi sahna islemeseňiz-de çykmaga mejbur edeniňiz gowy zat. Bu siziň öz erk-islegiňize buýrup bilýändigiňizi görkezýär. Emma...

– Diýmek, erk goşunbaşy-da – diýip, Wýunsow Torsowyň sözüni böldi.

– Emma... siz sahna erk-islegiňiziň garşysyna, edil ölüm jezasy berlenler ýaly çykdyňyz. Beýle ýagdaý döredijiligi oýaryp bilmeýär. Siziň içki dünýäňizdäki sowuklyk duýgyňyzy gyzdyryp bilmez.

Netijede, keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirip bilmersiňiz. Şonuň üçin sungat döremez. Ýöne siz bir adam ýaly bolup artistlik islegiňiz bilen sahna eňen bolsadyňyz, onda döredijilik erki barada aýtmak mümkin bolardy.

– Bu aýdanyňyzy, bilýäňizmi, siz halys ýürege düşen «Däli» hakyndaky okuw sahna işiňiz bilen amala aşyryp bilmersiňiz – diýip, Goworkow hüňürdedi.

– Men şeýle-de bolsa synanyşaýyn. Siz dälä öýüň esasy girelgesinden geler diýip garaşýarkaňyz. Ol akylyndan azaşan bolsa, jaýyň ýeňsesinden gelip, içerik

girmäge hyýallanýandygyndan siziň habaryňyz ýok ýa-da barmy? Ol ýerde bolsa, köne girelge bar. Ol gapy petlelerde zordan saklanýar. Eger-de, şol gapyny açaýsa ol sizi aman goýmaz! Şu täze «hödürlenen ýagdaýa» siz näme bilen jogap berersiňiz? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sorady.

Okuwçylar oýlandylar. Ünslerini bir ýere jemlediler. Her kim nämedir bir zat tapdy, nämeleredir çenendiler we ahyry ikinji berkitmäni gurnamagy makul bildiler.

Goh, basa-baslyk turdy. Okuwçylaryň gözleri janlandy. Ýürek urgulary üýtgäp çaltlaşdy. Olarda gyzyklanma döredi. Bir söz bilen aýdanyňda, ýürege düşen okuw sahna işini ilkinji sapar ýerine ýetirişimiz ýaly ýerine ýetirdik.

– Şeýlelik bilen, men «Däli» atly sahna işini ýerine ýetirmegiňizi talap etdim. Siz erkiňizi oýarmak islegiňiz ýok ýagdaýynda, ony oýadyp, sahnada keşbiňizi ýerine ýetirmäge çalyşdyňyz. Ol başa barmady. Şonuň üçin men size täze «eger-däni» we «hödürlenen ýagdaýy» teklip etdim. Şolaryň esasynda siz öz öňüňizde täze mesele goýup, ýönekeý däl-de, döredijilik erkiňizi täzeden oýardyňyz. Hemmäňiz höwes bilen işe ýapyşdyňyz. Kim şu işde goşunbaşy bolup göreşe itergi berip, goşunyň hemmesini söweşe çykardy?

– Siziň özüňiz – diýip, okuwçylar ýerli-ýerden dillendiler.

Torsow:

– Has dogrusy, meniň akylym – diýip, düzediş berdi. – Ýöne siziň hem akylyňyz şu zatlary aýdyp, döredijilik işinde goşunbaşy bolup biljek ahyry. Ikinji goşunbaşy kim? Hemme elementleri gözden geçireliň. Belki, ol duýga bolan hakykat we ynamdyr? Eger şeýle diýip ynansaňyz, goý, onda hemme döredijilik elementleriňiz eglenmän duýgy oýanandaky mysaly işläp başlasynlar.

Okuwçylar:

– Nämä ynanmaly? – diýip soradylar.

– Men nireden bileýin? Bu siziň işiňiz...

– Ilki adam ruhunyň durmuşyny gurnamaly, onsaň şoňa ynanyp bolar – diýip, Paşa aýtdy.

– Diýmek, hakykat we ynam duýgulary biziň gözleýän goşunbaşymyz bolup bilmeýärler-dä? Belki, gatnaşyk we ýagdaýa dogrulanmadyr? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sorady.

– Gatnaşyk etmek üçin ilki sahna ýoldaşyňa hödürlejek duýgyňy we pikiriňi tapmak gerek.

– Dogry. Diýmek, gatnaşyk-da, ýagdaýa dogrulanma-da goşunbaşy bolup bilmeýärler.

– Bölekler we meseleler?

– Mesele olarda däl. Mesele erkiň janly isleglerinde we hyjuwlarynda, ynha şolar wezipeleri orta atýarlar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düşündirdi. – Ine, şol islege we erke bolan hyjuw artistiň hemme döredijilik agzalaryny oýaryp we onuň durmuş psihikasyny sahnada ugrukdyryp bilýän bolsa, onda...

– Elbetde, ugrukdyryp biler!

– Eger şeýle bolsa, diýmek, üçünji goşunbaşy hem tapyldy. Ol – erk. Şeýlelik bilen, bizde üç goşunbaşy bar ekeni. Olar: akyl, erk we duýgy – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç asylgy görkezme tagtasyndaky ýazgylary okady. – Ynha, şular biziň durmuş psihotehnikamyzy herekete getirýärler.

* * *

Sapak soňlandy. Okuwçylar dagamak bilen boldular. Ýöne Goworkow jedelini dowam etdi:

– Meni bagyşlamagyňyzy soraýaryn. Siz näme üçin şu çaka çenli duýgy, duýgy diýip, gulagymyzy kamata getirdiňiz? Ýöne erkiň we akylyň orny barada kelam agyz aýtmadyňyz?!

Torsow okuwçysynyň aýdanlaryna doly düşünmänsoň oňa sorag berdi:

– Siziň pikiriňizçe, durmuş psihotehnikamyzy herekete getirýän elementleriň her biriniň özbaşdak häsiýetlerini yzygiderli gaýtalamalymydym? Şeýlemi?

– Ýok. Ýöne näme üçin şol bir zady aýtmaly? – diýip, Goworkow Torsowyň aýdany bilen ylalaşmady.

– Siz başga nähili düşünmeli? Bu üçlügiň agzalary bölünmeýärler. Şonuň üçin hem birinjisini aýdýarkam isleseň-islemeseň-de ikinjisine, üçünjisine degmeli bolýarsyň. Ikinjisi hakynda aýdanyňda birinjisi we üçünjisi barada-da aýtmaly bolýarsyň. Üçünjisi hakynda aýdýan mahalyň beýleki ikisi hakynda-da aýtmak gerek bolýar. Şol bir zady gaýtalap otursam, siz tagapyl edip oturyp bilermisiňiz? Hakykatdan bolsa, men size döredijiligiň meseleleri, olaryň bölünişi, saýlanyşy, olara at goýluşy we beýlekileri barada aýdýaryn. Eýsem-de bolsa bular hakynda aýdanymda duýgynyň gürrüňini etmän bolarmy? Bolmaz.

– Elbetde, bolmaz! – diýip, entek gitmedik okuwçylar Torsowyň aýdýanlaryny goldadylar.

– Eýsem-de bolsa, erk öňde goýlan meselä degişli dälmi näme? – diýip, Torsow ýene sorady.

– Degişli, onda-da gönüden-göni – diýip, biz netijä geldik.

– Şeýle bolýan bolsa, duýgy hakynda gürrüň berenimde beýleki elementlere-de birkemsiz degip geçdim. Indi, meseleler hakynda düşündirenimde-de ýene beýleki elementler hakynda gaýtalamalymy?

– Näme mesele goýlanda onuň işine akyl peýdalanylmaýarmy?

– Tapylan mesele bölünende-de, oňa at goýlanda-da, döredijiligiň elementleriniň ýene-de gürrüňini etmeli bolýaryn. Men siziň kanagatyňyzy we wagtyňyzy tygşytly saklanym üçin maňa minnetdarlyk bildiriň. Emma muňa garamazdan, Goworkowyň aýdýanlarynda käbir hakykat bar. Men elbetde, döredijiligiň joşgunyna köpräk üns beripdirin. Men muny ýaramaz hyýal bilen etmedim. Sebäbi, sungatyň beýleki ugurlary duýga örän az üns berýärler. Bizde pelsepeçi, seljeriji

aktýorlar gereginden kän. Sahna döredijiliginde, köplenç, akyl bilen işleniljek bolunýar. Şonuň üçin hakyky, gyzykly duýgulary öz içine alýan sahna oýunlary juda azlyk edýär. Şu zatlar maňa akyla kän üns bermän, iki-üç esse güýç bilen duýga üns bermeli bolýaryn.

Teatrda döredijilik işi bilen köp meşgul bolanymyz üçin, biz – artistler «akyla, erke we duýga» durmuş psihikasyny işledýär hem-de herekete getirýär diýmegi halys endik edipdiris. Bu düşünje biziň aňymyzda berk ornaşypdyr. Soňky wagtlar ylym, durmuş psihotehnikasyny herekete getiriji meselesinde wajyp üýtgetmeleri saldy. Şol üýtgetmelere biz sahna işgärleri nähili garaýarys? Biziň psihotehnikamyza şu üýtgetmeler nähili täsir edýär. Şu gün size olar hakynda aýtmaga ýetişmerin. Şonuň üçin indiki sapaga çenli sag boluň!

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu sün Arkadiý Nikolaýewiç durmuş psihotehnikasyny hereketlendirijileriň täze ylmy kesgitlemesi hakynda aýtdy.

– Seljeriş, öňden görüş we duýgynyň erki! (50) – diýip, ol görkezme esbabyndaky ikinji ýazgyny okady:

– Durmuş psihikasyny herekete getirmek işinde bu düşünjäniň manysy hem akylyň, erkiň we duýgynyň öňki köneçe kesgitlemesi ýalydyr. Bu düşünjäniň täzeligi, könäni anyklaýandygynda. Olar özara deňeşdirilende, seljeriş bilen öňden görmegiň ikisi bilelikde aňlaýşyň içki ýagdaýyny beýän edýärler.

Durmuş psihikasynyň manysyna çuň nazar aýlananda erk we duýgy özara birleşýändigini we bir mana ýugrulandygyny, ýagny duýgy – erk bolýandygyna gözüňiz ýeter.

Men myşsallaryň kömegi bilen olaryň üýtgeýişlerini size düşündireýin.

Aýdalyň, şu gün siz boşlag. Şonuň üçin günüňizi gyzykly geçirmekçi. Şu öz islegiňizi durmuşa geçirmek üçin näme edersiňiz? Eger-de, erk hem-de duýgy seslenmese, onda siz akyla ýüzlenmeli bolarsyňyz. Goý, ol şeýle ýagdaýda näme etmelidiginiň ugruny görkezsin. Kesgitnama bersin. Men siziň akylyňyzyň roluny öz üstüme alýaryn we size hödürleýärin: Köçä gezelenje çykasyňyz ýa-da şäheriň daşyna çykyp arassa howadan dem alasyňyz gelýärmi?

Bu gezelençde siziň nämelere duş gelip biljekdigiňizi bäş duýgyňyzyň iň ýitisi we çalt seslenýäni göz öňüne getirmek duýgyňyz, bolaýjak wakanyň şekillerini çekmek we onuň beýanyny mälim etmek işini ýerine ýetirip, sizi gezelenje çykmaga gyzyklandyryp biler. Siz eýýäm öz içki ekranyňyzda şäheriň daşyndaky tebigatyň, size tanyş köçeleriň, dynç alynýan meýdançalaryň we beýlekileriň suratlaryny kinolentalarynda görýän dek görýärsiňiz. Şeýdip, boljak gezelenjiň nähili ýagdaýda geçjekdiginiň mümkindigini göz öňüne getirmek işi bolup geçýär.

Siz, belkem, meni bu zatlar şu mahal gyzyklandyranok – diýip, pikir edýänsiňiz. Şäheriň içinde işsiz aýlanyp ýörmek gyzykly däl. Bulaşyk howada tebigat

hem özüne çekenok. Onsoň hem men ýadadym. Ine, şeýdip, siziň gezelenç hakynda öz düşünjäňizi beýan etmek işi, ýagny seljeriş işi bolup geçýär.

Onda siz agşam teatra gidiň – diýip, akyl maslahat berýär. Şonda hyýaly duýgyňyz teatryň ýagdaýynyň şekillerini suratlandyrar. Içki göz öňüne getirmek duýgyňyz bolsa, eglenmän aýdyň we ýiti ýagdaýda dessine teatrdaky size tanyş zatlary janlandyrar. Siz şeýdip teatryň pulhanasyndan tomaşa zalyny, görjek sahna oýnuňyzyň belli-belli böleklerini göz öňüne getirip, oňa gitmelimi ýa-da gitmeli däldigini seljerersiňiz. Bu sapar siziň akylyňyzyň maslahatyna, ýagny onuň göz öňüne getiren zatlaryna we seljermesine erkiňiz bilen duýgyňyz dessine oýanyp seslenýär. Şular bilen bile, içki duýgy agzalaryňyz hem seslenýärler. Şeýlelikde, diýip, Torsow düşündirişini jemlemek bilen boldy. Akyldan onuň göz öňüne getirmek we seljermek duýgularyndan başlanan işe erki-de, duýgyny-da çekdiňiz.

Torsow uzak arakesmeden soň, düşündirişini dowam etdi:

– Biziň seljermämiz nämä alyp barýar? Ol akylyň işini suratlandyrýar, olar akylyň iki ýerine ýetirijisine, ýagny göz öňüne getirmek işiniň ilkinji seslenmesine we akylyň seljermesine itergi berýär. Meniň düşündirişim durmuş psihotehnikasy düşünjesiniň manysynyň birinji ýarymynyň beýany.

Onuň ikinji ýarymy bolsa, meniň öň aýdyşym ýaly, täze düşündirilişe görä erk we duýgynyň birleşmesi bolan duýgy-erk düşünjesidir. Näme üçin bu şeýle edilýär? Men muny mysalyň kömegi bilen düşündireýin. Ine, şeýle gabat gelmäni göz öňüne getiriň, siz hyjuwly söýüşýärsiňiz. Söýgüliňiz bolsa uzakda. Siz bu ýerde söýgüden ýaňa joş urýan duýgyňyzy nädip köşeşdirjekdigiňizi bilmän, oda-köze düşýärsiňiz. Ol zenandan size hat gelýär. Görüp otursak, ol hem siziň tizden-tiz gelmegiňizi isleýän eken.

Siz söýgüliňiziň mähirli çagyryşyny okan badyňyza, siziň duýgyňyz oýanýar. Edil şol mahal bolsa size teatrdan Romeonyň keşbiniň ynanylandygy barada habar gelýär. Bu habardan dörän duýgyňyz bilen söýgüliňize bolan duýgyňyzyň gabat gelmegi, Romeonyň keşbiniň köp häsiýetleri eglenmän sizde döredýär. Şeýle ýagdaýda kim döredijilige itergi berýän goşunbaşy bolup biler? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sorady.

– Elbetde, duýgy! – diýip, men jogap berdim.

– Erk näme? Ol Julýetta – näzenin zenana ýetmek islemedimi, şonuň üçin çalyşmadymy?

– Çalyşdy – diýip, men ylalaşdym.

– Diýmek, ol duýgularyň ikisi-de birleşip durmuş psihikasyny herekete getiriji goşunbaşy bolup hyzmat edip biler. Olary biri-birinden aýyrjak boluň hany?! Erk bilen duýgyny aýry-aýry halda ulanyp bilýän ýagdaýy, dynç mahalyňyz pikir edip tapjak boluň we olaryň biri-birinden aýrylýan araçägini kesgitlejek boluň. Olary şeýle ýagdaýa salyp görmek maňa-ha miýesser etmedi. Size-de miýesser etmez diýip, pikir edýärin. Hut şonuň üçinem, ylmyň soňky açyşy olary duýgy-erk diýip, kesgitledi.

Men-ä häzirlikçe şundan başga çykalga tapamok. Şeýlelikde, men durmuş psihikasynyň hereketlendrijileriniň köne we täze düşünjelerini her bir ýagdaýa görä, ulanmaga mejbur bolýaryn. Eger-de maňa akylyň önümi bolan duýgyny we erki bellibir ýagdaýda aýry-aýry ulanmak amatly bolsa, onda ol hereketlendrijileri aýry-aýry ulanaryn. Ýöne hereketlendirijileri bile ulanmak amatly bolanda bolsa akylyň önümi bolan erk we duýgyny duýgy, erk diýip bilelikde ulanaryn.

Goý, meniň hereketlendirijileri azat halda ulanýandygym üçin ylym meni bagyşlasyn. Şeýle usul mekdepde okuwçylary terbiýelemäge maňa oňat mümkinçilik döredýär.

– Onsoň akyl, erk we duýgy ýa-da täze düşünje boýunça göz öňüne getirmek, seljermek we duýgy, erk döredijilik işinde baş hereket edijiler bolup hyzmat edýärler. Olaryň her biri durmuş psihikasyny herekete getirende, biri-birini gyzyklandyryjylar, özüne çekijiler bolup, döredijilige oýandyryjylar hökmünde döredijilik agzalaryny üçlüge laýyk işledýärler.

Onsoň hem akyl, erk we duýgy söýeg hökmünde biri-biriniň üstüni dolmasa, olaryň her biri özbaşdak öz başyny çarap bilmeýär. Olar şonuň üçin hem özara berk gatnaşykda. Şol bir wagtyň özünde-de bile hereket edýärler. Ine, şular ýaly akyl-erk-duýgy, erk-akyl-duýgy, duýgy-erk-akyl. Bu ýagdaý hem durmuş psihikasynyň işjeňligini ulaldyp, oňa esasy orny berýär.

Biz döredijilik işine akyla ýol berip erk bilen duýgyny çagyrýarys. Ylmyň täze kesgitlemesi bilen aýdanymyzda bolsa, näme-de bolsa bir zady görkezmekçi bolanymyzda, ony adaty ýagdaýda seljermeli bolýarys. Öňki we soňky kesgitlemeleriň ikisi hem erk-duýgyny işjeňlige çagyrýar. Biz diňe durmuş psihikasyny herekete getirýän hemme usullaryň agzybirlikde jem bolup işlän mahaly arkaýyn, azat, adaty, özbaşdak, başgalara meňzemeýän, hut öz ýüzümizi görkezýän, wyždanymyza we howatyrlanmamyza laýyk keşbi hödürlär ýaly ýagdaýda döredip bileris.

Eýsem-de bolsa hakyky artist haçanda Gamletiň:

– Bolsunmy ýa-da ýok? – diýip, içgepletmesini aýdanda, özüniň we awtoryň pikirini aýdyp we režissýoryň et diýen iş hereketlerini hem keşbe geçirmek bilen gaty köp zat edýär; durmuşa öz düşünjesini, öz dünýäsini, öz janly duýgusyny we erkini hem keşbiň dünýäsine utgaşdyrýar. Artist Gamletiň ykbalyna meňzeş öz şahsy durmuşynda bolan we başdan geçiren tolgunmalaryny-da döredýän keşbiniň ykbalyna, häsiýetine goşýar. Sahnada artist hödürlenen ýagdaýa laýyk, şu mahal ýok Gamletiň ýerine özüni, öz ykbalyny pýesanyň gahrymanynyň ornunda goýýar we şonuň adyndan gürleýär. Ýat keşbiň pikiri, duýgusy, göz öňüne getirişi, seljerişi onuň özüniňkä öwrülýär. Ýöne şol bir wagtda artist, tomaşaçynyň aýdylýan sözleri diňe bir diňlemek we düşünmek bilen çäklenmän, keşbiň içki dünýäsine bolan gatnaşygyny-da, edil artistiň düşünişi ýaly düşünýän döredijilik erkiniň bolmagyny-da isleýär.

Şeýle pursatda durmuş psihikasyny herekete getiriji ähli usullar birleşýärler-de, biri-biriniň içinden eriş-argaç geçýärler duruberýärler. Şu baglanyşyk, bileleşip iş hereketini etmek we berk biri-birini goldamak, bitewi döredijilik kuwwatyny beýleki döredijilik elementleri bilen baglanyşdyrmak biziň işimizde örän wajyp. Şonuň üçin bu ýagdaýdan tejribe işimizde peýdalanmazlyk ýalňyşlyk bolar.

Şeýlelik bilen, psihotehnika hem olara laýyk bolýar. Üçlügiň her bir agzasynyň özara gatnaşyklarynyň adaty ýagdaýda olaryň her birini iş hereketine oýandyryp, artistiň döredijilik agzalaryny herekete getirmek bu düşünjäniň esasy maksadydyr.

Käwagt biziň erk-islegimizden daşary birdenkä öz-özünden, aňlamankak durmuş psihikasyny herekete getirijiler peýda bolýarlar. Şeýle adaty ýagdaýda ýüze çykýan durmuş psihikasyny herekete getirijilere gulak asmagyňyz we olary kabul etmegiňiz gerek. Ýöne artistiň çagyryşyna gulak asmaýan erki, duýgyny, akyly näme etmeli? Bular ýaly ýagdaýda özüne çekiji elementlerden peýdalanmaly bolýar. Olar usullarda-da, durmuş psihikasyny hereketlendirijilerde-de bar. Olaryň hemmesini birden oýatmaň. Iň bolmanda, birini nazarda tutuň.

Aýdalyň, akyly. Akyl buýruga gulak asagan, köp gürlemegi, diňlemegi halaýan element. Şular ýaly ýagdaýda artistiň ýöne aýdyp goýberýän sözlerine laýyk şekil göz öňüne gelýär. Bu şekil bolsa öz gezeginde, özüne laýyk seljerme döredýär. Şol göz öňüne getirmek we seljermek öz gezeginde gury, manysyz ýagdaýy janlandyryp duýgy-erki oýarýarlar. Siziň gysgajyk tejribe işleriňizde meniň bu aýdanlaryma mysal bolup biljek zatlar kän. Sizi, iň bolmanda, halys irizen «Däli» hakyndaky sahna işiňizi nädip janlandyrandygyňyzy ýatlanyňyz hem ýeterlik.

Şol sapar «eger-de we hödürlenen ýagdaýyň» kömegi bilen akyl belli bir pikiri tapdy. Olar täze seljermek bilen tolgundyryjy göz öňüne getirmegi oýardylar. Onsoň olaryň hemmesi bilelikde duýgy-erki aýaga galdyrdylar. Siz, netijede, sahna işini örän oňat ýerine ýetirdiňiz. Bu sahna işi akylyň goşunbaşy bolup döredijilige beýleki elementleri oýaryşynyň oňat mysaly bolup bilýar. Ýöne pýesa, sahna işine we keşbe döredijilikli çemeleşmede duýgyny baş goşunbaşy edip hem bolar. Emma duýgy örän ynjyk we durnuksyz.

Eger hyjuw dessine oýanyp seslense, bu uly üstünlik. Onda hemme zat öz-özünden bolup geçer, ýagny göz öňüne getirmek-de, seljermek-de oňa laýyk geler. Netijede, olaryň hemmesi bilelikde erki oýararlar. Başgaça aýdanymyzda, durmuş psihikasynyň hemme hereketlendirijileri duýgynyň üsti bilen işe girişerler. Ýöne bu iş öz-özünden herekete gelmese, duýgy çagyryşa seslenmän saklanyp dursa näme etmeli? Şonda üçlügiň iň ýakyn duran elementi bolan erke ýüzlenmeli.

Hyjuwy oýarmak üçin haýsy döredijilige çagyrýan elemente ýüzlenmeli?

Siz wagty gelende kakuw badynyň elementleriniň – ritmiň tempiniň özüne çagyryp bilýändigine düşünersiňiz.

Bize soragyň çözgüdi galdy: uklap ýatan erki döredijilige nädip oýarmaly? Oňa nädip döredijilik iş hereketlerini etdirmeli?

– Meseleleriň üsti bilen – diýip, men ýatlatdym. – Ol gönüden-göni döredijilik islegine täsir edip, erki oýarar.

– Onuň oýanmagy nähili meseläni orta oklaýanyňyza bagly. Gyzyksyz mesele oňa täsir etmez. Artistiň kalbynda ony gyzyklandyrjak mesele peýda bolmaly. Şol meseläni hem ýitileşdirmeli, janlandyrmaly, garaz, gyzykly, özüne çekiji ýagdaýa salmaly. Gyzykly mesele erkiň oýanmagyna we iş hereketlerini etmegine itergi berýär. Ol diňe bir erke-de däl, ilkinji nobatda, gyzyklandyryjylyk hyjuwa täsir edýär. Emma islege täsir etmeýär. Özi hem gönüden-göni duýga baryp degýär. Ilki döredijilige gyzykmaly, ony duýmaly, onsoň islemek gerek. Şonuň üçin hem erke gönüden-göni täsir edip bolmaýar-da, öwrüm edip, keseden täsir etmeli bolýar.

Goworkow öz ýanyndan:

– Siz täze kesgitlemä görä duýgy bilen erk bölünmeýär diýjek bolýarsyňyzmy? Diýmek, mesele duýga öz täsirini ýetirmek bilen erki oýarýar diýmekçi bolýaňyz-da? – diýip, Torsowy aýdan pikiriniň üstünde tutmak isledi.

– Hakykatdan-da şeýle. Duýgy-erk – ikiýüzli. Bir ýerde-hä islegden hyjuw has güýçli çykýar. Beýleki bir ýerde bolsa, hyjuwy zoraýakdan isleg işe salmagy başarýar. Şonuň üçin hem, bir ýagdaýda-ha, goýlan mesele duýgudan erke berk täsir edýär. Başga bir ýagdaýda bolsa, goýlan mesele erkiň kömegi bilen duýgyny güýçlendirýär. Emma nähili ýagdaýda bolanda-da mesele göni ýa-da gyýtaklaýyn biziň erkimize öz täsirini ýetirýär. Ol söýgüli, ajaýyp ünsi özünde jemleýjimiz, döredijilik islegini oýaryjymyz. Biz ony uly höwes bilen ulanýarys. Dýmek, biz duýgy-erke täsir etmek üçin meseläni ulanmagy dowam etmeli.

Arkadiý Nikolaýewiç az salymlyk arakesmeden soň, düşündirişini dowam etdi:

– Artistligiň özboluşlylygyny özünde saklaýan hyjuw, erk we özboluşlylyk, zehinlilik köp ýagdaýda tebigatyň berýän peşgesi. Tebigat bolsa öz gezeginde akyla, erke we duýga durmuş psihikasyny herekete getirijiler diýen kesgitlemäni dogry hasap edýär.

Birinji häsiýetli artistler erkden we akyldan duýgyny ýokary saýyp, Romeonyň ýa-da Otellonyň keşbini ýerine ýetirenlerinde hyjuwy köp ulanýarlar.

Ikinji häsiýetli artistler duýgudan erki we akyly ýokary saýýandyklary üçin, öz döredijiliginde Makbetiň ýa-da Brandyň keşbini ýerine ýetirenlerinde, dini taglymatlary ýa-da özüne bolan uly söýgini köp ulanýarlar.

Üçünji häsiýetli artistler bolsa, döredijilik işinde akyly duýgudan we erkden ýokary tutýandyklary üçin, Gamletiň ýa-da Natan akyldaryň (51) keşbini ýerine ýetirenlerinde akylyň özboluşlylygyna köp üns berýärler.

Şeýle-de bolsa, bu üç häsiýetli artistlerdäki belli bir duýga artykmaçlyk berilse-de, üçlügiň beýleki hereketlendirijilerini büs-bütin basyp ýok etmeli däldir. Biziň ruhy durmuşymyzyň hereketlendirijileriniň sazlaşykly ýagdaýy zerurlykdyr.

Sungatda görşüňiz ýaly, hyjuw, erkinlik ýaly özboluşly döredijilik bilen bilikde duýgy, erk, akyl goşunbaşçynyň keşbini ýerine ýetirýär. Biz diňe aktýoryň öz işini guraksy, başdansowma ýerine ýetirmegini islemeýäris. Biz şeýle işlere sowuk-sala iş diýýäris. Arkadiý Nikolaýewiç dabaraly arakesmeden soň, biziň sapagymyzy şeýle düşündiriş bilen tamamlady:

– Siz indi, ynsanyň ruhy tolgunmalaryny öz durmuşyňyzda başyňyzdan geçiren ýaly edip keşbi ýerine ýetirmek üçin, ulanmaly elementleriň uly toparyny öz eliňize aldyňyz. Siz indi, baýlaşdyňyz. Döredijilik bilen çykyş etmegiňiz üçin siziň içki dünýäňizde ulanmaly ýagdaýyňyz sizi döredijilige ugrukdyrýan goşun. Mundan başga-da, siz göreşe çykmak üçin üç sany goşynbaşyny-da tapdyňyz. Olar goşuny göreşe çykaryp bilýärler. Bu siziň uly üstünligiňiz. Men sizi bu üstünlik bilen gutlaýaryn!

# XIII. DÖREDIJILIGIŇ HEREKETLENDIRIJILERINIŇ ESASY BARÝAN UGRY

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Goşun söweşe taýýar! Goşunbaşy bar. Ol öz ornunda! Göreşe çykybermeli!!!

– O nähili göreşe çykybermeli? – diýşip, okuwçylar düşünmediler.

– Biz ajaýyp pýesany sahnalaşdyrmakçy. Siziň her biriňize örän gyzykly keşbi döretmäge mümkinçilik berildi diýip, hyýalyňyza getiriň. Siz keşbiňizi ilkinji sapar teatrda okap çykanyňyzdan soň, öýe gelip näme bilen meşgul bolarsyňyz?

– Keşbi ýerine ýetirerdim – diýip, Wýunsow islegini mälim etdi.

Puşin:

– Keşp hakynda oýlanardym – diýdi.

Maloletkowa: «Otagymyň bir burçuna baryp, keşbi duýjak bolardym» – diýdi.

Men öň öz görkezen sahna işimde örän ýaramaz ýagdaýlara düşenimi göz öňüne tutdum-da, okuwçylygyň badyhowalygyndan gaça durdum. Men gudratly «eger-de» bilen «hödürlenen ýagdaýlara» bagly wakalar hakynda pikir ýörederdim diýdim. Paşa keşbini böleklere bölmekçi boldy.

– Aý, garaz, siziň her biriňiz duýgy-erki ulanmakçy bolup, dürli ýollar bilen keşbi beýan etmek üçin, onuň durmuşyna meňzeş öz hakydaňyzdaky isleg-hyjuwyňyzy oýaryp, olary göz öňüne getirip, öz garaýşyňyzy döredip, size berlen keşbiň aňyna, kalbyna, islegine ýetmäge çalşarsyňyz. Keşbiň ruhy durmuşynyň psihikasynyň hereketlendirijilerini ulanmagyň ugruna çykarsyňyz – diýip, Torsow aýtdy. – Artistiň täze eseriň manysyny akylyna, duýgusyna, erkine dolulygyna dessine kabul etdirip, olary döredijilige oýarmak we işiň içki häsiýetine zerur islege itermek örän seýrek ýagdaýlarda bolup geçýär. Täze eser işlenende, ondaky keşbiň sözlerini akylyň bilen özleşdirmek, duýgyň bilen hyjuwy oýaryp, eseriň käbir ýerini halamak, düşnüksiz ýerini halamazlyk ýygy-ýygydan bolup geçýär.

Ýa-da täze düşünjä görä aýdanymyzda, ýazyjynyň drama eserini ilkinji sapar okanyňda, ol hakynda gowşak düşünje döreýär-de, ýüzleý garaýyş peýda bolýar. Duýgy-erk hem birbada ynamsyz seslenýär. Şeýlelik bilen, keşbiň içki häsiýeti umumylyk halda kabul edilýär. Eger artist tarapyndan keşbiň çyn manysy umumylyk ýagdaýynda kabul ediläýse weli, başga hili kabul etmek hakynda asla pikir edere iş hem galmaýar.

Köplenç, pýesanyň düýp manysyna ýazyjynyň geçen döredijilik ýoly artist tarapyndan öwrenilensoň, eser doly okalyp, onuň üstünde yzygiderli işlenensoň, esere töwerekleýin akyl ýetirilýär. Emma şeýle ýagdaýlar hem bolýar. Pýesanyň

21. Sargyt № 3176

okalan ýazgysyny artistiň akyly hiç kabul edip bilmeýär. Erk hiç hili seslenmeýär. Ýazgylar hiç zady göz öňüne getirtmeýär. Okalan esere hiç hili garaýyş döremeýär. Bular ýaly ýagdaýa howaýy we göçme manyda ýazylan eserlerde ýygy-ýygydan duş gelinýär (52).

Şonda başganyň garaýşyny alyp, başganyň kömegine daýanyp ýazylan sözleri kabul etmeli we şol sözlere özüňizi mejbur edip düşünmeli bolýarsyňyz. Ahyry ürç edip öwrenmegiň netijesinde, gowşak göz öňüne getirmek, kesekiniň garaýşy peýda bolýar. Netijede, gowşak ýa-da ýiti halda işe duýgy-erki çekmek başardýar. Ilkibada keşbiň düşnüksiz maksadyny beýan etmekçi bolýan isleg başlangyç halda duýulmaýan, göze ilmeýän ýagdaýda bolýar.

Artist ikinji sapar sahna eseri bilen tanyş bolanda, onuň aýry-aýry böleklerinde keşbiň durmuşyny kabul eden bolsa, şol kabul edilen böleklerdäki durmuşyň hereketlendirijileriniň beýan etmekçi bolýan islegi ýokary bolýar. Isleg hem many bökdenip-bökdenip döreýär. Olar birden-ä peýda bolýarlar, birden hem ýitip gidýärler, birden bolsa täzeden döreýärler we ýene-de ýitýärler. Bu ýagdaýy eger çyzgynyň kömegi bilen suratlandyrsaň, dürli-dürli görnüşdäki bölek-büçek kesindilere, kese çyzyklara meňzeş bolýar.

– Isleg duýgusy keşp bilen yzygiderli tanyşmagyň we onuň düýp manysyna çuň aralaşmagyň netijesinde taba gelip, ösmek, giňelmek bilen bolýar. Şeýle ýagdaýa ýetilensoň, döredijilik işiniň başlanandygynyň gürrüňini etmäge mümkinçilik döreýär. Eýsem-de, bu näme boldugy? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç jogaba derek birdenkä gollaryny, kellesini we bedenini aşak-ýokary, öňe-yza hereketlendirdi. Onsoň bizden sorady:

– Meniň şu hereketlerime tans diýip bolarmy?

Biz ol hereketlere tans diýmeýändigimizi aýtdyk. Soňra Torsow oturan ýerinden başaraýjak hereketlerini yzly-yzyna ýerine ýetirdi. Ol hereketler bir-biriniň yzyndan sazlaşykly gelip, yzy üzülmeýän hereketleriň ugruny gurnady.

– Şu hereketlerden tans gurnap bolarmy?

– Bolar – diýip, biz topar bolup aýtdyk.

Arkadiý Nikolaýewiç nähilidir bir notalara hiňlendi. Ol heňiniň arasynda uzak-uzak arakesmeler etdi.

– Şu heňlere aýdym diýip bolarmy? – diýip, ol bizden sorady.

– Ýok.

– Bu aýdyma meňzänokmy? – Ol äheňe golaý birnäçe nota hiňlendi. Owaz bir-biri bilen sazlaşdy.

– Bu owaza aýdym diýse bolar.

– Eger-de sahnada hereketiň ugrunyň arasy üzülse, diýmek, keşbiň-de, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň-da, sahna oýnunyň-da durdugy bolýar. Eger-de, şeýle ýagdaý durmuşyň hereketlendirijileriniň alyp barýan ýoly bilen geçse, aýdalyň, akylyň alyp barýan ýoly bilen geçse, onda artist adam keşbiň sözlerini

göz öňüne getirip, olarda öz garaýşyny gurnamaga güýji ýetmeýär. Diýmek, sahnada ol näme edäýende-de we näme aýdaýanda-da onuň özi düşünmez. Eger-de duýgy-erkiň alyp barýan ýoly şeýle ýagdaýa düşse, onda artist keşbi islegden we başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmekden mahrum bolýar. Artist we keşp sahnada durmuşyň hereketlendirijileriniň her biriniň alyp barýan, arasy kesilmeýän ýoly bilen dowam edýär. Şu ýollar onuň beýan edýän keşbine durmuşy we iş hereketlerini çaýyp, keşbiň durmuşyny gurnaýar. Şeýle ýoluň arasy üzülen dessine, keşbiň durmuşy kesilýär we onuň ölmegi ýa-da bolmasa iş hereketlerinden galmagy mümkindir. Ýol döredijiligi, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň dowamynda ýene janlanýar. Keşbiň ölüp, dirilip durmagy adaty ýagdaý däldir. Keşp yzygiderli ýaşamagy we alyp barýan ýollarynyň bolsa mümkingadar kesilmezligini talap edýär.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Siz soňky sapagymyzda, sungatyň beýleki görnüşlerindäki ýaly, drama eserinde-de, ilkinji nobatda, arasy üzülmeýän ýoluň zerurdygyna ynandyňyz . Eger--de, siz isleseňiz, men şol ýoluň döredilişini görkezeýin?!

– Görkeziň! – diýip, okuwçylar haýyş etdiler.

Ol Wýunsowa ýüzlenip, şeýle diýdi:

– Siz maňa aýdyň, şu gün irden oýanan mahalyňyz wagtyňyzy nähili geçirdiňiz?

Bezzat Wýunsow gülküli halda öz pikirini jemledi we örän berk jogap bermek üçin oýlandy. Emma ol bu günüň eýýäm sowlup giden möwritine öz ünsüni ugrukdyryp bilmedi.

Arkadiý Nikolaýewiç oňa kömek bermek üçin şeýle maslahat berdi:

– Öten pursatlary ýatlanyňyzda, ondan häzirki zamana tarap öňe gaýtmaň-da, tersine, häzirki zamandan ýatlamakçy bolýan döwrüňize tarap gidiň. Aýratyn hem, ýatlamaly aralyk ýakyn bolan ýagdaýynda yza gaýtmak ýeňildir.

Wýunsow birbada bu düşündirişe düşünmedi. Şonuň üçin Torsow oňa ýene kömege geldi:

– Biz şu mahal siz bilen okuw otagynda gürleşýäris. Şu çaka çenli näme etdiňiz?

– Eşiklerimi çalşyrdym.

– Eşik çalşyrmak uly bolmadyk özbaşdak iş pursady. Onda islegiň ony bitirmek üçin gurnan ýolunyň iş hereketleriniň kiçijik pursatlary saklanýar. Olarsyz bu iş amala aşmaýar. Eşik çalşyrma siziň durmuşyňyzyň gysgajyk ýoluny ýatlamak üçin hakydaňyzda galdy. Näçe mesele bolsa, şonça-da iş pursatlaryny amal etseňiz, şonça-da keşbiňiziň durmuşynyň ýollary bolýar.

Mysal üçin, eşik çalyşmankaňyz näme bolup geçdi?

– Men bedenterbiýe we sahna hereketi derslerinde boldum.

– Ondan öň?
– Naharhanada çilim çekdim.
– Şoňa çenli?
– Aýdym sapagynda boldum.
– Şularyň bary siziň durmuş ýoluňyzyň gysgajyk ugry. Olar siziň hakydaňyzda saklanýarlar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç belledi.

Wýunsow şeýdip, barha yza gaýdyp, aralyk wagty uzaldyp, şu günüň ir ertirine, ýagny şu gün irden turan wagtyna ýetdi.

– Şu günüň birinji ýarymynda oýanan pursadyňyzdan başlap, häzirki minuta çenli siziň ýaşan durmuşyňyzyň gysgajyk ugurlarynyň gurnagy aýan boldy. Olardan ýadyňyzda galan wakalar siziň hakydaňyza ýazyldy. Hakydaňyzda olar oňat galar ýaly edilen işi yzygiderlilikde birnäçe sapar gaýtalaň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç maslahat berdi.

Şu aýdylanlar okuwçylar bilen birkemsiz ýerine ýetirilensoň, Torsow şu günüň geçen bölegini diňe bir duýmak bilen çäklenmän, eýsem, her bir okuwçy ony öz hakydasynda berk ýerleşdirdi diýip kabul etdi.

– Indi, günüň birinji ýarymynda duş gelen wakalaryňyzy oýanan pursadyňyzdan başlap, şu minuta çenli öňe gidip, birnäçe gezek ýatlap gaýtalaň – diýip, ol Wýunsowa tabşyrdy.

Wýunsow bu tabşyrygy-da birnäçe sapar ýerine ýetirdi.

– Indi aýdyň, şu ýatlamalar we siziň eden işleriňiz, şu günki durmuşyňyzyň örän dowamly ugry barada akyla, duýga ýa-da başga hili ýagdaýlara degişli nähilidir bir yzy hakydaňyzda galdyrandygyny duýmadyňyzmy? Bu wakalar siziň ýakyn wagtda diňe ýadyňyzda galan iş hereketleri we edilen işleriň biri-biri bilen garyşmagy däl. Siziň ýakyn wagtda ýadyňyzda galan diňe iş hereketleriniň we eden işleriňiziň sanawy däl. Ol siziň ýene-de duýup, akyl ýetirip we aňyp, beýleki ýagdaýlarda ulanyp ýaşan döwrüňiz.

Wýunsow uzak wagtlap özünden näme soralýandygyna düşünmedi. Okuwçylar we men, garaz, hemmämiz üýşüp oňa düşündirdik:

– Sen yza nazar aýlanyňda bir topar saňa tanyş, her günde duş gelýän we duş geljek işleriň yzygiderli bir-biri bilen gezekleşip gelýändigine näme üçin düşünmeýärsiň? Eger sen ünsüňe oňatja agram salyp, bir ýere jemleseň, ýakynda bolan zatlaryň, ýagny şu günüň durmuş ýolunyň diňe bir daş sypaty däl, hatda içki dünýäsi-de ýadyňa düşer. Ol, biziň yzymyzdan galmaýan kölegämiz ýaly, bizden aýrylmaýar we düşnüksiz yz galdyrýar.

Wýunsow düşünmedi. Ol, göwnüme bolmasa, büs-bütin ugruny ýitirdi. Torsow şonuň üçin Wýunsowy öz gününe goýdy-da, maňa ýüzlendi:

– Siz şu günüňiziň birinji ýarymynyň durmuş ýoluny nädip ýada salmalydygyna düşündiňiz. Şu günüň entek ýaşalmadyk ikinji ýarymyny hem edil şolar ýaly ediň!

Men:

– Öňümde nämäniň boljakdygyny nireden bileýin? – diýip, onuň sowalyna düşünmeýändigimi duýdurdym.

– O nähili? Siz meniň sapagymdan soň haýsy sapaklaryň bolýandygyny we şolardan soň öýe gaýtjakdygyňyzy, öýde bolsa naharlanjakdygyňyzy bileňzokmy? Eýsem-de bolsa sizde agşam edäýmekçi bolýan işleriňiz, ýagny tanşyňyzyňka gitmek, teatra, kino, söhbetdeşlik agşamyna barmak pikiriňiz ýokmy? Siziň islegiňiz bolarmy ýa-da ýok, ýönekeý isleg bolup biler ahyryn.

– Hawa-la – diýip, men ylalaşdym.

– Şeýle bolýan bolsa, diýmek, sizde şu günüň ikinji ýarymynda hem durmuş ýolunyň nähilidir bir dowam etmeli ugry bar. Şol zatlardan başlanyp gidýän geljegiňiziň jogapkärçilikli, şatlykly, jana ýaramaýan azaply ýagdaýlarynyň hatarynyň uzap gidýän ýollaryny ýatlanyňyzda, siziň şu mahalky keýpiňiziň galýandygyny ýa-da gaçýandygyny duýmaýarsyňyzmy näme? Şu öňden görüjilikde-de iş hereketleri bar. Nirede iş hereketleri bar bolsa, şol ýerde-de durmuşyň ýollary uzalyp ýatyr. Siz entek ýaşamadyk şu günüňiziň ikinji ýarymy hakynda pikir eden mahalyňyz şol ýollaryň ýatandygyny duýýarsyňyzmy?

– Elbetde, men siziň näme barada aýdýandygyňyza düşünýärin hem-de duýýaryn.

– Şu günüň geljekki bölegi bilen ýaşan bölegiňizi birleşdiriň. Şol bir wagtyň özünde-de häzirki wagty hem ünsden düşürmäň. Şonda siziň şu günüňiziň geçen, häzirki we geljekki durmuşynyň içinden yzygiderli, kesilmän, eriş-argaç bolup geçýän tutuş, uly bir bitewi ýoluny alyp bilersiňiz. Durmuşyň bölejik ýolundan tutuş uzyn günüň uly bir bitewi ýoluny nädip gurnamalydygyna, indi siz düşündiňizmi?

Hany, siz göz öňüne getiriň bakaly, aýdalyň, size «Bir hepdede Otellonyň keşbini taýýar ediň» diýip tabşyrypdyrlar. Şolbada tutuş durmuşyňyzyň ýeke-täk bir niýete, bu tabşyrygy abraý bilen amala aşyrmak niýetine gaplanjakdygyny heý-de, siziň duýmajak gümanyňyz barmy?! Bu tabşyryk bir alada – abraý bilen bu keşbi döretmäge hötde gelmek aladasyna öwrüler, siziň durmuşyňyzyň ýedi gününi tutuşlygyna eýelär – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düşündirdi.

Men:

– Elbetde – diýip ylalaşdym.

– Meniň şu belläp geçen mysalymyň wagtyndaky yzygiderliligi kesgitlenen bir günüň durmuş ýolunda has uzyn, ýagny Otellonyň keşbine sarp edilmeli tutuş hepdelik durmuş ýolunyň arasy üzülmeýän ugrunyň gizlenip ýatandygyny siz duýmaýarmysyňyz? – diýip, Torsow sorady. – Eger bir günüň, bir hepdäniň durmuş ýoly belli bolsa, näme üçin aýyň, tutuş ýylyň, bütin ömrüň durmuş ýoly belli bolmaly däl?! Durmuşyň uzyn ýoly köp sanly kelte ýollardan durýar.

Her bir pýesa we keşp bilen hem edil şular ýaly bolýar. Bularda-da durmuşyň uzyn ýoly köp sanly keltejik ýollardan düzülýär. Şolar sahnada tutuş keşbiň dur-

muşynyň dürli möçberdäki bellibir bölegini, ýagny gününi, aýyny, ýyllaryny, tutuş ömrüni öz içine alyp biler. Durmuş hakykatynda bu işi durmuşyň özi edýär. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda bolsa bu ugry awtoryň hakykata golaý toslap tapan çeper pikiri döredýär. Emma sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň durmuş ýoly awtor tarapyndan kesilmeýän yzygiderlilik bilen ýazylmaýar-da, gerekli arakesmeleri ulanyp gurnalýar.

Men:

– Näme üçin? – diýip soradym.

– Men size eýýäm aýtdym ahbetin, dramany ýazýan awtor sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň we keşbiň durmuş ýolunyň hemmesini dolulygyna ýazmaýar. Onuň sahna çykarylýan we sahnada bolup geçýän böleklerini ýazýar. Ýazyjy sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň wakalarynyň geçýän ýerleriniň daşynda bolýan köp zatlary ýazmaýar. Awtor artistleriň sahnada öz keşbine täsir edýän, sahnanyň gapdal perdeleriniň aňyrsynda bolýan wakalar barada kelam agyz söz aýtmaýar. Awtoryň ýerine ýetirýän keşbimiz hakynda pýesada ýazmadyk parçalaryny biziň özümiziň toslap tapmagymyz gerek. Artist şeýtmese, adam durmuşyny dolulygyna keşpde beýan edip bilmeýär. Ol diňe keşbiň bölek-bölek ýerlerinde adam durmuşyny ýerine ýetirmek bilen çäklenmeli bolýar.

«Keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» işi durmuş ýolunyň yzygiderli, diňe gerek ýerlerinde sähelçe salymlyk kesilip gurnalmagyny talap edýär.

Keşbiň durmuş ýolunyň büdür-südürligine, peselip-beýgelip durmagyna, arasynyň üzülmegine diňe bir sahnada däl, eýsem gahrymanyň sahnanyň daşynda galýan ömür beýanatynda-da ýol berilmeli däldir. Eger-de, şeýle näsazlyk bolaýsa, ol keşbiň durmuş ýolunyň bölek-bölek boş, täsirsiz ýerlerini döredýär. Artist keşbiň şol ýerleriniň üstüni doldurjak bolup durmuş ýoluna laýyk gelmeýän ýat pikirleri ýa-da duýgulary goşýar. Bu ýagdaý artisti galp ýola itekleýär.

Mysal üçin, aýdalyň, siz «pullary ýakmak» okuw sahna işiňizde şeýle zatlara ýol berdiňiz diýeliň, ýagny keşbiň durmuş ýoluny örän oňat alyp barýarsyňyz. Siz aýalyňyzyň çagyrmagy bilen çagaňyzyň hezil edinip suwa düşüşini synlamak üçin olaryň ýanyna gelýärsiňiz. Ýöne ol ýere baraňyzda daş ýerden gelen tanşyňyza duşýarsyňyz. Siz ol tanşyňyzdan öz ýakyn hossarlaryňyz barada örän gülkünç habary eşidýärsiňiz.

Gülkiňizi zoraýakdan saklap «pullary ýakmak» okuw sahna işiniň gidip duran sahnasyna girýärsiňiz we pajygajy ýagdaýy görüp hereketsiz, sözsüz tragediýany ýerine ýetirýärsiňiz. Keşbiň durmuş ýoluna şular ýaly tötänlikleri salsaňyz keşbe peýda bermez, size-de kömek etmez. Diýmek, keşbiň durmuş ýoly sahnanyň daşynda-da bulaşdyrylmaly-da, kesilmeli-de däldir. Emma köp artistler keşbiň durmuş ýoluny özleri üçin sahnanyň daşyna çykansoňlar dowam edip bilmeýärler.

Goý, özleri üçin oýnamasalar oýnamasynlar, ýöne olar keşbiň düşen ýagdaýy ýaly ýagdaýyna gabat geläýseler, özlerini nähili alyp barjakdyklary hakynda welin,

mazaly pikir etsinler. Her bir artistiň sahna oýnuna şeýle çemeleşmegi onuň wezipe borjy bolup durýar. Artist hut şeýle döredijilik işini etmek üçin teatra gelip tomaşaçylaryň öňüne çykýar. Eger-de artist teatra gelip, şol günki özüne hökmany suratda degişli meseleleri çözmän gitse, diýmek, ol öz borjuny ýerine ýetirmedik adam bolýar.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç sapaga başlanda, hemme okuwçylaryň sahna çykyp «Maloletkowanyň myhmanhanasynda» islän ýerlerinde oturyp, her kimiň islän temasy hakda gürrüň bermegini haýyş etdi.

Okuwçylary sahna meýdançasyndaky tegelek stoluň daşynda, diwaryň çyra bilen yşyklandyrylan ýerlerinde oturtdylar.

Torsowyň tabşyrygy hemmelerden beter Rahmanowa täsir etdi. Ol bellibir ýerde oturyp bilmän elewredi. Biz onuň bolşuny nähilidir bir täze iş hereketlerini tapandyr diýen pikire ýazdyrdyk. Biz umumy gürrüňleri edýärkäk, sahnanyň dürli ýerlerindäki çyralar ýanyp-öçüp durdy. Sönýän çyralaryň ýa gürleýäniň, ýa-da gürrüňi edilýäniň ýanynda ýanýandygy meniň gözüme ildi.

Mysal üçin, Rahmanow gürläp başlan dessine onuň ýanyndaky öçük çyra ýandy. Ol näme-de bolsa bir zat hakynda gürrüň edip başlanda, şol gürrüňi edilýän zadyň ýanyndaky öçük çyra ýanýar we ş. m. Ýöne men diňe şol çyralaryň biziň oturan otagymyzda ýanman, naharhanada, otagara geçelgede, giň otagda we şolaryň golaýynda ýanmaklaryna weli, hiç düşünip bilmedem. Görüp otursak, bu yşyk oturan myhmanhanamyzyň daşynda nämeleriň bardygyny görkezýän eken.

Mysal üçin, koridorda çyranyň ýanmagy geçen zamany, naharhanada ýanmagy häzirki zamany aňladýan bolsa nätjek. Maloletkowanyň öýünde bolsa, çyra haçanda biz geljek hakynda arzuw edenimizde ýanýar eken. Men şeýle ýagdaýyň, bir çyra sönen dessine beýlekisi ýanýandygynyň yzygiderli gaýtalanyp duranyny gördüm. Torsow bize çyralaryň wezipesiniň durmuşda wakalaryň bolýan meýdançalarynyň arasy üzülmezden, saklanmazdan, sazlaşyklylyk we yzygiderlilik bilen çalşyp durýandygyny suratlandyrmakdygyny düşündirdi.

– Sahna oýnunda-da keşbiň edil şular ýaly ýagdaýda ýerine ýetirilmegi zerurdyr. Sahnada geçýän wakalaryň arasynyň üzülmeýän tutuş bir ýoly gurnalmalydyr. Şol ýol bolsa sahnanyň içinden daşyna – tomaşa zalyna çykmaly däldir. Sahnada adam durmuşy, ýerine ýetirilýän keşp, durmuş hakykaty, hyýaly hakykat, geçen ýatlamalar, geljekki arzuwlar bilen gurşap alnan, arasy kesilmeýän obýektlerdir we üns meýdançasydyr. Muňa teatryň diňe tomaşa zaly girmeli däldir. Artiste şu kesilmeýän ýoly özleşdirmek örän wajypdyr we siz bu ýoly öz döredijiligiňizde taplamalysyňyz. Men size häzir yşyklaryň kömegi bilen suratlandyryp, artistiň keşbiň durmuş ýolunyň nähili ýagdaýda arasyny kesmän alyp barşyny görkezeýin.

– Tomaşa zalyna geçiň! – diýip, Torsow bize ýüzlendi. – Iwan Platonowiç bolsa yşykçynyň kümesine girip, maňa kömek etsin. Meniň haýsy pýesany ýerine ýe-

tirjegimi görüň. Şu gün şu ýerde baha dalaşgärlik ýoly bilen kesilip, haryt satylýan söwda bolýar diýeliň. Rembrandyň iki suraty satylýar. Biz suratkeşlige düşünýänler bilen alyjylara garaşyp we suratlara näçe baha kesmelidiginiň aladasyny edip otyrys. Bu işde her bir surata üns berip baha kesmeli bolýarsyň.

Torsowyň elindäki çyralar sönen dessine, otagyň iki tarapyndaky çyralar ilki ýanyp, soňra-da sönüp başladylar.

– Şeýle-de pikiriňizde bu ýerdäki suratlary suratkeş Rembrandyň biziň muzeýlerimizdäki we daşary ýurtlarda negada bir duşýan suratlary bilen deňeşdirmeli bolarsyňyz.

Myhmanhananyň diwaryndaky ýok iki suraty hyýaly ýagdaýda suratlandyrýan iki çyra, esasy girelgäniň golaýyndaky sergi zallaryny hyýaly ýagdaýda suratlandyrýan çyralar bilen bile gezekli-gezegine ýanyp-sönüp başladylar.

– Esasy girelgäniň ýanyndaky bulaşyk ýanyp-sönüp duran çyralary görýäňizmi? Bular ugursyz alyjylar. Olar meniň ünsümde. Men olary ikelläp kabul etmeýärin. «Eger bular ýaly alyjylar gelse, suratyň bahasyny galdyryp bilmerin» diýip, men hiç zada üns bermän, öz pikirime gark bolup oýa batýaryn.

Birden öňki çyralaryň hemmesi öçýär. Diňe kiçi meýdançany ýagtyldyp Torsowy görkezýän ýokardaky süýşýän çyra ýagty saçýar. Arkadiý Nikolaýewiç otagda tolgunyp gezmeleýärkä şol yşyk öçmän ony yşyklandyrdy.

– Serediň, serediň, tutuş sahna çyralaryň yşygyndan doldy. Özem bu çyralar uly. Bular daşary ýurtdaky sergileriň wekilleri. Meniň olary aýratyn hormat bilen garşy alýanym düşnükli bolsa gerek.

Arkadiý Nikolaýewiç şundan soň, alyjylary garşy alşyny we çäräni geçirişini görkezdi. Onuň ünsi haçanda wajyp alyjylaryň arasynda gyzgalaňly göreşe gönügende çyralaryň yşygy güýçlenýärdi. Bu göreş uly jedele ýazdy. Jedeli aňladýan esasy çykalganyň golaýyndaky çyralaryň keýpihon meýlis guramagy bilen çäre tamamlandy... Uly çyralar yşyk bezegini jemleýän yşyk toplumy ýaly, ýanyp-sönüp owadan şekili ýasadylar. Nazarlar çar ýana at saldy.

– Maňa sahnada durmuşyň arasy üzülmeýän ýoluny suratlandyrmak başartdymy? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sorady.

Goworkow görkezmekçi bolan wezipesiniň Torsowa başartmandygyny mälim etdi:

– Siz, meni bagyşlaň welin, aýdan düşündirişiňizi düýbünden tersine subut etdiňiz. Keşbiň arasy üzülmeýän ýoluny yşyk bilen suratlandyryşyňyz, ýoluň arasy kesilmeýän ýagdaýyny däl-de, ýoluň tükeniksiz bökdençlik bilen barýan ugruny mälim edýär ahyry, düşünýäňizmi?

– Beýle ýagdaýy göremok. Artistiň ünsi yzyny üzmän, bir obýektden beýlekä geçýär. Ine, şol obýektleriň çalşyp durmagy bolsa keşbiň barýan ýolunyň kesilmeýändigini aňladýar. Eger-de artist aktyň ýa-da tutuş pýesanyň dowamynda bir obýektde öz ünsüni saklasa we ondan hiç ünsüni sowmasa, onda hiç hili hereketiň

ýoly bolmaýar. Artistiň keşbinde hereketsizlik, boşluk peýda bolsa, diýmek, artistiň kalby hassa, biziň dilimizde, meniň öň aýdyşym ýaly, oňa boş ideýany ündemek diýilýär.

Okuwçylar:

– Torsowa öz pikirini düşündirmek başartdy – diýip, ony goldap çykyş etdiler.

– Eýle bolsa has gowy. Men size sahnada elmydama bolmaly ýagdaýy düşündirdim. Artist bilen köp halatlarda bolup geçýän ýagdaýlary ýadyňyza salyň-da, şu ýagdaý bilen ony deňeşdirip görüň. Şonda nämäniň sahnada hiç mahal bolmaly däldigine anyk göz ýetirersiňiz. Men bu ýagdaýy hem ozal şu çyralaryň kömegi bilen size suratlandyryp düşündiripdim. Şonda çyralar sahna meýdanynda kämahal ýanypdylar. Tomaşa zalynda bolsa dynman ýanypdylar. Siz nähili pikir edýärsiňiz, sahnada artistiň ünsi bir minutlyk jemlenip, köp wagtlap bolsa tomaşa zalyna ýa-da teatryň daşyndaky wakalara baglanmagy, soňra onuň ünsüniň ýene-de sähel salymlyk sahna gaýdyp gelip, ýene-da uzak wagtlap nireleredir ýitip gitmesi kadaly ýagdaýmydyr? Şular ýaly bolanda keşbiň käbir ýeri sähel salymlyk artistiňki bolup, onuň galan ýerleri bolsa artiste düýbünden nätanyş, ýatdyr. Bular ýaly bulaşyk duýgular sungata gerek däl. Sahnada durmuşyň her bir hereketlendirijileriniň we olaryň her bir elementleriniň juda zerur bolmasa arasynyň üzülmeýän ýoluny alyp barmagy öwreniň (52).

# XIV. SAHNA LAÝYK IÇKI DÜNÝÄÑI DUÝMAK

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Sapak görkezme tagtasynda düşündirilensoň, örän çylşyrymly boldy.

Arkadiý Nikolaýewiç şulary aýtdy:

– Durmuş psihikasynyň ugry hanjak? Pianinoçy öz artistlik joşguny göterilen mahaly, joşan ylhamyny beýan etmek üçin döredijiligini hemmetaraplaýyn hyjuwlandyryp nirä ýol salýar? Elbetde, öz saz guraly bolan roýala. Suratkeş şeýle hala düşende nämä ýapyşýar? Öz döredijilik gurallary bolan galamlaryna, reňklerine, ýüzüne kendir tutulan çarçuwasyna.

Artistiň döredijilik dünýäsiniň psihikasynyň hereketlendirijileri nirä ümzük atýar? Öz hereketlendirýän elementlerine, ýagny artistiň döredijilk dünýäsiine we fiziki tebigatyna. Onuň içki dünýäsine.

Akyl, erk we duýgy öz häsiýetlerine görä gozgalaň tapýarlar-da, ynamy aýaga galdyrmak üçin ony oýaryp, artistiň içki dünýäsindäki döredijilik elementlerini bir ýere jemleýär. Edil ukuda ýatan goşun toplumynyň howsala hakdaky sesi eşiden dessine göreşe çykyşy ýaly, artistleriň hem döredijilik dünýäsi şeýle sese derrew oýanyp, döredijilik ýoluna rowana bolýar.

Olar hyýalyňyzda toslanyp tapylan tükeniksiz pikirler, obýektler, gatnaşyklar, maksatlar, islegler we iş hereketleri. Hakykat we ynamyň käbir pursatlary, hakydanyň joşgunly hyjuwy, «ýagdaýa dogrulanma» – bularyň barysy bir hatara düzülýär.

Durmuşyň psihikasy şu hataryň hemmesiniň içinden parran geçip, bu elementleri oýarýar. Onuň özüniň hem döredijilik hyjuwy has-da güýçlenýär. Mundan başga-da döredijilik elementleriniň tebigatyndan hem olaryň her haýsysy özüne geregini alýar. Şonuň üçin akyl, erk we duýgy has-da işjeň, täsirli bolýar. Olary hakydanyň howaýy toslamalary has-da joşdurýar.

Netijede, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň maksady aýdyňlaşyp, ynandyryjy ýagdaýa gaplanýar. Bu elementleriň keşbiň durmuşyny ýagşy duýmaklygyna we sahnada bolýan wakalara ynanmaklygyna alyp barýar. Şu zatlaryň hemmesi sahnada keşbi öz başyňdan geçiren ýaly ýerine ýetirmäge we hereket edýän keşpler bilen gatnaşyk saklamaga alyp barýandygy üçin, «Ýagdaýa dogrulanmanyň» zerurlygy ýüze çykýar. Şeýlelikde, durmuşyň psihikasynyň hereketlendirijileri hemme elementleriň reňklerini, öwüşginlerini, äheňini, meýlini özüne kabul edýär. Olary öz içki dünýäsine gaplap, keşbiň manysyna salýar.

Durmuşyň psihikasyny hereketlendirijiler öz gezeginde elementlere diňe özüniň güýji, kuwwaty, erki, hyjuwy, pikirleri bilen däl-de, ýazyjynyň sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy we keşpleri bilen tanyş bolnanda, özüni döredijilige oýaran, göwnejaý pursatlary bilen hem täsir edýär. Olar keşbiň dünýäsini döredijiligiň elementleriniň ilkinji ösüş ýoluna gönükdirýärler. Şol ýollardan bolsa ýuwaş-ýuwaşdan artistiň keşbi duýmagy, düşünmegi başlanýar. Şu ýagdaýdan başlap, döredijilik durmuşynyň psihikasyny hereketlendirijileriň goşunbaşlyklygynda polkuň hatarlary ýaly bolup, artistiň duýgularyny we düşünjelerini öňe alyp gidýär.

– Olaryň ugry nireligine? – diýip, okuwçylar soradylar.

– Nirädir daşa... Olar sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň gudratly «eger-desiniň» we «hödürlenen ýagdaýynyň» kömegi bilen çagyrylýan, ümürlenip görünýän «hyýaly toslamalara» tarap ümzük atýarlar. Olary döredijilik maksatlara tarap artistiň içki islegleri, hyýallary, iş hereketleri alyp gidýär. Olary özüne tarap sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň gahrymanlary özara aragatnaşyk etmek maksady bilen obýektlere çekýär. Olar sahnada ýeňillik bilen ynanyp bolýan çeper hakykata tarap ümzük atýarlar. Şu özüne çekiji zatlaryň hemmesi sahnada bar. Has takygy, olaryň tomaşa zalynda däl-de, sahna meýdançasyndadygyny berk belläp goýuň.

Döredijilik elementleri ösüp ýokary galdygysaýy, olaryň ugurlary jebisleşýärler-de, ahyrsoňy birleşip, bir bitewi ýumaga öwrülýärler (54). Olaryň hemmesiniň bir ýumaga artist-keşbe jemlenmegi artistiň içki dünýäsini sahnada adatdan daşary hala salýar. Şol hala biziň dilimizde... – Arkadiý Nikolaýewiç asylgy duran görkezme tagtasyndaky ýazgyny görkezdi. Ol ýerde: *sahna laýyk içki dünýäňi duýmak* – diýlip ýazylypdyr.

– Bu näme diýildigi? – diýip, Wýunsow howsala düşdi.

– Bu örän sadaja düşünje – diýip, men oňa düşündirdim hem-de öz düşünişimi barlap görmek isledim. – Artistiň keşpde durmuşyň psihikasynyň hereketlendirijileriniň döredijiligiň elementleri bilen birleşmegine şeýle diýýärler. Şeýle dälmi näme?

– Şeýle. Ýöne muňa iki düzediş berilse şeýle. Birinji düzedişde döredijilik elementlerine birbada umumy bir maksada ýetmek başartmaýar. Şonuň üçin olar güýçlerini bir ýere jemläp, şol maksadyň gözlegini dowam etmeli bolýarlar.

Ikinji düzediş dil aýratynlygyna, adalgalara degişli. Şu çaka edilen işi aýtsak, mesele şeýle, biz ýagdaýa göra şu çaka çenli artistçiligiň ukybyny, zehinini, aýratynlyklaryny, häsiýetini, tebigatyny, hatda psihotehnikasynyň käbir usullaryny «elementler» diýip atlandyrdyk. Bu diňe wagtlaýynça atlandyrmakdyr. Biz entek «özüňi duýuş» hakynda aýtmagy irräk hasaplandygymyz üçin, olaryň şeýle atlandyrylmagyna ýol berdik. Indi biz bu sözleri aýdanymyzdan soň, men olaryň hakyky adyny size mälim edýärin:

*Sahna laýyk içki dünýäňi duýduryjy elementler.*

– Elementler..., sahna laýyk..., duýduryjy..., içki dünýäňi..., sahna laýyk..., duýduryjylar... – diýip, Wýunsow bu düşünmesi kyn sözleri, beýnisine ornaşdyrjak bolup hetjikledi. – Hiç zada düşünemok! – diýip, ol uludan demini alyp gelen netijesini mälim etdi-de, goluny salgap, ruhdan düşüp, saçlaryny barmaklary bilen daraşdyrdy.

– Bu ýerde düşünmez ýaly zat ýok. Sahnada içki dünýäňi duýmak – adamyň adaty ýagdaýda özüni duýşy ýalyrak bir ýagdaý-da!...

– «Ýalyrak...»?!

– Dogry, ol adaty ýagdaýdan has gowrak we şol bir wagtyň özünde-de... adaty ýagdaýdan birneme ýaramazragam.

– Ol näme üçin ýaramazrak?

– Sebäbi sahnada özüňi duýmak, köpçülige niýetlenilýän döredijiligiň şertleriniň adaty däl häsiýetine görä, tomaşaçylara öňünde görünmegiň bellibir böleginiň syrlaryny özünde saklaýar. Elbetde, beýle syrlar adamyň adaty durmuş ýagdaýynda ýokdur. Biz şonuň üçinem sahnada artistiň şeýle halyna, içki dünýäňi duýmak diýen adalga «sahnalaýyk» diýen sözi-de goşýarys.

– «Sahna laýyk içki dünýäňi duýmagyň» nämesi adaty duýgudan gowy?

– Onuň gowulygy, durmuş hakykatynda bize nämälim ýekebara bolup köpçüligiň öňünde çykyş etmelidigini duýdurýanlygyndan ybarat. Bu ajaýyp duýgy. Ýadyňyza düşýärmi, birmahal siz teatryň boş tomaşa zalynda ýa-da öýde diňe sahna ýanýoldaşyňyz bilen bir-biriňe bakyp keşbi ýerine ýetirmegi içgysgynç hasaplapdyňyz?! Şonda biz beýle oýny, sesiň badyny ýok etmek üçin goýlan ýumşak mebelli we diwardan asylgy halyly otagda aýdym aýtmaga meňzedipdik.

Emma teatrda weli, müňlerçe adam bilen doldurylan tomaşa zalynda müňlerçe adamlaryň ýürekleri artistleriň ýüregi bilen bile urýarlar. Olar ajaýyp sazlaşyklylygy we sesiň badyny biziň duýgymyza laýyk gurnaýarlar. Biziň başdan geçen ýaly edip ýerine ýetirýän keşbimizi duýşumyza laýyk duýgulary, seslenmeleri, duýgudaşlyklary tomaşaçylar tarapyndan tomaşa zalyndan bize göze görünmeýän güýç bolup gelýär-de, biz bilen bile keşbimiziň her bir pursadyna özümiz ýaly tolgunyp, öz goşantlaryny goşup jogap berýärler.

Tomaşaçylar artistleri diňe bir gorkuzmak we tolgundyrmakdan başga-da, artistlerde döredijilige möwçli joşgun tolkunyny döredip-de bilýär. Tomaşaçylar artistiň döredijilik zähmetine tüýs ýürekden çykýan yssy mähribanlyk duýgusyny-da, ynamy-da goşmaça berip bilýär.

Tomaşaçylardan dos-doly zaldan müňlerçe adamlaryň seslenmelerini duýmak biziň üçin adama berlip biljek iň ýokary şatlykdyr. Şeýlelikde, köpçüligiň öňünde öz döredijiligiň bilen çykyş edeniňde, bir tarapdan-a, köpçülik päsgel berýär, beýleki tarapdan bolsa kömek, hemaýat edýär.

Gynansak-da, şeýle adaty ýagdaýda öz-özünden dogry döreýän özüňi duýmak sahnada örän-örän seýrek bolup geçýär. Haçanda şeýle aýratyn seýrek pursatlar

ugruna bolan sahna oýunlarynda ýa-da tomaşanyň belli-belli böleklerinde gabat gelnende, artist sahnadan grim otagyna gelip:

– Şu gün meniň duýgularym oýnaýar! – diýýär.

Onuň beýle diýmegi, sahnada garaşylmadyk ýagdaýda, adamyň adaty halyna golaý duýgulary ýerine ýetirendigini aňladýar.

Şular ýaly aýratyn seýrek pursatlarda artistiň hemme döredijilik agzalary, olaryň aýry-aýry bölekleri, ýagny dartylyp gowşaýan nokatlary, synasynyň basylýan agzalary edil durmuş hakykaty ýaly örän oňat ýa-da durmuş hakykatyndakydan hem oňat iş hereketlerini edýärler.

Şular ýaly sahna tolgunmalary sahna meýdançasynda ýokary derejede zerur bolup durýar. Sebäbi diňe şeýle sahna duýgusynda hakyky döredijilik peýda bolup biler. Ine, şonuň üçin hem biz «sahna laýyk içki dünýäňi duýmaga» örän uly üns berýäris. Bu döredijilik elementlerini işläp taýýarlamak esasy iş pursatlarynyň biridir.

Artistçilik hünäriniň psihotehnikasyny ele almagymyz, garaşylmadyk ýagdaýda Apollonyň serpaýy ýaly bolup gelýän «sahna laýyk içki dünýämizi duýmagymyz» indi islegimize görä amala aşyryp bilmegimiz, gör, nähili bagtlylyk!

Siz şu gün mekdep meýilnamasyndaky örän wajyp etaby, ýagny «sahna laýyk içki dünýäňizi duýmak» usullaryny özleşdirdiňiz. Şonuň üçin şu gün sapagymyzy sizi gutlamak bilen tamamlaýaryn (55).

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç bu gün täze sapaga şeýle jümleler bilen başlady:

– Gynansak-da, sahnada içki dünýäňi duýmaklyk ýygy-ýygydan bolmaýan ýagdaýlarda artist, grim otagyna baryp, öz-özüne: – «Meniň şu gün ruhum pes. Şonuň üçin keşbimi ýaramaz ýerine ýetirýärin» diýip, öz göwnüçökgünliginden şikaýat edýär. Bu ýagdaý artistiň sahnada içki dünýäsini duýmak iş pursatlarynyň nädogry işleýändigini ýa-da düýbünden iş hereketlerinden mahrumdygyny mälim edýär. Şeýle ýagdaý öwrendikli, köp gaýtalanýan, hünärmentlik usullary aktýoryň iş hereketlerini döredýär. Bu ýagdaý nämä alyp barýar? Belki, sahna meýdançasyndan garalyp görünýän tomaşa zaly artisti gorkuzyp, onuň duýgy elementlerini garyşdyrýandyr? Ýa-da ol taýýar däl keşbiniň sözlerine-de, iş hereketlerine-de ynanman tomaşaçynyň öňüne çykandyr? Şu ýagdaýlar artistiň ynamyny, duýgularyny bulaşyk hala salýar.

Artistiň gowy taýýar edilen, hereketlerini geregiçe gaýtalaman, ýaltalyk eden bolmagy-da mümkin. Keşbi her sapar sahna çykmankaň gaýtalamak hökmandyr. Ol bolsa şu işleri etmän sahna çykyp, keşbiň daş sypatyny endik edilen iş hereketleri bilen görkezdi. Artist keşbiniň iş hereketlerini pýesanyň mazmunyna laýyk, mehaniki usullary ussatlyk bilen ulanyp ýerine ýetirse, ýene-de elhal ýagşy. Şeýle işiň biziň ugrumyza degişli ýeri bolmasa-da, oňa entek döredijilik işi diýse bolar.

Emma artistiň saglyk ýagdaýy sebäpli, keşbine laýyk taýýarlanyp bilmezligi-de mümkindir. Ýa-da ýönekeý ýaltaçylyk, geleňsizlik, öý aladalary, keşbi halamazlyk ýaly ýagdaýlar onuň ünsüni, islegini keşpden sowup biler. Belki, ol şu bolşundan başga hili bolmagy başarmaýan, sahnada tomaşaçynyň islegine laýyk keşbiň sözlerini ýatdan sanap çykýan öwrendikli artistleriň hilindendir.

Artistiň sahnada içki dünýäsini duýmak pursady dürli-dürli bolsa-da, meniň şu aýdan ýagdaýlarymyň hemmesinde-de olar nädogrudyr. Bularyň her birini aýratynlykda öwrenip oturmagyň hajaty ýok. Olaryň hemmesinden bir netije çykaryp, olara bir baha bermek ýeterlik.

Siz bilýäňizmi, artist sahna çykanda müňlerçe bolup bir ýere toplanan adamlardan çekinip, utanyp, başy aýlanyp, jogapkärçilikden gorkup, özüni ýitirýär. Ol şeýle minutlarda arkaýyn gepläp-de, seredip-de, görüp-de, diňläp-de, pikir edip-de, isläp-de, duýup-da, ýöräp-de, iş hereketlerini edip-de bilmeýär. Şol pursat onuň nerwisi tomaşaçynyň göwnüne ýarar ýaly iş hereketlerini sahnada görkezip, öz düşen halyny gizlemek islegine itergi berýär.

Şeýle pursatlarda artistiň aktýorçylyk hünäriniň elementleri dagaýar-da, biri-birinden aýry-aýry halda ýaşamak bilen bolýar, ýagny üns – öz-özüne, obýektler, – öz-özüne, hakykaty duýmak – öz-özüne, ýagdaýa dogrulanmak – öz-özüne gulluk edýär we ş.m. Şeýle ýagdaý, elbetde, adaty däl ýagdaýdyr. Artist üçin durmuş hakykatyndaky ýaly, adam duýgularynyň elementleriniň biri-birinden aýrylmadyk ýagdaýy adaty ýagdaýdyr.

Elementler bilen döredijilik pursadynyň bir-birine baglanyşyklylygy hökmany ýagdaýdyr. Durmuş hakykatyndan kän bir üýtgemeýän «sahna laýyk içki dünýäňi duýmak» ýerine düşende edil şonuň ýaly hem bolýar. Emma, gynançly ýagdaý, döredijilige adaty sazlaşyk döredilmänsoň, «sahna laýyk içki dünýäňi duýmak» durnukly hala düşüp bilmeýär.

Duýgynyň ugry sähelçe bozuldygy, hemme elementler dessine bir-biri bilen umumy baglanyşygy ýitirýärler we olaryň her biri özleri üçin özbaşdak ýaşamak bilen bolýarlar. Şu ýagdaýda artist sahnada iş hereketlerini etse-de, keşbiň gitmeli ugruna laýyk ony alyp gitmän, geleňsiz alyp gidýän iş hereketleri manysyzdyr.

Artist sahnada pýesa boýunça gatnaşygy ýola goýman, tomaşaçyny gyzyklandyrmak üçin ýasama iş hereketlerini ýerine ýetirýär ýa-da sahna ýoldaşyna öz pikirlerini we duýgularyny keşbiň talabyna laýyk däl-de, artistçiligiň inçe tärleriniň tehnikasyny görkezmek arkaly ýetirýär we ş.m. Şonuň üçin artistleriň suratlandyrýan adam keşpleri sahna meýdançasynda janlanmaly keşbe zerur bolan duýgularyň häsiýetlerini ýitirýär.

Şeýlelik bilen, keşbe laýyk häsiýetleriň hiç birisi-de janlanmaýar. Artistleriň birnäçesiniň özleri-de sahnada döredýän keşbine, öz ýerine ýetirýän iş hereketlerine ynanmaýarlar. Käbir artiste gatnaşyk etmek üçin zerur bolan üns ýetmezçilik edýär. Ýa-da doly döredilmedik keşplere obýekt bolmak miýesser edýär. Şonda pikirsiz, manysyz obýektler gatnaşyk etmek üçin derde ýaramaýar.

Gördüňizmi, näme üçin sahnada döredilýän şeýle keşpler jansyz?! Olara adam duýgulary ýat, şonuň üçin hem şeýle keşplerde adam häsiýetlerine gabat gelmeýärsiň. Keşbiň içki dünýäsini aňmaýarsyň. Keşbiň islegini we ugruny duýmaýarsyň. Şu elementler bolmasa, artistiň dünýäsinde duýgy-erk döremeýär.

Eger-de biziň janlandyrylýan keşbimiziň daş sypatynda şular ýaly ýetmezçilikler bar bolsa, olar hem göze ilýän bolsa, ýagny sahna meýdançasynda şol keşpler gulaksyz, burunsyz, dişsiz, elleri barmaksyz janlandyrylsa, pikir ediň hany, nämeler bolup geçerdi?! Bize şeýle sypat bilen oňuşmak ýeňil düşmezdi. Ýöne içki kemçilikler göze görünmeýär. Olary tomaşaçylar bilmeýär, aňmaýar, düşünmeýär. Aktýoryň içki kemçiliklerini biziň işimize belet, ussat hünärmenler aňýarlar we düşünýärler.

Şeýle kemçiliklerden gutulyp bilmeýän artistleriň işini gören ýönekeý tomaşaçy şeýle diýýär:

– Göräýmäge, hemme zat dogry, ýöne täsirsiz, gyzygy ýok.

Tomaşaçy şonuň üçinem şeýle sahna oýnuna seslenmeýär, çapak hem çalmaýar, ikinji sapar teatra-da gelmeýär. Has ýamany, şu ýagdaýlar bilen döreýän ýaramazlyklar sahna meýdançasynda artistlere yzygiderli howp salýar we sahnada içki dünýäsini duýmagyňy durnuksyz bir hala eltýär.

Bulardan başga-da bu howply ýagdaý «sahna laýyk içki dünýäňi duýmagy» adatdan daşary ýeňillik we çaltlyk bilen ýoýup bilýär. Hatda onuň haçan ýoýulýandygyny hasaba alyp ýetişip bolmaýar. Dogry gurnalan sahnada içki dünýäňi duýmagyň elementleriniň biriniň nädogry bolmagyna ýol berdigiň, nädogry döredijilik elementi haýdan-haý beýleki elementleri-de özüne çekmek bilen bolýar. Ol artistiň döredijilige ulanaýjak bolýan içki dünýäsini bulaşdyryp taşlaýar.

Meniň aýtjak sözlerimi derňäň, sahnada agzybirlik bilen işleýän sazlaşykly gurnalan orkestr ýaly edip, öz ýagdaýyňyzy sazladyňyz diýeliň. Ine, siziň döredijilik üçin gurnan ýagdaýyňyz işläp dur. Indi düşen ýagdaýyňyzyň bir elementini başga bir nädogry element bilen ýerini çalşyň. Şonda siz sazlaşykly gurnan ýagdaýyňyzyň nähili derejede sazlaşyksyz işläp başlandygyny görersiňiz.

Mysal üçin, keşbiň eýesi hyýalynda bir toslama wakany tapypdyr welin, oňa hiç ynanyp bilenok. Şeýle bolanda öz-özüňi aldamak bolýar, iş hereketleri ýalan galp ýerine ýetirilýär we sahnada dogry işläp duran «sahna laýyk içki dünýäňi duýmak» ýagdaýyny derbi-dagyn pytradýar. Beýleki döredijilik elementleri hem edil şeýle hala düşýär.

Ýa-da aýdalyň, artist obýekte seredýär, ýöne ony görmeýär. Bu ýagdaýda artist ünsüni pýesanyň hem-de keşbiň talap edýän mazmunynda jemläp bilmeýär. Tersine, oňa güýç bilen şol zada üns berip seretmegi talap edilendigi üçin, artistiň duýgusy seretmeli obýektini itip hatardan çykarýar we öz isleýän, onuň üçin gyzykly nädogry duýgusynyň elementine tarap gidýär. Has dogrusy, tomaşa zalyna ýa-da artistiň hyýalyndaky sahna sungatyna degişli däl waka tarap gönügýär. Artistiň şu

minutlarda iş hereketleri mehaniki ýagdaýda amala aşýar we onuň yzy öýkünmelere, endik iş hereketlerini gaýtalamalara ýazýar. «Sahna laýyk içki dünýäňi duýmagyň» hemme elementleri gerek bolan ugruň hataryndan çykýar. Keşpdäki janly, gyzykly wakany jansyz, öli waka bilen ýa-da sahna degişli däl hyýaly toslama bilen, ýa-da tomaşaça özüňi görkezmäge ýykgyn etmäge, ýa-da keşbiň kömegi bilen öwnüp, özüňizi aýratyn hyjuwly görkezmek ýaly galp iş hereketlerine çalşyp, hakyky sungata ýat iş hereketleri... ýüze çykýar. Şeýle iş hereketleri amal edilende, nädogry döredijilik elemetlerini nädip keşbiň häsiýetlerine salanyňyzy-da bilmerseňiz. Olaryň islendigi öz yzy bilen dessine ýa-da ýuwaş-ýuwaşdan täzeden nädogry döredijilik elementleriniň peýda bolmagyna alyp barýar.

Beýle döredijilik bolsa hakyky sungaty aktýorçylygyň mehaniki usullaryna, keşbiň ugruny, iş hereketlerini hünärmentlik ýoluna salyp, adama degişli goýlan meseleler, islegler, ugurlar aktýoryň professional endiklerine öwrüler. Hyýaly toslama ýitip, ol durmuş hakykatynda her gün bolýan zatlar bilen çalşylar. Bir söz bilen aýdanymyzda, teatr gelşiksiz, ýaramaz ugur bilen döredijilige çemeleşýän, sahna oýnuny şertli ýagdaýlaryň endigine görä ýerine ýetirýän iş hereketlerini görkezýän teatra öwrülýär.

Indi dogry ugurdan tersine gaýdýan şu gyşarmalardan soň bolýan ýagdaýy size düşündireýin: tomaşa zalyny ünsüň obýektine öwürmek, duýga gereginden artyk güýç salmak, adaty hyjuwy teatrlaşdyrmak, jansyz, emeli hereketleri ulanmak usullaryny çeper toslamanyň hal-ýagdaýyna gaplaman, artistiň gündeki durmuşyna gaplamak sahna oýnuny adaty däl şerte salýar. Beýle iş usullarynyň beden myşsalaryna örän güýçli agram salynmagyna alyp barmagy hökmany ýagdaýdyr.

Netijede, elementleriň dogry ugurdan gyşarmasyndan sahna oýnunyň nädogry gurnagy döreýär. Şeýle sahna gurnagynda bolsa keşbi çyndan döredip-de, başdan geçiren ýaly ýerine ýetirip-de, janlandyryp-da bolmaýar. Keşbi diňe hünärmentlik ýoly bilen endikleri gaýtalap, olara öýkünip, ýalandan ýüz-gözüňi oýnadyp we ýaňsylap, tomaşaça hödürlemeli bolýar.

Saz sungatynda-da şular ýaly. Sazyň birje nädogry çalnan notasy sesiň sazlaşykly akkordyny zaýalaýar. Şirin sesi ýok edýär. Düzüwli owazy gelşiksiz ýagdaýa salýar we hemme nota sesleriniň sazlaşygyny ýoýýar. Şol nädogry çalnan nota sesini düzetseň, owaz ýene-de dogry ýola düşüp, täzeden sazlaşýar.

Meniň şu günki getiren mysallarymyň hemmesinde, ilkinji nobatda, hökmany suratda ýoldan çykma – ýoýulmak ýagdaýy bolup geçýär. Soňra bolsa sahnada artistiň näsazlygy döreýär. Biziň dilimizde bular ýaly ýagdaý artistiň hünärmentçilik duýgusynyň döredijiligi diýlip atlandyrylýar.

Hünäriň tehnikasyny entek ele almadyk, tejribesi ýok, siz ýaly okuwçylar, ýaňy aktýorçylyk işine başlanlar sahnada ýygy-ýygydan öz içki dünýäsini nädogry hala salyp, şu aýdan ýagdaýlarymyza düşýärler.

Bu ýagdaý birnäçe şertliligi talap edýär.

Adamyň özüni adaty, dogry ýagdaýda duýmagy hakynda aýtsak, sahnada olar ony bilip, düşünip däl-de, bilmän, düşünmän gurnaýarlar.

Men we beýleki okuwçylar Torsow bilen ylalaşman:

– Biz bary-ýogy bir sapar sahna çykdyk ahyry, biziň nirämizde hünärmentlik bolsun? – diýip, ýerli-ýerden seslendik.

– Siziň bu soragyňyza öz aýdan sözleriňiz bilen jogap bereýin – diýip, Torsow meni görkezdi. – Ýadyňyzdamy, ilkinji sapagymyzda haçanda men sizden sahna geçip öz ýoldaşlaryňyzyň, okuwçylaryň öňünde ýönekeý ýagdaýda ynjalykly oturmagyňyzy talap edenimde, siz öýkünjeňligiň ýoluna düşüp, şeýleräk sözleri aýdypdyňyz. «Geň galaýmaly! Men bir sapar sahna çykdym, galan mahaly durmuşda adaty ýagdaýda ýaşadym. Ýöne adaty durmuşda ýaşandan sahnada ýaşamak maňa ýeňil düşdi».

Sahnada köpçüligiň öňüne döredijiligiň şertli usullary bilen çyksaň, iş hereketleriniň ýalandygynyň syry açylýar. Bu ýagdaý bilen oňuşmaly däl-de, onuň ýüze çykmagyna garşy göreşmeli. Beýle ýagdaýdan bir ýana sowlup, oňa seretmän geçmegi oňarmaly. Sahnadaky ýalan sahna meýdançasynda gurnalýan hakykat bilen barlyşyksyş göreşýär. Şeýle göreşde nädip hakykatyň ýalandan üstün çykmagyna hemaýat etmeli? Biz bu soragy indiki sapagymyzda özleşdireris.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Geliň, indi öz gezeginde çözülmegini talap edýän meseläni ara alyp maslahatlaşalyň. Olar, bir tarapdan, sahnada öýkünmekden, zerur bolmasa-da ýüz-gözüňi oýnadyp hünärmentçilik aktýorçylyk endiginden nädip özüňi goramagy, beýleki tarapdan bolsa, nähili tär bilen hakyky döredijilige alyp barýan «sahna laýyk içki dünýäňi duýmaga» erk etmegi talap edýär?! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç şu günki sapagyň maksadyny belli etdi. Bu meseleleriň ikisini hem birwagtda çözmeli. Sebäbi olar bir-biri bilen baglanyşykly. Özüňi duýmagy dogry alyp barmak bilen nädogry elementleri ýok edýärsiň, nädogry elementleri ýok etseň hem sahnada içki dünýäňi tebigy halda duýýarsyň.

Bu meseleleriň birinjisi wajyp. Şonuň üçin hem şol barada aýdaýyn.

Durmuş hakykatynda adamyň hal-ýagdaýy adaty ýol bilen öz-özünden döreýär. Durmuşyň içki we daşky hal-ýagdaýlaryna seredeniňde, ol elmydama özi üçin dogry we tebigydyr.

Sahnada bolsa tersine, köpçüligiň öňünde çykyş etmeli bolansoň, aktýorçylyk duýgusy bellibir şertli ýagdaýda oýanýandygy sebäpli, elmydama diýen ýaly nädogry röwüşde peýda bolýar. Diňe kämahallar garaşylmadyk ýagdaýda öz-özünden adaty halda, adamyň duýgusyna golaý aktýorçylyk tolgunmalary döredýär.

Sahnada duýgy adaty ýagdaýda öz-özünden peýda bolmasa näme etmeli?

Şonda adam hal-ýagdaýyny özümiziň duýup ýören durmuş hakykatyndaka golaý edip, emeli usulda, adaty terzde gurnamaly bolýar. Beýle işi etmek üçin bolsa

psihotehnikany ulanmak gerek. Psihotehnika duýgyny dogry döredýän elementleri döredýär-de, nädogry elementleri ýok edýär. Ol artistiň sahna oýnunyň tebigy hörpünde saklanmagyna goldaw berip, ony sahnanyň tomaşaçylara tarap açyk, garalyp duran agzyndan çekinmekden gorap saklaýar we tomaşa zalyna üns bermekden gaça duruzýar. Beýle pursat nähili ýerine ýetirilýär?

Artiste her bir sahna oýnunda «keşbi başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmek» berlen-de bolsa, artistleriň aglabasy sahna oýnunyň başlanmagynyň öň ýanynda esasy zady, kalby grimlemegi we lybaslamagy unudýarlar-da, diňe öz janlandyrýan keşbine ýakynlaşmaga çalşyp, ýüzüni grimläp, bedenini lybaslar bilen örtýärler.

Näme üçin artistler bedeniň daşyna adatdan daşary ýagdaýda üns berýärler? Beden näme sahnada esasy döredijimikä?! Näme üçin artist öz kalbyny grimlemeýär, lybaslamaýar?

– Ony nädip grimlemeli? – diýip, okuwçylar soradylar.

– Artist grim çalynýan we egin-eşik geýilýän iş otagynda içki dünýäsini keşbe taýýarlamak üçin şol iş otagyna köp artistler ýaly tomaşanyň başlanmagynyň öň ýanynda gelmeli däl-de, tomaşanyň başlanmagyna iki sagat galanda gelip, öz çykyşyna taýýarlanmaly. Nädip taýýarlanmaly? (56)

Heýkeltaraş heýkelini döretmänkä, heýkelini ýasamakçy bolýan palçygyny mazaly eýleýär.

Aýdymçy aýdymyny aýtmanka, sesini, aýdymyň sözlerini gaýtalaýar.

Biz bolsa sahna çykmankak, öz içki kirişlerimiziň perdelerini, basmaly nokatlaryny, dürli owazlary berýän şelpelerini, kakuwlaryny, beýleki hemme döredijilik elementlerini we özüne tarap çekýän çagyryjylary jemlemeli, olaryň kömegi bilen özümiziň döredijilik gurallarymyzyň iş hereketlerini aýaga galdyrmaly. Bu iş bolsa bedeni we kalby berk nyzam bilen türgenlemek atly özleşdirilen okuw temaňyzy oňat ýatlasaňyz, size aňsat düşer.

Türgenleşik maşklary myşsalary gowşatmakdan başlanýar. Sebäbi şeýle edilmese, ýerine ýetirilmeli iş başa barmaýar. Maşklardan soň bolsa.., hany, ýatlalyň! Obýekt, bu surat. Ol nämäni şekillendirýär? Ululygymy? Reňkimi?

Alysdaky obýekti alyp göreliň, kiçi tegelek öz döşüň tutýan meýdanyndan we aýagyňdan aňry bolmaly däl. Şoňa laýyk fiziki meseläni oýlap tapyň. Olary yzly-yzyna hyýaly toslamalar bilen pugta delillendiriň we janlandyryň. Iş hereketlerini hakykata we ynama duwlaň. Gudratly «eger-de», «hödürlenen ýagdaý» we beýlekileri oýlanyp tapyň. Haçanda hemme döredijilik elementleri maşklar bilen oňat taýýarlanylansoň, olaryň haýsy-da bolsa birine esasy «ünsi» beriň.

– Haýsy birinekä?!

– Özüňiziň döredijilik mahaly has öňde goýan meseläňize, «eger-däňize» we hakydaňyza, toslamaňyza, üns obýektiňize, iş hereketleriňize, kiçi hakykatyňyza,

ynamyňyza we beýlekilere..., garaz, kömek berýän iň gowy görýän islendik elementiňize esasy ünsüňizi beriň.

Eger-de size şolaryň haýsy-da bolsa birini ýasamalyk, umumanlyk, aý, bolýar-da etmän, manysyna laýyk doly suratda we ahyryna çenli dogry ýagdaýda işe çekip bilseňiz, şonda beýleki elementler hem janlanan elementiň yzyna düşmek bilen bolarlar. Şeýle ýerine ýetirilen işde, durmuşyň psihikasynyň hereketlendirijileri we döredijilik elementleri adaty ýagdaýda oýanyp, bileleşip başlarlar. Edil aktýoryň «sahna laýyk özüni duýuş» pursatlaryny ýola goýýan elementleriň bir nädogrusynyň, öz yzyna beýleki nädogry elementleri tirkeýşi ýaly, bu ýagaýda hem oýanyp, doly suratda dogry işleýän bir element-de beýleki dogry işleýän elementleri işe oýaryp, özüne dartyp, aktýoryň «sahna laýyk dogry duýmagyna» alyp barýar. Şol dogry işleýän elementiň yzyna haýsy ugry tirkeseň-de, şeýle yzygiderlik gurnalar. «Sahna laýyk öz dünýäňi duýuş» pursadynyň elementleri bilen hem edil şonuň ýaly ýagdaýlary amala aşyrmaly.

Biziň döredijilik tebigatymyzyň üstünden zorluk edilmedik ýagdaýynda, ol neneňsi ajaýyp ýaradylan! Onuň her bir bölegi, gör, niçiksi bir-biri bilen bitewi we bir-birine bagly! Olaryň bu aýratynlygyna diýseň hatyrjem çemeleşmeli. Şonuň üçin «sahna laýyk özüňi dogry duýdurýan» döredijilik elementlerini ulanyp başlanyňyzda, döredijilik işiňizi her gezek gaýtalanyňyzda-da, taýýarlyk mahalynda-da, tomaşa gidip durka-da olara oňat, üns berip, taplap, sahnada özüňi duýşuňy dogrulamak işlerini ýerine ýetirmek zerurdyr.

– He-er saparmy? – diýip, Wýunsow geňirgendi.

– Beýtmek ýeňil-ä däl! – diýip, okuwçylar Wýunsowy goldadylar.

– Siziň pikiriňizçe, döredijilik elementlerine güýç salyp işletmek ýeňil-dä onda?

Sahna oýnuny böleklere bölmän, öňde mesele goýman, obýektsiz, ynam we hakykaty duýmak duýgularyny ulanman işlemek dogrumy? Eýsem-de bolsa «ýagdaýa dogrulanyp» işlemek, gudratly «eger-däni» we delillendirilen «hödürlenen ýagdaýy» özüne gyzykdyrýan maksada tarap bellibir ugry alyp barmak size näme, päsgel berýärmi? Onda endikler we öýkünmeler hem-de galp, ýasama iş hereketleri size kömek edýän bolarly?! Olardan aýrylyşasyňyz gelenok.

Ýok! Döredijilik elementlerini dessine adaty ýagdaýda jebislemeli. Sebäbi olaryň tebigaty hem jebisleşmäge hyýalbent. Bize elimiz, aýagymyz, kellämiz, aý, garaz, içki we daşky beden agzalarymyzyň hemmesi bilelikde we bir wagtyň özünde gerek.

Biz bedenimiziň bir agzasy bolmasa, özümizi gaty ýaramaz duýýarys. Ýa-da bedenimiziň bir agzasyny başga zatlar bilen çalyşsalar, ýagny gözümize derek çüýşe goýsalar, burnumyzy, gulagymyzy gödeňsi materiallardan ýasasalar, aýagymyzy, golumyzy, dişimizi oturtma aýaklar, gollar, dişler bilen çalyşsalar, iş hereketlerini etmäge uly päsgelçilikleri döreder.

Siz näme üçin şeýle ýagdaýyň artistiň içki döredijilik halyna-da we döredýän keşbine-de ýaramaz täsir etjekdigini bilip hem, oňa ýol berjek bolýarsyňyz? Içki döredijilige-de adaty ýagdaýda bitewi duran döredijilik elementleri gerek. Ýasama zatlar olara-da päsgel berýärler. «Sahna laýyk özüňi duýuş» döredijilik elementleriniň dogry işleýänleriniň hemmesine bir-birini goldap, agzybirlik bilen işlemeklerine mümkinçilik berdi. Özbaşdak, öz-özüne iş hereketlerini edýän obýekt kime gerek?! Ol diňe hyýaly toslamalara gyzygýar.

Emma nirede durmuş bar bolsa, şol ýerde-de onuň bölümçeleri ýa-da düzümi bardyr. Nirede bölümçeler bolsa, şol ýerde-de öňde goýulýan mesele durýar. Öňde duran meselä gyzyklandyrma bolsa, elbetde, islegi çagyrýar we şeýlelikde, bu ýagdaý iş hereketlerine alyp barýan ugur bilen tamamlanýar.

Hiç kime nädogry, ýalan iş hereketleri gerek däl. Şonuň üçin hem çyn hakykat zerur. Nirede çyn hakykat bar bolsa, şol ýerde-de ynam bolýar. Hemme döredijilik elementlerini jemläp edilýän iş hereketleri bolsa, azat duýgularyň täzeden emele gelmegi we olarda çyn hyjuwlaryň döremegi üçin hakydadaky hyjuwyň üstüni açýar.

Eýsem-de bolsa bu iş hereketlerinde obýekte üns berilmese, hyýaly toslama, öňde goýulýan mesele we onuň bölekleri, isleg, ugur, iş hereketleri, ynam, hakykat we beýlekiler bolmasa, heý-de, hakyky sungat amala aşarmy?!

Aşmaz.

Ak göle hakyndaky erteki ýaly hemmesini ýene-de başdan başlamaly.

Tebigatyň jemlän zadyny siz sökmeli dälsiňiz. Adaty dörän zady zaýalasaňyz, siz özüňizi gözgyny hala salarsyňyz. Tebigatyň üýtgedip bolmaýan öz talaby, kanuny, düzgüni bar. Olary doly öwrenmeli, goramaly we olara düşünmeli. Şonuň üçin hem her sapar döredijilik işiňizi gaýtalanyňyzda hemme maşklary yzygiderli tertipde ýerine ýetiriň.

– Meni, elbetde, bagyşlamagyňyzy soraýaryn – diýip, Goworkow jedele başlady. Bular ýaly etjek bolsaňyz, onda her gün agşam bir tomaşa däl-de, iki tomaşany doly ýerine ýetirmeli bolar ahyryn! Birinjisini, görüp-bakyň, öz iş otagyňda özüň üçin taýýarlanaňda, ikinjisini bolsa sahnada tomaşaçy üçin ýerine ýetirmeli bolýar.

– Ýok, size beýtmek gerek bolmaýar – diýip, Torsow ony köşeşdirdi. Taýýarlyk mahaly boljak tomaşadaky keşbiň belli-belli esasy pursatlaryny ýa-da okuw sahna işini, pýesanyň esasy etaplaryny, böleklerini aýagyna çenli alyp barman gaýtalamaly. Şonda özüňizden sorajak boluň. Men keşbiň şu ýerine şu gün, edil şu mahal öz gatnaşygyma ynanýarynmy? Şeýle iş hereketlerini duýýarynmy? Hyýaly toslamanyň haýsy-da bolsa bir ýerini uly bolmadyk bir bölejik bilen çalyşmak ýa-da oňa goşmak gerek bolmazmyka? Sahna çykmankaňyz bu edýän hemme taýýarlyk işleriňiz diňe özüňizi synamak, öz hereketleriňiziň aýdyňlygyny görkezýän gurallaryňyzy barlamak, içki dünýäňiziň kirişlerini sazlamak, keşbiň bitewi ýazgysyna ser salyp, artistiň kalbynyň ýagdaýyny gözden geçirmek bolmalydyr.

Eger-de keşbiň şu aýdylýan derejä çenli mazaly ýüki ýeten bolsa, onda taýýarlyk iş pursady her gezek gaýtalananda çalt we ýeňillik bilen geçer. Emma, ýaman ýeri, artist öz ýerine ýetirmeli keşbiniň bitewi ýazgysynyň, psihotehnikasynyň kämilligini gutarnykly ýagdaýda ele alyp bilmeýär. Şeýle bolanda tomaşanyň taýýarlyk işleri agyr şertlerde geçýär. Ýöne her näçe agyr bolsa-da, taýýarlyk işleri zerurdyr. Özi hem ol köp wagty hem-de uly ünsi talap edýär. Artist «sahna laýyk özüni duýşuň» döredijilik elementlerini öýde-de, taýýarlyk döwründe-de, hatda sahna oýnuny tomaşaçylara görkezýän pursadynda-da häli-şindi, irmän-arman sazlamalydyr.

«Sahna laýyk özüňi dogry duýujylyk» keşbi ilki özleşdirýärkäň, tä ol özleşip taplanýança, soňra bolsa keşp birsydyrgyn ýerine ýetirilendigi sebäpli, onuň usullarynyň köneleşmeginiň, olaryň täsirliliginiň kütelmeginiň netijesinde keşp öz durnuklylygyny ýitirýär. «Sahna laýyk özüňi dogry duýujylyk» edil öz deňagramlylygyny saklaýan uçar ýaly, yzygiderli üýtgäp durýandygy üçin, ony ýadaman ugrukdyryp durmaly. Bu işi uçarmanlyk hünärinden uly tejribesi bolan kişi, endige görä ýerine ýetirýär. Siziň işiňiz hem edil şeýle tertipde bolup geçýär.

«Sahna laýyk özüňi dogry duýujylyk» hem, men ýene gaýtalaýaryn, yzygiderli ugrukdyrylyp durulmagy talap edýär. Şonuň üçin iru-giç ony endige görä ýerine ýetirmegi öwrenersiňiz.

Muny mysallaryň üsti bilen suratlandyryp görkezýärin.

Aýdalyň, artist sahna meýdançasynda özüni örän gowy duýýar. Ol özüne şeýle ygtybarly erk edip biljekdigini duýup, keşbiň hörpünden çykman, öz duýuş elementlerini barlap we olaryň gurnalgy elementlerini bölüp biljekdigine ynanýar. Olaryň hemmesi bir-birine kömek berip işleýärler. Emma, ine, birden elementleriň biri hatardan çykýar welin, dessine artistiň ünsi haýsy elementiň nädogry hala düşendigini bilmek üçin, öz duýgusyna tarap ümzük atýar. Ýalňyşyna düşünip, ol nädogry elementi düzedýär. Artiste bu işi ýerine ýetirmek üçin iki adama öwrülmek hyýalynda özi ýaly ýene birini döretmek asla kyn düşmeýär, ýagny artist bir ýandan nädogry elementi düzedýär, beýleki ýandan bolsa, keşbi ýerine ýetirmegini dowam edýär.

«Artist sahnada gülýär, aglaýar, ýöne şol bir wagtyň özünde-de, ol öz agysyny-da, gülküsini-de synlaýar. Ine, şu iki hili durmuş ýagdaýlarynda we olaryň deňagramlylygynyň arasynda sungat bolup geçýär» (57).

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Siz indi «sahna laýyk öz duýgyňy duýmagyň» nämedigini we onuň durmuşyň psihikasynyň hereketlendirijilerden we döredijilik elementlerinden gurnalýandygyny bilýärsiňiz. Artist bulary öz kalbynda gurnaýarka, onuň kalbyna girmäge synanyşalyň. Artist keşbi döredýärkä onuň bilen bolup geçýän hadysalary synlalyň.

Aýdalyň, siz iň agyr we çylşyrymly keşpleriň biri bolan W. Şekspiriň «Gamlet» pýesasynyň baş gahrymany Gamletiň keşbini döretmegiň ugrunda işläp başladyňyz.

Ol keşbi näme bilen deňemek mümkin? Äpet dag bilenmi? Onuň bar baýlygyna baha bermek üçin aşaky çuň gatlaryndaky gymmat bahaly daşlaryň, demirleriň, mermerleriň, ýangyçlaryň üstüni açmaly. Dag çeşmesiniň şypaly suwunyň düzümini kesgitlemeli, onuň tebigatynyň gözelligine baha bermeli. Bir adam bular ýaly işi edip bilmez. Köp adamyň, köp edaranyň kömegi, uly möçberde pul serişdesi, wagt we beýlekiler gerek bolar.

Ilkibada bu üstüne münüp bolmajak äpet dagyň etegine baryp, oňa ýagşy syn edýäris. Onuň daşyndan galaba öwrülip synlaýarys, şeýdip dagyň daş sypatyny öwrenýäris. Onsoň dagyň ýüzünden basganҫak ýasaýarys; soňra şol basganҫaklaryň kömegi bilen onuň çür depesine çykýarys.

Daga ýol çekýärler. Onuň içini köwläp gowak ýasaýarlar. Gowagyň içinde onuň düýbüni barlamak üçin enjam goýýarlar. Soňra gazýarlar. Gazylan gowagyň içini maşynlar bilen işlär ýaly giňeldýärler. Hünärmenlerden topar düzýärler we barlag geçirýärler. Barlagyň netijesinde bu üstüne münüp bolmaýan dagyň bahasyna ýetip bolmajak gymmatly baýlygy öz gursagynda gizläp saklaýandygynyň üsti açylýar.

Dagyň göwsüne çuň aralaşyldygysaýy, onuň baýlyklarynyň köpdüginiň üsti has-da takyk açylýar. Dagyň üstüne galdygyňsaýy onuň daş-töwereginiň tebigatynyň gözelligi akyl-paýhasyňy haýran edýär.

Dagyň düýpsüz, uçut, kert gaýasynda durup seretseň, aşakda onuň töweregini gurşan, dürli reňklere duwlanan gülli meýdan görünýär. Şol meýdan bilen, edil ýylan ýaly bolup, dag çeşmesi uzalyp gidýär. Ol Günüň şöhlesine ýalpyldaýar. Onsoň tokaýa duwlanyp daglyk başlanýar.

Ýokaryk galdygyňsaýy gözýetimiňi çemenzarlyk gurşap alýar. Ondan ýokarda bolsa kert gaýalar çalaryp, üstüňe abanyp haýbat atýarlar. Gaýalaryň ýüzünde Gün şöhleleri dürli öwüşginde ýalkym saçýarlar. Asmandaky ak bulutlar bolsa wagtal-wagtal şol dürli öwüşginli şöhleleri öz ala kölegesi bilen örtýär.

Has ýokarda bolsa ak garly gerişler ümezlenip dur. Başy belent daglar bulutlar bilen bagry badaşan ýaly bolup duransoňlar, şol belentlikde nämeleriň bolup durandygyny görjek gümanyň ýok.

Dagda işläp ýören adamlar birdenkä biynjalyk bolýarlar. Olar nirädir ylgaşyp gaçýarlar.

Olar:

– Altyn, altyn! Altynly gatlagyň üstünden düşdük! – diýip gygyryşýarlar.

Gaýany çar tarapdan paltalamak işi başlanýar. Emma wagtyň geçmegi bilen paltalamak işi ýuwaş-ýuwaşdan galýar we işçiler ýüzlerini sallaşyp, seslerini çykarman, ol gaýadan uzaklaşyp, nirädir başga ýere gidýärler...

Görüp otursak, altyn gatlagy ýitip gidipdir. Çekilýän azap kül bolýar, garaşylan zat çykmaýar. Netijede, höwes, güýç peselýär. Gözlegçiler näme etjeklerini bilmän aljyraýarlar.

Emma esli wagt geçensoň, gaýanyň depesinden ýene şatlykly sesler eşidilýär. Adamlar ýokaryk galyp, elde baryny edip işleýärler, gürleşýärler, aýdym aýdýarlar. Ýöne bu sapar hem adamlaryň islegi başa barmaýar, ýagny altyn tapylmaýar...

Ýeriň astyndan elhenç güwwüldi eşidilýär. Adamlaryň öňküler ýaly şatlykly galmagallary, paltalaryň urgusynyň sesleri daş-töweregi gaplaýar. Ýöne ol sesler hem kesilýär.

Emma dag öz baýlygyny tutanýerlilik bilen irginsiz gözleýän adamlardan uzak gizläp bilmeýär. Adam zähmeti, azaby üstünlikli tamamlanýar: hazynaly gatlak tapylýar. Ýene-de paltalaryň sesi, işgärleriň şatlykly aýdymy tutuş dagy gurşap alýar. Ýene sähel salymdan dagyň iň baý gatlagynyň üsti açyljak.

Arkadiý Nikolaýewiç uly bolmadyk arakesmeden soň, gürrüňini dowam etdi:

W. Şekispiriň «Gamlet» hakyndaky beýik eseri hem edil hasapsyz hazynasy (kalpdaky elementleri) gizlenip ýatan şu magdanly daga (eseriň ideýasyna) meňzeýär. Bu gymmatlyklar adatdan daşary inçeden çylşyrymly, sypjyk. Olary ýeriň astyndan alandan, adamyň kalbyndan we keşbiň dünýäsinden köwläp almak agyr. Adamlaryň ilki altynly dagy öwrenişleri ýaly, şahyryň eserini daşyndan synlap, onuň gurluşyny öwrenýärler. Soňra nirede ruhy baýlygy ýatan bolsa, şoňa ýetmek üçin emelleri we ýollary gözleýärler. Onuň üçin bolsa şahtalar, köwleýän gurallar, ýerzeminler, ýagny şahtalar «öňde goýulýan mesele, isleg, sazlaşyk, yzygiderlilik», eli guralły işçiler «döredijilik kuwwaty, elementler», ýerzeminiň ugruny kesgitleýän inženerler «sahna laýyk öz dünýäňi duýmak» gerek.

Artistiň kalbynda döredijilik işi ýyllaryň dowamynda gündizem, gije-de, öýünde-de, taýýarlyk döwründe-de we sahna oýnuny görkezip durkalar-da gaýnap dur. Bu iş döredijiligiň şatlygy we horlugy diýip häsiýetlendirilýär. Biziň hem artist kalbymyz, haçanda keşbimizde dagyň altynly gatlagyny açan ýaly açyş dörände beýik şatlykdan dolup, al-asmana galýar. Döredijiniň tutuş dünýäsinde keşbiň her bir bölümçesiniň ugrunda işleýän mahaly çuňňur, çylşyrymly, berk, yzygiderli, durnukly halda «sahna laýyk içki dünýäňi duýmak» pursady bolup geçýär. Diňe şeýle bolanda sungata laýyk hakyky döredijiligiň gürrüňini etmek bolar. Ýöne sungata şeýle çuňňur aralaşmagyň juda seýrek bolýandygyna garamazdan, uly artistleriň bu ýagdaýa ýetýänlerine duşmak bolýar.

Artistleriň öz dünýäsine çuňlaşman, öz keşbine ýüzleýlik bilen çemeleşýänlerine welin, ýygy-ýygydan duşýarys. Döredijі şonuň üçin hem, dagyň astynda gymmatly sanýetmez baýlygyň bardygyna gyzyklanmaýanlar ýaly, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny ýüzleý öwrenip geçýär. Şeýle edilende şahyryň sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň süňňüni çuňňur özleşdirip bolmaýar. Onuň diňe daş sypatynyň gözelligini ýüzleý janlandyrmaga artistiň «sahna laýyk içki dünýäňi duýmak» pursadynyň güýji ýetýär. Gynansak-da, biz sahnada öz içki dünýäsine çuň aralaşman, keşbine ýüzleý çemeleşip döredýänlere köp duşýarys.

Men size «sahna çykyň-da, ol ýerde ýok kagyzy gözläň» diýip haýyş etsem, siz «hödürlenen ýagdaýy» we gudratly «eger-däni», «hyýaly toslamany», «sahna laýyk içki dünýäňi duýmagyň» hemme elementlerini döretmeli bolýarsyňyz. Siz diňe şolaryň kömegi bilen ýagdaýa düşünip (duýup), ony täzeden ýatlap, ýönekeý mesele bolan kagyzy gözlemek iş hereketlerini durmuşa meňzeş edip ýerine ýetirip bilersiňiz. Bular ýaly uly bolmadyk maksat uly bolmadyk, gaty çuňlaşylmadyk, uzak dowam etmeýän «sahna laýyk içki dünýäňi duýmagy» talap edýär. Bu ýagdaý aktýorçylygyň tehnikasyny gowy ulanýan artistde göz açyp-ýumasy wagtyň içinde peýda bolýar we ýerine ýetirilen badyna-da tamamlanýar.

Şu ýagdaýlardan adaty netije çykýar, ýagny hil, kuwwat, berkitmek, durnuklylyk, çuň aralaşmak, dowamlylyk, mana çümmek.., garaz, «sahna laýyk içki dünýäňi duýmagyň» sanawy we görnüşleri dürli-dürli hem-de tükeniksiz. Eger-de olaryň her biriniň durmuşyny herketlendirijileriniň ol ýa-da beýleki elemente eýe bolmakçy bolýandygyny we dörediji niň şahsy tebigatyny göz öňüne tutsaň, «sahna laýyk içki dünýäňi duýmagyň» görnüşleriniň dürlüliginiň möçberi tükeniksiz bolar.

«Sahna laýyk içki dünýäňi duýmak» käbir ýagdaýda öz-özünden dörände, döredijilik üçin tema gözlemek bilen meşgul bolunýar. Ýöne tersine-de bolýar, ýagny artistde gyzykly sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy, keşp, maksat döredijiligi oýarýar we onda «sahna laýyk içki dünýäsini dogry duýmak» peýda bolýar.

Artist döredýän we oňa taýýarlanýan mahaly, ine, şular ýaly ýagdaýlar onuň kalbynda bolup geçýär.

# XV. ÝOKARYBAŞ MESELE. ERIŞ-ARGAÇ BOLUP GEÇÝÄN IŞ HEREKETI

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy diňe bir düşünje (akyl) bilen däl-de, isleg (erk) we hyjuw (duýgy) hem-de hemme elementler bilen bilelikde özleşdirildi. Döredijilik goşuny ýene has uly taýýarlyk ýagdaýyna ýetirildi.

Göreşe başlamak mümkin!

Onuň ugry nirä?

Pýesanyň ýüreginemi? Şahyryň eseri döretmek bilen öz öňünde goýan maksadynamy? Artistiň döreden şol eserdäki gahrymanlarynyň diňe birinemi?!

Wýunsow göreşi nämeden başlamalydygyna düşünmänsoň:

– Onda şol maksady nireden gözlemeli? – diýip sorady.

– Şahyryň eserinden we artistiň keşbinden.

– Nädip?

– Bu soraga jogap bermezden ötri, döredijilik pursatlarynyň käbir wajyp pursatlary hakynda pikir alyşmak zerur. Meni diňläň:

– Edil tohumyň däneden şineläp çykyşy ýaly, ýazyjynyň aýry-aýry pikirlerinden, duýgularyndan eser döreýär.

Bu pikirler ýazyjynyň arzuw-hyýallaryna öwrülýär. Şol pikirlerden, duýgulardan dörän arzuw-hyýallar bolsa ýazyjynyň ömrüniň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Ýazyjy döredijiliginde şolardan ugur alýar. Ol pýesasynyň maňzyna şolary salyp, edebi eseri döredýär. Ýazyjynyň hemme pikirleri, hyýallary, duýgulary, durmuşy arzuwlary, horluk-zarlyklary, begenç-şatlyklary pýesanyň manysynyň esasyny düzýärler. Ol hut şeýle maksadyny beýan etmek üçin galama ýapyşýar.

Sahnada ýazyjynyň duýgularyny, pikirlerini, arzuwlaryny, jebri-jepalaryny, şatlyklaryny tomaşaçylara ýetirmek tomaşanyň esasy meselesi bolup durýar. Bu esasy mesele özünde eseri tutuş gurşap alýan baş maksadyny, hemme meselelerini, döredijilik durmuş ýolunuň psihikasynyň hereketlendirijilerini we sahnada artistiň «sahnada keşbe laýyk içki dünýäsini duýmagynyň» hemme elementlerini özünde jemleýändigi üçin, geliň, geljekde ony:

«*Ýazyjynyň eseriniň ýokarybaş meselesi*» diýip atlandyralyň.

Arkadiý Nikolaýewiç asylgy duran görkezme tagtasyna elini uzatdy.

– Ýazyjynyň eseriniň ýokarybaş meselesi?! – diýip, Wýunsow daşyndan bu düşünjeden howatyr etdi.

– Men size düşündireýin – diýip, mugallym oňa kömege howlukdy. Dostoýewskiý ömürboýy adamlaryň arasyndan Hudaý bilen şeýtany gözledi. Bu gözleg oňa «Doganlar Karamazowlar» romanyny ýazdyrdy. Ine, şonuň üçin hem Hudaý gözlegi bu eseriň «ýokarybaş meselesi» bolup durýar.

Lew Nikolaýewiç Tolstoý ömürboýy öz-özüni taplamaga çalyşdy. Onuň köp eserleri şu «ýokarybaş meseläniň» tohumyndan ösüp ýetişdi.

Anton Pawlowiç Çehow gowy durmuşy arzuw edip, ownuk hususyýetçilige, ahlaksyzlyga garşy göreşdi. Şu göreş we arzuw onuň köp eserleriniň «ýokarybaş meselesi» boldy.

Şular ýaly ussatlaryň maksatlarynyň artistiň döredijiligini tolgundyrýan, gyzykly meseleler hökmünde orta çykýandygyny we sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň hem-de keşbiň ähli bölümçelerini olaryň özüne çekip biljekdigini siz duýmaýan bolarly?! Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyndaky bolup geçýän ululy-kiçi meseleleri artistiň iş hereketleriniň we niýetiniň üsti bilen keşbe ýugrulyp, pýesanyň «ýokarybaş meselesiniň» talaplaryny beýan edýär. Sahna oýnunyň hemme gurnagynyň tutuşlygyna şol «ýokarybaş meselä» kämil derejede bagly bolany üçin, oňa degişli däl iň owunjak bölejik hem eseriň düýp manysyndan ünsi sowup, artykmaçlyk edýär. Tutuş sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň we keşbiň içinden eriş-argaç bolup geçýän «ýokarybaş meselä» tarap barýan ugruň arasynyň kesilmezligi hökmany zerurlykdyr. Şol ugruň hilini-de, gelip çykyşynyda gözden salmaly däl.

«Ýokarybaş mesele» aktýorçylyk babatda az-owlak ýasamalyk bilen gurnalan umumy ugur bolmagy-da mümkin. Şeýle ugra gitmeklik tutuş eseri janlandyryp bilmeýär. Maksadalaýyk, üstünlikli, hakyky iş hereketlerini maksadalaýyk derejede tiz oýarmaýar. Bular ýaly döredijilik sahna sungatyna gerek däl. Emma sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň düýp maksadynyň hatyrasy üçin hakyky, ynsanperwer, işjeň iş hereketlerine tarap alyp gidýän ugur hem ýüze çykyp biler. Ine, şular ýaly ugra gitmek edil esasy gan damary ýaly, artistiň tutuş bedenini, onuň janlandyrýan keşbini we sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny hakyky durmuşa duwlaýar.

«Ýokarybaş meseläniň» hili we özüne çekijiligi ýokardaky ýaly hakyky, işjanly häsiýetlere ýapyşmagy oýandyrýar. Genial «ýokarybaş mesele» adatdan daşary güýç bilen özüne çekýär. Genial däl «ýokarybaş meseläniň» özüne çekijiligi bolsa ýöntemdir.

– Eger «ýokarybaş mesele» gowşak bolsa näme? – diýip, Wýunsow sorady.

– Ýaramaz «ýokarybaş meseläni» artistiň özi çuňlaşdyryp, ýiti ýagdaýa salmaly bolýar.

Men:

– Bize nähili «ýokarybaş mesele» gerek? – diýip, düşünmäge çalyşdym.

– Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny ýazanyň döredijilik pikirine laýyk gelmeýän bolsa, artist üçin, goý, ol gyzykly bolaýanda-da bize nädogry «ýokarybaş mesele» gerekmikä? – diýip, Torsow bizden sorady.

Soňra bolsa öz soragyna özi jogap berdi:

– Ýok. Beýle wezipe bize gerek däl. Gerek däl diýmek bärden gaýdýar, olar ýaly ýagdaý döredijilik ulgamynda howply. Nädogry «ýokarybaş mesele» gyzykly boldugysaýy, ol artisti ýazyjynyň pikirinden, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň wakalaryndan, keşpden bir gyra daşlaşdyrýar.

Bize oýlandyrýan «ýokarybaş mesele» gerekmi? Guraksy oýlandyryjy «ýokarybaş mesele-de» gerek däl. Ýöne aňly-düşünjeli, pähimli, akyldan gözbaş alyp gaýdýan, döredijilik babatdan gyzykly pikire gaplanan «ýokarybaş mesele» bize zerur.

Biziň tutuş tebigatymyzy aýaga galdyryp, hyjuwa itergi berýän «ýokarybaş mesele» gerekmi? Elbetde, düýbi-teýkary bilen edil Gün, howa ýaly gerek.

Biziň kalbymyzy we fiziki kuwwatymyzy özüne dartýan erk-islege gaplanan «ýokarybaş mesele» gerekmi? Gerek diýmek bärden gaýdýar.

Artistiň döredijilik hyýalbentligini, özüne tutuş ünsüni çekip bilýän, hakykaty duýmak islegini gandyrýan, ynamyny dikeldýän we beýleki döredijilik elementlerini galkyndyrýan «ýokarybaş mesele» barada näme diýersiňiz? Artistiň ruhy durmuşynyň psihikasynyň hereketlendirijilerini we döredijilik elementlerini oýaryp galkyndyrýan «ýokarybaş mesele» bize edil iýmit ýaly zerur.

Şeýlelikde, bize hakyky döredijilik bilen iş salyşýan artistiň, hökmany suratda adamçylyk duýgularyny galkyndyryp seslendirýän, ýazyjynyň toslap tapan pikirine laýyk gelýän, şeýle «ýokarybaş mesele» gerek bolýan eken. Ýalana duwlanan, guraksy «ýokarybaş mesele» däl-de, hakyky, işjanly, adam häsiýetlerine laýyk, adaty ýagdaýda döräp, özüne gyzyklandyryp bilýän we başdan geçiren ýaly edip keşbi janlandyryp ýerine ýetirmäge itergi berýän «ýokarybaş mesele» bize diýseň gerek eken.

Ýa-da başga söz bilen aýdanyňda, «ýokarybaş meseläni» diňe keşpden gözlemän, artistiň kalbyndan hem gözlemeli. Şol bir keşbiň «ýokarybaş meselesi» şol keşbi ýerine ýetirijileriň hemmesi üçin hökmanydyr. Ýöne ol «ýokarybaş mesele» artistleriň her biriniň kalbynyň keşbi dolulygyna duýşy ýaly ýerine ýetirilmelidir. Netijede, şol bir mesele ýerine ýetirilýär. Ýöne birmeňzeş ýerine ýetirilmeýär.

Meselem, adamyň «Şat ýaşamak isleýärin» diýlen adaty islegine bolan ymtylyşyny alyp göreliň. Bu islege ymtylmanyň we oňa ýetmäniň iş hereketlerinde, gör, näçe dürli-dürli, göze ilmeýän öwüşginlikler we ony göz öňünde janlandyrmalar bar. Şularyň hemmesinde her bir adamyň özüne ýakyn, köp halatlarda aň-paýhasa gaplanmadyk köp sanly şahsy duýgulary bar. Eger siz has çylşyrymly şol bir

«ýokarybaş meseläni» ýerine ýetirýän her bir artist keşbini seljerseňiz, şeýle şahsy duýgulary has-da köp taparsyňyz. «Ýokarybaş mesele» üçin şol bir keşbi ýerine ýetirýänleriň her biriniň kalbynyň, ine, şu şahsy seslenmesi örän wajyp. Olaryň şahsy başdan geçirmesi bolmasa, «ýokarybaş mesele» jansyz, täsirsiz bolar. «Ýokarybaş mesele», keşp janly, joşgundan şöhle saçyp durar ýaly artistiň kalbynyň «ýokarybaş mäselä» sazlaşykly seslenmegi gerek.

Artistiň keşbe bolan gatnaşygy şahsy duýgusyny ýitirmeli däl, şol bir wagtyň özünde-de awtoryň pikirini hem unutmaly däl. Bir söz bilen aýdanyňda, artist awtor bilen bile gopmaly. Bu örän wajyp. Eger-de artist öz şahsy tebigatyny keşbe goşmasa, onda onuň döreden keşbi täsirsiz bolýar. Artist «ýokarybaş meseläni» öz şahsy duýgulary bilen baýlaşdyryp söýmelidir. Eger «ýokarybaş mesele» artiste ýat bolup görünse, onda ony artist öz şahsy duýgularynyň üstünden geçirip, özünde hyjuw döretmelidir. Başgaça aýdanymyzda, her bir «ýokarybaş meseläni» artist özüniň şahsy meselesine öwürmelidir. Beýle diýmek, «ýokarybaş meseläniň» mańzynda artistiň kalbyndaky duýgulara golaý duýgular ýatmalydyr diýildigidir.

Şol bir keşbi ýerine ýetirýän dürli adamlary özüne çekip, gyzyklandyrar ýaly «ýokarybaş meseläniň» göze ilmeýän aýratynlygy nämeden ybarat?

Köp halatlarda, aň-paýhasymyzda hasaba almaýan gizlin duýgularymyzyň «ýokarybaş meselä» imrinmesi bolup geçýär.

Şu meselede «ýokarybaş mesele» bir-birine howandarlyk edýär.

Gördüňizmi, uly, çuňňur, tolgundyryjy «ýokarybaş meseläni» tapmak üçin tutanýerlilik we irginsizlik bilen gözlegleri etmeli eken!

Gördüňizmi, «ýokarybaş mesele» tapylanda ýazyjynyň pikiriniň we artistiň şahsy duýgularynyň sazlaşmagy gerek eken!

Ýazyjynyň pikiri bilen sazlaşýan we artistiň şahsy duýgularyna gabat gelýän «ýokarybaş meseläni» gözläp tapmak üçin, gör, näçe «ýokarybaş meseleleriň» başyny agyrtmaly bolýar eken. Maksada ýetmek üçin, gör, näçe hasap-hesip, gözlegler, zähmet gerek eken. (58)

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Şu gün Arkadiý Nikolaýewiç öz gürrüňine şeýle sözler bilen başlady:

– «Ýokarybaş meseläni» gözläp tapmak we kabul etmek iş pursatlarynda oňa at saýlap dakmak işi örän wajypdyr. Size «ýönekeý böleklere we meselelere at goýlanda olaryň täsiriniň we manysynyň güýçlenýändigi mälimdir. Geçen sapaklarymyzda-da size: – «Atlary işlikler bilen çalyşsak, döredijilik isleginiň iş hereketleriniň işjeňligi ýitileşýär» diýip aýdypdyk.

Şeýle ýagdaý «ýokarybaş meselä» at goýanymyzda-da öz ähmiýetini ýitirmeýär. Sungatdan bihabar kişiler: «Ýokarybaş meselä» nähili at goýlanda näme?

diýýärler. Emma görüp otursak, «ýokarybaş meselä» jaýdar goýlan atda we onuň işjeňliginde eseriň alyp barýan ýolunyň maksatlary jemlenýär eken.

Aýdalyň, biz Griboýedowyň «Akylyndan azaşan» atly sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesine» «Men Sofiýa gowuşmak isleýärin» diýip, at goýalyň. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda bu ada mynasyp boljak köp sanly iş hereketleri bar. Bu at goýşumyzyň oňaýsyz tarapy, jemgyýetiň nogsanlyklaryny görkezmekde durmuşda ýüze çykýan bölek-büçek säwlikleriň eseriň esasy manysynyň ornuna geçmegine hyzmat etmegidir. Ýöne sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesini» başga hili, ýagny «Men Watanyma gowuşmak isleýärin» diýip hem atlandyryp bolar. Bular ýaly at bilen «ýokarybaş mesele» atlandyrylanda pýesanyň baş gahrymany Çaskiniň öz Watany bolan Russiýa we onuň halkyna, milletine bolan yssy söýgüsi beýan ediler. Bu ýagdaýda sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyndaky umumy-jemgyýetçilik gatnaşyklary baş orny eýeläp, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy many-mazmun babatda wajyp ähmiýete gaplanar. Ýöne onuň «ýokarybaş meselesine» «Azat bolmaklyga ymtylýan» diýen ady daksak, eseriň many-mazmuny umumadamzat gymmatlyklaryna gaplanyp, onuň ähmiýetini öňküsinden-de çuňlaşdyrar. Beýle many-mazmun sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň gahrymanlarynyň ezijileriň etmişlerine garaýşyny has-da ýitileşdirýär we tutuş eser, birinji at goýlandaky ýaly şahsy we hususy islegi ýa-da ikinji at goýlandaky ýaly diňe bir milli-halkylyk meselelerini gozgaman, eýsem, umumadamzat gymmatlyklaryny giňden gozgaýan wajyp mazmuna eýe bolýar.

Şular ýaly üýtgetmeler W. Şekspiriň «Gamlet» atly sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesi» bilen hem bolup biler. Eger «ýokarybaş meselä», «Atamyň ýadygärligini hormatlajak» – diýip at goýsak, onda bu eser maşgala dramasy hakynda bolar. Eger-de «ýokarybaş meselä» «Ýaşaýşyň gizlin syrlaryny bilmek isleýärin» diýip at goýsak, onda ol dini mazmunly tragediýa bolar we durmuş syrlaryny öwrenmäge giren gahryman, onuň many-mazmunyny açyp, olary çözmeli bolar. Birnäçeler «Gamlet» sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesini» ikinji ugra alyp gitmekçi bolýarlar, ýagny oňa ýer ýüzündäki ýaramaz nogsanlyklary goly ýaragly ýok etdirmek isläp, «Adamzady halas etmek isleýärin» diýen ady dakýarlar. Bu at tragediýanyň örüsini has-da giňeldip, onuň many-mazmunyny örän çuňlaşdyrýar.

Meniň artistçilik iş tejribämden hem birnäçe mysallary siziň dykgatyňyza hödürläp bilerin. Size olar «ýokarybaş meselä» at dakmagyň örän wajypdygyny aýdan mysallarymdan-da has oňat düşündirer.

Men Ž. B. Molýeriň «Ýalandan hassa bolýan» atly sahna oýnunyň edebi esasynda Arganyň keşbini ýerine ýetirdim. Biz ilkibaşda esere ýönekeýje çemeleşip, onuň «ýokarybaş meselesine» «Hassa bolmak isleýärin...» diýen ady

dakdyk. Men şu ada laýyk näsagyň hassalyk halyna dyrjaşa-dyrjaşa çuňňur aralaşdygymsaýy we meniň islegim hasyl boldugysaýy satira ýugrulan şüweleňli komediýa agyr hassany beýan edýän tragediýa öwrülip barýar. Emma biz basym öz ýalňyşymyza düşünip, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesine» «Meni hassa hasap etmeklerini isleýärin» diýip, samsyklaç at goýduk welin, onuň şüweleňli tarapy dessine seslenmek bilen boldy we ýalan hassany döreden lukmançylyk dünýäsiniň kezzaplarynyň etmişleriniň üstüni açyp, Ž. B. Molýeriň olaryň üstünden gülmek islegine giň ýol açyldy. Şolbada tragediýa hususyýetçileriň durmuşyny paş edýän şüweleňli komediýa öwrüldi.

Başga bir sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny alyp göreliň. Biz Karlo Goldoniniň «Myhmanhananyň eýesi» atly sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesine» «Ýigrenmek» diýip at dakdyk welin, eser özündäki degişme häsiýetleriniň we täsir edijilik iş hereketleriniň üstüni başbitin açmady. Biz onuň baş gahrymanynyň zenany halaýandygyna, aýaly ýigrenmän ýalandan ýigrenen bolýandygyna düşünenimizden soň, «ýokarybaş meselä» «Aýal bilen howlukman gatnaşyk açjak» (ýalandan aýaly ýigrenýän diýen düşünjä bukulyp gatnaşyk açjak) diýip at goýduk weli, eser dessine janlandy duruberdi. Bu at pýesa däl-de, meniň keşbime degişlidi. Haçanda, uzak gözleglerden soňra «Myhmanhananyň eýesiniň», has dogrusy, «biziň durmuşymyzyň eýesiniň» zenandygyny (onuň ady Mirandolina) nazarda tutup, şoňa laýyk «ýokarybaş meselä» at goýanymyzda, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň hakyky many-mazmuny dolulygyna ýüze çykdy.

Meniň bu getiren mysallarym biziň döredijiligimizde we onuň tehnikasynda sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň many-mazmunyny we onuň ugruny birkemsiz beýan etmek üçin «ýokarybaş meselä» saýlap at goýmagyň örän wajypdygyny aňladýar.

«Ýokarybaş mesele» köp halatlarda sahna oýny ýerine ýetirilensoň kesgitlenilýär. Artiste köp halatlarda «ýokarybaş meselä» at goýmaga tomaşaçynyň özi hem kömek edýär (59).

Size sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň many-mazmuny bilen «ýokarybaş meseläniň» adaty ýagdaýda üznüksiz baglydygy we eseriň çuň dünýäsiniň düýbünde ýatan maňzyndan alyp gaýdýandygy has düşnükli bolan bolsa gerek.

Goý, «ýokarybaş mesele» döredijilik bilen meşgul bolýan artistiň kalbyna, hakydasyna, pikirine, duýgularyna, hemme döredijilik elementlerine berk we çuňňur siňsin.

Goý, keşbi ýerine ýetirijä keşbiň dünýäsini we döredijiligiň maksadyny üznüksiz ýatladyp dursun. Artist «ýokarybaş mesele» bilen sahna oýnunyň tutuş dowamynda meşgullanmaly.

Goý, «ýokarybaş mesele» artistiň ünsüni hiç tarapa sowman, diňe keşbiň durmuş ýolunda saklasyn. Haçanda, bu şeýle ýagdaýda amala aşyrylanda, keşbiň wakalaryny başdan geçiren ýaly edip ýerine ýetirmek iş hereketleri adaty halda bolup geçýär.

Eger-de sahnada keşbiň dünýäsiniň maksady bilen keşpdäki artistiň islegi çapraz gelse, keşbi ýerine ýetiriji gödeklik bilen dogry ýoldan çykyp, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň ahyrky barmaly ýoluny bozar.

Berk belläň, artistiň ilkinji aladasy «ýokarybaş meseläni» unutmazlyk bolmalydyr. «Ýokarybaş meseläni» unutmak sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň durmuş ýoluny ýoýmakdyr. Bu artist üçin hem, keşp üçin hem, eser üçin hem ýaramazlykdyr. Şeýle bolanda, keşbi ýerine ýetirijiniň ünsi nädogry tarapa gidýär. Şolbada-da keşbiň dünýäsi boşap, durmuş ýoly üzülýär.

Sahnada sahna sungatyna laýyk, adaty ýagdaýda, edil durmuş hakykatynyň ýeňillik bilen öz-özünden döredişi ýaly döretmegi öwreniň. Ýazyjy eserini «ýokarybaş meseleden» döredýär. Şonuň üçin hem artistiň hemme döredijiligi «ýokarybaş meselä» gönükmelidir.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Şeýlelik bilen – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sapaga başlady – artistiň ukybyndan (akylyndan), hyjuwyndan (duýgusyndan), isleginden (erkinden) dörän durmuşyň hereketlendirijileri keşbiň bellibir böleginiň aladasyny öz üstüne alýar. Soňra artist adamyň dünýäsindäki döredijilik elementlerini özüne siňdirip, edil bagjyklaryň birleşip, bir düwni emele getirişleri ýaly, bir-biri bilen garyşyp birleşýärler. Bu islegleriň ugurlarynyň hemmesi bilelikde sahnada öz dünýäňi duýmagy döredýärler. Diňe şundan soň, keşbiň durmuş ýolundaky ähli bölekleri, öwrümleri, artiste sahna döredijiligine nähili çemeleşmelidigini öwrenmäge mümkinçilik döredýär.

Keşbi töwerekleýin öwrenmek bilen birlikde sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň gahrymanlaryny we onuň nähili maksat bilen döredilendigini kesgitleýän «ýokarybaş meseläniň» hem üstüni açýar.

Keşp ýazyjy tarapyndan döredijiligiň hakyky maksadynyň ýoluna düşünilip ýazylan eseriň keşbiniň hemme hereketlendirijileri we döredijilik elementleri anyklanyp, gutarnykly maksada gaplanan mahaly keşp bir ýola, ýagny «ýokarybaş meselä» ugrugýar.

Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň içinden eriş-argaç bolup geçýän artistiň keşbiniň içki durmuşynyň hereketlendirijilerine «Artistiň keşbiniň içinden zowwam geçýän iş hereketleri» diýip, biziň dilimizde atlandyrýarys.

Arkadiý Nikolaýewiç görkezme tagtasynyň ikinji hatarynda ýazylan jümläni daşyndan okady:

### *Artistiň keşbiniň içinden eriş-argaç bolup geçýän iş hereketleri*

– Şeýlelikde, döredijilik bilen iş salyşýan artistiň akylyndan, erkinden we duýgusyndan gözbaş alyp gaýdýan keşbiň içinden eriş-argaç bolup geçýän iş hereketleri ýerine ýetirijiniň öz durmuş psihikasyny hereketlendirijileriň gönüden-göni dowamydyr.

Pýesanyň içinden eriş-argaç bolup geçýän iş hereketi bolmasa, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyndaky bölekler we wezipeler, hemme hödürlenen ýagdaýlar, gatnaşyklar, ýagdaýa dogrulanmalar, ynamy we hakykaty aňladýan pursatlar we beýleki döredijilik elementleri özbaşdak halda hiç mahal oýanman, doňup galardylar. Emma zowwam geçýän iş hereketiniň ýoly, edil hünjüleri bir ýüpe düzen ýaly, hemme döredijilik elementlerini bir ýola birikdirip, pýesanyň umumy «ýokarybaş meselesine» tarap äkidýär. Şol pursatdan başlap hem olar «ýokarybaş meselä» gulluk edýärler.

Size «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketi» bilen «ýokarybaş meseläniň» iş ýüzünde manysynyň ähmiýetiniň örän uludygyny nädip düşündirmeli?! Durmuş hakykatyndaky ýagdaýlara sizi hemme zatdan zyýada ynandyrýarlar. Men size şolaryň birini aýdyp bereýin.

Tomaşaçylaryň söýgüsini gazanan abraýly bir aktrisa biziň teatr sungatymyza degişli «düzgün-kadamyz» bilen gyzyklanýar. Ol «düzgün-kadany» öwrenmek üçin işden çykyp, birnäçe ýylyň dowamynda dürli mugallymlardan täze ugurdan sapak alýar we onuň tutuş kursunyň okuwyny tamamlaýar. Onsoň aktrisa teatra gaýdyp gelýär. Ýöne ol ozalkysy ýaly tomaşaçylaryň söýgüsini gazanyp bilmeýär. Ol ozalky tanymallyk, ýagny gös-göni keşbe girmek, höwes bilen keşbiň iş hereketlerini etmek, keşbi döredijilik ukyby bilen gurşap almak öz gymmatyny ýitirdi diýip düşünýär. Onuň döreden keşbi guraksy, durmuş hakykatyna laýyk, emma täsirsiz dürli iş hereketleri, ýerine ýetirijiligiň ýasamalygy we beýleki näsazlyklary bilen pürepür dolýar. Şeýle ýagdaýda artistiň düşen çykgynsyz halyny göz öňüne getirmek kyn däl. Onuň üçin sahnadaky her çykyşy täze synaga öwrülýär. Bu bolsa aktrisanyň ýerine ýetirijiligine ýaramaz täsir edip, ugurtapyjylygyny ýetirýär. Öz-özüne düşünmezligi döredip, özünden göwni geçer ýaly ýagdaýa salýar.

Ol:

– Paýtagtda «düzgün-kadanyň» duşmanlary bu ugry ulanmaýarlar we oňa ýol bermeýärler – diýip, beýleki ýerlerdäki teatrlara işe geçip görýär. Emma ol ýerlerde-de ýagdaýy üýtgemeýär. Aktrisa öwrenen «düzgün-kadasyna» käýinip, ondan el çekmekçi bolýar. Ol öňki usullaryna dolanmakçy bolýar welin, onuň bu maksady hem başa barmaýar. Sebäbi, bir tarapdan, öňki hünärmentçilik ugruna bolan ynam we ukyp ýitipdir. Beýleki tarapdan bolsa, onuň halap täze öwrenen «düzgün-kadalary» öňki usullarynyň gödekdigini mälim edipdir. Ol öňki ugruny taşlap, täze

ugra-da girip bilmän, iki oduň arasynda galýar. Il arasynda «Aktrisa teatry taşlap, durmuşa çykjakmyş» diýen myş-myş ýaýraýar. Soňra bolsa «Aktrisa öz janyna kast etmekçimiş» diýen myş-myş dumly-duşa ýaýraýar.

Şol günler maňa şol aktrisany sahnada görmek miýesser etdi. Onuň haýyşy bilen sahna oýny soňlansoň, iş otagyna bardym. Aktrisa meni ýazykly okuwçy ýaly kabul etdi. Sahna oýnuny bireýýäm gutaryp, teatryň işgärleri dagan-da bolsa, aktrisanyň grimini, lybasyny çalyşman, meni iş otagyndan goýbermän, öz ýagdaýynyň näme sebäpden şeýle bolýandygyny adatdan daşary göwnüçökgünlik we örän tolgunmak bilen beýän etdi. Biz onuň «düzgün-kada» laýyk keşbiniň hemme usullaryny birin-birin seljerdik. Onuň hemme edýänleri dogry. Aktrisa «düzgün-kadanyň» hemme böleklerine aýry-aýrylykda düşünýär eken. Ýöne «düzgün-kadanyň» düýp manysyna welin, anyk düşünmändir.

Men:

– Keşbiň durmuş ýolundan «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketine» we pýesanyň «ýokarybaş meselesine» nähili düşünýärsiňiz, hany, ol nirede? – diýip aktrisadan soradym.

Ol olar barada nämälerdir bir zatlary eşidipdir we umumy ýagdaýda olary nazaryýet hökmünde bilýär eken.

Olary iş tejrbesinde welin, asla ulanmandyr.

– Eger siz ýerine ýetirijilik işiňize keşbiň durmuşynyň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketini» ulanman amal eden bolsaňyz, onda sahnada hödürlenen ýagdaýlary gudratly «eger-de» usuly boýunça kämilleşdirmänsiňiz. Diýmek, siz döredijiligiňizde onuň tebigatynyň aň-paýhas duýgularyny oýarmansyňyz.

Netijede, siz «keşbi başdan geçiren ýaly döretmek» ýörelgesinde döredip bilmersiňiz. Sungatyň esasy maksady bolsa şeýle keşbi döretmekden ybratdyr. Diýmek, siz sahnada janly keşp döretmän, diňe «düzgün-kadanyň» bir-biri bilen baglaşmaýan, aýry-aýry ýönekeýje maşklaryny ýerine ýetiripsiňiz. Olar sahna oýnuna däl-de, mekdep sapaklaryna gerek. «Düzgün-kadanyň» hemme maşklarynyň we beýleki döredijiligi oýarýan elementleriniň hemmesi, likinji nobatda, keşbiň durmuşyndan «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketleri» we sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesi» üçin gerekdigini siz unudypsyňyz. Ine, näme üçin siziň keşbiňiziň käbir oňat bölekleri geregiçe tomaşaçylara öz täsirini ýetirmeýär, olaryň göwünlerinden turmaýar? Apollonyň heýkelini döwüp böleklere bölüň-de, tomaşaçylara şol bölekleri aýry-aýrylykda görkeziň. Olar tomaşaçylarda sähelçe-de gyzyklanma döretmez.

Ertesi gün aktrisa bilen öýde taýýarlyk işlerini ýerine ýetirmegi meýilleşdirdik. Men onuň taýýarlan bölümçesiniň we onuň meseleleriniň içinden nädip iş hereketiniň eriş-argaç bolup geçýändigini hem-de onuň sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselä» tarap nähili ýagdaýda ugrugyp barýandygyny düşündirdim.

23. Sargyt № 3176

Aktrisa aýdylanlara höwes bilen ýapyşdy. Ol aýdylanlary özleşdirmek üçin birnäçe gün puryja bermegimi sorady. Soňra birnäçe günden soň aktrisanyň ýanyna mensiz näme edendigini görmek üçin bardym. Onuň eden işlerini gördüm. Onsoň onuň keşbini täzeden düzedip, nähili işleýändigini görmek üçin teatra bardym. Şol agşamky oýnuň nähili bolandygyny ýazyp beýan eder ýaly bolmady. Zehinli aktrisanyň öz çeken azaby we horluklary üçin nähili üstünlige ýetendigini görmäge göz gerekdi. Ine, şular ýaly jadylaýjy, adatdan daşary oňat üstünlige keşbiň durmuşyndan «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketi» we sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesi» eltip bilýär.

Eýsem-de bolsa, meniň şu eden işim biziň sungatymyzda «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketiniň» we «ýokarybaş meseläniň» örän uly ähmiýetiniň bardygyny ynandyryjylykly ýagdaýda düşündirmeýärmi näme?!

Arkadiý Nikolaýewiç uzaga çekmedik arakesmeden soň:

– Men has-da ileri gitmekçi! – diýip, joşgunly seslendi:

– Öz beýik sungatym bilen adamzady belende galdyryp begendirmek, akyldarlaryň eserleriniň dünýäsindäki mukaddes gözelligi düşündirmek diýen uly, ýeke-täk maksada öz bütin ömrüni bagyşlan göreldeli artist adamy göz öňüne getireliň. Şeýle artist sahna çykanda özüçe: «Men öz täze usullarymy ulanyp, ajaýyp sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň we keşbiniň many-mazmunyny has oňat edip ýygnanan tomaşaçylara görkezýärin» – diýip düşünýär. Şeýle artist öz durmuşyny döwürdeşlerine medeniýetiň beýik wezipesini düşündirmeklige bagyşlaýar. Ol öz şahsy üstünliginiň kömegi bilen köpçülige öz göwnünden turýan we aň-düşünjesiniň ýetýän ideýasyny-da, duýgusyny-da we başga-başga ýagdaýlary-da hödürläp biler. Uly adamlarda beýik maksatlaryň kän bolmagy-da tebigy zat. Biz geljekde, artistiň şeýle durmuşy maksatlaryny: «sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň belent-ýokarybaş meselesi» we «keşbiň durmuşyndan ýokary eriş-argaç bolup geçýän iş hereketi» diýip atlandyralyň.

– Olar nähili bolýarlar?

– Men jogaba derek size öz başymdan geçen wakany aýdyp bereýin. Ol size meniň şu mahal näme hakda aýdýanyma düşünmäge (duýmaga) kömek eder. Men birmahal biziň teatrymyz Peterburga sapara gidende, sahna oýnunyň şowsuzlyk zerarly ýaramaz taýýarlanylan işine birneme gijä galyp geldim. Gaharly, nägile, ýadaw halda teatrdan çykyp gitdim. Birdenkä, meniň gözlerim garaşylmadyk ýagdaýy gördi.

Men teatryň tutuş meýdanyny tutup duran köp sanly çadyrlary gördüm. Garyň üstünde tüsseläp ýanýan otlaryň daşynda, öz getiren oturgyçlarynda oturan, irkilip, ýatan müňlerçe adamlary gördüm. Bu adamlar teatryň tomaşa zalyna girmek üçin petekhana barýan hataryň öňüne geçmek isleýär. Olar tomaşa zalynyň öňdäki hatarlaryndan orun almak üçin, ertir açyljak petekhana garaşýarlar.

Men muňa haýran galdym. Bu adamlaryň höwesine baha bermek üçin men öz-özüme: – Nähili waka, özüne çekiji geljek, adatdan daşary ýagdaý, haýsy dünýä meşhur akyldar bir gije däl, ençe gijeläp aýazda üşäp durmaga meni mejbur edip biler? – diýip, sorag berdim. Bu özüňi pida kylmak – diňe hiç kimiň kömegine mätäç bolman, petekhana baryp petek almak bilen çäklenýär. Maňa bu soragy çözmek başartmady we öz saglygyma, hatda durmuşyma-da howp salyp biljek beýle wakany göz öňüne-de getirip bilmedim.

Teatr adamlar üçin, gör, nähili beýik zat! Biz muňa, gör, nähili çuňňur düşünmeli! Müňlerçe adama, gör, nähili bagt, özüne bolan çäksiz söýgi, şatlyk getirýär. Adamlar şu ýagdaýlar üçin öz durmuşyna howp salmakdan hem gaýtmaýarlar! Men özüme şeýle ýokary maksat goýup, oňa «belent – ýokarybaş mesele» diýip, at goýasym gelýär we ony ýerine ýetirmek üçin bolsa «ýokary – eriş-argaç bolup geçip gidýän iş hereketini» ulanmak isleýärin.

Arkadiý Nikolaýewç az salymlyk arakesmeden soň, düşündirişini dowam etdi:

– Ömürboýy geregindenem uly işleri edýän artistiň ýa-da pýesanyň we keşbiň «ýokarybaş meselesiniň» ýa-da «belent – ýokarybaş meselesiniň» ahyrky beýik maksatlaryny ýerine ýetirýän mahaly, onuň arasyna uşak-düşek, hususy meseleler düşüp, onuň ünsüni özüne çekmesin-dä her-nä, Taňrym!

– Şeýle bolsa näme bolar?

– Ine, size näme boljagyny aýdaýyn: çagalaryň uzyn ýüpüň ujuna daňylgy ýükjagazy ýa-da daşjagazy ýokary galdyryp pyrlap oýnaýan oýnuny ýadyňyza salyň. Ýükjagaz öz pyrlanyşyna laýyk özüni herekete getirýän çaganyň tutup duran taýajygynyň daşyna ýüpüni dolap aşak düşmek bilen bolýar. Ahyrynda ýükjagaz özüni pyrlaýan taýajyga gelip, onuň bilen birleşip hereketini soňlaýar. Indi bolsa pikirleniň: aýdalyň, ýükjagazyň joşup pyrlanýan mahaly, kimdir biri öz taýagyny ara sokup, ýüpi onuň daşyna saralar ýaly edýär. Indi ýükjagaz pyrlanyp, özüni pyrlaýan taýajyga dolaşman, ara sokulan taýajyga saralýar.

Netijede, saralýan ýükjagaz özüni pyrlaýan hak eýesine – çagajyga däl-de, onuň garşydaşyna, ýagny ara sokulyp hereketi özüne baglap goýan ýat taýagyň eýesiniň eline düşýär. Şeýlelikde, adaty ýagdaý bolup geçýär, ýagny çaga öz oýnuny ýitirip, sahna oýnunyň eýesi bolman, çetde galýar. Biziň işimizde-de şular ýaly ahwallar bolup geçýär. «Ýokarybaş meseläni» ahyryna çenli alyp gitjek bolanyňda, onuň garşysyna päsgelçilikleri döredýän uşakly-irili ýagdaýlar ýygy-ýygydan ýüze çykýar. Dörediji artist şolara köp güýç sarp edýär. Artistiň tutan uly maksadyna şol uşak işleriň zyýan berýändigini size düşündirmegiň indi geregi ýok diýip hasaplaýaryn.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Men sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesiniň» we keşbiň durmuşyndan «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketiniň» ähmiýetini has ýokary derejede düşünmäge sizi mejbur etmek üçin çyzgylara ýüzlenip, mysal ge-

tirmekçi – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuw tagtasynyň başyna geçip, eline bir bölek heki aldy-da: – Keşbiň hemme meseleleri, olaryň durmuş ýollary hemme taraplar üçin bellibir umumy ugra gönükdirilmelidir, ýagny sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesine». Serediň, ine, şeýdip. Arkadiý Nikolaýewiç tagta peýkamlyja şekilleri çyzdy:

→>→ > »»»»»»»»>.»»»»**/Ýokarybaş mesele/**

– Keşbiň durmuş ýolunda hatarlanyp, kiçi, orta, uly ugurlary bir tarapa, ýagny sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesine» tarap ugrukdyrylmalydyr. Keşbiň gysga durmuş ugry öz wezipeleri bilen sazlaşykly ýagdaýda, bir-biriniň yzyndan, arasyny üzmän gezekleşip gelmelidir. Şeýle ýagdaý sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketlerini» döredýär. Indi keşbiň «ýokarybaş meselesi» unudylanda, onuň her bir böleginiň özbaşdak bolup dürli ugurlara ugrukdyrylmagynyň netijesinde, artist bilen nämäniň bolup geçýändigini bir minut göz öňüne getirip görüň.

Arkadiý Nikolaýewiç ýene öz pikirini okuw tagtasynda suratlandyrmaga başlady-da, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesiniň» çar tarapa dargan görnüşini çyzyp görkezdi.

→↑↓→↓↑→↓↑→↑

– Ine, keşbiň durmuşynyň uly, orta, kiçi bölümçeleriniň çar tarapa pytraýşy şunuň ýaly bolýar. Olar şeýle ýagdaýda keşbiň durmuşyndan «eriş-argaç bolup geçýän iş heretetiniň» üznüksiz ugruny gurnap bilerlermi?

Biziň hemmämiz biragyzdan:

– «Gurnap bilmezler» diýdik.

– Bular ýaly ýagdaýda «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketi» ýitýär. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy bölek-bölek bolup dargaýar. Bu bölekleriň her biri sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň baş pikirini öz tarapyna çekip alyp gidýär. Hemme bölekler bu pikire gaplanman, her bir bölek özbaşyna galmaga mejbur bolýar. Şonda käbir bölek täsirli bolaýanda-da, ol esere zerur bolman galýar.

Üçünji ýagdaýa seredeliň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düşündirişini dowam etdi:

– Her bir oňat sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesi» we eseriň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketiniň» öz gözbaşyny eseriň tebigatyndan alyp gaýdýandygyny men size ozal aýdypdym. Eseri ýok etmezden, şuny bozmak bolmaýar.

Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyna ýat, onuň ýol-ýodasyna gabat gelmeýän maksadyň ýa-da ugruň salynmagyna edilýän synanyşygy göz öňüne getirip

göreliň. Şeýle bolanda bir-biri bilen adaty ýagdaýda baglanyşýan «ýokarybaş mesele» we ony alyp barýan eseriň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketleri» öz ornunda galsalar-da, olar öz ünsüni häli-şindi daşyndan getirilen ýat, nätanyş ugra sowmaly bolýarlar.

**Ýat ugur → ↑ ↓ → ↓ ↑ → ↓ ↑ →Ýokarybaş mesele**
**Ýat ugur**

Oňurgasy döwlen şeýle sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň ömri kelte bolýar.

Goworkow öz teatral hyjuwynyň baryny jemläp, bu aýdylanlara garşy çykdy:

– Siz meni bagyşlaň, siz režissýoryň hem-de artistiň şahsy islegini elinden alýarsyňyz, şahsy döredijilik bolsa olaryň iň gymmatly mukaddes «meni». Siz olaryň geçen, köne sungaty özgertmek we häzirki döwre sazlamak mümkinçiliklerine ýol bermeýärsiňiz!

Torsow öz pikirini okuwça sypaýyçylyk bilen düşündirdi. – Siz we siziň arkadaşlaryňyz «bakylyk, häzirki zamanlyk we möhümlik» diýen üç sözi bulaşdyryp, olaryň manysyna nädogry düşünýärsiňiz.

Häzirki zamana degişli eser eger-de ol uly meseläni, çuň ideýany ündeýän bolsa, ol bakylygyny saklap galýar. Şeýle häzirki zamany öz eserinde suratlandyrýan şahyra men garşy däl.

Oňa doly suratda garşy bolup duran, möhümligi gowşak eser hiç mahal baky bolup bilmeýär. Ol diňe şu gün ýaşaýar, ertir bolsa ýok bolup gidýär. Režissýorlar, aktýorlar we siz hem hernäçe ýönekeý, möhümligi ýabygorly esere öwgi oýlap tapyp, onuň örüsini hernäçe giňeltjek bolsaňyz-da, bakylygy özünde saklaýan eser bilen ol adaty ýagdaýda sazlaşmaýar. Ine, olaryň näme sebäpden sazlaşmaýandygynyň düşündirişi şundan ybarat.

Haçanda öňki döwürlerde ýazylan, bitewüligi guýmagursak, nusgawy eserlere zoraýakdan döwürleriň möhüm wakalaryny ýa-da möhüm maksatlaryny seplänlerinde, ol eseriň ajaýyp bedeniniň görküni tanalmaz ýaly derejede gaçyrýarlar. Onuň maýyp edilen «ýokarybaş meselesi» özüni gyzyklandyrmaýan täsirsiz, ýagdaýa düşüp, sungatyň çygryndan çykýar.

Zoraýakdan mejbur etmek sungat işinde ýaramaz hadysa. Şonuň üçinem möhümliligi zoraýakdan esere salmak, eseriň «ýokarybaş meselesiniň» ýoguna ýanmak sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň hem-de keşpleriň soňuna çykmak bilen tamamlanýar.

Ýöne esere täze salnan ugruň onuň «ýokarybaş meselesi» bilen sazlaşýanlary-da bolýar.

Mysal üçin, apelsin getirýän agaja limon bagyny sapsaň bolar. Onsoň şeýle bag agajyndan täze miwe, ýagny Amerikadaky «greýpfrut» miwesi ýetişer. Sahna

oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda şeýle sapmak işini edip bolýar. Kämahal gadymy nusgawy sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny häzirki döwürlere ýakyn bolup, oňa adaty ýagdaýda täze ugry sapýarlar. Bular ýaly bolanda täze ugur öz manysyny «ýokarybaş meselä» goşýar-da, onuň özi ýitmek bilen bolýar.

Çyzgy bilen suratlandyranymyzda onuň çyzgysy şeýle bolýar:

**→>→> »»»»»»»»»»>.»»»»»/Ýokarybaş mesele./**
**/ Täze ugur/**

Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketi» «ýokarybaş meseläni» we täze ugry alyp barýar.

Şeýle ýagdaýda döredijilik işi adaty halda dowam edýär we eseriň süňňi hem--de tebigaty zaýalanmaýar.

Şu aýdylanlardan çykýan netije:

Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesi» bilen onuň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketini» uly üns bilen goraň. Zoraýakdan esere seplenýän ugurdan, islegden we maksatdan häzir boluň.

Eger-de men şu gün keşbi döretmekde ilkinji hatarda duran we adatdan daşary wajyp bolan sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesine» we keşbiň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketine» düşünmäge sizi mejbur edip bilen bolsam, özümi bagtly saýyp, «düzgün-kadanyň» örän möhüm pursatlarynyň birini düşündirip, iň wajyp meseläni çözdüm diýip, ynjalyp bilerin.

Arkadiý Nikolaýewiç uzak arakesmeden soň düşündirişini ýene-de dowam etdi:

– Her bir iş hereketi özüne garşylyklaýyn iş hereketi bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Onsoň hem garşylyklaýyn iş hereketi özi bilen çaknyşýan iş hereketini ýitileşdirýär. Şonuň üçin her bir sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketiniň» gapdalynda garşylyklaýyn ters ugra barýan, ony halamaýan, oňa duşmançylykly, gapma-garşylykly iş hereketi geçýär.

Bu gowy, biz şeýle ýagdaýy kabul etmeli. Sebäbi gapma-garşylyk adaty ýagdaýda täze iş hereketlerine itergi berýär. Bize şeýle yzygiderli gapma-garşylyk gerek. Ol jedeli, gohy, göreşi, keşbiň häsiýetine laýyk bir topar meseleleri we olaryň çözgütlerini döredýär. Ol işjeňlige, iş hereketleriniň täsirli bolmagyna alyp barýar we biziň sungatymyzyň esasyny özünde saklaýar.

Eger-de sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda hiç bir gapma-garşylykly geçýän iş hereketi bolmasa, keşpleri ýerine ýetirijilere we eseriň gahrymanlaryna sahna meýdançasynda hiç bir adama täsir eder ýaly iş hereketlerini edip bilmezdiler, onuň özi bolsa sahnalaşdyrylmaga ýaramaýan, täsirsiz eser bolardy.

Ýago, hakykatdan hem, öz ýaramaz aldawlaryny etmedik bolsa, Otello söýgüli aýaly Dezdemonany gabanyp öldürmezdi. Mawryň bütin dünýäsi bilen söýgülisine berlendigini beýan edip, keşbiň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketine»,

olaryň arasyna düşýän Ýagonyň keşbiniň içinden «eriş-argaç bolup geçýän gapma-garşylykly iş hereketiniň» goýulmagynyň netijesinde baş aktly, diýseň täsirli, soňy ýitgi-heläkçilik bilen gutarýan tragediýany döredýär.

Artistiň keşbinde alyp barýan uşakly-irili iş pursatlarynyň ugurlaryndan keşbiň içinden «eriş-argaç bolup geçýän gapma-garşylykly iş hereketiniň» ugrunyň emele gelýändigini nygtamak gerekmi? Men aýdylanlary «Brand» pýesasynyň mysalynda size düşündireýin.

Aýdalyň, Brandyň «ýokarybaş meselesi» edip «hemmesi ýa-da hijisi» diýen şygary onuň «ýokarybaş meselesi» edip alalyň (şu mysal üçin onuň dogrulygy ýa-da nädogrulygy wajyp däl). Diňe özüniňkini dogry hasap edýän adamyň şeýle şygary nusga edip almagy elhençlik. Ol görelde edip alan şygaryny durmuşa geçirmekde hiç bir arkalaşyga, oňşuklyga, ylalaşyga, gyşarma ýol bermeýär. Indi siz tutuş pýesanyň şu «ýokarybaş meselesi» bilen, biziň, iň bolmanda, şol ozalky seljeren «bäbejigiň arlyklary» parçalarymyzy baglanyşdyryň.

Men çaganyň arlygy bilen «hemmesi ýa-da hijisi» diýen «ýokarybaş meselä» pikirimi dikdim. Elbetde, hyýaly göz öňüne getirmegiň we toslamalaryň kömegi bilen olary bir-birine garaşly ýagdaýa salmak mümkin, ýöne beýle etsem, olara güýç salyp, zorluk etdigim bolýar. Netijede, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň gurnagy gödek bozulýar.

Bu bölekde enäniň iş hereketi «ýokarybaş mesele» bolýar. Sebäbi ene tarapdan garşylyklaýyn iş hereketleri edilmän, wakany düzetmek üçin iş hereketleri edilýär. Agnesiň iş hereketleri ejesiniňkä bütinleý gapma-garşy. Diýmek, Agnesiň keşbiniň içinden «eriş-argaç bolup gapma-garşy iş heseketi» geçip gidýär. Şeýle netije köp halatda adaty ýagdaýa laýyk gelýär.

Haçanda, men şu pikirime laýyk edip, Brandyň keşbini işläp başlanymda, onuň bilen tutuş sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň hemmesi ýa-da hijisi diýen «ýokarybaş meselesiniň» özara baglanyşygyny gözläp ugran badyma, şol gerekli baglanyşygy dessine tapdym.

Elbetde, diňe öz diýenini özüne görelde hasap edýän, öz durmuş ýoluny ykrar etmek üçin, oňa hemmesi gerek. Agnesiň gapma-garşylygy Brandyň iş hereketleriniň ýitileşmegine alyp bardy. Ine, şeýle bolanda bolsa iki tarapyň göreşiniň başy başlanýar. Brandyň borjy ejesiniň söýgüsi bilen özara göreş ýagdaýynda dur; alyp barylýan ýol duýgy bilen göreşýär; diňe özüniňkä dogry diýip ynanýan ruhany adam azap çekýän enesi bilen çaknyşýar; erkek kişi naçar zenan bilen bäsleşýär. Şonuň üçin bu sahna böleginiň «ýokarybaş meselesi» Brandyň elinde. Agnes bolsa «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketini» alyp barýar.

Arkadiý Nikolaýewiç sapagyň soňunda okuw kursunyň birinji böleginde geçilen temalary biziň hemmämize gysgajyk aýdyp geçdi. Mugallymyň bu gysgaça düşündirişi meniň okuw kursunyň birinji ýarymynda geçenlerimi ýerli-ýerinde goýmaga kömek etdi.

– Indi, siz üns berip meni diňläň, men size örän wajyp zady aýtmakçy – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç mälim etdi:

– Mekdepde geçen maksatnamamyz boýunça özleşdiren okuw sapaklarymyzda, öwrenen sapaklarymyzdaky aýry-aýry elementleriň ählisiniň seljermelerinde bir maksat üçin, ýagny sahna laýyk içki dünýäňi duýmagy döretmegi öwrenmek maksadyna bagyşlandy.

Ine, tutuş gyş paslynda siz bilen nämeleri öwrendik! Ine, indi sizden talap ediljek zat we bu talap siziň iň ýokary derejede hemme ünsüňizi özüne çeker.

Emma sahna laýyk içki dünýäňi duýmak özüniň bu öwrenilen ýagdaýynda entek «ýokarybaş meseläniň» we keşbiň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketiniň» içki dünýäsini açmaga doly suratda taýýar däl. Biziň öwrenen sahna laýyk içki dünýäňi duýmak usulymyza ýene-de bir wajyp goşundy gerek. Anha, şol goşundyda bolsa biziň «düzgün-kadamyzyň» gizlin syry gizlenip ýatyr. Sungatda biziň ugrumyzyň iň esasy delilnamasy şol gizlin syrda. Şol delilnama biz «düşünmegiň üsti bilen düşünmezlik» diýip at berýäris. Ugrumyzyň esasyny düzýän şu goşundyny bolsa biz indiki sapagymyzda öwrenmäge başlaýarys.

* * *

Şeýlelik bilen, biziň ugrumyzyň «düzgün-kadasynyň» birinji okuw bölümini tamamladyk. Ýöne meniň göwnüm Gogolyňky ýaly şeýle bir bulaşyk, şeýle bir düşnüksiz (60). Men biziň «düzgün-kadamyz» boýunça bir ýyllap öwrenenlerimiz meni ylham joşgunyna alyp bararmyka öýdüpdim. Emma, gynansak-da, ol meniň bu islegimi ödemedi.

Men şeýle pikirler bilen teatryň öňünde durup, paltomy endigime görä egnime geýip, ýaltalyk bilen boýnuma ýaglygymy atdym. Birdenkä kimdir biri öz dürtgüjini meniň böwrümden dürtdi. Men tisginip, meni biynjalyk eden adama tarap öwrüldim. Görsem, Arkadiý Nikolaýewiç gülüp dur. Ol meniň keýpimiň ýokdugyny görüp, onuň sebäbini bilmek isläpdir. Men oňa ýagdaýymy ikuçly aýtdym.

Arkadiý Nikolaýewiç bolsa meniň ýagdaýymy bilmek üçin tutanýerlilik bilen, manysyny goýman aýtmagymy talap etdi:

– Siz sahnadakaňyz özüňizi nähili duýýarsyňyz? – diýip, ol menden «düzgün-kadanyň» maňa düşnüksiz ýerleriniň bardygyny-ýokdugyny bilmek isledi.

– Men «düzgün-kadada» hiç bir üýtgeşik zat duýmaýaryn. Men sahna meýdançasynda özümi oňat duýýaryn. Men ol ýerde näme etmelidigini bilýärin, ol ýerde biderek durmaly däldigine düşünýärin.

Torsow:

– Size ondan başga näme gerek?! Eýsem-de bolsa, sahnada ýalan sözlemezlik, ol ýerde bolýan zatlara ynanmak, özüňi sahnanyň eýesi hasaplamak ýaramazlykmy? Bu örän köp zat! – diýip, meni ynandyrdy.

Men şu ýerde Torsowa ylham joşgunym barada öz pikirimi aýtdym.

– Ynha, aýdalyň! – diýip, batly seslendi. –Ylham meselesi boýunça maňa ýüzlenmäň. «Düzgün-kada» ylhamy oýlap tapmaýar. Ol ylhama bary-ýogy oňaýly ýagdaýlary döredip, ony taýýarlaýar, ony oýadýar. Ylham gelermi ýa-da gelmezmi diýen soragy bolsa Apollondan ýa-da öz tebigatyňyzdan, ýa-da garaşylmadyk ýagdaýdan soraň. Men size jadygöý däl, men diňe size täze özüne çekiji, duýgulary, öz durmuşyňyzda bolan ýaly ýerine ýetirmegiň usullaryny görkezýärin. Size bolsa geljekde ylhamyň howaýy sypatynyň yzyndan kowalamaň diýip masalahat berýärin. Siz adamyň aň-paýhasynyň ýetýän zady bilen iş salşyň-da, bu soragy jadygöý tebigatyň öňünde goýuň.

Mihail Semýonowiç Şepkin öz okuwçysy Sergeý Wasilýewiç Şumskä şeýle diýip ýazýar: «Sen käwagt keşbiňi gowşak, käwagt bolsa göwnejaý ýerine ýetirip bilersiň. Ýöne dogry ýerine ýetirmelisiň. Beýle ýagdaý ýygy-ýygydan göwnüň hal-ýagdaýyna bagly bolýar».

Gördüňizmi, siz artistçilik hyýalyňyzy we aladaňyzy nirä ugrukdyrmaly ekeniňiz-hä? Dogry ýola düşen keşbiň iş hereketleri çuňlaşyp, giňäp, barha ösup, ahyr soňy ylham çeşmesini oýarýar.

Şeýle ýagdaý bolup geçmese, ýalan, öýkünme, aşa geçmek, endik hiç mahal ylham çeşmesini oýarmaýandygyna berk gözüňiz ýetsin. Şonuň üçin hem keşbi dogry ýerine ýetirmäge çalşyň, keşbiň ösmegine mümkingadar gowy ýagdaýlar döretjek boluň, şeýtseňiz keşbiňiz siz bilen has-da ysnyşar.

Galyberse-de, geljekki sapaklarymyzda biz siz bilen ylhamyň gürrüňini kän edip, düýpli seljereris – diýip, Torsow okuw otagyndan çykyp barýarka aýtdy.

«Ylhamy seljermek?!..» Ol barada pikir öwürmek, pelsepe otarmak? Eýsem-de bolsa, beýle zat bolup bilermi? Men gözden geçiriş üçin gurnalan tomaşamda «Gan! Ýago, gan!» diýip, gygyranymda oýlanyp sözläpmidim näme? Haçanda, Maloletkowa «Meni halas ediň!» diýip, ussatlyk bilen gygyryp aýdan, jaýdar çagyryşyny, näme, pikirlenip aýdypmydy?

Men teatrdan çykyp barşyma, «Keşbiň şular ýaly uşak-düşek iş hereketlerinden, olardaky kiçijik hakykatlardan we ynamlardan, dynnym ýalyjak bölejiklerden, galkynan mahalyňda döreýän uçgunjyklardan ylham ýygnanyp we jemlenip peýda bolýarmyka?!» diýip, içimi gepletdim.

# XVI. ARTIST KEŞBI DÖREDÝÄRKÄ PEÝDA BOLÝAN DÜŞNÜKSIZ DUÝGY

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Bu gün Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyna girip:

– Nazwanow we Wýunsow, sahna meýdançasyna çykyň we «pullary ýakmak» okuw sahna işini ýerine ýetirip beriň – diýip, bize tabşyryk berdi. – Döredijilik işini elmydama bedeniňi gowşatmakdan başlamalydygy size mälim, şeýle dälmi? Şonuň üçin, ilki, edil öýüňizde ýaly bolup, arkaýyn, ynjalykly oturyň.

Biz sahna çykyp Arkadiý Nikolaýewiçiň tabşyrygyny ýerine ýetirdik.

– Siziň bu bolşuňyz bärden gaýdýar! Has parahat, has tagaşykly oturyň! – diýip, Torsow tomaşa zalyndan bize gygyrdy. – Bedeniňize agram salmaňyzyň togsan bäş göterimini aýryň! Siz maňa göterim meselesini galdyrybrak aýdýandyr öýdüp, pikir edýän bolaýmaň?! Ýok, müňlerçe tomaşaçylaryň öňünde artistiň bedenine dartgynlylyk äpet uly möçberde agram salýar. Iň ýaman ýeri, artist gerek bolmasa-da, erkine, ýagdaýa dogry düşünýän akylyna keşbi has gowy ýerine ýetirtmegi zerur hasaplaýar we şol sebäpden öz göwresine duýdansyzlykda artykmaç zor salýar. Şonuň üçin bedeniňize salýan dartgynlylygyňyzy başardygyňyzça aýryň.

Sahnada rahat özüňizi alyp barjak boluň. Sahna meýdançasynda durmuş hakykatyndan-da özüňizi has gowy duýmaga çalşyň. Sebäbi biz sahnada ýöne durmaýarys. Biz ol ýerde köpçüligiň öňünde ýalňyz galmak derdeseri bilen iş salyşýarys. Ol bolsa bize iň ýokary lezzeti berýär.

Men görüp otursam, özümi aşa dartgynlylyk hala salyp, sussupeslige ýetäýipdirin asyl... Netijede, bedenim ýerimden gymyldap bilmez ýaly derejede gurşup gidipdir. Bu dartgynlylygyň iň ýaramaz görnüşi. Onuň garşysyna çyndan göreşmeli boldy. Göreşiň dowamynda oturyşymy üýtgetdim. Ýönekeý hereketleri etdim. Soňra delilli iş hereketlerini edip, bedenimi guruşmakdan boşatdym. Men bu işleri ede-ede, indi başga derejä, ýagny alňasaklyk hala geldim. Beýle ýagdaý meni ynjalykdan gaçyrdy. Bu ahwaldan halas bolmak üçin nerwiniň badynyň dartgynlylygyny üýtgedip, edil ýaltanyňky ýaly iň haýal tizlige düşmeli.

Mugallym meniň bu usullarymy, diňe bir dogry hasaplaman, ony unady:

– Artist haçanda işini aşa gowy etjek bolup çalşanda, ol edýän işine ýeňilräk daraşyp gelşiksizlik etse-de, peýdaly bolup biler. Bu aşa dartgynlylygyň, aşa çalyşmagyň, aşa ýerine ýetirmegiň garşysyna zäherli dermany ulanan ýaly bolar.

Emma, gynansak-da, bularyň hiç birisi-de öz öýüňde, diwanyň üstündäki durmuşy rahatlygy we agaýanalygy berip bilmedi. Men görüp otursam, bu iş ýag-

daýynyň üç pursadyny unudan bolsam näme etjek. Olar: 1) dartgynlylyk, 2) gowşamak, 3) delillendirmek.

Netijede, ýol berlen ýalňyşlyklary tizden-tiz düzetmeli boldy. Men haçanda bu usullarymy ulananymdan soň, meniň içki dünýämdäki artykmaç gerekmejek ünjüler ýok bolup gitdiler-de, içki dünýäm boşap, özümi nirädir bir ýere siňip barýan ýaly duýdum. Men şonda bedenimiň agramynyň agyrlygyny aňdym. Meniň ýumşak kürsä agramyny atan göwräm oňa mazaly batyp basmarlady. Şu ýagdaýda içki myşsalarymyň dartgynlylygynyň köp göterimi ýok bolup gitdi. Ýöne bu usullar-da durmuşdaky meniň agaýanalygymy berip bilmediler. Bu näme boldugyka?!

Men öz hal-ýagdaýymy gözden oňat geçirenimden soň, myşsalarym bilen ünsüme agram salandygyma düşündim. Ünsüm bedenimiň ýagdaýyny sypdyrman gözden salýandygy üçin, bedenim arkaýyn dynç alyp bilmeýär eken. Men öz seljermämi Arkadiý Nikolaýewiçe aýdyp, onuň bilen maslahatlaşdym.

– Siz dogry aýdýarsyňyz. Içki dünýäňiziň agzalarynda-da artykmaç dartgynlylyk bolýar. Ýöne olara daşky myşsalaryň ýaly däl-de, başgarak çemeleşmeli. Içki agzalar gataňsy myşsalardan düzülen tanap ýüpi ýaly däl-de, kerep ýalydyr. Käbir kerepler port bolýar. Ýöne siz şol kereplerden işilen ýüp, dürre, tanap ýasaýsaňyz welin, olary palta bilen çapyp hem bilmersiňiz. Ýöne olary başda döredýän mahalyňyz örän seresaply bolmalydyr.

– Nähili seresaplylyk gerek? – diýip, okuwçylar soradylar.

– Içki dünýäňiziň dartgynlylygyna garşy göreşde-de Nazwanowyň aýdan üç işini ýerine ýetirmek gerek, ýagny dartgynlylyk, gowşatmak, delillendirmek. Birinji we ikinji işlerde içki dünýäň dartgynlylygyny gözläp tapmaly. Onuň döremeginiň sebäbine düşünmeli. Ony ýok etmäge çalyşmaly. Üçünji işde täze tapan içki ýagdaýyňy «hödürlenen ýagdaýlara» laýyk delillendirmeli.

Bu işleri seljerip düşünýärkäňiz, siziň wajyp elementiňiziň biri bolan ünsüňiz sahna meýdançasynda we tomaşa zalynyň içinde aýlanyp ýörmän, içki dünýäňiziň myşsalarda gaýym saklanýandygyny duýmagy unutmaň. Okuw sahna işi üçin zerur we gyzykly meýdanda ünsüňizi jemläň. Ony nähili-de bolsa sizi gyzyklandyryp, işiňizi janlandyrýan gönümel maksada ýa-da zerur iş hereketine gönükdiriň.

Men «pullary ýakmak» okuw sahna işiniň meseleleri we olaryň «hödürlenen ýagdaýlarynyň» pikirini etdim: öýümi hemme otaglaryny pikirimde aýladym. Şonda meniň nazarymdan hyýaly duýgymda garaşylmadyk ýagdaýlar peýda boldy. Men entek özüme tanyş däl otaga gabat geldim. Ol otagda garryja gojany hem-de kempiri gördim. Bular meniň aýalymyň ata-enesidi. Olar biziň ýatýan otagymyzda ýaşaýar eken. Bu garaşylmadyk açyşlygyň netijesinde meniň olara juda nebsim agyrdy. Şol bir wagtyň özünde-de aladamyň köpeljekdigi meni ynjalykdan gaçyrdy.

Sebäbi maşgala sanynyň köpelmegi bilen alada-da artýar ahyry. Özümi hasaba almanyňda-da, bäş adamy eklemek oýunjak iş däl-ä! Meniň iş gullugymyň şu mahalky ýagdaýynda, ertirki boljak barlag işleri, umumy ýygnak, resminamalaryň

we pulhananyň öňde duran hasabatlary..., meniň häzirki döwürde eýeleýän uly wezipämde adatdan daşary wajyp işlerdi. Men elime düşen inçejikden pugta işilen ýüpi barmaklarymyň daşyna orap, aladaly halda kürsüde oturdym.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Berekella! – diýip, tomaşa zalynda oturan ýerinden meniň tapan hereketlerimi goldady. – Ine, şu, hakykatdan hem, myşsalary gowşatmak. Men siziň näme hakynda pikir edýändigiňizi bilemok hem welin, siziň şu mahal aýdanlaryňyza, ýagny siziň edýän iş hereketleriňize-de, pikirleriňize-de ynanýaryn.

Haçanda men öz bedenimiň ýagdaýlaryny barladym welin, men myşsalaryma agram salmazdan, olaryň öz-özleriniň birkemsiz gowşap gidendiklerini duýdum. Meniň şeýle halda bolmagym, dartgynlylygy gowşatmagyň üçünji işidi. Anha, şol iş bolsa, myşsalarymy öz-özünden gowşadypdy.

– Diňe howlukmaň! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç pyşyrdady – Içki görşüňiz bilen ýagdaýyňyza ýene birlaý oňatja seredip çykyň. Eger gerek bolsa täze «eger-däni» ulanyň.

«Pulhanada hasabyň näsaz çykyşyny göreýin, hany? Bu pikiriň talabyny biljek bolsaň, resminamalary, iş kitaplary barlamaly bolar. Beýle iş gaty howply. Ýeke özüň, onda-da gijäniň içinde beýle işi oňararmykaň?» diýen pikir kellämde aýlandy. Men sagadyma seretdim. Sagat dört bolupdyr. Men sähel salymlap wagtyň giçligine tolgundym-da, pikir etmän stoluň başyna çöküp, ähli zady unutdym-da, edil dälirän dek işe başladym.

– Gaýratyňa berekella! – diýýän mugallymyň goldaýan sesi gulagyma ildi.

Ýöne indi men özümiň goldanylýandygyma üns bermedim. Indi goldaw maňa gerek däldi. Men sahnada ýaşadym, ömür sürdüm. Ol ýerde islän zadymy etmäge mümkinçilik aldym. Ýöne bu mümkinçilik maňa azdy. Men öz ýagdaýymy has çylşyrymlaşdyryp, sahnada ýaşamagymy ýitileşdirmek isledim. Beýle etmek üçin bolsa täze «hödürlenen ýagdaýy» iş hereketlerime salmak gerekdi. Onda-da nähili ýagdaýy?! Pulhanada ummasyz pul yetmezçiligini ýüze çykarmak ahwaladyny hereketime salmalydy.

«Hawa, onuň üçin näme etmeli?» diýip, men uly tolgunma bilen özümden soradym-da, sahna meýdançasynyň öňüne çykyp:

– Edaranyň resminamalaryny hasaba alýan iş otagyna gitmek gerek! – diýen netijä geldim. – Ol aýdýan iş otagyň ýapyk – diýip, ýadyma saldym-da, yzyma dolandym. Akylymy durlamak üçin kän gezmeledim. Çilim otlandym. Oňat oýlanmakçy bolup, otagyň garaňky burçunda oturyp, çilimimi çekdim. Meniň göz öňüme haýsydyr bir talapkär adamlar geldi. Olar resminamalary, iş kitaplaryny we pulhanany barladylar. Menden sorag etdiler. Men bolsa näme aýtjagymy bilmän, gürrüňi gümmi-sümmä urdum. Gedemlik, tekepbirlik maňa adatdan daşary güýç bilen, hakykatdan-da, geleňsizlik edendigimi boýnuma aldyrtmady. Olar meniň bu bolşumy görüp, ýalňyş netije çykarmaga mejbur boldular. Men barada jaýyň giz-

lin ýerlerinde durup, pyşyrdaşyp gürrüň etdiler. Men taşlanan ýaly bolup, bir gyra çekildim. Soňra olar ýene-de menden sorag etdiler. Kazyýete çekdiler. Işden çykardylar. Öý goşlaryny ýazga geçirdiler-de, meni öýden kowdular.

– Serediň, Nazwanow sahnada hiç zat etmeýärem welin, biz onuň içki dünýäsiniň howsalasyny äşgär duýýarys. Onuň içki dünýäsi ot alýar! – diýip, Torsow okuwçylara çawuş çakdy.

Meniň bolsa başym aýlandy. Men keşbi alyp barmagyň ugruna-utgasyna we özümiň nirededigime düşünmedim. Öz ýerine ýetirýän keşbimi ýitirdim. Ellerim ýüpi saramagyny goýdy we näme etjegini bilmän doňup galdy. Soňra näme bolandygyna düşünmedim. Ýöne maňa taýýarlanman, dürli ýagdaýlary ýerine ýetirmegiň oňat ýarandygyny welin ýadymda berk sakladym. Men birden-ä kazyýete gitmek üçin öňe çykdym, birden hem şkaflardan delil bolaýjak resminamalary gözledim.

Hakykatdan bolsa, özümiň nämäni gözleýändigime-de oňly düşünmedim. Diňe maňa seredenleriň gürrüňlerinden şeýle işleri edendigimi eşitdim. Meniň dünýämde, edil ertekilerde bolýan ýaly, yzly-yzyna geň galyp oturmaly hadysalar bolup geçdi. Men ozal okuw sahna işiniň wakalaryny diňe duýup ýaşaýardym. Meniň özümde we sahna işinde nämeleriň boljakdygyna aňrybaşy bilen düşünmeýärdim. Indi bolsa edil meniň kalbymyň «gözleri açylan» ýaly boldy.

Men indi hemme zada düşündim. Sahnada hem-de keşpde her bir uşak we iri zatlar meniň üçin indi başga mana eýe boldy. Men keşpde duýga, endige görä iş hereketini, aňly-başly göz öňüne getirmegi maksadyma laýyk düşünmegi öwrendim. Men edil täze pýesadaky keşbi ýerine ýetirýän ýaly boldum.

– Siziň bu halyňyz keşpde özüňizi tapandygyňyzy, keşbiň bolsa sizde özüni tapandygyny aňladýar – diýip, Torsow ýagdaýymy aýdanymdan soň, maňa düşündirdi.

– Men ozal başga hili göz öňüne getirýärdim, başga hili eşidýärdim, başga hili düşünýärdim. Öň men hakykata laýyk gelýän duýgy bilen sahnada iş hereketlerini edýärdim. Indi bolsa çyn joşgun bilen iş hereketini etdim. Ozal keşbimiň iş hereketinde ýönekeý howaýylyk bolan bolsa, indi ony ýönekeý, baý howaýylyk gaplady. Ozal sahnada meniň azatlygymyň çägi bellibir hal-ýagdaýa baglydy. Indi bolsa men islegime görä tarhan. Men indi pul ýakylýan sahna işini ýerine ýetirenimde, dürli-dürli döredijilik usullary bilen, her gezek üýtgeşik ýerine ýetirjekdigimi duýdum.

– Bu aýdýanyňyzyň hatyrasy üçin ýaşamak we artist bolmak, hakykatdan-da, gerekli dälmi näme?! Bu ylhammy? – diýip, men Arkadiý Nikolaýewiçden soradym.

– Bilmedim-dä. Bu soragyňyzy aň bilen iş salyşýana beriň. Ylym meniň hünärim däl. Men tejribe bilen iş salyşýaryn. Şeýle döredijilik pursadymda özüm bilen bolup geçýän zatlary diňe düşündirip bilýärin.

– Siz özüňizde nähili duýgyny başdan geçirýändigiňiz bilen nämäniň bolýandygyny nähili duýýarsyňyz? – diýip, okuwçylar soradylar.

– Men ony size uly höwes bilen aýdyp bererin, ýöne bu gün däl. Sebäbi, sapagy gutarmaly. Size beýleki sapaklar garaşýar.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç beren sözüni unutmandyr. Ol sapagy söz beren temasyndan başlady:

– Birmahal, tanyşlarymyň biriniň toýunda meniň bilen oýun edip bejeriş işini etdiler.

Uly stollary getirdiler, olaryň biriniň üstünde-hä hamala hirurgiýa enjamlary goýlupdyr, beýlekisi welin, üsti boş, operasiýa edilýän stolmyş... Stoluň üstüne ak düşek ýazdylar. Hasa, legen we dürli gap-gaçlary taýýarladylar. Lukmanlar ak eşik, maňa bolsa köýnek geýdirdiler. Onsoň meni göterip, bejerilýän stola mündürdiler. Gözlerime mata çekdiler, ýönekeý dilde aýdanyňda, meniň gözlerimi daňdylar. Maňa hemme zatdan beter lukmanlaryň degişmelere we bolup duran zatlaryň hemmesine ynanyp, diýseň çynyny edip, meniň bilen edil agyr hassa seredişleri ýaly, aşa mylaýym özlerini alyp baryşlary ýaramady.

Bu ýagdaý maňa özümi näzeýilli alyp barmalydygyny aýan etdirmän, meni alasarmyk hala saldy. Güljegimi-de, aglajagymy-da bilmedim. Mende «Olar birden çyndan kesip başlaýmasynlar?!» diýen gödek bir pikir hem oýandy. Näbellilik we garaşmaklyk meni tolgundyrdy. Eşidiş agzalarym perdesi açylan dek ýitileşdiler. Men her bir sesi sypdyrman eşitmäge çalyşdym. Ses bolsa köpdi: daş-töweregimdäkiler pyşyrdaşýardylar, suwy gaplara guýýardylar, «lukmanlaryň gurallary» biri-birine degip şakyrdaşýardylar, gap-gaçlar ses edýärdiler, uly legen bolsa buthanadan asylgy jaňyň sesi ýaly güňleç seslenýärdi.

– Hany, başlalyň! – diýip, kimdir biri men eşider ýaly edip pyşyrdady.

Gurbatly el meniň myşsamdan penjeledi. Men ilki gödek agyryny, soňra üç sanjym edilenini duýdum... Men saklanyp bilmän tisgindim. Näme-de bolsa gaty we uçly zat bilen meniň goşarymyň ýokarsyny ýaramaz ýagdaýda kesip, hasa bilen daňdylar, birdenem gurallary aşak gaçyryp, aljyraňňy hala düşdüler.

Uzak arakesmeden soň, gaty ses bilen seslendiler. Gülüşdiler. Meni gutladylar. Gözlerimiň daňysyny çözdüler. Men çep golumyň üstünde ýatan, sag golumyň daňylaryndan ýasalan bäbegi gördüm. Daňynyň goşarynyň ýüzünde bäbegiň kiçijik samsyjak ýüzjagazynyň şekilini çekipdirler.

Şeýlelikde, bir sorag ýüze çykýar: meni «kesip bejerýän» mahaly ynama ýugrulan aladam çyn hakykatmyka? Ýa-da meniň başdan geçirenlerimmi? Has dogrusy, hakykata meňzeş duýgy diýip atlandyrmalymy?

Elbetde, mende oýanan bu duýgy hakykat däl. Oňa bolan ynam hem hakyky ynam däl. Sebäbi çyn alada, aldaýan alada, ynam, ynanmazlyk, hakykat, hakykata

meňzeşlik bilen gezekleşip geldiler. Emma şol bir wagtyň özünde-de, men durmuşda-da bejeriş işleri edilende şu degişme tomaşanyň käbir ýerinde hut özümi duýşum ýaly duýgulary başdan geçirjekdigime düşündim. Oýnalyp durlan bu oýun durmuş hakykatyna örän meňzeşdi.

Şol oýun mahaly bolup geçen duýgularyň içinde, elbetde, çyn duýgular hem boldy. Men şol çyn duýgularyň ýüze çykan mahaly özümi hakyky durmuş ýagdaýynda duýdum. Hatda şol çyn duýgularda özümden hem gitdim. Ýöne beýle halda sähel salym bolup, dessine-de açyldym. Şeýle-de bolsa gurnalan bu durmuşy oýun hakydamda özüniň yzyny galdyrdy. Şol başdan geçirenlerim durmuşda-da bolup biljek zatlar diýip, men şu mahal pikir edýärin. Men, ine, şeýdip, ilkinji sapar toslamalardan ýüze çykýan duýgularyň heňňamy bilen ýüzbe-ýüz boldum. Men indi olary sahnada örän oňat bilýärin – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç söhbedini soňlady.

– Bu durmuşyň ugry däl-de, onuň bölejikleri, kesindileri ahyry! – diýip, okuwçylar mugallymyň aýdanlaryna düşünmeýändiklerini mälim etdiler.

– Siz, belki, toslamalardan gurnalýan döredijiligiň durmuş ýolunda arasy üzülmeýändir öýdýänsiňiz? Ýa artist sahna meýdançasynda keşbi başdan-aýak durmuşa meňzeş ýerine ýetirýändir diýip hasap edýärsiňizmi? Eger-de şeýle bolsa sungatyň adamdan edýän talabyny onuň bedeniniň kuwwaty we kalby göterip bilmez.

Size biziň sahnada hakydamyzda çyn durmuş hakykatyndan galan isleg-hyjuwlarymyz bilen ýaşaýandygymyz eýýäm mälim. Olar her minutda durmuşyň oýunlary bolup, biziň hakydamyzda oýanýarlar. Keşpde özüňi doly, yzygiderli halda unutmak we sahnada bolýan zatlara gyşarnyksyz, tutuşlaýyn ynanmak, käwagt bolýan-da bolsa, gaty seýrek duş gelinýär.

Biz şeýle halyň belli-belli uzak ýa-da gysga wagtlaýyn bolup geçýändigini bilýäris. Keşbiň galan ýerlerinde hakykaty hakykata, ynamy ynama meňzeş ýagdaýlar bilen gezekleşdirip, durmuşy janlandyrýarys.

Meniň «kesip bejeriş» hakyndaky oýunda, Nazwanowyň bolsa «pullary ýakmak» sahna işinde bolýan wakalara çyndan ynanyp, özümizi ýitiren mahalymyz boldy. Biz keşbimizi edil durmuşda adamyň hakydasyndaky islegini ýerine ýetirýän ýagdaýyna meňzäp, sahnada ýerine ýetirdik. Keşplerimiz adam durmuşynyň nireden başlanyp, nirede gutarýandygyna düşünip bolmajak zatlar bilen garyşyk ýagdaýda döredi.

– Ynha, hut şu-da ylham-da! – diýip, men ynamly gürledim.

Torsow:

– Hawa, bu iş pursadynda toslama köp – diýip, meniň aýdanyma ýene-de düzediş saldy.

– Nirede toslama bolsa, şol ýerde-de ylham bar! – diýip, men pikirimden dänmedim.

– Siz näme üçin beýle pikir edýärsiňiz? – diýip, Torsow geňirgendi-de, eglenmän golaýynda oturan Puşine ýüzlendi:

– Edil şu mahal şu ýerde haýsy-da bolsa bir ýok zadyň adyny eglenmän aýdyň!

Puşin dessine:

– Arabanyň arşy! – diýip seslendi.

– O näme üçin arabanyň arşy?

– Meniň bu soraga jogap bermäge akylym ýetmeýär.

– Meniň hem akylym ýetmeýär we hiç kimiň hem akyly ýetmez. Diňe toslama bilen iş salyşýan aňymyz beýle sözi näme üçin orta oklanandygyna düşünýär – diýip, Torsow meseläni doly düşündirdim hasap etdi.

– Weselowskiý, siz hem derrew göz öňüne getiren zadyňyzyň adyny aýdyň!

– Ananas!

– O näme üçin ananas?

Görüp otursak, Weselowskiý gije köçeden barýarka, birdenkä hiç bir esassyz ananas hakynda pikir edipdir. Onuň aňynda ananas palma agajynda ösüp oturan ýaly bolupdyr. Ananasyň palma meňzeşdigi ýöne ýerden däl-ä. Hakykatdan-da, ananasyň ýapraklary kiçijik palmanyňka çalymdaş. Onuň gabygy bolsa palmanyň köküne meňzeş.

Arkadiý Nikolaýewiç biderek ýerden jan çekip, Weselowskiniň düşünjesinden näme üçin ananasy mysal getirendiginiň sebäbini anyklajak boldy:

– Siz, belki, ýakynda ananas iýensiňiz?

Okuwçy:

– Ýok – diýip jogap berdi.

– Siz, belki, ananas hakynda pikir edensiňiz?

– Pikir hem edemok.

Torsow:

– Diýmek, bu soraglaryň jogabyny aň-paýhasyň toslamalaryndan gözlemeli bolýarys. Siz nämäniň pikirini edýärsiňiz? – diýip, Wýinsowdan sorady.

Biziň gylyk-häsiýeti geň-taň ýoldaşymyz bu soraga jogap bermezden öň çuňňur oýa batdy. Ol soragyň jogabyny aýtmanka, elleriniň aýasyny jalbaryna sürtdi. Soňra has beter oýurganyp, jalbarynyň kisesinden bir köne kagyz çykardy-da, ony höwes bilen epleşdirdi. Onsoň onuň epinlerini ýazdy.

Arkadiý Nikolaýewiç muňa heziller edinip güldi, soňra-da şeýle diýdi:

– Meniň soragyma jogap bermezden öň, Wýunsowa gerek bolan şol iş hereketleriniň hemmesini aň-paýhasyň kömegi bilen gaýtalajak boluň hany. Oňa şol iş hereketlerini etmek nämä gerek boldy? Beýle manysyz iş hereketiniň sebäbini diňe toslama duýgusy biler.

Torsow:

– Siz gördüňizmi? – diýip, maňa ýüzlendi, Weselowskiniň we Puşiniň näme aýdan bolsa hemmesi, Wýunsowyň hemme eden iş hereketleri ylhama degişli bolman ýerine ýetirildi. Ýöne olaryň aýdan sözleriniň we eden işleriniň käbir ýerlerinde toslama bar. Diýmek, toslama duýgusy diňe döredijilk pursadynda däl isle-

giň, gatnaşygyň, ýagdaýa dogrulanmanyň, iş hereketiniň we beýleki ýagdaýlaryň ýönekeýje minutlarynda-da peýda bolup bilýär.

Biz toslama duýgusy bilen aýrylmaz dostdurys. Bize durmuş hakykatynda bu duýgy her bir ädimde gabat gelýär. Bizde her bir döreýän nämedir bir zady göz öňüne getirmek, ony içki dünýämiz bilen görmek duýgularymyz dürli ýagdaýda toslama duýgusyny talap edýär. Toslamalar şol duýgularyň özünden döreýär. Içki durmuşyň her bir fiziki iş hereketlerinde, her bir «ýagdaýa dogrulanmalarda» tutuşlaýyn ýa bölek-bölek ýerlerinde toslama duýgusynyň göze ilmeýän ugrukdyrylmalary ýatýar.

– Hiç düşünip bolmajak zatlar! – diýip, Wýunsow tolgundy.

– Şeýle-de bolsa, bu örän sada düşünje, kim Puşine arabanyň arşy diýip aýtdy? Kim oňa şeýle zady göz öňüne getirtdi? Kim Weselowskä ellerini şeýle geň ýagdaýda hereketlendirmäge, ýüz keşbini üýtgetmäge, sesini dürli ýagdaýlara salmaga gönükdirdi? Kim oňa palma agajynda ösýän ananas hakyndaky öz aňlamaýan halynyň ýagdaýa dogrulanmasynyň hemme iş hereketlerini düşündirdi? Meniň soragyma eglenmän jogap bermezinden öň, Wýunsowyň garaşylmadyk ýagdaýda ýerine ýetiren fiziki iş hereketlerini etmek, kimiň kellesine aň-paýhasyň kömegi bilen gelip biler? Ony şu ýerde-de toslama duýgusy gönükdirdi.

Men:

– Diýmek, her bir göz öňüne getirme, her bir «ýagdaýa dogrulanma» ol ýa-da beýleki ýagdaýda toslama duýgusyndan emele gelýär-dä? – diýip, ýagdaýa düşünmek isledim.

– Olaryň köpüsi şonuň ýaly – diýip, Torsow tassyklamaga gyssandy. – Ine, meniň biz toslama duýgusy bilen uly dostdurys diýip aýdýanymyň sebäbi şundan ybarat.

Toslamanyň iň gerekli ýeri teatr bolsa-da, onuň şol ýerde örän seýrek bolýandygyny biziň göwnümize almagymyz ýerlikli. Berk ugrugan, ýat tutulyp, lenç edilen, aşa kän gaýtalanyp duran birmeňzeş toslama duýgusyny tapjak bolup synanyşyň bakaly. Beýle aktýoryň iş hereketleri galyba elmydamalyk salnandyr. Biziň kalbymyzyň we tebigatymyzyň aktýorçylygynyň ýerine ýetirijilik döredijiligi toslama duýgusynyň döredijiligi bolmasa gurak, jansyz, ýasama, takyk däl, ýalan oýlanyp-ölçerip döretmek bolýar.

Sahnada toslama döredijiligine giň ýol açjak boluň! Oňa päsgel berýän hemme zatlary aradan aýryň-da, toslama kömek edýän zatlary bolsa goýup berkidiň. Bu ýerde esasy mesele psihotehnikadadyr. Artistiň duýgularyny toslama duýgusyny döreder ýaly adaty ýagdaýa salyp, onuň öz-özünden tebigy ýagdaýda hyýaly galkynmalara ýetmegini gazanmaly.

Öz tebigaty boýunça aň-paýhasa boýun bolmaýan toslama duýgusyna aň-paýhas bilen nädip barmaly? Biziň bagtymyza, sahnada keşbi ýerine ýetirmegiň birinji ugry boýunça, döredijilikde toslama duýgusy bilen aň-paýhas duýgusynyň

arasynda berk duran araçäk ýok. Galyberse-de, aň-paýhas duýgusy ýygy-ýygydan toslama duýgusynyň döredijiligine ugur görkezip, oňa giň ýol açýar. Biz tebigatyň bu häsiýetini psihotehnikamyzda giňden ulanýarys. Bu ýagdaý sungatda biziň ugrumyzyň esasy ýollarynyň biri bolan artistiň taslama duýgusynyň döredijiligini aň-paýhasyň psihotehnikasynyň üsti bilen döretmäge mümkinçilik berýär.

Şeýlelik bilen, öz gezeginde artistiň kalbyndaky döredijilik ukybyny tebigy ýagdaýda oýaryjy bolup duran psihotehnika hakyndaky sorag orta çykýar. Ýöne bu hakynda indiki sapakda aýdarys.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Biz şu gün aň-paýhasyň üsti bilen tebigatdan artistiň özüne toslama döredijiligini çekişiniň gürrüňini etmekçi. Bu mesele barada soňky sapagymyzyň öň ýanyndaky sapakda bolan «pullary ýakmak» sahna işinde şeýle pursady öz başyndan geçiren Nazwanow hem aýdyp biler.

Men:

– Meniň keşbi nähili ýerine ýetirendigim özüme düşnüksiz. Men diňe maňa niredendir garaşylmadyk ýagdaýda ylhamyň gelendigini aýdyp biljek – diýdim.

– Siz sapagyň netijesini nädogry kesgitleýärsiňiz. Sapakda siziň çak edişiňizden has uly wajyp ahwal bolup geçdi. Ylhamyň gelmegi siziň elmydama göz öňünde tutýan islegiňiz. Ol garaşylmadyk ýagdaýda bolan waka. Oňa «geler» diýip göz dikip garaşmak bolmaz. Şol gürrüňi edilýän sapakda bolan zada bolsa ynanyp bolýar. Şol okuw sahna işinde size ylham garaşylmadyk ýagdaýda tötänlikden gelmedi. Siziň özüňiz ylhamyň gelmegi üçin gerekli ýollary açyp, ony çagyrdyňyz. Biziň aktýorçylyk sungatymyzyň psihotehnikasy we onuň tejribe işleri üçin hut şeýle ýagdaýy gazanmak, oňa ýetmek örän wajyp işdir.

Men:

– Men ylhama hiç hili ýol taýýarlamadym. Beýle ýoly nädip taýýarlamalydygyny hem bilemok – diýip, hiç zada düşünmeýändigimi aç-açan aýtdym.

– Diýmek, men siziň aň-paýhasyňyzdan daşary sizde ylhamyň döremegini gazanypdyryn.

– O nähili? Haçan? Elmydama bolşy ýaly, hemme ýagdaý öz gezeginde, gezekme-gezek bolup geçdi: myşsalarymy gowşatdym. «Hödürlenen ýagdaýlary» gözden geçirdim. Köp meseleleri goýdum. Olary ýerine ýetirdim we şuňa meňzeş hereketler.

– Hakykatdan-da, dogry aýdýarsyňyz. Bu işlerde hiç hili täzelik bolmady, ýöne siz adatdan daşary, örän wajyp bir bölegi görmediňiz. Ol bölek ähmiýetli we gaty uly täzelik. Ol ujypsyzja goşundyny özünde jemleýär, has dogrusy, men sizden her bir döredijilik iş hereketini doly suratda, ahyryna çenli ýerine ýetirmegiňizi talap etdim. Ine, bar bolan zat.

Wýunsow:

– O nähili bar bolan zat? – diýip, bu aýdylanlara düşünmäge çalyşdy.

– Diýseň ýönekeý düşünje. Aktýorçylyk sungatynyň şertli usullaryny ulanman, içki duýgularyň elementleriniň, pisihiki durmuşyň hereketlendirijileriniň hemmesini, işiň içinden boýdan-başa eriş-argaç bolup geçýän iş hereketini adama mahsus, adaty halda, ahyryna çenli ýerine ýetiriň. Şonda siz sahnada ýerine ýetiren keşbiňizde öz kalbyňyzdaky hakyky durmuşyň adaty ýagdaýyna göz ýetirersiňiz. Siz özüňiziň we beýan edýän keşbiňiziň durmuşynyň diýseň çyn hakykatyna akyl ýetirersiňiz. Hakykata bolsa ynanman bolmaz. Nirede hakykat we ynam bar bolsa, sahnanyň şol ýerinde-de öz-özünden «şu mendirin» diýlen düşünje döreýär.

Siz her sapar içki dünýäňizde şeýle pursatlar dörän mahaly ýerine ýetirilýän işiňiz, artistiň islegine garaman, toslama duýgusy bilen adaty ýagdaýyň öz-özünden gezekleşýändigini aňdyňyzmy?

«Pullary ýakmak» hakyndaky okuw sahna işinde Nazwanow bilen bir wagt şeýle ýagdaý bolupdy, soňky sapakda edil şu ýagdaý bolup geçdi.

Şeýlelikde, artistiň aň-paýhasyň gurnan psihotehnikasynyň üsti bilen ahyryna çenli ýerine ýetirilen işinde biziň tebigatymyzyň özi döredijilik toslama duýgusynyň pursatlaryny döredýär. Döredijilik meýdanynda şular ýaly çäkde, doly gutarnykly ýagdaýda psihotehnikanyň usullary ýerine ýetirilende, size mälim bolan adatdan daşary wajyp goşundyny goşmak bilen tükenmelidir. Siz şu täzeligiň ähmiýetiniň neneňsi wajypdygyna göz ýetirsediňiz! Döredijilik üçin onuň her bir pursadynyň nähilidir bir uly, çylşyrymly, beýik mana eýe bolmagy zerurlykdyr. Siz geçen sapaklarymyzdan bilýärsiňiz, her bir uşakly-irili wakalary duýmaklyk, olaryň iş hereketleri, usullary bilen sahnada doly suratda, ahyryna çenli ýerine ýetirilende ynama we «bu mendirine» ýugrulyp, uly mana eýe bolýar. Şeýle bolanda artistiň içki dünýäsiniň döredijiligi köpçüligiň öňünde nähili gurnalandygyna garamazdan, sahnada adam tebigatynyň düzgünlerine laýyk, adaty ýagdaýda işleýärler.

Durmuşda hemme zat adaty ýagdaýda öz-özünden döreýär we hereket edýär. Sahnada welin psihotehnikanyň kömegi bilen durmuşa meňzeş hakykat gurnalyp taýýarlanylýar.

Oýlanyp görüň-ä muny, iň bir kiçijik adaty hakykat we ynam bilen döredilen kalp we fiziki iş hereketi «bu mendirin» derejesinde doly, ahyrky ýagdaýyna ýetirilse, ol artistiň toslama duýgusy bilen bile içki dünýäsini, adaty tebigatyny işe salyp bilýär! Siziň öňki bilýän usullaryňyza täze, örän wajyp goşundyňyz şu dälmidir eýse?!

Mem şeýle pikir edýärin, ýagny siz ýaly ýaňy artistçilik hünärini ele almaga başlaýan okuwçylara sahna meýdançasynda ilkinji ädimini ädip başlan dessine toslama duýgusyny mümkin boldugyça öwretmeli däl diýýän mugallymlaryň ýol-ýodasyna, meniň şu aýdýanlarym doly suratda ters gelýär. Ilkinji pursatlardan başlap, usullaryň elementlerinde, sahnada özüni duýşy öwredilende, hemme maşklarda we

sahna taýýarlyk işlerinde olary doly suratda, ahyryna çenli ýerine ýetirmegi gazanmaly (61).

Goý, ýaňy okuwa başlaýanlar artistçilik döredijiliginiň adaty ýagdaýynda, ýerbe-ýer ýerine ýetirilen işiniň, iň bolmanda käbir ýerinde, onuň şirin lezzetini dessine duýsun. Goý, olar bu ýagdaý bilen diňe jansyz, gurak kesgitleme söz bilen, öz duýgulary bilen hem tanyşsynlar. Goý, olar bu ýagdaýy iş ýüzünde çyndan halasynlar, sahna meýdançasynda bu ýagdaýy döretmäge höwes etsinler.

– Men siziň şu gün tapan goşundyňyzyň wajypdygyna düşünýärin – diýip, men Arkadiý Nikolaýewiçe aýtdym:

– Ýöne bu bize az. Biziň bu hal-ýagdaýa laýyk pisihotehnikany bilmegimiz, ony ulanmagyň usullaryny özleşdirmegimiz gerek. Bize şonuň üçin hem şol hal-ýagdaýa laýyk psihotehnikany takyk mysallar bilen ulanmagy öwrediň.

– Bagyşlaň. Ýöne siz menden hiç hili täze zat eşitmersiňiz. Maňa diňe siziň nämä düşünendigiňizi anyk bilmegim gerek boljak. Ine, meniň size ilkinji maslahatym: sahnada özüňi arkaýyn duýmagy siziň diňe özüňiz dogry döredip bilersiňiz. Psihotehnikanyň kömegi bilen içki dünýäňizde döredijiligiň dogry gurnalandygyny her ädimde duýuň. Siziň tebigatyňyz işe girişmek üçin, diňe itergä garaşýar. Siz öz tebigatyňyza şol itergini beriň.

– Ony nädip bermeli?

– Himiýa pudagynda iki jisimiň özara bir-birine täsiri haýal ýa-da gowşak bolanda olaryň özara täsiriniň çaltlanmagy ýa-da güýçlenmegi üçin şol jisimlere laýyk üçünji jisimi goşýarlar. Anha, şol üçünji jisime kuwwatlandyryjy diýilýär. Bu özboluşly goşundy jisimleriň bir-birine täsirini dessine ýetmeli derejesine ýetirýär. Siz hem şol iş hereketine meňzeş dürli böleklerdenmi, iş hereketlerindenmi, hakykatlygy çyn pursatlardanmy, aý, garaz, nämelerdendigine garamazdan, garaşylmadyk, taýýarlanylmadyk häsiýetdäki kuwwatlandyryjyny ulanyň. Anha, şol garaşylmadyk we taýýarlanylman ulanan kuwwatlandyryjyňyz siziň döredijilik tebigatyňyzy göreşe çykarar.

Meniň bu aýdýanym «pullary ýakmak» sahna işiniň soňky gezekki gaýtalamasynda bolup geçdi. Nazwanow sahnada özüni dogry ýagdaýda duýýandygyny bilip, öz döredijilik ýagdaýyny ýitileşdirmek maksady bilen ýanan pullaryň hasabyny köpeltmek üçin, garaşylmadyk ýagdaýda, taýýarlanylmadyk täze «hödürlenen ýagdaýy» okuw sahna işine salandygyny soňra bize aýtdy. Onuň üçin şol toslama kuwwatlandyryjy jisim bolup hyzmat edipdir. Goşundy jisimleriň bir-birine täsirini derrew ýetmeli derejesine ýetirdi, ýagny artistiň içki dünýäsini we adaty tebigatyny syzyş, aňlamak döredijilik usulyna alyp bardy.

– Wah, şol kuwwatlandyryjyny nireden gözlemeli? – diýip, talyplar düşünmäge çalyşdylar.

– Göz öňüne getirmekden, aňlamakdan, syzmakdan, düşünjelerden, duýmakdan, isleglerden, göwnüňdäki we fiziki uşakly-irili iş hereketlerinden, hyýaly

ýagdaýda täze toslamalaryň gerekmejek böleklerinden, özüňiziň gatnaşyk edýän meýdanyňyzdan, özüňizi doly suratda gurşap alan sahna meýdançasyndaky göze ilmeýän zatlardan, mizansahnalardan. Nireden bolanda näme we nämeden bolan-da-da, kiçijik, hakyky, adama mahsus, durmuşa laýyk hakykat we ynama çagyrýan, «bu mendirini» döredip bilýän ýagdaýlarda bolmalydyr.

– Sonda meniň özüm bilen näme bolup geçmeli? – diýip, Wýunsow sorady.

– Birnäçe garaşylmadyk pursatlarda siziň ýerine ýetirýän keşbiňiz bilen öz şahsy durmuşyňyzyň bir-biri bilen garyşyp goşulmasyndan sahnada başyňyzyň aýlanmagy bolup geçer. Siz özüňiziň bellibir bölegiňiziň keşbe siňendigini, keşbiň bolsa size siňendigini duýarsyňyz.

– Onsoň?

– Onsoň näme boljagyny men size eýýäm aýtdym: sizi hakykat, ynam «bu mendirin» diýilýän adaty tebigatyňyzda aň-paýhas bilen döremedik döredijiligiň golastyna berer. Nazwanowyň soňky sapagymyzyň öň ýanynda eden işine meňzeş işi sahnada özüňi duýmagyň elementleriniň islendigi bilen gaýtalap bolýar. Nazwanowyňky ýaly myşsalaryňyzy gowşadyp başlajak bolsaňyz, onda hyýaly duýgynyň we hödürlenen ýagdaýyň, islegiň we öňde goýulýan meseleleriň kömegine ýüz tutmaly. Eger «hyjuw, göz öňüne getirmek we seljeriş» duýgularyňyzy oýaran bolsa, ýazyjynyň eserindäki hakykaty duýup bilersiňiz. Şonda ynam we «bu mendirin» öz-özünden peýda bolar. Siz bu işiň hemme ýerinde ilkinji dörän we oýanan özüňizi duýmak elementini işläniňizde, ony ahyryna çenli işlemelidigini unutmaly dälsiňiz. Işiň bir elementini ýitirmän, ahyryna çenli alyp gitseňiz, beýleki elementleriň-de onuň yzyna tirkelip gidýändigini siz bilýärsiňiz.

Meniň şu mahalky size düşündiren aň-paýhasy ulanman döredilýän döredijilik biziň tebigatymyzyň döredijilik dünýäsiniň ýalňyz ýoly däldir. Başga-da ýollary bar. Ýöne men olary şu gün aýdyp, görkezip ýetişmeýärin. Şonuň üçin indiki sapara çenli hoş, sag boluň!

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyna giren dessine:

– Şustow bilen Nazwanow, Otello we Ýagonyň keşbini ýerine ýetirip, eseriň şol parçasyndaky ilkinji sözleriňizi aýdyň – diýdi.

Biz taýýarlandyk. Parçany ýerine ýetirdik. Özi hem telli-pelli ýerine ýetirmän, ünsümizi jemläp, sahnada öz ýagdaýymyzy örän takyk duýup, keşpleri ýeňillik bilen ýerine ýetirdik.

Torsow:

– Siz şu mahal näme bilen iş salyşdyňyz? – diýip, bizden sorady.

Paşa:

– Iň ýakyn mesele bilen, has dogrusy, Nazwanowyň ünsüni özüme çekmek meselesi bilen – diýip jogap berdi.

– Men bolsa Paşanyň aýdan sözlerine, içki dünýämiň aýdyşy ýaly, düşünmek bilen boldum – diýip, menem düşündirdim.

– Şeýlelik bilen, biriňiz beýlekiniň ünsüni özüne çekmek üçin özüne üns berdiripdir, beýlekiňiz bolsa, özüne aýdylýan sözlere düşünjek we aňlajak bolup aýdylýan sözlere düşünipdir we olary aňlapdyr.

– Ýok! O näme üçin ... – diýip, biz garşy çykdyk.

– Sebäbi sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň we keşbiň içinden «eriş--argaç bolup geçýän iş hereketi» we «ýokarybaş meselesi» bolmasa-diňe şular ýaly bolup bilýär. Olar bolmadyk mahaly üns üns üçin, görüp aňlamak, görüp syzmak üçin ýerine ýetirilýär. Indi, öňki ýerine ýetireniňiziň üstüne Otellanyň Ýago bilen degişýän bölegini goşup, sahnaňyzy dowam ediň.

Biz Torsowyň tabşyrygyny ýerine ýetirdik.

Biz keşbimizi ýerine ýetrenimizden soňra:

– Siziň çözmeli meseläňiz nämeden ybarat? – diýip, Torsow ýene-de sorady.

– Be dolce for niente (italýança) – hiç hili gowulyga duwlanmazlyk – diýip, men jogap berdim.

– Hany, şol öňki wezipäňiz bolan gürrüňdeşiňe düşünmäge çalyşmak nirä gitdi?

– Ol has wajyp bolan täze wezipä garyşyp, şonuň içinde ýitip gitdi.

– Ýaňyja, täzeden geçen iki bölümçäňizi yzygiderli ýagdaýda nähili ýerine ýetirendigiňizi we keşplerde sözleri aýdyşyňyzy ýatlaň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç öz islegini gönümel aýtdy.

– Meniň birinji bölümçede sözleri nähili aýdandygym we ony nähili ýerine ýetirendigim ýadyma düşýär. Ýöne ikinji bölümçäni nähili ýerine ýetirenim we haýsy sözleri aýdanym ýadyma düşenok – diýdim.

– Diýmek, ikinji bölümçe öz-özünden ýerine ýetirilip, onuň sözleri-de öz--özünden aýdylypdyr-da – diýip, Torsow belli-külli netijä geldi.

Men:

– Elbetde, şonuň ýaly – diýip ylalaşdym.

– Indi siz edil şu mahal ýerine ýetireniňizi gaýtalaň-da, indiki bölümçäni, ýagny geljekki gabanjaňyň ilkinji düşünmeýän hala düşen pursadyny üstüne goşuň.

Biz Torsowyň talabyny ýerine ýetirdik we onuň meselesine bulaşygrak at goýduk, ýagny «Ýagonyň myjabatyny bolup bilmejek zat diýip, üstünden gülmek» diýdik.

– Öňki gürrüňdeşiňe düşünmäge çalyşmak we «be doce far niente» (italýança) hiç hili gowulyga duwlanmazlyk meseleleri nirede?

Men olary has uly bolan täze mesele ýuwutdy diýmek isledim-de, ýöne sesimi çykarman, öz islegimi aýtmakdan saklandym.

Torsow:

– Näme boldy? Sizi näme çekindirýär? – diýip, tutanýerlilik bilen bizden sorady.

– Keşbiň şu ýerinde bir ýol – bagtlylyk ýoly çürt-kesik üzülýär-de, täze ýol – gabanjaňlyk ýoly başlanýar – diýdim.

– Ýollar kesilmeýärler – diýip, Torsow meniň pikirimi düzetmek bilen boldy. – Ýollar «hödürlenýän ýagdaýlara» görä ýuwaş-ýuwaşdan ösüp, başga ýola düşýärler. Ilki ýaňy öýlenen Otellonyň bagtdan lezzet alýan gysgajyk ýoly başlanýar. Ol Ýago bilen oýun edýär. Soňra geň galýar, aýdylýana düşünmeýär, müňkürlik peýda bolýar. Üstüni basjak bolýan betbagtçylygy özünden sowmak isleýär. Onsoň öz-özüni köşeşdirýär we öňki bagtyndan alýan şirin lezzetine dolanyp gelýär.

Biz şular ýaly ahwallara durmuş hakykatynda-da duşýarys ahyry... Durmuş hakykatynda-da bagtly pursatlarda geçýär. Soňra birdenkä müňkürlik, göwnüň geçmeklik, betbagtlyk ara düşýär-de, soňundan ýene-de hemme zat aýdyňlaşýar. Şular ýaly geçiş ýollaryndan gorkmaň. Gaýtam, olara üns berip, delillendirip, ýitileşdirip, bir-birine meňzeşlikleri aradan aýryň. Şu mysalymyzda şeýle etmek kyn däl. Artist Otello bilen Dezdemonanyň başky bagtly ýaşan günlerini ýatlamaly. Onsoň aktýor aňynda mawryň başyna Ýagonyň salan dowzahy bilen Otellonyň bagtly durmuşyny deňeşdirmeli.

Wýunsow bu sowala düşünmän:

– Dezdemona bilen ýaşan durmuşyndan nämäni ýatlamaly diýdiňiz? – diýip, ýaňadan mugallymdan sorady.

– Söýgi isleýänleriň Brabansionyň öýündäki ilkinji unudylmajak bagtly duşuşyklary, Otellonyň Dezdemona aýdýan gyzykly başdan geçirmelerini, pynhan duşuşyklary, durmuşa çykmakçy bolýan Dezdemonany Otellonyň alyp gaçmagy we toý tutmagy. Olaryň nika agşamy biri-birinden aýra düşmegi. Kipriň güneşli gününiň astynda täzeden birleşmekleri, nikadan soňra ýatdan çykmajak syýahat aýyny bile geçirişleri, görüň, neneň ajaýyp! Soňra olaryň geljegi... Geljekde Otello nämeleriň garaşýandygyny özüňiz seljerip görüň.

– Geljekde olara näme garaşýarka?

– Bäşinji bölümde bolýan wakalaryň hemmesi Ýagonyň dowzaha gaplanan durmuşynyň ahyrky ýagdaýyny deňeşdireniňizde, mawryň maşgala durmuşyny öňünden duýup, iňkise gitmeginiň sebäbine düşünersiňiz. Artistiň hem-de ýerine ýetirilýän keşbiň ykbaly we oňa bolan gatnaşygyňyz aýan bolar. Mawryň durmuşynyň bagtly pursatlary hernäçe ýiti gurnaldygysaýy, durmuş ýolunuň ejirli bölegininiň täsirliligi-de güýçlener.

Torsow:

– Indi, öňe gidiň! – diýip, bize buýurdy.

Biz şeýdip, tä Ýagonyň asmanyň we zeminiň öňünde: «Masgaralanyp kemsidilen Otellonyň gullugyna akylymy, erkimi, duýgularymy... hemme zadymy bagyşlaýaryn!» diýip içýän antyna çenli sahnalary geçdik.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Eger-de tutuş keşp boýunça şular ýaly işi etsek, onda kiçi meseleler bir-birine goşulyşyp, uly meselä öwrüler – diýip, bize düşündirdi. Olar şeýle köp bolmaz. Bu meseleleri pýesanyň içinde ýerleşdirseňiz, olar deňizde bellik hökmünde duran

gämiler ýaly, pýesanyň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketiniň» ugruny görkezerler.

Indi öňde duran wajyp wezipä biziň düşünmegimiz, has dogrusy, duýmagymyz gerek. Kiçi we uly meseleleri saýlap-seçmek pursatlary hiç mahal doly düşünilip amala aşyrylmaýar, aýtjak bolýanym, olara hemişe geregiçe ýeterlik üns berilmeýär.

Gürrüň ilkinji uly meselä nähili at dakmak hakynda boldy. Arkadiý Nikolaýewiç hem, biz hem bu meseläni dessine çözüp bilmedik. Bu ýagdaýa geň galmak gerek däl. Ýasama pikir edilip gurnalan däl-de, dogry, işjeň, täsirli mesele öz-özünden dessine hakyda gelmeýär. Olar sahnada keşbi döredijilik bilen işleýärkäň döreýärler. Biz entek şeýle işi edemizok. Şonuň üçin hem meseläniň içki dünýäsini kesgitlemek başardanok. Ýöne muňa garamazdan, kimdir biri bu meselä: «Dezdemonany – Zenanlaryň nusgasyny jan-dilden söýmek isleýärin. Oňa ömrümi bagyşlap, gulluk etmek isleýärin» – diýip, gelşiksiz bir at goýdy. Biz başga oňat at tapylmansoň, ony mejbury kabul etmeli bolduk.

Haçanda men şeýle at dakylan uly meselä görä pikir edip, ony özümçe ugrukdyranymda weli, ol hyýalymda tutuş sahna bölümçesini, keşbiň hem belli-belli parçalaryny janlandyrdy duruberdi. Keşbiň käbir ýerinde «Dezdemonany – Zenanlaryň nusgasyny jan-dilden söýmek isleýärin» – diýen zada ähli ünsümi jemläp iş hereketlerine girişenimde men hut şeýle ýagdaýy duýdum. Ahyrky maksadymy nazarlap ugranymda bolsa, kiçi meseleleriň öz zerurlygyny ýitirip, şol at goýlan uly meselä gelip birleşdiler.

Mysal üçin, birinji meseläni alyp göreliň:

«Ýagonyň aýdýanlaryna düşünmek isleýärin». Bu mesele nämä gerek? Mälim däl. Haçanda hemme zat düşnüklikä, nämäni bilmäge çalyşjak? Otello söýýär. Ol diňe Dezdemona hakynda pikir edýär. Ol diňe Dezdemona bilen sözleşmek isleýär. Şonuň üçin mawra Dezdemona bilen geçen günlerini ýatlamak-da, dürli soraglara jogap bermek-de lezzetli. Näme üçin? Sebäbi «Dezdemona –Zenanlaryň nusgasy. Oňa ömrüni bagyşlap, jan-dilden söýmek isleýär».

Ikinji meseläni alyp göreliň: «dolce for niente» (italýança) hiç hili gowulyga duwlanmazlyk. Bu meseleler gerek däl, galyberse-de, ol nädogry. Sebäbi kiçi meseleler hakynda aýdylanda, mawr öz etmeli işiniň özüne iň wajyplaryny edýär. Näme üçin? Sebäbi «Zenanlaryň nusgasy – Dezdemonany jan-dilden söýýär. Oňa ömrüni tutuşlygyna bagyşlap, gulluk etmek isleýär».

Ýago ilkinji gezek töhmet atanda, meniň gahrymanym uly sesi bilen gülýär. Men onuň bu bolşuna düşünýärin. Ony hiç bir hapanyň öz perişdesine – Dezdemona ýokmajakdygyna bolan ynamy ganatlandyrýar. Mawry bu berk ynam ajaýyp hala salýar. Söýgülisini onuň öňünde has-da mukaddesleşdirýär. Ol näme üçin şeýle? Sebäbi ol «Zenanlaryň nusgasy – Dezdemonany jan-dilden söýýär, oňa öm-

rüni bagyşlap, gulluk etmek isleýär». Men Otelloda gabanjaňlygyň nähili ýagdaý-da ýuwaş-ýuwaşdan zenan nusgasyna bolan ynamyny gowşadýandygyna hem-de mylaýymlyk bilen ösýän, berkeýän ganhorlygyň, biwepalygyň, ýylan hilegärliginiň, iblisiniň sypatyndaky nejisligiň onuň aň-paýhasyny durşuna eýeleýändigine düşündim.

Torsow:

– Öňki meseleler nirä gitdiler? – diýip, biziň düşünjämizi bilmek isledi.

– Olar ýok boljak nusgalygyň aladasyna siňip gitdiler.

– Şu günki tejribeden nähili netije çykarmaly? Sapak näme bilen jemlendi? – diýip, Torsow sorady. Ol öz soragyna özi hem jogap berdi. – Sapakda men tejribäniň üsti bilen Otellonyň we Ýagonyň keşplerini ýerine ýetirýänleriň kiçi hem-de uly meseleleri nädip saýlamalydygyna düşünmegini gazandym. Bu işde hiç hili täzelik ýok. Men pýesanyň we onuň keşpleriniň «ýokarybaş meselesi, eriş-argaç bolup geçýän iş hereketi, bölekleri, meseleleri» hakynda öň size aýdanlarymy täzeden gaýtaladym.

Bu edilen işde wajyp we täze zat başga, ýagny Nazwanow bilen Şustowyň döredijiliginde esasy we gutarnykly maksadyň, özüne golaý zatlardan ünsi sowýandygyna, şol ünsüň uşak meseleleri aradan aýyrýandygyna okuwçylaryň hut özleriniň akyl ýetirenliginde. Görüp otursak, bu meseleler aň-paýhasa doly derejede degişli däl eken. Olar özbaşdaklykdan kömekçilere, ugrukdyryjylara öwrülip, bizi uly meselelere alyp barýar eken. Nazwanow bilen Şustow jemleýji maksadyny näçe çuň, giň we uly mana gapladygysaýy, many özüne köp ünsi talap edýär. Netijede, golaýdaky kömekçi kiçi meselelere üns berilmegini mümkingadar azaldýar. Bu kiçi meseleler öz-özüne baglanyp, adaty ýagdaýda tebigy aň-paýhasyň eline düşýär.

Wýunsow:

– Artist bilen näme bolup geçýär? – diýip, sen-men ýok, näme üçindir ynjalykdan gaçdy.

– Men aýdýan, haçanda artist uly meselä ýüzlenende, ol tutuş dünýäsi bilen oňa berilýär. Şeýle ýagdaýda artistiň adaty tebigaty öz ýol-ýodasy bilen islegine görä, öz talabyna laýyk azat, erkana hereket edýär. Artistiň tebigaty üns berilmeýän kiçi meseleleriň çözgüdini öz gol astyna alýar. Olaryň kömegi bilen, artistiň aň-paýhasyny we ähli ünsüni özüne berk baglaýan jemleýji, uly meselä tarap gönükdirýär.

– Biz şu günki sapakda artistiň kalbyna we adaty tebigatyna göçme ýagdaýda öz täsirini ýetirip biljek, aň-paýhasa doly derejede gulak asmaýan biziň gözleýän uly meselämiz psihotehnikanyň iň oňat serişdeleriniň biri diýen netijä gelýäris.

Soňra Arkadiý Nikolaýewiç esli wagt oýlanandan soňra, düşündirişini dowam etdi:

– Siziň edil şu mahal kiçi meseleleriň uly meselelere goşulyşyna düşünişiňiz ýaly, uly meseleler hem üýtgeýärler. Ýöne olar üýtgänlerinde olara pýesanyň we keşbiň «ýokarybaş meselesi» serkerdelik edýär. Olar serkerdebaşa gulluk etmek bilen üýtgeýärler-de, kömekçiniň ornuny eýeleýärler.

Şeýdip, olar hem ahyrky jemleýji maksada bizi alyp barýarlar. Haçanda artistiň hemme ünsi keşbiň «ýokarybaş meselesindekä» uly meseleler hem aň-paýhasa doly derejede gulak asman, öz-özünden döreýärler. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň we keşbiň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketiniň» hem uly meselelerden döreýändigi size eýýäm mälim. Uly meseleleriň her birinde aň-paýhasa gulluk etmeýän köp sanly kiçi meseleler bar. Indi şeýle sorag ýüze çykýar, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň içinden başdan-aýak «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketlerinde» aň-paýhasa doly gulluk etmeýän döredijilik pursatlary gizlenip ýatýarmyka?!

Olar, görüp otursak, örän köp eken. Aň-paýhasy oýaryp işe ugrukdyrmakda, eseriň we keşbiň içinden biziň gözläp tapýan «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketiniň» ähmiýeti ägirt uly. Ýöne sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň we keşbiň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketi» öz-özünden döremeýär. Onuň döredijilik ýol-ugrunyň kuwwaty, gönüden-göni «ýokarybaş meseläniň» täsirliliginiň ýitiligine bagly. «Ýokarybaş meselede-de» aň-paýhasa doly derejede gulluk etmeýän meseleleri oýaryjy we döredijі häsiýetler jemlenýär. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň we keşbiň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketinden» dörän meseleleri şol hereketde gizlenip ýatan meseleleriň üstüne goşuň. Şonda siz artistiň tebigatyndaky aň-paýhasa doly gulluk etmeýän meseleleri «ýokarybaş meseläniň» we «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketiniň» ýiti derejede özüne çekijidigine düşünersiňiz.

Goý, olary doly, töwerekleýin we çuň derejede sahna döredijilik işinde sözüň doly manysynda ulanmak, her bir artistiň baş arzuwy bolsun! Eger-de şu iş amala aşsa, onda galan işleri artistiň täsin tebigaty jadylyk bilen ýerine ýetirer.

Şular ýaly ýagdaýda her bir sahna oýny her sapar gözünejaý, çynlakaý, ynandyryjylykly, esasy zat bolsa garaşylmadyk dürli-dürli döredijilik usullaryny gönüden-göni ulanmak bilen amala aşar. Diňe şeýle döredijilik işi ýerine ýetirilende, aktýorçylyk sungatyny hünärmentlikden, endiklerden, emellerden we beýleki ýasama zatlardan arassalap bolar. Diňe şonda sahna meýdançasynda janly aktýor peýda bolup biler. Onuň döredijiliginde haşal otlardan arassalanan hakyky sahna meýdany dörär (62).

Şeýle durmuş döredijiligiň gaýtalanmasynda her gezekde diýen ýaly täzeden peýda bolýar.

Maňa sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň we keşbiň «ýokarybaş meselesine» ýol görkeziji ýyldyz dek, ondan ugur almalydygyny size maslahat bermek galýar. Şonda eseriň we keşbiň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketi» ýeňil, adaty we köp halatlarda aň-paýhasa doly derejede gulak asmaýan meseleler ýerine ýetiriler.

Bu sözlerden soňra Torsow ýene-de öz düşündirişini dowam etdi:

– Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň we keşbiň «ýokarybaş meselesiniň» we olaryň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketiniň» uly meseleleri özüne tabyn edip, kömekçi ýagdaýa salşy ýaly, artistiň şahsy durmuşyndaky «iň ýokarybaş meselesini» we «ýokarybaş eriş-argaç bolup geçýän iş hereketlerini» gatnaşýan sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esaslarynyň we ýerine ýetirýän keşpleriniň «ýokarybaş meselesi» özüne siňdirýär. Olar artiste durmuşda esasy maksadyny amala aşyrmak üçin kömekçi daýanç hem-de diregler bolup hyzmat edýär.

Şustow:

– Bu ýagdaý sahna oýny üçin ýagşymyka? – diýip, özüniň içki pikirini açyk duýdurdy.

– Eger bu ýagdaý hasap-hesip boýunça edilse, sahna oýnunyň peýdasyna däl. Ýöne ol iş çeperçilik serişdeleriniň kömeginiň täsiri bilen amala aşsa weli sahna oýny üçin gowulyk hasaplamak mümkin. Siz indi aň-paýhas bilen döreýän psihotehnikanyň nämedigine düşündiňiz. Olar emelleri gurnamaga mümkinçilik berip, artistiň tebigatyna hem-de aň-paýhasyna doly derejede gulak asmaýan adaty döredijilik işini oňat ýagdaýlara salýar. Biziň psihiki durmuşymyzyň hereketlendirijileriň, sahnada öz içki ýagdaýyňy duýmagyň, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň we keşbiň «ýokarybaş meselesiniň» we olaryň içinden «eriş-argaç bolup geçýän iş hereketiniň» oýaryjylary hakynda pikir ediň. Biziň artistlik tebigatymyzda olaryň kömegi bilen aň-paýhasa doly gulluk etmeýän döredijilik pursatlarynyň başlangyçlaryny dörediň. Emma hiç mahal ylhamy gös-göni döretmek üçin ýapyşmaň. Beýle ýagdaý döredijilik duýgularyňyza fiziki taýdan güýç salyp biler. Duýgularyňyzy ýaramaz netijä alyp barar.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

– Biz sahnada köpçüligiň öňünde çykyş edenimizde aň-paýhasa gaplanan psihotehnikadan başga-da, aň-paýhasa doly gulluk etmeýän döredijiligiň esasyny düzýän ýönekeý ýagdaýlara-da ýygy-ýygydan gabat gelýäris. Şol ýönekeý ýagdaýlary hem ussatlarça ulanmagy başarmaly. Ýöne ony ulanmak üçin şolara laýyk psihotehnika-da gerek.

Mysal üçin, Maloletkowanyň «Halas ediň!» diýip çirkin gygyran sahna işiňizi ýatlaň. Şol az salymlyk iş wagtyňyzda nähili hyjuwly duýgynyň joşgunyny başdan geçirdiňiz?

Maloletkowanyň birmahalky sahna işi indi üzlem-saplam ýadyna düşýän bolmaga çemeli. Sebäbi ol sesini çykarmady.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Men şonda siz bilen nämäniň bolandygyny size derek ýatladaýyn – diýip, okuwça kömege geldi. – Siz şonda ýetim gyzyň keşbini ýerine ýetirdiňiz. Ony, şol bir wagtyň özünde-de sizi, adam-gara ýok, aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän köçä

taşlapdylar, ýagny sizi şyrlap ýatan, giňden beýik perdeleri syrylan, äpet agzy garalyp duran açyk sahna meýdançasynda ýalňyz ýagdaýda taşlapdylar.

Ýalaňaç meýdandan howatyrlanmak we ýetimler öýünden kowlandygyňyz üçin, siz «Halas ediň!» diýen sözi durmuşda eşidişiňiz ýaly, onuň özboluşly eýmençligini içgin duýup, gara çynyňyzdan ýerine ýetiripdiňiz. Bu garaşylmadyk ýagdaýda boldy.Ýöne bu durmuşy meňzeşligi we sahnanyň şertliligini bir-biri bilen sazlaşdyrdy.

Tejribeli artist öz sungatyna nepi degjek bu örän oňat sazlaşykly gelýän ýagdaýy oňa laýyk psihotehnika bilen ulanardy. Ol artist adamyň gorkusyny keşbe öwürmek üçin işlärdi. Emma sizde entek artistçiligiň psihotehnikasy we tejribesi bolmansoň, adam artistden üstün çykdy, ýagny siz sahnanyň gapdal perdeleriniň arasynda gizlenip, adamyň döredijiligini sakladyňyz-da, sahna oýnunyň arasyny kesdiňiz.

Arkadiý Nikolaýewiç soňra maňa ýüzlendi:

– Siz şonda biziň şu mahalky aýdanymyzy öz başyňyzdan geçirmediňizmi? Sahnada size öz keşbiňizde bolýan wakalaryň aralygynda, şolara meňzeş, garaşylmadyk ýagdaý gabat gelmedimi?

– Meniň pikirimçe, «Gan, Ýago, gan!» diýenimde gabat gelipdim öýdýän...

– Hawa – diýip, Torsow ylalaşdy.

– Şonda nämäniň bolandygyny ýatlalyň.

– Keşbiň başynda şol sözleri Otello bolup däl-de, özüm bolup aýtdym – diýip, men bolan ýagdaýy ýatladym:

– Ýöne şol ses keşbi ýaramaz ýerine ýetirenimiň ahmyrly sesidi. Men öz dady-perýadymy özümiňki hasap etdim. Emma ol ses Dezdemonanyň mawra bolan söýgüsini diýseň täsirli gürrüň beren Puşiniň hekaýatyny ýadyma salmaga mejbur etdi. Men artist adamyň dady-perýadyny adam keşbine – Otellonyň keşbine geçirdim. Şol wakalar meniň göz öňümde garyşdylar. Şonuň üçin hem aýdylan sözleriň näme üçin aýdylýandygyna pitiwa bermän aýdypdym.

– Bolup biler. Şeýle ýagdaýda meňzeşlikler bir-biri bilen garyşyp biler – diýip, Torsow netije çykardy.

Arkadiý Nikolaýewiç arakesmeden soň düşündirişini dowam etdi. Biz iş tejribämizde diňe bir şular ýaly garaşylmadyk ýagdaýlar bilen ýüzbe-ýüz bolmaýarys. Pýesa, keşbe we sahna oýnuna asla degişli däl daşky garaşylmadyk ýagdaýlar bilen hem ýygy-ýygydan ýüzbe-ýüz bolýarys.

– O nähili daşky garaşylmadyk ýagdaýlar? – diýip, okuwçylar soradylar.

Mysal üçin, sahna meýdançasynda gaçan ýaglyk ýa-da ýykylan oturgyç diýip, daşky garaşylmadyk ýagdaý hakynda men size ozal hem aýdypdym. Eger-de artist sahnadaka şular ýaly garaşylmadyk ýagdaýdan ýüz öwürmän, ondan gorkman, gaýtam, şeýle tötänligi sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň işine goşsa, onda

şol bolan garaşylmadyk waka artist üçin badalga bolup hyzmat edýär. Ol sahnanyň şertliligini durmuş hakykatyna has golaýlaşdyrýar. Aktýorçylygyň çapraz ýerlerini ýapýar. Ol çyn hakykaty ýatladýar. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň alyp barýan ugrundaky hemme ýollary öz yzyna düşürýär. Sahna sungatynda biziň dilimizde aýdylýan «bu mendirin» diýen düşünjä ynanmaga aktýory mejbur edýär. Şularyň hemmesi aktýoryň tebigatyny aň-paýhasa doly uýmaýan döredijilige tarap äkidýär.

Sahna sungatynda meňzeşlikleri-de, garaşylmadyk ýagdaýlary-da meýilleşdirip ulanman we esasy ýörelge etmän, olardan akylly-başly peýdalanmak gerek.

Ine, meniň meňzeşlikleriň hem-de garaşylmadyk ýagdaýlaryň aň-paýhasa doly derejede uýmaýan döredijiligi oýaryşy barada aýtmakçy bolýanlarym şulardan ybarat. Gördüňizmi, biz entek sahna sungatyna laýyk aň-paýhasyň usullaryna şeýle-bir baý däl. Bize bu meselede entek köp sanly gözleg işlerini geçirmek gerek. Hut şonuň üçin hem tapylan usullary berk gorap saklamaga çalyşmaly.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Men şu günki sapakda Arkadiý Nikolaýewiçiň düşündirýän sahna sungatynyň «düzgün-kadalaryna», sözüň doly manysynda, hemmesine doly akyl ýetirdim we çyn ýürekden ol ugra ynanyp, oňa sežde edýänleriň hataryna goşuldym.

Psihotehnikanyň aň-paýhasa doly derejede uýmaýan döredijiligi oýarýandygyny öz gözüm bilen gördüm. Bu şeýle boldy. Maloletkowanyň örän oňat ýerine ýetiren «Taşlanan çaga» okuw sahna işini Dymkowa ýerine ýetirdi. Dymkowanyň çagalar temasyna isleginiň uludygynyň sebäbini biziň bilmegimiz gerek. Ol öň «Branda» sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «Bäbejigiň arlygy» atly bölümçesini ýerine ýetiripdi. Ine, indem bolsa Maloletkowanyň okuw sahna işini oňat ýerine ýetirdi. Ol ýaňy-ýakynda guwanyp ýören ýalňyz ogluny ýitiripdir. Maňa bu ýakymsyz habary gulagyma pyşyrdap aýtdylar. Ýöne men şu gün Dymkowany synladym welin, ol okuw sahna işini öz başyndan çyndan geçiren ýaly edip ynandyryjylykly ýerine ýetirendigine düşündim.

Onuň gözlerinden göz ýaş çeşme bolup akdy durdy. Dymkowanyň enelik mährinden ýaňa, gujagyndaky çaga hökmünde ulanan agaç töňňesi okuw sahna işine seredýänleriň gözüniň öňünde göýä janly çaga öwrülene döndi. Biz enäniň çagany dolan matasyny-da arlyk hökmünde birkemsiz kabul etdik. Haçanda okuw sahna işiniň iş hereketleri – çaganyň ýogalmaly ýerine ýetende: Dymkowa birdenkä erbet ýagdaýa düşäýmesin diýip, hakykatdan hem, diýseň tolgundyk. Sebäbi Dymkowa sahna işiniň dünýäsine uly hyjuw we joşgun bilen girip, iş hereketlerini çyn ýüregi bilen ýerine ýetirende, ony görmäge göz gerekdi!

Hemmeler haýran galdylar.

Arkadiý Nikolaýewiç aglady.

Iwan Platonowiç hem...

Biziň hemmämiz agladyk.

Haçanda alnyňda hakyky durmuş durka, heý-de, gyzyklandyryjy, ýol-ugur, bölek, mesele, fiziki iş hereketleri hakynda dil ýararmyň?!

Torsow:

– Ine, size artistiň tebigatynyň aň-paýhasa doly uýmaýan döredijiliginiň mysaly! – diýip, uly buýsanç bilen gürledi. – Olar biziň sungatymyzyň berk düzgün-kadasy boýunça döreýärler. Sebäbi bu düzgün-kadalar toslanyp tapylan zatlar däl-de, aktýoryň tebigatynyň talaplary. Emma biziň işimizde bular ýaly göz öňüne getirmegi, ukyby we joşgunly ylhamy her gün ýollanyp durulmaýar. Beýleki bir gün olar gelmän hem bilerler we şonda...

Başy aýlanyp duran Dymkowa gürrüňi garaşylmadyk ýagdaýda eşidip:

– Ýok, olar gelerler! – diýip, mugallymyň sözüni bölüp seslendi. Soňra ol özüni ylhamyň taşlap gitmeginden gorkup, ýaňyja ýerine ýetiren sahna işini täzeden gaýtalamaga başlady.

Arkadiý Nikolaýewiç ýaş gyzyň nerwisini halas etmek üçin ony saklamakçydy. Ýöne basym onuň özi saklandy. Sebäbi ikinji sapar onuňky paşmady.

– Näme etmeli? – diýip, Torsow okuwçydan sorady:

– Sizden indi, bu tomaşany şol birinji saparky ýaly oňat ýerine ýetirmegiňizi hemmeler talap ederler. Şeýtmeseňiz, bu sahna oýny ýaramaz bolup, tomaşaçylary ýygnap bilmez!

– Ýok! Maňa bu oýny diňe duýmak gerek. Duýsam, oňat ýerine ýetirerin – diýip, Dymkowa özüni aklamaga çalyşdy.

– «Men duýanymdan soň, oňat ýerine ýetirerin»! – diýip, Torsow okuwçynyň aýdanlaryny gaýtalap güldi. – Siziň bu aýdýanyňyz öň bir adamyň: «Men ýüzmegi öwrenenimden soň, suwa düşerin» diýenine barýar. Men siziň dessine duýga ýetesiňiziň gelýändigine düşünýärin. Elbetde, şeýdip bilseň, oňa ýetesi näme bar. Ugruna bolan iş hereketlerini dessine gaýtadan ýerine ýetirip bolýan bolsa, onda hemme zadyň gülala-güllük, örän oňat boljakdygy öz-özünden düşnükli ahbetin. Ýöne duýgy saklanyp durmaýar-da. Ol edil suw ýaly barmaklaryň arasy bilen akyp gidýär. Şonuň üçin hem isleseň-islemeseň durnukly tehniki usullary gözlemeli we tapmaly hem-de olary elde saklamaly bolýarsyň. Islän duýgyňyzy saýlaň hany. Ýeňillik bilen oýanýan duýgularyň birini – fiziki duýgyny, kiçi hakykaty, kiçi ynamy saýlap alyň!

Ýöne biziň Ibseniň döredijiligine baş egýän Dymkowamyz göwnüýetmezlik bilen ol fiziki döredijilik duýgularyny saýlamak islemedi (63).

Artistiň gidäýjek ýollarynyň hemmesi orta atyldy. Bölekler, içki dünýäniň meseleleri, hyýaly toslamalar. Emma olaryň hemmesi durnuksyz, gyzyksyz, şüweleňli oýanyşa, ganatlanmaga ýeterliksiz bolup çykdylar.

Dymkowa her näçe gözlese-de, her näçe gaça dursa-da, ýene gaýta fiziki iş hereketleriniň duýgularyna gaýdyp gelmeli boldy, onuň başga alajy ýokdy.

Torsow ony derrew ugrukdyrdy. Arkadiý Nikolaýewiç täze fiziki iş hereketlerini gözlemedi. Ol okuwça tapan-tupan duýgularyny şolbada ulandyrdy. Okuwçy bolsa olary örän oňat ýerine ýetirdi. Dymkowa ynam bilen çyndan okuw sahna işine doly amal etdi. Eýsem-de bolsa, sahna işiniň bu ýerine ýetirilişini onuň ilkinji ýerine ýetirilişi bilen deňäp bolarmy?!

Arkadiý Nikolaýewiç okuwça şeýle diýdi:

– Siz, Dymkowa, okuw sahna işini oňat ýerine ýetirdiňiz, ýöne siz özüňize degişli däl etýuda amal etdiňiz. Siz onuň meýdançasyny çalyşdyňyz. Men size taşlanan janly çaga bilen okuw sahna işini ýerine ýetiriň diýdim. Siz bolsa jansyz agaç töňňesi bilen işlediňiz. Siziň fiziki iş hereketleriňiz hem şol töňňä laýyk bolup geçdi, ýagny siz örän sazlaşykly ýagdaýda töňňäni eliňizde oýnatdyňyz. Emma janly bäbege seretmek bir topar iş hereketlerini talap edýär.

Aýdalyň, haçanda bäbegi arlygyna ilkinji sapar dolanyňyzda, onuň aýajyklaryny, goljagazlaryny gönülediňiz. Şonda siz bäbegi çyndan duýduňyz. Siz ony söýüp, mähirli ogşadyňyz. Siz ýylgyryp, begenjiňizden gözüňizi ýaşardyp, onuň bilen mähirli gürleşdiňiz. Bu iş hereketleri diýseň täsirli boldy, emma bu sapar welin, bu iş hereketleri ýatdan çykaryldy. Elbetde, töňňede aýak-da ýok, gol-da...

Siz ilkinji saparky okuw sahna işiňizde bäbegiň ýaňaklaryny, gulajyklaryny sypalap, onuň kellesini daňdyňyz. Bäbegi gundanyňyzdan soň, onuň ýanynda uzak wagtlap bolduňyz. Ene şatlygy we buýsanjy bilen derýa suwy ýaly, gözýaş dökdüňiz.

Geliň, bu goýberen ýalňyşlyklaryňyzy düzedeliň. Okuw sahna işini agaç töňňesi bilen däl-de, çaga bilen gaýtalap beriň.

Dymkowa köp oýlanansoň we Torsow bilen bilelikde işlänsoň, ilkinji sapardaky eden işlerini ýadyna saldy. Aň-paýhasa uýman eden iş hereketleriniň zerurdygyna düşündi. Okuwçy bäbegi, hakykatdanam, duýdy. Şondan soň hemme iş hereketleri, gözýaşlar ýerbe-ýer boldy.

– Ine, bize psihotehnikanyň fiziki iş hereketlerine täsir edişiniň mysaly – diýip, Torsow haçanda Dymkowa sahna işini soňlansoň bize düşündirdi. – Zyýany ýok. Okuw sahna işiniň ýeri gazyldy. Artist ony duýdy. Indi hökmany suratda onuň bilen iş hereketi bolup geçer. Artiste diňe gerek meseläni, «eger-däni» ýa-da gerek oýaryjyny tapmak galdy. Dymkowanyň ýaş nerwisine mundan artyk agram salmak islemeýärin. Onsoň hem... – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç az salym oýlanandan soň, ýene Dymkowa ýüzlendi:

– Men täze «eger-däni» saýlaýsam, siz agaç töňňesi bilen nämeleri edip bilersiňiz? Siz göz öňüne getiriň, aýdalyň, siziň çagaňyz boldy, özem, ajaýyp oglanjyk. Siz oňa çyndan öwrenişipsiňiz... Emma... ol birnäçe aýdan soň birdenkä ýogalýar. Siz ýagty jahanda özüňize ýer tapmaýarsyňyz. Ine, birden ykbalyň size nebsi agyrýar, bir ýat kişiniň bäbegini garaşylmadyk ýagdaýda siziň öňüňize taşlap gidýär.

Ol taşlanan çaga-da dünýäden öten çaga ýaly diýseň naşyja, ajaýyp, özem oglanjyk. Tüýs ýerine düşen «eger-dä!» – diýip, Torsow getiren mysalyny soňlap-soňlamanka Dymkowa gujagyndaky daşyna arlyk dolanan agaç töňňesini bagyrtlap aglady. Ol özüniň ykbalyny sarsdyran waka hakynda iki esse güýç bilen birnäçe jümleleri samrady. Men aýdylan «eger-däniň» syryny Torsowa derrew düşündirmäge howlukdym. Sebäbi ol Dymkowanyň durmuşynyň pajygaly pursadyny jaýdar ýagdaýda aýtdy.

Torsow iki eli bilen kellesini tutup, ene görgüliniň düşen agyr ýagdaýyndan halas etmek üçin, sahna tarap howlukdy, ýöne enäniň sahnada edýän iş hereketlerini görüp, ony saklamaga dözmän, oňa hezil edip seretdi. Sahna işi tamamlanandan-soň, men Torsowa ýüzlendim:

– Şu sahna işinde Dymkowa göz öňüne getirmek duýgusynyň toslamasyny ulanman, durmuş hakykatynda öz adamçylyk hal-ýagdaýyndaky agyr pursadyny ýerine ýetirendigini siz görmediňizmi näme? Şonuň üçin hem sahna işinde bolan ýagdaý artistçilik hünäriniň tehnikasynyň ýeňşi, üstünligi, döredijilik joşguny. Bu döredijilik pursadyny sungat diýip kabul etmän, garaşylmadyk ýagdaýda artistiň şahsy durmuşy bilen gabat gelen iş hereketleri diýip kabul etmeli bolýar.

Torsow:

– Dymkowanyň ilkinji okuw sahna işindäki eden iş hereketleri sungatmy? – diýip, menden sorady.

– Hawa. Şol saparkysy sungat – diýip, men jogap berdim.

– Näme üçin?

– Sebäbi onda artist öz durmuşynda bolan wakalardan özüne geregini aň--paýhasyň üsti bilen sahnada ýerine ýetirdi.

– Diýmek, hemme zat artistiň geçen gezekki okuw sahna işinde bolşy ýaly, wakalary durmuşyndan özi alman, onuň aňyndaky wakalary meniň oňa ýatladanymda-da? Men başgaça pikir edýärin: öz keşbini janlandyrmak üçin oňa gerekli wakalary artistiň özi tapýarmy ýa-da daşyndan kimdir biri, nämedir bir zat ýatladýarmy, munuň düýbünden tapawudy ýok hasaplaýaryn. Esasy zat durmuşyň wakalaryny hakydaňda saklap, ony janlandyrmaga mümkinçilik berýänliginde. Öz ýadyňda galan wakalara tutuş dünýäň we tebigatyň bilen ynanmazlyk mümkin däl.

– Ýagşy, goý, şeýle diýeliň, ýöne Dymkowanyň şu mahal fiziki meseleleri olara ynamy okuw sahna işinde siziň «eger-däňiziň» kömegi bilen gurnaldy. Şonuň...

– Men bu aýdýanyňyza garşymy näme? – diýip, Torsow meniň sözümi böldi. – Elmydama hemme işleriň aglabasy göz öňüne getirmäniň toslamasynda we «eser-dede». Ýöne mesele şol urukdyryjylary edil gerekli wagtynda ulanmakda.

– Olaryň gerekli wagty haçan?

– Baryň, Dymkowadan sorap görüň. Oňa taşlanan bäbegiň ýerine ulanýan agaç töňňesini ellerinde agdar-düňder edip, onuň aýagyny-da, gollaryny-da duýman, arlyga dolamanka, çagany mähir bilen ogşamanka, men «eger-dämi» aýdan bolsam,

Dymkowanyň ikinji sapar sahna işini duýup ýerine ýetirişi ýaly, oňa täsir edermidi? Eger-de men şol iş hereketlerini agaç töňňesiniň ýerine öz «eger-dämi» oňa hödürlän bolsam, onda onuň menden gaty görjekdiginiň ikuçsuzdygyna men ynanýaryn. Elbetde, ol meniň aýdýanlarym bilen onuň durmuşynda bolan wakalaryň gabat gelmegi oňa göz ýäş dökdürip biler. Oňa dessine öz çagasynyň ýogalandygyny ýadyna salar. Ýöne onuň bu gözýaşy hem, dünýäden öten hem-de tapan bäbegine degişli bolandygy üçin, ol hem ajy gözýaş bolar, hem-de tapylan çaga bolan şatlykly gözýaş. Ol gözýaşlar garyşyk gözýaşlardyr. Çyn hakykat bilen aň-paýhasyň toslamasynyň garyşyk bolandygy üçin bolsa, ol iş hereketleri sahna iş hereketleri bolýar.

Eger-de Dymkowa üçin agaç töňňesi taşlanan bäbek hökmünde kabul edilmesedi, onda töňňäni kabul etmän, oňa ynanman, ony şobada taşlardy. Ol gidip, ýeke çykyp öz hakydasyndaky ýagdaýyny ýatlap gözýaş ederdi. Anha, şol göz ýaş, hakykatdan-da sahna sungatyna degişli däl gözýaş bolardy. Dymkowa bolsa garyşyk wakalaryň gözýaşyny edip başarandygy üçin, sahna işi ilkinji saparkysy ýaly, sahna sungatyna laýyk geldi. Men öz wagtynda gudratly «eger-däni» oňa aýtdym. Netijede, ol aýdanym onuň durmuşynyň gatlaklarynda uklap ýatan duýgularyna täsir etdi. Şonuň üçin hem Dymkowa okuw sahna işini tomaşaçyda uly täsir galdyrar ýaly derejede ýerine ýetirdi. Men okuw sahna işi size-de güýçli täsir edendir diýip tama edýärin.

– Dymkowa bu wakalary göz öňüne getirip eden-ä däldir-dä?

– Ýok! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç elini silkdi. Bu ýerde syr Dymkowanyň agaç töňňesiniň janly bäbege öwrülendigine ynananlygynda däl-de, şeýle wakanyň oňa gowy täsir etjekdigine bolan ynamda. Ol öz iş hereketleriniň hakykydygyna, yzygiderlidigine, sazlaşýandygyna ynandy. Bu ynam bolsa onuň aň-paýhasa doly gulluk etmeýän döredijilik duýgularyny oýaryp, «bu mendirin» diýlen ýörelgäniň ýüze çykmagyna ýol açdy.

Görşüňiz ýaly, fiziki iş hereketleriniň we «bu mendiriniň» duýgularyny oýarýan hakykat we ynam diňe keşp döredilende däl, eýsem, dörän keşbi janlandyrmak-da-da gerek.

Öň dörän duýgulary ýaňadan oýarýan usullaryň bardygy-da oňat ýagdaý. Şeýle bolmasa, artist bir sapar «bu mendirini» oňat görkezensoň, gaýdyp şolar ýaly joşguny döredip bilmezdi.

Men özümde şatlyk alamatlaryny duýýardym we sapakdan soňra Dymkowanyň ýanyna baryp oňa minnetdarlygymy bildirdim. Sebäbi ol maňa sungatda bilmeýän zatlarymy öz sahna işi bilen düşündirdi, ýöne men entek özümiň nämelere düşünendigime doly göz ýetirip bilmeýärdim.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç okuw otagyna gelen dessine:

– Geliň, barlag edeliň! – diýip, bize öz pikirini mälim etdi.

Okuwçylar ýerli-ýerden:

– O nähili barlag? – diýip soradylar.

– Indi, sizde bir ýyla golaý bäri öwrenen zatlaryňyzdan sahna sungaty barada bellibir pikirler peýda bolan bolmaly.

Geliň hany, siziň ýadyňyzda galan çeper höwesjeňleriň teatrlaryndaky we şu okuwa giren wagtyňyzdaky siziň görkezen sahna işiňizdäki bilen şu mahalky teatr sungatyna düşünjäňizi deňeşdirip göreliň.

Mysal üçin, Maloletkowa! Siziň şu okuw mekdebinde okap biljekdigiňiziň ykbalyny çözýän sahna işiňiz bolan, sahnanyň gapdal perdelerinden iňňebagjygy gözleýşiňiz ýadyňyza düşýärmi? Siz şonda iňňebagjygy çar ýandan gözläp, tapyp bilmeýändigiň üçin ökünýändigiňizi görkezmäge çalşypdyňyz. Şol çalyşmagyňyz bolsa siziň artistçilik düşünjäňiziň ýalňyz guwanjydy. Size şu mahal sahnada şolar ýaly oýnamak bolýarmy?

Maloletkowa geçen günlerini ýatlap oýurgandy. Ýuwaş-ýuwaşdan onuň ýüzünde öňki eden işleriniň üstünden gülýändiginiň alamatlary peýda boldy. Ahyry ol ýok diýýän manyda başyny ýaýkady. Öňki bolşuny ýatlap sessiz güldi.

– Gördüňizmi, siz gülýärsiňiz?! Nämäniň üstünden gülýärsiňiz? Öňki bolşuňyzyň, ýagny gönüden-göni umumanlyk ýoly bilen netijä çykjak bolandygyňyzyň üstünden gülýärsiňiz. Şonda keşbiňizi uly höwes bilen oýnan bolandygyňyza geň galmaly däl. Indi bolsa «Taşlanan çaga» sahna işiňizi ýerine ýetirişiňizi ýatlaň. Ýasama töňňeden edilen bäbek bilen oýnanyňyzda siz nähili işlediňiz? Sahnada ýaşan şu hakyky durmuşyňyz bilen we beýleki ýasama işlän işleriňizi bir-biri bilen deňeşdirip görüň hem-de okuw mekdebinde şu çaka çenli öwrenen zatlaryňyz sizi kanagatlandyrýarmy? Maloletkowa uzak pikirlendi. Onuň ýüzi çynlakaý sypata girdi. Soňra agras ýagdaýa geldi. Gözlerinde alada uçgunlary ýalpyldap gitdi. Onsoň ol köpmanyly ýagdaýda sesini çykarman, hawa diýýän äheňde başyny atdy.

– Ine, gördüňizmi? Siz şu mahal gülmän otyrsyňyz, ýöne olary ýatlasaňyz weli, aglamagyňyz hem mümkin. Näme üçin bu beýle bolýar? Sebäbi, siz okuw sahna işini ýerine ýetireniňizde düýbünden başga – ýat ýola gidipdiňiz. Siz gönüden-göni ahyrky netijä gitmediňiz-de tomaşaça güýçli täsir edip, olary haýran galdyrmak üçin okuw sahna işiňizi has-da oňat ýerine ýetirjek bolduňyz. Şol sapar siz topraga tohum sepeniňizden soň, ýuwaş-ýuwaşdan ony ösdürip ýetişdirdiňiz. Siz sungatyň tebigatynyň adaty ýagdaýy bilen döredijiligiň kanunyna laýyk ýöräp öňe gitdiňiz.

Şu iki dürli ýoluň biriniň-ä hünärmentlige alyp barýandygyny, beýlekisiniň bolsa hakyky döredijilige we sungata alyp barýandygyny hiç wagt unutmaň.

Beýleki okuwçylar hem özlerini öwdürmek üçin:

– Bizem däli hakyndaky sahna işiňizde şular ýaly ýagdaýa düşdük – diýip, ýerli-ýerden seslendiler.

– Ylalaşýaryn – diýip, Torsow olaryň aýdanyny goldady.

– Siz hem Dymkowa, edil şolar ýaly dogry ýoldan ýöremegi «Taşlanan çaga» okuw sahna işiňizde öwrendiňiz.

Wýunsow hakynda aýdanymyzda bolsa, ol tans edende aýagynyň döwlendigini ýerine ýetirişi bilen bizi çyndan ynandyrdy, emma onuň düşen ýagdaýy ýalan eken. Ol öz düşen ýalan ýagdaýyna aň-paýhas bilen ynanyp, sähel salym aýagy döwleniň ýagdaýyna düşen boldy. Ozal siz ýörite saklaýan aktýorçylygyň tehnikasydyr, keşbiň daş sypatyny ýalandan beýan etmekdir, çar ýana topulmakdyr hasap edýärdiňiz. Indi bolsa siz beýle däldigini aňryýany bilen bilýärsiňiz.

Indi, aýdyň, siziň döredijiligiňiz näme? Ol – tohum ekip, ony keşbe laýyk janlandyryp gögertmek. Ol adamyň döreýşini ýatladýan adaty döredijilik hadysa. Eger-de, siz artistiň keşbi döredişine yzygiderlilik bilen içgin nazar aýlasaňyz, meniň şu deňeşdirip getiren pikirimiň dogrudygyna göz ýetirersiňiz. Tebigatdaky her bir zadyň gaýtalanmaýan ýekebaralygy ýaly, her bir çeper keşp hem ýekebaradyr. Ol gaýtalanmaýan ýagdaýda döreýär. Keşp hem edil adamyň döreýşi ýaly öz ösüşini başdan geçirýär. Döredijilik pursadynda «ol» bar, ýagny ýazyjynyň eserinden tohum alyp, keşbe hamyla bolan ýerine ýetiriji bar. Olaryň döredýän miwesi keşp.

Ine, olary ilkinji tanyşlyk pursady bolup geçýär, ýagny artistiň we keşbiň özara tanyşlygy. Olar-da bir-biri bilen ýakynlaşma, söýüşme, jedelleşme, ylalaşma, birleşme, tohum atma, hamylalyk ýaly döwürler bolýar.

Bu pursatlarda režissýor sawçynyň ornunda döredijilik işiniň gidişine kömek edýär.

Artistiň şahsy durmuşyna öz täsirini ýetirýän oňat ýa-da ýaramaz döredijilik pursatlary-da bolýar.

Mysal üçin, ene hamyla pursatlarynyň aýry-aýry ýagdaýlarynda özüni dürli-dürli duýýar, ynjyk bolýar. Döredýän artist hem hut şolar ýaly pursatlary başdan geçirýär. Keşbiň döredilýän pursatlary artistiň şahsy durmuşyna dürli-dürli halda öz täsirini ýetirýär. Men keşbi ösdürip ýetişdirmek işine adam çagasyny dünýä inderip ýetişdirmekden hem köp wagt gerek bolýar diýip hasap edýärin.

Bu iş pursatlarynda režissýor edil göbegene ýa-da çaganyň dünýä inmegine goldaw berýän lukman ýaly gatnaşýar. Keşp adaty ýagdaýda dörese, onda ony döredýän ene, ýagny artist ony fiziki iş hereketleri arkaly döredýär, seredip, ideg-indeg edýär, terbiýeläp ýetişdirýär.

Emma biziň işimizde-de keşbiň dogulmasyndan ir dogulýany, doglup bilmän aýrylýany, entek dogmanka aýrylýany hem bolýar. Şonda sahna sungatynda maýyp, bedroý keşp döreýär.

Durmuş hakykatynda her bir täze hadysa fiziki ýa adaty, ýa-da howaýy ýagdaýda döreýär. Onuň bilen dürli ýagdaýlaryň tebigy düzgün-kadalara laýyk bolýandy-

gyny biziň seljermelerimiz tassyklaýar. Bir söz bilen aýdanyňda, sahna sungatynda keşbiň döremegi artistiň adaty ýagdaýda bolýan iş pursady hasap edilýär (64).

Kim-de kim döredijiligiň tebigatynyň özboluşly şu hakykatyna düşünmän, öz «usullaryny», «delillerini», «sungatyň täze görnüşini» tapjak bolsa, örän ýalňyşýar. Haçanda tebigatyň bireýýäm düzgün-kadany döredendigini, ol düzgün-kadanyň hereket edýändigini bilip durkaň, başga düzgün-kadany oýlap tapjak bolmak nämä gerek? Tebigatyň düzgün-kadasy hemme döredijilik üçin, şol sanda sahna sungaty üçin hem hökmany zat. Muňa ynanmaýan artistler öz tebigatyna bilkastlaýn agram salýanlar, öýkünýänler, bar zada özümiňki diýýänler.

Haçanda siz döredijilik usullaryny doly we töwerekleýin çuň öwreneniňizden soňra, olary öz tebigatyňyzda däl, sahna sungatynda-da arkaýyn ulanyberiň. Olara öwrenişeniňizden soň, öz isleýşiňiz ýaly olardan peýdalanyň. Ýöne şonda-da bir ýagdaýy, ýagny öz tebigatyňyzyň hal-ýagdaýyna laýyk, oňa agram salman döredijiligiň kada-kanunlaryny zaýalaman ulanmalydygyny hiç wagt unutmaň.

Men biziň tebigatymyza laýyk sungata täzelik salyp, gurnap biläýjek, dürli hili üýtgetmeleri, oýlanyp tapylaýmaly zatlary tapyp biljek akyldar, adatdan daşary hakdan içen ukyply tehnik entek döremedimikä diýip pikir edýärin.

– Meni bagyşlaň welin, siz näme sebäpden sungatda täzeligi ret edýärsiňiz?

– Tersine. Men adam durmuşy şeýlebir inçe, köp taraply we çylşyrymly hasap edýärin. Durmuşyň entek açylmadyk, öwrenilmedik ýagdaýlary örän kän. Olar özüniň açylmagyny, öwrenilmegini isleýärler diýip hasaplaýaryn. Men şonuň bilen birlikde, biziň örän pes, aşa ýönekeý tehniki ýagdaýlarymyzyň bardygyny gynanç bilen kepil geçýärin. Biz sebäpli entek gyzykly täzelikleri, adalatly ýagdaýlary gurnamaga güýjümiziň ýetmegi üçin gaty köp wagt gerek bolar. Häzirki «täzelikçiler» uly ýalňyşlyklary edýärler. Olaryň täzeliginiň ideýasy we ugry ýaşaýan sungat bilen her näçe ugurdaş bolaýanda-da, ol iki düşünjäni durmuşa geçirmek işiniň biri-birinden arasynyň daşdadygyny hasaba almaýarlar. Olary bir-birine ýakynlaşdyrmak üçin örän köp işleri etmeli. Sebäbi şu mahal sahna sungatynyň psihotehnikasy ilkidurmuş eýýamyndaky ýaly, biziň psihotehnikamyz ösýänçä, entek öz tebigatyňyzyň döredijilik düzgün-kadalaryna boýun bolup, oňa artyk agram salmakdan gaýra durup keşbi ýerine ýetirmeli.

Gördüňizmi, her bir artist bolmak isleýän okuwçy, ilkinji nobatda, adaty tebigatyň düzgün-kadalaryny diňe bir nazaryýet nukdaýnazaryndan däl, amaly ýagdaýda-da öwrenmegi biziň sungatymyz tutanýerlilik bilen talap edýär. Okuwçy amaly ýagdaýda-da sahna sungatynyň psihotehnikasynyň hemme usullaryny özleşdirmeli. Olary bilmän hiç kim sahna çykmaly däl. Şeýdilmese, biziň sungatymyzy çeper höwesjeňlik eýelär. Çeper höwesjeňler bilen bolsa, teatr sungaty ösüp bilmez. Tersine, teatr sungaty ýatmak bilen bolar.

* * *

Sapagyň soňy hoşlaşyga ýazdy. Sebäbi bu gün «düzgün-kadany» öwrenmegiň soňky okuw sapagy boldy.

Mugallym öz okuwçylaryna şeýle sözler bilen ýüzlenip sapagy tamamlady:

– Indi siziň psihotehnikaňyz bar. Onuň kömegi bilen öz başdan geçirenleriňizi oýaryp bilýärsiňiz. Indi siz öz duýgularyňyzy ösdürip, olary döredijiligiň talap edýän derejesine ýetirip bilýärsiňiz.

Emma biziň tebigy hal-ýagdaýlarymyzyň daş görnüşini inçeden we ýygy-ýygydan, aň-paýhasa doly derejede gulak asýan duýgulary oýaryp işletmek üçin, örän ýiti kabul edýän, oňat terbiýelenen beden we ses gerekdir. Olaryň şolbada siziň başdan geçiren ýagdaýyňyzyň göze ilmeýän pursatlaryny aýdyňlyk bilen, duýgurlyk we adaty ýagdaýda ýerine ýetirmegi gerekdir.

Başgaça aýdanymyzda, biziň ugrumyzda artistiň beden agzalarynyň kömegi bilen onuň ruhy dünýäsini görkezmek talaby uludyr. Şonuň üçin biziň ugrumyz bilen işleýän artistler, beýleki ugurlaryň artistlerine garanyňda içki agzalaryň kömegi bilen başdan geçirenlerini ulanyp keşbi döretmek üçin beden agzalarynyň aladasyny has-da kän etmeli bolýarlar. Bu işde-de, biziň bedenimize we aň-paýhasa doly gulak asmaýan duýgular we syzyşlar, aňlamalar uly kömek edýär. Keşbi aýdyň şöhlelendirmek meselesinde beýle duýgulara artistiň iň gowy tehnikasy-da deňleşip bilmeýär. Bolmasa, aktýorlaryň öz tehniki endiklerine gaty göwünleri ýetýär. Ol birinjiligi halaýar. Elbetde, keşbi aýdyň suratlandyrmak indi öňdäki orna geçýär. Indiki okuw ýylynda biz şol temadan başlarys.

Bu aýdanlarym az. Siz keşbiň üstünde işlemek meselesinde ýene-de birnäçe usullary öwrendiňiz, ýagny keşbiň üstünde işlemek üçin siz sahnada içki dünýäňizi duýmagy hem öwrendiňiz. Keşbi işläp başlanyňyzda muny bilmek örän uly işdir.

– Onda näme, sag boluň! Dynç alyň. Biz ýene-de birnäçe aýdan keşbiň üstünde işlemek we ony aýdyň derejede janlandyrmak meselesini öwrenmegi dowam etmek üçin täzeden duşuşarys.

* * *

Men bagtly.

Men ganatlandym.

Men tejribede we edilmeli işlerde Arkadiý Nikolaýewiçiň aýdan pikiriniň manysyna doly düşündim, ýagny «Artistiň aň-paýhasa gaplanan psihotehnikasynyň üsti bilen, aň-paýhasa doly gulluk etmeýän döredijiligi adaty tebigatyňa laýyk derejä çykarmak!»

Eýsem, bu aýdylan pikir meniň üçin nämäni aňladýar, bu pikir, maňa ýyllaryň dowamynda we öz ömrümi psihotehnikanyň üstünde işläp, onuň kömegi bilen keşbi aýdyň janlandyrmagyň esasyny döretmek üçin sarp etmegi aňladýar. Şonda ukybyň öz-özi saňa geler.

Geljekde edilmeli işler nähili ajaýyp!

Neneňsi beýik bagt! Özümi, gör, nämelere bagyşlamaga we tüýs ýürekden işlemäge esas bar!

Men boýnuma ýüň ýaglygy orap, şeýle manydaky pikire uýdum. Şol hakynda kelle döwdüm.

Birdenkä, şol saparky ýaly niredendir bir ýerden Arkadiý Nikolaýewiç peýda boldy. Ýöne ol bu gezek elindäki enjamyny böwrüme dürtmedi. Tersine, men onuň boýnuna böküp, ony hormatlap berk ogşadym. Ol örän geň galdy. Meni beýle hyjuwa nämäniň iterendigini sorady.

– Siz biziň sungatymyzyň gizlin syrlaryny artistiň adaty tebigatynyň kanunlaryny takyk saklap, bozman öwrenmegi gursagymyza guýduňyz. Men bu öwrenenlerimi berk, çuňňur özleşdirjekdigimi dabaraly ýagdaýda söz berýärin! Men diňe olaryň döredijilige we sungata dogry ýol görkezýändikleri üçin, olara berk boýun boljakdygyma kepil geçýärin.

Men özümde psihotehnikanyň esaslaryny terbiýelejekdigime we bu işi sabyrlylyk bilen, yzygiderli we ýadaman dowam etjekdigimi sizi ynandyrýaryn! Bir söz bilen aýdanymda, maňa ylham gelen dessine, men aň-paýhasa doly gaplanmaýan aň-duýgularyna esas döretmäniň usullaryny öwrenmek üçin bütin dünýämi bererin! – diýip, men dabaraly äheňde Torsowa aýtdym.

Arkadiý Nikolaýewiçe meniň bu hyjuwym örän güýçli täsir etdi. Ol meniň golumdan tutup, bir gyra çekdi-de, esli mahal golumy goýbermän saklady-da, şeýle diýdi:

– Maňa siziň aýdýanlaryňyz ýarady, ýöne söz bermäňiz welin, meni howatyrlandyrdy.

– O näme üçin howatyrlanýarsyňyz? – diýip, men Torsowa garşylyklaýyn sorag berdim.

– Bu aýdýanlarymyzy edip bolmaýan köp sanly ýagdaýlary men başdan geçirdim. Men teatrda kän wagtdan bäri işleýärin. Meniň elimden ýüzlerçe okuwçy çykdy. Ýöne men olaryň sanaýmalysyny ömrümi bagyş eden ýoluma düşünýän we ol ýoly dowam edýän artistler diýip hasaplaýaryn.

– O näme üçin beýle az?

– Sebäbi çyn sungata ýetmek üçin amal etmeli işlere erk-isleg we tutanýerlilik ýetmeýär. «Düzgün-kadany» diňe bilmek az, başarnyk we ukyp gerek. Munuň üçin bolsa her gün maşklary, berk terbiýäni tä artistçiligiň hörpüni doly ele alýançaň yzygiderli ýerine ýetirmeli.

Aýdymçylara sesini terbiýelemek üçin sese niýetlenen maşklar, tansçylara ýapyşar ýaly enjam, sahna artistlerine bolsa, özüni biziň «düzgün-kadamyza» laýyk terbiýelemek üçin uly sahna gerek. Maşklary ýerine ýetirip bedeni berk terbiýelemek zerur. Islegiňiz kalbyňyzyň tüýs jümmüşinden gaýdýan bolsa, onda şeýle işi edip öz tebigatyňyzy öwreniň. Ony tanaýşyňyza görä tertipleşdirip terbiýeläň. Eger-de, sizde ukyp bar bolsa, siz beýik artist bolarsyňyz.

# GOŞMAÇALAR

## «IŞ HEREKETLERI» BABYNA GOŞMAÇA

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Geçen sapakda «Däli» hakyndaky okuw sahna işini gaýtalanyňyzdaky näsazlygyň sebäbi diňe şol gün zerur bolan täze meseleleri tapyp ulanmanyňyzdan we oýny öňki tapan usullaryňyz bilen gaýtalanyňyzdan däl. Başga ýalňyşlyk goýberildi. Ol ýalňyşlygyň düýp özeni siziň iş hereketleriňizde yzygiderliligiň we sazlaşyklylygyň bolmandygynda ýatyr.

Şu aýdanyma düşünmek üçin goranyş işiňizi gurnaýşyňyzy ýadyňyza salyň.

Okuw sahna işini ilki ýerine ýetireniňizde içi kitaply uly şkafy otagyň gapysyna jebis diräp goýduňyz. Şonda gapyny itip giňeldäge-de, taýak sokup şkafy süýşürip bolmaz ýaly edip, yş-da goýmadyňyz. Siz şu gün sahna işini başga hili edip ýerine ýetirdiňiz. Şkaf bu sapar gapa jebis süýşürilmänsoň, onuň bilen gapy aralykda boş ýer galdy. Däliniň gapyny açanda giň yşdan gysylybraga-da geçip öýe girmegine hiç zat päsgel berip biljek däl. Galan agyr mebelleri hem geregiçe berk direg hökmünde ulanman, olaryň arasynda boş ýerleri goýup ýerleşdirdiňiz. Bu ýagdaýlar bolsa berkitmäniň gurluşyny göz-görtele gowşatdy. Şeýle ýagdaýda ýerine ýetirilen işiň we iş hereketleriňiziň maksadalaýyk boljakdygyna siziň özüňiz ynanyp bilmediňiz. Sahnada iş hereketleriňize ynanmazdan olary janlandyrmak üçin başdan geçiren ýaly ýerine ýetirip bolmaýar.

Welýaminowa bolsa öz iş hereketleri bilen sazlaşyksyzlyk diýilýän beýleki mysala laýyk hereket etdi. Ýeri, oňa çyranyň abažury nämä gerek boldy-ka? Şol enjamy däliden goranaryn öýdüp aldymyka? Ol näme sebäpden içigaragalmyş çyrany elinden gaçyryp, ony ýerden galdyrmaga şeýle uly many berdikä?

Nazwanow size bolsa ýumşak surat albomy nämä gerek boldy? Ol zat hem gorag enjamy bolup bilmez. Siziň iş hereketleriňiziň maksadalaýyk däldigi we sazlaşyksyzdygy üçin olara ynanyp bolmaýandygyna ylalaşyň.

Men «Däli» hakyndaky okuw sahna işiňizi ikinji sapar ýerine ýetireniňizde siziň goýberen köp sanly näsaz, yzygiderliksiz iş hereketleriňizi ýatlap bilerdim. Olar hem etýudyň iş hereketlerini dogry duýmaga kömek etmediler. Şonuň üçin şol pursatlarda ynandyryjylykly bolmady. Olar gaýtam okuw sahna işini adaty başdan geçiren ýaly ýerine ýetirmäge päsgel berdiler.

– Düşüner dagy ýaly däl! – diýip, Wýunsow uludan demini aldy.

– Emma aýdýanlarym şol bir wagtyň içinde diýseň ýönekeý. Içi suwly gapdan käsä suw guýup, siziň suw içesiňiz gelýändigini göz öňüne getiriň. Siz içi suwly gaby alyp käsä tarap egeniňizde onuň agyr gapagy käsäniň üstüne gaçaga-da, käsäni çym-pytrak edýär. Netijede, siziň bokurdagyňyzy öllejek suw stoluň üstüne dökülip töwerek-daşa ýaýrap gidýär. Ine siziň yzygiderliksiz iş hereketiňiziň netijesi.

– Hakyky! – diýip, Wýunsow oýa batdy.

– Indi, başga mysala ýüzleneliň. Siz garşydaşyňyzyň ýanyna oňuşmakçy, ylalaşmakçy bolup barýarsyňyz weli, öz araňyzda jedel turýar. Jedeliň soňy urşa ýazyp ýaralanmaga baryp ýetýär. Ine, siziň iş hereketiňiziň sazlaşyksyzlygynyň netijesi.

Wýunsow:

– Hawa, düşündim! Gör, neneňsi gowy düşündim! – diýip, guwançly seslendi.

– Şeýlelik bilen, «içki we fiziki iş hereketlerini ýerine ýetiren pursadyňyzda sazlaşygyň we yzygiderliligiň tutýan orny» diýen meseläni öwrenmegiň nobaty geldi.

Döredijilikde sazlaşyk we yzygiderlilik özbaşdak elementler bolup bilmeýärler. Şonuň üçin bu mesele örän wajyp mesele. Olar döredijilik pursadynda beýleki elementleriň hemmesi bilen häli-şindi gabat gelýär.

Maňa şeýle pursatlarda olaryň her biri hakynda aýdyp düşündirmek ýeňil bolýar. Bu ýagdaý okuw maksatnamasynyň temalaryny öwrenmekde sazlaşyk bilen yzygiderliligi temalara laýyk bölüp, olary ikä paýlamaga mejbur bolýaryn. Özi hem bu iş artistiň döredijilik dünýäsiniň her bir elementiniň tutuş dowamynda öwrenilýär.

Biz şu mahalky işimiziň iş hereketleriniň üstünde işleýärkäk, sazlaşyk we yzygiderlilik hakyndaky düşünjelere ilkinji gezek gabat gelýäris. Men şonuň üçin hem şol iş pursatlaryny seljermäge jikme-jik üns berýärin.

Adamlar gündeki durmuşynda içki we daşky iş hereketlerini öz endiklerine ýa-da aň-paýhasyna görä yzygiderli we sazlaşykly ýerine ýetirýärler. Bu ýerde köp halatlarda bizi bellibir maksat, edil şol iş hereketiniň wajyplygy, onuň adama zerurlygy öňbaşçy bolup ugrukdyrýar. Adamlar durmuşdaky meselelere duýuşlaryna görä pikir etmän jogap bermegi endik edipdirler.

Emma durmuş sahnada, keşpde durmuş hakykatyndaky ýaly döredilmän, durmuşy toslamalara görä gurnalýar. Ol ýerde artistiň dünýäsinde keşbi döredip başlan pursadynda onuň janlandyrmakçy bolýan keşbiniň durmuşy maksadyna, onuň iş hereketlerine laýyk häsiýetler, olara zerurlyk, taýýar isleg bolmaýar. Keşbiň zerur häsiýetleri we maksatlary dessine döredilmeýär. Olar uzak wagtyň dowamynda yzygiderli döredijilik iş pursatlary bilen döredilýär.

Hyýaly göz öňüne getiren maksadyňy durmuş hakykatynyň derwaýsyz ýagdaýyna öwürmegi başarmaly. Şular ýaly kyn ýagdaýlara laýyk aktýorçylyk sun-

gatynyň içki tehnikasyny ele alyp bilmedik aktýorlar beýle işleri göze ýakymsyz ýönekeýlik, halanmaýan ýöntemlik, sadalyk derejesinde baş alyp çykýarlar.

Olar sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň ýokary maksadyny beýan etmek üçin güýç-kuwwatyny gaýgyrman, iş hereketlerini ýerine ýetirýän ýaly bolan bolýarlar. Hakykat ýüzünde bolsa olar ýasama hyjuw bilen keşbi oýnansyraýarlar. Iş hereketlerini eden we duýgulary duýansyrap, oňa-da çyndan ynanyp, özüňi aldamaly däldir. Sahna sungatyna öz niýet-isleginiň hakykylygyna ynamy bolmadyk aktýorlar, adamlardan we durmuşdan öwrenenlerine, endiklerine, tejribesine, adaty tebigatynyň öz-özünden işlemegine, sazlaşyga, adam durmuşynyň yzygiderliligine meňzeş döretmek islegine, tutanýerliligine, iş hereketlerini ýerine ýetirmek höwesine eýe bolmakdan mahrum bolýarlar. Bulara derek sahnada durmuş hakykatynyň golaýyndan barmaýan aýratyn, özboluşly aktýorçylyk ýagdaýy ýüze çykýar.

Adam zerurlygyny özüne ýolbaşçy edip ondan ugur almaýan adamlar hakyky sahna sungatyndan daşlaşyp, az päsgelçilikli endikler we hünärmentçilik ýoluna düşýärler. Bu howp bilen göreşmäge bize kömek berýän, psihotehnikanyň usullary bar. Olar döredijiligimizi durmuşy we tebigatymyzyň adaty ýoluna ugrukdyrýarlar.

Şol psihotehnikanyň usullarynyň biri içki we fiziki iş hereketleriniň sazlaşygynyň we yzygiderliliginiň esasyny gurýar. Bu usuly ele almak üçin özüňdäki we beýleki adamlardaky şeýle iş hereketleriniň tebigatyny öwrenmeli.

– Diýmek, bagyşlaň welin, aktýory hökmany suratda elmydama durmuşda eli bellik depderçeli, her dem alym salymda, düşünýäňizmi, özüniň we ýat kişileriň sazlaşyklylygy we yzygiderliligi beýan edýän iş hereketlerini belläp, depderçä ýazyp ýörmeli-dä?! – diýip, Goworkow bahana gözledi.

– Ýok, men özüňiziň we beýlekileriň iş hereketlerindäki sazlaşyklylyga we yzygiderlilige siziň özüňizi ýiti göz bilen zerurlyk hökmünde seretdirjek has sada we durmuşy usuly size hödürleýärin – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç aýtdy.

– Nädip? – diýip,Wýunsow sorady.

– Köşeşiň! Men muny size keşbiň usuly bilen düşündireýin – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç netijä geldi. – Nazwanow bilen Wýunsow baryň, sahna çykyň we ol ýerde haýsydyr birhili fiziki iş hereketini ediň.

– Nähilisini etmeli-kä? – diýip, men düşünmedim.

– Pullary sanaň, resmi kagyzlary seljeriň. Olaryň gerekmejeklerini peje atyň, gereklilerini birýana süýşürip goýuň.

– Men näme etmeli? – diýip, Wýunsow hem düşünmedi.

– Nazwanowyň edýän işlerini synlaň. Oňa gyzyklanyň. Onuň işine gatnaşjak bolup, dürli mümkinçiliklerden peýdalanmaga çalşyň – diýip, Torsow düşündirdi.

Biz sahna çykdyk we pejiň ýanyndaky stoluň başynda dyzymyzy epdik.

– Haýyş edýärin, ýasama (butafor) pullary beriň – diýip, men sahnanyň gapdal perdeleriniň aňyrsynda duran nobatçy işgäre ýüzlendim.

– Olar gerek däl. Eliňiz boş oýnaň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç meni saklady.

Men ýok pullary sanamaga başladym.

Göz öňüme getirýän hyýaly ýok pul daňysyna tarap elimi uzadan dessime:

– Ynanmaýaryn! – diýip, Torsow meni saklady.

– Siz nämä ynanmaýarsyňyz?

– Siz nämä el degrendigiňize hatda gözüňiziň gyýtagyny hem aýlamadyňyz ahyry.

Men göz öňüme getirýän hyýaly pul daňysyna seretdim, hiç zat görmedim, elimi uzatdym we yzyna çekdim.

– Siz, iň bolmanda, başarýan ýaly bolup barmaklaryňyzy berk ýumuň, bolmasa pul daňysy eliňizden gaçar. Ony oklamaň. Goýuň. Bu işi ýerine ýetirmäge bir sekunt gerek. Eger-de ýerine ýetirýän iş hereketiňizi delillendirjek we fiziki taýdan oňa ynanjak bolsaňyz şojagaz wagtyňyzy gysganmaň. Kim şeýdip daňyny çözýär? Petdäň daşyna daňlan ýüpüň ujuny tapyň. Beýdip däl? Beýle iş howul-hara edilmeýär. Köp halatlarda daňyň ujuny çözülmez ýaly ýüpüň daşyndan towlap onuň aşagyna dykýarlar. Şonuň üçin hem ony çöşlemek ýeňil-ýelpaý iş däl. Anha, şeýdiň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuwçynyň iş hereketini oňlady:

– Indi, her bir daňyny aýratynlykda sanaň. Bäh! Siz nebeýle çaltlykda munça işleri ýerine ýetirdiňiz. Iň tejribeli kassirleriň hiç birisi-de köne, eplem-eplem bolup giden pullary şeýle çalt täzeden sanap bilmez.

Biziň tebigatymyz fiziki taýdan ynanar ýaly, sahnada ýerine ýetirýän işimizde nähili hakyky durmuşy böleklere, nähili kiçijik hakykata baryp ýetmelidigini görýärsiňizmi?

Torsow meniň fiziki işimi biri-biriniň yzyndan, sekuntma-sekunt sazlaşykly we yzygiderli ýagdaýda ugrukdyrdy. Men durmuşda pul sanamak iş pursadynyň nähili ýagdaýda yzygiderlilik bilen bolup geçýändigini, bu işi elim boş pulsuz halda ýerine ýetirýärkäm kem-kemden ýatladym.

Şu gün Torsowyň maňa aýdyp, ýerine ýetirden sazlaşykly we yzygiderli iş hereketleri mende predmetsiz – eli boş iş hereketlerine başga hili gatnaşyk döretdi. Ol iş hereketleri pulsuz ýagdaýy edil pul bilen dolduran ýaly boldy ýa-da has dogrusy, hakykat ýüzünde ýok obýekte dogry nazar salmaga – ynanmaga çagyrdy. Meniň aňymda puly göz öňüne getirip barmaklarymy gymyldadyp pul sanan bolanym bilen deňeşdirer ýaly däl.

Fiziki iş hereketleri özüniň çynlygyny duýduryp ugran dessine, men sahnada özümi ynjalykly alyp bardym. Şonda islegimden daşgyn taýýarlanmadyk iş hereketlerim peýda boldy: men tertiplije edip ýüpi doladym-da, stoluň üstünde goýdum. Meniň bu ýönekeýje iş hereketim özüniň takyklygy bilen süňňümi ýylatdy. Ol mundan başga-da täzeden-täze taýýarlanmadyk iş hereketleriniň yzly-yzyna döremegine alyp bardy.

Mysal üçin, men pul topbagyny sanamazdan öňürti, pullaryň jebis, oňat hatarlanyşyp gönümel durmaklary üçin, olary uzak wagtlap stola kakyşdyrdym. Şonda sahna ýoldaşym Wýunsow iş hereketime düşünip güldi.

Nämä gülýäň? – diýip, men ondan soradym.

Ol:

– Iş hereketiňe örän laýyk geldi – diýip, jogap berdi.

– Ine, biz nämä doly suratda ahyryna çenli delillendirilen fiziki iş hereketleri diýip, artiste adaty ýagdaýda ynanýarys! – diýip, tomaşa zalynda oturan Arkadiý Nikolaýewiç gaty seslendi. Şeýlelik bilen diýip, ol düşündirişini jemledi. Siz iş hereketini gödeksi ýerine ýetiren bolmakdan başladyňyz. Beýle ýagdaýdan gaça durmak üçin bolsa siz ýerine ýetirýän iş hereketleriňiziň yzygiderliligini dykgatly yzarlamaly bolduňyz. Olary kän gezek gaýtalap, şol iş pursadynyň durmuşda nähili bolýandygyny kem-kemden ýatladyňyz. Şol pursatlary başdan-aýak bildiňiz. Olara we sahnadaky iş hereketleriňize ynandyňyz.

Durmuş hakykatynda bu duýgular biziň üçin adaty, elýeter, ýönekeý, tanyş. Emma sahnada köpçüligiň öňünde çykyş edilende welin, olar täzeden döreýärler we biziň üçin ýat, elýetmez, çylşyrymly bolýarlar.

Hatda endige öwrülen sazlaşykly we yzygiderli ýönekeýje fiziki iş hereketleriniň elementleri-de bizden ýüz öwrüp, gaça durýarlar. Şonuň üçin sahna meýdançasynda artistiň her sapar täzeden döretmeli bolýandygynyň gynandyryjy, hökmany ýagdaýdygyna haçan-da bolsa bir gün elmydamalyk düşünmeli. Bu ýagdaýyň garşysyna göreşmek gerek.

Göreşmek üçin bolsa biz psihotehnikanyň kömegine daýanmaly we öz tebigatymyzyň fiziki hem-de beýleki ýagdaýlaryndaky käbir elementlerini bilmeli. Beýle iş bolsa şol ýagdaýymyzyň gurluşyny çuňňur öwrenmegi talap edýär.

Biz haçanda iş hereketi öz-özünden döremedik ýa-da oýanmadyk ýagdaýlarynda, daşky gözleglerden içki gözleglere tarap ýüzlenmek düzgünini ulanyp, gerekli iş hereketiniň bellibir bölegini sazlaşykly we yzygiderli hala salyp, şolardan iş hereketlerini gurnaýarys. Bize sazlaşygyň we yzygiderliligiň bölekleriniň gezekleşip iş hereketinde gelmegi bolsa, durmuş hakykatyny ýatladýar, tanyş hereketlendirijileriň duýgulary şol hakykaty jaýdar ýagdaýa salyp, ýerine ýetirýän iş hereketlerimiziň dogrudygyna ynam döredýär.

Artist şol iş hereketlerine ynanan dessine, olar oýanmak bilen bolýarlar.

Şu gün bize «pullary ýakmak» okuw sahna işiniň üstünde işlenende, şeýle pursatlary synlamaga mümkinçilik boldy.

Şu işde aktýorçylyk sungatynyň daşky tehnikasynyň kömegi bilen gurnalýan iş hereketlerini, durmuşy ýagdaýda janlandyrmakda sazlaşyklylygyň we yzygiderliligiň uly ornunyň bardygyny aýratyn nygtaýaryn.

Galyberse-de, geljekde iş hereketiniň esasy böleklerini gezekleşdirip bitewi iş hereketini gurnamak üçin meniň hödürleýän usulymy giňden peýdalanar ýaly, olary içgin öwrenmek zerurdyr.

– Nädip öwrenmeli-kä? – diýip, Wýunsow aladalandy.

– Bu örän ýönekeý mesele. Özüňizi öwrenmek zerur diýen ýagdaýa salmaly.

– Ol nähili ýagdaý? – diýip, men bilmäge çalyşdym.

– Ol ýagdaý şu günki özüňiziň pullaryň ýakylmagy okuw sahna işini işleýärkäňiz düşen ýagdaýyňyzda. Bu ýagdaý hiç bir zatsyz, has dogrusy, ýok zady bar ýaly edip iş hereketini ýerine ýetirmek.

Biziň dilimizde bu ýagdaýa şeýle diýilýär: ýok zady bar ýaly edip ýerine ýetirilýän iş hereketleri.

Men bu ýagdaýa siziň aň-paýhas bilen ýüzlenmegiňiz üçin, öz mysallarymyň kömegi bilen onuň syrlaryny ýa-da iş pursatlarynda ulanyşyny size düşündirmäge çalşaýyn. Bu ýagdaýy size düşündirmek üçin maňa onuň tersinden başlamak gerek bolýar.

Nazwanow we Wýunsow! Ýaňky sahna işiňizde pullary hasaplamak iş hereketlerini gaýtalaň, ýöne indi, ýok zady bar ýaly edip predmetsiz ýerine ýetirmäň-de, butaforçynyň häzir getirip berjek hakyky pul petdeleri bilen işläň.

Biz mugallymyň talabyny ýerine ýetirdik.

Arkadiý Nikolaýewiç sahna işini tamamlan badymyza tomaşa zalynda bize sereden okuwçylardan şeýle diýip sorady:

– Siz Nazwanowyň ýaňyja pul daňylaryny stoluň üstünden yzly-yzyna alyp, olaryň daňylaryny çözüşini, sanaýşyny, tertipleşdirişini we beýleki iş hereketlerini gördüňizmi?

– Aý, takmynrak gördük – diýip, okuwçylar ýaltalyk bilen göwünli-göwünsiz jogap berdiler.

– Diňe takmynrakmy? Unudan zatlaryňyz köpmi? – diýip, Torsow olardan çintgäp sorady.

– Mesele unutmakda däl-de, ýatda saklamak üçin özüňe agram salmaly bolýandygynda – diýip, okuwçylaryň käbiri düşündirdi.

– Sowuk-sala üns beripdiris – diýip, beýlekiler aýtdylar.

– Okuw sahna işini ýerine ýetirenler, siz zat bilen ýaňy eden iş hereketleriňiziň käbir ýerlerini aýdyň ýagdaýda ýadyňyzda sakladyňyzmy? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç maňa hem-de Wýunsowa sorag bilen ýüzlendi.

Biz hiç bir fiziki iş hereketleriniň, olaryň käbir pursatlarynyň pikirini etmändigimizi we ol iş hereketleriniň öz-özünden endiklere görä bolup geçendigini boýnumyza almaly bolduk.

Soňra Arkadiý Nikolaýewiç tomaşa zalynda sahna işine seredip oturan okuwçylara ýene-de sorag bilen ýüzlendi:

– Siz maňa sahna işinde pullary sanamak iş hereketlerini ýok zady bar ýaly edip ýerine ýetiren saparyňyzdaky ýerine ýetiren iş hererketleriňiziň nähili görnüşde hakydaňyzda galanlaryny ýatlaň-da, aýdyň?!

Sahna işini ýok zady bar ýaly edip ýerine ýetirmek usulynyň ýatda has aýdyň, has düşnükli, has ymykly galýandygy mälim boldy.

– Sahna işini ýerine ýetirenler, siz näme diýmekçi? – Arkadiý Nikolaýewiç ýene-de Wýunsow bilen maňa ýüzlendi. – Sizde pul hasaplaýşyňyz zat bilen iş hereketlerini edeniňizde nähili ýagdaýda ýadyňyzda galdy?

Biz näme diýip jogap berjegimizi bilmedik.

– Netijede, sahna işi predmet bilen ýerine ýetirilende yzygiderli edilmeli iş hereketleriniň köpüsi bildirmän keşbi döredýäniň üns berýän ugrundan sowlup, düşüp galýar. Olar endik boýunça üns berilmän öz-özünden ýerine ýetirilen iş pursatlary. Olar iş hereketini seljermäge bökdençlikleri, päsgelçilikleri döredýärler. Olar iş hereketleriniň seljerilmeli esasy bölekleriniň yzygiderliliginiň we sazlaşygynyň tertibini yzarlamaga mümkinçilik bermeýärler. Bu ýagdaý artistiň hökmany suratda elmydama ugur alýan we yzygiderlilik bilen nazaryndan düşürmeýän üns ugruny gurnamak işinde-de kynçylyk döredýär.

Iş hereketleri predmetsiz ýerine ýetirilende düýbünden başga hili täsir galdyrýandygy görünýär. Beýle ýagdaýda iş hereketleriniň düşüp galmak meselesine üns berilmeýändigi sebäpli aradan aýrylýar.

– Be-e, ol näme üçin?

– Iş hereketleri ýerine ýetirilýärkä ulanylan hakyky predmetler aradan aýrylanda artistiň ünsüniň ugruny gurnamaga bökdençlikleri döredýän şol ulanylýan zatlary yzygider ulanmaga bolan endikler, düşünjeler, hereketler öz-özünden ýok bolýarlar. Sahna işiniň iş hereketleriniň käbir pursatlaryny ýatda galan wakalaryň iş hereketleri bilen dolduryp, sahna işini sazlaşykly hem-de arasy kesilmeýän yzygiderlilik bilen doly gurnamaga, bökdençlikleri döredýän iş hereketlerini aradan aýyrmak mümkinçiligi döreýär.

Başgaça aýdanyňda, hyýaly obýektler durmuşda endikler bilen ýerine ýetirilýän iş hereketleriniň nähilidigine akyl ýetirmäge mejbur edýär.

Netijede, sahna işini ýok zady bar ýaly edip ýerine ýetirmek usulynyň syry nämede?

Bu syr sahna işiniň esasy böleklerini sazlaşykly we yzygiderli gurnamak işinde. Iş hereketleriniň hakydaňda galanlaryny birin-birin ýatlap we olary gurnap, özüňe tanyş duýgularyňy oýarýan dogry iş hereketlerini döredýärsiň. Ol iş hereketleri hakykata golaý bolany üçin ynandyryjylykly. Olar fiziki duýgularyňa tanyş bolany üçin olary durmuşy ýatlamalaryň üsti bilen tanaýarsyň. Bularyň hemmesi gurnalýan iş hereketleriniň böleklerini janlandyrýar.

Arkadiý Nikolaýewiç sapagyň soňunda ýok zady bar ýaly edip ýerine ýetirmek usuly bilen döredilýän sahna işlerine ähli ünsüňi berip döretmelidigini nygtap, berkden-berk bizi ynandyrdy. Ol şu sapaklara göz-gulak bolmagy we olaryň ýagdaýyny özüne mälim etmegi Iwan Platonowiçe tabşyrdy.

– Bilýäňizmi, bu ýok zady bar ýaly edip ýerine ýetirmek sahna maşklary hem edil aýdymçynyň sesini taplaýan usuly ýalydyr. Aýdymça onuň ulanýan usuly sesi dogry ugrukdyrmak üçin gerek, ýok zady bar ýaly edip ýerine ýetirmek usuly bolsa artistiň ünsüni jemlemek üçin zerur – diýip, Torsow bizi ynandyrdy. – Men eýýäm köp ýyllardan bäri sahna bilen iş salyşýaryn. Şonda-da her gün 15–20 minutlap ýok zady bar ýaly edip ýerine ýetirmek usulynyň üstünde işleýärin. Şonuň üçin men ol usulyň bölekleriniň esasyny we tebigatyny bilýärin. Men bu usulyň iş hereketlerini dürli-dürli «hödürlenen ýagdaýlarda» taýýarlap ulanýaryn.

Özüňiz mende aktýorçylyk sungatynyň tehnikasynyň nähili derejede terbiýeländigine baha beriň. Bu usulyň artiste nähili zerurdygyna we onuň kömeginiň wajypdygyna siz bir düşünsediňiz! (66).

Size onuň zerurlygyny we wajyplygyny düşündirmek entek irräk. Siz şu wagt maňa akylyňyz bilen düşünersiňiz. Beýle düşünmek bolsa kellä agram salmak. Siziň fiziki duýgularyňyz we tutuş kalbyňyz bilen meniň düşündirişime düşünjek mahalyňyza çenli garaşalyň.

Häzirlikçe bolsa maňa nesýe ýagdaýynda ynanyň-da, Iwan Platonowiçiň gözegçiliginde ýok zady bar ýaly edip iş hereketlerini ýerine ýetirmek usulyny erjellik bilen özleşdiriň.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç geçen saparky düşündiren temasyna gaýdyp geldi:

– Geçen saparky okuw sahna işiňizde iş hereketlerini bar zat bilen we ýok zady bar ýaly edip ýerine ýetirdiňiz. Siz şol tejribäňizde, ýok zat bilen ýerine ýetirilen iş hereketleriniň köp halatlarda bar zat bilen ýerine ýetirilen iş hereketlerinden takyk, gutarnykly, sazlaşykly we yzygiderli bolup çykandygyny gördüňiz.

Durmuşda galapyn ýagdaýlarda wakalaryň käbir esasy bölekleri gözden salynýar, ünsden düşüp ýitip gidýär. Bu gürrüňi edilýän takyklyk durmuşda öz-özünden bolup geçýän wakalara gapma-garşylyk döredýär ahyry diýen netijäni çykarmaga mümkinçilik bermeýärmi näme?

Jogaba derek men hakydamda, baryp-ha, kyrk ýyldan bäri yhlas bilen saklap gelýän, meniň üçin iň gymmatly estetiki ýatlamamy siz bilen paýlaşaýyn.

Bu ýatlamakçy bolýan wakam şeýle: men Eleonora Duze birinji sapar Moskwa gelende, onuň gatnaşmagynda «Hemişe gök öwüsýän günorta agajy we zenan» atly tomaşany gördüm. Ol sahnada uzak wagta çekýän dymyşlykda, sesini-üýnüni çykarman Armana hat ýazýar. Men bu ajaýyp parçany umuman däl-de, onuň esasy pursatlaryny jikme-jik hakydamda sakladym. Şol pursatlar meniň ýadymda özüniň adatdan daşary takyklygy, gutarnykly ýagdaýdaky aýdyňlygy bilen hemişelik galdy. Men edil suratkeşiň elinden çykan ajaýyp esere söýgi bilen synlaýyşlary ýaly bu sahna oýnunyň parçasyna tutuşlygyna-da ýa-da bölekleýin hem haýran galyp seredýärin.

Şeýdip nusgawy sungat eseriniň şirin tagamyny datmak, bu ondan örän uly lezzet almakdyr. Emma Goworkow durmuş hakykatynda beýle zat bolmaýar! – diýip igener.

Ýöne beýle däl. Durmuşda-da şeýle bolýar ahyry. Ýöne ol örän seýrek duş gelýär. Men meýdanda işleýän daýhanyň öz işini nähili takyk ýerine ýetirýändigini birnäçe gezek hezil edip synladym. Men işçiniň fabrikde öz işini gutarnykly ýagdaýda ýerine ýetirişini-de, Amerikada öý hyzmatçysy garaýagyz zenanlarynyň öýi ýygnaýşyny-da uly höwes bilen gyzyklanyp synladym (67).

## «SAHNADAKY GATNAŞYK» BABYNA GOŞMAÇA

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç gürrüňini şeýle tymsaldan başlady:

– It gapydan girenden jaýdakylaryň halyna düşünjek bolup, olara nazar aýlaýar. Soňra özi bilen sahnada gatnaşyk edip biläýjek obýekti saýlap, şol obýektiň ýanyna barýar. Onsoň şol obýekte aýagyny sürtýär ýa-da penjelerini onuň dyzynyň üstünde goýýar. Ol şu iş hereketlerini özüne üns berdirmek üçin ýerine ýetirýär. It maksadyna ýetensoň, öz obýektiniň ýanynda artky aýaklarynyň üstünde oturýar-da, obýekti bilen sahnada gatnaşyk etmek üçin nazaryny onuň gözlerinden sowmaýar.

Başga durmuş mysallaryna ýüzleneýin: süýrenijileriň şalygynda-da ýa-da deňiz haýwanlarynyň durmuşynda-da şolara meňzeş iş hereketleri bolup geçýär. Bu ýerde janly möjekler öz gizlenýän ýerinden çykyp, uzak wagtlap daşyny gurşap duran tebigaty içgin synlap öwrenýärler.

Adamlar hem şular ýaly iş hereketlerini etmeýärlermi näme? Ol hem otaga girip, otagdaky adamlaryň hal-ýagdaýyna düşünjek bolup synlaýar. Adam hem özüne obýekt saýlaýar. Obýektiniň ýanyna barýar-da, onuň ünsüni özüne çekýär. Gözlerinden göze ilmeýän şöhleleri ýollap, obýektiniň hal-ýagdaýyna düşünjek bolýar. Gözlerden ýollanýan we kabul edilýän göze ilmeýän şöhlelere daýanyp, öz obýekti bilen sahna gatnaşygyny etmegiň ýoluny açýar.

Başga bir ýagdaýda bolsa, şol bir janly zatlar – it, deňiz haýwanlary, adam howul-hara gelýär-de, töweregindäkileriň ünsüni özüne çekip, haýsy-da bolsa birtaraplaýyn gatnaşygy ýola goýýar.

Gördüňizmi, bu janly zatlara şeýle iş pursatlarynyň hemmesinde bellibir iş hereketini ýerine ýetirmek zerurlyga öwrülýär. Bu iş pursatlarynyň hemmesinde şol hökmany ýagdaý elmydama birmeňzeş sazlaşykly we yzygiderli amala aşýar.

Diňe sahnada hereket edýän aktýor bular ýaly iş hereketini etmeýär. Olaryň tebigatyň janly zatlar üçin döreden hökmany we adaty kanunlaryny bilesleri gelmeýär. Sahna çykanda töweregindäkileriň hal-ýagdaýy olary gyzyklandyrmaýar, olar gatnaşyk etmek üçin özüne obýekt saýlamaýarlar. Olar obýektiň gözlerine

dikanlap seretmeýärler, kalbynyň gürsüldisini duýmaýarlar, özüne ýakynmy ýa-da daşmy takyk aňlamaýarlar.

Hünärmentçilik ýoly bilen işleýän artistler tomaşaçylary özleriniň hemişelik obýekti hasap edýärler. Olar sahnada nirede durmalydygyny we şol ýerde näme etmelidigini, nähili geplemelidigini öňünden bilýärler. Olar öz adamçylyk islegi bilen beýle bolmaýarlar-da, pýesanyň awtorynyň, sahna oýnunyň režissýorynyň görkezmesi esasynda, zoraýakdan görkezilen talaby ýerine ýetirýärler. Hünärmentler ýat duýgulary, hyjuwlary, pikirleri, sözleri, iş hereketlerini özlerine laýyk hala öwrüp bilmeýärler. Şonuň üçin hünärmentlik ýoluny saýlap alan artistler sahnada gurnalan otaga girmeýärler. Olar beýik gurnalan teatral sahna meýdançasynda, özüni müňlerçe tomaşaçylara görkezjek bolup «çykyş edýärler».

Teatr dünýäsinde şeýle giň gerim alyp, adam tebigatyny ýoýýan şeýle ýoldan nädip gaýra durup bolar? Nädip aň-paýhasa seretmän döreýän tebigy düzgün-kadalary bilen işleýän teatr sungatynyň ýerini tutmaga çalyşýan gödek, ýasama göçürmelerden, hünärmentlikden, endiklerden döredijiligi halas edip bolar?

Biziň elimizde ygtybarly bir usul bar. Ol psihikanyň tehnikasy.

Durmuşda öz-özünden bolýan zatlary sahnada ýerine ýetirmek ýygy-ýygydan psihikanyň kömegini talap edýär. Ol sahnadaky hemme adaty halda bolýan pursatlara, şol sanda «gatnaşyk» ýagdaýyna-da akyl ýetirip, sazlaşykly we yzygiderli ýerine ýetirmegi öwredýär. Haçanda bu iş pursatlary öz-özünden peýda bolmadyk ýagdaýynda, aň-paýhasy ulanyp, onuň käbir ýerlerini sazlaşykly we yzygiderli ýagdaýda öz tebigatymyzyň düzgün-kadasyna laýyk gurnamaly bolýarys. Eger-de bu iş pursatlary ýalandan, diňe artistiň daşky sypatyny görkezmek üçin gurnalman, içki dünýäniň aýdýan pikiri bilen nazary ýollap we nazary kabul edip ýerine ýetirilse, onda şol pursatlar aktýory hakykata alyp barar.

Eger hemme adaty düzgün-kadalaryň garşysyna gitsek, betbagtlyga uçrarys. Onda ýalanyň, hünärmentçiligiň, elpe-şelpeligiň ýoluna düşeris. Geliň, tebigatymyzyň adaty düzgün-kadalaryny yhlas hem erjellik bilen öwreneliň we akyl-paýhas bilen olaryň ýerine ýetirilişini gözden salmalyň!

Bu çagyryş aň-paýhasa gulak asmaýan, öz-özünden döremeýän gatnaşyk usullaryna-da degişlidir.

Biz entek sahnadaky gatnaşyk usulynyň diňe käbir aýratyn pursatlaryny öwrenip ýerine ýetirdik. Indi bolsa bize şol pursatlarda nädip belli-belli etaplaryň gurnalýandygyny yzarlap we olaryň tebigy ýagdaýda bolup geçýändigine göz ýetirmek galýar.

Sahnada gurnalan otaga artistiň girip, ol ýerdäkilere nazar aýlamagy, otagyň içindäkileriň ýagdaýyna görä bolmagy we özüne obýekt saýlamagy sahnadaky gatnaşyk pursadynyň ilkinji etabyny emele getirýär.

Bizi gyzyklandyrýan sahnadaky gatnaşygyň tebigy pursadynyň ikinji etaby artistiň obýektiň ýanyna baryp garaşylmadyk hörpde gürläp iş hereketiniň kömegi bilen özüne üns berdirmeginden ybaratdyr.

Ýat kişiniň dünýäsini gözden ýollaýan nazarynyň jübtegi bilen synlap, onuň kalbyna guýmak üçin taýýarlanylan pikiriňi, duýgyňy we garaýşyňy ýeňil we aňsatlyk bilen oňa ýetirmek gatnaşygyň tebigy pursadynyň üçünji etabyny emele getirýär.

Usullaryň, sözleriň, ses we sesiň badynyň, gözden ýollanýan nazaryň kömegi bilen öz garaýşyňy obýekte bermek, ýagny gatnaşyk etmekçi bolýan subýektiň özi şu ýollaýanlarynyň nämelerdigini we nähilidigini subýektiw göz öňüne getirýändigini, obýektiň subýekti eşitmegi, düşünmegi bilen çäklenmän, içki dünýäsini görmäge obýekti mejbur etmek islegi gatnaşygyň tebigy pursadynyň dördünji etabyny emele getirýär.

Obýektiň seslenmegi we kalbyňyzyň kuwwatyny iki tarapdan hem ýollanýan we kabul edýän gözüňiziň nazary tebigy gatnaşygyň bäşinji etabyny emele getirýär.

Her bir sahna gatnaşygynda onuň şu bäş etaplaryny amala aşyrmak hökmandyr.

Men:

– Kyn mesele – diýip belledim.

– Men size onuň kyn däldigini subut edeýin. Men sözümi tebigy ýagdaýda döreýän gatnaşygy öňünden ýüze çykýan durmuşy hadysalaryň adatdan daşary sazlaşyklydygyny we yzygiderlidigini nygtamak bilen başlamakçy. Sazlaşyklylygyň we yzygiderliligiň bolsa hakykata alyp barýandygy size mälimdir. Hakykat öz gezeginde ynama baryp, olaryň hemmesi bilelikde bu meni beýan etmek üçin aň-paýhasa garaşsyz oýanýan tebigy döredijilige eltýär.

Okuwçylar:

– Tebigy pursatlaryň bäş etaby, diýmek, dilde aňsat. Hany, olary ele aljak bolup bir görüň! – diýşip ýaýdanyşdylar.

– Geliň, hany, synanyşyp göreliň! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç öz teklibini orta atdy:

– Nazwanow, baryň tomaşa zalyndan çykyň-da, bir minutdan soň yzyňyza dolanyň. Gelip, biziň hal-ýagdaýymyzy biljek boluň!

Boljak iş bolansoň, men zaldan çykyp çykmankam Torsowyň okuwçylara gizlin habary aýdanlygyny ýoldaşlarym maňa ýetirdiler.

Torsow:

– He-eý, görgüli Nazwanow!.. Ol özüniň Moskwadan yzyna çagyrylýandygy üçin bu mekdepden gitmeli boljakdygyndan entek bihabar.

Okuwçylar:

– Be-e, o nähili?! Nazwanow mekdebimizden gidýärmi? – diýşip, derrew Arkadiý Nikolaýewiçiň daşyny alypdyrlar.

Ýöne Torsow olara jogap berip ýetişmänkä, men eýýäm tomaşa zalynyň gapysyndan girdim.

Zaly tagaşyksyz ümsümlik gaplady. Okuwçylaryň arasyndaky eşiden habaryna ynananlarynyň birinde meniň nazarym saklandy. Olaryň galanlary aýdylan habara ynanmaýandyklaryny mälim edip ýylgyryşýardylar.

– Bu ne şeýtanlyk? Maňa düşnüksiz bir zad-a bolupdyr? – diýip, men nazarym bilen oturanlary iýäýjek bolup ýekänme-ýekän olara seretdim.

– Berekella! Maksadyň esasy ugry, gatnaşyk etmek üçin obýektleri gözlemek öz-özünden tebigy ýagdaýda bolup geçdi we gatnaşygyň birinji etaby ýerine ýetirildi. Siz şu ýerdäkileriň hemmesine nazaryňyzyň jüpdegini salyp olaryň hal-ýagdaýyna düşünjek bolup üns berip seretdiňiz. Bu iş hereketinde biziň hal-ýagdaýymyzy siziň bilendigiňiz ýa-da bilmändigiňiz möhüm däl. Möhüm zat – siziň ähli duýgyňyzy jemläp oturanlaryň hal-ýagdaýyny biljek bolmagyňyz – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç toslap tapan habarynyň maksadyny düşündirdi.

Sahnadaky gatnaşygyň ikinji etabyny, ýagny obýektiň ünsüni özüňe çekmek pursadyny ýerine ýetirmäge bolsa men size kömek edeýin. Men siziň obýektiňiz we siz meniň ünsümi özüňize çekdiňiz. Şonuň üçin ýanyma geliň-de, maňa seredip meniň hal-ýagdaýyma düşünjek boluň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç tabşyrdy (69).

Men berlen buýrugy ýeňillik bilen ýerine ýetirdim.

Haçanda men nazarym bilen onuň gözlerine dikanlap bakanymda:

– Berekella! Obýektiň dünýäsine düşünjek bolmak, ýagny ikinji etap hem ýerine ýetirildi – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç joşgunly seslendi.

– Ýok, men bu etaby doly ýerine ýetirip bilmedim. Sebäbi men siziň içki pikiriňizi aýyl-saýyl edip bilmedim.

– Ol wajyp däl. Wajyp – siz, öz nazaryňyz bilen meniň içki pikirimi tüýtdüňiz we ony gatnaşyk etmäge taýýarladyňyz.

Gördüňizmi, ýaňy size kyn ýaly bolup görnen bu işleri ýerine ýetirmek, görüp otursak, şeýle bir kynam däl eken-ä. Özüňize bolup biläýjek gatnaşyk duýgusyny çagyrmak işi hiç bir azarsyz amala aşdy. Diýmek, bu işi ýerine ýetirmek size başardýar – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç netijä geldi.

– Ol iş maňa müňlerçe tomaşaçylaryň üýşen sahna meýdançasynda we onuň zala bakýan hüýtgara gapysynyň ýanynda başartmaz.

– Bu mesele tejribä, wagta we ünsüňe bagly. Olar köpçüligiň öňünde döredijiligiňiz bilen çykyş edeniňizde kömek eder. Haçanda şol tebigy bäş etap endige öwrülensoň men siziň sahnada obýektiňiz bilen şu wagt edil maňa ýollan nazaryňyz ýaly ýagdaýda nazaryňyzdan dogry gatnaşygyň, göz öňüne getirmegiň, nazary ýollamagyň we kabul etmegiň we beýlekileriň yzygiderli ösýän tebigy pursatlaryny birkemsiz ýerine ýetirjekdigiňize ynanýaryn.

Şeýle ýol bilen emeli ýagdaýda zerur we kadaly tebigy gatnaşyk pursatlaryny psihotehnikanyň kömegi bilen oýarmak mümkin.

– Dördünji we bäşinji etaplar bilen näme etmelidigini aýtmadyňyz-a? – diýip, men Arkadiý Nikolaýewiçiň gürrüňiniň arasyny böldüm.

– Obýekte öz göz öňüne getirişiňizi bermek we onuň bilen gatnaşygy ýola goýmagyň etaplary hakynda biz indiki sapagymyzda söhbet ederis.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Bu günki sapak Goworkowyň igenjinden başlandy. Özem, geň galaýmaly, onuň bu saparky igenji örän ýerlikli bolup, ol şu günüň temasyny özleşdirmäge peýda etdi.

Goworkow:

– Meni bagyşlamagyňyzy haýyş edýärin, aýtmaga rugsat ediň! Siz keşbe sahnadaky gatnaşygyň etaplarynyň sazlaşyklylygynyň we yzygiderliliginiň üsti bilen barmaly diýýärsiňiz. Onda aýdyň, sahnadaky gatnaşygy etmezden ozal, aktýoryň özüňde şol gatnaşygy etmekçi bolýan material bolmaly. Düşünýäňizmi? Sahnadaky gatnaşygy başlanyňdan soň, özüňde gatnaşyga hödürlejek materialyňy döredip bolmaýar ahyry...

– Belki, bolýan bolaýmasyn. Geliň, bu meseläni tejribede barlap göreliň. Munuň üçin hemmäňiz sahna çykyň-da, Maloletkowanyň myhmanhanasyna baryň.

Biz mugallymyň talabyny ýerine ýetirdik,

– Biz nähili sahna işini ýerine ýetireris? Goý, şu biziň durmuşda geçýän dersimiz ýaly drama sungatynyň dersi Maloletkowanyň myhmanhanasynda geçip dursun. Ol dersiň biziňkiden bir üýtgeşik ýeri, oňa garaşylmadyk ýagdaýda barlagçy gelýär. Barlagçynyň keşbini bize Goworkow ýerine ýetirip bersin. Goý, ol gapdal perdelere geçsin, galanlaryňyz haýsy-da bolsa öwrenen maşklarymyzy ýerine ýetirmek bilen meşgullanyň. Soňra barlagçy gelsin. Goý, keşbi ýerine ýetirýän hiç bir belli meseläni öz öňünde goýman, gatnaşyk etmek üçin hiç hili materialy taýýarlaman, gatnaşygyň tebigy döreýşiniň düzgün-kadasyna laýyk, gös-göni bäş etabyna amal etmäge başlasyn.

Goworkow gapdal perdelere tarap ugrady. Arkadiý Nikolaýewiç bildirmän sahnadan tomaşa zalyna düşdi-de, onuň garaňky ýerinde gizlendi. Biz, ýagny okuwçylar beden myşsalaryny gowşadýan maşklary ýerine ýetirmek bilen meşgullandyk.

Goworkow uzak arakesmeden soň, barlagçy hökmünde sahna çykdy. Ol adaty ýagdaýyň düzgün-kadasyny saklap, girelgäniň agzynda saklandy, hemmelere nazar aýlady (ugruny kesgitledi), Arkadiý Nikolaýewiçi gözledi. Ony tapmansoň, ýagdaýa düşündi, okuwçylaryň içinden haýsy-da bolsa birini özüne gatnaşyk obýekti hökmünde saýlamak üçin bizi uzak wagtlap synlady. Ahyrynda-da ol Wýunsowyň ýanyna baryp saklandy (obýekt saýlamak).

– Maňa ýörite bilim berýän bu mekdebiň direktory bilen gürleşmek gerek – diýip, Goworkow aýtdy.

– Gürleşip bolanok! Ol ýok. Ol işli.

– Goworkow dem alasy salym Wýunsowyň gödek sesi bilen gaýtaran jogabyndan aljyrady. Soňra öz sesini derrew üýtgetdi. Şeýdip hem, ol Wýunsowy özüne uly üns bermäge mejbur etdi. (Obýektiň ünsüni özüne çekdi. Ikinji etap).

Bu gezek Wýunsowyň özi aljyrady. Olar uzak wagtlap birek-birege ünsli seredişip dymdylar (obýektiň dünýäsine düşünjek bolmak. Üçünji etap).

– Direktora habar ýetirjek boluň-da, gaýrat ediň! – diýip, Goworkow tutanýerlilik bilen haýyş etdi. – Men, görýärsiňizmi, şu mahal geçip duran gurultaýyň tabşyrygy bilen geldim ahyry. Oňa aýdyň, siziň okuw mekdebiňizde düzgün bozulmalara ýol berlenliginiň üsti açyldy.

Barlagçy toslama ýygnakda Arkadiý Nikolaýewiçe okuwçylaryň islegine gereginden artyk agram salýan ýol bilen okadýandygy üçin käýelendigini başardygyça çeperçilik bilen beýan etdi (göz öňüne getirýänini aýtmak. Dördünji etap).

Wýunsow oňa gulak asman, öz diýenini tutdy. Gapma-garşylyk döredi. (Iki tarapyň gatnaşyk pursady. Bäşinji etap).

Okuwçynyň özüni alyp barşy barlagçyny gaharlanmaga mejbur etdi:

– Sen kim, mekdebe nädip düşdüň, ýolbaşçylar bilen beýle gödek sözleşmäge seniň nä hakyň bar, seniň hossarlaryň kim?

Arkadiý Nikolaýewiç şol pursat Goworkowa söz gatdy:

– Wýunsow – siziň ogluňyz. Ol ýaşajykka siziň berýän azaryňyza çydaman öýüňizden gaçyp gaýdypdyr.

Goworkow az salym oýurganansoň, soragyny dowam etdi we şol bir wagtyň özünde-de, aýdylan täze pikire gaýtargy bermäge taýýarlandy.

Ol täze pikiri örän oňat edip ýerine ýetirdi. Goworkow garaşylmadyk ýagdaýda öz ogly bilen duşuşygyny görkezmekde öz aktýorçylyk tejribesini göz öňünde tutup, çagalaryň we ýaşlaryň aladasyny edensiräp, badyhowa öwüt-ündewleri aýtdy. Ol sesine bat berip, ata-enäniň borjy hakynda pelsepä tutdurdy. Haçanda ses belende galyp, onuň hut özüniň çagasyna ýerliksiz azar berýän kakadygy, Wýunsowyň bolsa onuň şu häsiýetiniň pidasy bolanlygynyň üsti açylansoň, aýdylýan belent sözleriň we sesiň manysy ýitip, keşbiň süňňüni samsyk nadanlyk gurşap aldy.

Ýap-ýaňy öz çagaňy gowy görmeli, söýmeli diýip döşüne kakýan barlagçy düşen agyr ýagdaýyndan gülkünç halda çykyp, öz oglundan gaçyp, hemmeleriň gülküsiniň astynda okuw otagyndan garasyny saýlady.

Arkadiý Nikolaýewiç sahna işi ýerine ýetirilip soňlanansoň öz pikirini şeýle beýan etdi:

– Siz hökmany suratda Goworkow we onuň sahna ýoldaşy bilen gatnaşyk pursadynyň öz tebigy düzgün-kadalary boýunça bolup geçendigini we bu işiň gatnaşyga zerur bolan içki we pikir-hyýaly materiallary öňünden taýýarlaman ýerine ýetirilendigini ykrar etmeli.

Goworkow iş pursady doly ösüşe eýe bolandan soň, bu materialyň gözlegine başlady. Barlagçynyň keşbini ýerine ýetirýäniň sahna diňe bir maksat bilen, ýagny

onuň, hakykatdan hem, sahna meýdançasyndakylaryň haýsy-da bolsa biri bilen gatnaşyk açyp sözleşmek üçin sahna çykanyny ýadyňyza salyň.

Goworkow gatnaşyk obýekti edip özüne Wýunsowy saýlap aldy we onuň bilen gatnaşygy ýola goýdy. Haçanda gatnaşyga tutalga peýda bolansoň, elbetde, bu iş pursadyny alyp gitmek üçin içki dünýäňde täze materialyň zerurlygy ýüze çykýar.

Men işiň şu wajyp ýerinde saklanyp, döredijiniň dünýäsinde nämeleriň bolandygyny bilmekçi.

Sahnadaky gatnaşyk pursadynyň peýda bolmagynyň artistiň hemme döredijilik tebigatyna güýçli itergi berýändigini siz bilýärsiňizmi? Artistiň döredijilik tebigaty öz içki elementlerinden kömek gözläp, olary gezek-gezegine ýa-da hemmesini birden işe çekýär.

Wýunsow tolgunyp:

– Näme üçin? – diýen sowaly orta atdy.

– Sebäbi döredijilik elementleriniň hemmesi ýüze çykmasa gatnaşyk döremeýär. Hakykatdan bolsa, içki we daşky iş hereketleri, maksatly toslama, we hödürlenen ýagdaý, göz öňüne getirmek, dogry ugrukdyrylan üns, sahnadaky obýekt, sazlaşyklylyk we yzygiderlilik, hakykaty duýmaklyk, hakykata ynanmak, «bu mendirin» diýlen düşünje, «ýiti duýmakdan galan ýatkeşlik» bolmadyk ýagdaýynda, janly adam bilen gatnaşyk bolarmy?

Sahna gatnaşygy, gepleşigiň özara baglanyşygy, pikiri ýollamak we ony kabul etmek artistiň hemme içki we daşky döredijilik elementlerini talap edýär.

Şeýle ýagdaý Goworkow bilen hem bolup geçdi. Onuň döredijilik elementleri, gatnaşyk pursadynyň oýanmagy bilen, öz-özünden adaty ýagdaýda işe girdi. Aýyl-saýyl ediji duýgy täze materialy, täze hödürlenen ýagdaýy, meseläni, ýiti duýmakdan ýatda galan ahwallary aýtdy we olar bolsa oňa iş hereketini ýerine ýetirmäge mümkinçilik döretdi. Bu iş hereketleriniň hemmesi sazlaşykly we yzygiderli ýagdaýda ýerine ýetirildi. Barlagçy bilen Wýunsowyň jedelleşýän we sorag-jogap sahnalarynyň bölekleri hem döredijiligiň badynyň netijesinde öz-özünden ýüze çykdy. Bu sahna bölekleri sahna işiniň barýan ugrunyň ösmegine kömek berdi.

Eýsem, şu bolan ýagdaýlaryň hemmesi artistiň gatnaşyk pursady üçin zerur bolan materiallary öz içki dünýäsinde taýýarlaman, gönüden-göni gatnaşyk ýoly bilen öz döredijiligine başlap bilýändigini görkezmeýärmi näme?

Eger döredijä gatnaşygyň taýýarlanylan hemme pursatlary sazlaşykly we yzygiderli ýagdaýda ýerine ýetirmek başardýan bolsa, eger bu işi ol tebigy döredijiligiň hemme adaty düzgün-kadasyna laýyklykda ýerine ýetirse, eger ol başdan geçiren dek ýaşap ýerine ýetirýän wakasynyň hakykylygyny duýsa, ol wakada bolup geçýän ýagdaýlaryň çyndygyna ynansa, eger oňa «bu meniň» gabat gelýän şertleri döretmek başartsa, onda artistiň döredijilik tebigatynyň özi tutuşlygyna aň-paýhasyna görä işläp başlar. Döredijiligiň bady bolsa sazlaşyklylygyň we yzygiderliligiň üsti

bilen täze «hödürlenen ýagdaýlar, meseleler, iş hereketleri» ýüze çykar we okuw sahna işiniň şolara laýyk wakasy öz ugruny ahyryna çendi dowam eder (70).

Bu entek hemmesi däl, döredijilik işini bellibir temany taýýarlaman, gaýtam şol temany diňe özüň tapmak bilen çäklenmän, ony delillendirmek, başga aýdylan ugurlar boýunça janlandyrmagyň hem bolup biljekdigini biziň şu taýýarlanman ýerine ýetiren okuw sahna işimiz görkezdi. Goworkow bilen hem şeýle boldy. Döredijiligiň gidip duran mahaly ol gatnaşygy uzaltmak maksady bilen Wýunsowdan sorag edýän sahnasyny oýlap tapdy. Men oňa öz pikirimi wakanyň dartgynly dowam etmegi üçin aýtdym. Ol meniň pikirimi ulanyp, öýünden gaçan ogly hakyndaky sahnany döretdi. Meniň aýdan pikirim Goworkowa sahna işiniň wakasynda başlanan tebigy gatnaşyk pursadyny uzaltmaga itergi berdi. Men Goworkowyň hemme döredijilik elementleriniň işläp başlan mahaly we olaryň täzelikleri, hödürlenen ýagdaýlary, meseleleri höwes bilen kabul edip duran mahaly awtor hökmünde öz pikirimi aýtdym. Bu bolan ýagdaý, hakykatdan hem, döredijiligi gatnaşyk pursadyndan başlap soňra başga kişä ýollamakçy bolýan göwnüňdäki materialy döredip bolýandygynyň täze ykrarnamasy.

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Goworkowyň şu günki sapakda beren soragy okuwyň esasy temasyndan daşlaşmady. Gaýta tersine, onuň soragy geçiljek tema laýyklykda Arkadiý Nikolaýewiçe töwerekleýin düşündiriş bermäge mümkinçilik döretdi.

Iş şeýle boldy, Goworkow igençli bahanasyny goýar ýerde goýman dowam etdi.

Goworkow öz pikirini:

– Ýazyjynyň özi, düşünýärsiňizmi, ýazgylarynyň arasynda bolmaly gatnaşyga taýýarlyk edere ýygy-ýygydan wagt bermeýär. Bagyşlaň welin, ol derrew meseläniň soňky etabyna çykýar – diýip, giňişleýin düşündirdi.

– Siz ýaramaz ýazyjynyň gürrüňini edýäne meňzeýärsiňiz. Olaryň bolşuna üns bermek gerek däl.

– Ýok, Griboýedow ýaramaz drama ýazyjysy däl. Emma ol hem şeýle ýalňyşy goýberýär. Mysal üçin, «Aklyndan azaşan» pýesasynyň birinji bölüminde Çasskiniň çykyşyny alyp göreliň. Aktýor Aleksandr Andreýewiç dessine sahna böküp çykýar-da hiç bir obýekti hem saýlaman gatnaşyk pursadyny ýerine ýetirýär.

– Hawa. Ýaramaz aktýorlar şeýle edýärler. Olar, öküziň sirkiň aýlawly meýdançasyna çykyşy ýaly, sahna böküp çykýarlar-da, obýekti saýlamak iş hereketini ýerine ýetirmän, balet sungatyna meňzeş hereket bilen bir dyzynyň üstüne çökýärler-de, Sofiýa bakman, teatral badyhowalyk bilen öz ussatlygyny ile güjeňleýärler:

– Jahan ýagtylmanka aýak üstünde! Ine, men siziň öňüňizde dyza çökýärin.

Emma gowy artistler başgaça özüni alyp barýarlar. Olar gapynyň agzynda saklanýarlar-da, eglenmän saýlap-seçmek iş hereketini ýerine ýetirýärler. Onsoň des-

sine gatnaşyk etmekçi bolýan obýektini, ýagny Sofiýany saýlap, söýgüli zenanynyň ünsüni has beter özüne çekmek üçin çaltlyk bilen onuň ýanyna gelip, nazaryndaky jüpdegi bilen gyzyň didelerine mähirli bakyp, söýgülisiniň alnynda bir dyzynyň üstüne çökýärler.

Şundan soň gatnaşygyň hemme etaplary, özi hem her bir etap sözler bilen delillendirilip, ýerine ýetirilýär.

Mysal üçin:

Nämäniň hatyrasyna? Ýok? Meniň roýuma bakyň.
Geň galýarsyňyzmy? Diňe geňlikmi? Kabul edişlik bolaýşyny!
Edil bir hepde geçmedik ýaly,
Edil öten agşam ikimiz.
Biri-birimizi halys irizen ýaly.
Saçyň taryça-da söýgi ýok, gör, neneňsi gowulyk!

Şu sözleriň hemmesi Sofiýanyň kalbyndaky hyýalyny Çasskiniň biljek bolmagy üçin ýazylan.

Kyrk bäş sagatlap gözümi sähelçe süzmän,
Gaý-tupanda ýedi ýüz menzilden köp ýoly geçip.
Ýykylyp, sürşüp tutuş dünýämiň lerzan bolanyny,
Ýatlaman, göwnede alman ýanyňa gelenimiň –
Ynha-da, şol ýeňşiň sowgady!

Bu sözler Çasskiniň içki dünýäsini suratlandyrýar we ol öz ruhy dünýäsini Sofiýa ýollaýar. Soňra ýazgylaryň esasynda gatnaşyk pursatlary başlanýar.

Siz, şeýlelik bilen, ajaýyp şahyry adaty tebigaty we gatnaşygyň tebigaty bilen bolýan pursatlarynyň düzgün-kadasyny ýoýýar diýip, ýerliksiz günäleýärsiňiz. Hemme uly şahyrlar, drama ýazyjylary, edebiýatçylar, edil Griboýedow ýaly adamyň adaty tebigatyny ýokary derejede hasaba alýarlar.

Goworkow:

– Meni bagyşlamagyňyzy haýyş edýärin, men size gowy sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň salgysyny bereýin. Şol sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda sahnanyň perdesi göterilen dessine gatnaşygyň taýýarlyk pursady görkezilmän, onuň gönüden-göni, doly suratda, ösen mahalynyň bolýandygyny görkezeýin – diýip, öz diýenini gögertmäge çalyşdy.

Torsow:

– Sebäbi onuň taýýarlyk işleri ýapyk perdäniň aňyrsynda bolup geçýär – diýip, ynamly belledi.

– Hut şeýle etmeli diýlip ýazyjy tarapyndan ýazylan sözlerde anyk görkezilmändir ahyry.

– Ýöne artist adamyň adaty tebigaty we biziň psihotehnikamyz kanunlary, sazlaşyklylygy, yzygiderliligi doly ýerine ýetirmegi talap edýär. Taýýarlyk görmän perdäni açmak we artistlere keşbi ýerine ýetirmäge başlamak bolmaýar.

– Aýtmaga rugsat ediň, Nemirowiç – Dançenkonyň «Durmuşyň gymmaty» atly sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny näme etjek? Ol sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasy bolýan wakanyň soňundan başlanýar, ýagny baş keşbiň özüne kast etmeginden başlanýar (71).

– Olar ýaly sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda keşbi ýerine ýetirýän artiste perde açylmanka, diňe bir gatnaşyk pursadyny taýýarlamak däl, oňa sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny ýazmak we ony tutuşlaýyn ýaşap geçmek gerek bolýar.

Arkadiý Nikolaýewiçiň agşam sahna oýny bolandygy sebäpli sapagy irräk gutarmaly boldy.

# (AKTÝORYŇ TOMAŞAÇY BILEN ÖZARA GATNAŞYGY HAKYNDA) (72)

I

## AKTÝORYŇ IŞ OTAGYNDAKY, ARAKESMEDÄKI GATNAŞYGY

Aktýor: Bu näme boldugy? Men agladym, tomaşaçy bolsa meni sowuk garşy aldy?

Režissýor: Siz bilen sahnada bile işleýän beýleki artistler agladylarmy?

Aktýor: Ýadyma düşenok. Olaryň aglaýany gözüme ilmedi.

Režissýor: Ýogsa-da, siz öz ýagdaýyňyzyň olara täsir edýändini bildiňizmi?

Aktýor: Men şeýlebir tolgundym, şeýlebir tomaşalary synladym welin, beýleki aktýorlar asla gözüme-de ilmediler. Aýdýan-a, men keşbimi şeýle bir ýokary joşgun bilen ýerine ýetirdim.

Režissýor: Siz sahna näme üçin geldiňiz?

Aktýor: Siziň soraýanyňyz näme?.. Dogry, men näme üçin sahna geldim?!

Režissýor: Siz sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň gahrymanynyň keşbinde awtoryň görkezmesiniň esasynda tomaşaçylar bilen gatnaşyk etmek üçin sahna geldiňiz. Sahna çykýan artistiň başga nähili maksady bolup biler?

Aktýor: Tomaşaçy bilen näme etmeli?

Režissýor: Eger siziň duýgyňyz sahna ýoldaşyňa ýetse we ony tolgundyrsa, onda ol duýgyňyzyň tomaşaça baryp ýetjekdiginiň ikuçsuzdygyndan arkaýyn bolaýyň. Tomaşaçy siziň ýaşaýan duýgyňyzyň gylyny gymyldatman kabul eder. Emma siziň keşbiňiziň üsti bilen ýollaýan duýgyňyz edil ýanyňyzda duran sahna ýoldaşyňyza ýetmese weli, siz esli oturgyçlaryň hataryny dolduryp, öz dagynyk pikirlerine batyp, ala-goh bolup oturan tomaşaçydan nämä garaşýarsyňyz? Tomaşaçy barada azrak pikir ediň-de, ýanyňyzda pýesanyň keşbini ýerine ýetirip duran sahna ýoldaşyňyz hakynda köpräk pikirleniň.

Aktýor: Men-ä artist, taýýarlyk mahaly hem aktýor ýoldaşlarynyň halys ýüregine düşen öz keşbini olar üçin däl-de, tomaşaçy üçin ýerine ýetirýärmikä öýdýärin. Ýazyjylar bize eserlerini köpçüligiň dykgatyna ýetirmek üçin berýärler.

Režissýor: Biziň sungatymyzy kemsitmäň. Siz näme araçymy? Biz ýazyjy bilen tomaşaçynyň arasyndaky ýönekeý köprümi?

Biziň özümiz dörediji.

Döredijilik näme, keşbi tomaşaça aýdyp berip, olar bilen sözleşmekmi?

Biz sahnada hemme zatdan ötri, özümiz üçin ýaşaýarys. Sebäbi biz keşbiň duýgusy bilen ýaşamagy başarýarys we şol duýgularymyzy sahnada biz bilen bile öz keşbini ýaşaýana ýollamagyň hötdesinden gelýäris. Tomaşaçy bolsa tötänden gelen şaýat. Ol eşider ýaly gatyrak gürläň we ol sizi görer ýaly, sahna meýdançasyndan özüňize iň oňat ýerini saýlaň. Tomaşaçy baradaky galan zatlary bolsa mydamalyk unudyň. Diňe sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda hereket edýän gahrymanlary ýatda saklaň.

Artisti tomaşaçy gyzyklandyrmaly däl-de, tersine, tomaşaçy artist hakynda gyzyklanmaly.

Tomaşaça sahnadaky gatnaşygy etmegiň iň gowy ýoly – sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň gahrymanlarynyň üsti bilen gatnaşygy ýola goýmak.

2

## JANLY OBÝEKT

Goworkow:

– Beýtmek, bagyşlaň, haýyş edýärin, tomaşaça büs-bütin göwnüýetmezçilik edip, ony ýatdan çykarmak, düşünýärsiňizmi?! – diýip, Torsowyň aýdýanlaryna garşy çykdy.

– Siz näme men tomaşaçyny beýle ýagdaýda galdyrýandyryn öýdýärsiňizmi? – diýip, Torsow okuwçyň soragyna düşünmedi.

– Siz tomaşaça üns bermäň, ony saýgarmaň diýip, bize buýrup dursuňyz ahyry. Beýtseler, bilýärsiňizmi, aktýorlar ahyrsoňy sahnadadyklaryny unudarlar-da, düýbünden başga sözleri aýdarlar, düşünýärsiňizmi, sahna gelişmeýän ýa-da edepsiz iş hereketlerini ederler. Diňe öz öýüňde, ýekelikde bolaňda hemme zady unudyp bolar. Bagyşlaň, haýyş edýärin, beýtmek bolmaz ahyry!

Torsow jogaba derek:

– Siz şeýle zatlaryň boljagyna ynanýarsyňyzmy? – diýip, okuwça sorag berdi.

– Nämäniň boljagyna?

– Müňlerçe bolup alnyňda toplanan adamlaryň saňa seredýändigini büs-bütin unudyp boljagyna – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç düşündirdi. – Beýle basnýa hünäri bilmeýänleriňki we jogapkärçiligi duýmaýan nazaryýetçileriňki ahyry. Biderek ýerden biynjalyk bolmaň. Müňlerçe bolup zala toplanan mähelläni unutmarsyňyz. Ol özüni ýatladar. Tomaşa zalyndan gaça durup bilmersiň. Ol güýçli magnit. Men her näçe olardan siziň ünsüňizi sowjak bolup jan çekibereýin, siz tomaşaçyny örän berk ýatda saklarsyňyz. Olar size özüni gereginden hem artyk ýatladarlar.

Bilýärsiňizmi, maňa siziň howatyrlanmagyňyz nämäni ýatladýar? Meniň sekiz ýaşly ýegenimi, ol özüni köp maşgalaly gurjagynyň ejesi hasaplaýar. Ol öýde sapak berýän terbiýeçiniň ýumuşlarynyň, tabşyryklarynyň özüni gurjaklarynyň aladasyndan daşlaşdyrmagyndan örän howatyrlanýar.

Ýene-de bir mysal, men bir adamyň asmana uçmagyndan howatyrlanyp, özüni ýüp bilen ýere daňýanlygyny eşitdim.

Siz hem şolar ýaly döredijiligiň dünýäsine öz keşbiňiz bilen gark bolmakdan howatyrlanýandygyňyz üçin, dürli ýollar tapyp tomaşaçy bilen gatnaşygy berkitmäge çalyşýarsyňyz. Beýtmäniňizde-de şol gatnaşyk ýitip gitmez, ol diýseň berk. Howatyrlanyp oturmaň. Ýeriň çekiş güýjüniň kada-kanuny sizi ýerden asmana uçurmaz. Tomaşaçy sizi öz hökmürowanlygynda saklar we siz keşbiňize özüňizi her näçe bagyşlajak bolsaňyz-da, tomaşaçy sizi özüne çeker durar.

Hökmany bolmaly zadyň şeýle uly aladasyny etmek nämä gerek.

Gowusy, siz tansçydan ýa-da bökjekläp sirk oýunlaryny ýerine ýetirýänden mysal alyň. Olar asmana uçmakdan gorkmaýarlar, tersine, olar ýeriň çekiş güýjüniň bardygyna düşünip, ýerden göterilip, howada gaýmagyň sungatyny öwrenýärler. Siz hem tomaşaçyny minutlarça unudyp, keşbiňiz bilen gatnaşyk etmegi öwreniň. Elbetde, köp wagtlap tutanýerlilik bilen zähmet çekeniňizden soň, size-de belki, ýöne bary-ýogy sekuntlarça ýa-da minutlarça öz keşbiňiz bilen galmak miýesser etmegi mümkin diýen pikiri men ýene-de gaýtalaýaryn.

Ýeriň çekiş güýji ýaly hökman bolaýmaly zat diýen düşünjäňizi taşlaň.

K. Stanislawskiý özüniň «Meniň durmuşym sungatda» diýen kitabynda bu aýdylanlara düýbünden başga hili pikirleri aýdýar, ýagny tomaşaçyny ele almak we oňa gyzykly bolmak üçin, aktýor tomaşaça näçe köp üns berse, tomaşaçy şonça-da aktýora has beter gyzygýar.

Şol bir wagtda-da, tersine, aktýor tomaşaçyny köp güýmejek boldugysaýy, tomaşaçy aktýordan çalt sowaşýar.

Aktýor öz keşbi bilen ýaşap, diňe oňa üns berip, tomaşaçyny unutdygyça, tomaşaçy sahna sungatyna has güýçli üns berýär.

# (AKTÝORÇYLYK SADALYGY HAKYNDA) (73)

*.. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 19 ý.*

Arkadiý Nikolaýewiç şu gün sapakda Şustowy sahna çykardy. Ondan sahnada näme-de bolsa bir iş hereketini ýerine ýetirmegi haýyş etdi.

Paşa Şustow öz türkanalygyny barlamak islegi bilen Torsowyň sahnalaşdyran okuw sahna işindäki hasapçy gyzyň keşbine meňzeş, ýagny bäbek bilen bolup geçýän sahna işini ýerine ýetirmäge rugsat sorady.

Torsow:

– Men batyrlygy halaýaryn! – diýdi-de, Paşa şol edilen sahna işine görä iş hereketlerini ýerine ýetirmäge ýol berdi.

Paşa sahna meýdançasyna böküp çykdy-da, stoluň üstündäki begres örtügi tozadyp eline aldy. Soňra gabat gelen agaç böleginiň daşyna ony dolady. Daşyna çaň-tozanly begres dolanan agaç bölegini mysaly bäbek hasaplap hüwdüledi.

– Siz näme bäbegi gujagyňyza gysman, ýöne eliňizde göterip dursuňyz? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sorady.

– Stoluň örtügine ýygyrt atdyrmajak bolýaryn – diýip, Paşa düşündirdi. – Onsoň hem örtügi örän çaň-tozan basypdyr! – diýip, okuwçy düşündirişiniň üstüni ýetirdi.

– Şeý diý-ä! – diýip, Torsow geňirgendi. – Siziň sadalagyňyz örän hasaply ýerine ýetirilen. Döredijilik mahaly çaga ýaly sadadan türkana bolmak üçin siz ýeterlik derejede samsyk däl.

– Samsyk? – diýşip, biz bu gürrüňçilige düşünmedik. – Näme, artist samsyk bolmalymyka?

– Eger siz çagalary ýa-da ussat ertekiçi Iwan-sammygy öz sadalygy, ýönekeýligi, türkanalygy we hoşamaýlygy üçin nadan hasaplaýan bolsaňyz, onda, elbetde, artist samsyk bolmaly.

Biziň bilýän ertekiçimiz Iwan ýaly hoşniýetli, ynanjaň, dana, peýdasyna çapmaýan, şeýle batyr, janyny aýamaýan samsyk bolmak – bu diýseň beýik iş. Ol özüne şeýle lakamy akylynyň ýoklugy üçin alanok-da, özüniň sadadan türkanalygy üçin alýar.

– Siz hem durmuşda bu başartmasa-da, sahnada şeýle boljak boluň. Bu aktýor üçin altyn ýaly häsiýetdir.

Hut A.S. Puşkiniň özi:

– Poeziýa, Hudaýjan meni bagyşla, hökman sadadan türkana bolmaly (74) – diýip, ýöne ýerden aýtmandyr ahyry.

– Nädip sadadan türkana bolunýar? – diýip, men soradym.

– Türkanalygy edip bolmaýar. Eger ony edäýseňiz, netijede, türkanasyramak bolup çykar. Bu bolsa aktýorçylygyň iň ýaramaz ýetmezçiligidir. Şonuň üçin hem özüňiziň dogabitdi häsiýetiňize görä näderejede türkana bolsaňyz, şolar ýaly sadadan türkana boluberiň. Her bir artist bellibir derejede türkana. Emma durmuşda ol özüniň bu tebigy häsiýetini ýaşyrýar we ony görkezmekden utanýar. Siz hiç bolmanda sahna meýdançasynda beri şeýtmäň!

– Men türkanalygymdan utanamok. Tersine, ony her zat edip çagyrjak bolýaryn welin, nädip çagyrmalydygyny bilemok-da – diýip, Şustow şikaýat etdi.

– Türkanalygy getirmek üçin onuň özüni yhlas edip gözlemeli däl-de, bir tarapdan, onuň gelmegine nämäniň päsgel berýändiginiň, beýleki tarapdan bolsa, onuň gelmegine nämäniň kömek berýändiginiň aladasyny etmeli.

Oňa siziň özüňizde mekan tutan onuň ganym duşmany päsgel berýär. Onuň ady – tankytbazlyk – tankytçylyk. Sadadan türkana bolmak üçin aňyňda toslap tapanlaryňa gereginden artyk talapkär we aşa aňtawly çemeleşmeli däl.

Sadadan türkanalyga onuň gowy dostlary bolan – hakykat we ynam kömek edýär. Şonuň üçin, ilkinji nobatda, pikiriňizden tankytbazlygy kowup daşlaşdyryň, onsoň özüne çekiji toslamany tapyp, hakykaty we ynamy dörediň.

Haçanda bu iş bitende siz näme-de bolsa bir zady döretmelidir ýa-da nämänidir janlandyrmalydyr öýdüp, özüňizi gorkuzmaň. Ýok. Size hiç bir zady döretmegem, janlandyrmagam gerek däl, şu soraga çyndan özüňize jogap bereniňiz ýeterlik. Başgaça aýdylanda: şu aňymda dörän toslama durmuş hakykatynda bolan bolsa men näme ederdim? – diýip, özüňize düýbünden başga sorag beriň. Haçanda siz öz gelen netijäňize ynanyp bilseňiz sadadan türkanalygyň özünden-özi peýda bolar.

Şeýlelik bilen, ilkinji nobatda, siz öz ynanyp biljek zadyňyzy gözläň. Ynanyp bilmejek zadyňyzy aradan aýryň we stoluň örtügi bilen ýaňky bolan waka ýaly, gereginden artyk talapkärlik etmäň: örtük bir görse-ňä aşa çaň-tozanly, bir görseň hem oňa ýygyrt atdyrmak bolmaýar... Çaň-tozanlymy? Tozanyny kak. Ýygyrt atdyrmak bolmaýarmy? Oňa çalşyrgyç gözle.

Şustow duýdansyz ýerden:

– Eger-de men tebigy taýdan sadadan türkana bolmasam näme? – diýen soragy orta atdy.

– Durmuşy taýdan türkana bolmasaňyz-da, sahnada döredijilik mahaly türkana bolmak mümkin. Tebigy sadalyk bilen sahna sungatyndaky sadalygy saýgarmak gerek. Ýöne «dile geldi – bile geldi» diýlenni edägede, bu zatlary size ýatladyp geçeýin, olaryň ikisi-de agaýana bile bolup bilýär – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç gepiň gerdişine görä sözüni dowam etdi.

– Şeýlelik bilen, diýip, ol sähel salym arakesme edensoň, Şustow bilen söhbedine gaýdyp geldi:

– Ünsüňizi içki dünýäňizde jemläň, oňa oňat edip nazar aýlaň we ýaňky ýerine ýetiren sahna işiňiziň niresine çyndan ynanandygyňyzy aýdyň!

– Onuň hiç bir ýerine-de ynanmadym. Onda hiç hili duýgyny-da duýmadym. Men diňe ýalan iş hereketini ýasan boldum – diýip, Paşa dessine eden işini boýnuna aldy.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Eger şeýle bolsa, onda onuň niresini delillendirip bolar diýip hasap eden ýeriňizi, men şuňa ynanyp bilerin we ynanmaga güýjüm ýeter, hakykaty döredeniňden we tapanyňdan ýeňil bolar diýen maksat bilen delillendiriň – diýip, Paşa maslahat berdi.

– Onuň haýsy ýanyndan barjagymy bilmeýärin – diýip, Şustow sahna işini ýaňadan başly-barat ýatlap çykdy.

– Elbetde, iň gowusy onuň içki dünýäsine aralaşmak – diýip, Torsow pikirlenip durman öz pikirini aýtdy. – Eger duýga göni baryp bolmaýan bolsa, onda oňa göçme many bilen baryň. Beýle etmek üçin sizde obýektler, meseleler, göz öňüne getirmek ýaly özüne gyzyklandyrýan çagyryjylaryňyz bar. Elmydama şolardan başlamaly.

Paşa öz içki dünýäsinden nämedir bir zatlara çenenip olary gözledi. Ýöne onuň özüni alyp barşyndan öz gözleýän zadynyň nämedigine anyk düşünmeýänligi duýulýardy. Elbetde, bu ýagdaý bolsa ony özüne güýç salmaga we aşa geçirip ýalan iş hereketlerini ýerine ýetirmäge itekledi.

– Eger-de duýgy çakylyga-da gulak asmaýan bolsa, şonda-da özüňize agram salmaň. Sebäbi agram salynsa endiklere we hünärmentlige ýüz urmaly bolunýandygyny siz bilýärsiňiz – diýip, Torsow okuwçyny saklady. – Şonuň üçin duýga barmaga täze ýoly agtarmakdan başga çäre galmaýar.

Özüňizi gurşap duran zatlara üns berip seretmekden başlaň. Olaryň haýsysyna ynanyp, duýup, haýsysyna bolsa ynanman boljakdygyny, haýsy birine ünsi berip, haýsy birini bolsa tümlükde ýatan zat ýaly, nazar aýlamaly däldigini kesgitläň.

Arkadiý Nikolaýewiç oňa şeýle sorag berdi:

– Mysal üçin, Maloletkowanyň öýi siziň öz jaýyňyz diýip ynanyp bilermisiňiz?

Şustow:

– Elbetde! Biz onda edil öz otagym ýaly ýaşadyk – diýip, eglenmän jogap berdi.

– Örän oňat – diýip, Torsow okuwçyny goldady.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Yzyna gideliň. Agaç böleginiň janly zatdygyny size ynandyrmak gerekmikä? Şeýle göz öňüne getirmäge özüňi mejbur etmek hökmany suratda gerekmikä? – diýip, soragly nazaryny oňa aýlady.

– Elbetde, hökman däl – diýip, okuwçy dessine jogap berdi.

– Berekella! – diýip, Torsow ylalaşdy. – Agaç bölegi hakynda pikir etmezlik üçin siz öz gudratly eger-däňizi ulanyň. Şol bir wagtda bolsa: «Eger-de gundagdaky agaç bölegi bolman hakyky bäbek bolan bolsa, onda, men näme ederdim?» diýip, özüňizden soraň.

Ýene mundan aňry gideliň, siz gundag üçin ulanan stoluň örtügine ýorgança diýip ynanyp bilermisiňiz? Siz durmuşda şol ýorgança bäbegi gundap bilermisiňiz?

– Hawa, elbetde – diýip, Şustow ylalaşdy.

Torsow başyny atyp:

– Gör, neneňsi ajaýyplyk – diýip, onuň aýdanyny makullady. –Siz indi şoňa pugta ynanyň. Örtügiň ýorgança öwrülmegi bäbegi gundamak meselesini dogry amala aşyrmak üçin durmuş hakykatyna laýyk geler we oňa ynanmak bolar.

Paşa agaç bölegini örtük bilen gundamaga başlady. Emma onuň bu işi başa barmady.

Torsow:

– Ynanmaýaryn – diýip, oňa aýtdy. – Eger agaç bölegi janly bäbek bolan bolsa siz iş hereketlerini bellibir maksat tutup, ýerine ýetirerdiňiz, ýagny ýaramazrak gundasaňyz hem bäbegi şu mahalkyňyza meňzetmän, çarýanyndan şemal geçmez ýaly, uklap ýatyrka oňa yşyk päsgel bermez ýaly gundardyňyz.

Şustow uzak wagtlap iş edinensoň, ahyry ullakan, gelşiksiz düwünçek ýasady.

Arkadiý Nikolaýewiç bolsa, şol bir wagtyň özünde-de, meniň bilen işleýşi ýaly, fiziki iş hereketleriniň her bir kiçijik ýalňyşlyklaryna-da üns berip, olarda adaty ýagdaýda hakykatyň we ynamyň bolmagyny gazandy.

Şustow ahyry täze doglan bäbegi hüwdülemäge başlady.

– Siz näme üçin bäbegiň ýüzüni örtügiň burçy bilen örän yhlas edip ýapýarsyňyz? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sorady.

– Bir tarapdan-a, meniň ýalan bäbege bolan ynamymy gaçyrmazlyk, beýleki tarapdan bolsa, yşyk bar ýaly edip, bäbegiň gözüne düşmesin diýen maksat bilen ýapýaryn.

– Gör, nähili ajap! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç makullady. Siz ýalany hakykat bilen örtýärsiňiz, siziň nazaryňyza ilmeli zatdan bäbegiň gözüniň aladasy sizi sowdy.

Başgaça aýdanymyzda, siz nazaryňyzy özüňize päsgel berýän zatdan sowup, kömek berýän zada tarap öwürdiňiz.

Bu dogry hem-de gowy.

Arkadiý Nikolaýewiç bir minut arakesmeden soň:

– Emma maňa ine, şu mesele düşnüksiz – diýip, sözüni dowam etdi. – Siz bäbegi yralap ony aşa silteýärsiňiz we gaty-gatydan jibirdeýärsiňiz. Siz bu bolşuňyz bilen bäbegi uklatman, gaýta, tersine, ony oýarýarsyňyz.

Her bir hakyky hereketem hökmany suratda, ýokary derejede sazlaşykly, yzygiderli we oýlanyşykly ýerine ýetirilmelidir. Hany, meniň aýdyşym ýaly iş hereketini ýerine ýetirjek boluň bakaly. Siz şeýtseňiz, ol sizi hakykata we ynama tarap äkider. Şu mahal sahnada siziň iş hereketlerini ýerine ýetirişiňiz sazlaşyksyz. Ol bolsa sizi, hakykatdanam, ynamdanam daşlaşdyrýar.

Indi, uklady. Siz ony ýa öz ýatýan ýerinde ýatyryň ýa-da bäbegi eliňizde saklap, diwana geçip arkaýyn oturyň.

Şustow agaç bölegini elinde saklap diwanda jaýlaşykly oturdy we çyny bilen gymyldysyny goýdy. Bu iş hereketleri tomaşa zalyndakylaryň düýbünden gülküsini getirmedi we hakykata diýseň golaý boldy.

– Näme üçin siziň ýüzüňizde ýerine ýetiren işiňize bolan göwnüýetmezçilik duýulýar? – diýip, Torsow okuwçydan sorady. Siziň göwnüňize bu ýerine ýetiren işiňiz az görünýän ýaly-la? Haýp. Onuň azlygy üçin alada galmaň. Goý, siziň ýerine ýetireniňiz az bolsa bolubersin. Emma iki azajyk iş bolsa, eýýäm, uly iş bolýar; on azajyk iş bolsa, eýýäm, gowy iş bolýar, ýüz azajyk iş bolsa, eýýäm, örän oňat iş bolýar.

Haçanda sahnada iň bir ýönekeýje iş hereketini onuň hut özüne laýyk barja hakykaty bilen çyndan ynanyp ýerine ýetirilende, şatlykly buýsanç duýgusyny başdan geçirýärsiň – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç aýtdy.

Umnowa tolgunmadan ýaňa sakynyp:

– Şatlykly buýsanç... munda... näme-de? – diýip, sorady-da onuň düýp manysyna düşünmäge çalyşdy.

Torsow:

– Şatlykly buýsanç tomaşa zalynda tomaşaçylaryň, sahnada bolsa artistiň fiziki iş hereketleriniň hakyky ýerine ýetirilendigini duýmagynda, şony başdan geçirýänliginde – diýip, okuwça düşündirdi.

Eger siz meni we özüňizi doly kanagatlandyrmak isleýän bolsaňyz, onda iň ýönekeýje fiziki iş hereketlerini doly suratda delillendirip, ahyryna çenli ýerine ýetiriň. Bu usul fiziki iş hereketlerini duýgyňa agram salyp ýa-da duýgyňy hetdenaşa ýasama ýerine ýetireniňden has gyzyklydyr.

Men keşbi şeýle usul bilen ýerine ýetireniňizde size sahnada gowy bolýandygyny tomaşa zalynda oturan ýerimden duýýaryn. Siz adam bedeniniň we adam kalbynyň durmuşdaky ugurlaryny duýýarsyňyz. Artistçilik hünärine ýaňy başlan mahalyňyz şundan başga size näme gerek?

– Ylalaşýaryn, ýöne bu meni tolgundyrmaýar – diýip, Şustow öz ynjyklygyna tutdy.

Torsow:

– Dogry, siziň bu bolşuňyza geň galara bahana ýok. Siz hatda bäbegi kim we näme üçin gundandygyňyzy we hüwdüländigiňizi biljek hem bolmadyňyz-a – diýip, oňa ýatlatdy. – Eliňizde bäbegi tutup, diwanda gymyldysyz oturanyňyzdan peýdalanyň-da, ony oýatman, onuň kimdigini, nireden size gelip düşendigini pyşyrdap aýdyp beriň. Şu meseleler anyklaşdyrylmasa, siziň bu fiziki iş hereketleriňiz delillendirilmedik, durmuş hakykatyna laýyk däl. Şonuň üçin hem ol sizi döredijilik nukdaýnazaryndan gyzyklandyrmakdan ejiz gelýär.

– Bu taşlanan çaga – dýiýp, Paşa dessine dogry aňdy. – Ony Maloletkowanyň öýüniň esasy girelgesiniň agzyndan tapdylar.

Arkadiý Nikolaýewiç:

– Anha, gördüňizmi? – diýip, örän hoşal boldy. – Ozal sizde döremedik toslama indi, öz-özünden döreýär. Ozal döredýän keşbiňizde size toslamany göz öňüne getirmek başartmaýardy, indi bolsa sizde adam bedeniniň durmuşy ýagdaýy bar we ony delillendirmek size kyn düşmeýär.

Şeýlelik bilen, siz iki gudratly «eger-däni» beýan etdiňiz.

Olaryň birinjisi, eger-de töňňe agaç bölegi bolman, janly çaga bolan bolsa;

Ikinjisi, eger-de çaga size taşlanan bolsa.

Belki-de, siziň durmuşy düzgünleriňizi agraldýan nähilidir bir şertler ýa-da ýagdaýlar bardyr? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç çintgäp sorady.

Paşa soraga birden düşündi-de:

– Hawa, bar – diýdi. Aslyýetinde düýp mesele öýde meniň aýalymyň ýoklugynda. Men ol bolmasa çaganyň ykbalyny çözüp biljek däl. Dogry, mende çagany goňşymyň gapysyna taşlaýsammykam diýen pikir hem dörejek bolýar. Ýöne bu pikiri etsem, bir tarapdan, çaga nebsim agyrjak ýaly, beýleki tarapdan bolsa, bu iş gorkunç ýaly bolup görünýär. Emma men birden bu eden jenaýatymyň üstünde tutulsam näme? Men çaganyň kakasy däl, ýaňy doglan çagany men taşlamok, tersine, ony maňa taşladylar diýip, subut etjek bolup bir gör hany?

Torsow:

– Dogry – diýip, onuň aýdanlaryny makullady. – Bu örän wajyp ýagdaýlar gugratly «eger-däniň» öňde goýan meselelerini çylşyrymlaşdyrýar. Belki, ýene-de başga hili kynçylyklar bardyr? – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç ýene-de sorady.

Paşa:

– Hawa-la, bar, özem olar örän wajyp – diýip, barha ýagdaýa oňat düşünip, düşen ahwalynyň durmuşyna has-da çuň aralaşdy.

Ol:

– Şeýle bir ýagdaýym bar – diýip, öz içini dökmäge başlady. – Men hiç mahal elimde ýaňy doglan çagany tutmadym. Sebäbi olardan, hakykatyň hatyrasyna aýdanymda, çyndan gorkýaryn. Olar edil çäge ýaly elimde durmaýar. Dogry, men diňe şu mahal çagany elime almaga milt etdim. Emma eýýämden ony oýarmajak, gymyldatmajak we gygyryp aglatmajak bolup, elimden gelenini edýärin. Goňşularym nähili pikir edýärlerkä?

Ýaňy doglan çaganyň öýe gelmegi bilen nähili gybatlar peýda bolar?

Ýaňy doglan çaga bilen ýygy-ýygydan bolýan hadysa bolaýsa iň ýamany şol. Sebäbi men şeýle hadysa bolsa näme etmelidigini göz öňüne-de getirip bilmeýärin. Eger-de çaga arlygyny hapalaýsa, men nireden gundagy çalyşmak üçin arassa mata alaýyn?

– Hawa, hawa-la – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç ony goldady. – Bu aýdýanlaryň hemmesi möhüm, bolmasa olar gülkünç ýagdaýlar, ýöne şonda-da olary göz

öňünde tutmak hökman. Emma muňa garamazdan, olaryň hemmesi uşak. Başga has wajyp ýagdaýlar bar.

Şustow üşerildi-de:

– Beýle wajyp zat nämekä? – diýip, gyzyklanyp sorady.

– Siz beri ondan habarlymy? – diýip, Torsow dabara bilen mälim etdi. – Siz örtügiň ujy bilen bäbegiň ýüzüni uly alada galyp ýapýarkaňyz, ony eliňizde yraýarkaňyz ol howa ýetmezçiligi sebäpli demigip ýogalypdyr.

Beýle öwrüme garaşmadyk meniň hem, ýagny hatda sahna işine degişli däl adamynyň we tomaşaçynyň hem ýüregi gyýlyp gitdi we içki dünýäsi bozuldy.

Sahnada bolup duran işe gatnaşyp duran Paşa beýle garaşylmadyk öwrümiň has beter täsir edendigi geň zat däl.

Öz-özünden dartgynly sahna işi döredi. Sebäbi adamyň garaşylmadyk ýagdaýda öz elinde ýogalan nätanyş çaga sataşmagynyň özi – dartgynlylyk. Ýagdaýdan jenaýatyň ysy gelýär.

– Ähä! – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç okuwçyny sözüniň üstünde tutdy. – Siziň örtügiň aşagyndaky agaç töňňesiniň demigmeginden gorkup, ýüz-gözüňiz duw-ak boldy. Siz biderek, gödek zada ynandyňyz. Size mundan beter nähili sadadan türkanalyk, gerek?!

Hakykatdan-da, uly adamyň alada galyp agaç töňňesini gundamagy, çyny bilen ony elinde yramagy, onuň oýanaýmagyndan gorkup köp wagtlap gymyldaman oturmagy, agaç töňňesiniň ýogalandygyny bilip, ýüz-gözüni duw-ak etmegi, toslanyp tapylandygyna garamazdan, şeýle ýagdaýyň gödekligini bilip hem olary hakykat ýaly kabul etmegi, eýsem-de bolsa, sadadan türkanalyk ahyryn diýip, men pikir etdim.

– Şeýlelik bilen – diýip, Arkadiý Nikolaýewiç sözüni soňlamak bilen boldy.

– Täze garaşylmadyk ýagdaýda dörän «Günäsiz jenaýatçy» ýa-da «Örtügiň içindäki töňňe» atly okuw sahna işi sizde artistçilik üçin sadadan türkanalygyň ýetikdigini ykrar etmeli.

Onsoň hem sadadan türkanalyk, şu günki ýaly öz-özünden döremese, ony bölek-bölek edip, ýuwaş-ýuwaşdan bir-birine goşup döretmelidigine siz öz işiňizde göz ýetirdiňiz. Bu iş haçanda göz öňüne gelen toslamanyň adam bedeni bellibir iş hereketini ýerine ýetirensoň, has ýeňil gurnalýar.

Şeýlelik bilen – diýip, Torsow pikirini jemledi. – Nazwanow soňky sapagymyzda döredijilik meýdanynyň topragyna, içki we daşky dünýämize bu işiň tohumyny sepmäge taýýarlady. Ýöne ol «gudratly eger-däniň» we «hödürlenen ýagdaýyň» tohumyny taýýarlamagy unutdy. Şu gün siz öz dünýäňizi kiçi fiziki iş hereketleri, hakykatlar we ynamlar bilen diňe bir dökünläp we sürüp, ýumşatmagy öwrendiňiz. Siz «keşbi başdan geçiren ýaly döretmegiň» ajaýyp miwesi bolan, şolbada şol döredijilik ugrunyň joşa gelmeginiň tohumyny sepdiňiz.

# BELLIKLER

1. K. S. Stanislawskiý öz ýazan işleriniň diňe şu II tomuny neşire taýýarlap ýetişdi. Bu tom 1938-nji ýylda ilkinji gezek neşir edildi.

K. S. Stanislawskiý artistçilik sungatynda aktýoryň içki we daşky tehnikasyna adatdan daşary örän çuňňur ähmiýet berýär. Ol özüniň «düzgün-kadasyny» diňe tutanýerlilik bilen yzygiderli we uzak wagtlap taýýarlanmagyň netijesinde öwrenip ele alyp bolýandygyny häli-şindi nygtaýar.

Ol: – Biziň dilimizde sungat – bilmek, ol bolsa ýerine ýetirmegi başarmak diýmegi aňladýar – diýip, takyk tassyklaýar. Bilimden başga islendik başarjaňlyk bolsa uly tejribe endiklerini talap edýär. Şonuň üçin Torsow – Stanislawskiý okuwçylaryna «düzgün-kadany» öwretmek üçin her gün tejribe işlerine daýanýar.

2. K. S. Stanislawskiý öz belliklerini ýazýan ýandepderçesine şeýle diýip ýazypdyr: «Özüňi terbiýelemek üçin işlemek» (keşbi başdan geçiren ýaly döretmek) işimiň täze neşirine düzedişler … Meniň «düzgün-kadam» hemme milletlere niýetlenen. Hemme milletleriň tebigaty birmeňzeş, ýöne ýagdaýa dogrulanmasy dürli-dürli «düzgün-kadanyň» ýagdaýa dogrulanma bilen işi ýok. (MHAT-yň muzeýi. K. S., № 263. 33-nji sah.). «...döredijiligiň kanunlary üýtgemeýär we ol hemme milletler üçin hökmanylygy bizi – hemme milletleriň artistlerini, bir-birimiz bilen baglaşdyrýar. Şu kanunlary biziň hemmämiz bile öwrenip, özleşdirip ele almaly we aktýorçylygyň şolara laýyk psihotehnikasyny taýýarlamaly. Ýöne goý, her bir millet, her bir halk özüniň milliliginiň inçe häsiýetlerini beýan etsin. Goý, her bir milletiň sungaty onuň milli reňklerinde, öwüşginlerinde we aýratynlyklarynda bolsun. Goý, şu zatlarda her bir milletiň kalby açylsyn.» (K. S. Stanislawskiý. Makalalar. Söhbetdeşlikler. Hatlar. «Sungat». 1953. 359-360-njy sah.).

3. «Düzgün-kada» K. S. Stanislawskiniň sungat meýdanynda döredijilik işi bilen meşgullanýan dostary, egindeşleri tarapyndan baýlaşdyryldy we onuň yzygiderliligi sazlaşdyryldy. «...olar meniň bilen bile «düzgün-kadany» döretdiler, olar – şonuň göreldesi, ol – şolaryň umumy taglymlary» (makalalar, söhbetdeşlikler, hatlar, 300-nji sah.).

4. Kedrow Mihail Nikolaýewiç meşhur teatr aktýory we režissýory.

5. K. S. Stanislawskiý «düzgün-kadasynyň» soňky ýazgylarynyň hemmesini Torsowyň okuw sapaklaryny jikme-jik ýazga geçiren teatral mekdebiň okuwçysy Nazwanowyň gündeliginiň görnüşinde hödürleýär.

6. K. S. Stanislawskiý teatral mekdebe okuwa girýän ýaşlaryň sahna sungatyna bolan ukybyny şeýle ýol bilen barlamaga uly ähmiýet beripdir.

«Biz... okuwa girýänlerden diňe synaglarda däl, barlag derslerinde-de gözden geçirişleri dykgat bilen ýerine ýetirmegi talap edýäris, sahna çykaryp sahnada tomaşaçynyň öňünde sahna oýnuny hem oýnadýarys» diýip, ol 1937-nji ýylda ýazypdyr.

«Biz şeýle gözden geçirişi gurnamaga günlerimizi, hatda hepdelerimizi hem bagyşlanymyza birjikde gynanmaýarys. Goý, ol az tomaşaçyly (mugallymlardan, şu işi ýerine ýetirýänlerden, okuwçylaryň ata-enelerinden ýygnalan) gözden geçiriş bolsun.

Mekdebe okuwa girýänleri tomaşaçylaryň öňünde, sahna meýdançasynda, yşyklaryň astynda görmek wajyp. Diňe şeýle gözden geçirilişde olaryň köpçüligiň öňünde sahna sungatynyň döredijiligine gelişýäniniň, ukyp-başarnygynyň, özüne çekijiliginiň we beýleki zerur häsiýetleriniň we olaryň hiliniň barlygy ýa-da ýoklugy, ýetmezçilikleri aýan bolýar.

Aktýor köpçüligiň öňünde çykyş edende, ony grimläp we lybaslap gözden geçirmeli. Şol bezeglere onuň ýüz-gözi, sypaty gelişýärmi ýa-da ýok? Giň jaýda onuň sesini, sözleýşini, ses agzalarynyň işleýşini eşitmeli. Şeýle jaýda onuň sesiniň eşidilýändigiini ýa-da eşidilmeýändigini anyklamaly.

Okuwçyny birinji çykyşynda gorkuzmajak bolmak bu işde wajypdyr. Şonuň üçin goý, ol nämäni we nähili görkezmäge ukyby ýetýän bolsa şol hili hem öz saýlan sahna işini ýerine ýetirsin. ( MHT ýyllyk neşiri. 1947 ý., M., 1949. 300-nji sah.).

7. K. S. Stanislawskiniň birnäçe işleriniň içinden zowwam geçýän sýužet ýordumy bolup, okuwçy Nazwanowyň Otellonyň keşbini ýerine ýetirmek üçin edýän işleri «düzgün-kadanyň» mysallaryna degişlidir.

K. S. Stanislawskiniň pikiriçe W. Şekspiriň pýesalaryndaky nusga alarlyk ýagdaýda gurnalan iş hereketlerindäki sazlaşyk, artistçiligiň tehnikasyny terbiýelemek üçin öran oňat material. W. Şekspiriň sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyndaky keşpler bolsa aktýoryň döredijilik ukybyny doly suratda açyp görezýär we onuň erkini, hyjuwyny we beýleki artistçilik aýratynlyklarynyň hilini oýarýar.

8. Okuwçynyň sapaga gijä galyp gelmegi Torsowa artistçiligiň düzgün-kadasy we onuň özüni nähili alyp barmalydygy barada giňişleýin söhbetdeşligi geçirmäge sebäp boldy.

9. K. S. Stanislawskiý bu ýerde teatryň jemgyýeti terbiýelemekde tutýan ornunyň giňişleýin gürrüňini etmän, diňe aktýoryň döredijiliginiň baş meselesini kesgitleýär.

10. Salwini Tomazo (1829 – 1916 ý.) italýan teatrynyň pajygaly keşplerini döreden beýik aktýory. Ol «keşbi başdan geçiren ýaly döretmek» ugrunyň wagyzçysy.

11. Koklen Benua-Konstan (ýaşuly – Koklen. 1841 – 1909 ý.) meşhur fransuz aktýory. Onuň döredijiligi we teoretiki işleri artistçilik sungatynyň «tehniki usullary bilen keşbi döretmek» ugruny ykrar edýär.

K. S. Stanislawskiý Kokleniň ussatlyk bilen artistçiligiň tehnikalaryny ýerine ýetirişine uly hormat goýýar. Emma onuň bu ugruny rus teatryna mahsus ugur diýip hasaplamaýar.

12. K. S. Stanislawskiý «Tehniki usullar bilen keşbi döretmek sungaty» atly makalasynda bu ugry töwerekleýin häsiýetlendirýär. (Makalalar, çykyşlar, söhbetdeşlikler, hatlar. Ýygyndy). (450-nji sah.).

13. K. S. Stanislawskiý sahna sungatyndaky «Hünärmentlik» hakynda «Teatryň medeniýeti» žurnalynda bu temany giňden häsiýetlendirip ýazýar. \\ (1921, № 5 we 6).

14. Şu bölümçäni okuw maksatnamasynyň birinji okuw ýylynda öwrenip geçmeli «keşbi başdan geçiren ýaly döretmegiň» elementlerini öz içine alýar. Ikinji okuw ýylynda bolsa, şol öwrenilen elementleri özleşdirmelidigini düşündirýär. Emma K. S. Stanislawskiniň mugallymçylyk tejribesiniň dowamynda bu iki bölümiň araçägi ýitmek bilen bolýar.

15. K. S. Stanislawskiý «Bäbejigiň arlygy» hakyndaky sahna işini G. Ibseniň poema görnüşinde ýazan sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň dördünji bölüminiň soňky parçasy diýip atlandyrýar.

16. K. S. Stanislawskiý bilen SSSR-iň halk artistleri I. M. Moskwin, W. I. Kaçalow we L. M. Leonidow dagylar dostlukly ýagdaýda köp ýyllaryň dowamynda döredijilik gatnaşygyny halaýarlar.

17.1908-nji ýylda MHT-niň sahnasynda sahnalaşdyrylan M. Meterlingiň esasy wakalary ertekiden düzülen «Gök guş» atly pýesasy.

18. K. S. Stanislawskiniň Opero-drama studiýasynda ulanan mugallymçylyk tejribesinde bu hili maşklar özüniň ösüş ýoluny has-da giňeldýär. Bularda «göz öňüne getirmek» bilen «hödürlenen ýagdaýlar» bölümleriniň gezekleşdirilmegi, okuwçynyň häsiýetindäki sazlaşyklylygy üýtgedip, ony dartgynly, işjeň iş hereketine çagyrýar.

19. K. S. Stanislawskiniň bu pikirinden mugallymçylyk, soňra bolsa režissýorçylyk işinde örän wajyp aýratynlyk ýüze çykýar. Ýagny dramaturgyň ýa-da režissýoryň getiren pikirleri bilen aktýoryň pikiri keşpde berilse, keşp gaýtalanmaýan derejede janlanýar. K. S. Stanislawskiý şeýle ýagdaýda döredilen keşbi oňlaýar.

20. K. S. Stanislawskiý özüniň tejribe işinde predmeti göz öňüne getirýän duýgulary predmetiň keşbini «Göz öňüne getirmek» diýip at berýär.

Ol kitabyň «Hyýaly duýgy» babynda, hyýaly ýagdaýyň hemme duýgularyny bilelikde duýmaga «Aktýoryň keşplerde göz öňüne getirmegi» diýip atlandyrýar.

21. K. S. Stanislawskiý sahna ünsüniň tebigatynda iş hereketiniň jemlenýändigini aýratyn nygtaýar. Ol bu pikirini mugallymçylyk tejribesinde has-da ösdürýär.

22. K. S. Stanislawskiý «Duýga görä üns» diýen adalganyň obýekte bolan gatnaşygynyň örän özüne çekiji, gyzykly bolmalydygynyň zerurdygyny nygtamak üçin ulanyp, ony diýseň wajyp hasaplaýar.

23. K. S. Stanislawskiý bedene aşa agram salyp, keşbi dürs ýerine ýetirip bolmaýandygyny nygtaýar. Ol bu pikirini öz keşbini ýerine ýetirýärkä eliniň aýasyna we bedeniniň dürli ýerlerine gök tegmilleriň düşendigini aýdyp düşündirýär.

24. Jerom Jerom Klapka (1859–1927 ý.) ýomaklar bilen komediýa ýazýan iňlis ýazyjysy.

25. K. S. Stanislawskiý sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny böleklere bölmek usulyny döredijilik tejribesiniň baýamagy bilen üýtgedýär. Ol ozal sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny wakanyň ýagdaýyna ýa-da meýline görä böleklere bölmändir. K. S. Stanislawskiý haçanda W. Şekspiriň «Otello» sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň üstünde režissýorçylyk seljerme işini edende, täze usuly ulanýar, ýagny sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň iş hereketini ýa-da wakasyny alyp barýan parça görä böleklere bölüp, olara « Iş hereketini alyp barýan parça» diýip adalga berýär. Bu düzgün soňra teatr sungatynda adygyp gidýär we berk orun alýar.

K. S. Stanislawskiniň «Otello» sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyna ýazan bu düzgüni, onuň öz «düzgün-kadasynda» «fiziki iş hereketleriniň düzgüni» adalgasyny alan ilkinji edebi işidir.

26. K. S Stanislawskiý bu ýerde sahna iş hereketiniň wajyp aýratynlyklarynyň biri bolan, päsgelçilikleriň ýeňlip geçilmegiň netijesinde garşylyklaýyn güýçleriň göreş iş hereketiniň döreýändigini görkezýär. Ol sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda hereket edýän gahrymanlaryň göreşiniň we olaryň dawa-jenjeliniň üsti bilen eseriň baş ideýasyny beýan edýär. (Kitabyň «Ýokarybaş mesele», «Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň içinden eriş-agaç bolup geçýän iş hereketi» baplary).

27. K. S. Stanislawskiniň bu mugallymçylyk maslahaty aktýorlaryň döredijilik işinde dura-bara döredijilik iş usulyýetiniň derejesine ösüp bardy. Ol sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyndaky uşak meseleleri bir uly meselä jemledi. Ozal keşbiň üstünde işlemek keşbi seljermekden, stoluň başyndaky özleşdirmekden we sahnada taýýarlanmakdan durýardy. Ol režissýor mugallymçylyk döwrüniň soňunda bu iş pursatlarynyň çägini saklaman, gönüden-göni keşbi maksadyna laýyk işlemegi ýola goýdy. (Beýle diýmek «keşbiň soňky maksadyny uly mesele hökmünde öňde goýmak» diýmekdir).

K. S. Stanislawskiniň düşünişine görä, fiziki iş hereketi psihofiziki iş hereketiniň çylşyrymly pursadynyň bir bölegidir. Ýagny psihofiziki iş hereketi çylşyrymly, fiziki iş hereketi bolsa, onuň pursadynyň bir bölegidir diýip düşündirýär.

28. Bu ýazgyda, Torsowyň öz okuwçylaryny ýuwaş-ýuwaşdan teatryň ses bezegine öwrenişdirýändigi beýan edilýär.

29. K. S. Stanislawskiý aktýoryň sahnada keşbi ýerine ýetirmegine, ilkinji nobatda, onuň sahna ýoldaşy bilen janly gatnaşyk etmegi diýip hasaplaýar.

30. K. S. Stanislawskiniň döredijilik döwrüniň soňky pursatlarynda, sahnada fiziki iş hereketiniň giň gerim alandygy aýdylýar. Ol sahnada hyýaly göz öňüne getirmegiň netijesinde iş hereketleri bar ýaly duýmalydygyny hem-de edil durmuşyň hakyky fiziki iş hereketleri diýip, kabul etmelidigini nygtaýar. Bu onuň fiziki iş hereketi barada ahyrky gelen netijesidir.

31. K. S. Stanislawskiniň bu mugallymçylyk görkezmesi onuň döredijilik usullary bilen doly suratda gabat gelýär.

Mysal üçin, ol «Otello» sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň režissýorlyk meýilnamasynda şeýle diýip ýazýar: «Aktýor öz badyhowasynyň ýeňilkelle bady bilen läliksireden duýgurlygyna we joşgunyna daýanyp, duýgusyna we duýgurlygyna arka direýär. Artist sahna gelensoň bolsa olaryň çyn ugrukdyryjysyny gözleýär. Şolar ýaly artistler duýujylygyň we joşgunyň örän ynjykdygyny we ynamsyzdygyny unudýarlar. Duýgurlyk we joşgunyň buýruk bilen gelmän, gyzyklandyryjylar bilen gyzyklandyrylsa peýda bolýandygyny ýatda saklamak gerekdir. Men kepillendirýärin: ynam ösüşiň içki we daşky fiziki iş hereketleri beýleki döredijilik elementlerinden öňinçä duýgyny gyzyklandyrýar.

Eger şu gün size joşgun gelen bolsa, onda tehnikany unudyň-da, duýga ýol beriň. Ýöne aktýor joşgunyň diňe baýramçylyk günleri peýda bolýandygyny unutmasyn. Şonuň üçin aktýor haýsy-da bolsa bir öň ýörelip-ýörelip öwrendikli bolan ýollarynyň birini oňat taýýar edip goýmaly. Anha, şol ýol fiziki iş hereketi bolup biler. (K. S. Stanislawskiniň «Otello» sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň režissýorçylyk meýilnamasy. 231-232-nji sah.).

32. K. S. Stanislawskiý bu ýerde A.S. Puşkiniň «Gahryman» we «Elegiýa» şygyrlaryny mysal getirýär.

33. K. S. Stanislawskiniň «Otello» sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň režissýorçylyk meýilnamasyndaky fiziki iş hereketleri bölüminiň girişinde onuň öňki aýdan pikirlerini ösdürişini we takyklaýşyny tapyp bolýar. Ol şeýle pikiri öňe sürýär: «Uçaryň nädip ýokaryk galşyny ýatlaň. Ol uzak wagtlap ýerden tigirlenip özüne bat alýar. Onsoň howada hereket döreýär-de onuň ganatlaryny gurşap alýar we ony ýokary, belentlige galdyrýar.

Aktýor hem şeýdip fiziki iş hereketleri bilen bat alýar. Şol mahal bolsa «hödürlenen ýagdaý» we gudratly «eger-däniň» kömegi bilen «ynam» ganatlaryny giňden açýar-da belende galýar. Belentlikde bolsa «hyýaly duýgynyň» gujagyna düşüp, oňa çyndan ynanýar.

Ýöne ozal öwran-öwran ýörelip ýol edilen meýdan bolmasa uçar ýokary galyp bilermidi? Elbetde ýok. Şonuň üçin biziň ilkinji aladamyz, çyn hakykatymyz we fiziki iş hereketimiz bilen şol bat alynýan ýoly oňat taýýarlamak bolmalydyr.

(K. S. Stanislawskiniň «Otello» sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň režissýorçylyk meýilnamasy. 233-nji sah.).

34. K. S. Stanislawskiý aktýorlary olaryň tebigatyna görä bölmegiň garşysyna elmydama göreşýär. Ol: «aktýorlary olaryň tebigatyna görä bölmeli däl-de, olaryň içki dünýäsiniň baýlygyna görä bölmeli» diýýär. (228-nji sah.).

35. Wasiliý Wasilýewiç Samoýlow (1812 – 1887 ý.) Peterburgyň Aleksandr teatrynyň meşhur artisti. Ol öz keşplerinde grim bezegini diýseň ussatlyk bilen ulanypdyr.

36. K. S. Stanislawskiý psihologiýa ylmyna degişli pikirlerini tanymal fransuz alymy eksperimental psihologiýanyň wekili T. Ribonyň (1839 – 1916 ý.) – ýazan eserlerinden öwrenipdir. Şolaryň täsiri astynda şu jiltiň «Ýiti duýmakdan galan ýatkeşlik» bölümini ýazýar.

37. Bu ýerde MHT-de 1898 we 1914-nji ýyllarda sahnalaşdyrylan K. Goldoniniň «Myhmanhananyň hojaýyny» atly sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň gürrüňi edilýär.

38. Bu jiltiň ilkinji ýazgysynda waka *N* şäherinde bolup geçýär.

K. S. Stanislawskiý soňra onuň geçýän ýerine Arbat meýdançasy diýip üýtgedýär.

39. K. S. Stanislawskiý Gýotäniň «Faust» we «Egmont» atly drama eserleriniň gahrymanlarynyň azatlyk ugrunda göreşişini öz keşbinde baş mesele edip alandygynyň gürrüňini edýär.

40. K. S. Stanislawskiý şeýle diýip ýazýar:

«Nädip bizi daşymyzy gurşap alan zatlardan, ýagtylykdan, seslerden aýyrjak? Biz olaryň içinde ýaşaýarys, adamyň psihologiýasy olar bilen aýrylmaz baglanyşykly».

Emma K. S. Stanislawskiý wagtyň geçmegi we tejribesiniň baýlaşmagy bilen režssýorçylyk işlerinde sahna oýnunda harytlary we gaýry zatlary zerur bolmasa aşa köp ulanmaly däl diýen pikire gelýär.

41. K. S. Stanislawskiý 1920-nji ýyllara çenli aktýorçylyk sungatynda keşbi pýesada bolýan wakanyň başynda synçysy hökmünde alyp barmagy we soňra ýuwaş-ýuwaşdan bolýan wakanyň içine çyn duýgy bilen girmegi ündäp ýerine ýetiripdir. Emma ol soňabaka pýesada bolýan waka çyn duýgy bilen dessine girmegiň-de zerurdygyna düşünip, bu ýoly hem öz keşplerinde ulanypdyr.

42. Wladislaw Aleksandrowiç Ozerow (1769 – 1816 ý.) dramaturg. Onuň döredijilik ýoly klassisizme we sentimentalizme degişli.

K. S. Stanislawskiniň pikiriçe klassisizm aktýora öz gahrymanyny şertli ýagdaýlarda döretmäge itergi berýär.

43. K.S.Stanislawskiý şuny, ýagny hudožnigiň sungatynyň derejesi bilen onuň töweregini gurşap alan durmuşa bolan gönüden-göni gatnaşygyny öz hemme döredijiliginiň esasy edip goýýar we ony iň ilkinji wajyp wezipe hasaplaýar.

«Elbetde, durmuşa we hakykata golaýlaýan ýol iň dogry ýol. Oňa barmak üçin bolsa durmuşyň we hakykatyň nämedigini takyk bilmek gerek. Anha, ilki şolary

bilmek meniň maksadym » diýip, ol 1889-njy ýylda özüniň şahsy çeper gündeligine belläp goýýar. Ol şony hem edýär. Şonuň üçin K. S. Stanislawskiý elmydama hemme eden işinde teatr sungatynyň öňdebaryjy döredijilik şahsyýeti boldy.

44. K. S. Stanislawskiý 1938-nji ýylda teatr sungatyna sowet dramaturgiýasynyň romantizmi we jemgyýetiň syýasy hem-de maddy ýagdaýlaryny beýan edýän, romantiki-gahrymançylyk ýoly bilen ýagşylygy ündeýän keşpleri getirdi, ýöne beýle keşpleri döretmek üçin şu günüň durmuşyny oňat öwrenmelidigini, onuň bolsa birbada ýeňil düşmejekdigini makalasynyň taslamasynda ýazýar.

45. K. S. Stanislawskiý haçanda ýaramazlygy ündeýän keşpleri ýerine ýetirmeli bolan mahaly oňa haýýş bilen ýüz tutmak kyn bolýar eken. Ýöne ýagşylygy ündeýän keşpleri ýerine ýetirýän mahaly bolsa, onuň keýpi kökelýär eken. Onuň şeýle halda bolýandygyny döwürdeşleriniň hem köpüsi tassyklaýarlar.

46. K. S. Stanislawskiý mugallymçylyk we režissýorçylyk eden döwürleriniň ahyrlarynda başardygyndan aktýorçylyk sungatyndaky öz-özüň bilen gürleşmek usulyndan ýüz öwürmäge çalşypdyr. Ol, bu usula «akylyň bilen duýgynyň söhbetdeşligi» diýip at berýär. (Sah. 254). « Bu usul içki dünýäňi daşyňa çöwürýär. Şonuň üçin öz- özüň bilen söhbetdeşligi hakyky ýa-da hyýaly obýekt bilen takyk iş hereketini ýerine ýetirip beýan etmeli» diýip, ol ynandyryjylykly belleýär.

47. K. S. Stanislawskiý W. Şekspiriň «Gamlet» tragediýasyndaky Ofeliýanyň hekaýatyny mysal getirýär.

48. K. S. Stanislawskiý «nazaryňy ýollamak» diýen adalgany Ribonyň «Ünsüň psihologiýasy» – diýen kitabyndan alýar. Ol bu adalga şertliligiň mahsusdygyny belleýär. «Nazaryňy ýollamak» we «nazary kabul etmek» usullary tejribe işinde «Düzgün-kadanyň» ösmegine kömek eden-de bolsa, mugallymçylyk işiniň soňky ýyllarynda kitapdaky «Ýiti duýmakdan galan ýatkeşlik» baby onuň ünsüni özüne köp çekýär.

49. K. S. Stanislawskiniň arhiwinde bu alty elementleriň her biriniň ähmiýetini açýan ýazgylar saklanýar.

50. K. S. Stanislawskiý akyl, erk we duýgy düşünjelerine täzeden seredip takyklanar. Ol şeýle ýazýar: 1) zatlaryň ilki umumy sypatyny göz öňüne getirmek işi bolup geçýär; 2) olary soňra seljerýärsiň. Seljermek işi bolsa olara nähili garamalydygyny aýyl-saýyl edýär. (302-nji sah.).

Şu döwrüň psihologiýasy hem erk bilen duýgynyň bir-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny subut edýär. (S.A. Rubinşteýn. Umumy psihologiýanyň esaslary. Uçpedgiz. M., 1946. 460-njy sah.).

51. Natan Mudryý – meşhur nemes ýazyjysy. G.E. Lessingiň sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň ady we eseriň baş gahrymany.

52. K. S. Stanislawskiniň «Düzgün-kadasy» realizm ýoly bilen ýazylan eserleri beýan etmekde üstünlik getirýär. Emma realizm ýoluna gabat gelmeýän ugurlary

beýan etmek işine üstünlik getirmeýär. Munuň şeýledigi dürli ýollaryň eserlerini mysal getirmek bilen düşündirilýär.

53. K. S. Stanislawskiý soňky işlerinde sazlaşyklylyga aýratyn üns berýär. Keşbiň içinden «eriş-agaç bolup geçýän iş hereketi» sahna oýnunyň «ýokarybaş meselesine» dogry ugrukdyrylyp sazlaşykly gurnalanda, ol döredijiligiň beýleki elementlerini we durmuşyň psihikasyny hereketlendirijilerini özünde jemläp bilýär diýip belleýär.

54. K. S. Stanislawskiý aktýoryň içki dünýäsini sahnada duýmak iş pursadyny birnäçe grafiki çyzgylaryň üsti bilen düşündirýär. Şol çyzgylar onuň islegine görä III tomda ýerleşdirildi.

55. K. S. Stanislawskiniň «Sahna laýyk içki dünýäňi duýmak» işinde daşky fiziki iş hereketiňi duýmagyň aýrylmaz baglanyşyklydygyny şu tomda ykrar etmek bilen, ol, sahnada fiziki iş hereketini duýmak aktýoryň öz psiholigik ýagdaýyny duýmaklygynyň ösüş ýoly diýen netije çykarýar. Bu netije bolsa döredijilik işinde aktýoryň ruhy we fiziki iş hereketleriniň ysnyşykly işlemegini döredýändigini ykrar etmekden ybaratdyr.

56. K. S. Stanislawskiniň «Aktýoryň otagy» we «Maşklar we taýýarlyklar» diýen adalgalary teatr sungatynda berk orun aldy. Ol bu iş otaglarynda artistiň taýýarlyk işlerine örän uly üns berýär.

57. Bu ýazgylarda artistiň döredijilik mahaly ünsüni bölmeli däldiginiň gürrüňi edilýär.

58. K. S. Stanislawskiý şeýle nygtaýar: «Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesi» diňe ýazyjynyň oýlap tapany bolmaly däldir. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesi keşpleri döredýän artistleriň kalbynda seslenip duran we olary oýarýan meseleler hökmünde oňa goşulmalydyr».

Ol şeýle diýmek bilen, sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny okap, öwrenip çykanyň az, şol sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda keşpleri ýerine ýetirjek aktýorlaryň döredijilik dünýäsiniň-de seslenmesini nazarda tutmaly diýmek isleýär.

K. S. Stanislawskiý şonuň üçin sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň «ýokarybaş meselesine» ýüzleý çemeleşilmegini halamaýar eken.

59. K. S. Stanislawskiý tomaşaçynyň sahna oýnuna gatnaşygynyň hökmanydygyny nygtamak bilen, teatryň terbiýeleýjilik ähmiýetiniň bolmalydygyny ýaňzydýar. Tomaşaçynyň, galyberse-de, artistiň ýerine ýetirýän keşbine düzedişleri girizýändigini ençeme takyk mysallaryň üsti bilen ýatlap geçýär.

60. K. S. Stanislawskiý W. Gogolyň «Derňewçi» sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynda keşbi ýerine ýetirendiginiň gürrüňini edýär.

61. K. S. Stanislawskiý maşkyň ýa-da okuw sahna işiniň doly suratda ahyryna çenli ýerine ýetirilmegini gazanmagy dogry hasaplaýar. Ol şeýdilende hakyky sungat ussadynyň döreýändigine ynanýar.

62. K. S. Stanislawskiý üçin durmuş hakykatyna görä döredýän hudožnigiň durmuşa laýyk maksady we öz dünýägaraýşyny ynam we yzygiderli ýagdaýda eseriň «ýokarybaş meselesini» çuňlaşdyrmagy gymmatly bolupdyr. Ol eseriň ideýasynyň pikirini doly ulanyp, çuňňur ýagdaýda işlemek, sungaty durmuşy gös-göni suratlandyrmakdan-naturalizmden, hünärmentlikden, aktýoryň gödeksi hereketlerinden halas etjekdigine ynanypdyr. Şu mesele onuň döredijiliginde esasy orny eýeleýär.

63. K. S. Stanislawskiý ýerine ýetirijilik sungatynda fiziki iş hereketine Dymkowanyň göwnüýetmezçilik etmegini halamaýar. Şeýle düşünjäniň sahna sungatynda keşbi döredýän adamyň daşky sypaty bilen edýän işlerine göwnüýetmezçilik eden ýaly bolýandygyny aýdýar.

64. K. S. Stanislawskiý bu ýerde dessine netijäni çykarmak üçin sahna oýnuny gurnaýan režissýorlar bilen, sahna oýnuny, bag ösdüren ýaly nahal ekmekden başlap tä daragtyň ýetişmegine çenli ýetýän režissýorlara baha berýär. Olaryň birinjisini «netijä kowalaşýan režissýor», ikinjisini «kökden başlaýan režissýor» diýip atlandyrýar. Onuň özi welin, «kökden başlaýan režissýorçylygy» halaýar.

65. Baplara goşulan goşulmalar hakynda aýdylýar.

66. K. S. Stanislawskiý mugallymçylyk işinde ýok zada bar ýaly ynanyp sahna işlerini ýerine ýetirmeli maşklara hemişe uly üns berýär. Bu ýerde aktýory hünäre taýýarlamak işinde şol maşklaryň ähmiýetiniň nähili ähmiýetlidigi düşündirilýär. Mugallymyň özüniň bu maşklara örän ökdedigi hem ýaňzydylýar.

67. Şu ýerde golýazma tükenýär.

68. «Sahnadaky gatnaşyk» babynyň goşulmasy hakynda gürrüň gidýär.

69. «Sahnadaky gatnaşyk» makalasynyň ikinji böleginiň seljermesinde K. S. Stanislawskiý tarapyndan ynandyryjy däl diýlip, bellik edilipdir. Şonuň üçin bellikden soň makala kitaba girizilmedi.

70. K. S. Stanislawskiniň okuw sapaklarynda okuw sahna işleri öňünden taýýarlanylman, şol pursat toslanyp tapylypdyr. Ol şu düzgüni ulanmagy dogry hasap edipdir. Şu ýerde mysallaryň üsti bilen bu işiň peýdaly tarapynyň gürrüňi edilýär.

71. Wi. I. Nemirowiç – Dançenkonyň «Durmuşyň bahasy» atly meşhurlyk gazanan sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasynyň gürrüňi edilýär.

72. Şol bir meselä degişli, bir-biriniň üstüni yzygiderli doldurýan iki golýazma neşir edilýär.

Birinji golýazma «Aktýoryň iş otagy, arakesme» atly ýazgy. Onda K. S. Stanislawskiniň düzedişleri bar.

Ikinji golýazma «Janly obýekt» diýlip atlandyrylýar. K. S. Stanislawskiý bu golýazmada «hakykat ýa-da gatnaşyk» diýen belligi edipdir.

Iki golýazma-da ilkinji gezek neşir edilýär.

73. K. S. Stanislawskiý tarapyndan düzedişler girizilen we «Ýa aýryň ýa-da başga ýere geçiriň. Ýöne nirä?» – diýlen bellikler edilipdir.

«IX. Sahnada hakykat, ynam, aktýoryň sada türkanalygy» diýlen ady, soňra «Ynamy we hakykaty duýmak» diýip çalşylan golýazmanyň bölegi bolan «Aktýorçylygyň sada türkanalygy» atly goşulma neşir edildi.

74. K. S. Stanislawskiý A. S. Puşkiniň P. A. Wýazemskä ýazan hatyny mysal getirýär we hatyň manysynyň gürrüňini edýär.

*Bellikler gysgaldylyp terjime edildi.

## Mazmuny

K. S. Stanislawskiniň «Aktýoryň özüni öz hünärine terbiýeleýän işleri» kitabynyň terjimesi barada ....... 7
K. S. Stanislawskiniň «Aktýoryň özüni öz hünärine terbiýeleýän işleri» kitaby. ..... 10
Sözbaşy ..... 12
Giriş ..... 15
I. Diletantizm ..... 16
II. Sahna sungaty we sahna senedi ..... 28
III. Iş hereketleri «Eger-de» we «Hödürlenen ýagdaý». ..... 52
IV. Hyýaly duýgy ..... 78
V. Sahna sungatynda üns ... 107
VI. Beden myşsalaryny gowşatmak ... 142
VII. Sahna oýnunyň ýazgysynyň edebi esasyny böleklere bölmek we böleklerde edilmeli işler ... 160
VIII. Hakyky duýgy we ynam ... 179
IX. Ýiti duýmakdan galýan ýatkeşlik ... 227
X. Sahnadaky gatnaşyk ... 265
XI. Ýagdaýa dogrulanma. Aktýoryň häsiýeti, ukyby, zehini we beýleki alamatlary ... 295
XII. Durmuş psihikasyny hereketlendirijiler ... 311
XIII. Döredijiligiň hereketlendirijileriniň esasy barýan ugry ... 321
XIV. Sahna laýyk içki dünýäňi duýmak ... 330
XV. Ýokarybaş mesele. Eriş-argaç bolup geçýän iş hereketi ... 345
XVI. Artist keşbi döredýärkä peýda bolýan düşnüksiz duýgy ... 362
Goşmaçalar ... 391
Bellikler ... 419

**Konstantin Sergeýewiç Stanislawskiý**

**AKTÝORYŇ ÖZÜNI ÖZ HÜNÄRINE TERBIÝELEÝÄN IŞLERI**

Eserler ýygyndysy. II tom. I bölüm

Öz başyňdan geçiren ýaly
döredijilik düzgün-kadasynda
özüňi terbiýeleýän işler

Okuwçynyň gündeligi

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Rus dilinden terjime eden O. Ärekow*

| | |
|---|---|
| Redaktorlar | *J. Amanowa, O. Garajaýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *T. Öwezgeldiýewa, B. Mämmetgurbanow* |
| Neşir üçin jogapkär | *N. Kakabaýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 08.07.2019. Ölçegi 70x100 $^{1}/_{16}$.
Times New Rowan garniturasy. Şertli çap listi 31,59. Şertli reňkli ottiski 65,43.
Hasap-neşir listi 25,54. Çap listi 27,0. Sargyt № 3176. Sany 200.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1.